FERIDETDIN ATTAR

# WELILER HAKDA ROWAÝATLAR

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2015

UOK 82.34
F 32

**Feridetdin Attar.**
F 32 **Weliler hakda rowaýatlar.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

Gündogaryň görnükli şahyry, alymy, ýazyjysy (XII–XIII asyrlar) Feridetdin Attaryň dykgatyňyza hödürlenýän «Weliler hakda rowaýatlar» («Tezkiretül-ewliýä») kitaby onuň iň meşhur eserleriniň biridir. Kitapda gürrüňi edilýän şahslaryň ählisi diýen ýaly ýurdumyz, medeniýetimiz, ruhy dünýämiz bilen gönüden-göni bagly bolup, olar halkymyzyň arasynda şu günler hem giňden tanalýar.

Olardan Abu Fazyl Hasan Sarahsy (Sarahs baba), Abu Sagyt Abul Haýyr (Mäne baba), Abu Hasan Harkany, Abu Aly De Khak ýaly weliler gönüden-göni ýurdumyzda ýaşap geçipdirler.

Iň bir guwandyryjy ýeri-de, rowaýatlardaky wakalaryň köpüsiniň Watanymyzyň çäginde bolup geçmegidir.

Kitap giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilýär.

Sözbaşysyny ýazan we çapa taýýarlan Orazgylyç Çaryýew

TDKP №373, 2014 KBK 398 Tü 1

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

## SYRLAR DÜNÝÄSINIŇ BEÝANÇYSY

Feridetdin Attaryň dünýä inen we aradan çykan ýyllary barada dürli çeşmelerde tapawutly maglumatlara duş gelýäris. Onuň «Tezkiretül-ewliýä» atly kitabynyň 2003-nji ýylda Stambulda «Timas yayinlari» neşirýatynda türk dilinde çap edilen nusgasynyň «Girişinde» şeýle diýilýär: «Feridetdin Abu Hamid (ýa-da Abu Talyp) Muhammet ibn Ybraýymyň doglan we aradan çykan ýyllary anyk belli däl. Emma onuň hijri ýyl hasaby boýunça 540–618-nji ýyllaryň aralygynda ýaşap geçendigini çaklamak mümkin. Öz ýazan gazal we kasydalarynda käte Feridetdiniň gysgaldylan görnüşi bolan Ferid tahallusyny ulanan hem bolsa, köplenç, Attar tahallusyndan peýdalanypdyr... Attaryň kakasynyň ady Ybraýym, künýesi bolsa Abu Bekir bolupdyr. Köp ýaşan Abu Bekir Ybraýym dermanhana işi bilen meşgullanypdyr. Attar Nişapuryň golaýyndaky köne obalaryň biri bolan Ketgende dünýä inipdir. Onuň kakasynyň mazary hem şu ýerde ýatyr...

«Mejälisul-Uşşak» atly eseri ýazan kişi Attaryň Nişapuryň golaýyndaky Kandişnan obasynda doglandygyndan çöz açýar. Attar «Mazharül-Ajaib» atly eserinde çagalygynyň Tünde geçendigini habar berýän hem bolsa, bu eseriň, hakykatdan hem, oňa degişlidigi anyk belli däl.

Döwletşah «Tezkiresinde» Attaryň hijri ýyl hasaby boýunça 513-nji ýylda doglandygyny habar berýär. Şonuň ýaly-da, onuň 537–538-nji ýyllarda doglandygy barada-da maglumatlar duş gelýär. Emma Attaryň hijriniň 540-njy ýylynda doglandygy barada umumy bir pikire gelnendigi üçin, biz hem şonuň tarapyny çalýarys»[1].

---

[1]Feridüddin Attar. Tezkiretül evliýä. «Timas yayinlari», Istanbul, 2003, 9–10 s.

Ýewgeniý Bertels «Feridetdin Attaryň «Bilbilnamasy» atly işinde[1] şeýle ýazýar: «Feridetdin Attaryň ömür ýoly barada örän az zat bilýäris. Ol, takmynan, 1150-nji ýyllarda «beýik seljuk» Soltan Sanjaryň zamanynda Nişapurda dünýä inýär. Onuň kakasynyň dermanhanasy bolup, ol hem şol ýerde işläpdir. Dermanhana soňra oňa kakasyndan miras galypdyr. Onuň «Esrarnama» atly poemasynda habar bermegine görä, ol eserlerini dermanhanada ýazypdyr. Bu ýere bolsa maslahatdyr derman sorap, günde bäş ýüz adam dagy geler eken.

Şonuň ýaly-da, ol musulman Gündogary boýunça köp syýahat edipdir, hatda Müsüre we Hindistana hem barypdyr, soňra bolsa dogduk mekany Nişapura dolanyp, bu ýerde ornaşypdyr. Ylymlar akademiýasynyň Aziýa muzeýinde golýazmasy saklanylýan we «Bilbilnama» poemasynyň ýanyna çatylan «Mähriban ogluma maslahat» atly kiçeňräk poema şol döwre çenli onuň öýli-işikli bolmaga ýetişendigini we oglunyň dünýä inmegine garaşyp ýörendigini çaklamaga mejbur edýär. Çünki poemanyň başynda:

Täze Aý ýene otuz günden dogýar:
Sen maňa ýüzüňi altmyş ýyldan soňra görkezdiň –

diýen setirlere duşýarys.

Attaryň ýaşan döwri baradaky maglumatlaryň biri-birinden tapawutlanýandygyna garamazdan, olaryň arasyndaky ýyl tapawudynyň beýle bir uly bolmazlygy, Bertelsiň hem belläp geçişi ýaly, onuň XII asyryň ortalarynda dünýä inendigini aýtmaga mümkinçilik berýär.

Feridetdiniň çagalygy Nişapuryň golaýyndaky Şadýah obasynda geçip, ol bu ýerde kakasynyň dermanhanasynda onuň kärini öwrenmek bilen birlikde ylym öwrenmäge-de erjel ýapyşypdyr. Onuň eserleri bilen tanyş bolanyňda, arap dilini örän gowy bilendigi, tefsir, hadys, kelam, fykyh ýaly dini ylymlary öwrenendigi, hikmet, pelsepe, astronomiýa, farmakologiýa ýaly akyl we tejribe bilen bagly ylymlardan hem baş çykarandygy aňlanylýar. Onuň bu bilimleri nirede we haýsy alymlardan öwrenendigi belli däl. Şol döwürde Nişapuryň ylym merkezi bolandygyny göz öňünde tutup,

[1]Е. Э. Бертельс. Суфизм и суфийская литература. Издательство «Наука», Москва, 1965. С – 340.

onuň bu ylymlary öwrenmek üçin uzaklara sapara çykmaga mätäç bolmandygyny aýdyp bolar.

Feridetdin heniz kiçi ýaşlarynda tasawwuf bilen, sopular bilen içgin gyzyklanmaga başlapdyr. Ýaşynyň kiçidigine garamazdan, sopularyň mejlislerine we söhbetlerine goşulyp, olardan ylham alandygyny aýtsak, asla ýalňyş bolmasa gerek.

Jamy «Nefahat» atly eserinde Attaryň sopuçylyga baş urşuny beýan edipdir. Feridetdin bir gün dükanynda hysyrdanyp ýörşüne, durşy bilen işe berlipdir. Şol wagt bir derwüş gelip:

– Allahyň razylygy üçin bir zat ber! – diýip, birnäçe gezek gaýtalasa-da, iş bilen gümra bolup, dünýäni unudan Attar, oňa barmysyň hem diýmändir. Şondan soňra derwüş onuň golaýyna dykylyp baryp:

– Ependi, sen nädip öljegiňi bilýäňmi? – diýip sorapdyr.

– Sen nähili ölseň, men hem şeýdip ölerin-dä.

– Sen meniň ölşüm ýaly ölüp bilermiň?

– Munuň hiç gürrüňi bolmaz.

Bu jogaby eşiden derwüş elindäki agaç golçany ýerde düňderip goýup, oňa başyny goýupdyr we: «Allah!» diýägede, jan beripdir. Bu bolan işi gören Attaryň tüýsi üýtgäpdir. Şondan soňra ol dükanyny satyp, sopuçylyga ýüz urupdyr[1].

Attaryň sopuçylyk ýolunda batyrgaýlyk bilen öňe ilerländigine Gaýybynyň:

Hakykat çyn aşyklar, girgil ýola merdana,
Rehnemadyr bu ýolda şyh Attar diwana –

diýen setirleri hem şaýatlyk edýär.

Bertels «Feridetdin Attaryň «Bilbilnamasy» atly makalasynda bir gyzykly rowaýatdan söz açýar. Bu rowaýatda Attaryň garran çaglarynda şol wagt bäş ýa-da alty ýaşyndaky Jelaletdin Rumy bilen gabatlaşyşy barada habar berlipdir. Bertels şeýle diýýär: «Garry şahyr öz öňünde duran çaganyň kimdigini bada-bat aňlapdyr we oňa «Syrnama» atly eseriniň golýazmasyny sowgat beripdir. Şu hereketi bilen hem onuň öz ýoluny dowam etjekdigini ýaňzydan ýaly edipdir. Elbetde, bu rowaýat taryhy häsiýetli maglumata daýanmaýar we şahyryň

[1]Feridüddin Attar. Tezkiretül evliya. «Timas yayinlari», Istanbul, 2003, 10–11 s.

terjimehalyny ýazanlaryň biri tarapyndan döredilene meňzeýär. Muňa garamazdan, onuň Attar bilen Jelaletdin Rumynyň arasyndaky baglanyşygy örän gowy açyp görkezýändigini hem inkär edip bolmaz. Biz Rumynyň döredijiliginde onuň ruhy halypasy Attar tarapyndan başlanylan işiň tamamlanyşyny görýäris. Rumynyň «Mesnewi» atly meşhur poemasy hem, edil Attaryň poemalary ýaly, sapaga düzülen mahaly belli bir ýordum, anyk maksat esas edilip alynmandyr. Ol diňe ýüzugra peýda bolan pikirler arkaly baglanyşýan, ýüze çykyş tertipleri tötänleýin ýaly bolup görünýän hekaýatlar hataryndan ybarat. Başga bir tarapdan, Attaryň çabrap duran otlukly duýgulary, möwç urýan joşguny hem şägirdine geçipdir. Attar bilen Jelaletdin Rumy bir bitewüligiň iki bölegidir, prizmanyň içinden geçip, iki ekrany ýagtyldýan şöhledir. Has ýakynda duran ekranda onuň ýaýrawy beýle bir giň bolmasa-da, uzakdakysynda örän uly ýaýrawa eýe bolýar. Eger-de Attar diňe pars dilinde eser döreden şahyr hökmünde tanalan bolsa, Jelaletdin dünýä möçberindäki şahyra öwrülýär»[1].

Feridetdin Attaryň aradan çykan ýyly barada-da dürli maglumatlara duş gelinýär. Olaryň käbirinde onuň mongollaryň Nişapura eden çozuşlary döwründe, ýagny 1221-nji ýylda wepat bolandygy aýdylsa, käbirinde 1229-njy ýylda dünýäden ötendigi mälim edilýär. Onuň ölümi bilen baglanyşykly bir rowaýatda bir mongol esgerine ýesir düşüşinden söz açylýar. Ýaňky esger onuň lukmandygyny bilip, gara başyny satyn almagy teklip edipdir. Şyh Attar adam bejereni üçin hiç haçan pul almandygyny aýdypdyr. Esger onuň aýdanyna ynanmandyr. Töwerekdäki adamlar şyhyň aýdanynyň dogrudygyny tassyklapdyrlar we öz aralarynda pul ýygnap, ony satyn almak kararyna gelipdirler. Şyh Attar muňa garşy çykyp: «Adamlar, men Allatagalanyň beren uzyn ömrüni ýaşadym, indi ömrüm ahyr bolana meňzeýär. Meniň üçin pul çykaryp, garyp düşmäň» diýýär. Bu sözleriň manysyny aňlan mongol esgeriniň ondan peýda görüp bilmejegine gözi ýetip, elindäki gylyjy bilen şyhyň başyny kesenmiş.

Feridetdin Attaryň jaýlanan ýeri barada iki hili düşünje bar. Halkymyz ir döwürlerden bäri onuň Magtymguly etrabyna degişli

---

[1]Е. Э. Бертельс. Суфизм и суфийская литература. Издательство «Наука», Москва, 1965. С – 341.

Könekesir obasyndaky kümmedine zyýarat edip gelýär we şu ýerdäki mazaryň oňa degişlidigine ynanýar. Nişapur şäherinde-de onuň adyna bir kümmet galdyrylypdyr. Bu geň bir hadysa däldir, çünki dinimizi ýaýmakda uly iş bitiren şahslaryň adyna dünýäniň dürli ýerlerinde hatyra kümmedini galdyryp, oňa zyýarat etmek arkaly goýýan hormatyňy mälim etmek musulmanlara mahsus aýratynlykdyr. Emma, biziň pikirimizçe, onuň Könekesirde jaýlanandygy hakdaky pikiriň dogry bolma ähtimallygy has güýçli. Mysal üçin, Feridetdin Attaryň ýigrimi dokuz ýyl Nişapurda ýaşanyndan soň, Şadybah obasyna göçüp baryp, ömrüniň agramly bölegini şol ýerde geçirendigi, ömrüniň ahyrynda-da köpçülikden çete çekilip, diňe ybadata berilmek kararyna gelendigi hakda bir maglumat bar. Onuň Könekesirdäki kümmediniň ýerleşýän ýeriniň töwerekleriniň çolalygy onuň, hakykatdan hem, şu ýerde ybadata berlip, ömrüni-de şu ýerde tamamlandygyny çaklamaga doly mümkinçilik berýär. Bu ýeriň Nişapurdan beýlebir uzak bolmazlygy hem bu çaklamany tassyklaýana meňzeýär. Elbetde, bu mesele has içgin öwrenilmegine mätäç. Biz bu ýerde diňe oňa ünsüňizi çekmek bilen çäklenýäris.

Attaryň ýazan eserleriniň ählisi bize gelip ýetmändir. Onuň «Musybatnama», «Ilahnama», «Hysrownama», «Pentnama», «Esrarnama», «Jewahyrnama», «Muhtarnama» ýaly eserleri ýazandygyny bilýäris. «Bilbilnama» eseri barada bolsa ýokarda agzap gecipdik. Kasydalar we gazallar diwany, «Mantyk-et-taýr», «Tezkiretülewliýä» kitaplary bolsa Attaryň iň möhüm eserleridir.

Geliň, indi Feridetdin Attaryň eserleriniň biri – «Bilbilnama» poemasy bilen ýakyndan tanyş bolalyň. Çünki ol okyjylaryň dykgatyna hödürlenýän «Tezkiretül-ewliýä» eseri bilen bir hörpden gopýar. Bu eseriň heniz türkmen dilinde ýokdugy, asyl dilinde okamak mümkinçiligine hem eýe däldigimiz sebäpli, onuň bilen Ý. E. Bertelsiň «Sopuçylyk we sopuçylyk edebiýaty» atly kitabynyň esasynda tanyşdyrýarys[1].

---

[1]Е. Э. Бертельс. «Книга о соловье» (*Булбул-наме*) Фарид ад-Дина Аттара; Суфийская космогония у Фарид ад-Дина Аттара; Ценная рукопись поем Фарид ад-Дина Аттара в Ленинградской Государственной публичной билиотеке; Навои и Аттар; *Хаййат-наме* Фарид ад-Дина Аттара. Seret: Е.Э. Бертельс. Суфизм и суфийская литература. Издательство «Наука», Москва, 1965.

«Bilbilnama» poemasynyň göwrümi beýlebir uly bolmasa-da, onda göräýmäge, şüweleňli wakalaryň üsti bilen çylşyrymly meseleleriň uly bir ýumagy çözlenýär. Poemanyň ýordumy örän ýönekeýdir. Bilbil güle aşyk bolýar. Onuň iňňildisi, zaryn-zaryn saýramasy beýleki guşlaryň mazasyny alýar. Olar ony bu edýän işi üçin jogap bermäge Süleýman patyşanyň huzuryna çagyrýarlar. Süleýman patyşa bolsa, Gurhany Kerimde habar berilmegine görä, diňe bir adamlara däl, eýsem, guşlara, haýwanlara we jynlara – bularyň ählisine hökümdarlyk edipdir.

Bilbil özüni goramak bilen, öz garşydaşlaryny ýiti tankydyň astyna alýar, emma ahyrsoňunda hüýpüýpigiň – Süleýman patyşa örän ýakyn we öňdengörüji bolan bu guşuň degerli gaýtawul bermegi netijesinde dymmaga mejbur bolýar.

Elbetde, poemanyň düýp özeni bu bolup geçýän wakalaryň aňyrsynda gizlenýär. Bu ýerde bilbil terkidünýälige baş urup, «ylahy yşkyň» şerbedinden içip, ýekelikde «ýeke-täk Dosty» wasp edýän sopy şahyry aňladyp gelýär. Şahyr daşyny gurşap alan adamlaryň bu dünýäniň işine aşa gyzygyp, ahyretini unudaňkyrlaýandyklaryny, dinlerine-imanlaryna yhlaslarynyň azalyp, Allaha bolan söýgüleriniň bolmalysy ýaly däldigini görýär. Ol özüniň hem şolaryň biri bolup gitmeginden gorkup, kalbyny päklemek, yhlasyny artdyrmak üçin sopuçylyga baş urýar. Emma sopuçylygyň hem kötel ýollary bar. Sopy Allahy zikr etmegiň keramaty bilen öz kalbynyň çuňunda baslygyp ýatan her hili duýgularyň oýanyp, öz ruhunyň ýaradylan pursadyndan bäri başyndan geçiren hallarynyň özünde gaýtadan peýda bolýandygyny aňlaýar. Ol şol duýgulary, şol hallary gaýtadan ýaşap, bu gezek kalbyny olardan ymykly arassalamaly. Ol hallaryň bolsa köpüsi musulmana gelişmejek hallar. Olary ýeňip geçmek üçin uly güýç gerek. Sopy öz güýjüniň munuň üçin ýeterlik däldigini duýýar. Onuň öz saýlap alan mürşidine – öň bu ýollardan geçip görüp, hakykata eýeren pire baş urup, oňa sygynmakdan başga çäresi ýok. Ýöne ol sopy bolmak bilen birlikde, başyndan geçirýän ruhy ahwalatlaryny şygyr bilen beýan edip biljek derejede şahyrçylyga-da eýe. Ine, ol kalbynda müňzeýän duýgulary, başyndan geçýän hallary şygra salyp, piriniň müritleri üçin guraýan mejlislerinde şol şygyrlary okamaga, ýagny

onuň öňünde özboluşly hasabat bermäge başlaýar. Piri hem onuň tarykat ýoly bilen ilerläp barýarka, haýsy päsgelçilige uçrandygyny öz tejribesi boýunça kesgitläp, şol päsgelçiligi ýeňip geçmäniň ugruny salgy berýär we öz hümmetiniň güýji bilen oňa goltgy bolýar. Sopy şahyr haldan hala geçýär we şol hallary şygra salyp, pirine habar berýär. Şeýdip, ol piriniň ýardamy bilen şol hallardan kalbyny tämizläp, ruhy kämillige alyp barýan ýol bilen öňe ilerlemegini dowam edýär. Emma şygryň owazy, bilbiliň owazy ýaly, onuň gatnaşýan mejlisleriniň çäginden daşary çykmaga, beýleki adamlaryň gulagyna ilmäge başlaýar. Olary eşidip, adamlar ör-gökden gelýärler. Olar öz kalplarynyň teýinde-de şol şygyrlarda beýan edilýän duýgularyň, hallaryň baslygyp ýatandygyny, özleriniň yhlaslarynyň kem bolmagyna, bu dünýä aşa ähmiýet bermeklerine hut şolaryň sebäp bolýanyny aňlaman, bu şygyrlaryň näme maksat bilen ýazylandyklarynyň magadyna-da ýetjek bolman, aňlarynyň berýän buýrugy esasynda olary ret edip, sopy şahyry-da ýazgarmaga başlaýarlar. Şeýdip hem ony kazyýetde süýreklemäge çenli baryp ýetýärler. «Bilbilnama» poemasynyň gahrymany bilbil hem şol kysmaty paýlaşýar.

Geliň, şu ýerde poemanyň mazmuny bilen Ý. E. Bertelsiň rus diline kyssa görnüşinde eden terjimesiniň esasynda tanyş bolalyň.

## 1. GIRIŞ

Eliňe galam alyp, kalbyň syry hakda gürrüň ber. Gürrüňiňe bar syrlardan habarly Allahyň ady bilen başla: gullarynyň ryskyny bermek diňe Oňa mahsus. Asman öz belentligini, ýer öz pesligini Ondan aldy. Iki dünýä ýaşaýyş lybasyny Ondan aldy. Bu gök asmany beýgeldip duran hem, Günüň ergin altynyny lowladyp duran hem Oldur.

Galam – hakykatlar deňziniň guwwasy. Onuň şekil berýän sözleriniň ählisi arassa altyna meňzeýär. Galam aýralygyň hasratyny beýan eden mahaly, gaýnap duran şepbige meňzeş ganly gözýaşlar dökülmäge başlady.

## 2. GUŞLAR SÜLEÝMANYŇ HUZURYNA GELÝÄRLER

Döwlere-de, perilere-de hökümini ýöreden Süleýman alaýhyssalamyň zamanynda guşlar onuň köşgünde toplanyp, alagoh bolşup, bilbiliň üstünden şikaýat edipdirler. Olar gargy tüýdükler ýaly bolşup iňläpdirler, ganatlary bilen kellelerine we döşlerine pat-pat urupdyrlar. Ählisi çokjalaryny açyşyp, dady-perýat edipdirler hem-de uzak wagtlap ganatlarydyr perlerini sallaşyp durupdyrlar. Ýüreklerinde näme bar bolsa, bir-biriniň yzyndan Süleýmana habar beripdirler.

Olaryň ähli̇si bibilden şikaýatçy bolup, şeýle diýipdirler: «Ol – baglaryň we çemenzarlyklaryň wagyzçysy bolup, öýüdir düşlegi – gyrymsy agaçlaryň arasy. Ýigrenji, gamgyn halda gezýär, ýaramaz işler bilen meşgullanýar, emma diliniň süýjüligine welin, at dakar ýaly däl. Egninde mydama reňksiz köýnegi bar, emma ikiýüzlülik, mekirlik we serhoşlyk söwdasyny edýär. Müşk ýaly hoşroý ysly aýdymynyň arasyny bir pursat hem kesenok, emma sylaýan kişisi-de ýok. Bahar gelip, bägüller açylanda, ýüz hili owaz, dürli-dürli heň çykarýar. Ojakdaky gazan ýaly gaýnap, bütin gijesini iňňildäp, ýatman geçirýär. Ol ukynyň gadryny bilenok, çünki sowatly adamlaryň dymýan wagty, sowatsyzlaryň sesi has batly çykýar. Ejizje-de bolsa, sesi daş ýarýar. Onuň mekirlikleriniň sanyny Allatagaladan başga bilýän kişi ýok!

Hökümdarymyz, oňa adalatyň nämedigini görkez, baglarda we tokaýlyklarda sesi çykmaz ýaly et! Muňa razy bolmasaň, başga bir zat et: bizi şunuň ýaly ýigrenji mahluklaryň elinden halas et».

## 3. SÜLEÝMAN BILBILI ALYP GELMEK ÜÇIN LAÇYNY UGRADÝAR

Guşlaryň aýdanyny eşidip, Süleýman gaharlanypdyr, janyna jaý tapman, gygyrmaga başlapdyr. Ara wagt salman hem laçyna emir edip, şeýle diýipdir: «Ot ýaly bolup, çaltrak öňe okduryl, tüsse ýaly bolup hem yzyňa dolan! Guşlaryň ähli̇sini dady-perýat etdiren guşy synap gör. Onuň akyl-paýhasdan paý alandygyny ýa-da almandygyny

anykla. Ol şeýle uly güýje eýemikä? Ondan köpçüligi ýigrenmeginiň sebäbini, özüni ýeke-täk saýmaga haky nireden alanyny sora. Näme üçin bilbil bizi bir pursat hem ýatlamaýarka, näme üçin hyzmat kemerini biline baglamaýarka? Belki, ol telbedir, serhoşdyr? Mydama haýry şerden tapawutlandyrmagy unutmagy hem şonuň üçinmikä? Onuň bedeniniň ejizjedigini, tapsyzjadygyny aýdýarlar, iňňildisi bolsa bägül düýpleriniň arasyndan dynman eşidilip durmuş. Onuň ýanyna golaýlaňda ýylgyr, bolmasa gorkudan ýaňa, Hudaý saklasyn, onuň jan beräýmegi hem ahmaldyr... Onuň bilen gödek gürleşme, barmagyňy agzyňa tutup habar gat, çüňküňi we dyrnaklaryňy ondan gizle».

Ýüwrük laçyn howany gulaçlap ugrady (onuň örän güýçli çüňki bardy), azarsyz-bizarsyz görgüli bilbiliň ganyna suwsap gitdi. Ol çüňküni we dyrnaklaryny zähere çümdürip çykaryp, haýbat bilen ganatlaryny gerdi. Soltana hyzmat etmegiň halysyny ogşap, boýdan--başa sowuda bürendi.

Gowy hyzmatkär işe girişmezden ozal ony nämeden başlamalydygyny bilýänligi bilen tapawutlanýar. Hökümdarlaryň paýy – höküm etmek, pes kärdäkileriň paýy – olaryň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin jan etmek. Ine, laçyn özüne berlen buýruga boýun egip, gülzarlygyň çetinden girdi. Bilbil serhoş ýaly bolup, bagda iňňildeýärdi. Bagyň gözelligi – kölegesiniň bollugy, bilbiliň iňňildisi – ejir çekmeginiň alamaty. Bilbiliň ahy-zary laçynyň gulagyna hoş ýakdy, bägüliň reňki we ysy bolsa gözlerine süýji göründi. Bir pursadyň özünde yşk laçynyň başyny gök diretdi – yşk gahrymanlaryň ählisiniň dillerini duşaklap goýýar ahyryn!..

Laçyn başagaýlykdan aýňalanyndan soň, bilbili jezalandyrmaga girişdi.

## 4. BÄGÜLIŇ WE BILBILIŇ HOŞLAŞYK PURSADY

Bilbil bägüle garap şeýle diýdi: «Eý, ýüregi nurlandyrýan, hoşniýetlilik şamçyragyny ýak! Ýör, gideli! Bu gije – mähir-muhabbet gijesi. Gije – aýýüzli gözelleriň zülpi ýaly uzyn. Dostuň bilen daňdana çenli bile bolmagy bagtyň saý. Säher wagtyna çenli syr alşyp, syr berşeris.

Iki mähriban dost syrlaryny açmak islän mahallary geçen günlerden söz açýarlar. Bu pursat – soňsuz jennet, emma ol hemme kişä elýeterli däl.

Bir gije keseki dodaklardan we dişlerden uzakda seniň dodaklaryňdan dişimi aýyrmadym. Bagban gelip, saňa: «Aýtsana, şu gije seni kim söýdi? Kim ajaýyp ýüzüňden örtügini syrdy, lagyl dodaklaryňa kim agyz saldy? Sen ýaz şemalynyň öwüsgininden ganyp, gowy açylypsyň. Sen çem gelene şam bolaýmaly däl ahyryn» diýen sözler bilen ýüzlendi. Jogabyň nagt boldy: «Daňdana çenli dodaklarymy gyraw nemlendirdi, şemal öwsüp, agzymy altyndan doldurdy. Agzym bilbiliň ganyna boýaldy. Şol ganyň damjalary dodaklarymda şu mahal hem dur».

Wepaly boljagyň barada beren wadaňy unutma, janym, gelip gujagyma dol. Men ýaly ömrüni aýagyňyň astyna atan müňlerçe guluň bar. Emma seniň ýalyny dünýäde tapjak gümanym ýok. Bir pursat hem ynjalyp, oturyp bilemok, seni bagryma basmaga ymtylýaryn. Menden has gowy müňlerçe aşygyň bar, emma ajaýyp ýüzüňi görmesem, maňa ýaşamakdan agyr zat ýok. Dodaklarym gurap galdy, gözlerimden dynman ýaş akýar. Ýagyş gatap galan topraga ömür bagyşlaýar ahyryn. Men pelekden, onuň edýän her bir öwrüminden gorkýaryn: ol erbet adamlary bagtly edip, gowy adamlary kemsitdi. Ol bir öwrüm edende, başga bir zada öwrülip, şol wagt aralygynda müňlerçe ýagşy-ýaman işler hasyl bolýar. Seni lowlap duran küräniň içine atarlar, meniň kalbymda-da ot tutaşdyrarlar. Seni ýaz şemaly dymmaga mejbur edýär, meni aramyza düşen aýralyk buza dönderýär. Sensiz aý-günüm dogmasyn! Seniň wysalyňa ýetilýän gijä gündiziň kölegesi düşmesin!»

Olar daňdana çenli şunuň ýaly pikirlere gark bolup, ykbalyň gelen kararyny bütinleý unutdylar. Emma gündiziň goşuny garasyny görkezip-görkezmänkä, ykbalyň emri bilen aralaryna aýralyk girip, biri-birinden jyda düşmeli boldular.

## 5. LAÇYN BILBILE HABARYNY AÝDÝAR

Laçyn bilbile ýüzlenip şeýle diýdi: «Betbagt diýsäni, ýör, ýola düşeli. Ganatlarymdan ýapyş! Käbäni görmek isleýän garynjalar

laçynlaryň iň iri ýelekleriniň aşagyna girip oturýarlar. Süleýman seni kazyýete çagyrýar. Özüňde bar bolan degerli subutnamalaryň ählisini aňyňda aýlajak bol. Sen oňa näme diýmekçi, kim diýip özüňi tanatmakçy? Sen dünýäde gaýgy-gamsyz selpäp ýörsüň, bägüliň reňki we ysy gözüňi gapyp, Süleýmandan daşlaşypsyň. Pany gözellige guwanmaň näme? Hökümdarlaryň emirlerine näme üçin garşy çykýarsyň? Patyşanyň tagtyndan ýüzüňi sowma, çünki şeýle etmek bilen aýaklaryňa özüň gandal urarsyň. Dünýäde özüňe gowy diýdirjek bolsaň, häkimiýet eýeleriniň ýöreýän ýodasyndan ýöremäge çalyş!»

## 6. HEKAÝAT

Bir ýer urup, ýerde galan aljyraňňy garyp görgüli niredesiň Şirwan diýip, ýola rowana bolupdyr. Ol baryp, welaýatyň hökümdarynyň öýüniň derwezesine ýanaşyp duran külbejikde ýaşamaga başlapdyr. Ol bir ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda gününi hökümdaryň öýüniň diwaryna ýaplanyp geçiripdir. Ahyry patyşanyň ýakynlarynyň biriniň oňa gözi düşüp, onuň syryny dünýä ýaýyp oturyberipdir. Ony görmek üçin daşary çykan hökümdar garyp kişiden: «Ýoluň ugrunda guma bulaşyp ýatmak bilen näme gazanmak isleýäň?» diýip sorapdyr. Garyp: «Haçanda bolsa bir wagt meni köşgüňe goýberersiň öýdüp, diwara arkamy berip oturyşym» diýip jogap beripdir. Bu jogap hökümdaryň gulagyna ýarapdyr we garybyň etegidir agzyny altyndan doldurypdyr. Şeýlelik bilen, hälki garyp kişi hökümdaryň ýakyn adamyna öwrülipdir. Hökümdar oňa şeýlebir uly hormat goýupdyr welin, onuň buýruklary Şirwanyň ähli ýerinde gep-gürrüňsiz berjaý edilipdir.

## 7. BILBILIŇ LAÇYNA BEREN JOGABY

Sen hiç haçan aşyklyk derdine uçramadyň. Heniz ot bolup ýanyp göreňok. Tüssä çalym edýärsiň. Aşyklykda ruhuňy gaýyp edýänçäň, hiç haçan aşykdyr magşuklaryň gadyryny bilmersiň. Diňe özüni unudan kişi aşyklygyň datly şerabyny noş kylýar. Aşyklygyň alamaty – aň-paýhasyň belentligi, aň-paýhasyň yşk älemindäki ýoly – paýhassyzlyk. Süleýmana meniň adymdan: «Eý, Hudaýyň ýerdäki

wekili! Başymyzdan emir uýanyny aýyr. Diwanalary we aşyklary ýazgarmagyň gabahatdyr, şonuň üçin hem bizi ýanap bilmersiň» diý.

## 8. LAÇYN BILBILI ALYP GAÇÝAR

Bilbil laçynyň süýji sözüne-de, ýalbaryp-ýakarmalaryna-da özüni aldyrmady. Onsoň gödeklige ýüz urdy. Ol penjeleri bilen bilbili kakyp goýberip, ony howa göteriler ýaly etdi we soňra ýene iki penjesiniň arasyna alyp, iküç gezek gysdy. Çykalgasynyň ýokdugyna, özüniň ejizdigine, dostunyň hem gözünden gaýyp bolandygyna akyl ýetiren bilbil: «Seniň bir eliňde bal, beýleki eliňde neşter bar! Men älem masgarasy boldum. Örtügi aşak indir! Sen gahrymançylyk görkezen bolsaň, ululyk etmäge ukyply bolsaň, onda ýolbars ýaly rehimli bol, ýyrtyjylara mahsus endikleriňden el çek! Süleýmana sowgat eder ýaly, jan-dilden waspnama taýýarlamagyma rugsat berip, meni öz günüme goý. Paýhasly ärleriň edähedi şeýle: islendik işde olar soňuna bakýarlar. Danalar patyşalary zyýarat edenlerinde, olar säherde edýän dogalaryny goşga salyp aýdyp berýärler. Kimiň eli boş bolsa, görümsizlikden gutulmaz. Patyşalara ýakynlamagyň üç ýoly bar: sungat, pul, suhangöýlik. Meniň sungatym hem, pulum hem ýok. Diňe söz baýlygym bar. Şonyda sowgat etmekçi» diýip seslendi. Laçyn hem öz gezeginde bilbile ýüzlendi: «Ýeri bolýar, waspnamaňy taýýarla-da, tizräk ýola düş, bar güýjüňi tijäp uç! Ýol bize garaşýar. Biz näme üçin gijä galýarys? Ýa ganatlarymyz ýadadymy, aýaklarymyz baglangymy? Uçaly, derrew ganatlarymyzy ýaýaly-da, bu ýoly başymyz bilen ölçäli».

## 9. BILBIL ÝAZ ŞEMALYNY ÇEMENZARLYGA ÇAPAR EDIP ÝOLLAÝAR

Olar dagyň gerşine çykan mahallary ýaz şemaly çemenzarlyga tarap öwüsmäge başlady. Bilbil dostlarynyň hatyrasyna iki eli bilen onuň syýnynyndan ýapyşdy-da, ýalbarmaga başlady: «Sen uçup gitde, baryp söýgülimiň syýnyndan ýapyş! Soňra meniň adymdan oňa şeýle diý: «Mensiz rahat gezip bilýärmiň? Senden aýrylyp, ýüregim bir damja gana döndi. Eý, kalbymyň rahatlygy! Aýralygyň maňa

näme edenini aýdaýynmy? Mende sabyr-da, akyl-da, rahatlyk-da galmady. Kalbym süýji durmuşy ýadyndan çykaryp, saňa baglandy. Onuň söýgüsi Hysrawyň Şirine bolan söýgüsini ýada salýar. Seni ýene bir gezejik görüp bilsem, bir pursatjyk seniň bilen ikiçäk otursam, onda dünýäniň ähli betbagtlygy meniň üçin üns bereniňe degmeýän zada öwrülerdi. Şol pursada çenli diri galsam, onda ölüm kär etmeýän birine öwrülerin. Diňe ýakynlaryň nazary gül ýüzüňe düşüp dursa bolýar, adamlaryň çekýän hasraty seniň köçäňe sowulmasa bolýar! Eger takdyrymda ýaşamak bar bolsa, diri galaryn, bolmasa-da, senden uzakda jan bererin».

## 10. ÝAZ ŞEMALY BAGYŇ ÇETINDEN GIRÝÄR

Bagyň çetinden giren säher şemalynyň gözüne çemenzarlyk gara peç bolup göründi. Bägül bilbili görmek umydyny ýitiripdir, köýnegini ýyrtym-ýyrtym edipdir, aýagyna müňlerçe tiken batypdyr, batga çümüpdir, bilbilden aýralyk ýüreginde ýer edipdir. Ol çemenzarlykdaky ýönekeý şahalaryň biri ýaly bir epilip, bir ýazylyp, şeýle diýýärdi: «Dostlarym! Bile wagtymyz bagda günümizi hoş geçirýärdik, guşlaryň hem bize gözi gidýärdi. Göripleriň gözi kör bolsun-da hernä! Dostlaryň arasyna bolsa hiç haçan aýralyk düşmesin».

## 11. BILBIL SÜLEÝMANYŇ KÖŞGÜNE UÇUP GELÝÄR

Bilbil Süleýmanyň köşgünde peýda bolanda, guşlaryň ählisi hatara düzülip durdy. Ol başyny aşak egdi, guşagyny dakyndy we gürlemäge başlady. Ol Süleýmanyň adyna hamd-u senalar aýtdy, dogalar okady we şeýle diýdi: «Sen garynja-da, ýylana-da, adama-da, ýyrtyjylara-da, döwlerdir perilere-de hökümüňi ýöredýärsiň. Senden gowy hökümdar hem, özgeleri täçli edýän täçdar hem ýok. Sen – Hudaýyň resuly, müdimi patyşa. Seniň düşünjeleriň kemçilikden we kämillikden ýokarda. Allah maňa geljekde sabyr-yhsan eýlese, janymy saňa hyzmat etmegiň ýolunda pida ederin. Seniň hyzmatyňda gezmäge özümi mynasyp görmänim üçin hyzmatyňdan daşda gezdim».

## 12. SÜLEÝMANYŇ BILBILE BEREN JOGABY

Süleýman aýtdy: «Eý, suhangöý guş, arakhor ýaly bolup, şerap içmäň näme? Sen bir görseň serhoş, bir görseň akylyň daş ýarýar, bir görseň ukudan gözüň açylanok, bir görseň hem gijäňi çirim etmän geçirýärsiň. Guşlaryň ählisi ýasda geýilýän eşiklere bürenip, asmana garaýar. Sen bolsa pursat eliňe geçdigi täze nika toýuny tutýarsyň. Kim bolarsyň – zerduşmyň ýa-da jadygöýleriň jankoýerimiň? Sen ertesi kelläňi agyrtmaýan, häsiýetleri durmuşda gabat gelmeýän arassa içgini iç. Ertesi kelläňi agyrdýan içgini, hatda ölüleri direldýän hem bolsa, haram hasap et! Azgyn adamlaryň içýändikleri sebäpli, şeraby haram etdiler. Azgyn adamlaryň toýunda serhoş bolup, serden geçme. Serhoşlyk syryň açylmagyna sebäp bolýar. Akylyňy alýan hiç bir zady içiji bolma, bolmasa mydama samrar ýörersiň».

## 13. HARUT WE MARUT HAKDA HEKAÝAT

Harut hem Marutyň başyndan geçen wakalar barada eşitdiňmi? Olaryň bar işi Allaha ybadat etmekdi. Ilkibaşda olar perişde hökmünde asmanda ömür sürdüler. Soňra olaryň endam-jany, döwleriňki ýaly, gam-gussa öwrüldi. Olar nebisden we şöwketden uzak durdular, serhoşlyk diýen zady bilmediler, günä etmediler.

Allah Adam atany ýere gönderende, olaryň kalbynda bir ot tutaşdy. Olar Allatagalanyň huzuryna gelip, içlerini dökdüler. Başda olar şeýle diýdiler: «Belki, ýerdäki orunbasaryň bolmak Adama laýyk bolsa-da bolandyr, emma onuň nesilleri azgynçylyga we ganhorlyga ýüz urdy, ýeriň ýüzi bulagaýlykdan doldy».

Olar özüni adamdan artyk saýdylar we şol sebäpli hem ýagşylyk garasyny görmediler. Allatagala olara gonalga berdi, dünýäniň paýtagtyna ýollady. Ajaýyp Zöhräniň ýüzüni görüp, öz gutulyşlarynyň üstüni galam bilen çyzdylar. Oňa aşyk boldular-da, bar zady unutdylar, gündizlerini elewräp geçirdiler, gijelerini ýatman geçirdiler.

Olar başda azgynçylyk etmediler, adam öldürmediler, emma şerap içenlerinden soň, şol işleriň ikisini hem etdiler. Olar Zöhrä Ismi-

Agzamyň syryny açdylar we daş ýaly bolup, hasrat guýusynyň içine gütläp düşdüler. Zöhre Ismi-Agzamy öwrenen badyna, bu ismi-şerif ot ýaly bolup, ony çirkizdi. Ol bu ady agzyna alan badyna asmana göterildi, Aý onuň gapy garawuly, Gün – janpenasy boldy.

Olar duşmanlar tarapyndan harlanan, serhoşlykdan başlary sämäp duran, gözgyny halda Ýerde galyberdirler. Haýyr-da, şer-de täleýe bagly. Olar şerap içip, täleýiň kararlaryny yzyna aldyryp bilmediler.

Serhoşlykdan aýňalanlaryndan soň, olar lapykeçlige düşdüler. Uludan dem aldylar. Agyzlaryndan çykan dem oduň tüsseden saýlanyp duran alawyny ýatladýardy. Bir işiň gaýdansoň, uludan dem alanyň peýdasy näme? Olar: «Hata – guldan, ata (bagyşlamak) – patyşalardan» diýip, günälerini geçmegimizi diläp ýanymyza geldiler. «Biz eden işimize şeýlebir utanýarys welin, hatda günämizi geçmegiňizi haýyş etmäge-de çekinýäris. Bize jezamyzy şu ýerde ber, çünki beýleki tarapda düýn hem, şu gün hem, ertir hem ýok» diýdiler.

Olar Babyldaky guýularyň birinde başaşak asylgy durlar we lapykeçlik gözýaşlaryndan başga içere şerap tapanoklar. Adamlar säher çagy olardan jadygöýligi öwrenmek üçin guýynyň başyna gelýärler. Olardan islän zatlaryny öwrenýärler we göwünleriniň isleýşiçe zorlukdyr adalatsyzlyk edýärler.

## 14. BILBILIŇ SÜLEÝMANA BEREN JOGABY

Bilbil oňa şeýle jogap berdi: «Eý, pygamber, biziň içýän şerabymyz käse bilen, bada bilen içilýän şeraplardan däl. Meniň serhoşlygyma Gurhany-Kerimiň sözleriniň manysy sebäp bolýar. Onuň käsesiniň şondan başga içgiden habary ýok.

Ýaryň ýüzüne aşyk bolan kişiniň gözüne daňdana çenli uky gelmeýär. Saky ýüregini alyp gidensoň, onuň edip biljek zady galmaýar. Heý, şondan soňra iýmek-içmek ýadyňa düşermi, gözüňe uky gelermi? Eý, Süleýman, meniň gowşajyk, ejizje göwräm bar, emma suhangöýlikde welin, men guşlaryň ählisinden üstün.

Derdimden meniňki ýaly mydama gan aglap duran ýüregi bolan kişiniň habary bolup biler. Ylahy beýikligiň sakylarynyň elinden

säherler içen içgilerimiň ýekeje damjasy bokurdagyňdan aňry geçse-di, onda akyl-da, paýhas-da seni terk ederdi».

## 15. HEKAÝAT

«Ondan Hüseýine bir ýuwdum içirdiler. Ol: «Men – Hak» diýip gygyrdy we dünýä gozgalaň saldy. Onuň eliniň aýasyna «Hudaýyň ýeke-täkliginiň» badasyny goýanlarynda, mollalar ony jezalandyrmaga karar berdiler. Bu karary çykaran iki ýüz kişiniň ählisi şol pursadyň özünde utanç-haýalaryndan jyda düşdüler. Başy sämäp duran halyna, ony bazara alyp geldiler. Ol özüne emir edilenlere mertlerçe boýun bolup, günäkär kişiler jezalandyrylýan belent ýerde aýlanyp ýörşüne: «Meni gabanjaňlyk gaplap aldy, emma onuň özgelere zyýany ýetenokdy. Men ýarymdan başga kişiniň ýüzüne bakmadym, emma meni keseki ellerdäki neşter ýaralady. Diňe şol ýekeje garaýyş meni özümi unutmaga mejbur edip bildi we iliň masgarasy boldum. Eýsem, yşka düşen kişi öz söýgülisiniň köşgüniň töwereginde gezim etmäge ýürek edip bilmezmi? Günüň şöhlesi ýüzüne düşen mahaly rahatlyk tapýan kişi kölegedäki durmuş bilen kanagatlanyp bilermi?» diýýärdi.

Ony dar agajyndan başaşak asdylar we onuň bedenini daş ýagmyryna tutdular. Ol gelip degýän daşlaryň, başaşak asylmagynyň berýän yzasyny duýmaýardy we: «Men – Hak» diýmegini bir pursat hem goýmaýardy. Gapylar, diwarlar, daşlar, ýüp hem-de dar agajy onuň sesine ses goşýardylar. Onuň ömür tanapy üzüldi, onuň yşk oduny suw sepip, toprak sowrup söndürjek boldular. Bu ýerde «men» asyl manysynda ýok boldy. B ýerde «men» ýokdy. Ol pida berlipdi. Derýanyň tolkuny kenardan aşyp, töwerekdäki meýdany basdy, balykgulak çat açdy, dür dänesini deňiz gapyp aldy. Bu şerapdan müňlerçe adam içdi, emma Hakyň syryny aňlap bilmediler».

Bilbil gürrüňiniň şu ýerinde: «Allahyň izni bilen gaýdyp agzyma şerap almaryn!» diýip kasam etdi. Soňra sözüni şeýle dowam etdi: «Emma bägüle bolan yşkym iňňildemäge mejbur edýär, mydama ýüregim ot alyp dur. Bägüle bolan yşkym sebäpli her säher elden-aýakdan galýaryn, dem alyp-beremde gursagymdan çykýan ahmyrym müň dürli owaz edýär. Her gün säher ýeli öwsende, aglamaga başlaýaryn

– ýeliň güýjüne garşy diňe dag durup bilýär. Bägül baglary we çemenzarlyklary terk edende bolsa, tabyn bir şekilde agzymy ýumýaryn».

Bilbiliň hekaýatyny diňlän Süleýman onuň bägülden aýra düşenine gynanyp, uzak wagtlap aglady.

## 16. SÜLEÝMANYŇ GUŞLARY ÝAZGARYŞY

Süleýman guşlara ýüzlenip şeýle diýýär: «Siz düýn bilbiliň ýoklugyndan peýdalanyp, onuň üstünden arz etdiňiz. Kazynyň ýanyna ýeke gelýän kişi, onuň ýanyndan şat we razy bolup gidýär. Garşydaşyň göni ýüzüne garap gürlemek gerek, ol ýok mahaly üstünden arz etmek peslikden başga zat däl. Akylly-başly aýtjak zadyň bar bolsa, ony islän ýeriňde aýdyp bilersiň. Oňa mydama gulak asarlar. Onuň garasyny görmänkäňiz her biriňiz görgüli bilbiliň ganyna gylyjyny boýan gahrymana çalym edýärdiňiz. Şindi bu ýere bilbil geldi welin, gorkudan ýaňa gymyldaýsaňyz nädersiňiz. Onuň we siziň araňyzda bolup geçenler bilen pişigiň, syçanyň we şerabyň arasynda bolup geçenleriň arasynda hiç hili tapawut ýok».

## 17. SYÇAN WE PIŞIK HAKDA HEKAÝAT

Bir gezek gije wagty syçan iýmit gözlegine çykdy, gara günde garbanar ýaly aňyrsyna bir zatlar atmak üçin, garynja ýaly bolup, gyrmyldady ýördi. Ol şerap söwdagäriniň öýüne girip, bugdaý gözledi, emma hiç ýerde bugdaýa gözi düşmedi. Birden onuň gözi arassa şerapdan doly küýzä düşdi. Şerap ony arzyly bugdaýy unutmaga mejbur etdi. Ol şerapdan bir ýuwdum içen badyna serhoş boldy we gaty sesi bilen gygyrmaga başlady: «Dünýäde maňa mertlikde taý geljek kişi ýok. Dünýäni tutuşlygyna sowut bilen örtseler hem, meniň ýanymda onuň ýadyna batyrlyk düşmez. Gylyjyň kömegi bilen dünýäni özüme boýun egdirerin, gahrymanlaryň aýagyny zynjyrlaryn. Patyşalardan meniň bilen deňleşip biljegi ýok, goşunymyň öňünde dag hem durup bilmez. Syçanlaryň kellesini dyrnaçaklaýan pişik dagy kimmişin? Baýram gününde syçanlara emir ederin welin, olar beýlekilere sapak bolar ýaly, pişigiň kellesini agaçdan asyp goýarlar».

Şol wagt tötänden awa çykan pişik gelipdirde, ony tutagada, iküç

gezek penjeleriniň arasyna salyp, gaty gysypdyr. Şol wagt syçany gören bolsaň, özünden gidendir ýa-da ölendir öýderdiň. Pişik çyçana temmi beripdir, syçan bolsa onuň penjesinden öpüp, lapykeçlikden ýaňa öz kellesini ýumruklap, gözlerinden ýaş döküpdir we pişige ýalbarmaga başlapdyr.

## 18. SYÇANYŇ PIŞIGE ÝALBARYŞY

«Eý, dünýä gahrymanlarynyň şasy, Hudaýyň haky üçin, maňa azar berme, ýagdaýyma bak. Seniň ýanyňda, heý, barlygymyň, ýoklugymyň tapawudy barmy? Hiç zadyň alnyndan däl birini jezalandyrjak bolma, seniň mertebäň örän belent ahyryn! Hökümdar serhoş bolup, telek iş eden gulundan çekinermi? Arakhorlaryň ählisi hem serhoş bolan mahallary çola ýerde akylsyz sözleri dillerine alýarlar ahyryn. Işi gaýdyp, serhoş bolan kişiniň aýdýan sözlerine ähmiýet berilmeýär. Ganymy dökmek isleýän bolsaň, niýetiňi amala aşyryp bilersiň, öz aýagym bilen gaşyňa geldim. Şu günden başlap, seniň guluň bolaryn, diri galsam, seniň üçin doga ederin».

## 19. PIŞIGIŇ SYÇANA BEREN JOGABY

«Syçan, biderek ýaňrap durma, sem bol! Oduň içine düşen bolsaň, bişmäge kaýyl bol. Sen adamçylyk we ylahy kanunlara garşy gelýän iş etdiň, şerap içip, serhoş bolduň. Eger-de ganyňy döksem, saňa geregi-de şol. Maňa halypam bir öwüt berdi. Mydama şol öwüde görä hereket etdim. Ol maňa şeýle diýdi: «Meýdana çykan mahalyň özüň pil, duşmanyň çybynça ýok bolsa-da, arkaýyn bolma. Ol ulalar-da, öz neşterini ýüregiňe sanjar». Halypamyň bu sözleri gulagymdan gitmedi, olary gulakhalka edindim. Halas bolaryn öýtme, saňa diňe ölüm garaşýar!»

## 20. GUŞLAR SÜLEÝMANYŇ KÖŞGÜNE ÜÝŞÝÄRLER

Guşlar uçup gelip, kazyýetde jem boldular. Döwler geldimikä diýdirip, alagoh etdiler. Süleýman bilbile ýüzlenip: «Hany, sen ni-

rede? Näme üçin guşlar bilen bäsleşmäge çykmaýarsyň? Guşlar üstüňden arz etmäge geldiler, eger-de degerli delilleriň bar bolsa, söze başla!» diýdi.

## 21. BILBILIŇ JOGABY

«Eý, ýagtylyk çeşmesi! Ýüzüňe ýaramaz göz düşmesin! Näme diýeýin, kime hakykaty sözläýin, eýsem, tebigat akyl-paýhasyň diline gulak asýarmy? Ýürekleri solan bu ejiz mähelle nämäniň alnyndan? Olaryň aýagy suwa we palçyga batypdyr!

Olar başda düşen duzaklaryndan bir pursat hem boşanyp görmändirler, söýgülileri bilen duşuşyp, içgi içmändirler. Olaryň ýowuzlaşan kalby daş ýaly gatap galypdyr, ömürboýy peýdasyz oýna gümra bolupdyrlar. Men olar hakda hiç zat bilmeýändigim sebäpli, dillerinden daş durmaga çalyşdym. Şonuň üçin hem, Saturn ýaly bolup, olardan uzaklaşdym. Hiç kim meni görmedi. Kim meniň üçin Ýupiterimiň ornuny tutup biljekdi. Eger-de dar gursagymy daglap duran demim daşary çyksa, onda Marsdyr Leňňeç aşak gaçardylar, Zöhre bada-bat öz lýutnýasynyň tarlaryny gyrardy, Merkuriý başyna toprak sowrardy. Näme hakda gürrüň etsem hem, sözüm Aý kimin söhle saçar, şanyň permany ýaly bolup, sözüm elden-ele geçer. Eý, dünýäniň hökümdary, seniň bagtyňa dünýä işleri isleýşiň ýaly amala aşsyn! Men bu adalatsyz guşlaryň ýagdaýyny anyklap, olaryň näme bilen meşguldyklaryny ýüze çykaraýyn».

## 22. BILBILIŇ SYMRUG GUŞA BEREN JOGABY

«Eý, Symrug, sen guşlaryň hiç birine meňzemeýärsiň, olaryň ýöreýän ýolundan ýöremeýärsiň. Sen biriniň aýaly ýaly bolup, öýüňden çykman köp oturjakmy? Eger-de özüňi jeň äri hasaplaýan bolsaň, jeň meýdanyna çyk! Sen, balyk ýaly bolup, pany deňziniň içinde gizlendiň. Patyşa bolýan bolsaň, durmuş meýdanyny boýla!

Dünýäde seniň diňe adyňy eşidýärler. Seniň suratkeşiň çeken suratyndan tapawudyň ýok. Özüňi guşlaryň şasy hasaplaýan bolsaň, olaryň ýolunda ösen demirtikeni sogrup taşla! Serkerdebaşylygyň çyn bolsa, goşunyň öňüne düş! Suwuň içinde bolsaň hem, ýalynlygyňa gal! Eger-de sen öňbaşçynyň ornuny eýeleýän bolsaň, onda näme üçin guşlaryň mejlisine gatnaşmaýarsyň? Eger-de sen hiç kim bilen gatnaşmak islemeýän bolsaň, onda näme sebäpli ýüzlerçe kebelek, çyra topulýan ýaly, saňa tarap uçýar? Seni guşlara ýakyn hem, keseki hem hasaplamak mümkin däl. Onda sen olar üçin kim bolýarsyň? Sen arkaýynçylykda naharyň we ukynyň lezzetini görmek üçin hemralaryňyň ählisinden daşlaşdyň... Sen hemmeler bilen birlikde bolsaň, güýçli bolarsyň, hemmelere ýagty saçsaň, çyra meňzärsiň! Hemmeleriň arasynda gal, emma Hudaýa gulluk et, bedendäki jan ýaly bol, ýöne bedeni ýadyňdan çykar. Sen diňe özüňi alada edýärsiň, näme üçin, jan ýaly bolup, bedende ornaşmaýarsyň? Çete çekilip, gazanýan zadyň näme? Diňe beýlekileriň kömegi bilen bir makamdan başga bir makama barmak mümkin... Diňe daşky örtüginden doly tämizlenmegi başarýan kişi ilden uzaklaşyp biler. Eger-de muny başarmaýan bolsaň, onda özüňi döwleriň oýunjagyna, adamlaryň arasyndaky şeýtana öwrülen hasaplaý! Meniň iňňildilerimiň öňüne böwet bol. Ýogsam, olar bir pursadyň özünde seniň hyýaly keşbiňi ýele sowrarlar!»

## 23. BILBILIŇ LAÇYNA BEREN JOGABY

«Çalt uçýan batyrgaý laçyn, bäri gel! Wezipä, baýlyga we bolçulyga gözüňi gapdyrma! Şalaryň elinde oturanyň üçin seniň özüňden göwnüň hoş, emma olaryň endikleridir däplerinden habaryň barmy? Olar seni ellerinde götererler, soňra bolsa çölüň ortarasynda taraşadan enaýy görmän, taşlap giderler. Eger-de özüň hakda pikirlenýän bolsaň, has öňüňi görmäge çalşardyň. Seniň gözüňi näme üçin köwlediler, saňa gan içmegi öwretmekleriniň sebäbi näme? Seniň aýaklaryňy bagladylar, gözleriňi açyk goýup, başyňa perwaýsyzlyk şyrdagyny sümürdiler. Kerler ýaly, seniň bar aladaň diňe özüň bolany üçin dünýäniň giňişliklerinden habaryň ýok. Seniň kelläňden

perwaýsyzlyk şyrdagyny çykaranlarynda, höwürtgäňe tarap göz hem aýlamarsyň. Sen ganatlaryňy kakyp, batyrgaýlyk bilen asmana göterilmek islärsiň, emma bolelin ýaşamak endigiň seni diňe baýlyga tarap imrindirer. Haýp! Eger-de orta hallylygy dost edinen bolsadyň, onda gulçulygyň golaýyndan bir bararmydyň?»

## 24. BILBILIŇ TOTUGUŞA BEREN JOGABY

«Eý, gandyň ganymy bolan guş, hiç haçan hem ýüregiň meniňki ýaly edip agyran däldir. Sen ötgürlikden mahrum suhangöýligiň söwdasyny edýärsiň, aslynda bolsa, ilki ötgürlik gerek. Suhangöýligiň gezegi şondan soňra gelip ýetmeli. Eger-de akmak sözleri ýaňramagy pişe edinmedik bolaňda, hiç haçan kapasada ýesir bolmazdyň. Eger-de sen dünýäniň ähli ylymlaryny öwrenip hem, yşk diýen zatdan habarsyz galsaň, onda bilen zadyň bolmaz! Ýolbelet tutunman, ýola-da belet bolman, öňe ilerlemek paýhassyzlygyň alamaty, emma torç edilen ýoldan gitmek – bu kyn bir zat däl».

## 25. BILBILIŇ TAWUSA BEREN JOGABY

«Owadan eşikli guş, bäri gel! Seniň kelläň görmegeý türk ýigidiniňki ýaly, aýaklaryň bolsa hindi garakçysynyň aýaklaryna çalym edýär. Seniň bedeniň örtülgi bolsa-da, kalbyň açyk, agzyň gülmekden ýiriläýsem diýýär, gözleriň bolsa aglaýar. Sen metal aýnanyň ýüzüni posdan arassalap, onuň öňünde durup, ýüzlerçe reňkler bilen öwşün atyp duran aýna ýaly eşik geýindiň. Eger-de zergär aýnanyň ýüzüne altyn çaýsa, ol aýna bolmagyny bes edip, diňe altyn bolup ýalpyldar. Eger-de sen gözelligiň, reňkleriň we hoşboý yslaryň söwdasyny edýän bolsaň, adamlardan aýaklaryňy gizlemäň näme? Haýbatly atdan abraý gowudyr, tawusyň perleri tawusdan gowudyr. Eger-de gap-gara aýaklaryň ýadyňa düşüp duran bolsa, kalbyň daşky lybasyňa guwanarmydy? Sen her hili reňk bolup durşuňa, häzirki edilýän gürrüňiň düýp-teýkaryndan habarsyz. Sen gowy yslaryň agyn özi bolsaň-da, biz hakda hiç zat bilmeýärsiň!»

## 26. BILBILIŇ ÇAÝÇAŇŇALAGA BEREN JOGABY

«Kämillik ýaşyna ýetmedik goja, sen nirede? Hany, öňe çyk! Näme üçin gowy durmuşyň bardygyny unudýarsyň? Ýaşuly bolýan bolsaň, şunuň anygyna ýet. Hereketdeligiň çyn bolsa, onda bilimdir paýhas nirede? Ganatlaryňa bat berip, ýokary göterilde, bakylyk agajyna gon, bolmasa bu ýerde hemişelik galarsyň. Gökleri gulaçlamaly halyňa, höwürtgäniň hasratyny çekersiň we çaň-tozana bulaşar ýörersiň. Haýal-ýagallyk etme, bagt – ýokarlarda bir ýerlerde. Goja kişilere çaga oýunlaryny oýnamak gelişmeýär. Sen ýokary galdyň, emma asylzada öwrülip bilmediň. Sen hiç kime azar bereňok, emma maslykdan başga zat hem agzyňa degenok. Heý bir maslygyň ysyny alyp bilmezmikäm diýip, ysyrganyp ýörsüň. Maslygyň ysy bedeniňe ornansoň, gargalara we itlere meňzäp gidipsiň. Gargalardyr itler bilen tirkeşme, ýör, Symrugyň gülüstanyny synla. Seniň ýüregiň ýagşyny-ýamany saýgarmaga ukyply, emma, şonda-da, näme üçin maslyk iýmekden el çekäýesiň gelenok? Sen maslykdan başyňy galdyrmaýarsyň. Näme üçin başyňa bilim täjini geýdirmeýärsiň? Näme üçin aşyk bolaňok? Yşksyz ýaşaýyş ýok ahyryn. Yşk şerabyna başyňy aýladyp, özüňe geleniňden soň, öz ömrüňi alada etmäňi goýarsyň!»

## 27. BILBILIŇ HÜÝPÜÝPIGE BEREN JOGABY

«Eý, keramatly hüýpüýpik, bäri gel, seniň keramatly biridigiňi nädip aňlamaly? Sen ýüpek parça bürenýärsiň, emma gaýratlylykdan mahrum galypsyň. Sen ullakan telpek geýýärsiň, emma duýgudaşlygyň nämedigini bilmeýärsiň. Bedeniňi örtüp duran bu wagtlaýyn dony sypyryp taşla, kelläňdäki zömmek täji çykar! Başyňda täç göterýän hem bolsaň, seniň daýanýan esasyň ýok. Saňa täç götermek ýaraşmaýar. Egniňde – sal-sal egin-eşik, başyňda – daşlar bilen bezelen täç. Emma saňa täç hem, sal-sal egin-eşik hem gelşenok. Täç götermäge mynasybyň ýoly – akyl-paýhas we adalatlylyk. Seniň eliňde bolsa ýelden başga zat ýok. Seniň aladalaryň öz barlygyňdan aňry geçenok, meniň aladalarym – asmandan hem ýokarlary tozadýar. Men – gülüstanda nalaýan guş, sen böwürslen agajyny dyrnaçaklaýarsyň.

Sen Süleýmana wepaly bolmadyň, men bolsa onuň üçin tüýs ýüregimden doga edýärin. Eýsem, sen gadymkylardan galan bir tymsaly diňlemänmidiň? Şol tymsalda şeýle diýilýär: «Boýun egmezek kişi halamaýan zadyny arkasynda daşaýar». Sen harabalyklarda arakhorlar tarapyndan ganyň dökülip, hamyňdan tumar ýasamaklaryna mynasyp. Şahynşa, Isgender ýaly bolup, adalatlylygyň hatyrasyna başyna täç geýýär. Gel, başyňdaky adalatsyzlyk täjini çykaryp taşla, çünki adalatsyzlyk ýüzlerçe täjiň soňuna çykypdy».

## 28. HÜÝPÜÝPIGIŇ BILBILE BEREN JOGABY

«Eý, howsala özüni gapdyran guş, näme üçin bu guşlar babatda adalatsyzlyga ýol berdiň? Eý, imanyny ýele beren guş, nadanlyk etme. Nadanlyk ähli kişä adalatsyzlyk edýär. Ýaraly ýüregi dyrnaçaklama, goh etme. Ilki gazan ýaly gaýnap, lokurdamaga soňra başla. Ajaýyplyklara bolan söýgi – kalbyň hazynasy. Iň gowusy – ýüregiň şol hazyna sakçy bolmagy.

Bar, yşka düş, ýan, emma çem geleniň ýanynda ýüregiňdäki syrlar barada ýaňrap ýörme. Kalbyň gandalyndan boşan, ýokary gal we köne hekaýat otarma. Köp gezek gaýtalansoň, ol hekaýat eýýäm köneldi. Dür dänesini köp ýerinden deşensoňlar, ýüzi soýuk-soýuk boldy. Bilbil ýaly köne ertekileri gaýtalap ýörmän, täze-täze sözleriň, bägülleriň açylyşy ýaly, täzeden açylmaklaryna ýol bermeli. Köneden gelýän rowaýatlar gulaga hoş ýakýan hem bolsalar, her bir pursatda Mukaddes Kitaba daýanylmalydyr. Howsaladan, oňşuksyzlykdan doly bu ýeri terk et. Inçe bilimleriň bar bolsa-da, orta dök! Güýjüň ýetdiginden, içiňdäkini daşyna çykar. Gaýratyň bar bolsa, jedel meýdanyna çyk! Ýaşaýan zamanym gussaly işlerden doly bolansoň, men häzir seniň bilen jedele girmekden hem gaýtjak däl. Men diňe ýekeje dana söz bilen hem, bagdaky guşy derrew dymmaga mejbur edip bilerin. Ondan ilki bilen Hudaý bilen birleşmek meselesi barada sorap, soňra iman barada, iň soňunda-da abraýly adamlara köre-kör eýermek barada sorag bererdim. Onuň bilen başda Allahyň zaty barada gürrüň ederin, ahyrynda bolsa Onuň sypatlary bilen bagly meseläni gozgaryn».

Bertels soň bir öwrümde «Bilbilnama» poemasynyň gysgaldylmadyk görnüşiniň hem üstünden barypdyr. Bu barada ol «Feridetdin Attaryň eserlerinde dünýäniň gelip çykyşy hakyndaky sopuçylyk düşünjesi» («Суфийская космогония у Фарид ад-Дина Аттара») makalasynda şeýle diýýär: «Attaryň «Bilbilnamasyny» Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Aziýa muzeýinde saklanylýan golýazma esasynda terjime edip ýörkäm, Jemgyýetçilik kitaphanasynda bu poemanyň ýene bir nusgasynyň bardygyny bildim. Bu golýazmany gören mahalym meni ilki geň galdyran zat onuň maňa öňden tanyş bolan golýazmadan göwrüm taýdan has uly bolmagydy. Jemgyýetçilik kitaphanasynda saklanylýan golýazmadaky poema Aziýa muzeýindäkiden dört esse diýen ýaly galyňdy. Elimdäki ýeke nusga esasynda poemany terjime edip başlamak üçin taýýarlanyp ýörkäm, onuň geň bir şekilde tamamlanyşy ünsümi çekipdi. Bilbil özüniň berýän jogaplary bilen guşlaryň ählisini masgara edeninden soň, hüýpüýpik öňe çykýardy we bilbile ýüzlenýärdi (onuň aýdanlaryny ýokarda beýan edipdik. – O.Ç.). Ol sözüni doly tamamlap ýetişmänkä hem poema duýdansyz soňlanyp, soňra-da: «Attar, neneň ajap, diliňden bal dökülip, ömrüňden ýerlikli peýdalanmak miýesser etsin!» diýen jemleýji setirleriň gezegi gelýärdi. Bu setiriň yzysüre meýdan we tokaý syçanlary hakdaky onuň bilen asla baglanyşmaýan kiçeňräk hekaýa we «Eziz ogluma maslahat» diýlip atlandyrylan mesnewi şygyr görnüşinde ýazylan kiçi göwrümli eser ýerleşdirilipdir. Tapawutly goşgy görnüşinde ýazylanyndan hem belli bolşuna görä, onuň «Bilbilnama» dahylly ýeriniň bolmagy mümkin däldi[1]. Poemanyň şunuň ýaly geň şekilde tamamlanmagynyň sebäbini düşündirmek üçin özüňden bir zatlary toslamaga mejbur edýän bir duýgy, birhili kanagatlanarsyzlyk kalbymy gaplap alýardy. Poemanyň başynda adaty hamdu-senalaryň, salawatlaryň we beýleki bagyşlamalaryň bolmazlygy bolsa, bu duýgulary has hem körükdirýärdi. Pars dilinde ýazylan poemalaryň birinde-de şunuň ýaly ýagdaýa gabat gelinmeýärdi. Mysal üçin, Jelaletdin Rumynyň «Mesnewisi» bu kadanyň daşynda galýan ýaly bolup görünýän hem bolsa, onuň başyndaky sözbaşysy şol bagyşlamalaryň ýerini tutýar».

---

[1]Bu makalasyny çap etmäge bereninden soň, Bertels bu uly bolmadyk eseriň Attaryň galamyndan çykmandygyny anyklapdyr. Ol Jamynyň «Tuhfatul-ahrar» poemasynyň bir bölegi bolup çykypdyr.

Bertels Jemgyýetçilik kitaphanasyndaky bu golýazmany ilkinji gezek eline alanda, gözüne ynanmajak bolupdyr. Çünki onda Aziýa muzeýinde saklanylýan nusganyň dowamynyň bardygyny görüpdir. Onda hüýpüýpigiň soňky sözleriniň yzysüre «Birlik hakyndaky birinji sorag», «Wagtlaýyn we baky zatlar baradaky ikinji sorag», «Musulmançylyk hakdaky üçünji sorag» ýaly sözbaşylar ýerleşdirilip, soňra-da bu sözbaşylardaky soraglara aýry-aýrylykda jogap berlipdir. Jogaplar «Birlik hakda», «Zatlaryň gelip çykyşy hakda», «Musulmançylyk hakda: musulmançylygyň bäş esasynyň jikme-jik beýany» diýlip atlandyrylypdyr.

Poemanyň başy hem Aziýa muzeýindäki nusgadakydan tapawutly eken. Bu nusgada poema Allatagalanyň adyna aýdylýan adaty hamdu-senalar bilen başlanylyp, soňra dogalary, Muhammet alaýhyssalamy şöhratlandyrýan sözler, dört çaryýarlaryň wasp edilişini öz içine alýan bap, bu kitabyň ýazylmagynyň sebäbini düşündirýän bap, Mälik şanyň adyna bagyşlama, şahyryň Izzetdin we Fahrul-älem diýip atlandyrýan piriniň görkezen on keramatynyň beýany ýerleşdirilipdir. Diňe şondan soňra bu golýazmanyň ýazgysy Aziýa muzeýindäki nusga laýyk şekilde dowam etmäge başlapdyr. Bu golýazmanyň başky böleginde gysga nusgadakydan 364 beýt (728 setir) artyk eken. Aziýa muzeýinde saklanylýan golýazmada gürrüňiň hörpünden üzňe bolup görünýän we poemanyň iň soňunda ýerleşdirilen hekaýa (onda syçanlardan söz açylýar) bu ýerde öz ýerinde – bilbiliň laçyna berýän jogabynyň düzüminde duş gelip, bu bapda gürrüňi edilýän kanagat adalgasyny düşündirmek üçin ulanylan adaty we düşnükli hekaýatyň hyzmatyny ýerine ýetiripdir.

Bertelsiň kellesine ilkibaşda Aziýa muzeýindäki golýazmanyň kemçiliklidigi, onda diňe poemanyň sudurynyň galandygy, Jemgyýetçilik kitaphanasyndaky nusganyň bolsa poemany dolulygyna öz içine alýandygy hakdaky pikir gelipdir. Emma soňra poemanyň Uniwersitetiň kitaphanasynda we ýene Jemgyýetçilik kitaphanasyndan tapan iki golýazmasynyň onuň gysgaldylan görnüşine doly gabat gelýändigini görüpdir. Uzyn nusgadaky goşmaçalar olarda hem ýok eken. Ol günbatar ýurtlaryndaky uly kitaphanalaryň kataloglaryny gözden geçirip, poemanyň:

a) India ofis kitaphanasyndaky 4 golýazmasynyň käbirinde 4, käbirinde-de alty waragyň bardygyny;
b) Bodleýanyň toplumyndaky 4 golýazmasynyň käbirinde 4, käbirinde-de bäş waragyň bardygyny;
ç) Şprenger tarapyndan ele salnan golýazmasynda başga bir ýazgynyň 20 waragynyň gyrasynda ýer alandygyny;
d) Brounyň ele salan golýazmasynda 16 waragyň bardygyny;
e) Bankipurda saklanylýan golýazmasynda 6 waragyň bardygyny;
f) Şeferiň ele salan golýazmasynda bolsa 22 waragyň bardygyny anyklapdyr.

Bertels golýazmalaryň ýazylan kagyzlarynyň ölçeginiň ululygyny, kiçiligini, sahypalardaky setirleriň sanyny, inini göz öňünde tutup, bu golýazmalaryň ählisinde diýen ýaly, sahypalaryň sanynyň Aziýa muzeýindäki nusgadaka deň gelýändigini anyklapdyr (5 warak). Olaryň ählisi hem şu nusgadaky ýaly başlanýar eken. Diňe Şeferiň toplumynyň düzümine girýän golýazmadaky waraklaryň sany Jemgyýetçilik kitaphanasyndaky uzyn golýazmanyň waraklarynyň sanyna deň gelipdir. Emma katalogda bu golýazmanyň başlanyşynyň we tamamlanyşynyň görkezilmändigi üçin, alym bu barada belli bir netijä gelmäge çekinipdir.

Emma şu gysga nusgadan hem asyrlaryň dowamynda sopuçylyk babatda ýüze çykan jedelleriň, oňa ýöňkelen aýyplaryň, şol aýyplamalara berlen jogaplaryň düýp mazmuny bilen tanyş bolmak mümkin.

Feridetdin Attaryň «Mantyk at-taýr» («Guş dili») atly möhüm eseri hem, beýleki eserleri hem terjime edilmegine, düýpli öwrenilmegine garaşýar. Geljekde bu işiň amala aşyryljakdygyna ynanýarys.

Feridetdin Attaryň «Tezkiretül-ewliýä» atly kitaby has hem meşhurlyk gazanypdyr. Ol bu kitaby döretmek bilen öz öňünde goýan maksadyny şeýle düşündirýär: «Allatagalanyň weli gullarynyň ömür ýoly bilen bagly maglumatlary özünde jemleýän bu uly ýygyndyny düzmek bilen Hakykaty gözleýän kişilere uly sopularyň kalplarynda alawlap ýanan güýçli ymtylyş hakda gürrüň bermegi maksat edindim. Olar tarykat ýolunda toplan tejribelerinden söz açmak bilen, Hakykata akyl ýetirmegiň iň bir inçe we iň ýönekeý ýoluny görkezip gidipdirler.

Mundan başga-da kitap gözlegdäki kişä bu ýolda garaşýan kynçylyklardan gaça durmagyň ýollaryny düşündirýär». Ol bu kitaby düzmäge girişmeginiň beýleki sebäplerini rowaýatlaryň üsti bilen mälim edipdir. «Pirleriň biri aradan çykan Ýahýa Ammary düýşünde görüp, ondan Allatagalanyň özüni nähili garşy alanyny sorapdyr. Ammar şeýle jogap beripdir: «Allatagala günälerimi bir ýönekeý zat: musulmanlara sopularyň ömür ýoly barada gürrüň berip eden wagyzlarym üçin geçdi. Bir gezek Allatagalany jany-teni bilen söýýän meşhur pirleriň biri menden örän razy bolup, meniň üçin haýyr dogasyny etdi. Şol doganyň berekedi bilen jeza çekmekden gutuldym».

Aby Aly Dakkak hezretlerinden: «Allatagalanyň weli gullaryny görmek nesip etmän, diňe olar hakdaky gürrüňleri diňlemek biziň üçin ýeterlik bolarmy?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Ýeterlik bolar. Siz olar hakdaky gürrüňi diňleýän mahalyňyz Allatagala gowuşmak islegiňiz öz-özünden güýçlenýär we wagtyň geçmegi bilen sizi men-menlik, tekepbirlik ýaly duýgular terk edip, olaryň ýerini tabynlyk duýgusy eýeleýär» diýip jogap beripdir.

Jüneýit hezretleri: «Bu hekaýatlar gamgyn ýüreklere teselli berýär» diýipdir.

Muhammet alaýhyssalam: «Allatagala maňa: «Ýa, Muhammet! Men saňa gadymy pygamberleriň durmuşynda bolup geçen wakalar barada seniň ejiz kalbyňy kuwwatlandyrmak, ruhy açlygy başyňdan geçirmäge mümkinçilik döretmek we saňa teselli bermek maksady bilen gürrüň berýärin» diýip ýüzlendi» diýipdir.

Hezreti pygamberimiz ýene şeýle diýipdir: «Welileriň ömür ýoluny öwrenýänleriň kalbyna Allatagalanyň merhemeti inýär».

Abu Aly Sina: «Diňe iki sany islegim bar. Men diňe weliler hakdaky gürrüňi diňlemek isleýärin we diňe Alatagalanyň halan pirleri bilen duşuşmak isleýärin» diýipdir.

Feridetdin Attar soňra şeýle diýýär: «Pirler hakdaky gürrüňleri diňleýän kişilerde Allatagalany tapmak we dünýäni kalbyňdan çykarmak islegi peýda bolýar, Allatagala bolan yşk güýçlenýär hem-de adamyň ýany bilen o dünýä alyp gidip biljek zerur häsiýetlerine eýe bolmak islegi artýar. Iň esasy-da ölümi ýatlamak olaryň durmuşynda möhüm orun eýelemäge başlaýar.

...Özlerini görmesek hem mydama ýanymyzdan aýrylmaýan uly pirler hakdaky ýatlamalary öz içine alýan bu kitaby döretmek bilen olaryň haýyr dogasyna mynasyp bolmak isleýärin. Sahabalaryň Allatagala hakda pikirlenmek üçin iliň gözünden gizlenýän öýleriniň bosagasynyň öňünde ýatan ite şepagatçy boluşlary ýaly (dogrusy, men özümi itden hem pes hasaplaýaryn), kyýamat gününde olaryň maňa şepagatçy bolmagyny isleýärin. Bu islegimi Jemal Müsli hakdaky rowaýat has hem güýçlendirýär. Ol ömrüni çile çekip geçiren hem bolsa, garyplara sowgat baryny berer eken. Jemal Müsliniň bir islegi bolupdyr. Ol özüni Pygamberimiziň (s.a.w.) aýagujynda jaýlamaklaryny we mazar daşyna: «Seniň itiň bosaganyň öňünde ýatyr» diýip ýazmaklaryny arzuw edipdir».

«Tezkiretül-ewliýä» kitabynyň nusgalary örän köp bolup, olaryň köpüsi göwrüm taýdan biri-birinden tapawutlanýarlar. Bu eseriň tankydy neşirini hasyl etmek geljegiň işi. Biz terjimämize esas edip, kitabyň 2003-nji ýylda Stambulyň «Timas ýaýinlari», 2005-nji ýylda Moskwanyň «САМПО», 1998-nji ýylda Tähranyň «Zäwwer» neşirýatynda çap edilen nusgalaryny aldyk. Elbetde, bu işiň diňe başlangyjy bolup durýar. Ony kämillige ýetirmek bolsa hemmämiziň wezipämizdir.

*Orazgylyç ÇARYÝEW*

## *JAPAR SADYK MUHAMMET*

Seçgin musulmanlaryň soltany, Pygamber öwlady, hezreti Aly Murtazanyň nesli, Muhammet Mustapanyň mirasgäri, päk niýetli ymam Japar Sadyk (Allah oňa rehim eýlesin!) Pygamberimiziň ehli-beýtindendir. Şonuň üçin bu kitaby teperrik hökmünde ol hakdaky ýatlamalardan başladyk. Ymam Japar Sadygyň keramatlarynyň ählisini beýan etjek bolsam, dilim beýle etmekden ejiz geler. Ol ylymlaryň ählisinde, tarykatda, hakykatda, magryfetde kämil derejäniň eýesi, welileriň ulusy hem gözbaşydyr.

***

Habar bermeklerine görä, halyf Mansur bir gije wezirini ýanyna çagyryp:

– Git-de, Sadygy tutup alyp gel, ony öldüreli – diýipdir. Wezir:

– Ol bir çete çekilip, ilden üzňe ýaşamagy ýüregine düwen adam. Ybadatdan başga zada baş galdyranok. Mülkden hem elini çekipdir. Imanly gullaryň emirine ondan zyýan geljek gümany ýok. Onuň rahatlygyny bozmagyň hiç kime peýdasy degmez – diýip, ony pälinden gaýtarmaga synanyşypdyr. Emma halyf onuň aýdanlaryna gulak gabartmandyr. Wezire onuň buýrugyny ýerine ýetiräýmek galypdyr. Şol wagt Mansur özüne hyzmat edýän gullara ýüzlenip:

– Sadyk içeri girensoň, telpegimi çykararyma garaşyň. Ony çykaran badyma-da Sadygy öldüriň – diýip tabşyrypdyr.

Weziriň Sadygy alyp gelmegi bilen Mansur derrew oturan ýerinden böküp turupdyr we ylgap ýanyna baryp, oňa tagtyndan ýer beripdir. Özi bolsa onuň öňünde çöküne düşüpdir. Gullar bu bolýan zatlara aňalyp galypdyrlar. Mansur:

– Näme kem zadyň bar? Menden islän zadyňy diläp bilersiň – diýip, Sadyga ýüzlenipdir. Sadygyň jogaby nagt bolupdyr:

– Men gaýdyp hiç haçan huzuryňa çagyrmazlygyňy, Allatagala ybadat etmegimi dowam edip bilerim ýaly, yzyma dolanmaga rugsat bermegiňi isleýän.

Halyf oňa gitmäge rugsat berip, uly hormat bilen ugradyp goýberipdir. Sadyk köşkden çykyp giden badyna, birden, Mansur sandyramaga başlapdyr, başyny öňe egen badyna-da özünden gidipdir. Ol üç günläp özüne gelmändir. Ahyry huşy başyna gelensoň, weziri ondan:

– Saňa ne döw çaldy? – diýip sorapdyr. Halyf başyndan geçeni beýan edip şeýle diýipdir:

– Sadyk içeri giren badyna bir aždarha gözüm düşdi. Onuň aşaky dodagy otagyň düşekliginde, ýokarky dodagy bolsa üçekligindedi. Ol maňa garap: «Eger oňa zyýan ýetiräýseň, seni şu otag bilen birlikde ýuwdup goýbererin» diýdi. Sadyk çykyp gidensoňam aždarha menden gözüni aýyrmady. Men ondan ötünç soradym we gorkudan ýaňa dilim tutulyp, akylymyň başyndan gidenini duýman galdym.

***

Habar bermeklerine görä, Dawut Taýy bir gün Sadygyň huzuryna gelip:

– Eý, Allahyň Resulynyň öwlady! Maňa öwüt ber, çünki meniň kalbym garaldy – diýip, oňa ýüzlenipdir. Ol hem:

– Eý, Dawut! Seniň häzirki döwrüň takwa kişisidigiňi hemmeler bilýär. Menden nesihat soramagyň sebäbi näme? – diýipdir.

– Eý, Muhammet alaýhyssalamyň öwlady! Sen bütin ýaradylanlardan üstünsiň. Her bir kişä öwüt bermek seniň borjuň bolup durýar.

– Eý, Dawut! Men kyýamat gününde Muhammet alaýhyssalamyň elimden tutup: «Näme üçin maňa tabyn bolma hakyňy ulanmadyň. Meniň öwladym bolmagyň bilen bu iş bitmez. Diňe Hezreti Haka laýyk şekilde amal eden halatyň meniň yzyma eýeren hasaplanarsyň» diýmeginden gorkýaryn.

Onuň aýdanlaryny eşiden Dawut Taýy aglamaga başlapdyr we:

– Ýa, Allahym! Hamyrmaýasy Pygamberlik suwy, Muhammet alaýhyssalamyň öwlady, Patma Betulyň nesli bolan kişi şunuň ýaly

gorky bilen ýaşaýan bolsa, öz edýän amallaryndan göwni hoş bolar ýaly, Dawut kim bolýarmyşyn – diýip seslenipdir.

***

Habar bermeklerine görä, Japar Sadyk Muhammet bir gün müritleri bilen otyrka, olara ýüzlenip:

– Geliň, kyýamat gününde haýsy birimiz dowzahdan halas bolsak, beýlekilerimize şepagatçy boljagymyz barada birek-birege söz bereliň – diýipdir. Oturanlardan biri:

– Eý, Allahyň Resulynyň öwlady! Biziň şepagatymyza mätäç birimisiň? Seniň aňryň Muhammet alaýhyssalam ýaradylanlaryň ählisiniň şepagatçysy ahyryn – diýip seslenipdir.

– Men öz eden işlerimiň käbiri sebäpli erte kyýamat gününde onuň ýüzüne bakmakdan utanýaryn.

***

Habar bermeklerine görä, Japar Sadyk Muhammet bir gün Abu Hanifeden:

– Kime akylly diýerler? – diýip sorapdyr.

– Haýry şerden tapawutlandyryp bilen adam akyllydyr.

– Olary haýwanlar hem tapawutlandyryp bilýär. Haýwanlar özlerini urýanyň kimdigini, ot berýäniň kimdigini bilip durlar.

– Şeýle bolýan bolsa, sen nähili adamy akylly hasaplaýarsyň?

– Iki haýyr bilen iki şeriň arasyny açyp, haýyrlaryň has gowusyny, şerleriň hem az zyýan berjegini saýlamagy başaran akylly adamdyr.

***

Içi altynly gapjygyny ýitiren bir adam Sadygyň ýakasyndan ebşitläp tutup:

– Gapjygymy sen ogurladyň – diýip, oňa günä ýöňkäpdir. Ol Sadygy tanamaýar eken. Sadyk:

– Gapjygyňda näçe altyn bardy? – diýip sorapdyr.

– Altynlarym göni müň sanydy.

Sadyk ýaňky adamy öýüne alyp baryp, müň altyny eline sanap beripdir. Soňra ol adam ýitiren altynlaryny tapaýypdyr. Ol Sadykdan

alan altynlaryny yzyna getirip, özüniň ýalňyşanyny boýun alypdyr. Sadyk:

– Biz beren zadymyzy yzyna almaýarys – diýipdir.

Ol adam bir kişiden onuň kimdigini sorapdyr we Japar Sadykdygyny bileninden soň, ökünjiniň çägi bolmandyr.

***

Habar bermeklerine görä, Sadyk bir gün ýeke özi ýol bilen barýarmyş we: «Allah, Allah!» diýip, yzygiderli gaýtalaýarmyş. Bir bedibagt kişi-de: «Allah, Allah!» diýip, onuň yzyna düşüpdir. Sadyk:

– Allahym! Jüpbäm ýok. Allahym! Eşigim ýok – diýip diýmänkä, bir ýerden bir gat egin-eşik eline gütläp düşüp, derrew eşigini çalşyrypdyr. Yzyna düşüp gelýän kişi bu bolan işi görüp, ylgap öňüne geçipdir-de:

– Jenabym! Men hem seniň bilen deň derejede «Allah!» diýdim, şonuň üçin hem bu babatda ortak bolýarys. Köne eşikleriňi maňa ber – diýipdir. Onuň bu bolşy Sadygyň göwnüne ýarapdyr we köne eşiklerini oňa bagyşlapdyr.

***

Sadyk şeýle diýipdir:

– Ozaly gorka, soňy puşmançylyga sebäp bolýan her bir günä guly Haka gowuşdyrar. Ozaly arkaýynlyga, soňy tekepbirlige sebäp bolýan her bir ybadat bolsa guly Allatagaladan uzaklaşdyrar. Özünden göwni hoş musulman aslynda günäkär gullardandyr. Ötünç soraýan gul bolsa aslynda hakyky musulmandyr.

***

Japar Sadykdan:

– Sabyr edýän pukaranyňmy ýa-da şükür edýän baýyňmy – bularyň haýsysynyň derejesi ýokary? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Elbetde, sabyr edýän pukaranyň derejesi ýokary. Baýyň köňli gapjygynda, pukaranyň kalby bolsa Allahyň ýanyndadyr – diýip jogap beripdir.

***

Bir adam hezreti Japara ýüzlenip:

– Egniňdäki donuň bahasy örän gymmat bolsa gerek?! – diýip, utandyrmakçy bolupdyr. Japar hem:

– Içki eşigimi bir elläp gör – diýip seslenipdir.

Ýaňky adam elini onuň donunyň aşagyna sokup, içki eşiginiň örän irimçik matadan tikilendigini bilipdir. Hatda bu mata onuň elini hem sypjyraýypdyr. Ol:

– Bu näme etdigiň bolýar? – diýip, Japar hezretlerinden sorapdyr. Japar:

– Dony töwerekdäkilerden takwalygymy gizlemek hem biderek ýere olaryň ünsüni çekmezlik maksady bilen, egnime atýaryn, onuň aşagyndaky eşigi bolsa garypdygymyz üçin sylagymyzy, dünýäniň nygmatlaryndan ýüz öwürýänimiz üçin hem öwgimizi ýetirýän Allatagalany begendirmek maksady bilen geýýärin.

***

Hezreti Japar şeýle diýipdir:

– Kyýamat magşarda baýlygyňyz, at-derejäňiz, gelip çykyşyňyz we bitiren hyzmatyňyz barada däl-de, imanyňyz hem-de ybadatyňyz barada soralar.

Çekýän azabyň, hakykatdan hem, Hudaýa mätäç hala salýança we gark bolup barýan kişiniň özüni halas etjek birini çagyryşy ýaly edip çagyrýançaň, Oňa gowuşmarsyň.

Ýaradan toba edip, din ýoluny tutanlary öwýär we olary imanly kişileriň takwalaryndan ýokary tutýar.

Hakyky zikr dünýä baradaky pikirleriň ählisini ret edýär.

Takwalygyňa buýsanmak günädir.

Her bir eden günäsi üçin puşman edýän adamy Hudaý söýýär we oňa guly hökmünde hormat goýýar.

Maňa syr Hudaýa bolan yşkymdan ýaňa akylymdan azaşan mahalym aýan boldy.

Jennete güýjüni gaýgyrman, özüni tutuşlygyna Hudaýa gulluk etmäge bagyşlaýan adam girer; dowzah bolsa özüne bil baglaýan we öz bedeniniň guly bolan kişiniň jaýydyr.

## *HASAN BASRY*

Çaga mahaly Hasana Muhammet alaýhyssalamyň suw içen käsesiniň düýbünde galan suwdan owurtlamak bagty nesip edipdir. Bu barada Pygamberimize habar berenlerinde, ol:

– Hudaý bu çaga şol içen suwunyň mukdarynda ylym bagyşlar – diýip seslenipdir.

Ýaňy dünýä inen Hasany hezreti Omara görkezenlerinde, ol:

– Onuň adyna Hasan dakyň, çünki ol örän gelşikli – diýipdir.

Hasana şerigatyň esaslaryny hezreti Aly öwredipdir.

Hasanyň sopuçylyga baş urşy barada gyzykly bir hekaýat bar. Sopuçylyga ýüz urmanka-da, Hasan zergärçilik eder eken. Bir gezek Hasan iş aladasy bilen Ruma (Kiçi Aziýa) gidip, ol ýerde soltanyň weziri bilen duşuşypdyr. Wezir:

– Sen birnäçe günläp garaşmaly bolarsyň, çünki biz häzir soltan bilen birlikde resmi bolmadyk kiçeňräk sapara çykmaly bolup durus – diýipdir.

Hasan hem soltanyň, weziriň we beýlekileriň ýany bilen gitmegi ýüregine düwüpdir. Olaryň öňünde giň çöl ýaýlyp ýatyrmyş. Çölüň ortarasyna ýetenlerinde, bularyň öňünde owadan çadyr peýda bolupdyr. Çadyry gorap duran esgerler çadyra girip, soňra daş çykypdyrlar-da, onuň daşyndan aýlanyp, uzaklaşmak bilen bolupdyrlar. Soňra örän uly hormat goýulýan birnäçe ýaşuly çadyra golaýlap, esgerleriň edişi ýaly, onuň içine giripdirler-de, bir zatlar diýip, daş çykypdyrlar. Olar hem çadyryň daşyndan aýlanyp, öz ýollaryna gidipdirler. Soňra lukmanlara gezek ýetip, olar hem öňküleriň here-

ketlerini gaýtalapdyrlar. Soňra iki ýüz sany adatdan daşary owadan gyz peýda bolup, öňküleriň göreldesine eýeripdir. Çadyryň ýanyna iň soňunda wezirleri bilen birlikde soltan gelipdir. Ol hem çadyryň içine girip, birnäçe söz aýdypdyr-da, daş çykyp, çadyryň daşyndan aýlanyp, atlanyp gidiberipdir.

Bu zatlara haýran bolup duran Hasan wezirden bularyň nämäni aňladýanyny sorapdyr. Wezir:

– Soltanyň görmegeýden batyr ogly amanadyny tabşyrdy. Bu çadyr şonuň mazarynyň üstüne guruldy. Biz her ýyl bu ýere gelip, şu gün şaýady bolan dessuryňy ýerine ýetirýäris. Ilki bilen soltanyň esgerleri mazaryň başyna baryp, şazada ýüzlenip şeýle diýýärler:

– Seni ajal perişdesinden goramak elimizden gelýän bolsa, munuň üçin janymyzy-da gaýgyrmazdyk, emma muňa güýjümiz ýetenok.

Soňra ýaşulular gelip:

– Ylmymyz hem tejribämiz bilen seni halas etmäge ukybymyz ýetýän bolsa, ölmegiňe ýol bermezdik, emma muňa güýjümiz ýetenok – diýip seslenýärler. Soňra merhuma lukmanlar ýüzlenýärler:

– Ýasaýan däri-dermanlarymyz seni halas etmek üçin ýeterlik bolsady, onda seni Ajalyň penjesinden alyp galmak üçin elimizden geleni ederdik, emma oňa güýjümiz ýetenok.

Soňra gözel gyzlar mazaryň başyna baryp:

– Gözelligimiz we kämil taraplarymyz seni halas etmek üçin ýeterlik bolsady, onda biz hany-manymyzy seniň üçin pida ederdik, emma biz muny başaramzok – diýýärler.

Soňra wezirlerini ýanyna alyp, soltan çadyra girýär we:

– Oglum! Elimizden gelýän zatlaryň ählisini etdik: seni halas etmek üçin goşuny, lukmanlary we beýlekileri herekete getirdik, emma Hudaýyň takdyryny üýtgetmek bize başartjak iş däl. Şindi biz seniň bilen hoşlaşýarys. Ýanyňa indiki ýyl edil şu wagtlar geleris – diýýär.

Bu waka Hasanyň kalbynda öçmejek yz galdyryp, ol gutulgysyz bolan ölüme taýýarlanmak üçin ömrüniň galan bölegini nyýazda we ybadatda geçirmegi ýüregine düwýär. Hasan Basra şäherine dolanyp gelip, zergärligini taşlaýar we ilden çete çekilip, ömrüniň ahyryna çenli ýylgyrmajagyny aýdyp ant içýär. Ol ýetmiş ýyllap yzygiderli ybadat edýär. Hasan özüni Hudaýdan başga zada mätäç saýmaz-

lygy bilen halkyň arasynda at alypdyr. Hudaýa gowuşmak islegi örän güýçli bolany üçin ol daş-töweregindäki zatlara üns hem berämändir.

***

Abu Amr adamlara Gurhany Kerimden ders berýär eken. Günleriň birinde görmegeý bir oglanjyk Gurhany Kerimi öwrenmek üçin onuň ýanyna gelipdir. Oňa gözi düşen Abu Amryň kalbyny erbet pikir gaplap alypdyr. Şol pursadyň özünde-de Gurhan hakydasyny terk edip, onuň bir harpyny hem ýadyna salyp bilmändir.

Abu Amryň içine ot düşüp, hiç ýerde özüne takat tapmandyr. Ol Hasan Basrynyň huzuryna baryp, aglap-eňräp, başyna düşen ýagdaýy oňa gürrüň beripdir. Ol:

– Ussadym! Başyma şeýle bir iş gelip, Gurhany Kerim dolulygyna hakydamdan çykdy – diýipdir.

Onuň aýdanlaryny eşidip, kalby syzlan Hasan Basry:

– Häzir haj möwsümi dowam edýär. Gidip, haj parzyňy berjaý et. Hajyňy berjaý edip bolanyňdan soň, Haýta metjidine git. Şol ýerde mihrapda oturan bir pire gözüň düşer. Onuň wagtyny alman, edip oturan işini dynýança garaş. Soňra bolsa özüň üçin doga etmegini haýyş et – diýip seslenipdir.

Abu Amr özüne öwredilişi ýaly edipdir. Ol özüne salgy berlen metjidiň bir çetine baryp oturypdyr. Görse daşyna adam baryny üýşürip, bir haýbatly pir otyr. Biraz wagt geçeninden soň, ak egin-eşikli bir adam içeri giripdir. Her kes gapydan giren bu piriň huzuryna baryp, hal-ahwal soraşmaga başlapdyr. Namaz wagty giren badyna ol kişi ýerinden turup, çykyp gidipdir. Adamlar hem onuň yzyna düşüpdirler. Metjitde öňden oturan pir bolsa ýeke galyberipdir.

Pursady ganymat bilen Abu Amr piriň huzuryna baryp salam beripdir we: «Pirim! Allahyň haky üçin dadyma ýetiş!» diýip, ýagdaýyny oňa mälim edipdir. Onuň düşen halyna gynanan pir ýüzüni galdyryp, gözüniň gytagy bilen ýokaryk bir ýere seredipdir. Ol öňki kaddyna gelip-gelmänkä, Gurhany Kerim dolulygyna Abu Amryň hakydasyna dolaýypdyr. Abu Amr begenjinden piriň aýagyna ýykylypdyr.

Pir ondan:

– Meni saňa kim salgy berdi? – diýip sorapdyr.

Abu Amr:

– Hasan Basry salgy berdi – diýip jogap beripdir.

Pir:

– Golaýynda Hasan Basry ýaly bir ymam bolan kişi, heý-de, ondan başgasyna mätäç bolarmy? Hasan kimdigimi ile äşgär edipdir, menem onuň perdesini ýüzünden syrjak – diýipdir we sözüni şeýle dowam edipdir:

– Ýaňy içeri giren ak egin-eşikli, adamlar tarapyndan uly hormat goýlan şyh Hasan Basrydy. Ol her gün öýle namazyny Basrada kylýar, soňra bu ýere gelip, ikindi namazyny biziň bilen bile okaýar, biziň bilen söhbet edýär, agşam namazyny okamak üçinem ýene Basra dolanýar. Özüne Hasan ýaly biri ymamlyk edýän kişiniň bizden doga hantama bolmagynyň hikmeti nämekä?

***

Hasan Basrynyň ýaşan zamanynda bir adamyň aty närahatlyk tapypdyr. Çäresiz galan adam halyny Hasan Basra habar beripdir. Onuň bu adama haýpy gelip, gürrüňi edilýän aty dört ýüz dirheme satyn alyp, puluny hem derrew çykaryp beripdir.

Şol günüň gijesi atyny satan kişi düýşünde jennetdäki çemenzarlykda bir atyň we dört ýüz taýyň otlap ýörenini görüpdir. Ol:

– Bu at we taýlar kimiňki? – diýip sorapdyr we:

– Bular saňa degişlidi, ýöne indi olar Hasanyň hasabyna geçdi – diýen jogaby alypdyr.

Bu adam oýanandan soň, göni Hasan Basrynyň ýanyna gidip, oňa:

– Eý, ymam! Gel, düýnki eden söwdamyzy bozaly. Bu eden işime puşman edýän – diýip ýüzlenipdir.

Hasan Basry onuň bilen ylalaşman:

– Hany, öz işiň bilen bol, gören düýşüňi men senden has öň görüpdim – diýipdir.

Atyny satan adam gamgyn halda yzyna dolanypdyr.

Ertesi gije Hasan Basrynyň düýşüne köşkler we göze ýakymly ýerler giripdir. Ol:

– Bular kimiňki? – diýip sorapdyr.

– Bular eden söwdasyny bozmaga razy bolan kişä beriljek – diýen jogaby alan Hasan Basry ertesi ir bilen derrew ýaňky adamy gözläp tapyp, onuň bilen eden söwdasyny bozupdyr.

***

Bir gezek Hasan Basrynyň Şemgun atly otparaz goňşusy näsaglap, demini sanap başlapdyr. Hasan Basra:

– Goňşyň dadyna ýetişeweri – diýipdirler.

Hasan Basry näsagyň başujuna baryp oturypdyr we gyzdyrmakdan ýaňa onuň ýüzüniň garört bolanyny görüpdir. Hormatly pir:

– Allahdan gork! Sen bütin ömrüňi oduň tüssesine boglup geçiripsiň. Şindi musulman bol. Şeýtseň, belki, Allah saňa merhemet eder – diýip, näsaga ýüzlenipdir.

Şemgun ýatan ýerinden seslenipdir:

– Meniň musulman bolmakdan ýüz öwürmegime üç zat sebäp boldy. Siz bir ýandan bu dünýäni ýamanlaýaňyz, bir ýandanam gije-gündiz onuň yzynda selpeýäňiz. Ikinjiden, ölümiň hakdygyny aýdýaňyz, ýöne oňa taýynlanmagyň aladasyny edeňzok. Üçünjiden, Hakyň didaryny görmekden söz açýaňyz, ýöne Onuň razy bolmajak işlerini edýäňiz.

Hasan Basry oňa şeýle jogap beripdir:

– Bu men-menlikden daşlaşmak, nebsiňden ýüz öwürmek bilen Haka golaýlap, Ony tanan aşnalaryň nyşany we Allatagalanyň merhemet etmegi bilen, Onuň zatyny, sypatlaryny, atlarydyr pygyllaryny görmek miýesser eden aryplaryň alamaty hem bolup biler. Olar şunuň ýaly hereket edýärler, ýöne şol bir wagtyň özünde Allahyň ýeke-täkligini hem ykrar edýärler. Sen bolsa bütin ömrüňi otparazlykda geçiripsiň.

Ine, sen ýetmiş ýyllap oda çokundyň. Men bolsa ony asla mukaddes zat saýmadym. Ýöne ol seni aýratyn sylap goýaýanok: ikimizem deň ýakýar. Emma meniň Rebbimden perman bolsa, ot meniň bir gylymy ýakmaga-da het edip bilmez. Çünki ataş Allahyň ýaradan zadydyr we ýaradylan Ýaradana boýundyr. Häzir bolsa, gel, ikimizem elimizi ýanyp duran oduň içine sokaly. Şonda sen oduň ejizdigine, Allatagalanyň bolsa gudratlydygyna göz ýetirersiň.

Hasan Basry sözüni tamamlap, ojakda ýanyp duran oduň içine elini sokupdyr. Ol elini otdan çykaranda, adamlar onuň gylynyň hem gyrylmandygynyň, bir ýeriniň hem ýanmandygynyň şaýady bolupdyrlar. Bu görnüşi synlap ýatan Şemgun haýranlar galyp, Allatagalany tanamaga, musulman bolmaga ýakynlaşypdyr. Ol Hasan Basra ýüzlenip:

– Men ýetmiş ýyllap yzygiderli oda çokunyp gezdim. Şindi bolsa sanalgymyň dolmagyna az galdy. Şu ýagdaýymyň hiç bir çäresi ýokmy? – diýip sorapdyr.

Hasan Basry:

– Munuň çäresi musulman bolmakdyr – diýip jogap beripdir.

Şemgun:

– Eger elime Allatagalanyň maňa azap çekdirmejegini kepillendirýän bir hat tutdursaň, iman getirerin. Ýöne şonuň ýaly bir hat bermeseň welin, iman getirmän jan bererin. Eger aýdanymy kabul etseň, şu wesýetimi-de ýerine ýetir: ölenimden soňra meni ýuwsunlar. Sen hem meni öz elleriň bilen topraga ber, ýazan hatyňy-da elimiň aýasyna gysdyr. Goý, şol ýazgy azap çekmezligimiň delili bolsun – diýip wesýet edipdir.

Hasan Basry:

– Aýdanlaryňy kabul edýärin – diýipdir.

Şemgun demi tükenmänkä kelemesini öwrüp ýetişipdir. Ony ýuwupdyrlar, Hasan Basrynyň ýazan hatyny eliniň aýasyna gysdyryp kepenläpdirler, soňra bolsa jynaza namazyny okap jaýlapdyrlar.

Şol gije gaýgy-aladadan ýaňa Hasan Basrynyň gözlerine uky gelmändir. Ol: «Eden işime bir baksana! Meniň özüm batga batypdyryn. Batga batan kişi başga birini batmakdan halas edip bilermi? Öz emlägimi çem gelen ýere sowurmaga hakym ýok mahaly, gudraty güýçli Allatagalanyň erkindäki bir zat babatda kepil geçýän şol haty ýazmaga neneňsi het edip bildim?» diýip, içini hümledip ýatyşyna, birden uka gidipdir. Onuň düýşüne Şemgun giripdir. Onuň ýüzi, on dördi gijäniň Aýy ýaly, nurlanyp durmuşyn. Başynda täç, eginlerinde hülle barmyşyn. Jennetiň baglarynda seýran edip ýörşüne, erni bir ýere gelenokmyş. Hasan Basry ondan:

– Eý, Şemgun! Halyň neneň? – diýip sorapdyr.

Şemgun hem:

– Muny menden sorap durmaň näme?! Halym – görüp durşuň ýaly. Ýaradan merhemeti bilen öz golaýynda ýerleşmegimi emir etdi, keremi bilen maňa didaryny görkezdi. Merhemetiniň nyşany hökmünde maňa bagyşlan zatlaryny söz bilen aňlatmak asla mümkin däl. Şol sebäpli indi senem maňa beren sözüňden gutuldyň. Sen maňa beren şu hatyňy yzyna al, çünki oňa hiç hili mätäçligim ýok – diýip jogap beripdir.

Hasan Basry ukudan oýananda, Şemguna beren hatyny gysymlap ýatandygyny aňşyrypdyr-da, şeýle diýipdir:

– Ýa, Rebbim! Seniň edýän hereketleriňi delile, pyglyňy hem sebäbe baglamaga mätäç däldigiň maňa mälim boldy! Her bir işiňde merhemetiň alamaty bar. Seniň gapyňda zyýan çekjek barmy? Ýetmiş ýyllap otparaz bolan birine, diňe kelemesini öwürdi diýip, golaý-goltumyňda ýerleşmäge rugsat berdiň. Ýetmiş ýyl mundan öň iman getiren bir guluňy bu derejeden mahrum etjek gümanyň barmy.

***

Hasan Basryda şeýle bir sussupeslik we kiçigöwünlilik haly bolup, ol her bir kişini özünden üstün saýar eken. Ol bir gün Dijle derýasynyň kenaryna baranda, bir garaýagyz kişä gözi düşüpdir. Garaýagyz kişiniň elinde käse, ýanynda-da bir zenan maşgala bar eken. Ol elindäki käsäni yzly-yzyna agzyna ýetirýärmiş. Hasan Basry: «Eýsem şu adamam menden üstünmikä?» diýip, içini gepledenini hem duýman galypdyr. Ol kitaplardan okanlaryny ýadyna salyp: «Şunuň ýaly birisi menden nädip üstün bolup biler?» diýip göwnüne getiripdir.

Birden derýada üsti hyryn-dykyn bir gaýyk peýda bolupdyr. Onda ýedi kişi bar eken. Gaýyk birden agdarylypdyr-da, derýanyň düýbüne gidipdir. Kenardaky garaýagyz kişi ylgap özüni suwa urupdyr-da, bäş kişini suwdan çykarypdyr. Soňra bolsa Hasan Basra ýüzlenip:

– Eý, musulmanlaryň ymamy! Men bäş kişini gark bolmakdan halas etdim. Eger özüňi menden üstün hasaplaýan bolsaň, şu iki kişini-de sen halas et – diýipdir. Soňra ol sözüni dowam edipdir:

– Şu küýzede şerap däl-de, suw bar. Şu zenan maşgala-da – meniň ejem. Men seni synap görmekçi boldum. Sen dünýä adaty göz bilen bakýaňmy, kalp gözi bilen bakýaňmy – şony bileýin diýdim. Şindi görüp otursam, körden tapawudyň ýok ekeni. Sen dünýä adaty göz bilen bakýar ekeniň.

Onuň aýdanlaryny eşiden Hasan Basry derrew aýaklaryna ýykylyp, ondan bagyşlamagyny haýyş edipdir. Ol bu garaýagyz kişiniň Allatagala tarapyn iberilen ilçidigini aňlapdyr we oňa ýüzlenip:

– Eý, garaýagyz kişi! Bu adamlary gark bolmakdan halas edişiň ýaly, meni-de ýaramaz hyýallar we şek derýasynda gark bolmakdan halas et! – diýipdir.

Garaýagyz kişi:

– Gözüň aýdyň bolsun! – diýip doga edipdir.

Hasan Basry şol günden soňra hiç bir babatda özüni özgelerden üstün görmändir. Hatda bir gezek onuň gözi bir köpege düşüp:

– Allahym! Şu köpegiň haky üçin meniň mertebämi beýgelt! – diýip seslenipdir.

Şonda biri ondan:

– Sen üstünmi ýa-da şu köpek? – diýip sorapdyr. Hasan Basry oňa jogap berip şeýle diýipdir:

– Eger Allahyň azabyndan gutulyp bilsem, ondan üstün bolup bilerin. Tersine bolaýsa welin, onuň meniň ýaly ýüz kişidenem üstün boljagyna Allatagalanyň gudratyndan ant içýärin.

***

Bir gezek Hasan Basra bir kişiniň özüniň gybatyny edendigi mälim bolupdyr. Ol derrew bir tabaga binäçe hurma salypdyr-da, ony şol kişä ugradypdyr we tabagy alyp giden kişä:

– Sen oňa gazanan sogaplaryny meniň amal depderime gönderenini eşidenimi we şonuň öwezine şeýdip minnetdarlygymy mälim etmek islänimi, onuň hakyny bolmalysy ýaly edip ödäp bilmeýändigim üçinem ötünç soraýanymy aýt – diýip tabşyrypdyr.

***

Bir gezek Hasan Basry şeýle diýipdir: «Bir wagtlar dört kişiniň, ýagny bir gorkak kişiniň, bir serhoşyň, bir çaganyň, birem zenan maşgalanyň aýdany meni haýran galdyrypdy.

Bir gezek halanmaýan biri bilen gabatlaşamda, seňrigimi ýygryp, derrew ondan daşlaşmak bilen bolupdym. Şonda ol maňa ýüzlenip:

– Ussat, maňa seňrigiňi ýygyrma, halymyzyň nähili boljagy heniz anyk belli däl. Çünki biraz soňra näme boljagyny diňe Allah bilýär – diýipdi.

Başga bir gezek bolsa batgada ýykylyp-sürşüp ýol aşjak bolýan serhoşa:

– Eý, biçäre, aýagyň taýmaz ýaly, ony ýere usullyk bilen basjak bol – diýdim we:

– Sen maňa akyl öwredýärsiň welin, özüň ruhy saparyňda aýagyňy usullyk bilen basmagy başarýaňmy? Serhoşlygym zerarly ýykylsam, batga bulaşaryn-da, ýene aýaga galkyp, soňra ýuwnup-ardynyp bilerin. Bu maňa kyn düşmez. Sen öz aýagyň taýmazlygynyň aladasyny et – diýen jogaby aldym. Onuň aýdan gymmatly sözleri mende uly täsir galdyrypdy.

Başga bir gezek hem ýanyp duran çyrany elinde tutup gelýän oglanjykdan:

– Bu aýdyňlygy nireden alyp gelýärsiň? – diýip sorapdym. Oglanjyk şonda çyra üfläp, ony söndürdi-de:

– Indi sen maňa aýt: bu aýdyňlyk nirä sumat boldy? Onuň nirä gidenini aýtsaň, men hem ony nireden alyp gelýänimi aýdaýyn – diýip seslenipdi.

Ýene bir gezek hem ýüzi we elleri açyk bir zenan maşgala bilen ýüzbe-ýüz boldum. Ol ýigrenji ýüzüne çykyp duran şekilde öz äriden zeýrenýärdi.

– Ilki bilen ýüzüňi ört – diýmegim bilen, ol maşgala maňa şeýle diýdi:

– Bir ýaradylan kişä aşyk bolanym sebäpli şeýle bir aňkam aşypdyr welin, aklymyň başymdan gidenini hem aňlamandyryn. Meni bu ýagdaýdan habardar etmedik bolsaň, şu durşuma bazara-da baryp bilerdim. Ýöne meniň arzymy diňleýärkäň, Allaha bolan söýgiň sebäpli, meniň açyk-saçyk geýnenim gözüňe ilmedik bolsa, şonda bize näme diýerdiler?

Onuň bu sözi maňa diýseň ýarapdy.

***

Hasan Basry bir gün dost-ýarlaryna ýüzlenip:

– Siz hezreti Pygamber alaýhyssalamyň sahabalaryna meňzeýäňiz – diýipdir. Olar bu sözleri eşidip, diýseň begenipdirler. Hasan Basry bolsa sözüni dowam edipdir:

– Men muny diňe daş sypatyňyzy göz öňünde tutup aýdýaryn. Eger siz sahabalary görsediňiz, onda olar gözüňize diwana bolup görnerdi. Eger olar sizi görsediler, onda siziň hiç biriňizi musulman saýmazdylar. Çünki olar öňden ýöreýärdiler, ýorga atyň üstünde ýol

aşýardylar, guş kibi uçup, ýel kibi ösýärdiler. Biz bolsa arkasy ýagyr eşeklere münüp, yza galypdyrys.

***

Hasan Basrynyň ýanyna bir çarwa arap gelip, ondan sabryň nämedigini sorapdyr. Onuň jogaby nagt bolupdyr:

– Sabyr iki dürli bolýar. Olaryň birinjisi – bela-beter başyňdan inende edilýän sabyr. Şonuň ýaly pursatda sabyr etmegi ýüregine düwenler mydama dymyp gezmäge çalşypdyrlar. Şonuň ýaly kişiler köňüllerindäki dillerine çykýança, bir sözem aýtmaýarlar.

***

Rabyýa Basry hezretleri bir gezek haýsydyr bir sebäbe görä Hasanyň wagzyny diňlemäge gelip bilmänsoň, ol şol gün wagyz etmekden ýüz dönderipdir. Metjide namaz okamaga gelen kişiler beýle etmeginiň sebäbini soranlarynda, ol:

– Pilleriň çanagyna guýlan şerbedi garynjalara niýetlenilen ýalpak gapda ýerleşdirip bolmaz – diýip jogap beripdir.

Hasan wagyz edip durka ruhy serhoşlyk halyna düşüp, şol ýerdäki Rabyýa hezretlerine ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Maňa rowa gören we ruhy taýdan serhoş bolmagyma ýardam beren dogaň üçin minnetdardyryn!

***

Hasandan:

– Yslam näme we musulman kimdir? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Yslamy kitaplardan, musulmany mazardan gözle –diýip jogap beripdir.

***

Hasan şeýle diýipdir:

– Seni ýazgarýan garşydaşlaryňdan gorkyňa ybadatlaryňdan ýüz öwürme. Olar hatda Hudaýy-da ýazgarmakdan çekinmediler.

Dünýäniň ahyry we ahyretiň başlangyjy – mazarda.

***

Kämillik ýaşyna ýeten Hasanda eden günä işleri barada eşiginiň bir ýerine ýazyp goýup, şol ýazgylara günüň dowamynda tiz-tizden göz aýlamak endigi döräpdir. Ol tüýs ýüreginden puşman etmegi sebäpli, köplenç, özünden gider eken.

***

Bir gezek Hasan birnäçe adam bilen birlikde Käbäni zyýarat etmek üçin ýola çykypdyr. Olar bir guýynyň üstünden barypdyrlar. Halys suwsan hem bolsalar, guýudan suw çeker ýaly ýüpleri ýok eken. Hasan olara ýüzlenip:

– Men häzir namaz okamaga başlaryn. Namaz okap duran wagtym suwuň ýokary galanyny görersiňiz. Siz şol suwdan içip, teşneligiňizi gandyryň – diýipdir.

Onuň aýdyşy ýaly bolupdyr. Emma ýolagçylaryň biri suwdan ganyp, ýolda içmek üçin küýzesini suwdan doldurmakçy bolanda, guýynyň suwy öňki derejesine çenli pese düşäýipdir. Munuň sebäbini soranlarynda, Hasan:

– Muňa Hudaýa doly mätäçdigiňe ynanmazlygyň sebäp boldy – diýip jogap beripdir.

***

Hasan Basry şeýle diýipdir:

– Jan berjek bolýan adamlar, şol pursatda edýän ahmyrlaryna görä, üç topara bölünýärler. *Birinji topara* girýänler göwünleriniň isleýşiçe baýlyk toplap bilmändikleri üçin, *ikinji topara* girýänler eden umytlaryna gowşup bilmändikleri üçin, *üçünji topara* girýänler bolsa bu ahyrky sapara çykmak üçin zerur bolan taýýarlygy görmändikleri üçin ahmyr edýärler.

Ýüki ýeňil bolanlar gutulyp, ýüki agyr bolanlar heläk bolandyrlar. Dünýäni özlerine berlen bir amanat hasaplaýanlaryň günäsini Allatagala bagyşlar. Olar bu amanady yzyna tabşyryp, ýükleri ýeňlän şekilde geçip giderler.

Meniň pikirimçe, dünýäsini ýumrup, şonuň döwük-ýenjiklerin-

den ahyretini gurýan kişi akylly we alym kişidir. Ol ahyretini ýumrup, şonuň döwük-ýenjiklerinden dünýäsini bina etmez.

Allatagala göwün beren, Onuň dosty, dünýä göwün beren, Onuň duşmanydyr.

***

Hasan şeýle diýipdir:

– Goýnuň üşüginiň adamyňkydan ýokarydygy belli bolup dur. Çünki ol çopanyň diýeninden çykanok, adam bolsa nadanlygy sebäpli Hudaýyň aýdanlaryna däl-de, şeýtanyň allaryna boýun bolýar.

Ýaramaz kişileriň üýşmeleňi hakykaty tapmaga ymtylýan adama erbet täsir edýär.

Baýlyk toplamak Mukaddes Kitap tarapyndan gadagan edilen şerapdan erbet zatdyr.

Adamlardan çete çekilýän kişi ýalňyzdygyna garamazdan howpurgamaýar, nebsi bilen arasyny açan kişi erkinlige eýe bolýar.

Sahawatsyramagyň hatyrasyna ruhuny kämilleşdirmekden ýüz öwürýän adam dünýäde şeriň ýoluny torç edýändir. Ol heläk edilen kişidir.

Kümüşdir altyny söýýän kişini Hudaý äsgermeýär, özüni bir jemagatyň başy hasaplaýan kişini bolsa Ol ýoldan çykaryp, mertebesini peseldýär.

***

Hasandan:

– Saglygyň gowumy? – diýip sorapdyrlar. Ol hem:

– Men deňziň ortarasynda düýbi deşilen gaýykda oturan we heniz gark bolmaga ýetişmedik adama meňzeýärin – diýip jogap beripdir.

## *MÄLIK IBN DINAR*

Musulman hökmünde seresaply, hökümdar hökmünde töwekgel, syddyhlaryň ýolbaşçysy, din ýolunyň ýolbeledi soltan Mälik Dinar bilen Hasan Basry dost bolup, aralaryndan gyl geçmändir. Mälik öz taýpasynyň baştutanlarynyň biri bolupdyr. Ol dünýä inen mahaly kakasy gul eken. Ol hem guldy, emma iki jahandan azatdy. Onuň görkezen keramatlary dilden-dile geçip, habary alyslara aşypdyr. Kakasynyň adyna Dinar diýipdirler. Onuň adynyň yzyna «dinar» sözüniň goşulmagynyň sebäbini başgaça düşündirenler hem bolupdyr. Şolardan biri şeýlebir wakany gürrüň beripdir. Bir gün Mälik gämä münüp, deňizde ýolagçy bolupdyr. Gämi deňziň ortarasyna baryp ýetende, ondan ýol hakyny talap edipdirler. Mälik: «Pulum ýok» diýipdir. Ony özünden gidýänçä urupdyrlar. Huşy başyna geleninden soň, pul almak üçin ýene ýanyna gelipdirler. Ýene pulunyň ýokdugyny aýdansoň, gaýtadan taýak astyna alypdyrlar we: «Eliňi, aýagyňy baglap, deňze atarys» diýip haýbat atypdyrlar. Edil şol mahal deňziň ýüzünde balyklar peýda bolupdyr. Hersiniň agzynda-da bir dinar barmyşyn. Mälik elini uzadyp, balyklaryň biriniň agzyndaky dinary alypdyr-da, gämibaşa tarap uzadypdyr. Oňa ezýet edenler bu keramaty görüp, aýagyna ýykylypdyrlar, emma ol aýagyny çekip alyp, gämiden daşary ätläpdir. Mälik suwuň ýüzünden ýöräp barşyna, olaryň gözünden gaýyp bolupdyr. Ine, oňa Dinar lakamynyň berilmegine şu waka sebäp bolanmyş.

***

Onuň toba gelşi hem gyzyklydyr. Mälik ilki-ilkiler baýlygyň we gowy zatlaryň aşygy eken. Ol Şamda ýaşapdyr. Bir gün Mälik bu

şäherde Mugawyýa tarapyndan bina etdirilen uly metjide baryp, itikaf[1] etmäge başlapdyr. Metjidiň çykdajylaryny baý-baý adamlar ödär eken. Mälik: «Şu metjide gözegçilik etmek maňa tabşyrylmazmyka» diýip, umyt edipdir. Metjitden çykman ybadat etmäge niýetlenmegine-de şol umydy sebäp bolupdy. Ol şeýdip, bir ýyllap metjitden aýrylman ybadat edipdir. Adamlar haçan gelseler, onuň namaz okap duranynyň şaýady bolupdyrlar. Ol bolsa iliň gözüne ilmek üçin ybadat edýänini bilip durdy. Metjide gelenine bir ýyl bolansoň, ol wagtyny hoş geçirmek maksady bilen daşary çykypdyr.

Bir gün ol saz çalyp otyr eken. Dostlary onuň çalýan sazlaryny diňläp oturyşlaryna, uklap galypdyrlar. Birden onuň çalyp oturan rubabyndan: «Eý, Mälik! Toba gelmezligiňe sebäp bolýan zat näme?» diýen ses eşidilipdir. Ol bu sesi eşiden badyna, metjide ýetmäge howlugypdyr. Gulagyna ilen ses onuň aňkasyny aşyrypdy. Ol: «Gudraty güýçli Allatagala bir ýyllap ýalandan ybadat etdim. Mundan beýläk yhlas bilen ybadat etjek. Eden işime utanýaryn» diýip, özüne söz beripdir.

Mälik şo gije tüýs ýüreginden yhlas bilen ybadat edipdir. Ertesi gün metjide gelen musulmanlar: «Bu metjidiň timarlanmaga mätäç ýerleriniň bardygyny görüp durus. Şol işleriň gidişine gözegçilik etmek üçin bir adamy bellemek gerek» diýip, özara maslahat edipdirler. Olaryň gözi Mälige düşüp: «Bu işe şundan laýyk kişi ýokdur» diýen karara gelipdirler. Mälik şol wagt namaz okap dur eken. Ol namazyny tamamlaýança garaşyp, soňra:

– Metjide goýberilýän serişdeleri harçlamak wezipesini öz üstüňe almagyňy haýyş etmek üçin geldik – diýipdirler. Mälik bolsa doga etmek üçin ellerini ýokary galdyryp:

– Allahym! Bir ýyllap saňa ýalandan ybadat etdim. Şonça wagtyň dowamynda ýüzüme gaňrylyp sereden hem bolmady. Şindi köňlümi saňa bagladym, öňki niýetimden dänip, beýle bir zadyň yşkyna düşmejegime özüme söz berdim. Emma bu işi öz üstüme almagymy haýyş etmekleri üçin ýigrimi kişini iberdiň. Bu iş bilen meşgullanmak islemeýänime gudratyňdan ant içýärin! – diýip seslenipdir.

---

[1]Metjide baryp, niýet edilen belli bir wagt aralygynda diňe ybadat etmek bilen meşgul bolmak.

Şondan soňra Mälik metjitden çykyp, dünýä işine goşulyp, hak ýoluň rowaç almagy üçin gujur-gaýratyny gaýgyrmandyr.

***

Habar bermeklerine görä, şol zamanda Basrada ýaşan bir baý adam dünýäden ötüp, yzynda ummasyz baýlygy we bir gözel gyzy galypdyr. Bu gyz Sabyt Buhananyň ýanyna gelip:

– Dogry tagat etmegimi öwrederi ýaly, Mälige durmuşa çykmak isleýärin – diýipdir.

Sabyt Mäligiň ýanynda bu meseleden söz açypdyr. Şonda Mälik:

– Men üç talak bermek bilen, dünýä bilen aramy açdym. Zenan maşgala-da dünýäniň bir bölegidir. Üç talak bermek arkaly aýrylyşanyň bilen gaýtadan nikalaşyp bolmaz – diýip, ýüregindäkini aýdypdyr.

***

Mälik başyndan geçen bir waka barada habar berip, şeýle diýipdir: «Men ençeme ýyl bäri gaza gitmegiň arzuwy bilen ýaşaýardym. Rum diýarynda söweş ýüze çykan güni birdenkä gyzgynym galyp, tapdan düşdüm oturyberdim we söweşe goşulyp bilmedim. Men: «Eý, bedenim, eger seniň Allatagalanyň ýanynda bir gymmatyň bolsady, onda şu gyzzyrma keseli bilen kesellemezdiň» diýip içimi gepletdim we uka batdym. Düýşümde gaýypdan: «Bu gün söweşe gatnaşan bolsaň, ýesir düşjekdiň, soňra saňa doňuz etini iýdirjekdiler. Gyzzyrma keseli saňa Hak tarapyndan gönderilen uly bir ýagşylyk boldy» diýen ses gulagyma eşidildi. Şondan soňra ukudan oýanyp, Allatagala şükür etdim».

***

Habar bermeklerine görä, Mälik bir gün dinsiz kişileriň biri bilen jedel etmäge başlapdyr. Jedelleriniň hiç soňy gelmändir. Ikisi-de «Meňki dogry» diýip, ýeň berenoklarmyş. Ahyry olar ellerini biri-biriniňkä baglap, oda sokmak kararyna gelipdirler. Haýsysynyň eli ýansa, şol hem ýeňlen hasap edilmeli eken. Aýdyşlary ýaly edipdirler, emma hijisiniň hem eli ýanman, ot sönüp gidipdir. Töwerekdäkiler «Bularyň ikisiniň hem aýdýan zady dogry eken» diýşipdirler. Dünýe-

si daralan Mälik öýüne baryp, başyny seždä goýupdyr-da: «Iman getirenime ýetmiş ýyl boldy. Iň soňunda bir dinsize deň boldum oturyberdim» diýip, Allatagala ýüzlenipdir. Şol wagt onuň gulagyna gaýypdan: «Seniň eliňiň dinsiziň eline hemaýat edenini bileňokmy? Ol dinsiz elini seniňkiden aýryp, özbaşyna oda sokan bolsady, näme boljagyny şonda görerdiň» diýen ses eşidilipdir.

***

Habar bermeklerine görä, Basrada ýaşan kyrk ýylynyň içinde Mälik asla hurma iýmändir. Hurma ýygylýan möwsüm gelende, ol:

– Eý, basralylar! Hurma iýmänim üçin egsilen zadym bolmady. Her gün hurma iýeniňiz üçin siziň hem artan zadyňyz bolmady – diýip, şäherdeşlerine ýüzlener eken. Kyrk ýyldan soňra bolsa birdenkä onuň hurma iýesi gelipdir. Ol her edip, hesip edip, nebsiniň bu islegine garşy çykmaga çytraşypdyr. Ine, şol günleriň birinde onuň gulagyna gaýypdan:

– Hurma iý-de, nebsiňi bu dertden halas et! – diýen owaz eşidilipdir. Mälik nebsine ýüzlenip:

– Eger gije-de, gündiz-de hiç zat iýmezlik şerti bilen bir hepde agzyňy bekleseň, seniň bu islegiňi kanagatlandyraýyn – diýipdir.

Nebsi muňa razy bolup, ýedi günläp agzyny bekläpdir. Şondan soň, Mälik hurma satyn alypdyr-da, ony iýmek üçin metjide gidipdir. Ol ýaňy bir hurma iýmäge hyýallanypdyr welin, oňa metjitde oturan bir oglanyň gözi düşüp:

– Oho-ho-w! Bir ýehudy metjide girip, hurma iýip otyr – diýip, gaty sesi bilen gygyrmaga başlapdyr.

– Ýehudynyň metjitde näme işi bar – diýip, oglanyň kakasy eline bir taýak alyp, içeri giripdir we ýaňy bir urmakçy bolanda, Mäligi tanap, onuň aýaklaryna ýykylypdyr we ötünç soramaga başlapdyr:

– Ussat, meniň günämi geç, gündizlerine mähellämizde ýehudylardan başga agzyna zat atan kişi tapylmaz. Seniň bu ýere gelip, bir zat iýmekçi bolanyňy gören oglum seni ýehudydyr öýdüpdir. Ony bagyşla. Ol heniz kiçi bolansoň, seni tanamandyr.

Mälik bolsa:

– Allahym! Hurma iýmäge ýaňy bir synanyşanym üçin adyma ýehudy goýduň. Hurma dagy iýäýsem, dinsizleriň hataryna goşjagyň

görnüp dur. Gaýdyp hiç haçan hurma iýmejegime gudratyňdan ant içýärin – diýip seslenipdir.

***

Habar bermeklerine görä, Basrada ýangyn ýüze çykypdyr. Mälik hasasyny eline alyp, agaç aýakgaplaryny-da aýagyna iltäp, bir -depäniň üstüne çykypdyr-da, şol ýerden şäheri synlamaga başlapdyr. Ýangynyň çykan ýerinde ýaşaýan adamlar nätjeklerini bilmän, elewreşip ýörmüşler. Kimiň eşigine ot düşüp, ikiýana urunýarmyşyn, kimi gaçyp gutulmagyň alajyny agtarýarmyşyn, kimi bolsa zatlaryny ýangyndan gutarmaga çalyşýarmyşyn. Bu zatlary synlap duran Mälik:

– Ýüki ýeňil bolanlar gutuldy, agyr bolanlar heläk boldy! – diýip seslenipdir.

***

Mälik aradan çykanyndan soň, uly alymlaryň biri ony düýşünde görüp:

– Gudraty güýçli Allatagala seni nähili garşy aldy? – diýip sorapdyr. Mälik bolsa:

– Öz eden günälerime garamazdan, men gudraty güýçli Allatagalany görmek hormatyna mynasyp boldum. Özünden diňe gowulyga garaşýanlygym sebäpli, Allatagala günälerimiň baryny geçdi – diýip jogap beripdir.

***

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Haktagala bir gezek Musa alaýhyssalama: «Demirden hasa, bir jübüt hem aýakgap edin we soňra Ýeriň ýüzüne aýlanyp, eserleri, ybrat beriji zatlary gözle. Nygmatlary we hikmetleri synla. Hasa döwülýänçä, aýakgabyň könelýänçä, bu gözlegiňi dowam et!» diýip emir edipdir. Bu mukaddes sözlerden sabyr etmelidigi barada netije çykarylýar. Yslam dini gaty bolany sebäpli, onuň çäginde ýumşaklyk bilen hereket et.

Haktagalanyň: «Size güýçli islemek başarnygyny berdik, emma siz beýle bir zadyň özüňizde bardygyny duýmadyňyz. Siziň üçin sema gurnadyk, emma siz tans etmediňiz» diýendigi barada Töwratda aýdylypdyr.

Asmandan inen kitaplaryň birinde: «Haktagala Muhammet alaýhyssalamyň ymmatyna Jebraýyla-da, Mikaýyla-da bermedik iki zadyny beripdir. Ol: «Meni zikir ediň, men hem sizi zikir edeýin» («Bakara», 152); «Meni çagyryň, çakylygyňyzy kabul edeýin» («Gafir», 60) diýipdir.

Haktagalanyň: «Eý, syddyhlar! Dünýäde meni zikir etmek nygmatyndan peýdalanyň, çünki meni zikir etmek dünýäde uly bir nygmatdyr. Ahyretdäki soňsuz hazynany-da meni zikir etmek bilen gazanyň» diýip, öz bendelerine ýüzlenendigi barada Töwratda okapdym.

Haktagala inderen kitaplarynyň birinde: «Dünýä köňül beren alyma etjek iň gowy ýagşylygym zikir we mynajat etmek keýpini köňlünden çykarmakdyr» diýipdir.

Şeýtan dünýewi arzuwlaryň yzynda selpeýän adamyň yzyndan ylgamagyny goýar (Çünki oňa bu bela ýeterlik bolar).

***

Ömri ahyrlaberende, Mälik özünden nesihat soran bir adama: «Dowzahdan gutulmak isleseň, mydama iş edýänden razy bol, çünki seniň işiňi edýän Oldur» diýipdir.

***

Mälik şeýle diýipdir:

– Bir gün ejir baryny çekip, demini sanap ýatan adamyň derdini ýeňletmek maksady bilen, bir öýüň gapysyndan ätledim. Men oňa Allatagalanyň adyny gaýtalamagynyň gerekdigini aýtdym. Ol aýdanymy etmedi we: «On, on bir» diýdi ýatdy. Ondan:

– Diýenimi näme sebäpli edeňok? – diýip soradym. Ol:

– Hudaýyň adyny dilime aljak bolýan welin, güýçli oduň içinde galyp barýanymy görüp, bu niýetimden el çekýärin – diýip jogap berdi.

Ol şonlugyna ölüp gitdi. Adamlardan sorag-ideg edip, onuň parahorlyk edip ýaşanyny, özgeleri aldamak arkaly baýanyny anykladym. Söwda eden mahaly ol dürs işlemeýän tereziden peýdalanyp, satýan zadyny kem çekip berer eken.

***

Mäligiň gyzy ondan uklamaýanynyň sebäbini sorapdyr. Mälik oňa şeýle jogap beripdir:

– Allatagalanyň maňa keremini haçan bagyşlajagyny bilmämsoň, bu pursat gijäniň bir wagtyna gabat gelip, elim boş galar öýdüp gorkýaryn. Onsoň hem men Hudaýyň nygmatlaryny iýip, şeýtanyň diýenini edýän betbagt kişileriň hilinden. Eger-de bir adam metjidiň gapysyndan garap, Ýeriň ýüzündäki iň ýaramaz adamyň daş çykmagyny haýyş etse, onuň çakylygyna seslenen kişi men bolaryn.

***

Mälik şeýle diýipdir:

– Bu dünýäniň pesligine akyl ýetiren mahalym, maňa we edýän işlerime iliň näme diýjegi barada pikirlenmämi goýdum.

Öleniňden soňra saňa nepi degmejek adam bilen barşyp-gelişme.

## HABYP AJAMY

Habyp Ajamy toba gelmezinden öň ile karz berip, süýthorlygyň hasabyna ýaşaýan bir puldar eken. Ol her gün algylaryny almak maksady bilen öýünden çykyp gidýärmişin. Algysyny alyp bilse ne ýagşy, alyp bilmese-de bergidaryndan ýöräp geleniniň kireýini alyp, şol gün şonuň bilen oňňut etmeli bolupdyr. Bir gün hem ol, öňküleri ýaly, algysyny almak üçin öýünden çykypdyr, emma bergidaryny öýünde tapmandyr. Bergidaryň aýaly:

– Saňa berer ýaly hiç zadym ýok. Diňe goýnuň yslaňkyrlan boýny galypdyr. Bu ýere çenli gelip, güýjüňi sarp edeniň üçin, isleseň, şony saňa berip biljek – diýipdir. Habyp onuň teklibini kabul edip, goýnuň boýnuny öýüne alyp gelipdir-de, aýalyna:

– Ojakda gazan atar – diýipdir. Aýaly ojakda ýakar ýaly odunyň ýokdugyny aýdypdyr. Habyp hem:

– Ýene ýaňky ýaly hilä baş urup, çörek bilen odun hem alyp geleýin – diýip, çykyp gidip, birnäçe wagtdan çörekdir odundan ýüklenip gelipdir. Aýaly hem nahar bişirmäge durupdyr. Şol wagt bir dilegçiniň sesi eşidilipdir. Habyp:

– Saňa oduk-buduk berip ýörenimize ençeme wagt bolan hem bolsa, sen baýap gidibermediň, emma biz welin garyp düşüp ýetişdik – diýip, ýetip gelen dilegçiniň üstüne gygyrypdyr. Dilegçi umydyny ýitirip, bu ýerden daşlaşmak bilen bolupdyr.

Habybyň nahar alyp gelmek üçin ojagyň başyna baran aýaly gazandaky naharyň gan ýaly uýap galandygyny görüp, erbet gorkupdyr. Ol Habyba ýüzlenip:

– Gel, ýaňky dilegçiniň üstüne gygyranyň üçin nahara näme bolanyny öz gözüň bilen gör – diýip seslenipdir. Bolan işi gören Habybyň ýüregine ot düşüp, öz bolşuna puşman edipdir.

Ertesi gün ol ýene bergidarlaryny tapyp, algysyny almak we mundan buýana süýthorlykdan el çekmek maksady bilen öýünden çykypdyr. Şol gün juma günüdi. Ol ilki Hasan Basrynyň edýän wagyzlaryny diňlemäge gitmegi ýüregine düwüpdir. Habyp şol gidişine, ýolda oýun oýnap ýören çagalaryň deňinden geçmeli bolupdyr. Oňa gözleri düşen çagalar:

– Bu ýerden uzaklaşalyň. Birden süýthor Habybyň aýagynyň astyndan göterilen tozan üstümize siňäýmesin. Eger bu tozan üstümize siňse, biz hem onuň ýaly betbagt bolarys – diýşip, bir-birlerini ägä edipdirler.

Çagalaryň bu boluşlary Habyba örän agyr degipdir. Ol gidip, Hasan Basrynyň wagzyny diňläp, tüýs ýüreginden toba edipdir, çünki wagyz oňa örän güýçli täsir edip, akylyny aldyrana dönüpdir. Ol wagyz edilýän ýerden çykyp, bir bergidary bilen gabatlaşypdyr. Bergidary ondan gaçmak isläpdir. Habyp:

– Gaçma, gaçma! Şu güne çenli sen menden gaçmaly bolýardyň, emma mundan beýläk meniň senden gaçmagym gerek – diýipdir.

Habyp yzyna dolanyp gelýärkä, hälki oglanlar heniz hem ýoluň üstünde oýnap ýören ekenler. Çagalaryň gözi oňa düşüp, bu gezek:

– Hany, ýoldan sowulyň, turuzýan tozanymyz Habybyň üstüne siňäýmesin, ýogsam Hakyň öňünde günäkär bolarys – diýşip, bir-birlerini ägä etmäge çalşypdyrlar. Şondan soň Habyp:

– Allahym! Seniň bilen ylalaşyk baglaşalym bäri geçen bir sagadyň içinde adymy gowy adamlaryň adynyň hatarynda tutduryp, köňülleriň dowluny meniň üçin çaldyrdyň – diýip, Allatagala şükür edipdir. Soňra bolsa:

– Kim Habyba bir zat bergili bolsa, gelip dilhatyny alyp gitsin – diýip yglan edipdir.

Bergidarlaryň ählisi toplanypdyr. Habyp toplan bar baýlygyny şol ýerdäkilere paýlap, dilhatylary hem eýelerine gowşurypdyr. Şeýdip, kör-köpüksiz galypdyr. Şol wagt ýene bir adam gelip, ondan bir zat bermegini talap edipdir. Oňa berere zady bolmansoň, aýalynyň başatgyjyny alyp beripdir. Ondan bir zat bermegi talap eden başga birine-de egnindäki köýnegini çykaryp bermeli bolupdyr. Ol şeýdip çyplak galypdyr.

Soňra Habyp Fyrat derýasynyň kenarynda salnan külbesinde ýaşamaga başlapdyr we gündizlerine Hasan Basrynyň huzuryna

baryp, ylym öwrenipdir, bütin gijelerini bolsa ybadat bilen meşgul bolup geçiripdir. Gurhany Kerimi okap bilmeýänligi üçin, oňa Ajamy (araplardan bolmadyk) lakamyny beripdirler.

Birnäçe wagt geçeninden soň, aýaly onuň ýanyna gelip:

– Iýip-içer ýaly zadymyz gutardy – diýip habar beripdir. Emma Habyp ýene derýanyň boýundaky külbesine gidip, ybadat bilen meşgul bolupdyr. Agşam öýüne dolanyp gelende, aýaly:

– Iýer ýaly bir zat getirmediňmi? – diýip sorapdyr. Habyp:

– Meniň işini edýänim kerem eýesidir. Şonuň üçin hem ondan bir zat dilemäge utandym. Wagty gelende, gerek zadymyzy özi berer – diýip jogap beripdir we ýene ybadatdan başga zady bilmändir.

Şondan soňra dokuz gün geçip, onunjy gün diýlende, Allatagala onuň öýüne üç hammal bilen bir ýüzi nurly ýigidi gönderipdir. Hammallaryň biriniň ýüki ýagdan, beýlekisiniňki baldan, ýene biriniňki bolsa etden ybaratmyş. Görmegeý oglanyň elinde bolsa içi ýüz dirhem pully gapjyk bar eken. Ýaňky oglan Habybyň aýalyna ýüzlenip:

– Bulary adamyňyzyň hojaýyny ugratdy we oňa mundan has kän işlese, berýän hakyny-da şonça artdyrjagyny aýtmagy tabşyrdy – diýipdir we derrew bu ýerden uzaklaşmak bilen bolupdyr.

Agşam düşensoň, Habyp lapykeç halda öýüne dolanypdyr we bişen naharyň ysyny alypdyr. Aýaly onuň öňünden çykyp:

– Kimiň elinde işleýän bolsaň, şonuň işini ýerine ýetirmegiňi dowam et, çünki onuň keremli, şepagatly birisidigine gözüm ýetdi. Ol şu gün bize şunça zat gönderipdir we edýän işiňiň möçberini artdyrsaň, haky-da şonça köp tölejegini habar beripdir – diýip, şadyýan seslenipdir.

Habyp:

– Geň galaýmaly! Onuň on gün hyzmatyny edenim üçin maňa şunça ýagşylyk etdi. Hyzmatymy artdyrsam dagy näme etjegini göz öňüne-de getirip bilmeýärin – diýipdir we dünýäden doly ýüz öwrüp, Haka ýönelipdir. Ahyrynda-da, dogasy kabul bolýan welileriň birine öwrülipdir.

***

Bir gün Habybyň ýanyna bir zenan maşgala gelip, zar-zar aglapdyr we:

– Çagamy ýitirdim. Bu aýraçylyga çydap bilemok. Allatagala doga edip ber. Şol doganyň berekedi bilen çagam yzyna dolansyn – diýip ýalbarypdyr. Habyp:

– Ýanyňda pul barmy? – diýip sorapdyr. Aýal görgüli:

– Üç teňňäm bar – diýip, ýanyndaky puluny oňa uzadypdyr. Habyp bu puly alyp, garyp-gasarlara paýlapdyr we soňra doga edip:

– Indi gidiber, ogluň yzyna dolanyp geler – diýip, zenan maşgala ýüzlenipdir. Aýal öýüne gelse, ogly öňünde otyrmyş. Ol ogluna ýüzlenip:

– Balam, halyň niçik? Başyňa nämeler gelip geçdi? – diýipdir.

– Kirman şäherinde ýaşaýardym. Halypam meni et almak üçin bazara ugratdy. Et satyn alyp, yzyma dolanmakçy bolamda, bir ýerden ýel gelip, aýagymy ýerden üzdi. Edil şol wagt hem gulagyma: «Eý, ýel, Habybyň eden dogasynyň haky üçin we berlen sadakanyň berekedine ony öýüne alyp bar!» diýen bir owaz eşitdim. Bu bolan iş barada eşiden bir adam: «Ýel ony nädip bu ýere alyp gelip bildikä?» diýip senden sorasa, oňa: «Süleýman alaýhyssalama degişli suw çüwdürimini bir aýlyk ýoldan bir günde nähili edip alyp gelen bolsa we Bylkysyň tagtyny göz ýumup-açasy salymda Süleýmana nähili gowuşdyran bolsa, şonuň ýaly edip hem alyp gelipdir» diýip jogap ber – diýip, ogly şadyýan seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Habyby terwiýe gününde[1] Basrada, arefe gününde[2] hem Arafatda görüpdirler.

Bir döwürde Basrada uly gytçylyk bolupdyr. Habyp nesýesine köp mukdarda azyk-owkat satyn alyp, tutuşlygyna garyp-gasarlara paýlap beripdir. Soňra bolsa bir gapjyk tikinip, ony ýatýan düşeginiň aşagynda ýygşyryp goýupdyr. Özüne nesýesine azyk satan algydarlary algysyny almaga gelende, ol düşegiň aşagyna elini sokup, hälki gapjygy çykarar eken. Her gezek hem gapjygy puldan dykylyp doldurylan ýalymyş. Ol şol puluň ujundan bergilerini beripdir.

Basrada ýollaryň kesişýän ýerinde Habybyň öýi bar eken. Şonuň ýaly-da, onuň bir ýapynjasy bolup, ony egninden aýyrmazmyş. Ol bir

[1]Arafe gününden öňki gün, hijri ýyl hasaby boýunça zilhiçje (gurban) aýynyň sekizinji güni.

[2]Zihiçje (gurban) aýynyň dokuzunjy güni. Hajylaryň Arafatda durýan güni.

gün täret almak üçin daş çykyp, soňra ýapynjasyny şol ýerde unudyp gaýdypdyr. Şol ýerden geçip barýan Hasan Basrynyň gözi bu ýapynja düşüp: «Ýaňy şu ýerde Habyp gözüme ildi. Bu şonuňky bolmaly. Biri alyp gidibermesin» diýip içini gepledipdir-de, Habybyň yzyna dolanmagyna garaşyp başlapdyr. Habyp gelip, Hasan Basra ýüzlenipdir:

– Eý, musulmanlaryň ymamy, bu ýerde birine garaşyp durmuň?

Hasan Basry hem:

– Eý, Habyp, ýoluň çatrygynda ýapynjaňy taşlap gitmeli däldigini, biriniň ony alyp gitjegini bilmeýärmiň? Ony bu ýerde galdyryp gitmek bilen kime bil bagladyň? – diýip, soragyna sorag bilen jogap beripdir. Şonda Habyp:

– Ýapynjany goramagyň üçin seni bu ýere gönderene bil bagladym – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Hasan Basry bir gün Habybyňka myhmançylyga gelipdir. Habyp bir çümmük duz bilen arpa ýarmasyndan taýýarlanan aşy alyp gelip, myhmanynyň öňünde goýupdyr. Hasan bu aşdan iýip otyrka, daşardan bir gedaýyň sesi eşidilipdir. Habyp myhmanynyň öňündäki aşy alagada, gedaýa eltip beripdir. Hasan Basry bolsa oňa ýüzlenip:

– Eý, Habyp, seniň salyh kişidigiňe hiç şübhäm ýok. Emma biraz ylym öwrenäýseň kem bolmazdy. Soraşman, zat etmän myhmanyň öňündäki naharyň hemmesini alyp gidibermek dogry bir hereket däl. Dogrusy, naharyň bir bölegini gedaýa bermek, bir bölegini-de myhmana galdyrmakdyr. Şuny-da bilmeýärmidiň? – diýipdir.

Habyp oňa hiç hili jogap bermändir. Birnäçe wagt geçeninden soň, iki oglan bularyň ýanyna gelipdir. Oglanlaryň biriniň elinde bir saçak, saçagyň içinde-de agzyňda eräp barýan halwadyr guzy kebaby bar eken. Beýleki oglanyň elinde-de bäş ýüz teňňe barmyş. Olar getiren zatlaryny Habybyň öňünde goýupdyrlar. Ol pullary garyp-gasarlara paýlap gelipdir. Soňra getirilen nahardan iýip otyrkalar, ol Hasana ýüzlenip:

– Halypam! Sen gowy bir adamsyň. Emma biraz gaýyp ylymlardan hem habarly bolsaň, gowy bolardy. Şeýlelik bilen, hem mälim, hem gaýyp ylymlaryň eýesi bolardyň. Çünki mälim ylymlaryň ýanynda gaýyp ylymlaryň hem bolmagy gerek – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir agşam namaz wagtynda Hasan Basry hezretleri Habybyň ýeke galýan külbesine barypdyr. Şol wagt Habyp namaz okap dur eken. Myhman «Fatiha» süresini okanda, onuň «el-hamdü» diýmän, «el-hemdü» diýip okanyny eşidipdir we oňa uýup namaz okamagyň dogry bolmajakdygy barada netije çykaryp, namazyny özbaşdak okapdyr. Ol şol gije düýşünde Allatagala ýüzlenip:

– Allahym! Seniň razylygyňa nädip gowşaryn? – diýip doga edipdir.

Şol wagt gaýypdan bir owaz eşidilipdir:

– Eý, Hasan! Sen meniň razylygymy gazanmak mümkinçiligine duşduň, emma onuň gadyryny bilmediň!

– Rebbim! Şol pursat maňa haçan nesip etdi?

– Habyba uýup namaz okan bolsaň, men senden razy boljakdym! Şol namaz ömür boýy okan namazlaryňyň möhüri boljakdy, okan namazlaryňyň ählisi şol namazyň hormatryna kabul ediljekdi. Emma sen sözüň dogry aýdylmagyny niýetiň dogrulygyndan öňe tutduň, niýetiň dogrulygyna däl-de, jümläniň ýalňyş okalanyna üns berdiň. Diliňi düzeltmek bilen kalbyňy düzeltmegiň arasynda örän uly parh bardyr.

***

Habybyň öýüne otuz ýyldan bäri bir çory girip çykýan eken. Şonça wagtyň içinde onuň ýüzüni hem doly synlamanmyş. Bir gün bir iş üçin daşary çykmakçy bolanda, Habyp onuň bilen garşylaşypdyr we oňa ýüzlenip:

– Eý, hijaply zenan, meniň çorymy çagyrsana! – diýip seslenipdir. Çory:

– Seniň diýýän çoryň men ahyryn – diýip geň galypdyr.

Habyp:

– Bu otuz ýylyň içinde Ýaradandan başga barlyga nazar salmaga ýürek edip bilmedim. Saňa üns bermänime-de şol sebäp boldy – diýip, oňa öz bolşuny düşündiripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek çete çykyp oturan Habybyň: «Seniň bilen hoş bolmaýan kişi asla-da hoş bolmasyn! Seni gözüniň nury hasaplamaýan kişiniň gözi ýagta düşmesin! Seniň bilen rahatlyk tapmaýan kişi hiç kimiň ýanynda-da rahatlyk tapmasyn!» diýip doga edendigini eşidipdirler.

***

Bir gezek Habypdan:

– Razylyk nirededir? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Mynapyklyk (ikiýüzlülik) tozany siňmedik köňülde – diýip jogap beripdir.

***

Gurhany Kerimi okan ýa-da diňlän mahaly Habybyň gözlerinden ýaş syrygar eken. Ondan:

– Sen ajamysyň, arap dälsiň. Onuň manysyna düşünmeýärsiň. Aglamagyňa sebäp bolýan zat näme? – diýip sorapdyrlar. Ol hem:

– Hawa, bu, hakykatdan hem, şeýle – meniň dilim ajamy, emma kalbym araby – diýipdir.

***

Bir derwüş şeýle diýipdir: «Habybyň uly bir derejä gowşandygyny görüp, içimden: «Bu bir ajamydyr. Bu mertebäni nädip gazandyka?» diýip pikir etdim. Şol wagt gaýypdan: «Hawa, ol ajamydyr, emma aşykdyr» diýen owaz geldi».

***

Habyp şeýle diýipdir: «Çagalaryň hoz oýnaýyşlary ýaly, Iblis hem karylary we takwa kişileri oýunjak edinýär».

Boş durmaň, çünki ölüm söbügiňizi sydyrdyp gelýär.

Özi bilen birlikde günäleriniň-de ölmegi, ine, adam üçin hakyky bagtyýarlyk şudur».

***

Hasan Basry bir gün Habyp Ajamydan:

– Ajamy, şunuň ýaly ýokary derejä nähililik bilen ýetdiň? – diýip sorapdyr. Habyp hem:

– Kagyz garalap däl-de, doga bilen kalbymy arassalap – diýip jogap beripdir.

Bu sözleri eşiden Hasan Basry:

– Wah! Ylmym özgelere peýda berse-de, onuň maňa-ha nepi degmedi – diýip seslenipdir.

***

Habyp Ajamy şeýle diýipdir:

– Hudaý aladasyny öz üstüne atýanlary goraýar.

Hakykaty çyny bilen gözleýän kişiniň kalby bu dünýä bolan höwesden we söýgüden päk bolmalydyr.

## *ABU NAZYM MEKKI*

Din ugrunda jihat etmekde we welilikde Abu Nazym Mekkiniň deňi-taýy ýok eken. Ol köpsanly pirleriň halypasy bolupdyr we uzak ömür sürüpdir. Abu Amr Osman Mekki onuň mertebesiniň belentligini aňladyp gutaryp bilmändir. Onuň sözleri adamlaryň ýüregine jüňk bolup durar eken. Ol kyn meseleleriň islendigini aňsatlyk bilen çözmegi başarypdyr. Onuň pähimleri kän-kän kitaplaryň sahypalarynda ýer alypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek halyf Hyşam ibn Abdylmelik ondan:

– Döwlet işinde işleýän kişi nädip dowzahdan halas bolup biler? – diýip sorapdyr.

– Munuň üçin her köpügi halalyndan gazanmaly we laýyk ýerine sarp etmeli!

– Ýagşy, muny kim başarar?

– Jähennemden uzak durmaga çalyşýan, jennete girmäge jan edýän we Rahmanyň razylygyny gazanmak isleýän kimse munuň hötdesinden gelip biler. Size dünýä köňül baglamazlygy maslahat berýärin. Maňa gowşan rowaýatlara görä, kyýamatyň gopmagy bilen ybadatlarynyň ählisini doly berjaý eden, emma dünýä köňül beren kişini uly köpçüligiň öňüne çykarjaklar we jarçy:

– Serediň! Ine, bu Allatagalanyň pes we ygtybarsyz edip ýaradan zadyny belent we ygtybarly hasap eden guldur! – diýip yglan etjek.

***

Uly alymlaryň biri şeýle diýipdir: «Haja gitmek üçin ýola çykdym. Bagdada baryp, Abu Hazymyň öýüne gitdim. Onuň uklap ýatanyny görüp, oýanýança garaşdym. Ol birhaýukdan soňra gözlerini açyp:

– Ýaňy men düýşümde Pygamber alaýhyssalamy gördüm. Ol saňa ejeň görgüliniň hakyny ödeseň, haja gideniňden has gowy boljagyny, yzyňa dolanyp, onuň razylygyny gazanmalydygyňy habar bermegi tabşyrdy – diýip seslendi.

Şondan soň Mekgä gitmekden ýüz öwrüp, yzyma dolandym.

***

Abu Hazymdan:

– Baýlygyň nämedir? – diýip soranlarynda, ol:

– Baýlygym Allatagaladan razy bolmagym, adamlara bolsa mätäç bolmazlygymdyr. Adamlardan bir zada garaşýan kişiniň gudraty güýçli Allatagaladan razy boljak gümany ýokdur – diýip jogap beripdir.

***

Abu Hazym şeýle diýipdir: «Dünýäde saňa hoş bolup görnen islendik zadyň ýanynda gynandyrjak hem bir zat bardyr. Dünýäde garyndysyz şatlyk ýaradylmandyr. Dünýä üçin edilen az-owlak iş ahyret üçin edilmeli köp işe eliňi ýetirmän biler.

Iş etmegiň ýerine söz otarylyp oňlan, amal etmegiň ýerine ylym bilen kanagat edilen zamanda ýaşaýan bolsaň, iň bir erbet adamlaryň arasynda we iň bir ýaramaz zamanda ýaşadygyňdyr.

Ömrüň geçen bölegi düýş, galan bölegi bolsa hyýaldyr.

Günä işleri edýändigiňe garamazdan, Allatagalanyň saňa gönderýän nygmatlarynyň yzynyň kesilmeýändigini görseň, dykgatly bol! Bu bir synag bolup biler.

Ynsan aýagyny basjak ýerini bilip basmakdan hem beter, diline häzir bolmalydyr.

Berlen zadyň şerinden goranyp bilsek, berilmedik zada özümizi aldyrmarys.

Allahyň seni gadagan eden ýerinde görmeginden we halal eden ýerinde tapmazlygyndan gork.

Meniň gören alymlarymyň gapysynyň öňünde emirler we soltanlar gelip, köpek ýaly boýunlaryny sallaşyp durardylar. Häzirki döwürde bolsa fykyhçylaryň, alymlaryň we ybadathon kişileriň gidip, baýlaryň, emirleriň gapysynyň öňünde garaşyp duruşlaryny görýärin. Olaryň bolup duruşlaryny gören öý eýeleri: «Biziň eýe bolan zatlarymyz olaryňkydan has gowy bolmasa, olar bize beýle hormat goýmazdylar» diýýärler.

Maňlaýyma ýazylan zatlardan gaçyp gutulmak islesem hem, barybir, olar meniň nesibim bolar. Maňlaýyma ýazylmadyk zatlary ele saljak bolup näçe çytraşsam hem, olar maňa nesip etmez».

## RABYÝA ADAWYÝÝA

Aýratyn bir gorag perdesi astynda saklanylan, yhlas örtüginiň aňyrsynda gizlenen, yşk we wysala gowuşmak islegi bilen tutaşan, Allaha ýakyn bolmaga we onuň yşkynda ýanyp-köýmäge höküm edilen, Merýem Safyýýanyň ýoluny dowam etdiren, erenler tarapyndan garşy alnan Rabyýa Adawyýýa bir gezek şeýle diýipdir:

– Biri garşyma çykyp, menden: «Näme üçin erkekleriň hatarynda zikir etdiň?» diýip sorasa, oňa: «Pygamber alaýhyssalamyň: «Allah siziň daş keşbiňize bakmaz» diýen bir sözi bar» diýerin.

***

Rabyýanyň dünýä inen gijesi olaryň öýlerinde ony dolar ýaly bir bölek biz, göbegine çalar ýaly bir damja ýag we öýi ýagtyldar ýaly çyra tapylmandyr. Bu maşgalanyň ondan öň hem üç gyzlary bardy. Şonuň üçin hem oňa Rabyýa adyny beripdiler. Bu söz «dördünji» diýmegi aňladýar.

Ýap-ýaňy ýeňlän ene ärine ýüzlenip:

– Pylan goňşymyzyňka baryp, çyra guýar ýaly ýag dilesene – diýip haýyş edipdir. Ýöne Rabyýanyň kakasy ýaradylanlaryň hiç birinden zat dilemejekdigini aýdyp, öň ant içen ekeni. Muňa garamazdan, ol aýalynyň göwnüni ýykmajak bolup, goňşularynyň öýüne çenli gidip gelipdir-de:

– Goňşular ýatypdyr – diýipdir.

Bu ýagdaý oňa agyr degipdir. Ol şol gije düýşünde hezreti Pygamber alaýhyssalamy görüpdir. Hezreti Pygamber oňa garap:

– Gynanma! Şu gün dünýä inen gyzyň şeýlebir hanym bolup, ýetmiş müň kişi ondan şepagat etmegini dilejek – diýipdir. Soňra sözüni dowam edipdir:

– Bursanyň emiri Isa Radanyň ýanyna bar we meniň oňa: «Sen her gije maňa ýüz gezek, juma gijesi bolsa dört ýüz gezek salawat getirýärsiň. Geçen şenbe gijesinde maňa salawat aýtmagy unutdyň. Şonuň günäsini ýuwmak üçin şu habary saňa ýetirene dört ýüz altyn ber» diýmegi tabşyrandygymy habar ber.»

Rabyýanyň kakasy ukudan oýanyp, ir bilen Pygamber alaýhyssalamyň düýşünde aýdan sözlerini kagyza ýazyp, ony alypdyr-da, Isa Radanyň öýüniň öňüne baryp, şol ýazgyny emire gowşurmaklaryny haýyş edipdir.

Isa Radan ýazgynyň mazmuny bilen tanyş bolanyndan soň, hezreti Pygamber alaýhyssalamyň özüni ýatlanyna şükür edip, munuň şanyna on müň dirhemi sadaka paýlamagy, Rabyýanyň kakasyna bolsa dört ýüz altyn pul bermegi emir edipdir. Soňra bolsa özi onuň ýanyna çykyp: «Men seniň içeri girmegiňi näler islärdim. Emma muny göwnüme jaý görmedim. Çünki sen hezreti Pygamber alaýhyssalamyň habaryny maňa ýetirmek mertebesine – bu artykmaçlyga eýesiň. Şol sebäpli özüm öňüňden çykmagy, aýagyň tozuny sakgalyma sürtmegi makul bildim. Indiden beýläk bir zada mätäçlik çeken mahalyň maňa ýüz tutsaň, saňa kömek etjegime Allatagaladan ant içýärin» diýipdir.

Rabyýanyň kakasy emiriň beren altynlaryny gerek-ýarak zatlaryna harçlapdyr.

Rabyýa ese-boýa galanda, kakasydyr ejesi aradan çykypdyr. Şol döwürde-de Basra aýylganç bir açlygyň penjesine düşüpdir. Açlyk zerarly Rabyýanyň aýal doganlarynyň hersi bir ýere düşüpdir. Onuň özüni bolsa ejizliginden peýdalanan bir zalym kişi sähelçe pula satyp goýberipdir.

Rabyýany satyn alan kişi oňa kyn, agyr işleri buýrupdyr. Naçar gyz bir gezek ýol bilen gelýärkä, özüne gyýa göz bilen bakan bir keseki kişiden gaçyp barşyna ýykylyp, elini döwdüripdir we mynajat etmäge başlapdyr:

– Allahym! Ýeke-ýalňyzam, enem-atam ýok. Ýesir düşdüm, elim döwüldi. Ýöne bu zatlar piňime-de däl. Maňa diňe Seniň razylygyň gerek. Menden razydygyňy ýa-da razy däldigiňi bilip biläýsedim!

Şol wagt gaýypdan bir owaz gelipdir:

– Gam çekme! Geljekde sen şeýle bir mertebä eýe boljaksyň welin, asmandaky perişdeler seni tanaýandyklaryny aýdyp öwünjekler, ýanyňda bolmaga çalyşjaklar.

Şol günden soňra Rabyýa mydama agzy bekli gezmäge, gijelerini namaz okap geçirmäge başlapdyr.

Rabyýanyň hojaýyny bir gije ukudan oýananda, gulagyna bir ses eşidilipdir. Ol bu sesiň Rabyýa degişlidigini bilipdir. Gyz mynajat edýär ekeni:

– Allahym! Seniň permanyňa uýmagyň köňlümiň arzuwydygyny bilýärsiň. Huzuryňda hyzmat emek bolsa gözümiň nurudyr. Eger elimde bolsady, onda her bir pursadymy Saňa hyzmat edip geçirerdim, dynç almazdan, Saňa tagatda bolardym. Emma Sen meni bir bendäňiň emrine berdiň. Şol sebäpli hem Saňa isleşimçe hyzmat edip bilemok!

Hojaýyny görse, Rabyýanyň başujunda bir çyra asylgymyş. Özem hiç bir zada bagly bolmazdan, howada butnaman durmuş. Otagyň içi bolsa nurdan dolumyş. Bu keramaty gören hojaýyn öz-özüne: «Mundan beýläk ony gul ornunda tutup bolmaz» diýipdir.

Ol ertesi Rabyýa ýüzlenip:

– Seni azat etdim. Isleseň, bu ýerde gal – barymyz hyzmatyňda bolaly. Bolmasa-da, islän ýeriňe gidip bilersiň – diýipdir.

Şondan soňra Rabyýa rugsat sorap, ol öýi terk edipdir we özüni ybadata beripdir. Aýdyşlaryna görä, ol gije-gündiziň dowamynda müň rekat namaz okaýar eken. Käte bolsa gidip, Hasan Basrynyň wagyzlaryny diňläpdir.

***

Bir gezek hezreti Rabyýanyň ýoly Mekge şäheriniň üstünden düşüpdir. Ol heniz çölüň ortasyndaka, Käbäniň garşy almak üçin özüne ýakynlap gelýändigini görüp, şeýle diýipdir:

– Maňa Käbäniň Rebbi gerek! Men Käbäni näme edeýin? Meniň Käbäni görmäge takatym ýetmez. Käbäniň jemaly bilen nikalaşyp bolarmy?! Men özümi: «Kim maňa bir garyş ýakynlaşsa, Men oňa bir gulaç ýakynlaşaryn» diýeniň garşylamagyny isleýärin! Men Käbä nä ýüzüme bakaýyn?!

***

Ybraýym Edhem Käbäni zyýarat etmäge diýip çykyp, on dört ýylyny ýolda geçiripdir. Ol: «Başga kişiler bu ýoly aýaklary bilen ädimläp geçse, men ony gözlerim bilen sypalap geçýärin» diýer eken. Ol iki rekat namaz okap, bir ädim ädýärmiş we ýene namaza durýarmyş. Mekgä baryp, Käbäni ýerinde tapmadyk Ybraýym Edhem:

– Eýsem, gözüme bir zat boldumyka? – diýip seslenipdir. Şol wagt:

– Gözüňe bolan zat ýok. Şu wagt Käbe bu ýere gelmek üçin ýola çykan bir ejiz zenan maşgalany garşy almaga gitdi – diýip, gaýypdan bir owaz gelipdir.

Ybraýym Edhemde birhili gabanjaňlyk peýda boljak ýaly edipdir we:

– Oňa kim diýýärler? – diýip sorapdyr. Şol wagt onuň gözi hasasyna söýenip gelýän Rabyýa düşüpdir. Käbe-de öňki duran ýerini eýeläpdir.

Ybraýym Edhem hezreti Rabyýa ýüzlenip:

– Ýa, Rabyýa! Jahanyň başyna salan bu başagaýlygyň näme? – diýip sorapdyr. Onuň eşiden jogaby nagt bolupdyr:

– Jahanyň başyna başagaýlyk we pitne salan seniň özüňsiň. Käbä gowuşmak üçin on dört ýylyny ýolda geçiren sen dälmi?

– Hawa, bu ýoly yzygiderli namaz okap, on döpt ýylda geçdim.

– Sen bu ýoly namaz okap geçen bolsaň, men nyýaz edip külterledim.

Soňra Rabyýa haj parzyny ýerine ýetirip, zar-zar aglapdyr we:

– Allahym! Sen haj etmäge mümkinçilik berjekdigiňi, şonuň ýaly-da, bir bela-betere duçar etjekdigiňi aýdyp, meni begendiripdiň. Eger hajym kabul bolmadyk bolsa, bu meniň başymdam uly bir bela-beteriň inendiginiň alamatydyr. Bu bela-beter maňa näme sogap gazandyrar? – diýip mynajat edipdir.

Rabyýa indiki ýyl haj ybadatyny ýerine ýetirmek üçin ýene Basra gelipdir we:

– Geçen ýyl Käbe meni garşy aldy, bu ýyl bolsa maňa tarap gelýän Käbäni özüm garşylajak – diýipdir.

***

Şondan soňky ýyl Rabyýa ýene Käbä zyýarat etmegi ýüregine düwüpdir. Ol:

– Seni görmäge rugsat et! – diýip, Allatagala doga edipdir. Soňra bolsa ýoluny emedekläp, bagry bilen süýşüp, ýerden togalanyp aşmaga başlapdyr. Birden gaýypdan bir owaz gelipdir:

– Rabyýa, akylyňa aýlan! Eger-de biz seniň öňüňde peýda bolaýsak, diňe külüň galar.

Rabyýa:

– Seniň nuruňa gös-göni nazar aýlamaga ýürek edemok. Maňa şeýle gowy görýän fakryňy bagyşla! – diýip seslenipdir. Ýene gaýypdan owaz gelipdir:

– Sen muňa taýyn däl. Bu mertebä ölmänkäler ölen (nebsini we duýgularyny ýok eden), öz ömürlerini Maňa bagyşlan, Meniň bilen aralarynda gylyň ýogynlygyndan artyk menzil galmadyk erkek kişiler mynasyp bolýar. Biz olary Özümize örän ýakynlaşdyrýarys, Bizi görmegi arzuwlap başlan batlaryna-da, olary daşlaşdyryp goýberýäris. Rabyýa, seniň bilen Biziň aramyzda ýene ýetmiş perde bar. Olar aradan galkmasa we sen päk ýüregiň bilen gözlege çykmasaň, Bizden fakra eýe bolmak hakyny dilemegiň hiç hili peýdasy bolmaz.

Soňra Allatagala Rabyýa hezretlerine göni öňüne seretmegi emir edipdir. Ol diýleni edipdir. Bu ne täsinlik! Rabyýa başga bir ýerde duranyny aňşyrypdyr. Öňünde-de adaty bolmadyk bir görnüş barmyş. Ol ýokarlarda bir ýerlerde ganyň emele getiren ummanynyň tolkun atyp, äpet girdap şekilinde ýüzüp barýandygyny görüpdir. Şol wagt gaýypdan owaz gelipdir:

– Rabyýa, bu Bizi söýýänleriň hem-de Bizden aýrylandyklary sebäpli aglaýanlaryň ganly gözýaşydyr. Emma başlaryndan inen ähli synaglara we azaplara garamazdan, olar Hak ýoldan sähelçejik hem sowulmadylar, Bizden hem hiç zat dilemediler. Ýol bilen öňe bir ädim ädenlerinde bu dünýäniň hem-de o dünýäniň isleg-arzuwlaryndan, şöhrat-şanyndan ýokary galyp, dünýäden şeýlebir ýüz öwürdiler welin, hiç kim olaryň bardygyny hem duýmady. Bu adamlar ýerdäki şan-şöhrady şeýle derejede ýigrenýärdiler.

Bu sözleri eşiden Rabyýa:

– Allahym! Iň bolmanda, Käbäniň ýanynda galmaga bir rugsat ber! – diýip mynajat edipdir. Emma muňa-da rugsat etmändirler. Ol yzyna – Basra şäherine dolanmaga rugsat alypdyr we ömrüniň galan bölegini ýalňyzlykda we doga-dilegde geçiripdir.

***

Ýokardaky rowaýatyň biraz başgaçarak nusgasy hem bar. Abu Aly Farmadynyň habar bermegine görä, bir ýyl haj möwsümi gelende, hezreti Rabyýa çöli külterläp ugrap, ýedi ýyldan soňra Arafata özüni atypdyr. Şol wagt gaýypdan bir owaz gelipdir:

– Eý, özdiýenli zenan! Menden näme isleýärsiň? Ýakamdan eliňi goýberesiň gelenok-la! Eger-de saňa bir gezejik görünmegimi isleýän bolsaň, bilip goý, şeýden halatymda derrew duz ýaly eräp gidersiň.

Şonda Rabyýa:

– Eý, gudrat eýesi bolan Biribar! Rabyýanyň bu derejä gowşar ýaly gönezligi-de, takady-da ýokdur. Men diňe zerre ýalyjak Özüňe bolan mätäçlik (fakr) ber!

Ýene gaýypdan owaz gelipdir:

– Seniň diýýän mätäçligiň gurak ýylda perişan hala salmagymyzyň netijesidir. Biz ony erenleriň maňlaýyna ýazdyk. Hakyň huzuryna gowuşmaga gylyň ujundan hem az aralyk galanda-da ýagdaý üýtgäp, kalba aýralyk duýgusy aralaşyp biler! Seniň öňüňde bolsa heniz hallardan ybarat ýetmiş perde bar. Sen şunça perdäniň aňyrsynda dursuň. Şu perdelerden aňry aşmagy, ýagny hal hijaby saýylýan ýetmiş menzili geçmegi başarmasaň, ýolumyza aýak basmasaň, Bize mätäçdigiňi aýdyp bilmersiň! Munuň şeýledigine göz ýetirmek üçin ýokaryňa bak!

Rabyýa ýokarsyna bakyp, howada asyl-asyl bolup duran gandan doly derýany görüpdir. Şol wagt gaýypdan bir owaz gelipdir:

– Bu bize gowuşmak üçin ýola çykan, emma başky menzilde galan aşyklarymyzyň köňül ganydyr. Iki jahanda hiç bir menzilde bulardan nam-nyşan tapmarsyň.

Hezreti Rabyýa:

– Eý, gudraty güýçli Biribar! Erenleriň döwletinden maňa bir nyşan görkez... – diýip-diýmänkä, aýbaşysy gelmäge başlapdyr. Şol pursat hem gaýypdan ýene bir owaz gelipdir:

– Daşdan bina edilen Käbäni zyýarat etmek maksady bilen, ýedi ýyllap ýol ýörän, ahyry şol bina golaý baranda-da özünde peýda bolan bir närahatlyk sebäpli ýollary baglanan kişiniň başky makamy, ine, şudur!

Şondan soňra Rabyýany gam-gussa gaplap alypdyr. Ol ynjyly bir ses bilen:

– Rebbim! Meni öýüňe eltmeýärsiň, öz ýurdumda ýaşarym ýaly, öz öýümde-de rahat goýmaýarsyň. Ýa meni Basradaky öýüme dolanyp barar ýaly et, ýa bolmasa-da, Mekgedäki öýüňe kabul et! Ilkinji zyýaratymda Käbäniň ýerleşýän ýerine baryp, oňa baş egmek miýesser etmändi – diýipdir.

Hezreti Rabyýa şondan soňra yzyna dolanyp, Basradaky öýüne barypdyr we adamlardan çete çekilip, ybadat etmek bilen meşgullanmaga başlapdyr.

***

Iki sany goja kişi hezreti Rabyýany zyýarat etmäge gelipdir. Olar aç ekeni we öz aralarynda:

– Rabyýa öňümizde iýer ýaly näme goýsa, höwes bilen iýmäge başlaly. Çünki onuň hödür etjek zady halaldyr – diýşipdirler.

Rabyýanyň saçagynda iki çöregi bar eken. Ol içi çörekli saçagy getirip, bularyň öňünde goýupdyr. Edil şol wagt daşardan bir dilegçiniň sesi gelipdir. Rabyýa saçakdaky çörekleri alagada, dilegçä berip goýberiberipdir. Munuň yzysüre-de onuň ýanynda ýaňy bişen gyzgynjak çörekden doly saçagy goltuklap, bir çory peýda bolupdyrda:

– Bu çörekleri saňa hojaýyn aýalym gönderdi – diýipdir. Rabyýa saçakdaky çörekleri sanap görüp, on sekiz sanydygyna göz ýetireninden soňra, hyzmätkär gyza ýüzlenip:

– Bulary yzyna alyp git, çünki sany kem – diýip seslenipdir. Çory:

– Kem dagy däl, hojaýyn aýalyň bar bereni şü – diýip özelense-de, Rabyýanyň:

– Diýmek, ol ýalňyşypdyr, yzyna äkit – diýip, aýak diräp durmagy bilen, gyz getiren içi nanly saçagyny goltuklap, yzyna dolanypdyr we ýagdaýy hojaýyn aýala mälim edipdir.

Hojaýyn aýal saçakdaky çörekleriň üstüne ýene iki çörek goşupdyr-da, çoryny gaýtadan Rabyýanyň öýüne ugradypdyr. Rabyýa çörekleri sanap görüp, olaryň ýigrimi sanydygyny bileninden soň, sesini çykarman kabul edip alypdyr. Ol saçagy şo durşuna getirip, myhmanlarynyň öňünde goýupdyr.

Myhmanlar çörekden gereklerini edinensoňlar, Rabyýanyň ýaňky bolşuny geň görendiklerini aýdypdyrlar we:

– Munuň syry we hikmeti nämedir? – diýip sorapdyrlar.

Rabyýa şeýle diýipdir:

– Bu ýere geleňizde, açdygyňyzy daşyňyzdan aňlapdym we «Iki sany äpediň – derwüşiň öňünde iki çöregi nä ýüzüme goýarkam» diýip, içimi gepledipdim. Dilegçi geldi welin, başda size hödür eden iki çöregimi oňüňizden aldym-da, oňa berip goýberdim we «Allahym! Gurhany Kerimiňde: «Bir ýagşylygy on edip yzyna gaýtararyn» diýipsiň. Men häzir üýtgemeýän ynanç (ýakyn) halyny başdan geçirýän. Hersini on edip gaýtararsyň diýip, Seniň razylygyň üçin iki çöregimi dilegçä berdim» diýip mynajat etdim.

Sadaka diýip beren iki çöregimiň yzyna on sekiz bolup dolanandygyny görüp, «Olary iberen kişi ýa sanyny ýalňyşandyr, ýa maňa ýollan däldir» diýip pikir etdim. Çünki maňa iberilen bolsa, olaryň sany ýigrimi bolaýmalydy. Çörekleri şonuň üçin yzyna gaýtardym.

***

Hezreti Rabyýa uklap ýatyrka, öýüne bir ogry giripdir. Ogry onuň ýapynyp ýatan ýorganyny alyp, bu ýerden daşlaşmakçy bolupdyr. Emma çykara gapy tapmandyr. Ol ýorgany alan ýerinde goýupdyr welin, edil şol wagt gapa gözi düşäýipdir. Ol ýene ýaňky ýorgany alyp, çykyp gitmekçi bolupdyr. Bu gezek hem gapyny tapman duruberipdir. Bu ýagdaý, şeýdip, ýedi gezek gaýtalanypdyr. Ahyry otagyň bir tarapyndan bir ses eşidilipdir: «Eý, adam! Biderek ýere özüňi gynap durma. Onuň bize özüni tabşyranyna ençe ýyl bolandyr. Hatda Iblis hem onuň töwereginde görünmäge ýürek edip bilýän däldir. Bir ogry onuň ýorganyna elini degirmäge nädip batyrlyk edip bilýär? Eý, ogry! Biderek ýere özüňe muşakgat agtarma. Çünki dostlaryň biri ukuda bolsa, beýlekisi oýadyr!»

***

Hezreti Rabyýanyň hyzmatkäri bir gün garyn-içegeden çorba bişirmekçi bolupdyr. Olar birnäçe günden bäri agyzlaryna zat alman ekenler. Çorba bişirmek üçin zerur gerek bolsa-da, öýde sogan hem ýokmuş. Hyzmatkär:

– Goňşudan diläýeli – diýipdir.

Onda Rabyýa:

– Gudraty güýçli Allahdan başgasyndan hiç zat dilemezlige ant içenime kyrk ýyl bolandyr. Çorba sogandyr sarymsak atmasaň hem bolar – diýip seslenipdir.

Şol wagt asmanda daşy ardylan birnäçe sogany çüňkünde saklap, uçup gelýän guş peýda bolup, soganlary hyzmatkäriň öňündäki çanagyň içine taşlapdyr. Muny gören Rabyýa:

– Men bu Allatagalanyň bir synagymyka diýip gorkýaryn. Men ony aňşyrardan heniz ejiz – diýipdir we garyn-içegeden bişirilen çorbadan datman, şol gün gury çörek bilen oňňut edipdir.

***

Bir gün hezreti Rabyýa bir daga çykypdyr. Töweregine üýşen wagşy haýwanlar, keýikler oňa gysmyljyraşmaga başlapdyrlar. Şol wagt bir ýerden Hasan Basry çykyp gelipdir. Ýaňky haýwanlar ondan ürküp, düw-dagyn bolupdyrlar. Hasan Basry bu ýagdaýa gynanyp, Rabyýadan:

– Saňa gysmyljyraşyp duran bu haýwanlar menden näme üçin ürkdüler? – diýip sorapdyr.

– Sen şu gün näme iýdiň?

– Garyn-içegeden bişirilen çorba iýdim.

– Heý, doganlarynyň garyn-içegesini iýen kişiden olar ürkmän durup bilermi?

***

Bir zamanlar hezreti Rabyýanyň ýoly Hasan Basrynyň öýüniň üstünden düşüpdir. Jaýyň üçegine çykyp oturan Hasan şeýlebir aglamak aglapdyr welin, gözýaşy sakgalyny ezip, köýneginiň öň tarapyny

öl-myžžyk eden eken. Birden ýoldan geçip barýan hezreti Rabyýanyň gözi Hasan Basra düşäýipdir. Ol:

– Eý, Hasan! Ägä bol! Bu gözýaşlaryň dökülmegine nebsiň men--menligi sebäp bolýan bolmasyn. Gözýaşyňy aýap sakla. Goý, gözýaş damjalaryň kalbyň teýine dama-dama deňze dönsün. Eger sen bu umman içinde köňlüňi tapmak isleýän bolsaň, ony diňe gudraty güýçli Allatagalanyň huzuryndaky hak mejlisinden tapyp bilersiň – diýipdir.

Bu sözler Hasan Basrynyň gulagyna ýakmandyr, ýöne sesini-de çykarmandyr.

Soň bir gün Hasan Basry hezreti Rabyýanyň Fyrat derýasynyň kenarynda duranyny görüpdir. Ol namazlygyny suwuň ýüzüne ýazyp, özi hem geçip onuň üstünde ornaşypdyr we:

– Eý, Rabyýa! Gel, bu ýerde iki rekat namaz okaly – diýipdir. Rabyýa oňa:

– Ussat! Dünýä bazarynyň ýagdaýyny ruha öwrülenlere gürrüň berip, olaryň ünsüni özüňe çekjek bolýaňmy? – diýipdir.

Soňra ol namazlygyny howada ýazyp goýup:

– Eý, Hasan! Bärik gel (ýagny ýokary derejelere çyk). Şeýtseň, halkyň gözüne ilmersiň (göz üçin amal etmersiň) – diýipdir. Ýöne soňra Hasan Basrynyň göwnüni tapmak üçin:

– Eý, ussat! Seniň edeniňi balyklaram edip bilýär, meniň edenim siňeklere-de başardýar. Biziň öňümizde duran wezipe bulardan has kyn we çylşyrymlydyr – diýip, aýdanlaryny biraz ýumşadypdyr.

***

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Bir gije-gündizläp Rabyýanyň ýanunda boldum. Sopuçylygyň we hakykatyň gürrüňini etdik. Ýöne şonça wagtyň dowamynda kelläme: «Men erkeg-ow», onuň kellesine-de: «Men zenan maşgala ahyryn» diýen pikir gelmedi. Mejlis tamamlanyp, aýak üstüne galan mahalym, özümi boşap galan ýaly duýdum, onuň bolsa has hem päklenendigine göz ýetirdim».

***

Bir gün Hasan Basry ýaranlary bilen birlikde Rabyýany zyýarat etmäge gelipdir. Pabyýanyň öýünde çyrasy ýok eken. Bular bolsa

çyrasyz oňup biljek däldiler. Hezreti Rabyýa ýyly demi bilen barmaklaryna üfläpdir. Şondan soňra barmaklary daňdana çenli öýüň içini ýagtyldyp durupdyr.

Hezreti Rabyýa öz görkezen bu keramaty bilen baglylykda şeýle diýipdir:

– Biri «Bu bolup biljek zatmy?» diýip sorasa «Gurhany Kerimde habar berilmegine görä, hezreti Musanyň eline hem töweregine ýagty saçmak mahsus bolupdyr. Meniň elim hem edil şonuňky ýaly edip şöhle saçýar» diýip jogap bererin. «Ol pygamberdi ahyryn» diýip maňa garşy çykjak bolsalar, şeýle diýerin: «Öz döwründe haýsydyr bir pygambere tabyn bolan her bir kişä, şol tabynlygyň netijesi hökmünde, bir keramat bagyşlanypdyr. Pygamberler mugjyza görkezmäge ukyply bolýarlar. Pygamberleriň möhüri bolan hezreti Muhammet alaýhyssalama tabyn bolan weli hem şol tabynlygynyň haky üçin keramat görkezmek ukybyna eýe bolýar. Mysal üçin, hezreti Pygamber alaýhyssalam: «Kimde kim haram ýol bilen gazanan puluny onuň hak eýesine gaýtaryp berse, pygamberligiň bir derejesine mynasyp bolar» diýipdir. Başga bir hadysda bolsa: «Oraşan düýş pygamberligiň kyrkdan biridir» diýlipdir».

***

Bir gezek hezreti Rabyýa bir adamdan Hasan Basra bir bölek mum, bir iňňe, birem ýüplük ýollapdyr we oňa öz adyndan: «Eý, Hasan! Mum ýaly ýana-ýana älemi aýdyňlat, ili eşikli etse-de, özi mydama ýalaňaç gezýän iňňe ýaly, mydama hereketde bol. Özüňde şu iki häsiýeti terbiýelemek üçin özüňi horlap, gyl ýaly bolup galmakdan gorkma» diýmegi tabşyrypdyr.

***

Hasan Basry bir gezek hezreti Rabyýadan:

– Durmuşa çykmak isleýäňmi? – diýip sorapdyr.

Hezreti Rabyýa:

– Nika gyýyşmak – göwresi bolanlara mahsys bir zat. Meniň göwräm barmy näme? Şu görüp duranyň men däl. Men Onuň bardygy üçin bardyryn. Men – Onuň kölegesi. Diýmek, göwräm hem Ondan ybaratdyr – diýip jogap beripdir.

– Eý, Rabyýa, bu derejä, ýagny ýokluk makamyna nädip ulaşyp bildiň?

– Bar bolan her bir zadymy Onuň ugrunda pida etmek bilen.

– Ony nähili zatdyr öýdýäň?

– Ony zatdyr öýdýän sensiň. Biz ony zatdyr öýtmeýäris!

***

Hasan Basry bir gün Rabyýanyň öýüne barypdyr we:

– Tälim almak arkaly-da, diňlemek bilen hem öwrenilmeýän, ýaradylan haýsydyr bir zat araçy bolmazdan, gös-göni kalba inen ylymdan maňa bir harp öwretsene! – diýip haýyş edipdir.

Hezreti Rabyýa oňa garap şeýle diýipdir:

– Sataýyn-da, öwezine iýer-içer ýaly zat alaýyn diýip, birnäçe ýumak egripdim. Olary iki teňňä satdym. Teňňeleriň birini bir gysymyma, beýlekisini-de beýleki gysymyma gysdym. Çünki ikisini bir gysymymda saklasam, jübüt bolagada, meni ýoldan çykarmaklaryndan gorkdum. Bu gün kalbyma inen ylym şudur.

***

Bir gezek Hasan Basry hezreti Rabyýa bilen gabatlaşanda, oňa ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Eger jennetde Hakyň didaryndan bir pursatlyk mahrum galjagymy bilsem, şeýlebir aglap-eňrärdim welin, bolşumy görüp, jennetdäkileriň hemmesiniň maňa rehimi inerdi.

Onda hezreti Rabyýa aýdypdyr:

– Gowy zat aýtdyň. Men hem bir zat aýdaýyn. Eger heniz bu dünýädekäň, Haky ýatlamagy undan pursadyň, munuň şeýledigini aňlap, edil seniň diýşiň ýaly ýas tutýan, aglap-eňreýän bolsaň, şondan çen tutup, ahyretde seniň göz öňüne getirişiň ýaly bir duýgyny başdan geçirjegiňi aýdyp bolar. Eger bu dünýäde şeýle etmek saňa berilmedik bolsa, jennetde-de ýaňky aýdyşyň ýaly edip bilmersiň.

***

Hezreti Rabyýadan durmuşa çykmazlygynyň sebäbini soranlarynda, ol şeýle diýipdir:

– Üç zady alada edip, akylymy çaşyrdym. Eger meni şolaryň derdinden gutarsaňyz, durmuşa çykmaga söz berýän. Janym bogazyma gelende, imanly bolup galyp bilerinmi ýa-da bu maňa başartmazmy? Kyýamat gününde amal depderimi sag tarapymdan bererlermi ýa-da bermezlermi? Amal depderini sag eline alan jemagat jennete, sol eline alan jemagat jähenneme gidende, men haýsy toparyň arasynda bolaryn? Şu üç soraga jogap berip biljegiňiz barmy?

– Bu soraglaryň jogabyny bilmek bize başartmaz.

– Öňümde şunuň ýaly gorkuly pursatlar garaşyp durka, durmuşa çykmaga nädip höwes edip bilerin?

***

Salyh Mürri: «Bir kişi bir gapyny gaýta-gaýta kakyp dursa, şol gapy ahyry açylar» diýmegi halaýar eken. Ýene bir gezek şu sözleri gaýtalan mahaly, şol ýerde bolan hezreti Rabyýa:

– Haçana çenli şol bir aýdan zadyňy gaýtalajak ýörjek? Gapy açylar ýaly, ol haýsy-haçan ýapylypdyr?! – diýipdir welin, Salyh Myrry:

– Geň galaýmaly! Bir erkek kişi nadanlygyny görkezdi, bir ejiz zenan maşgala-da alymlygyny! – diýenini duýman galypdyr.

***

Bir gün hezreti Rabyýanyň ýanynda bir kişi:

– Wah, wah, aladam şeýlebir köp welin, dat meniň günüme – diýip zeýrenipdir.

Onda hezreti Rabyýa oňa şeýle diýipdir:

– «Hiç hili aladam ýok» diýsene. Eger sen, hakykatdanam, alada edýän bolsaň, onda bir gezek dem almaga-da ýürek edip bilmezdiň.

***

Bir zamanlar hezreti Rabyýa kellesine sargy oran biri bilen gabatlaşyp, ondan:

– Kelläňi daňmagyň sebäbi näme? – diýip sorapdyr.

– Başym agyrýar.

– Ýaşyň näçe?

– Otuz.

– Şu otuz ýylyň içinde öňem hassalan gezekleriň boldumy ýa-da sapaba sagdyňmy?

– Sapaba sagdym.

– Şunça zamanyň içinde, heý, şükür sargysyna çolanyp görüpmidiň? Şeýdip görmedik bolsaň, onda näme üçin başyň çala syzlanda şikaýat sargysyna çolanmaga howlugýarsyň? – diýip, hezreti Rabyýa onuň alpetinden alypdyr.

***

Hezreti Rabyýa bir gün bir adamyň eline dört teňňe tutduryp:

– Şuňa kilim satyn alyp ber – diýip haýyş edipdir.

Ol adam:

– Reňki gara bolsunmy ýa ak? – diýip soran badyna, hezreti Rabyýa oňa beren pullaryny derrew yzyna alypdyr-da, olary Dijle derýasyna taşlapdyr we:

– Heniz satyn alynmadyk bir kilimiň garasynymy ýa-da agyny alsammykam diýip pikir edeňde, gözümiň öňüne birligiň dagamak haly geldi – diýip seslenipdir.

***

Hezreti Rabyýa bahar pasly gelende, öýüne girip, soňra hiç daşary çykmaz eken. Şonuň ýaly bir ýaz paslynda hyzmatkäri oňa ýüzlenip:

– Daşary çykyp, Senetkäriň ýasan zatlaryny synlasaňyz gowy bolardy – diýip teklip edipdir.

Hezreti Rabyýa oňa şeýle jogap beripdir:

– Seniň özüň içeri girip, Senetkäri synlasaň gowy bolmazmy? Senetkäri kalp gözi bilen görme haly bilen meşgul bolmagym, senedi synlap, oňa tomaşa etmegime päsgel berýär.

***

Bir zamanlar birnäçe adam bolup, hezreti Rabyýany zyýarat etmäge gelipdirler. Olar öý eýesi zenanyň eti bitewüligine gazana salandygyny görüp:

– Pyçagyň ýokmudy? – diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

– Allah bilen aramyň kesilmeginden gorkyma öýde asla pyçak saklamok. Pyçagyň bir zady kesmesi maňa Allahdan jyda düşmegi ýatladýar – diýip jogap beripdir.

***

Bir gezek hezreti Rabyýa:

– Jähenneme girmekden gorkmagy ýa-da jennete girmek tamakinçiligi sebäpli Rebbine ybadat edýän gul gowy gul däldir – diýende, ondan:

– Seniň özüň näme üçin ybadat edýäň? Sen näme jennete girmegi tama edeňokmy? – diýip sorapdyrlar.

Hezreti Rabyýa şeýle jogap beripdir:

– «Öý alma, goňşy al» diýipdirler. Oňa ybadat etmegimize rugsat berilmeginiň özi biziň üçin iň gowy nygmat dälmi näme?! Jähenneme düşmek gorkusy we jennete girmek umydy bolmadyk bolsa, Oňa ybadat etmek geregem bolmazmydy?! Ol özüne hiç hili sebäpsiz ybadat edilmegine mynasyp dälmi?!

***

Birnäçe adam hezreti Rabyýany synap görmek maksady bilen, onuň huzuryna gelip, oňa şeýle diýipdir:

– Bütin artykmaçlyklar erkekleriň başyndan seçilipdir, gaýduwsyzlyk täji olaryň başyna geýdirilipdir, keramat kemeri olaryň biline baglanypdyr, bularyňam üstesine, zenanlaryň birine-de pygamberlik berilmändir. Seniň özüňe göwnüň ýetmegine näme sebäp bolýar?

Ol hem:

– Aýdan zatlaryňyzyň hemmesi dogry. Emma men-menlik, öwünjeňlik, tekepbirlik etmegiň başyny haýsydyr bir zenan maşgala başlamandy. Gurhany Kerimde habar berlişine görä, «Men siziň iň uly Rebbiňiz!» diýen pyrgunam zenan maşgala däldi. Şonuň ýaly-da aýallaryň arasynda gorkaklykda özüni tanadany hem ýokdur – diýip jogap beripdir.

***

Hezreti Rabyýa bir gün näsaglapdyr. Keseliniň sebäbini soranlara:

– Gözümiň gytagyny jennete tarap aýlaberdim welin, şeýdenim sebäpli Rebbim meni jezalandyrdy – diýip jogap beripdir. Bu onuň: «Säher wagty köňlüm jennete meýil etdi welin, munuň üçin dostumyz bizi ýazgardy. Şol sebäpli hem näsagladym» diýdigi eken.

***

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Bir gün hassa ýatan Rabyýany soramaga gitdim. Barsam, Basranyň barly adamlarynyň biri onuň gapysynyň öňünde aglap otyr. Elinde-de altyndan doly gapjyk. Men ondan:

– Ne sebäpli aglaýaň? – diýip soradym.

– Şu ybadathon, çak edilişindenem takwa, jomart köňülli zenan zamanamyzyň gyzlarynyň naýbaşysydyr. Onuň berekedi bolmasa, adamlar heläk bolar. Men oňa bir gapjyk altyn bermegi öz ýanymdan äht edipdim. Emma ony kabul etmezmikä diýip gorkýan. Sen araçy bolup ber. Belki, sen haýyş etseň, sowgadymy kabul eder.

Men içeri girip, onuň habaryny hezreti Rabyýa ýetirdim. Ol ýüzümi garaýşy bilen dalady-da:

– Men altyny näme edeýin? Imansyz kişilere mahsus sözleri agzyna alýanlaryň ryskyny-da yzyna almaýan Biribar özüne bolan yşkdan ýaňa ruhy joşan bir naçary özgä mätäç edermi? Men Ony tanalym bäri dünýäden ýüz öwürdim. Indi, hany, aýt, halaldanmy ýa-da haramdan gazananyny bilmeýärkäm, bir kişiniň getiren altynyny nädip kabul edip bilerin?

Bir gezek öz ýyrtylan köýnegimi döwlete degişli bir çyranyň ýagtysynda ýamanym üçin, köňlüm bir zaman bagly galypdy we şol tikinleri söküp taşlaýançam ol açylmandy. Meniň adymdan ol kişiden ötünç dile. Men köňlümiň tora düşmeginden gorkýan – diýip seslendi».

***

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Rabyýanyň ýanyna gitdim. Görsem, ol jyrrygy çykan bir boýranyň üstünde süýnüp, kellesiniň aşagyna-da ýassyga derek bir kerpiç goýupdyr. Rabyýa başyny kerpiçden galdyryp, täret kylanda ulanýan döwük küýzesinden suw owurtlady.

Onuň bu halyny görüp, içim ýandy we oňa ýüzlenip:

– Rabyýa! Baý dostlarym bar. Eger rugsat berseň, olardan saňa kömek bermeklerini haýyş edeýin – diýdim.

Onda ol aýtdy:

– Mälik, munyň telek bolýar! Maňa-da, olara-da rysk berýän şol bir Biribar dälmi?

– Hawa, bu hut şeýle.

– Şeýle bolýan bolsa, eýsem Ol garyp bolanlary üçin garyplaryň halyny görmezlige salyp, baýlara gurply bolanlary üçin ýardam berýärmi?

– Ýok, bu bolup biljek zat däl.

Menden bu jogaby eşiden Rabyýa:

– Ol halymy bilip durka, özüm barada ýatlatjak bolmagym dogry bolarmy? Ol şeýle bolmagyny isleýär, biz-de Onuň isleýän zadyny isleýäris – diýip seslendi».

***

Bir gezek Hasan Basry, Mälik ibn Dinar we Şakyk Balhy üçüsi (Allah olara rehim etsin!) hezreti Rabyýanyň huzuryna barypdyrlar. Olar özaralarynda dogrulygyň nämedigi, kime dogry adam diýip boljakdygy barada maslahat etmäge başlapdyrlar. Hasan Basry:

– Ýaradandan gelen urgulara sabyr etmeýän kişiniň bolşy dogry däldir – diýipdir.

Hezreti Rabyýa:

– Bu sözden badyhowalygyň ysy gelýär – diýipdir.

Indi Şakyk dillenipdir:

– Ýaradandan gelen urgulara şükür etmeýän kişiniň bolşy dogry däldir.

– Mundanam gowy edip aýdyp bolardy – diýip, hezreti Rabyýa seslenipdir.

Gezek Mälik ibn Dinara ýetipdir:

– Ýaradandan gelen urgulardan lezzet almaýan, dostunuň salan ýarasyndan hoşlanmaýan kişiniň bolşy dogry däldir.

Hezreti Rabyýa:

– Mundanam gowy edip aňlatmak gerek – diýipdir.

Myhmanlar:

– Indi gürlemek gezegi öý eýesiniňki – diýipdirler.

Hezreti Rabyýa şeýle diýipdir:

– Ýaradany kalp gözi bilen görýändigini, arzuwlanyna tomaşa edýändigini aýdýan kişi Ondan gelen urgynyň ajysyny duýýan bolsa, bu onuň özi barada aýdýanlarynyň dogry däldiginiň alamatydyr. «Bu ajynam duýman bormy?» diýip, geň galyp oturmaň. Muňa geň galyp oturasy zat ýok. Çünki Ýusup alaýhyssalamy synlamaga başlan müsürli zenanlar pyçak bilen ellerini kesip oturanlaryny-da duýmandylar. Eger bir kişi kalp gözi bilen Ýaradany synlaýan mahaly hiç hili agyry-ynjyny duýmaýan bolsa, munda geň görüp oturasy näme bar?

***

Basrada ýaşaýan şyhlaryň biri hassa ýatan Rabyýany soramaga gelipdir we onuň başujunda oturyp, dünýäni ýamanlamaga hem garalamaga başlapdyr. Şonda hezreti Rabyýa oňa ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Sen dünýäni gereginden artyk söýýärsiň, ol seniň köňlüňde tagt gurupdyr. Sen ony söýmeýän bolsaň, durman ony ýatlap oturmazdyň. Çünki bir matany sypap-sermeläp görýän kişi, ony satyn almak isleýändir. Deri eýleýän kişi gözüne hoş ýakýan derini ýere pylçap-pylçap urýandyr. Eger sen dünýä bolan söýgüden kalbyňy doly tämizlän bolsadyň, onuň gowy tarapy-da, erbet tarapy-da ýadyňa düşmezdi. Sen bolsa ýöne «dünýe, dünýe» diýip otyrsyň. Bir zady söýýän kişi ony köp ýatlaýandyr.

***

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Oraza aýynda bir ikindi wagty Rabyýanyň ýanyna zyýarata bardym. Ol nahar bişirmekçi bolup dur eken. Öňündäki gazanyň düýbünde bir bölek et görünýärdi. Onuň söhbete kellesi gyzdy-da:

– Söhbet mahalynda pikiriňi bişirmek, gazany gaýnatmakdan has ýakymlydyr – diýdi we gazanyň aşagyna ot ýakmagy goýbolsun etdi.

Günüň ýaşmagy bilen agşam namazyny okadyk. Hezreti Rabyýa agzymyzy açar ýaly çörek bilen bir küýze suw alyp geldi. Soňra gazany bir gyra süýşürmek maksady bilen, onuň ýanyna bardy. Haktagalanyň

gudraty bilen gazan lokur-lokur edip gaýnap durdy. Ol nahary mis tabaga guýup alyp geldi. Biz gaýnan etden hezil edip iýdik. Ömrüm boýunça şol gezekde iýen çöregim ýaly lezzetli çörek, şol gezekki ýaly tagamly nahar iýip görmändim. Nahardan soň hezreti Rabyýa:

– Yzygiderli namaz okaýanlara, ine, şunuň ýaly nahar taýynlaýarlar – diýip seslendi».

***

Sufýan Sewri şeýle diýipdir: «Bir gije hezreti Rabyýanyň myhmany boldum. Ol bir çete çekilip, men başga bir çete çekilip, daňdana çenli namaz okadyk. Daň atanyndan soň, men oňa ýüzlenip:

– Rabyýa! Haktagalanyň bizi şuňa laýyk edip ýaratmagynyň we daňdana çenli namaz okamagy bize nesip etmeginiň haky üçin şükür edeli – diýdim.

Şonda ol:

– Şu nygmat üçin şükür etmek maksady bilen, gel, bu gün agzymyzy bekläli! – diýip seslendi».

***

Hezreti Rabyýa ölüm ýassygynda ýatyr eken. Abraýly kişiler hem başujuny alyp otyrmyşlar. Birden hezreti Rabyýa olara ýüzlenip:

– Ýeriňizden galkyp, şu otagy boşadyň, meni ýeke goýuň! Men Allahyň ilçileri bilen baş-başa galmak isleýän – diýipdir. Oturanlar derrew daşary çykyp, gapyny hem ýapypdyrlar. Şol wagt içerden: – «Eý, huzura gowşan ynsan! Ol senden razy, sen-de Ondan razy halda Rebbiňe dön! Saýlantgy gullarymyň arasyna gatyl we jennetime gir!» («Fejr» süresiniň 27-30-njy aýatlary) – diýen ses gelipdir. Aradan birnäçe wagt geçipdir. Başga ses-seda çykmansoň, daşarda duranlar içeri giripdirler we hezreti Rabyýanyň aradan çykanlygynyň şaýady bolupdyrlar.

***

Bir gezek hezreti Rabyýa:

– Rebbim! Erte sen meni jähennemde ýakmakçy bolsaň «Seni dost tutundym! Heý, dost dosta-da şunuň ýaly zat edermi?» diýip, perýat etmäge başlaryn – diýip Haka ýüzlenipdir.

Hezreti Rabyýa şeýle diýen badyna, gökden bir owaz gelipdir: «Rabyýa! Biz hakda erbet pikir däl-de, gowy pikir et! Çünki Biziň bilen söhbet etmegiň üçin saňa dostlarymyň arasyndan ýer berjek».

***

Hezreti Rabyýa şeýle diýipdir:

– Allahym! Erte kyýamat-magşarda meni jähenneme gönderjek bolsaň, şeýle bir syry paş ederin welin, jähennem menden müň ýyllyk ýola deň bolan aralyga gaçyp gider.

Allahym! Kysmatym hökmünde dünýäden meniň üçin nähili zatlary aýryp goýan bolsaň, şolardan duşmanlaryma, ahyretden nähili zatlary aýryp goýan bolsaňam dostlaryma ber. Bize Seniň bir özüň ýeterlikdir! Maňa Sen gerek, Sen!

Rebbim! Eger jähennemden gorkýanlygym üçin Saňa ybadat edýän bolsam, meni jähenneme at we şol ýerde oda ýak! Eger jennete girmek maksady bilen ybadat edýän bolsam, jennete girmegi maňa gadagan et! Eger diňe Seniň razylygyň üçin ybadat edýän bolsam, onda öz ebedi jemalyňy menden gysganma!

Allahym! Ýa köňül rahatlygy bilen hamaz okamagy nesip et, ýa-da köňlüm rahat dälkä okan namazlarymy kabul et!

Dil bilen Allatagaladan günäňi geçmegini dilemek ýalançy adamlara mahsusdyr.

Eger biz bir toba etsek, bu tobamyzyň tüýs ýürekden çykmaýandygy üçinem toba etmeli bolarys.

Eger sabyr ynsana öwrülsedi, onda ol keremli bir kişi bolardy.

Gudraty güýçli Allatagala tarap dönmek hakyky bilimiň netijesidir.

Aryp diýýänleri şeýle bir kişi bolýar: ol Hakdan kalp dileýär, Hak oňa kalp berýärem welin «Allatagalanyň huzurynda goralgy dursun, ylahy perdäniň aňyrsyndan halk görüp bilmesin» diýip, ony bada-bat Allatagala gaýtaryp berýär.

***

Bir gezek Rabyýa çörek bişirip otyr eken. Birden onuň ýadyna öýde gök önümleriň gutarandygy düşäýmezmi. Edil şol pursadyň özünde birnäçe düýp sogan ýokardan patylap öňüne düşüpdir. Rabyýa soganlary zyňyp goýberipdir-de:

– Şeýtan! Mekirligiňi hem ýanyň bilen al-da, güm bol! Eýsem meniň Hudaýymyň gök önüm satylýan dükany barmy? – diýip gygyrypdyr. – Men hiç haçan Hudaýdan bir zat hem dilän däldirin. Men özgeleriň däl-de, diňe Hudaýyň beren zady bilen oňňut etdim.

***

Bir gezek Rabyýa Mekgä zyýarat etmek üçin ýola çykypdyr. Onuň goş-golamyny bir garry eşek alyp barýar eken. Eşek ýolda öläýipdir. Rabyýanyň hemralary onuň zatlaryny göterişmekçi bolupdyrlar. Emma ol ýoldaşlarynyň kömeginden ýüz öwrüp, hajyň olaryň däl-de, Hudaýyň goragy astyndadygyny aýdypdyr. Onuň ýeke özüni bu ýerde galdyryp, kerwen ýoluny dowam edipdir. Olar gidensoň, Rabyýa:

– Ýa, älemleriň eýesi! Men ýalňyz, dilsiz-agyzsyz, garyp bir zenan. Sen ilki bilen meni öz Öýüňe çagyrdyň, soňra bolsa eşegimi öldürip, çölde gara başyma galdyrdyň – diýip mynajat edipdir. Şol pursatda eşege jan giräýipdir. Rabyýa goş-golamyny oňa ýükläp, ýoluny dowam edipdir. Käbä golaý gelip, ol doga etmäge başlapdyr:

– Men bir gysym toprakdan başga zat däl, mukaddes Käbe bolsa daşdan salnan berk Öý. Meni hiç hili araçysyz Özüňiň garşylamagyňy isleýärin.

Şol wagt gaýypdan owaz gelipdir:

– Rabyýa, mahluklaryň ählisiniň ganynyň dökülmegine sebäp bolaryň ýaly, bu işiň günäsi amal depderiňe ýazylar ýaly, seniň hatyraň diýip, Men dünýäni tersine çöwürmelimi? Eýsem Musanyň Biziň bilen duşuşjak bolşundan bihabarmyň? Biz ony nuranalygymyzyň diňe ýekeje şöhlesi bilen nurlandyrdyk welin, ol ruhy serhoşlyga duçar boldy, Sinaý dagy bolsa gap-gara kül üýşmegine öwrüldi.

***

Bir adam öýlenmek üçin Rabyýa söz aýdypdyr. Ol şeýle jogap beripdir:

– Özüne erki ýetýän, öz ömrüne eýelik edýän kişi – diňe şunuň ýaly biri durmuşa çykyp biler. Emma men öz bedenimiň we ömrümiň eýesi däl. Olar Hudaýyň erkinde. Meniň üçin Oňa söz aýt!

***

Hasan Basry bir gezek hezreti Rabyýadan şunuň ýaly belent ruhy derejä nähililik bilen eýe bolanyny sorapdyr. Ol hem:

– Men aňymda diňe Oňa ýer berip, özümiň ýaşap ýörenimden hem habarsyz galdym – diýip jogap beripdir.

***

Rabyýadan:

– Nireli bolarsyň? – diýip sorapdyrlar.

– Ondan geldim, Oňa-da dolanaryn – diýip, ol jogap beripdir.

***

Muhammet pygamber (alaýhyssalam) Rabyýanyň düýşüne girip, ondan:

– Öz dostuň ýadyňa düşýärmi? – diýip sorapdyr. Rabyýa oňa şeýle jogap beripdir:

– Heý, seni-de ýatlaman bolarmy? Emma elimden gelýän zat barmy? Hudaýa bolan yşkym bedenimiň ähli öýjügini gaplap aldy welin, onda seni söýmäge-de, şeýtany ýigrenmäge-de ýer galmady.

***

Adamlar Rabyýadan:

– Sen öňüňde sežde edýän Hudaýyňy görýäňmi? – diýip sorapdyrlar. Ol hem:

– Ony görmesem, men sežde edip bilmerin – diýip jogap beripdir.

***

Rabyýa mydama Hudaýy ýatlap aglar oturar eken. Adamlar munuň sebäbini bilmek isläpdirler. Rabyýa olara:

– Men Ondan bir pursat hem aýra düşmek islemeýärin. Onsuz hiç ýaşap bilemok. Men janym çykjak-çykjakda Hudaýyň maňa tarap yşarat edip: «Ony bu ýerden daşlaşdyryň, ol Biziň ýanymyzda bolmaga mynasyp däl» diýmeginden gorkýaryn – diýipdir.

***

Hezreti Rabyýa şeýle diýipdir:

– Öz razylygyny gazanmak üçin etdirýän tagallallary üçin hem, edýän merhemeti üçin hem deň derejede minnetdar bolan gulundan, ýagny Hudaýa diňe Onuň merhemetiniň saýasynda gulluk edip biljekdigine düşünýän imanly kişiden Allah razydyr.

***

Bir adam Rabyýadan:

– Hudaý toba eden günäli kişiniň günäsini, hakykatdan hem, geçýärmi? – diýip sorapdyr. Ol hem:

– Günäli kişi diňe Hudaý mejbur eden mahaly öz eden günäsini boýnuna alyp, toba edip bilýär. Ýaradanyň günäli kişiniň tobasyny kabul etmegine şu ýagdaý sebäp bolýar (Ýagny günäňi boýun alyp, toba edip bilmek üçin hem Ýaradanyň ýalkamagy, ony islemegi gerek) diýipdir.

***

Bir adam:

– Wah! Bu ne aýylganç agyry! – diýip, agyrysyna çydap bilmän gygyrypdyr. Hezreti Rabyýa onuň ýanyna gelip:

– Eý! Seniň bu agyryňa asla agyry diýilmez! – diýipdir. Ol adam bu näme diýdiginiň bolýanyny soranda bolsa:

– Çünki agyry – bu hakyky imana eýe bolan kişä berilýän artykmaçlyk bolup, şunuň ýaly adamlar hatda agyrydan ýaňa geplemäge we dem almaga mejallary ýok mahallary hem ony şatlyk bilen kabul edýärler – diýip jogap beripdir.

***

Bir gezek hezreti Rabyýa yzly-yzyna sekiz günläp agzyny bekläpdir. Sekizlenji gün ol çalaja ajygan ýaly edipdir. Bir adam biraz şeker garylan suwly käsäni alyp gelip, oňa uzadypdyr. Ol käsäni alyp, otagyň gap-garaňky burçuna baryp, ýerde goýupdyr-da, çyrany ýakjak bolupdyr. Şol wagt pişik gelip, käsäni bir gapdala agdaryp goýberipdir. Rabyýa bu gije diňe arassa suw içip oňmagy ýüregine düwüpdir.

Ol içi suwly toýun küýzä ýaňy bir elini ýetirende, çyra öçüp, küýze bir gapdala agyp, içindäki suw dökülipdir. Hezreti Rabyýa uludan demini alypdyr-da:

– Allahym! Meni bu güne salmaň näme? – diýip seslenipdir. Şol wagt gaýypdan bir ses gelipdir:

– Rabyýa, sen – ýerdäki nygmatlaryň gözleginde. Biz saňa şol nygmatlary hödür edip bileris, emma oňa derek Özümiziň azabymyzdan we gamymyzdan seni mahrum ederis. Bir ýürege bir wagtyň özünde bu dünýäniň nygmatlary hem-de Biziň azabymyz ýerleşmez. Rabyýa, sen bir zada gowşarsyň, Biz – başga bir zada. Iki özbaşdak isleg bir kalpda ýaşap bilmeýär.

Rabyýa derrew bu dünýä bilen bagly isleg-arzuwlarynyň ählisinden, hatda öljek bolup ýatan adamyň dünýädäki hiç bir zat bilen weji bolmaýşy ýaly, iň zerur zatlardan hem ýüz öwrüpdir. Ol her gün säherde şeýle doga eder eken:

– Allahym! Diňe ybadat bilen, Sen hakdaky pikirler bilen meşgul bolarym ýaly we adamlar bu işden ünsümi sowmaz ýaly et!

***

Rabyýadan:

– Näme üçin mydama aglap ýörsüň? – diýip sorapdyrlar.

– Çünki diňe Hudaýa gowşanymdan soň derdimden gutulyp bilerin.

– Näme üçin ýyrtyk hem kirli eşik geýýärsiň? Rabyýa, seniň baý dostuň täze eşik alyp berer ahyryn.

– Men bu dünýä bilen bagly zatlary olaryň eýesi bolmadyk kişilerden, diňe şol zatlary Hudaýyň – ähli zadyň hakyky eýesiniň tabşyrygy boýunça amanat hökmünde saklaýan adamlardan dilemäge utanýaryn.

***

Hezreti Rabyýa, adatça, şeýle doga eder eken:

– Allahym! Maňa bu ömrümde näme bagyşlan bolsaň, şol zatlary duşmanlaryma-da ber! Sen maňa geljekki ömürde näme sowgat taýýarlan bolsaň, ähli musulmana hem şonuň ýaly sowgat et! Men babatda aýdylanda bolsa, men Seni Sende tapmak isleýärin. Meni jen-

netdir dowzahdan mahrum etseň et, emma Seni görmek mümkinçiliginden mahrum etme!

***

Sufýan Sewri we hezreti Rabyýa ikisi bir gezek bütin gijäni din bilen baglanyşykly gürrüň edip geçiripdirler. Ertesi ir bilen Sewri:

– Gowy gije boldy – diýip seslenipdir. Hezreti Rabyýa onuň bilen ylalaşman, şeýle diýipdir:

– Ýok, gowy gije bolmady, çünki sen hergiz maňa ýaraýjak gürrüň tapmaga çalyşdyň, maňa hem jogap hökmünde saňa ýaraýjak näme aýtmalydygym barada oýlanmak iş boldy. Biz gijäni Hudaý hakda pikirlenmän geçirdik. Eger-de men ýeke galyp, gijämi Hudaý barada oýlanyp geçiren bolsam, has gowy bolardy.

***

Hezreti Rabyýa şeýle doga edipdir:

– Men Senden heniz dirikäm Seni ýatlap gezer ýaly etmegi, ölenimden soňra hem Seni görmek eşretini bagyşlamagyňy dileýärin.

## FUDAÝYL IBN AÝAZ

Tobakärleriň serdary, kazylaryň ulusy, kerem we yhsan güneşi, takwalyk we yrfan deňzi, iki dünýäden ýüz öwren wagtyň piri Fudaýyl döwürdeşleri tarapyndan eý görlen sopular toparynyň iň merdi ekeni. Ýöne ol bu derejä bada-bat ýetäýmändir.

Ol ilkibaşda Merw bilen Abywerdiň arasyndaky çöllügiň jümmüşinde çadyr gurnup, şol ýeri özüne mesgen edinipdir. Onuň egninde ýüň ýapynjasy, kellesinde silkme telpegi, elinde-de mydama tesbisi bar eken. Onuň köpsanly ýoldaşlarynyň hemmesi garakçylyk bilen meşgullanypdyr. Olar talap alan zatlaryny getirip, Fudaýylyň öňünde goýýar ekenler. Çünki talaňçylygy onuň özi ýola goýupdyr. Ol talanyp alnan zatlardan göwnüne ýaranyny özi üçin aýrypdyr. Mydama köpçüligiň arasynda bolmak bilen, ile-güne hyzmat etmeýän, köpçülik bolup namaz okamaýan kişileri öz ýanyndan daşlaşdyrypdyr..

Günlerde bir gün çöli syryp gelýän uly kerwen görnüpdir. Garakçylar kerweniň ýetip gelýänini görüp, duruşlary bilen gulaga öwrülipdirler. Kerwençileriň arasynda bir gurply adam bolup, gulaklary jam ýaly eken. Ol uzakdan garakçylaryň sesini eşidip: «Ýanymdaky altynlarymy bir ygtybarly ýerde gizlemegim gerek, garakçylar kerwene çozsalar, iň bolmanda, altynlarym-a abat galar» diýip pikir edipdir-de, çöl depeleriniň arasyndan altynyny gizlär ýaly bir amatly ýer gözlemäge başlapdyr. Görse, çölüň ortarasynda bir çadyr gurulgymyş. Çadyryň agzyndan garasa, onuň içinde egni ýüň ýapynjaly biri otyrmyş. Ol bu adamdan altynlaryny wagtlaýynça saklap bermegini haýyş edipdir. Çadyryň eýesi oňa:

– Çadyra gir-de, altynlaryňy bir gyrada goýaý – diýipdir. Ol hem altynlaryny çadyryň içinde gizläp, kerwene tarap haýdapdyr. Ol

kerweniň yzyndan ýetip, garakçylaryň kerwençilere degişli zatlaryň derege ýarajaklarynyň hemmesini talap alandyklaryny görüpdir. Ol galan-gaçan zatlaryny toplap alyp, altynlaryny goýup gaýdan çadyryna tarap haýdapdyr. Görse, çadyryň töweregi garakçylardan ýaňa hümermiş. Olar talap alan zatlaryny paýlaşmak bilen meşgul ekenler. Ol bir ah çekip: «Altynlarymy öz elim bilen garakçylaryň eline tutduraýan bolsam nätjek» diýip içini gepledipdir-de, yzyna dolanmak isläpdir. Onýança Fudaýylyň gözi oňa düşüp:

– Bäri gel – diýip gygyrypdyr we ýanyna gelen bu kişä ýüzlenip:

– Seniň bu ýerde näme işiň bar? – diýip sorapdyr.

– Goýan amanadymy almaga gelipdim.

– Altynlaryňy nirede goýan bolsaň, al-da gidiber.

Ol çadyra girip, içi altynly gapjygyny alyp çykypdyr. Şol wagt ýoldaşlary Fudaýyla ýüzlenip:

– Biz bu kerwenden ýekeje-de nagt pul tapmadyk. Sen bolsa munça altyny yzyna berýärsiň – diýipdirler. Fudaýyl aýdypdyr:

– Ol men hakda gowy pikirde boldy. Men hem Allatagala babatda gowy pikirde. Onuň menden eden umydyny puja çykarmadym. Allatagala-da meniň besleýän umytlarymy puja çykarmaýady-da!

***

Fudaýyla tabyn garakçylar bir gün ýene bir kerweni talapdyrlar. Oljalary oňan garakçylar nahar iýmäge oturypdyrlar. Şol wagt talanan kerweniň eýeleriniň biri gelip:

– Baştutan haýsyňyz? – diýip sorapdyr.

– Ol bu ýerde däl. Şo taýdaky agajyň kölegesinde namaz okaýar – diýip jogap beripdirler.

Ýaňky adam:

– Häzir namaz wagtam-a däl. Ol näme üçin siziň bilen nahar iýmeýär? –diýip, ýene bir sorag beripdir.

– Onuň agzy bekli – diýipdirler.

Zady talanan kişi näme diýjegini bilmändir. Ol salgy berlen agajyň golaýyna baryp, bir pyýadanyň dünýäni unudyp namaz okap duranyny görüpdir. Ol namazyny okap bolýança garaşan adam, soňra:

– Namazdyr oraza garakçylyk bilen bir ýere sygyşarmy? – diýip sorapdyr. Fudaýyl jogaba derek:

– «Käbirleri bolsa günälerini boýun alyp, gowy bir amaly başga bir erbet amal bilen garyşdyrdylar. Allatagalanyň olaryň günäsini geçmegi umyt edilýär» diýen manyly aýaty okapdyr.

Sorag beren kişi haýranlar galypdyr, ýöne oňa hiç zat hem diýmändir.

***

Fudaýyl şeýlebir ýukaýürek we asylzada kişi bolup, diýip-aýdar ýaly däl eken. Ol ýaradylanda päk we gowy edilip ýaradylypdyr. Ol talan kerwenindäki zenan maşgalalara elini hem batyrmandyr. Bergili hem aňyrsynda gory az bolan kişileriň puludyr dowarlaryny özlerine bagyşlar eken. Onuň gözi mydama baýlarda eken.

***

Fudaýyl başda bir zenan maşgala aşyk bolupdyr. Talap alan zatlarynyň hemmesini şoňa gönderer eken. Käte bolsa ýanyna gidip, güýçli hyjuwyna derman gözläpdir. Bir gezek ol agşama çenli söýgülisiniň ýanynda galyp, dem-dynjyny alyp otyrka, geçip barýan kerwendäkileriň biri: «Iman edenleriň Allahy zikir etme we Ondan inen Gurhany Kerim sebäpli kalplarynyň oýanma zamany heniz gelmedimi?» diýen manyly aýaty okapdyr. Bu aýat Fudaýylyň ýüregine peýkam bolup sanjylyp, oňa güýçli täsir edipdir. Ol:

– Geldi, şeýlebir zaman geldi, hatda geçibem gitdi – diýip seslenipdir.

Fudaýyl nätjegini bilmändir, bir ýerde durmaga karary ýetmändir. Ol gidip, bir harabalyga özüni atypdyr. Şol harabalygyň golaýynda bir kerwen düşläp, indem kerwençiler ýol şaýlaryny tutup, ýollaryny dowam etmegiň aladasynda ekenler. Olaryň biri:

– Ýola düşmegimiz dogrumyka? Gitjek ýolumyzyň ugrunda garakçy Fudaýylam-a bardyr – diýip seslenipdir.

Onuň aýdanyny eşidip oturan Fudaýyl harabalykdan çykypdyr-da:

– Buşluk! Fudaýyl öňki edenlerine puşman edip, toba gelipdir. Öň siz ondan nähili edip gaçýan bolsaňyz, şindi onuň özi edil şonuň ýaly edip, sizden gaçýar we gözüňize görünmekden çekinýär – diýip, gaty sesi bilen gygyrypdyr.

Şondan soň Fudaýyl gözünden ýaşlar döküp, ülke-ülke gezip, hakyny iýen kişilerini razy etmegiň ýoluny agtarypdyr. Iň soňunda gezek Abywerdde ýaşaýan bir ýehuda ýetipdir. Fudaýyl nätse-de, ol asla razy bolmandyr.

Bu ýehudy öz ýoldaşlaryna ýüzlenip:

– Ine, musulmanlaryň üstünden gülmegiň hem wagty gelip ýetdi – diýipdir we Fudaýylyň öňünde ýerine ýetirilmegi mümkin bolmadyk bir şert goýupdyr:

– Eger senden razy bolmagymy isleýän bolsaň, pylan ýerdäki daşly depäni pytradyp, onuň ýerini tep-tekiz edip goý!

Onuň diýýän depesi belent bir depemiş. Fudaýyl gije diýmän, gündiz diýmän şol depäniň gumuny töwerege pytratmak bilen meşgul bolupdyr. Ine, bir günem säher wagty güýçli ýel turup, daşly depäniň gumuny tozatmaga başlapdyr we onuň duran ýerini tep-tekiz edip taşlapdyr.

Ýehudy bu keramaty görse-de, ýene hötjetligine tutup:

– Menden talap alan baýlygyňy yzyna gaýtaryňançaň senden razy bolmajakdygymy aýdyp ant içipdim. Hol duran ýassygymyň aşagynda şonça mukdardaky altyn bar. Şony al-da, bergiňi beren ýaly edip, maňa ber. Şeýtseň, seniň-ä bergiňi berdigiň, meniňem ähdimde durdugym bolar – diýipdir.

Fudaýyl onuň ýassygynyň aşagyna elini sokupdyr-da, eline ilen bir owuç altyny ýehuda uzadypyr. Ýehudy bolsa:

– Saňa razylyk bermezimden owal, maňa yslam dinini düşündir – diýipdir.

– O seniň nämäňe gerek? – diýip, Fudaýyl oňa soragly nazaryny dikipdir.

Ýehudy şeýle jogap beripdir:

– Men Töwratda «Kim tüýs ýüreginden toba etse, onuň elindäki çagyl altyna öwrüler» diýip okapdym. Men ýaňy seni synap gördüm. Aslynda, ýassygyň astynda bir gysym çagyldan başga zat ýokdy. Eliňde çaglyň altyna öwrülenini göremsoň, seniň hakykatdanam toba edeniňe, yslam dininiň hem dogry dindigine göz ýetirdim.

Birnäçe wagt geçeninden soň, ýaňky ýehudy yslam dinini kabul edipdir.

***

Fudaýyl bir kişä:

– Eden günä işlerimi ýuwmagym üçin meniň örän köp taýak urmak jezasy bilen jezalandyrylmagym gerek. Allatagalanyň razylygy üçin meniň elimi baglap, soltanyň huzuryna alyp bar. Goý, ol maňa taýak urmak jezasyny bersin – diýip haýyş edipdir. Ol hem onuň aýdanyny edip, hökümdaryň ýanyna alyp barypdyr.

Soltan Fudaýylyň maňlaýynda namazdan galan yzlary görüp, hezzet-hormat edeninden soň, ony öýüne ertip gaýtmaklaryny emeldarlaryna emir edipdir.

Fudaýyl öýüne girmekçi bolanda, erbet iňläpdir. Aýaly ondan:

– Beýle iňleýäň welin, dogrudanam, taýak uraýdylarmy? – diýip sorapdyr.

– Hawa, maňa uly bir taýak urdular!

– Niräňe urdular?

– Janyma-jigerime urdular!

Soňra Fudaýyl aýalyna ýüzlenipdir:

– Men Allahyň öýüne-Käbäni zyýarat etmegi, soňra bolsa şol ýerde galmagy ýüregime düwdüm. Isleseň, aýakbagyňy çözeýin – talagyňy bereýin.

– Hudaý saklawersin! Men senden asla aýrylman! Nirä gitseňem, hyzmatyňda bolaryn – diýip, aýaly seslenipdir.

Soňra är-aýal Mekgäniň ýoluna düşüpdirler. Allatagalanyň ýardam bermegi bilen olar ýolda horluk görmän, baryp Käbäni zyýarat edipdirler. Soňra şol ýerde müjewürlik etmäge başlapdyrlar, weli kişileriň käbirleri bilen duşuşypdyrlar. Fudaýyl Abu Hanifäniň söhbetlerine hem gatnap, ondan ylym öwrenipdir.

Fudaýyl ygtybarly hadyslary köp bilipdir, köplenjem agzy bekli gezýär eken. Mekgedekä onuň dili açylypdyr, ýagny ýanyna gelýän mekgelilere wagyz etmäge başlapdyr. Hatda onuň at-owazasyny eşidip, ýakynlary ony görmäge-de gelipdirler. Ýöne olar bilen görüşmek hem islemändir. Olar hem ony görmezden, yzlaryna dolanmazlygy ýüreklerine düwüpdirler.

Ahyry bir gün Fudaýyl Käbäniň üçegine çykyp:

– Adamlar gaflata gark bolupdyrlar! Gudraty güýçli Allatagala size akyl bersin, namaz okamagy nesip etsin! – diýip, ýakynlary eşider ýaly edip gygyrypdyr. Ýakynlary maňlaýlaryny ýere berip, aglaşmaga başlapdyrlar we Horasana tarap ýola düşmek bilen bolupdyrlar. Fudaýyl diňe şondan soňra Käbäniň üçeginden aşak inipdir.

***

Harun Reşit, bergisi bar bolsa, oňa derek şol bergisini berip biljekdigini aýdyp, Fydaýyl hezretlerine ýüzlenipdir. Ol halyfyň bu teklibini ret edipdir we şeýle diýipdir:

– Men Oňa bolmalysyndan az ybadat edenim üçin diňe Hudaýyň öňünde bergilidirin. Şonuň ýaly-da Ýaradan maňa şeýlebir merhemetli boldy welin, men kimedir birine bergidar bolmak mümkinçiligine bir gezek hem duşmadym.

***

Fudaýyl hezretleri öz dogan-garyndaşlary bilen duşuşmakdan ýüz öwrüpdir we olara ýüzlenip:

– Meni zyýarat edip, öz wagtyňyzy-da, meniň wagtymy-da almakdan başga mynasyp bir işiňiz ýokmy? – diýip seslenipdir.

***

Fudaýyl hezretleri şeýle diýipdir:

– Kyýamat gününde baýlaryň köpüsi jezasyny çeker, bu dünýäniň güýçlüleri bolsa, hasaba çekilen wagtlary aýylganç gorkyny başdan geçirerler. Şol gün öz eden işleriňiz üçin hasabat bermäge taýyn boluň.

Ýaradanyň keremi şeýlebir uludyr welin, araňyzdaky iň günäkär kişi bolan menden beýlekileriňiz dowzahdan halas bolarsyňyz.

Hudaý öz söýýän kişisine kän ejir ýollaýar, söýmeýän kişisine-de dünýäniň nygmatlaryny bagyşlaýar.

Jennetde gözýaş dökmegiň mümkin bolmaýşy ýaly, bu dünýäde-de gülkiniň bardygy örän geňdir. Çünki jennet aglanýan ýer däldir, bu dünýä-de gülkiniň ýeri däldir.

Hudaý şeýle diýýär: «Gulum Meni ýatlan mahaly, men hem ony ýatlaýaryn, ol Meni unudan mahaly bolsa, ony unudýaryn».

Otuz ýyllap ýüzüm gülen däldir.

Bütin wagtymy Hudaý bilen ikiçäklikde geçirer ýaly we yzygiderli doga etmek arkaly halas bolarym ýaly kesellemek islärdim.

***

Bir gezek Fudaýyl hezretleri kiçijik ogluny eline alypdyr. Ogly ondan:

– Sen meni söýýärmiň? – diýip sorapdyr. Ol söýýändigini aýdypdyr.

– Sen Hudaýy-da söýýäňmi?

– Hawa – diýip, kakasy jogap beripdir. Ogly oňa garşy çykypdyr:

– Kaka, iki söýgi bir ýürekde ýaşap bilmez.

Fudaýyl hezretleri muny Hudaýyň yşaraty hasap edip, ogluny ýere düşüripdir, şondan soňra bar wagtyny doga edip geçirip, ogluna söýgi görkezmändir.

## *YBRAÝYM EDHEM*

Dünýä we köňüller soltany, Kap dagynyň symrug guşy, ýekelik äleminiň düri, döwlet syrlarynyň hazynasy, iň uly yklymyň patyşasy, Allahyň ýardamy we keremi bilen ýetişen, jahan şyhy Ybraýym Edhem (Allatagala oňa rehim etsin!) öz döwrüniň iň bir dindar we sytdyh kişisidi. Oňa kän-kän işleriň içinde bolmak, dürli-dürli hakykatlara şaýatlyk etmek nesip edipdir. Hemme kişi ony güler ýüz bilen garşylaýardy. Köpsanly şyhlary görüpdi. Ymam Agzam Abu Hanifäniň (Allatagala oňa rehim etsin!) söhbetlerini diňläpdi. Jüneýit: «Şu nesliň ylymlarynyň açarlary Ybraýym Edhemiň elindedir» diýipdir.

Bir gün Ybraýym Edhem ymam Agzamyň ýanyna gelende, şol ýerde oturan talyplaryň oňa göwünleri ýetmejek bolupdyr. Soňra ol gidensoň, ymam Agzam talyplaryna ýüzlenip:

– Ybraýym Edhem biziň halypamyzdyr – diýipdir we onuň bu derejä nähililik bilen ýetenini soranlarynda:

– Onuň serinde mydama Allatagaladan başga zat ýok, biz bolsa başga-başga işler bilen meşgul – diýip jogap beripdir.

***

Ybraýym Edhem başda Balhyň patyşasy eken. Bir ýere diýip çykanda, altyn galkanly kyrk nöker öňünden, altyn gürzüli kyrk nöker hem yzyndan ýöräpdir. Bir gije ol tagtynyň üstünde uklap galypdyr. Ol gijäniň ýarynda ýatan jaýynyň üçegi tarapdan gelýän bir tykyrda oýanypdyr. Göwnüne bolmasa, biri üçekde eýläk-beýläk gezmeleýän ýalymyş. Ybraýym Edhem:

– Üçekde kim bar? – diýip gygyrypdyr.

– Men seniň bir tanşyň, düýämi ýitirdim-de, şony gözlemäge çykdym.

– Heý, aljyraňňy diýsäni! Ýagşam bir düýäňi gözlejek ýeriňi tapypsyň, üçekde düýe näme işlesin?

– Eý, gapyl kişi! Meniň düýämi jaýyň üçeginden gözlemegim, seniň Allahy, atlazdan tikilen eşikleri geýip, altyn tagtyň üstünde oturan ýeriňden tapjak bolmagyňdanam geňmi?

Bu kişiniň aýdanlaryny eşiden Ybraýym Edhemiň kalbyna gorky aralaşyp, ynjalygyny ýitiripdir. Ol kän pikir edipdir, serimsal bolup, gama batypdyr.

Başga bir gezek Ybraýym Edhem umumy kabul edişlige gatnaşýar eken. Döwletiň emeldar kişileri onuň garşysyndaky ýerlerini eýeläpdirler. Gullar hem öňünde egele bolup durmuş. Duýdansyz ýerden biri köşge gelip giripdir. Ol şeýle bir haýbatly görünýärmiş welin, gullaryň we hyzmatkärleriň hiç biri hem öňünden çykyp,

– Sen kimsiň? – diýmäge milt edip bilmändir.

Ol töwerekdäkileriň gorkuly nazarlarynyň astynda Ybraýymyň tagtynyň öňüne baryp, aýak çekipdir. Ybraýym ondan:

– Bu ýerde näme işiň bar? – diýip sorapdyr.

– Men şu kerwensaraýda düşläp geçmek isleýän.

– Bu ýeri kerwensaraý däl, bu – meniň köşgüm.

– Bar, şeýlemişem-dä! Bu köşk öň kimiňkidi?

– Kakamyňkydy.

– Kakaňdan ol kime degişli eken?

– Pylana.

– Ondan ozal köşk kimiňkidi?

– Pylanynyň ogly pylanynyňky.

– Olar şu wagt nirede?

– Hemmesi birmahal bü dünýäden göçüp gitdiler.

– Haý, seniň köşk bolaýşyňy! Biri gelýär, biri gidýär – kerwensaraýdan tapawudy ne?

Nätanyş şeýle diýipdir-de, köşgi howlukmaç terk etmek bilen bolupdyr.

Ybraýym onuň yzyndan ylgapdyr we:

– Meniň seniň bilen gürleşmegim gerek – diýip, biraz aýak çekmegini haýyş edipdir.

Ol adamyň aýak çekmegi bilen, Ybraýym Edhem:

– Içime otlar saldyň welin, sen kim bolarsyň, nireden gelýärsiň? – diýip sorapdyr.

– Iller-ä maňa Hydyr ata diýýär.

– Köşge girip çykýançam, maňa biraz garaşsana!

Hydyr ata:

– Munça garaşmaga wagtym ýok. Mundan has howlukmaç bir işim bar – diýip gaýyp bolupdyr.

Ybraýymyň kalbynda tutaşan ot barha möwç alyp, derdi artypdyr. Gije gaýybana gürleşen kişisi, gündiz köşgüne gelen Hydyr ata onuň hiç ýadyndan çykmandyr. Ol ahyry:

– Atymy eýerläň, men awa çykjak – diýip emir edipdir we içini gepledipdir: «Munuň soňy näme bilen gutararka, göreýin bakaly».

Ybraýym Edhem atyna atlanyp, sähra tarap haýdapdyr. Ol awa diýip çyksa-da, çykypdyr welin, aljyraňňylykdan ýaňa, näme edip, näme goýýanyny bilmändir. Ol janpenalaryndan daşlaşyp, ýeke özüniň galanyny hem duýmandyr. Şol wagt gulagyna:

– Oýan! – diýip bir owaz gelipdir.

Ol bu sesi eşitmedik bolupdyr. Şol owaz ýene iki gezek gulagyna ilse-de, eşitmedik bolup, bu ýerden daşlaşmagyň hyýalyna münüpdir. Dördünji gezek eşiden owazy sypjaklamaga ýer goýmandyr:

– Seni başgalary oýandyrmazdan ozal, özüň oýan!

Bu sözleri eşidip, Ybraýymyň erki elinden gidipdir. Birden golaýynda bir jeren peýda bolupdyr we ony awlamagyň ugruna çykypdyr. Jeren oňa ýüzlenip:

– Meni bu dünýä awlanmagym üçin getiripdirler, ýöne seni meni awlamak üçin gönderen däldirler-ä! Sen meni awlap bilmersiň. Bir biçäräni peýkam atyp awlamak üçin ýaradylypmydyň? Mundan başga işiň ýokmy? – diýipdir.

– Bu näme boldugy? – diýip, Ybraýym Edhem jerenden daşlaşmak maksady bilen, atynyň ýüzüni başga tarapa öwrüpdir. Bu gezek eýeriniň gaşyna dil bitip, jereniň aýdan sözlerini gaýtalapdyr. Haktagalanyň onuň bilen bellisini etmek islemeginiň netijesinde, şol bir sözleri özüniň döş tarapyndan bir ýerden hem eşidip galypdyr. Şeýdip hem onuň kalp gözi açylyp, perişdeler älemine aralaşmaga

mümkinçilik tapypdyr. Ol erenleriň başdan geçirýän duýgulary ýaly bir duýgyny başdan geçiripdir we üýtgemeýän bir imana eýe bolupdyr.

Aýdyşlaryna görä, bolup geçen bu hadysa sebäpli ol şeýle bir aglamak aglapdyr welin, eşiginiň öň tarapyndan syrygyp gaýdan gözýaşyndan ýaňa atynyň boýnudyr ýaly öl-myžžyk bolupdyr. Ol çyny bilen tüýs ýüreginden toba edip, çem gelen tarapa tutduryp ugrapdyr. Onuň gözüne goýun sürüsiniň yzyna düşüp barýan bir çopan ilipdir. Dykgat bilen seretse – öz hyzmatkärleriniň biri. Ol çopanyň ýanyna baryp, altyn sapaklar bilen jäheklenen donuny onuň egnine atyp, goýunlary-da oňa bagyşlapdyr. Soňra bolsa çopanyň egnindäki ýeňsiz örtünjäni alyp geýnipdir-de, onuň telpegini hem başyna çekipdir.

Şol günden başlap Ybraýym Edhem daglarda, çöllerde ygyp-sagyp ýörüpdir. Eden günälerini ýatlap hem gözlerinden dyngysyz ýaş döküärmiş. Şol aýlanyp ýörşüne, ol Merwe golaý barypdyr. Bu ýerde bir derýa bar eken. Ybraýym şol derýanyň köprüsinden bir kör adamyň geçjek bolýanyny görüpdir. Birden hem kör ugruny ýitiripdir-de, suwa garşy agyp gidipdir. Şol pursat Ybraýym:

– Allahym! Ony özüň goraweri! – diýip doga edipdir.

Kör aşak gaçman, howada asyl-asyl bolup duruberipdir. Golaý-goltumdaky adamlar ylgaşyp gelip, köri çekip alypdyrlar. Olar Ybraýym Edhemiň görkezen keramatyna haýran galyp, onuň ýöne-möne biri däldigine göz ýetiripdirler.

Soňra Ybraýym Edhem ol ýerden aýrylyp, Nişapura gelipdir we ybadat bilen meşgul bolmak üçin bir çola ýer gözläp ugrapdyr. Bu ýerde bir meşhur gowak bardy. Ol dokuz ýyllap şol gowakda ýaşapdyr. Üç ýylyny gowagyň bir böwründe, ýene bir üç ýylyny beýleki böwründe, galan üç ýylyny-da başga bir böwründe geçiripdir. Onuň bu gowakda ýaşan döwründe başyndan nämeleriň geçendiginden hiç kimiň habary bolmandyr.

Ybraýym Edhem hepdäniň her dördünji güni gowagyň ýokarsyndaky deşikden daşary çykyp, bir ýüklük odun ýygnar eken. Ertesi irden hem ýygnan odunyny arkasyna alyp gaýdyp, Nişapura getirip satar eken. Bu ýerde juma namazyny okap bolanyndan soňra, odun satyp gazanan puluna çörek satyn alyp, onuň ýarysyny garyp-gasarlaryň arasynda paýlap, ýarysyny hem özüne alýarmyş. Ol indiki

juma gününe çenli şojagaz çörek bilen oňňut edipdir. Onuň ömrüniň köp bölegi şu şekilli geçipdir.

***

Ybraýym Edhem Mekge şäherine baryp, Käbäni zyýarat etmegi ýüregine düwýär. Şu maksadyna ýetmek üçin ol on dört ýyllap ýolda bolupdyr. Ol ýolboýy namaz okap, doga-dileg edip gelýär eken. Ol ahyry Mekgä baryp ýetipdir. Şol töwerekleriň pirleri onuň ýetip gelýäninden habardar bolup, garşylamaga çykypdyrlar.

Ybraýym Edhem özüni tanamazlyklary üçin bir kerweniň öňüne düşüp gelýär eken. Kerweniň öňünden ýöremek hyzmatkärleriň adatydy. Pirler kerweniň öňüni çekip gelýän pyýadadan:

– Ybraýym Edhemi görmediňmi? Ol ýetip gelýän bolmaly – diýip sorapdyrlar.

– Ol dinsiz kişi nämäňize gerek? – diýip, Ybraýym olara dikanlapdyr.

Onuň aýdanyny eşiden pirler ýeňsesine şapbat urup:

– Onuň ýaly adama dinsiz diýmäge neneň diliň barýar? Dinsiz -seniň özüňsiň – diýipdirler. Ybraýym hem:

– Menem şony aýdýan-da – diýip seslenipdir.

Ol ýeke galansoň, öz-özüne: «Soňky sözleriňi aýtmak nämäňe gerekdi? Olaryň seni tanap, hormat bilen Mekgä alyp barmaklaryny isleýädiň? Şükür, özüňe mynasyp paýy alanyňy görüp galdym» diýip igenipdir.

Mekgede esli wagt bolanyndan soň, pirler onuň Ybraýym Edhemdigini tanap, ötünç sorapdyrlar. Ol bu ýerde ýaşamaga başlapdyr. Öýlenipdir, dost-ýar edinipdir. Ol mydama alyn deri bilen gazanany bilen güzeranyny aýlapdyr: käte odun ýygnap gelip satypdyr, käte-de adamlaryň bag-bakjasyna garawul bolupdyr.

***

Ybraýym Edhem Balhy terk edip gaýdanda, yzynda süýtden hem aýrylmadyk ogulјygy galan eken. Oglanjyk ulalyp, ese-boýa galanyndan soň, ejesinden kakasy barada sorapdyr. Ejesi:

– Kakaň ýitirim boldy. Mekgede ýaşaýarmyş diýib-ä bir eşitdim – diýip jogap beripdir.

Onda ogly:

– Men Käbä zyýarat etjek, kakamy gözläp tapyp, onuň hyzmatynda boljak – diýip seslenipdir we öz adyndan: «Kim haja gitmek isleýän bolsa, bu ýerik gelsin. Gerek-ýarak zatlary we ulag bilen men üpjün etjek, ýol harjyny men çekjek» diýip yglan etmegi emir edipdir.

Aýdyşlaryna görä, onuň bu çakylygyna dört müň adam dagy toplanyp gelipdir. Ol hemmesiniň çykdajysyny öz üstüne alyp, olary haja alyp gidipdir we: «Belki, şeýtsem, kakamyň ýüzüni görmek miýesser eder» diýip umyt edipdir.

Oglan Mekgä gelip, Käbäniň töwereginde hyrkaly we ýamaly egin-eşikli birtopar kişä gabat gelipdir we olardan:

– Ybraýym Edhemi tanaýarsyňyzmy? – diýip sorapdyr. Olar hem:

– Ol biziň şyhymyzdyr. Odun getirmek üçin sähra tarap gitdi. Ol her gün bir ýüklük oduny arkasyna alyp gelip, ony satyp edinen puluna çörek alýar-da, bize iýdirýär – diýipdirler.

Oglan sähra tarap ugrapdyr. Birden onuň gözi ep-esli odun ýüklenip gelýän bir goja düşüpdir. Ol bildirmän gojanyň yzyna düşüp, bazara çenli gelipdir. Goja bazara gelip:

– Gowy, halal we tämiz bir zady kim tämiz zada satyn aljak-how – diýip gygyrmaga başlapdyr. Bir adam onuň getiren odunlaryny satyn alyp, deregine çörek beripdir. Ybraýym çörekleri alyp, ýoldaşlaryna getirip beripdir we özi namaz okamaga başlapdyr. Sopular çörek iýse, ol namaz okaýarmyş.

Ybraýym Edhem dostlaryna häli-şindi:

– Keseki zenanlara we ýaş oglanlara imrinmekden häzir boluň, olaryň haj zyýaratyny ýerine ýetirýän günlerinde gözleriňizi günäden goraň – diýip, öwüt-ündew eder eken. Ýanyndakylaryň hemmesi onuň aýdanyna boýun bolupdyr.

Hajylaryň Mekgä gelip, Käbä zyýarat edýän döwründe Ybraýym hem ýaranlary bilen birlikde togap etmäge başlapdyr. Birden onuň gözi öňünden ýöräp barýan ýaş ýigdekçä düşäýipdir. Ol häli-şindi ýetginjege tarap gözüni aýlap goýberýärmiş. Onuň bu bolşuny synlap

gelýän ýoldaşlarynyň biri togap ybadatyny berjaý edip bolanlaryndan soň, Ybraýyma ýüzlenip:

– Allatagala size rehim etsin! «Keseki zenanlara we ýaş oglanlara bakmaň» diýip, bize sargaýardyňyz welin, ýaňy-ha bir görmegeý ýigdekçeden gözüňizi aýryp bilmediňiz – diýip, kinaýaly seslenipdir.

– Sizem muny gördüňizmi?

– Hawa, gördük.

– Ynsap edeweriň! Meniň pikirimçe, şol ýigdekçe Balhda goýup gaýdan oglum bolmaly. Şol wagt ol heniz süýtdenem aýrylmandy. Çakym çak bolsa, ol oglumdan başga kişi däldir.

Kakasynyň özünden gaçyp gitmeginden gorkýan ogly bu ýere bildirmän gelip, kakasyny daşyndan synlap ýörmüş.

Ybraýym Edhem şol günki gören ýigdekçesiniň öz ogludygy baradaky pikirde bolup, bir gün ýoldaşlarynyň birini ýanyna alyp, Balhdan gelen kerwençileriň bolýan ýerlerini idäp tapyp, aralaryna sokulypdyr. Ol bir ýerde atlaz çadyryň gurulgydygyny, çadyryň ortarasynda duran kürsüde oturyp, düýnki gören ýigdekçesiniň Gurhany Kerimi okaýandygyny görüpdir. Ol ýakyn gelende oglan «Baýlyklaryňyz we çagalaryňyz pitneden başga zat däldir» diýen manyly aýaty okapdyr. Ybraýym muňa birhili bolup aglapdyr we «Rebbim dogry aýdypdyr» diýip pyşyrdapdyr.

Yzlaryna dolanmakçy bolanlarynda, Ybraýym ýanyndaky ýoldaşyna:

– Git-de, şu oglanyň kimiň ogludygyny bilip gel – diýipdir.

Ýumuş tabşyrylan kişi ýigdekçäniň ýanyna baryp:

– Nireli borsuň? – diýip sorapdyr.

– Balhdan geldim.

– Kakaňa kim diýýäler?

Oglan öňe eglip, boş eli bilen ýüzüni ýapypdyr, gözlerinden bolsa ýaş akmaga başlapdyr. Ol hünibürýan aglap oturyşyna:

– Kakama Ybraýym Edhem diýýärler – diýipdir-de, elindäki Gurhany Kerimi ýerine goýupdyr.

– Düýne çenli kakamy bir gezegem görmändim. Bu gören kişimiňem kakamdygyny heniz doly anyklamok. Menden gaçarmyka diýip, gorkyma özümi-de oňa tanadyp bilmedim. Çünki ol öňem bizden gaçyp gaýdypdy.

Oglanyň ejesi hem ogly bilen bile gelen eken. Ýaňky derwüş bulara:

– Geliň, sizi onuň ýanyna alyp baraýyn – diýip, teklip edipdir.

Bular şeýdip, Ybraýym bilen görüşmäge gidipdirler. Ýoldaşlary bilen Käbäniň «Ýemen sütüni» diýlip atlandyrylýan burçunyň golaýynda oturan Ybraýym Edhem özlerine golaýlap gelýän ogluny, aýalyny we hälki goýup gaýdan ýoldaşyny görüpdir. Aýaly Ybraýymy görensoň, sabryny tükedip, joşgunyna bäs gelip bilmän:

– Ine, seniň kakaň – diýip gygyryp goýberipdir.

Töwerek-daşdaky adamlaryň hemmesi bu haly görüp, aglaşmaga başlapdyrlar. Aglap-aglap özünden giden ogly özüne gelip, Ybraýyma salam beripdir. Kakasy salamyny alyp, ony bagryna basypdyr we sorag bermäge başlapdyr:

– Haýsy dine ynanýaň?

– Yslam dinine.

– Allaha şükürler bolsun! Gurhany Kerimi okap bilýäňmi?

– Okap bilýän.

– Allaha şükürler bolsun! Ylymdan bir zatlar öwrenip bildiňmi?

– Hawa, ylym hem öwrendim.

– Allaha şükürler bolsun!

Soňra Ybraýym Edhem olaryň ýanyndan aýrylmak isläpdir, ýöne ogly elini hiç goýbermändir. Aýaly hem aglamaga başlapdyr. Ybraýym Edhem ogluny gujaklap oturyşyna, ýüzüni asmana tutup:

– Allahym, dadyma ýetiş! – diýip seslenipdir.

Onuň ogly şol wagt gujagynda jan beräýipdir. Ýanyndakylar ondan bu bolan işiň hikmetini sorapdyrlar. Şonda ol şeýle jogap beripdir:

– Oglumy bagryma basan badyma, oňa bolan muhabbetim kalbymda joşmaga başlady. Şondan soň gulagyma: «Eý, Ybraýym! Meni söýýändigiňi aýdýarsyň, emma meniň bilen birlikde başgalaryny-da söýýärsiň, başgalary bilen hem meşgul bolýarsyň, dostluga şärik goşýarsyň» diýen bir owaz eşidildi. Bu owazy eşidemsoň, içimden: «Gudraty güýçli Rebbim! Dadyma ýetiş! Eger oňa bolan söýgim meni Saňa bolan söýgimden daşlaşdyrýan bolsa, ýa onuň, ýa meniň janymy al!» diýip doga etdim. Eden dogam, ine, şu zeýilli kabul boldy.

Eger biri bu bolan işe geň galsa, oňa: «Ybraýym alaýhyssalamyň öz ogluny gurban etjek bolmagy hem geň dälmidi?» diýäýiň.

***

Ybraýym Edhem şeýle diýipdir: «Käbäniň ony togap edýänlerden boşlag wagtyna rastlamak we arkaýynçylykda doga-dileg etmek üçin amatly pursat agtarsamam, şeýle pursada hiç gabat gelmeýärdim. Ahyry bir gije güýçli bir ýagyş ýagdy. Pursady ganymat bilip, Käbä bardym. Töwerekde yns-jyns ýokdy – diňe Käbe bilen men bardym. Men Käbäni togap etdim we altyn halka elimi ýetirip, Allahdan günälerimi geçmegini diledim. Şol wagt gulagyma: «Sen günäňi geçmegimi dileýärsiň. Beýleki adamlar hem edil seniňki ýaly doga edýärler. Emma men her kese günäsiz bolmagy nesip etsem, meniň günä geçmek, bagyşlamak, merhemet we rehim etmek derýam nirä akjak, Gafur, Gaffar, Rahman we Rahym ummanym haýsy işe ýarajak» diýen owaz geldi. Şondan soňra «Allahym, günälerimi bagyşla!» diýdim we:

– Dünýade meniň bilen gürleşýärkäň özüňi ara goşma, başgalaryň günäsini bagyşlamagymy dile. Seniň günäňi geçmegimi hem başga kişiler dilese gowy bolar – diýen jogaby aldym...»

***

Ybraýym Edhem şeýle diýipdir: «Bir gün tagt üstünde otyrkam, öňüme bir aýna tutdular. Aýna bakyp, bir mazaryň içinde oturandygymy gördüm. Ýanymda dost-da, dertdeş-de ýok. Ol ýerden kazyny tapdym, ýöne özümi aklar ýaly delilimiň ýokdugyna göz ýetirdim. Ine, şondan soňra hökümdarlykdan sowadym».

***

Ybraýym Edhem birinden sorapdyr:

– Weli kişileriň hataryna goşulmak isleýäňmi?

– Elbetde.

– Onda dünýe we ahyret bilen jinnek ýalyjagam gyzyklanma. Bütin durkuň bilen gudraty güýçli Allatagala ymtyl, Allahdan beýleki zatlardan özüňi daşda tut. Halal lukma iý-de, gijeleri daňa çenli namaz okajak bolup, gündizlerine agzyňy beklejek bolup azara galma. Bogazyndan geçýän zadyň halaldygyny bilmeýän adam diňe bir na-

maz okamak, agzyny beklemek, zekat bermek we haj ybadatyny ýerine ýetirmek bilen erenleriň derejesine ýetip bilmez. Bu derejä diňe bogazyndan geçeniň halaldygyna gözi ýetýän we şol ybadatlary hem ýerine ýetirýän adam ulaşar.

***

Sehl ibn Ybraýym şeýle diýipdir: «Ybraýym Edhem bilen birlikde sapara çykypdym. Ýolda näsagladym. Ol elinde näme bar bolsa, meniň üçin harçlady. Men ondan bir zat satyn alyp bermegini haýyş etdim. Ol meniň haýyşymy ýerine ýetirdi, ýöne munuň üçin eşegini satmaly bolandygyny soň bilip galdym. Keselimden gutulamsoň, onuň eşeginiň ýokdugyny aňşyrdym. Men: «Ysgyn-mydarym ýok, indi ulagsyz nädip ýol aşarkam» diýp zeýrenmäge başladym. Şonda ol:

– Doganjygym! Gel, arkama hopba bol – diýdi we meni arkasyna alyp, üç menzil ýol ýöredi».

***

Ybraýym Edhem şeýle diýipdir: «Sapara çykan gezeklerimiň birinde ukymy almak üçin bir metjide bardym, emma meni içeri goýbermediler. Şol wagt aýak üstünde durmaga-da mejalym ýokdy. Özümi aşak goýberdim. Yzyma dönüp gidibermeýänimi görüp, metjidiň içindäkiler aýagymdan tutup aşaklygyna süýräp ugradylar. Metjidiň gapysynyň öňünde üç basgançak bardy. Kelläm şol basgançaklara urlup ganap başlady we üst-başym gara gan boldy. Ine, şol pursatda özümi maksadyma ýeten ýaly duýdum we keýpim çag boldy. Meni üç basgançakdan aşaklygyna süýrän mahallary we kelläm her basgançaga degip ýarylanda, maňa bir yklymyň syry aýan bolýardy we men içimden: «Basgançaklaryň sany has köp bolsa bolmaýamy» diýýärdim.

Özümi şu hala salanlardan:

– Beýder ýaly günäm nämedi? – diýip soramda, olaryň biri:

– Çünki sen metjidiň düşeklerini ogurlamak üçin bu ýere gelene meňzeýäň – diýip jogap berdi.

***

Ybraýym Edhem şeýle diýipdir:

– Ýol üstünde ýatan bir daşy gördüm. Onuň ýüzüne «Daşy beýlesine öwür we aşagyna ýazylany oka!» diýlip ýazylypdyr. Daşy beýlesine öwremde, «Eger bilýän zadyňa görä hereket etmeýän bolsaň, bilmeýän zadyňy biljek bolmagyň sebäbi näme?» diýen ýazga gözüm düşdi.

Bu ýolda meniň üçin hiç bir zat kitapdan aýrylmakdan agyr düşmändi. Çünki «Oka!» diýip emir edilipdi.

Bu gün saňa haýsy amal agyr düşýän bolsa, ertir terezide agramy käni şol bolar.

Bir sopynyň öňünde döwlet gapysynyň açylmagy üçin onuň kalbyndan üç perde syrylyp aýrylmalydyr. *Birinjiden*, ebedi yhsanyň öwezine iki älemiň mülküni berjek diýseler, muňa begenmeli däl. Eger ol muňa begenäýse, onuň ýaradylan bir zadyň bardygyna begenýän we heniz açgözlükden saplanmadyk bir adam boldugydyr. *Ikinjiden*, iki jahanyň mülki oňa degişli bolsa we şol zatlary onuň elinden alsalar, bar zadyndan dynandygy üçin gynanmaly däl. Çünki şunuň ýaly ýagdaýa düşeňde gynanmak gaharjaňlygyň alamatydyr. Gaharjaň bolsa azap içindedir. *Üçünjiden*, özüňe bolmalysyndan ýokary baha berip, aldanmaly däl. Çünki özüne bolmalysyndan uly baha berip, aldanan kişiniň yhlasy az bolýar. Yhlasy az bolan kişi bolsa, Hak bilen arasyna perde çekýär. Bu ýolda yhlasyň gaty uly bolmalydyr.

Ýa, Biribar! Meni günä etmek pesliginden uzaklaşdyryp, tagat etmek mertebesine gowuşdyr!

Ýa, Biribar! Seni tanadym diýýän kişi hem Seni tanamandyr. Seni tanadym diýmäge ýüzi ýok kişiniň haly neneň bolarka?

Ýa, Biribar! Saňa ne boldy-da, zady terk etdiň?

***

Öz köşgüni terk edip, derwüşlige ýüz uranlaryň biri bolan Abu Said günleriň birinde Ybraýym Edhemiň ýaşan ýalňyz gowagyna zyýarat edipdir. Ol gowagyň içiniň heniz hem müşk ysyndan bark urup duranynyň şaýady bolupdyr.

***

Bir gezek Ybraýym çölüň içi bilen gidip barýarka, üstleri örtülgi ýatan ýetmiş sany derwüşiň tötänden üstünden barypdyr. Olaryň altmyş dokuzysynyň jansyz bedeni gara ganmyş. Diňe biriniň çala demi gelip-gidýär eken. Ybraýym ondan bu ýagdaýa nädip düşenlerini sorapdyr. Derwüş şeýle diýipdir:

– Ruhy kämillige ýetmegiň ýoly, hakykatdan hem, geçmesi kyn ýol. Ony örän seresaply aşmak gerek. Munuň üçin bir küýze suwuň üstünde öýüň bolmaly. Göze görnüp duran zatlardan beýlebir daşlaşmaly hem däl, oňa gaty golaýlamaly hem däl. Hudaýyň erkine boýun bolan mahalyň edepsiz ýa-da gödek bolup görünmeziň ýaly, ünsli bolmak gerek. Biziň sopy bolandygymyzdan habaryň bolsun. Biz mydama dymyp gezjegimize, Ýaradandan başga hiç kimden gorkmajagymyza, her bir ädimimizi öňümizde duran ruhy maksada görä ätjegimize, Hudaýdan başga zat barada pikir etmejegimize Allatagalanyň öňünde söz berdik. Emma biz mukaddes Mekge şäherine gelen mahalymyz, ol ýerde bizi Hydyr ata garşy aldy. Biz muňa örän şat bolduk. Onuň bilen salamlaşyp, örän hoşaldygymyzy, çünki eden tagallalarymyzyň miwesini berip, oňa duşandygymyzy aýtdyk. Bu sözleri aýdyp-aýtmankak, gaýypdan ýazgaryjy bir owaz geldi:

– Siz Maňa beren sözüňizde durmadyňyz. Eýsem, siz şu wagt meniň tarapymdan ýaradylan birine duşmakdan alýan lezzetiňiziň hatyrasyna Meni, Ýaradanyňyzy ýadyňyzdan çykarmadyňyzmy? Munuň üçin siz ölmeli bolarsyňyz.

Ýaş ýigit, seniň öňüňde dem-düýtsüz ýatanlar, Oňa bolan yşkyň odunda ýanyp şu hala düşdüler. Ybraýym, sen häziriň özünde belli bir karara gel: ýa bu Ýoldan ýöremegiňi dowam edersiň ýa-da öýüňe dolanarsyň.

Ybraýym derwüşden:

– Sen näme bular bilen birlikde ölüp gitmediň? Bu dünýäde bulardan biraz artyk ömür sürmegiňe näme sebäp boldy? – diýip sorapdyr. Derwüş:

– Şu ýatan sopular bu Ýola düşen mahallary dinlerine wepaly, kämillige ýeteňkirlän kişilerdi. Men bolsa düýbünden tejribesi bol-

madyk ýaş ýetginjekdim – diýip jogap beripdir. Soňra ol hem jan beripdir.

***

Bir gezek Ybraýymdan:

– Şalygyňdan ýüz öwürmegiňe näme sebäp boldy? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Günleriň birinde aýnanyň öňünde goýlan sopada otyrdym. Men aýna siňe seredip, onda özümiň ahyrky mekanymy – mazarymy gördüm. Men soňky ýoluma ýeke özüm, ýanymda bir dostum hem bolmazdan gidip barşymy göz öňüne getirdim. Üstesine-de, ýanym bilen o dünýä alyp gider ýaly haýyrdan ýeterlik derejede ýükümi tutmandym. Kyýamat gününde adalatly Kazynyň öňünde hasap bermeli bolamda, günämi ýuwar ýaly elimde hiç zadym bolmajakdy. Şol pursatdan başlap, häkimiýetiň ýüki agyr bir zat bolup egnimden basmaga başlady – diýip jogap beripdir.

– Horasany näme sebäpli terk etdiň? – diýip, oňa ýene bir sorag beripdirler. Ol şeýle jogap beripdir:

– Çünki ol ýeriň adamlary meni tanaýardylar, şonuň üçin hem meniň bilen hal-ahwal soraşyp, ybadatdan ünsümi sowjakdylar.

***

Bir gezek iki derwüş tersleşipdir. Ybraýym olara ýüzlenip:

– Siz garyplykda ýaşamak üçin hiç zat tölemediňiz. Mugt düşeni üçin hem onuň gadyryny bileňzok – diýipdir. Derwüşleriň biri:

– Özüň munuň üçin kän zat tölediňmi? – diýip, gyjalat bermekçi bolupdyr. Ybraýym arkaýynlyk bilen onuň ýüzüne garapdyr-da, şeýle diýipdir:

– Hawa, men garyplygyň öwezine Balh şalygyny berdim, emma derwüş bolmak üçin tölän şu nyrhymy hem az görýärin. Onuň bahasy şalykdan has gymmat, dogan jan!

***

Bir gezek kimdir biri Ybraýyma müň dinar sowgat bermekçi bolupdyr: Ol:

– Men garyplardan sowgat alamok – diýip, puly almandyr. Ol adam özüniň baýdygyny, garyplygyň ýele ýanyndan hem geçmeýänini aýdypdyr. Onda Ybraýym ondan:

– Şu wagta çenli ýygnan baýlygyň saňa ýeterlikmi ýa-da has hem baýamak isleýäňmi? – diýip sorapdyr. Ol adam:

– Elbetde, has hem baý bolmak isleýän – diýip jogap beripdir.

– Diýmek, sen menden garyp ekeniň, çünki men öz garyplygymdan razy we hiç zada mätäç hem däl.

***

Ybraýym Edhem hezretleri şeýle diýipdir:

– Hudaý bilen aramyzda üç perde bar. Şol perdeleriň galkmagy üçin iki dünýäniň baýlygy öňüňde goýlanda hem özüňi bagtly duýmazlyk; şalygyň eliňden gidäýende-de, jinnek ýaljak gynanmazlyk; seni öwüp, arşa çykarsalar hem, muňa buýsanmazlyk gerek.

***

Ruhy kämillige alyp barýan Ýoluň ýolagçylaryna maslahat berip, Ybraýym Edhem hezretleri şeýle diýipdir:

– Eger-de sen hakyky welileriň hataryna goşulmak isleýän bolsaň, bu dünýä barada-da, o dünýä barada-da aladalanmaňy goýup, Hudaýdan başga zatlardan kalbyňy arassala. Bar ünsüňi diňe Hudaýda jemle, halal gazanjyň hasabyna ýaşa. Gijeleriňi uklaman geçir we tiz-tizden agzyňy bekle. Haram ýol bilen gazanan iýmitiň seni ruhy tejribeden mahrum edýär, çünki şonuň ýaly iýmitiň içinde şeýtan oturandyr.

***

– Imansyz ylmyň hiç hili gymmaty ýokdur – diýip, Ybraýym Edhem kän gaýtalar eken.

***

Bir adam Ybraýymdan:

– Sen näme üçin gijeleriňi çirim etmän geçirýäň – diýip sorapdyr. Ol hem:

– Gözlerimden yzygiderli ýaş akyp duransoň, gözlerimi ýummagyň ebeteýini tapamok – diýip jogap beripdir.

***

Ybraýym Edhem hezretleri namaz okap bolanyndan soň, derrew aýalary bilen ýüzüni ýapar eken. Çünki ol okan namazyndan Hudaý razy bolman, ony kabul etmez we ony ýüzüne patladyp urar öýdüp gorkar eken.

***

Batrakçylyk edip gününi aýlaýan biri uzak günüň dowamynda hiç ýere işe durup bilmän, eli boş, gamgyn halda öýüne dolanyp gelýär eken. Aç hallaryna uklamaly boljak çagalary bolsa gözüniň öňünden gitmeýärmiş. Ol ýolda Ybraýym hezretleri bilen garşylaşyp:

– Jenap, sen bagtly adam, men bolsa tüýs bagtygaraň biri – diýip, oňa ýüzlenipdir. Ybraýym oňa şeýle diýipdir:

– Gel alyş-çalyş edeli. Sen maňa derdiňi ber, men hem bagtymdan göwünjeň ýüz öwreýin.

Şeýle diýmek bilen, ol ruhy ejiriň Hudaýyň ýanynda nähili uly ähmiýete eýedigini garyba mälim edipdir.

***

Bir adam Ybraýym hezretlerinden durmuşda näme bilen meşguldygyny sorapdyr. Ol:

– Men dünýäniň işleriniň ählisini adamlara goýdum. Dünýäde demim gelip-gidip durka, mydama Ony ýatlaryn, pikirimde mydama Ol bolar. Sanalgym dolýança bu şeýle dowam eder. Ölenimden soň, Hudaýy görmäge umyt baglaýaryn. Allatagala gulluk edýän kişi başga hiç bir iş bilen meşgullanyp bilmez – diýip jogap beripdir.

***

Bir adam Ybraýym hezretlerinden:

– Ömrüňde bagtly pursatlar bolupmydy? – diýip sorapdyr. Ol şeýle jogap beripdir:

– Derwüşlige ýüz uralym bäri iki gezek ýüzüm güldi. Bir gezek men gaýygyň içinde otyrdym. Saçym hüwjerip durdy, eşiklerim hem

sal-saldy. Duýman durkam bir degişgen adam ýanyma gelip, ýöne bir garagolsyramagyň hatyrasyna meni ýumruklap, üstümden gülmäge başlady. Şol pursat men özümi örän bagtly duýdum, çünki ol meniň nebsimi kemsidipdi. Başga bir gezek ýadawlykdan ýaňa metjidiň içinde uklap galypdyryn. Bir topar adamyň bolup ýatyşyma gaharlary gelip, aýaklarymdan tutagada, meni basgançakdan aşaklygyna oklap goýberdiler. Togalanyp gaýdyşyma basgançaklaryň birine kellämi deşdirdim. Aýaklarym hem döwüldi. Emma her gezek basgançaklara gütläp düşemde, özümiň ruhy taýdan barha kämilleşýänimi duýýardym. Tekiz ýere baryp düşemde, basgançaklaryň sanynyň azdygyna gynandym, çünki has baý ruhy tejribä eýe bolmak isleýärdim.

***

Bir adam Ybraýym hezretlerinden:

– Sen nädip azykly bolýarsyň? – diýip sorapdyr. Ol hem:

– Maňa ýollaýan azygyny nireden alýanyny ony ýollaýanyň Özünden – Hudaýdan sora. Munuň ýaly ownuk-uşak zat bilen meşgullanmaga meniň wagtym ýok – diýip jogap beripdir.

***

Ybraýym hezretleri şeýlebir wakany gürrüň beripdir:

– Bir gezek men satyn alan gulumdan adyny soradym. Ol

– Maňa islän adyňy dakyp bilersiň – diýip jogap berdi. Men ondan:

– Näme iýmek isleýäň? – diýip soradym.

– Beren zadyňy iýäýerin.

– Geýmek isleýän eşigiň barmy?

– Seniň beren eşigiňi geýsem bolany.

Men onuň haýsy işi etmegi halaýanyny soradym. Ol:

– Seniň tabşyran işiňi ýerine ýetirmek isleýärin – diýip jogap berdi.

– Heý, bir isleýän zadyň barmy? – diýip soradym.

– Men ýönekeý bir gul ahyryn. Guluňam bir isläp-islemezi bolarmy?

Men «Hudaýyň guly bolup, Onuň erkine şu gul ýaly tabyn bolup bilsem bolmaýarmy» diýip içimi gepletdim».

***

Bir gezek birnäçe weli dini söhbet etmek üçin ýygnanyşypdyr. Ybraýym hem olara goşulypdyr. Olar derrew öz ýanlaryndan gitmegi ondan haýyş edipdirler. Çünki onuň geýnişinden patyşadygyny syzypdyrlar.

***

Ybraýym hezretleri şeýle diýipdir:

– Dünýäden ýüz öwrüň we Hudaý bilen dostlaşyň – ine, size berjek maslahatym. Altynly haltaňyzyň agzyny çözüň, diliňizi bolsa pugta baglaň. Gürlemäň we gysganman sadaka beriň.

***

Ybraýym hezretleri şeýle diýipdir:

– Ukyny oýalyga, baýlygy garyplyga, şöhraty pälipeslige, bikärligi zähmete çalyşýançaňyz, welileriň ýanyna golaýlamaga hakyňyz ýokdur.

***

Ybraýym hezretleri şeýle diýipdir:

– Hudaýyň öňünde günä iş etjek bolsaňyz, Onuň bagyşlan nygmatlaryndan iýmäň.

Günä iş etmäge hyýallanan mahalyňyz, Onuň şalygyny terk ediň.

Günä iş etmek üçin Onuň görmeýän ýerine gidiň.

Janyňyz damagyňyza gelende, eden günäleriňiz üçin toba eder ýaly, ajal perişdesinden birnäçe pursatlyk ömür diläp alyň.

Ýap-ýaňy jaýlanan adamy soraga çekýän Müňkür hem Nekir atly perişdelere ýanyňyza golaýlaşmaga we eden işleriňiz barada sorag bermäge rugsat bermäň.

Dowzaha ugradanlarynda, ol ýere gitmekden ýüz öwrüň.

Eger-de siziň şu zatlary etmäge güýjüňiz ýetmeýän bolsa, onda hiç haçan günä etmejekdigiňiz barada kasam ediň.

***

– Biziň dogalarymyz näme üçin kabul bolanok? – diýip, özünden soran adamlara Ybraýym hezretleri şeýle jogap beripdir:

– Siz Hudaýyň bardygyny ykrar edýärsiňiz, emma Onuň nesihatlaryna eýermeýärsiňiz, buýruklaryna boýun bolmaýarsyňyz.

Gurhany Kerimi öwrenýärsiňiz, emma özüňizden edilýän talaby ýerine ýetirmeýärsiňiz.

Hudaýyň beren nygmatlaryndan lezzet alýarsyňyz, emma şol nygmatlar üçin Oňa minnetdarlyk bildirmeýärsiňiz.

Dowzahdan gutulmak, jennete girmek üçin jan etmeýärsiňiz.

Şeýtanyň size duşmandygyny bilýärsiňiz, emma oňa duşman hökmünde çemeleşmeýärsiňiz.

Ajalyň ýakaňyzdan tutjagyny bilýärsiňiz, emma ony garşylamaga taýýarlyk görmeýärsiňiz.

Aradan çykan ene-ataňyzy topraga berýärsiňiz, emma ondan ybrat almaýarsyňyz (öleris öýtmeýärsiňiz).

Öz kemçilikleriňiziň köpdügini bilýärsiňiz, emma özgeleriň kemçiligini gözleýärsiňiz.

***

Käbä zyýarat etmek üçin ýola çykan gezegi Ybraýym hezretleri uzakly gün aç galmaly bolupdyr. Onuň öňünde şeýtan peýda bolup:

– Şalygyňdan ýüz öwreniň we Hudaýa gulluk edeniň üçin saňa ýeten paý mukaddes sapar mahalynda-da iýmitsiz oňmak boldumy? – diýip seslenipdir. Ybraýym hezretleri Hudaýa ýüz tutupdyr:

– Öz dostuňyň üstüne duşmanyňy ýollamaň näme?

Şol wagt gaýypdan owaz gelipdir:

– Öz kisäňdäki kümüş pullary zyň!

Ol tötänden kisesine düşen pullary zyňyp goýberipdir welin, şeýtan zym-zyýat bolaýypdyr, Ybraýym bolsa öňki halyna dolanyp gelipdir.

***

Hezreti Ybraýymy tanamaýan bir bag eýesi ony bagban edip işe alypdyr. Günleriň birinde hojaýyny birnäçe süýji nar alyp gelmegini Ybraýymdan haýyş edipdir. Onuň ýygyp gelen narlarynyň hemmesi turşy bolup çykypdyr. Bagyň eýesi:

– Sen bagymda birnäçe aý bäri bagban bolup işleýän hem bolsaň, henize çenli süýji nary turşy nardan tapawutlandyrmagy öwrenmänsiň-ow – diýip, oňa ýüzlenipdir. Ybraýym hezretleri hem:

– Meni miweleri dadyp görmek üçin däl-de, baga ideg etmek üçin hakyna tutdular – diýip jogap beripdir. Bagyň eýesi:

– Birden sen Ybraýym bolaýma? – diýen badyna, Ybraýym hezretleri gürüm-jürüm bolaýypdyr.

***

Ybraýym hezretleri şeýle gürrüň beripdir:

– Bir gezek Jebraýyl perişde düýşüme girdi. Onuň elinde bir kitap bardy. Kitabyň näme hakdadygyny soradym. Ol bu kitaba Hudaýyň dostlarynyň adyny ýazýanyny aýtdy. «Meniň adymy oňa girizmek niýetiň ýokmy?» diýip soradym. Ol: «Ybraýym, sen Onuň dosty däl ahyryn» diýdi. Men: «Ol aýdýanyň dogry, emma meniň, iň bolmanda, onuň dostlary bilen dostlugym bar» diýip seslendim. Jebraýyl biraz dymyp duranyndan soň, şeýle diýdi: «Hudaý maňa seniň adyňy sanawda birinji orunda goýmagy tabşyrdy, çünki ruhy ýolçulykda umyt umytsyzlykdan hasyl bolýar».

***

Bir gezek çöllük ýerde bir esger Ybraýym hezretleri bilen gabatlaşyp, ondan şäheriň salgyny sorapdyr. Ybraýym mazarystanlyga tarap ümläpdir. Gahary gelen esger onuň kellesine urup, erbet ýaralapdyr, soňra bolsa ellerini arkasyna baglap, şähere alyp gelipdir. Adamlar onuň öňüne salyp gelýän kişisiniň Ybraýymdygyny aýdanlarynda, esger:

– Ol maňa ters ýoly salgy berdi ahyryn! – diýip, özüni aklamaga çalşypdyr. Onda Ybraýym:

– Şäher – bu ilatyň sanynyň günsaýyn artýan ýeri bolmaly. Biziň şäherimizde bolsa, ol azalmak bilen. Mazarystan bolsa barha ulalýar. Eýsem, mazarystanlyk günsaýyn ulalýan şäher dälmi? – diýip seslenipdir. Esger Ybraýym hezretlerini tanap, onuň öňünde dyzyna çöküpdir. Ybraýym hezretleri bolsa:

– Maňa gödek daramak bilen, sen jennete girmegime artykmaç bir mümkinçilik döretdiň. Şonuň üçin hem, maňa şu eden ýagşylygyň üçin Ýaradandan saňa-da jennetini nesip etmegini dileýärin – diýipdir.

***

Bir gezek serhoş ýol bilen gelýär eken. Tozandan ýaňa onuň ýüzi gasmaklap gidenmiş. Ybraýym hezretleri onuň agzyny örtüp duran gumy süpürip durşuna:

– Allatagalanyň adyny tutýan agyz mydama arassa bolmalydyr – diýipdir. Ýaňky serhoş serhoşlykdan aýňalanyndan soň, öz bolşuna utanypdyr, puşman edipdir we içmesini goýupdyr. Gije ýatyrka, Ybraýymyň düýşüne perişdeler girip, oňa şeýle diýipdirler:

– Serhoşyň agzyny süpüreniň we oňa ýagşylyk edeniň üçin, Allatagala seniň kalbyňy ýaman niýetleriň ählisinden tämizledi.

***

Bir gezek Ybraýym hezretleri derýanyň o tarapyna geçmek üçin gaýyga münüpdir. Birdenkä gaý turup, adamlaryň zähresi ýarylypdyr. Ybraýym jübüsinden Gurhany Kerimi çykarypdyr-da:

– Gaýyk gark bolsa, bu Kitap hem zaýa bolar. Emma bu asla bolup biljek zat däl – diýip seslenipdir. Edil şol wagt hem gaýypdan:

– Biz bu gaýygyň gark bolmagyna ýol bermeris – diýen owaz gelipdir.

## BIŞR HAFY

Jihat meýdanynyň esgeri, görgürlik saraýynyň bezegi, hak ýoluň işçisi, ýetişenlik otagyndaky kämil är, ruhy ülkeleriň hökümdary Bişr Hafy saýlantgy sopularyň biridi. Oňa Fudaýl ibn Aýazyň söhbetlerini diňlemek miýesser edipdir.

Bişr Hafynyň başda toba gelmegine bir waka sebäp bolupdyr. Bir gün ol mes bolup, yraň-dyraň edip barýarka, ýüzüne «Bismillähir-rahmänirrahiým» diýlip ýazylan kagyzyň ýoluň üstünde bulaşyp ýatanyny görüpdir. Ol kagyzy garbap alypdyr-da, müşk satyn alyp, oňa gowy ys beripdir, gözlerine sylypdyr we uly hormat bilen bir belent ýere galdyryp goýupdyr.

Şol gije abraýly kişileriň biri düýş görüp, düýşünde gulagyna: «Bişre baryp aýt, ol Biziň adymyzy beýgeltdi, biz-de onuň özüni beýgeltdik, adymyzy tämizläp, arassa hala getirdi, biz-de onuň özüni päkledik. Dünýäde-de, ahyretde-de onuň adyny gowy adamlaryň atlarynyň hatarynda tutular ýaly etjegime gudratymdan ant içýärin» diýen owaz gelipdir. Ol oýanyp, öz-özüne: «Bişr günäkär kişidir, gören düýşüm asylsyzdyr» diýipdir we ýerinden turup, täret alyp, namaz okapdyr-da, ýene uka gidipdir. Emma bu gezek hem düýşünde gulagyna şol bir owaz gelipdir. Bu ýagdaý üç gezek gaýtalanypdyr.

Düýş gören abraýly kişi ertesi ir bilen öýünden çykyp, Bişriň gözlegine çykypdyr. Oňa gözleýän kişisini meýhanadan tapjagyny aýdypdyrlar. Ol meýhananyň gapysynyň agzynda saklanyp, bir kişiden Bişri çagyryp bermegini haýyş edipdir. Bişr eýýäm serhoş bolmaga ýetişen eken. Ony çagyrmagy boýnuna alan adam ýanyna gelip, daşarda duran kişiniň oňa bir habar getirenini mälim edipdir.

Bişr:

– Git-de, kimden habar getirenini sora – diýipdir. Habar ýollanyň Allatagaladygyny eşideninden soň bolsa:

– Eý-waý, işim gaýtdy, Allatagala maňa ýazgaryandygyny aýtmagy tabşyrandyr – diýip lapykeç bolupdyr. Habar gatnadýan adam ýene daş çykyp gelip:

– Ýagdaý seniň çak edişiň ýaly däl eken – diýipdir.

Bişr daşarda duran adamyň ýanyna baryp, onuň aýdanlaryny diňläpdir-de:

– Dostlarym bilen gürleşýänçäm biraz garaş – diýip seslenipdir. Ol meýhanada oturan dostlarynyň ýanyna gelip, olara:

– Dostlar, meni başga bir ýere çagyrypdyrlar, şol ýere gidýärin. Sizi-de Allatagala tabşyrýaryn. Gaýdyp meni bu meýhanada görmersiňiz – diýipdir-de, hoşlaşyp çykyp gidipdir.

Ol perişan şekilde, başy açyk, aýakýalaň halda daşary çykyp, toba edipdir. Şol günden soňra şol jelegaýda ony gören kişi bolmandyr. Bişr terkidünýälige baş urup, erkini bir weliniň eline beripdir. Şondan soňra onuň aýakgap geýenini gören bolmandyr. Şol hem oňa Hafy (aýakýalaň gezýän) lakamyny bermeklerine sebäp bolupdyr. «Näme üçin aýakgap geýmeýärsiň?» diýip soranlara bolsa: «Allatagalanyň öňünde baş egip, toba eden günüm aýagym ýalaňaçdy. Indi aýakgap geýmekden utanýaryn. Üstesine-de, Hak tagala: «Biz ýer ýüzüni siziň üçin düşek etdik» («Bakara», 2/22; «Nuh», 71/19) diýýär. Patyşanyň ýazan düşeginiň üstünde aýakgaply ýöremek edeplilik däldir» diýip jogap berer eken.

***

Ilden çete çekilip, ybadata berlenleriň käbirleri uly täretlerini bozan mahallary kesek, tezek ýaly zatlary ulanmandyrlar we ýere tüýkürmändirler, çünki olar ähli zady Allatagalanyň nurunyň syry hasaplapdyrlar. Bişr hem şolaryň biridi. Hatda Allahyň nury «görer gözi» bolany sebäpli, Ondan başgasyny görmezdi. Allatagalanyň nury bir kişiniň görer gözi boldugy Ýaradandan başga zat gözüne görünmezmiş. Mysal üçin, Allahyň Resuly (s.a.w.) Saglabanyň jynazasynyň yzyndan ýöräp barýarka, daraklygyna basmaga jan

edipdir we «Perişdeleriň aýagymyň astyna düşmeginden gorkýaryn» diýipdir. «Perişdeler nähili zat bolýar?» diýip soranlarynda, ol: «Olar Allahyň nurudyr! Imanly kişi Allatagalanyň nury bilen görer» diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ahmet ibn Hanbal tiz-tizden Bişriň ýanyna gider eken. Ol lükgeligi bilen oňa baglanyp oturyberipdir. Bir gün şägirtleri oňa ýüzlenip:

– Sen hadysdan, fykyhdan baş çykarýan müjtehit alymsyň, dürli ylymlarda saňa taý gelip bilýän adam ýok. Muňa garamazdan, bir sallam-sajak eşikli adamyň ýanyna gidýärsiň. Bu saňa ýaraşýarmy? – diýipdirler. Şonda Ahmet:

– Hawa, ýaňky sanan ylymlaryňyzyň ählisini men ondan has gowy bilýärin. Emma ol beýik Allatagalany menden has gowy tanaýar – diýip jogap beripdir. Soňra ol Bişr hezretleriniň ýanyna gidip: «Maňa gudraty güýçli Allatagala barada gürrüň ber!» diýip haýyş edipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Bilal Hawwas şeýle diýipdir: «Ysraýyl tiresine degişli çöl bilen barýarkam, garşymdan biri çykdy. Men «Şu Hydyr ata bolsa gerek» diýip içimi gepletdim we:

– Allatagalanyň haky üçin özüňizi tanadyň! – diýip, oňa ýüzlendim. Ol:

– Men seniň doganyň Hydyr – diýip jogap berdi.

– Ymam Şapygy hakda näme aýdyp bilersiň? – diýip soradym.

– Ol öwlatlardandyr – diýdi.

– Ahmet ibn Hanbal hakda näme aýdarsyň? – diýip, ýene bir sowal berdim.

– Ol syddyhlardandyr – diýdi.

– Bişriň derejesi nähilidir? – diýip soraman durup bilmedim. Ol:

– Ondan soňra onuň ýaly bir kişi dünýä geljek däldir – diýip jogap berdi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Bişr hezretleri kyrk ýyllap oda gyzardylan et iýmegiň höwesinde gezipdir, emma ony satyn alar ýaly puly bolmandyr. Ol kän ýyllap gatlama iýesi gelip gezse-de, onuň hem tagamyny dadyp görmändir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Bişr hezretleri: «Halaldygy şübheli bolan puluň hasabyna gazdylar» diýip, soltanlar tarapyndan gazdyrylan ýaplardan suw içmez eken.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Bişr hezretleri bir sopynyň bir soraga beren jogabyny düşündirip, şeýle diýipdir: «Allatagala töwekgellik etmek hiç haçan adamlardan zat almazlygy ýüregiňe düwmekdir».

***

Rowaýat etmeklerine görä, Bişr şeýle diýipdir: «Bir gün öýüme gelip, bir adamyň maňa garaşyp oturanyny gördüm we ondan:

– Kim bolarsyň? Rugsat berilmezden, içeri girip oturmaň näme? – diýip soradym. Ol:

– Men seniň doganyň Hydyr – diýdi.

– Meniň üçin doga etsene – diýip haýyş etdim.

– Allatagala tagat etmegi saňa aňsatlaşdyrsyn – diýdi.

– Ýene bir doga edip ber – diýdim. Şonda ol:

– Tagatyňy gizläp saklamagy saňa nesip etsin! – diýip seslendi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir adam Bişr hezretleriniň huzuryna gelip:

– Halalyndan iki müň altyn gazandym. Şonuň hasabyna haja gitmekçi bolýaryn. Muňa näme diýersiň? – diýip maslahat sorapdyr. Bişr:

– Sen haja tomaşa etmek üçin gidýän bolmaly. Eger haja Hakyň razylygyny gazanmak üçin gitmekçi bolýan bolsaň, onda birnäçe ýoksulyň bergisini ber ýa-da bir ýetime, ýa bolmasa, çaga-çugasy köp bolan birine bu puluňy ber. Çünki olaryň kalbyna aralaşjak rahatlygyň gazandyrjak sogaby ýüz hajyň gazandyrjak sogabyndan kändir – diýipdir.

– Emma men has köp haja gitmek isleýän.

– Aýdanyňa ynanýan, emma onuň başga bir sebäbi bar. Sen bu baýlygy dogry ýol bilen gazanmadyk bolmaly. Şol sebäpli-de ony nädogry bir şekilde sowup gutarmazdan, rahatlyga gowuşmajaga meňzeýäň.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek Allahyň Resuly (s.a.w.) Bişriň düýşüne girip:

– Allatagalanyň seni beýlekilerden tapawutlandyryp, mertebäňi beýgeltmeginiň sebäbini bilýärmiň? – diýip sorapdyr. Ol hem:

– Ýa, Allahyň Resuly, meniň mundan habarym ýok – diýip jogap beripdir.

– Sen meniň sünnetime eýerdiň, salyh kişilere hormat goýduň, dost-ýarlara öwüt berdiň we sahabalardyr ehli-beýtimi söýdüň. Şol sebäpli hem seni sadyklaryň hataryna goşdurdym – diýip, Muhammet alaýhyssalam oňa habar beripdir.

***

Bişr Hafy şeýle diýipdir: «Bir gije düýşümde hezreti Alyny görüp, ondan:

– Ýa, imanly kişileriň emiri! Maňa bir nesihat ber – diýip haýyş etdim. Ol: «Rahmandan sogap hantama bolup, baýlaryň garyplara duýgudaşlyk etmekleri neneňsi gowy! Ýaradanyň keremine bil baglap, garyplaryň baýlaryň ýanynda özlerini buýsançly alyp barmaklary bolsa has hem gowudyr» diýdi.

***

Bişr Hafy şeýle diýipdir: «Dünýäde gadyrly bolmak isleýänler üç zatdan, ýagny zerur zatlaryny ýaradylanlardan dilemekden, kimdir

birine erbet söz aýtmakdan, kimdir birine myhman bolmakdan gaça dursunlar!

Syýahat ediň, çünki suw akyp ýatan mahaly gowy bolup, ýata hala gelende yslanýandyr!

Adamlaryň arasynda meşhur bolmak isleýän kişi ahyretiň lezzetini datmaz.

Dünýäde hormat goýlup ýaşamakdan başga zada peýdasy bolmaýan kanagatkärlik hakyky kanagatkärlikdir.

Adamlaryň arasynda meşhur bolmagy arzuw edýän bolsaň, bilip goý: dünýä bolan söýgi şondan başlanýandyr.

Arzuwlaryň bilen aralygyňa demir diwar galdyrmasaň, ybadatdan lezzet almarsyň.

Eliň ýuka wagty jomartlyk etmek, adam-garasyz ýerde ýokary derejede takwa bolup galmak, eýmenýän kişiňiň ýanynda dogryňy aýtmak iň kyn işlerdendir.

Halaldygy şübheli bolan zatlary doly terk etmek we mydama berjek hasabyňy göz öňünde tutup ýaşamak takwalygyň iň ýokary derejesidir.

Terkidünýälik islegdir tamadan päk bolan köňülden başga ýerde karar tapmaýan soltandyr.

Gussa öz karar tapan ýerinde başga bir zadyň bolmagyny asla islemeýän soltandyr.

Bir gula berlen zatlaryň iň gowusy Allatagalany tanamak we ýoksullyga sabyr etmekdir.

Eger Allatagalanyň ýakyn dostlary bar bolsa, olar aryflardyr.

Sopy Allatagalanyň huzurynda kalby päk bolan kişidir.

Aryflary Hak tagaladan başgasy tanamaýar we olara diňe Allatagalanyň razylygyny gazanmak üçin hormat goýulýar.

Kim erkinliginiň lezzetini datmak isleýän bolsa, oňa «Syryňy paş etme» diý.

Kim Hakyň razylygyny gazanmak üçin dogry we tüýs ýüreginden amal edýän bolsa, muny görkezmäge halkdan utanar.

Bu dünýä köňül berenlere salam bermegi terk etmek arkaly salam beriň».

***

Bir gezek Bişr Hafy şeýle diýipdir:

– Öz öýüňde mazardakydan artyk zat goýma. Şeýle etseň, bu dünýäni terk edeniňe gynanmarsyň.

***

Welileriň biri aradan çykan Hafy hezretlerini düýşünde görüp, ondan Hudaýyň özüni nähili garşylandygyny sorapdyr. Hafy hezretleri şeýle jogap beripdir:

– Hudaý gahary gelýän ýaly edip, ýüzüni çytdy-da, menden: «Hafy, sen dirikäň näme sebäpli Menden beýle gaty gorkduň? Eýsem Meniň rahman hem rahymdygymy bilmeýärdiňmi?» diýip sorady. Soňra-da sözüni dowam edip: «Indi sen Maňa gulluk etmäge sarp edýän wagtyňdan köp bölegini alar öýdüp gorkmakdan ýaňa, Meniň hatyram üçin ýüz öwren iň bir saýlama naharlaryňdan hem içgileriňden lezzet alyp bilersiň» diýdi.

## *ZÜNNUN MÜSRI*

Dünýäde salamat gezmekden ýüz öwrenleriň ýolbeledi, kyýamatyň ýaşaýjylarynyň çyragy, mertebeliligiň we terkidünýäligiň delili, magryfetiň we töwhidiň soltany, «Fakyrlygyma buýsanýaryn» diýen jümläniň şaýatnamasy, öz döwrüniň kutby Zünnun Müsri tasawwufçylaryň hökümdarlarynyň biri bolup, belabeterlerden daşda bolmagy we sag-salamat gezmegi özüne rowa görmändir. Töwhidiň syrlary babatda inçeden yzarlap, şoňa görä-de hereket edýärdi. Görkezen keramatlarynyň sany-sajagy ýokdy.

***

Zünnun hezretleri toba edişini gürrüň berip, şeýle diýipdir: «Pylan ýerde bir ybadathon kişi bar» diýip, habar alan badyma, oňa zyýarat etmek üçin ýola düşdüm. Baryp görsem, ol bir agaçdan başşak asylypdyr-da:

– Eý, bedenim (nebsim)! Ybadat we tagat etmäge maňa rugsat ber, ýogsam, açlygyňdan ölýänçäň sen şu şekilde durarsyň – diýip gaýtalaýardy. Onuň bolşuny görüp, agym tutdy. Ybadathon kişi aglaýanymy eşidip:

– Haýasy az, günäsi köp birine rehimi inen kişi kim bolar? – diýip seslendi. Şondan soň onuň öňüne geçip salam berdim we:

– Bu näme etdigiň bolýar? – diýip soradym. Ol:

– Şu meniň bedenim Hak tagala boýun bolmak islemeýär, adamlar bilen barabar bolmagy höweslenýär – diýip jogap berdi.

Men bolsa ol bir musulmanyň ganyny dökendir ýa-da uly bir günä edendir öýdüpdim. Ybadathon:

– Bu halk bilen garyşyp-gatyşansoň, yzyndan islendik zada garaşybermelidir – diýip aladaly seslendi.

– Terkidünýälikden jyda düşerin öýdüp gorkýarmyň? – diýip, men hem ondan elimi çekmedim. Ol:

– Menden hem terkidünýä birini görmek isleýäňmi? – diýdi.

– Isleýärin.

– Onuň ýaly bolsa, şu görünýän daga tarap git.

Ybadathon kişiniň salgy beren dagynyň etegine baryp, bir külbäniň gapysynyň agzynda oturan ýetginjegi gördüm. Onuň aýagynyň biri gapynyň iç tarapyndady, beýlekisi bolsa daş tarapynda kesilgi ýatyrdy we onuň ganjaryp duran ýerinde gurtlar mygyl berýärdi. Men onuň ýanyna baryp, halyny soradym. Ol:

– Bir gün külbämde ýeke özüm otyrdym. Bir zenan maşgalanyň bärligine ýönelenini görüp, koňlüm ony isledi we oňa lak atmak üçin daşary çykmaga hyýallandym. Aýaklarymyň birini ýaňy bir külbämiň gapysyndan daşary çykaryp-çykarmankam, gulagyma:

– Hiç utanmaýarmyň? Otuz ýyldan bäri gudraty güýçli Allatagala ybadatdyr tagat edýärsiň, şindi bolsa şeýtana uýmaga hyýallanýarsyň – diýen ses eşidildi. Men şobada daşary uzadan aýagymy kesip taşlap, «Indi gözüme näme ilerkä, maňa näme ederkäler?» diýip, aşak çökdüm. Häzir hem şol oturyşym. Günäkärleriň ýanynda seniň näme işiň bar? Eger Allatagalanyň razy boljak adamlaryndan birini görmek isleýän bolsaň, dagyň depesine çyk.

Dag örän belent bolansoň, onuň depesine çykyp bilmedim we gelip, ýetginjekden ol ýerde ýaşaýan kişi barada gürrüň bermegini haýyş etdim. Ol:

– Birnäçe wagt bäri ol ybadat bilen meşguldy. Bir gün biri «Ryskyň sebäbi kesp-kärdir» diýip, onuň bilen jedelleşmäge başlapdyr. Ol hem: «Adam oglunyň edýän käri bilen bagly hiç bir zady iýmerin» diýip, Allatagala bilen wadalaşdy. Birnäçe günläp hiç zat iýmedi. Şondan soň, töwereginde öý ýasanyp, oňa bal bermekleri üçin Allatagala onuň bolýan ýerine bal arylaryny gönderdi – diýip, bu täsin adamyň tarypyny ýetirdi.

Men görüp-eşidenlerimden soň, gudraty güýçli Allatagala töwekgellik eden adamyň aladasyny Biribaryň özüniň edýändigini, yhlasyny

puja çykarmaýandygyny aňladym. Soňra bolsa ýene ýola rowana boldum. Şol gidip barşyma, ýoluň gyrasyndaky agaja gonan kör guşa gözüm düşdi. Men: «Bu biçäre içjek suwuny, iýjek iýmini nireden tapýarka?» diýip içimi gepletdim. Guş derrew aşak inip, ýere gondy--da, çokjasy bilen ýer peşemäge başlady. Onuň peşäp duran ýerinde iki sany ýalpyldawuk gap göründi. Gaplaryň biri altyndan, beýlekisi bolsa kümüşdendi. Olaryň birinde ak künji, beýlekisinde gül suwy bardy. Guş künjüden iýip, gül suwundan içeninden soň, ýene uçup, agaja gondy. Ýaňky gaplar hem bir ýere sumat boldular. Bu bolan işi synlap durkam, birdenkä mende «töwekgel etme haly» peýda boldy.

Soňra ol ýerden aýrylyp, birnäçe menzil ýol aşdym. Gidip oturyşyma, agşamara bir harabanyň üstünden bardym. Bu ýerden bir küýze altyn tapdym. Küýzä gapak bolup duran tagtanyň ýüzüne gudraty güýçli Allatagalanyň ady ýazylgydy. Harabanyň içinde başga-da gijelemäge galan kişiler bardy. Olar altynlary paýlaşdylar. Men:

– Küýzäniň agzyndaky tagtany maňa beriň, onuň ýüzüne dostumyň ady ýazylypdyr – diýip, ony elime alyp öpdüm. Şu hereketimiň berekediniň hormatyna halym bir uly mertebä ulaşyp, bir gije düýşümde:

– Eý, Zünnun! Beýlekiler altyndyr kümşe topuldylar. Sen bolsa olardan has gymmat bolan zady – meniň adym ýazylan tagtany diläp aldyň. Biz hem hökman seniň öňüňde ylym we hikmet gapysyny açarys – diýip, özüme ýüzlenilendigini eşitdim. Şol gijäniň ertesi bolsa ýaşaýan şäherime dolanyp geldim.

***

Zünnun hezretleri şeýle diýipdir: «Bir uly deryanyň kenaryna bardym. Onuň kenarynda bir köşk seleňläp durdy. Köşgiň içine girip, täret kyldym. Täret kylyp bolup, daşary çykdym. Birdenkä köşgüň üçegine tarap gözümi aýlanymy duýman galypdyryn. Köşgüň balkonynda duran örän owadan bir çora gözüm düşäýmezmi. Onuň bilen tanyşmak isläp:

– Eý, çory, kim bolarsyň? – diýip soradym. Çory hem:

– Eý, Zünnun! Uzakdan synlap, seni dälidir öýtdüm, ýakynlaşaňsoň alyma meňzetdim, has golaýa gelen mahalyň hem aryfdygyň

baradaky netijä geldim. Soňra bolsa dykgat edip, bularyň hiç birisi hem däldigiňi aňladym – diýip jogap gaýtardy.

– Pikiriňi üýtgetmegiňe näme sebäp boldy? – diýdim. Çory:

– Eger däli bolsaň, täret almazdyň, alym bolsaň, nämähreme bakmazdyň, aryf bolsaň hem Hakdan başgasyny görmezdiň – diýip seslendi-de, bir ýerlere gaýyp boldy.

Şeýlelik bilen, onuň ynsanlardan däldigi, meni ägä etmek üçin gelendigi belli boldy. Şol wagt kalbyma ot düşdi we deňze ýetmäge howlukdym. Barşyma-da gämä münüp oturan birtopar adamyň arasyna goşuldym. Deňiz bilen ýüzüp barýarkak, bir täjiriň gymmatbaha daşynyň ýitendigi mälim boldy. Hemmeler daşyň ýitmegini menden gördüler. Ejir baryny çekdirseler hem, agyzlaryna gelenini diýseler hem, sesimi-üýnümi çykarmaýardym. Halys bolmansoň, men:

– Rebbim, näme etmelidigini özüňden gowy biljek ýok! – diýip seslendim. Derrew suwuň ýüzünde müňlerçe balyk peýda boldy. Her biriniň agzynda-da bir gymmatbaha daş bardy. Daşlaryň birini alyp, gämidäkilere uzatdym. Olar bu bolan işi görüp, aýaklaryma ýykylyp, ötünç dilediler».

Şol wakadan soňra oňa Zünnun (balyklaryň hojaýyny, balykçy) diýmäge başlapdyrlar.

***

Rowaýat etmeklerine görä, biri Zünnun hezretleriniň ýanyna gelip:

– Bergim bar we ony bermäge hiç zadym ýok – diýipdir. Zünnun ýerden bir daş alyp, onuň eline tutdurypdyr. Ýaňky adam daşy eline alyp, bazara barypdyr. Barýança, daş zümerrete öwrülen eken. Ol bu zümerreti dört ýüz dirheme satyp, bergisinden dynypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, mydama sopulary inkär edip ýören bir ýetginjek bar eken. Bir gün Zünnun oňa ýüzügini berip:

– Pylan çörekçiniň ýanyna git we muny bir altyna derek oňa girewine ber – diýipdir. Ýetginjek ýüzügi alyp, çörekçiniň ýanyna barsa-da, ony bu baha girewine almakdan ýüz dönderipdir. Ýaňky ýigit

yzyna dolanyp gelip, ýüzügi bir dirhemden artyk puluň öwezine girewine almaýandyklaryny habar beripdir. Zünnun hem:

– Onuň ýaly bolsa, ýüzügi pylan zergäriň ýanyna alyp baryp, bahasyny kesgitläp bermegi haýyş et – diýipdir. Ýetginjegiň alyp baran ýüzügini iki müň altyna bahalapdyrlar. Ol ýene yzyna dolanyp, bu wakany gürrüň berensoň, Zünnun:

– Ine, sopularyň haly bilen deňeşdireňde seniň ylmyň çörekçiniň bu ýüzük hakda bilýäni ýalydyr – diýip seslenipdir.

Şondan soňra ýetginjek toba edipdir we sopulary inkär etmegini goýupdyr.

***

Bir gezek Zünnunyň aýal dogany onuň Gurhany Kerimi okap oturanynyň üstünden barypdyr. Şol wagt ol Hudaýyň Ysraýyl halkyna iýmit gönderişi hakdaky aýaty okap otyr eken. Aýal dogany bu sözleri eşiden badyna, özüni aşak goýberipdir-de, doga etmäge we Hudaý özüne nahar gönderýänçä, oturan ýerinden turmajagyny aýdyp, ant içmäge başlapdyr. Şobada asmandan dürli tagamlar inipdir. Zenan maşgala aýak üstüne galyp, çöli nazarlap ugrapdyr. Şondan soňra ony gören ýa-da ol hakda bir zat eşiden kişi bolmandyr.

***

Zünnun hezretleri şeýle bir wakany gürrüň beripdir:

– Bir gezek men dagyň gerşine çykyp, ol ýerde dürli kesellerden ejir çekýän adamlaryň uly toparynyň oturandygyny gördüm. Olar gowakda ýaşaýan weli kişä garaşýardylar. Bu weli ýylyň dowamynda diňe bir gezek iliň arasyna çykar eken. Şonda ol ilki asmana seredip, soňra näsag adamlara tarap çüfleýär eken welin, olar kesellerinden saplanaýýarmyş. Men hem onuň daşary çykmagyna garaşyp başladym. Weli ahyry gowagyndan çykyp, ýanymyza geldi. Onuň ýüzünden nur ýagyp durdy. Garrap, tapdan gaçandygy görnüp duran hem bolsa, göwnüňe, onuň daş keşbi dagyň zähresini ýaryp, dag ýöne saňňyldap duran ýalydy. Weli ilki asmana nazar aýlady. Soňra musulmanlar ýeke-ýekeden onuň ýanyna ýakynlaşyp ugradylar. Ol çüflän badyna, näsaglar tut ýaly bolaýýardy. Men ol ýaňy bir gowaga girmekçi bolanda ýanyna baryp, donunyň syýnyndan ýapyşdym-da:

– Sen adamlaryň keselli beden agzalaryny sagaldýarsyň. Meniň bolsa ruhum keselli. Maňa bu dertden gutulmaga ýardam ber – diýdim. Ol:

– Zünnun, menden daşrak dur-da, syýnymy goýber, ýogsam, bir-birimiz baradaky aladany özümize goýup, Hudaýyň bizi terk etmegi mümkin – diýip seslendi. Ol şeýle diýdi-de, donunyň syýnyny çekip alyp, gowaga girip gitdi.

***

Bir gezek Zünnun hezretleri şeýle diýipdir:

– Men otuz ýyllap wagyz etmek bilen meşgullandym. Emma wagyzlarymdan özi üçin diňe bir adam peýda tapdy. Ol şazada eken. Bir gezek wagyz edip durkam, ol metjidiň deňinden geçip barşyna: «Özünden güýçli bilen söweşýän adamdan akmagy tapmarsyň» diýen sözlerimi eşidäýipdir. Şazada meniň ýanyma gelip, bu sözleriň manysyny ýorup bermegimi haýyş etdi. Men:

– Bu sözlerden Hudaý bilen bäsleşýän adamyň baryp ýatan akmakdygy hakdaky many gelip çykýar – diýip jogap berdim. Ol çykyp gitdi we ertesi ýene ýanyma gelip, Hudaýa gowuşdyrjak ýoly salgy bermegimi haýyş etdi. Men:

– Iki ýol bar: olaryň biri beýlekisinden uzynrak. Ýollaryň uzyny dünýäden, isleglerden we günä işlerden; has çalt geçilýän we gysga ýol bolsa Hudaýdan gaýry zatlardan ýüz öwürmegi talap edýär – diýdim. Ol:

– Men ýollaryň gysgasyny saýlaýaryn – diýip, gymmat bahaly eşiklerini çykaryp taşlady we ýapynja bürendi-de, tokaýda ýaşamaga başlady. Ol şol ýerde magryfete gowuşdy.

***

Zünnun hezretleri şeýle diýer eken:

– Weli kişiler hiç wagt puluň yşkyna düşmeýärler.

Hudaýyň gözüne ýigrenji bolup görünýän adam garyp düşmekden gorkar.

***

Zünnun hezretleri şeýle diýipdir:

– Adamyň ruhuna alty zat zyýan ýetirýär:

1. Ýagşy işleri harsal ýerine ýetirmek.
2. Şeýtanyň maslahatlaryna uýmak.
3. Ajalyň söbügiňe düşüp ýörenine üns bermezlik.
4. Ýaradan mahluklarynyň göwnüni awlamak arkaly Ýaradany razy etmäge çalyşmakdan ýüz öwürmek.
5. Arzuw-islegleriň pidasy bolmak we Pygamberiň hem-de onuň sahabalarynyň ýörän dogry ýolundan azaşmak.
6. Saýlap alan ýalňyş ýola düşeniňi aklamak üçin welileriň goýberen säwliklerine salgylanmak, olaryň eden ýagşy işlerini ýatlamakdan bilgeşlin gaça durmak.

***

Zünnun hezretleri şeýle diýipdir:

– Ýaradylan zady söýýäni Hudaý halamaýar.

Ýalňyzlyk ruhy kämillige eýe bolmak isleýän kişi üçin iň gowy halypadyr.

Eden günäsine tüýs ýüreginden puşman edýän kişiniň günäsi geçilýär.

Allatagalanyň zikri ruhumyň iýmitidir.

Sema islegleriň ählisini bejermegiň aýratyn bir ýoludyr. Ony imanly kişi diňlese, Hudaýa tarap barýan ýoly tapýar; duýgularynyň islegini kanagatlandyrmak üçin diňleýän kişi bolsa dinden çykýar.

Hudaýa töwekgellik etmek beýleki ähli serişdelerden we edilýän tagallalardan ýüz öwürmegi aňladýar.

Hudaýyň dostlaryny söýmek Hudaýyň özüni söýmekdir.

Ýaradylan zatlara söýgüden ýüz öwürmek Hudaýa bolan yşkyň peýda bolmagynyň alamatydyr.

Zerre ýaly iman dünýäniň ähli baýlygyndan gymmatlydyr, çünki ol halas bolmagyň ýoluny arçaýar.

Dünýälik zatlaryň ählisini halamazlyklary we ýaradylan zady hiç haçan öwmezlikleri imanly kişileriň alamaty bolup durýar.

Ýaradylan dünýäni söýýän kişi dinsiz pyrgunyň (faraonyň) hakyky nökeridir. Allatagala ýakynlaşan kişi hiç wagt ýaradylanyň kömegine bil baglamaýar.

Hudaýy görendigini aýdýan adam Ony hiç haçan gören däldir. Ony gören kişi bu barada dil ýarmaýar.

Öz mürşidiňe hatda Hudaýyň özüne tabyn bolşuňdan hem güýçli tabyn bolmazdan, hakyky mürit bolunmaýar.

Her pursatda ölmäge taýyn bol we iň soňky ýoluňa ýanyň bilen alyp gitjek zadyňy jemläp goý.

Kyýamat gününde hasaba çekilmezden ozal eden işleriň üçin özüňe hasabat ber.

Adamyň dymmagy halas boldugydyr.

Hudaýy unutmaga mejbur edýän dünýäniň näme gymmaty bolup biler?!

Günä edýän kişiniň özüni ýigrenmän, çünki onuň ölüm ýassygynda ýatyrka toba etmegi, Allatagalanyň hem tobasyny kabul edip, mertebesini beýgeltmegi bolup bilmejek bir zat däl.

***

Ölüm ýassygynda ýatan Zünnun hezretlerinden näme isleginiň bardygyny sorapdyrlar. Ol:

– Men ölmegimiň birnäçe pursat öň ýanynda haçan öljegimi habar bermeklerini isleýärin – diýip jogap beripdir-de, aşakdaky goşgy bendini okapdyr:

Hudaýdan gorkyma hassalandym men,
Oňa duşmak isläp, dyndym erkimden.
Oňa bolan söýgim meni öldürdi,
Emma Hudaý janlandyrdy gaýtadan.

Günleriň birinde Hüseýin ibn Ýusup hezretleri din bilen bagly nesihatlaryny diňlemek üçin Zünnun hezretlerini zyýarat edipdir. Öý eýesi oňa ýüzlenip:

– Söhbet edip, ünsümi bölme, çünki men häzir Haýranlyk jülgesinde durun we Allatagalanyň rehmetiniň maňa tarap inip gelşini synlaýaryn – diýipdir hem-de şobada jan beripdir.

Ol aradan çykan badyna, adamlar göze görünmeýän bir eliň onuň maňlaýyna arap harplary bilen «Ol – Hudaýyň halany. Hudaýyň söýgüsi oňa ajal gönderdi. Onuň janyny Allatagalanyň gylyjy aldy» diýen sözleri ýazandygyny görüpdirler.

***

Zünnunyň jesedi salnan tabydy köçe bilen alyp barýarkalar, tabydy Günden goramak üçin guşlar üstüne ganatlaryny geripdirler. Tabydy metjidiň deňinden alyp geçenlerinde bolsa, azançy azan aýtmaga başlapdyr. Şol wagt tabytda ýatan weliniň bir barmagy ýokary galypdyr. Adamlar geň galyşyp, oňa jan girendir öýdüpdirler, emma bu beýle däl eken. Emma mazaryň içine goýan wagtlary hem onuň barmagy aşak inmändir.

***

Zünnun hezretleri aradan çykanyndan soň, adamlar dinsiz hasaplan adamlarynyň uly weli bolandygyna akyl ýetiripdirler.

## *BAÝEZIT BISTAMY*

Aryflaryň soltany, hakykaty yzlaýan alymlaryň delili, hudaýtarapyn halypa, bakylyk sütüni, mahrumyýet äleminde bişişen, wagtyň şyhy Abu Ýezit Bistamy şyhlaryň iň ulusydy, welileriň iň görnüklisidi. Ol köp keramat görkezipdir. Jüneýit ondan söz açyp:

– Jebraýyl perişdeleriň arasynda nähili orun eýeleýän bolsa, Baýezidiň aramyzdaky orny-da şonuň ýalydyr. Töwhit älemine girenleriň seýran eden meýdanlarynyň aňry çeti Baýezidiň ýaşan meýdanynyň başlanýan ýeridir. Onuň aýak basan ýeriniň läribaşyna baran erenleriň ählisi şol ýerden aňry geçip bilmän, itinişip durupdyrlar we ol ýerde saklanmagy başarman, aşak inipdirler – diýipdir. Baýezit Bistamynyň:

– Biziň ýaly bir gülüň açylmagy üçin bir gülzarlygyň üstünden iki ýüz ýylyň geçmegi gerek bolar – diýmegi-de ýokarda aýdylanlaryň dogrulygynyň delilidir.

***

Şyh Abu Sagyt Abul Haýyr:

– On sekiz müň älemi Baýezidiň dolduryp duranyny görýärin, ol ortada ýok – diýipdir. Ol şeýle diýmek bilen Baýezit Bistamynyň barlygynyň ýok bolup gidendigini aňlatmak isläpdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Baýezidiň atasy otparaz bolupdyr. Onuň kakasy bolsa Bistamynyň abraýly adamlarynyň biri eken. Onuň

nähili adam bolup ýetişjegi heniz enesiniň garnyndaka belli bolmaga başlapdyr. Mysal üçin, ejesiniň:

– Ol göwrämde galyp, jan gireninden soň, halaldygy şübheli islendik zady agzyma atsam, tä ony yzyna çykarýançam, garnyma deper durardy – diýendigini habar beripdirler.

***

Bir gezek Baýezitden:

– Bu ýolda adama näme ýaraşýar? – diýip sorapdyrlar.

– Dogabitdi döwlet we bagtyýarlyk.

– Bular nesip etmedik bolsa näme?

– Haky gören bir göz.

– Bu-da ýok bolsa?

– Hak sesi eşiden gulak.

– Bu-da bolmasa?

– Bu zatlar nesip etmedik bolsa, adama diňe tarpa-taýyn öläýmek galýar.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Turabyň ýüzünden ot syçrap duran, Haka bolan yşkyndan ýaňa häli-şindi özünden geçýän bir müridi bar eken. Abu Turap:

– Ýagdaýyň şunuň ýaly bolansoň, seniň hökman Baýezidi görmegiň gerek – diýip, onuň gulak etini guradar eken. Günleriň birinde müridi onuň sözlerine jogap berip:

– Her gün Baýezidiň Rebbini ýüz gezek görýän kişi onuň özüni näme etsin?! – diýipdir. Abu Turap:

– Sen Allahy öz görşüň bilen görýärsiň, Baýezidiň ýanynda bolsa Ony piriň görşi ýaly görersiň. Görmek bar, görmek bar. Allah Sytdyha (r.a.) bir gezek aýratynlykda, tutuş halka-da bir gezek umumy şekilde görünmejekmi? – diýip, niýetinden el çekmändir. Onuň soňky aýdan sözleri müridiň kalbyna uly täsir edipdir we ol:

– Ýeri bolýar, ýör, derrew ýola düşeli – diýip seslenipdir.

Halypadyr şägirt ýola rowana bolup, Bistam şäherine baryp ýetipdirler. Olar baran mahaly Baýezit hezretleri öýünde ýok ekeni.

Olar onuň suw alyp gelmek üçin öýünden çykan wagtyna gabat gelipdirler. Myhmanlar onuň suw almaga giden ýerine tarap ugrapdyrlar. Görseler, egni köneje donly şyh bir küýzäni suwdan dolduryp alyp gelýärmiş. Baýezidiň gözi Abu Turabyň müridiniň gözüne, müridiň gözi-de Baýezit hezretleriniň gözüne düşäýmezmi! Mürit şobada sandyrap aşak çöküpdir we jan beripdir. Bu bolan işiň şaýady bolan Abu Turap:

– Eý, şyh! Bir bakyşyň onuň ölümine sebäp bolaýdymy? – diýip seslenipdir. Baýezit Bistamy onuň sözlerine:

– Eý, Abu Turap! Bu ýetginjegiň tebigatynda bir hal bolup, şol haly başdan geçirerden ol heniz ýaşdy. Baýezidiň gözüne gözi düşen badyna, onda birdenkä şol hal peýda bolup, onuň edýän täsirine çydamady we dünýäden göçmek bilen boldy. Mysal üçin, bu hal Müsürli zenanlaryň hem başyna gelipdi. Ýusup alaýhyssalamyň gözelliginiň öňünde ejizläp, olar barmaklaryny kesip oturandyklaryny-da duýman, aňalyp galypdyrlar.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ýahýa ibn Mugazyň Baýezit hezretlerine ýazan hatlarynyň birinde: «Bir bulgury başyna çekip, ezeliligiň we ebediligiň serhoşy bolan kişi hakda näme aýdarsyň?» diýen jümle bar eken. Baýezit hezretleri bu jümledäki sowala: «Gürrüňini edýän zadyň gije-gündiz diýmän, ezelilik we ebedilik deňzinden içmegini dowam edýär we «Mundan hem artygy ýokmy? («Kaf», 50/30)» diýip bagyrýar» diýip jogap beripdir. Şonuň ýaly-da Ýahýa hatynda: «Ikimiziň aramyzda bir syr bar, emma bu syry dile getirmek üçin jennetdäki Tuba agajynyň aşagynda duşuşmagymyz gerek» diýip ýazypdyr we «Şyhyň şu bir döwüm çörekden iýmegi gerek, çünki men onuň hamyryny zemzem suwuna ýugurdym» diýip, öz sözüniň üstüne goşup, hatly bukjanyň içine bir döwüm çörek salyp ugradypdyr. Baýezit hezretleri onuň bu aýdanlaryna-da: «Hak zikir edilýän her bir ýer hem jennetdir hem-de Tuba agajynyň saýasydyr. Biz ýollan çöregiňizden datmadyk, çünki onuň hamyryny zemzem suwuna ýugrandygyňyzy aýdypsyňyz-da, ununyň däneli ösümlikleriň haýsysyndan üwelip alnandygyny habar bermänsiňiz» diýip jogap

beripdir. Ýahýa bu jogaby alanyndan soň, Baýezit hezretleri bilen görüşmän durup bilmejegini aňypdyr we onuň zyýaratyna gidipdir. Ol ýassy namazynyň wagtynda şyhyň öýüne barypdyr. Şondan soňra başyndan geçenleri habar berip, Ýahýa şeýle diýipdir: «Daňdana çenli şyhyň rahatlygyny bozmak islemedim, çünki onuň şol ýerdäki mazarystanlykda ybadat bilen meşguldygyny eşidipdim. Men bildirmän mazarystanlyga baryp, şyhyň daraklygyna galyp dik duranlygyny, daňdana çenli-de şol durşuny üýtgetmändigini gördüm. Onuň bu halyna geň galyp, diňşirgenmäge başladym. Ol gijäni çirim etmän geçirmek bilen, biri bilen gürleşýärdi, bir zady söwdalaşýardy. Daň atanyndan soň, onuň:

– Şu makamy islemekden saňa sygynýaryn – diýip seslenendigini eşitdim. Ep-esli wagty ara salyp, onuň ýanyna bardym we salam berdim. Soňra bolsa bu gijeki hereketleriniň sebäbini soradym. Ol:

– Ýigrimiden gowrak makamyň adyny maňa habar berdiler. Men hem olaryň hiç birini islemeýänligimi, çünki olaryň ählisine perdäniň mahsusdygyny aýtdym – diýip jogap berdi.

Ýahýa tarykatda ilkinji ädimlerini ädýärdi, Baýezit hezretleri bolsa onuň ahyryna ýetipdi. Ýahýa:

– Şyhym! Islendik zady diläp biljegiňi aýdanlarynda, näme üçin patyşalaryň patyşasy bolan magryfeti dilemediň? – diýipdir welin, Baýezit hezretleri sesini gataldyp:

– Dymaweri, eý, Ýahýa! Ony tanamagy men özümden hem gysganýaryn, çünki men Ony Ondan başgasynyň tanamagyny we bilmegini asla islemeýärin. Onuň magryfetiniň bar ýerinde meniň näme işim bar? Eý, Ýahýa! Ony özünden başga kişiniň tanamazlygy barada Özi alada edipdir – diýip seslenipdir. Ýahýanyň:

– Gudraty güýçli Allatagalanyň haky üçin öten agşam sende gören halymdan maňa bir nesiplik ber – diýmegi bilen, ol:

– Eger Adam atanyň päkligini, Jebraýylyň mukaddesligini, Ybraýymyň dostlugyny, Musanyň keýpini, Isanyň päkizeligini we Muhammet alaýhyssalamyň muhabbetini saňa berseler, bulary almaga razy bolup oturyberme we olardan hem artygyny dile. Çünki olardan zyýada nämeleriň bardygyny bir bitsediň! Bütin durkuň bilen Allatagala ýönel, hiç bir zada çenli aşak inme, çünki haýsy zada çenli aşak inseň, şol zat öňüňe perde bolar! – diýip seslenipdir.

***

Ahmet Ibn Harp: «Gijelerine üstünde namaz okasyn» diýip, Baýezit hezretlerine bir boýra gönderipdir. Ony alyp gelen adama ýüzlenip, şyh şeýle diýipdir:

– Men ýeriň we gögüň ýaşaýjylarynyň ybadatlaryny toplap, ýassygyň içine saldym, ony-da kellämiň astyna goýdum!»

***

Rowaýat etmeklerine görä, Zünnun günleriň birinde Baýezit hezretlerine bir namazlyk gönderipdir. Namazlygy kabul etmekden ýüz dönderen şyh hezretleri:

– Meniň namazlyk bilen näme işim bolup biler! Meniň işime ýassyk ýaraşar, ony gönderse ýassanaryn – diýip seslenipdir. Bu onuň «Iş namaz okalýan menzilden aňry geçip, ahyrky nokada baryp ýetdi» diýdigi eken.

Şondan soňra Zünnun bir gowy ýassyk tikmeklerini emir edipdir we ony şyhyň huzuryna gönderipdir. Emma Baýezit hezretleri ony-da yzyna ugradypdyr, çünki şol wagt ýöne bir deri bilen süňk bolup galan eken. Şonda ol:

– Hakyň ýagşylykdyr keremine daýanýan kişi halkyň ýassygyna meýil etmez, oňa zerurlyk duýmaz – diýip seslenipdir.

***

Baýezit Bistamy hezretleri şeýle diýipdir: «Bir gije sähralyga çykyp, hyrkamy başyma çekip, uka gitdim. Düýşümde şeýtany bolupdyryn. Howa örän sowukdy. Men oýanyp, gusul täretini almak isledim, emma nebsim muňa razy bolman:

– Sabyr et, töwerek ýagtylyp, Gün bir dogsun! Ana, şol wagt gusul täretini alaýarsyň – diýdi. Nebsimiň bu bolşuny görüp, namazymyň kaza galjagyna gözüm ýetdi. Derrew golaýdaky derýanyň kenaryna baryp, buz gatlagyny döwdüm-de, hyrkam bilen birlikde özümi suwa oklap, gusul täretini aldym. Soňra hem hyrkamy çykarmadym. Hyrkamy durşuna buz baglapdy. Howa kem-kemden ýylamaga başlady, emma süňňüme ornan sowugyň derdini gyşboýy çekip gezdim. Hatda

ýetmiş gezek özümden gidýän günlerim hem bolardy. Bu nebsimiň ýaltalygy üçin berlen jezady.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Baýezit hezretleri bir gün mazarystana baranda, Bistam şäheriniň baştutanlarynyň biriniň ýetginjek oglunyň bu ýerde gyjak çalýandygyny görüpdir. Ýetginjegiň gözi oňa düşüp, ýanyna golaýlapdyr. Baýezit hezretleri hem oňa eşitdirip: «Lä hawle we lä kuwwete illäbilläh («Hereketi-de, güýji-de berýän Allatagaladyr»)» diýip seslenipdir. Ýetginjek elindäki gyjagy bilen şyhyň kellesine ýelmäpdir. Gyjak döwlüpdir, pir hezretleriniň hem kellesinden gan akmaga başlapdyr. Ýekelikde ybadat edýän ýeri bolan külbesine dolanyp gelen Baýezit hezretleri daňyň ýeri agaran badyna, gyjak satyn almaga ýetäýjek altyn puly we bir tabak halwany hyzmakärinden düýnki ýetginjege ugradyp:

– Ýetginjege baryp aýt, Baýezit ötünç soraýar diý. Düýn agşam onuň gyjagy kelläme degip döwüldi. Senden ugradýan altyn puluma täze gyjak alynsyn. Gyjagynyň döwlendigini görende kalbyna dolan gynanjy, çeken ajysy gider ýaly şu halwany hem iýsin – diýip tabşyrypdyr.

Ýetginjek hyzmatkäriň aýdanlaryny eşidip, gele-gelmäne Baýezit hezretleriniň aýagyna ýykylypdyr we toba edipdir, yzyny üzmän aglapdyr. Şyhyň ahlagyndaky berekediň arkasyndan başga-da birnäçe ýetginjek onuň göreldesine eýeripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün Baýezit hezretleri müritleri bilen birlikde darajyk ýol bilen barýarka, bir köpegiň garşy tarapdan ýakynlap gelýänini görüp, ony özünden artykmaç saýypdyr-da, gyra çekilip, ýol beripdir. Şol wagt müritleriniň biri: «Adam oglunyň mertebesi belentdir. Şyhymyz bolsa aryflaryň soltanydyr. Öz ulaşan makamlaryna we şunça müridiň göwnüniň galyp biljegine garamazdan, şyh bu köpegi özünden ileri tutdy. Bu boljak işmi?» diýip içini gepledipdir. Onuň aňyndan geçen bu pikirler özüne aýan bolan Baýezit hezretleri müritlerine ýüzlenip:

– Gadyrdanlar! Ýaňky köpek hal dili bilen maňa: «Allatagala islese, meni aryflaryň soltany, seni köpek edip hem ýaradyp bilerdi. Çünki ozalyň ozalynda meniň nähili kemçiligim, seniň bolsa nähili artykmaçlygyň bolup bilerdi?» diýdi. Şu pikir maňa aýan bolup, ony özümden ileri saýdym-da, öňünden sowuldym» diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün Baýezit hezretleri ýol bilen barýar eken. Bir köpek hem onuň bilen gapdallaşyp barýarmyş. Şyh köpege galtaşyp, hapalanmasyn diýip, donunyň syýnyny çugdamlamaga çalşypdyr. Onuň niýetini aňan köpek:

– Endamym gury bolsa, menden gaça durjak bolup jan etmeseň hem bolar, çünki maňa galtaşanyň bilen hem üstüň hapalanmaz. Endamym öl bolup, maňa galtaşmagyň bilen donuň hapalansa, onda şol hapalanan ýeri ýedi gezek suw ýa-da toprak bilen tämizleseň, bar zat düzeler duruberer. Emma sen nebis köpegine galtaşaýsaň, ýedi deryanyň suwuna çümüp çyksaň-da arassalanmarsyň – diýipdir. Baýezit hezretleri köpegiň aýdanyny eşidip:

– Seniň daşyň hapa, meniň bolsa – içim. Bu ikisini bir ýere toplaly – bile ýol aşaly. Belki, bu ýakynlyk sebäpli aramyzda bir päklik peýda bolar – diýip seslenipdir. Onda köpek aýdypdyr:

– Sen meniň ýoldaşym bolmaga laýyk dälsiň, çünki adamlar menden ýüz öwrüp, saňa gujak gerýärler. Maňa duşan kişi ýerden daş alyp, menden aýlap salýar, seni gören kişi bolsa: «Eý, aryflaryň soltany! Saňa salam bolsun!» diýýär. Men ertir iýmek üçin ýekeje süňkide aňrymda basyp goýmadym, seniň bolsa bir küýze bugdaýyň bar. Men senden has takwadyryn.

Baýezit hezretleri:

– Bir köpegiň ýoldaşy bolmaga-da mynasyp görülmedim. Ezeliň we ebediýetiň ýoldaşlygyna nädip mynasyp bolarkam? Allatagalanyň beýikligine bir baksana: ýaradanlarynyň iň hormatlysyny iň ýigrenjisi arkaly terbiýeleýär. Allah, Allah! – diýip seslenipdir.

Şondan soňra başyndan geçenleri köňülleriň soltany şeýle aňladypdyr: «Kalbyma bir şübhe aralaşyp, ybadatdan we tagatdan umydymy kesipdim. «Iň bolmanda, bazara gidip, bir zünnar satyn

alaýyn we bilime guşanaýyn» diýip içimi gepletdim. Bazarda ýüpden asylgy duran bir zünnara gözüm düşüp, bahasyny soradym. Satyjynyň:

– Müň altyn – diýendigini eşidip, ýüzümi aşak saldym. Şol pursat gaýypdan:

– Seniň ýaly kişiniň biline guşanjak zünnarynyň bahasy müň altyndan arzan bolup bilmez – diýen bir owaz geldi. Ony eşidemsoň, keýpim göterildi. Men Allatagalanyň maňa ýagşylyk etmek isleýänini aňladym».

***

Rowaýat etmeklerine görä, Baýezit hezretlerini topraga berenlerinden soň, Ahmet ibn Hadraweýhiň aýaly, Alynyň hem ejesi oňa zyýarat etmäge gidipdir. Ol zyýarat edip bolansoň, şol ýerdäkilerden:

– Şyh Baýezidiň kimdigini bilýäňizmi? – diýip sorapdyr.

– Sen ony bizden has gowy bilmeli – diýenlerinden soňra-da:

– Bir gije Käbäni togap edýärdim. Bir ýerde dyzymy epip, uklap galypdyryn. Düýşümde meni asmana göterendiklerini gördüm, hatda Arşyň aşak ýanyna-da gözüm düşdi. Arşyň aşak ýanynyň ýerleşýän ýerinde aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän meýdany gördüm. Meýdan durşuna güle we reýhana bürenip otyrdy. Her gülüň ýapragyna-da «Allahyň dosty Baýezit!» diýip ýazylgydy.

***

Rowaýat etmeklerine görä, uly alymlaryň biri şeýle diýipdir: «Baýezit hezretlerini düýşümde görüp, maňa nesihat bermegini haýyş etdim. Ol:

– Adamzat jemgyýeti aňyrsy-bärsi görünmeýän bir ummandyr. Onuň uzak bir ýerinde şerigat diýlen bir gämi bardyr. Sen şol gämä özüňi atjak bol we şu misgin bedeniňi gark bolmakdan gutar – diýdi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir adam Baýezit hezretlerini düýşünde görüp, ondan:

– Tasawwuf näme? – diýip sorapdyr. Ol:

– Rahatlyk gapysyny daşyndan ýapyp, kynçylyk gapysynyň bosagasynyň öňünde dyz çöküp oturmakdyr – diýip jogap beripdir.

Şyh Abu Saky ibn Abu Haýr bir gün Baýezit hezretlerini zyýarat etmäge gidip, mazarynyň başynda birnäçe wagtlap aýak üstünde durupdyr. Yzyna dönüp gaýtmakçy bolanda-da:

– Bu ýer şeýlebir ýer bolup, her kim dünýäde ýitiren her bir zadyny bu ýerden tapyp biler – diýip seslenipdir.

Oňa Allatagalanyň bol-bol rehmeti we kämil salamy nesip etsin!

***

Baýezit hezretleri heniz çaga wagty Gurhany Kerimi okap otyrka: «Öz ene-ataňa we öz Hudaýyňa hyzmat et» diýen sözleriň üstünden barypdyr. Ol derrew ejesiniň ýanyna ylgap baryp, ýaňky okan mukaddes sözlerini oňa aýdyp beripdir-de:

– Men şol bir wagtyň özünde hem saňa, hem-de Hudaýa deň derejede minnetdar bolup, deň derejede hyzmat edip bilmerin. Şonuň üçin hem, sen ýa Hudaýdan diňe saňa hyzmat etmegime rugsat al, ýa-da özüňe hyzmat etmekden boşadyp, diňe Hudaýa hyzmat ederim ýaly, meni Hudaýa bagyşla – diýipdir. Ejesi hem:

– Seni öz öňümdäki borçlaryňdan azat edýärin we Hudaýa tabşyrýaryn – diýip seslenipdir.

Şol günden başlap, ol özüni Hudaýa gulluk etmäge we ol ýa-da başga bir weli bilen birlikde ruhy kämilligiň ýoluny külterlemäge bagyşlapdyr. Baýezit hezretleri ömürboýy welileriň ýanyndan aýrylmandyr we onuň tanyş welileriniň sany 117-ä ýetipdir. Olaryň ählisi aryf eken.

***

Baýezidiň ruhy halypalarynyň biri ymam Japar hezretleri tekjede duran kitaby alyp gelmegi ondan haýyş edipdir. Baýezit tekjäniň öýüň haýsy ýerindedigini sorapdyr. Halypasy onuň aýdanyna geň galyp:

– Sen şunça ýyllap meniň bilen birlikde şu öýde ýaşap, tekjäniň asylgy duran ýerini hem bileňokmy? – diýip sorapdyr. Şägirdi:

– Seniň ýanyňda bolan ýyllarymyň içinde bir gezek hem ýüzümi ýerden galdyrmadym, ýokaryk ýa-da daş-töweregime garanjaklamadym – diýip jogap beripdir. Japar onuň jogabyny eşidip hoş bolupdyr we

– Sen ýeterlik derejede kämilleşipsiň, şindi Bistama dolan. Ol ýerde ruhuň belentliklerine gowşarsyň – diýip seslenipdir.

***

Baýezit hezretleri Medinä zyýarat edende, oňa köp adam hemra bolupdyr. Ol doga edip, Allatagaladan ýany hemrasyz ýeke galmaga mümkinçilik bermegini haýyş edipdir. Onuň bu dogasy kabul bolupdyr.

***

Bir gezek Baýezit hezretleri köçe bilen ýany birtopar adamly barýarka, onda ruhy serhoşlyk haly peýda bolup: «Men – Hudaý, näme üçin maňa sežde etmeýärsiňiz?» diýip gygyrypdyr. Ýanyndakylar ol dälirändir öýdüp, derrew ondan uzaklaşypdyrlar. Biraz soňra onuň gözi adamyň ýerde ýatan kelleçanagyna düşüpdir. Kelleçanagyň ýüzüne «Ony diňlär ýaly gulagym ýok, Onuň nurana ýüzüniň gözelliginden lezzet alar ýaly gözlerim ýok, Oňa hamdu-sena aýdar ýaly dilim ýok» diýip ýazylgy eken. Baýezit hezretleri bu sözleri okap, gaty gygyryp goýberipdir we özünden gidip, bir gapdala agypdyr. Huşuna gelende bolsa, kelleçanagy ogşapdyr-da:

– Bu Allatagalany zikir ede-ede, özünden bütinleý geçen sopynyň kelleçanagy bolmaly – diýip seslenipdir.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Namazdan lezzet almaýan kişi lükgeligi bilen dünýewi işlere berilýär. Allatagalany zikir etmekden lezzet alýan kişi gözlegde bolanlara ýaradylan zatlardan gyra çekilmegi maslahat berýär. Köpçülik adamy Hudaýy ýatdan çykarmaga mejbur edýär.

***

Baýezit hezretleri metjidiň bosagasyndan içeri ätlejek bolanda, adatça, gözýaşyna boglar eken. Ondan munuň sebäbini soranlarynda:

– Men özümi aýbaşysy gelip duran zenan maşgaladan hem hapa saýýaryn we içeri girip, metjidi haplamakdan gorkýaryn – diýýär eken.

***

Bir gezek Baýezit hezretleri Mekgäni zyýarat etmek üçin sapara çykypdyr. Ol ýolda asly Zanh şäherinden bolan zyýaratça duşupdyr. Ol Baýezit hezretlerine ýüzlenip:

– Sen Mekgä zyýarat etmek üçin barýarsyň, emma Hudaýy öz dogduk şäheriň Bistamda goýup gaýtdyň – diýipdir. Onuň aýdan sözleriniň täsiri bilen Baýezit hezretleri derrew yzyna – Bistama dolanypdyr.

Soň bir gezek Mekgäni nazarlap ýola çykan Baýezit hezretlerine bir garyp kişi duş gelipdir. Ol:

– Ýanyňa harçlyk näçe pul aldyň? – diýip, Baýezit hezretlerinden sorapdyr.

– Iki ýüz dinarym bar – diýen jogaby alan garyp:

– Sen bu puluňy maňa ber. Çagalarym açlykdan öljek-öljegiň üstünde. Sen meniň daşymdan ýedi gezek aýlan. Şeýle etseň, az mahaldan gowy hasylyň eýesi bolarsyň – diýip seslenipdir. Baýezit hezretleri onuň aýdyşy ýaly edipdir. Bu keramata bir baksaňyzlaň, onuň ruhy tejribesi has hem artypdyr, ruhy serhoşlyk mahalynda aýdan sözleri bolsa şeýlebir syrly we geň bolupdyr welin, adamlar olaryň manysyny juda kynlyk bilen tiripdirler. Käbir adamlar ony hatda dinden çykmakda hem aýyplapdyrlar we onuň Bistamdan sürgün edilmegini gazanypdyrlar. Şonda ol:

– Bu ýer dünädäki iň gowy ýer bolup, Baýezit onuň iň ýaramaz ýaşaýjysydy – diýipdir.

***

Baýezit hezretleri namaz okan mahaly hiç hili goh-galmagal ünsüni bölmez ýaly, aňyny bulaşdyrmaz ýaly, Allatagalanyň gönderen sözüni diňlemäge päsgel bermez ýaly, öýüň diwarlaryndaky yşlaryň ählisini ýapyp çykar eken.

***

Hezreti Isa Bistamy şeýle diýipdir:

– Otuz ýyllap Baýezidiň ýanyndan aýrylmadym. Şonça ýylyň içinde onuň bir adam bilen hem gürleşenini görmedim. Adatça,

ol başyny iki dyzynyň arasyna alyp oturardy. Käte bolsa başyny galdyryp, uludan bir dem alardy-da, ýene öňki bolşuna dolanardy.

***

Bir gezek Baýezit hezretleri ruhy serhoşlyk halyna düşüp:

– Meniň beýikligime we päkligime bir baksaňyzlaň! – diýip gygyrypdyr. Ol köşeşensoň, müritleri:

– Näme üçin ruhy serhoşlyk mahalynda munuň ýaly küpür, Gurhany Kerimi aýdylýanlara ters bolan sözleri diliňe aldyň? – diýip sorapdyrlar. Ol şeýle diýipdir:

– Näme diýenim hiç ýadyma düşenok. Eger-de şonuň ýaly küpüriň ysy gelýän sözleri dilime ýene bir gezek alaýsam, onda meni gylyç bilen çapyp taşlaň.

Ruhy serhoşlyga düşen Baýezit hezretleri ýene şol öňki küpürden doly sözleri gaýtalapdyr welin, müritleri gylyç bilen ýaraglanyp, öldürmek üçin onuň üstüne topulypdyrlar. Birden olaryň öňünde ýüzlerçe Baýezit peýda bolup, olar hakykysyny ýalanlaryndan tapawutlandyryp bilmändirler. Müritler olary bir başyndan gylyçdan geçirmäge başlapdyrlar, emma her gezek salan gylyçlary hiç kime degmän, boş geçipdir. Baýezit hezretleri özüne geleninden soň, bolup geçen bu wakany oňa gürrüň beripdirler. Müritler onuň endamynda urgulardan galan yzyň ýokdugyny, beýleki hyýaly Baýezitleriň hem onda bir göwrä öwrülendiklerini aňşyrypdyrlar. Olar halypalaryndan munuň nämäni aňladýandygyny sorapdyrlar. Şonda Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Şu wagt siziň öňüňizde duran – hakyky Baýezit. Başda gören kişiňiz hem, onuň soňra gözüňize görnen köpsanly keşpleri hem ol däldi.

***

Bir gezek Baýezit hezretleri eline alan almasyny synlap:

– Neneňsi gözel! – diýip seslenipdir. Şol wagt gaýypdan bir ses gelipdir:

– Maňa mynasyp öwgini bu alma rowa görmäge utanaňokmy?

Baýezit hezretleri munuň üçin özüni jezalandyramak maksady bilen, kyrk günläp namazy lezzet alman okapdyr. Şondan soňra ol Bistamda ýetişen ir-iýmişleri iýmezligi ýüregine düwüpdir.

***

Baýezit hezretleri namazyny kyrk ýyllap şol bir metjitde okapdyr.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Men otuz ýyllap Hudaýyň gözleginde gezdim. Nämäniň nämedigine gowuja üns berip hem, gözläniň Hudaýdygyny, özümiň bolsa Onuň gözlän kişisidini aňladym.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Otuz ýylyň dowamynda, namaza durmazdan we Allatagalanyň mukaddes adyny dilime almazdan ozal, üç gezek agzymy çaýkadym.

***

Baýezit hezretlerinden:

– Haýsy päsgelçilik Ýoluňdaky iň uly päsgelçilik bolup göründi? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Onuň rehimi inmezden, kalbyňy Oňa imrindirmek kyn düşýär. Ol rehim eýlän halatynda bolsa kalbyň bu Ýoly özüni zorlaman geçýär – diýip jogap beripdir.

***

Hezreti Abu Tarap Bagşy, adatça, müritlerine Baýezit hezretlerine zyýarat etmegi maslahat berip, ruhy ýolagçylykda onuň gowuja öňe ilerländigini, myhmana gönükdiren ýekeje nazarynyň hem uly peýda berip biljekdigini aýdar eken. Onuň söýgüli müritleriniň biri bu teklipden mydama ýüz öwürýärmiş. Ol bu bolşuny şeýle düşündiripdir:

– Men her gün Baýezidiň Hudaýyny görýärin. Baýezidiň özi maňa näme peýda berip biler?

Emma halypasy aýak diremegini dowam edipdir:

– Häzire çenli sen Hudaýy diňe öz ykybyňa görä synladyň. Baýezit bilen duşuşanyňdan soňra bolsa, Hudaýy hakyky bolmalysy ýaly edip synlarsyň. Aňlaýşyň birnäçe derejesi bolýar. Eýsem, kyýamat gününde Allatagalanyň, beýlekilere garanda Pygamberimiziň gözüne has nurly bolup görünjeginden habaryň ýokmy?

Mürit bu sözleri akyl eleginde eläp, ahyry halypasy bilen birlikde Baýezit hezretlerine zyýarat etmäge razylyk beripdir. Olar gelen mahaly Baýezit hezretleri suw almaga giden eken. Suwdan gelýärkä garşylamak maksady bilen onuň geljek tarapyna ugrapdyrlar. Müridiň gözi Baýezit hezretlerine düşen badyna, ol gaty gygyryp, bir gapdala agyp gidipdir we jan beripdir. Hezreti Abu Tarap:

– Baýezit, seniň nazaryň düşen badyna müridim jan beräýdi, bu nädip beýle boldy? – diýip sorapdyr. Baýezit hezretleri oňa şeýle jogap beripdir:

– Seniň müridiň ylymda ýokary derejelere ulaşdy. Onuň kalp gözüniň açylmagy üçin bary-ýogy bir ädim öňe ilerlemegi gerekdi. Ol meni gören badyna şol haly yzda goýdy oturyberdi. Ol bu haly başyndan geçirdi, emma onuň bedeni ýokary derejedäki bu halyň bagyşlaýan oduna, gyzgynyna we ruhy serhoşlygyna döz gelerden ejizdi. Şol hem onuň ölümine sebäp boldy. Eýsem köşk emeldarlarynyň aýallarynyň Zylyhanyň öýünde myhmançylykda bolanlarynda, Ýusubyň nurlanyp duran ajaýyp ýüzüni synlap, pyçak bilen ellerini gyýym-gyýym edişleri ýadyňda dälmi? Bu aýallar onuň gözel keşbini görüp, serden geçipdiler we oňa şeýlebir maýyl bolup, hatda öz bedenlerini duýmagy hem bes edipdiler.

***

Hezreti Ýahýa ibn Muaz Razy bir gezek Baýezit hezretlerine ýazan hatynda ondan: «Bakylygyň pyýalasyndan içip, güýçli derejede serhoş bolup, ölümine çenli şol serhoşlykdan açylyp bilmeýän adam barada näme aýdarsyň?» diýip sorapdyr. Ol şeýle diýmek bilen özüni göz öňünde tutupdyr. Baýezit hezretleri oňa şeýle jogap beripdir: «Şeýle bir adam bar: ol iki bakylykdan (bu dünýädäki we o dünýädäki bakylyklardan) her gün uludan owurtlap içýär hem welin, emma teşneligi barha

artýar». Ol hem şeýle diýmek bilen özüni göz öňünde tutupdyr. Hezreti Razy oňa ýene-de bir hat ýazyp, hatynda: «Saňa käbir zatlary habar bermegim gerek. Men aýtjaklarymy ikimiz hem jennet bagynda otyrkak mälim ederin. Häzirlikçe bolsa dadyp göreriň ýaly saňa hamyry jennetdäki derýalaryň suwuna ýugrulyp bişirilen içleklini ýollaýaryn» diýipdir. Baýezit hezretleri oňa şeýle jogap beripdir: «Hemişe Allatagalanyň ady zikir edilýän ýer jennetdir. Bu ýerde aýdylan zatlaryň ählisi jennetdäki bagyň aşagynda açylan iň uly syrdan has gymmatlydyr. Içlekli babatda aýdylanda bolsa, men ony iýmekden ýüz öwürýärin, çünki ony bişirmek üçin ulanylan unuň halal gazanylan pula satyn alnandygyna gözüm ýetik däl. Men onuň halaldygyny bilmeýärin». Baýezit hezretleriniň bu jogabyny alan hezreti Razy oňa zyýarat etmegi ýüregine düwüpdir. Ol gelen mahaly Baýezit hezretleri öýünde däl eken. Hezreti Ýahýa uzak gije garaşsa-da, öý eýesi gara bermändir. Ertesi irden ony mazarystanlykdan tapypdyr. Baýezit hezretleri daraklygyna galyp durşuna, doga edýär eken. Ol dogasyny şeýle sözler bilen tamamlapdyr: «Allahym! Saňa sygynýaryn we şu gije başdan geçiren halymyň aňyrsynda nähili syryň ýatanyny bilmek isleýärin». Hezreti Razy onuň bilen salamlaşanyndan soň, öten gije başyndan nämeleriň geçenini sorapdyr. Baýezit hezretleri:

– Allatagala maňa ýigrimi nygmat eçildi, emma men olardan ýüz öwürdim, çünki Onuň bilen arama perde boldular – diýip jogap beripdir.

– Näme üçin Allatagaladan magrifet (Hudaý hakdaky ylym) dilemediň? – diýip, hezreti Razy ýene bir sorag beripdir. Baýezit hezretleri sesini gataldyp:

– Bes ediň! Özünden başga biri tarapyndan tanalmagy mümkin bolmadyk Allatagalany tanamak isleýänimi aýdyp, Oňa haýyş bilen ýüz tutmakdan ýa-da bu barada dil ýarmakdan utanýaryn. Şonuň ýaly-da Onuň diňe Özüne mahsus tewhid beýikliginde başdan geçirýän ajaýyp halyny bozmak islemeýärin. Özüm ýaly nämynasyp biriniň bu mukaddes çäge aralaşmagyny islemeýärin. Allatagala Özüni Özünden başga hiç kimiň tanamagyny islemeýär – diýip jogap beripdir.

Soňra hezreti Razy öten gije edinen ruhy düşünjelerini paýlaşmagyny haýyş edip, Baýezit hezretlerine ýalbarmaga başlapdyr. Baýezit hezretleri oňa şeýle nesihat beripdir:

– Bir zady hiç unutma: adamzadyň nesilbaşysy bolan Adam atanyň gowy gylyklarynyň ählisini, Jebraýyl perişdäniň päkligini, Ybraýym

pygamberiň gowy ahlak sypatlarynyň ählisini, Musa pygamberiň güýçli gussasyny we Muhammet alaýhyssalamyň söýgüsini saňa bagyşlasalar hem şatlanmaly dälsiň. Çünki bularyň bary öňüňe perde bolar. Ony diňe Onuň özünde gözle. Şeýle etseň, bar zat seniňki bolar.

***

Kimdir biri gojalan Baýezit hezretleri oturanda ýaplanar ýaly, oňa bir ýassyk ugradypdyr. Ol:

– Ýaradanyň rehmetine daýanýan kişi hiç hili goşmaça daýanja mätäç däldir. Munuň hem üstesine, adamlardan nämedir bir zady kabul etmekden ýüz öwürýärin – diýip, bu sowgady almandyr.

***

Bir adam Baýezitden:

– Allatagalanyň seniň ýaly weli guly bilen köp ýyllap bile ýaşap hem ruhy kämillige eýe bolup bilmedim. Munuň sebäbi näme? – diýip sorapdyr. Baýezit hezretleri oňa:

– Çünki nebsiňe diýeniňi etdirip bileňok, masgaraçylyga pisint etmeýärsiň, emma özüňe goýulýan hormata üns bermezligi başaraňok. Olaryň ikisine-de bir göz bilen bak – diýip jogap beripdir.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Iki sany külçe üçin Hudaýy synaga sezewar etme.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Özüňi bolgusyz adam hasapla.

***

Bir adam Baýezit hezretlerinden:

– Sen näme üçin bir ýerde şeýle uzak wagtlap ýaşaýarsyň? Eýsem, ýata suwuň yslanýandygyny, hapalanýandygyny, reňkini üýtgedýändigini bilmeýärmiň? – diýip sorapdyr. Baýezit hezretleri oňa:

– Sen derýa öwrülseň gowy bolmazmydy? – diýip jogap beripdir.

***

Bir gije Baýezit hezretleri näçe namaz okasa-da, göwni aram tapmandyr. Ol hyzmatkärinden:

– Öýde üýtgän zat barmy? – diýip sorapdyr. Hyzmatkär:

– Bir hoşa bal ýaly üzüm-ä bar – diýip jogap beripdir. Baýezit hezretleri üzüm hoşasyny daşaryk zyňmagy emir edipdir. Onuň pikir dagynyklygy şobada zym-zyýat bolup, şondan soň okan namazlaryndan lezzet almaga başlapdyr.

***

Bir adam otparaz bir kişä yslam dinini kabul edip, musulman bolmagy teklip edipdir. Ol:

– Eger-de yslam Baýezidiň uýýan zady bolsa, onda musulman bolmaga gaýratym çatmaz. Eger-de yslam bu adamyň amal edýän zady bolsa, onda munuň ýaly yslama ynanyp bilmeýärin – diýip jogap beripdir.

***

Bir gezek Baýezit hezretleriniň gulagyna gaýypdan:

– Her kim Menden özüne zerur bolan dünýä nygmatlaryny dileýär, Baýezit bolsa Menden Meni dileýär – diýen owaz gelipdir.

***

Baýezit hezretleri jemagat bilen bir ymama uýup namaz okar eken. Bir gün namazdan soň, ymam:

– Sen hiç bir käre baş goşmaýarsyň. Eýsem, nämäniň hasabyna ýaşaýarsyň? – diýip, oňa ýüzlenipdir. Baýezit hezretleri oňa şeýle jogap beripdir:

– Soragyňa jogap bermezden ozal, mundan beýläk saňa uýup namaz okamazlyga rugsat ber, çünki iýmiti Allatagalanyň göndereýändigini bilmeýän, Ony ykrar etmeýän kişiniň namazda jemagata ymam bolmaga haky ýokdur.

***

Bir topar adam:

– Näme üçin bizi ruhy kämillige tarap alyp barmak islemeýärsiň? – diýip, Baýezit hezretlerinden sorapdyr. Ol:

– Allatagalanyň öz ýanynda bolmak hukugyndan mahrum eden kişilerini kabul etmegini sorap Oňa nädip ýüz tutaýyn – diýip jogap beripdir.

***

Bir adam Baýezit hezretlerinden:

– Her gün ir bilen näme edýärsiň? – diýip sorapdyr. Ol hem:

– Lükgeligim bilen Allatagalany zikir etmäge berlemsoň, daşarda gündizdigini ýa-da gijedigini aňşyrmaýaryn – diýip jogap beripdir.

***

Günleriň birinde Baýezit hezretleriniň gulagyna gaýypdan şeýle owaz gelipdir:

– Biziň genji-hazynamyzda wepaly gullarymyzdan gelip gowşan köp doga we ybadat jem boldy. Sen Bize Bizde ýok zady teklip et!

Baýezit hezretleri Hudaýdan Oňa nämäniň ýetmeýänini sorapdyr we:

– Bizde ýuwaşlyk, biçärelik, kaýyllyk we ejir çekmek diýen zatlar bolmaz. Biz bu duýgulary gowy görýäris, şol duýgulary Bize teklip edýänleri Özümize ýakynlaşdyrýarys.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Meniň eýe bolan zatlarym tagallalarymyň we ruhy amallarymyň däl-de, Onuň rehmetiniň miwesidir.

***

Bir gezek Baýezit hezretleriniň müridi:

– Hudaýy ykrar edip hem Oňa gulluk etmeýän adam meni geň galdyrýar – diýip seslenipdir. Baýezit hezretleri:

– Men bolsa Allatagalany tananyndan soň, Oňa gulluk etmäge ýaraýan adama geň galýaryn – diýip, gürrüňi başga ýana sowupdyr. Ol şeýle diýmek bilen, Allatagalany tanan adamyň birahat bolmaýşyna, ruhy serhoşlygy başdan geçirmeýşine, dünýäden arasyny üzmeýşine, ruhy serhoşlyk halyny başdan geçirip hem ybadat etmegini dowam edişine haýran galýandygyny aýtmak isläpdir.

***

Günleriň birinde Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Ilkinji gezek Mekge şäherinde bolamda, Käbä gözüm düşüp, oňa zyýarat etdim. Ol ýere ikinji gezek gelemde, Käbäniň Eýesine duşdum. Ol ýere üçünji gezek gelemde bolsa, Käbä hem, onuň eýesine hem gözüm düşmedi. Her gezek meniň ruhy halym ruhy tejribäm bilen birlikde kämilleşdi.

***

Günleriň birinde Baýezit hezretleriniň gapysy kakylypdyr. Ol kimiň gelenini sorapdyr. Nätanyş Baýezit hezretleriniň gerekdigini aýdypdyr. Baýezit hezretleri oňa:

– Men hem soňky otuz ýylymy ony gözläp geçirdim, emma henize çenli tapyp bilmedim – diýip jogap beripdir.

***

Baýezit hezretleriniň otuz ýyllap hyzmatynda gezen bir şägirdi bar eken. Her gezek ýanyna gelen mahaly halypasy onuň adyny sorap, soňra adyny tutup, bir iş buýrar ekeni. Günleriň birinde şägirdi öýkesini daşyna çykaryp, şeýle diýipdir:

– Jenap, sen näme üçin üstümden gülýäň? Otuz ýyl bäri saňa wepaly hyzmat edip gelýän hem welin, adymy hem bilmediksiränden bolýaň.

Mydama Hudaý aňyndan gitmeýän Baýezit hezretleri oňa:

– Allatagalanyň ady kalbymda ýer edeli bäri başga atlar ýadyma düşmeýär – diýip jogap beripdir.

***

Günleriň birinde Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Uzak wagtlap Allatagalanyň şanyna mynasyp bolan bir namaz okamaga çalyşsam hem, bu maňa başartmady. Kyrk ýylyň dowamynda tüýs ýüregimden namaz okamak barada eden tagallalarymyň arkasyndan öňümdäki perdeler syryldy. Şonda maňa dogry Ýoluň görkezilmegi üçin kaýyllyk bilen doga etmäge başladym. Jogap hökmünde gaýypdan şeýle owaz eşidildi:

– Hatda gapdalyňda ýatan döwük küýzeden we ýyrtyk ýorganҫadan hem dynaýmasaň, saňa bu Ýola düşmäge rugsat berilmez.

Men şol zatlardan dyndym welin, öňümde Ýol peýda boldy. Dünýäden meniňki ýaly edip doly ýüz öwürýänçäler, bu Ýola girip bilmejekdiklerini bu Ýoly gözleýänlere aýtmagym maňa emir edildi.

***

Kimdir biri öz isleglериniň hasyl bolmagy üçin Baýezit hezretlerinden doga etmegi haýyş edip, oňa sypara hiç hili ýol goýmasa, ol adatça şeýle doga eder eken:

– Ol – Seniň ýaradan mahluklaryňdan biri we Sen onuň ýaradyjysy. Onuň haly Saňa aýandyr. Araňyza düşer ýaly men kimmişim?

***

Bir adam ýol bilen barýan Baýezit hezretleriniň yzyna düşüp ugrapdyr. Ol weliniň geçen ýoluna ädimme-ädim eýermek maksady bilen dogry onuň basan ýerine basmaga çalşypdyr. Şeýdip biraz ýol aşansoňlar, ol ruhy taýdan kämilleşmek mümkinçiligine eýe bolmak üçin Baýezit hezretlerinden gaýyşdan tikilen eşiginiň bir bölegini kesip bermegini talap edipdir. Şonda Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Eger-de men egnimdäki eşigimi däl-de, hamymy sypyryp bersem-de, meniň ýerine ýetirýän ruhy maşklarym ýaly maşklar bilen meşgullanmasaň, ruhy kämillige eýe bolmarsyň.

***

Allatagalanyň yşkyna düşüp, kellesi sämäp duran adam günleriň birinde:

– Allahym! Maňa Öz nazaryňy aýla! – diýip gygyrypdyr. Baýezit hezretleri ondan:

– Onuň nazar salmagyna mynasyp bolaryň ýaly, nähili mynasyp iş bitirdiň? – diýip sorapdyr. Ol:

– Allatagala maňa nazar salan badyna, zerur bolan häsiýetleriň ählisini edinerin – diýip jogap beripdir. Onuň sözleri Baýezit hezretlerine ýarapdyr.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Hudaýdan bir zat dileýän wagtym, Ol menden uzakda galdy. Emma kalp gözüm açylyp, ähli zady unudamda we kalbymda diňe Ony görmek isleginden başga isleg galmadyk wagty:

– Allahym! Baýezidiň ýanynda bol hem-de oňa nähili darasyň gelse daraber! – diýip seslendim.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

– Eger-de meni dünýäniň ýeke-täk hökümdary diýip yglan etseler, bu hökmürowanlygy öten gije Allatagala gowuşmagy arzuwlap, uludan dem alşyma çalyşmaryn.

***

Baýezit hezretleri şeýle diýipdir:

Men – Onuň guly. Onuň erkiniň ýanynda meniň erkimiň näme gymmaty bar?

Kyrk ýyllap wagyz etdim. Wagyzlarymyň hiç kime peýdasy degmedi. Emma Allatagalanyň islemegi bilen, adamlar wagyzlarymy diňlemän hem ruhy ösüşe eýe boldular.

Allatagala söýýän kişisine ejir gönderýär.

Ýagşy häsiýetli adamlaryň üýşmeleňi ýagşy işden gowudyr. Ýaman häsiýetli adamlaryň üýşmeleňi ýaman işden erbetdir.

Öz güýjüňe däl-de, Onuň keremine bil bagla.

Ýaşaýan günleriňiň her birini iň soňky günüň hasapla.

Hudaýa bolan yşkyň bu dünýäni hem, o dünýäni hem unutmaga mejbur etjek derejede güýçli bolsun.

Agyz beklemeklik rehmetiň inmegine sebäp bolýar.

***

Özüne berlen käbir soraglara Baýezit hezretleriniň beren jogaplary:

– Hudaýa ulaşmak üçin näme etmeli?

– Özüňi gurşap duran dünýä nazar salma, ol hakdaky gürrüňleri diňleme we adamlar bilen aragatnaşyk saklama.

– Näme üçin beýleki wagyzçylaryň wagzy seniňki ýaly gyzykly bolup görnenok?

– Meniň ybadatym – arassa altyn, olaryňky bolsa garyndydan ybarat. Beýlekiler «Ol we men» diýseler, men «Diňe Sen» diýýärin.

– Zyýaratçylar näme üçin rahatlyga gowşanoklar?

– Çünki olaryň gözleýän Zatlary ornuny üýtgedenok. Ol – mizemez hem baky. Şeýle bolansoň, Ony hemme ýerden gözlemekde many bir barmy?

– Sen näçe ýaşyňda?

– Men dört ýaşymda, çünki dört ýyl mundan ozal Hudaýa gowuşdym. Ömrümiň başdaky ýetmiş ýyly boş oýlanmalaryň gurbany boldy. Olary hasaba goşmaýaryn.

– Kime weli diýýärler?

– Bu derejä diňe Allatagalanyň bir özüni söýýän kişi mynasyp bolýar.

– Ruhy durmuşymyzda nämeden gaça durmagymyz gerek?

– Ähli ünsüňizi ruhuňyzyň amalynda däl-de, Hudaýda jemläň.

– Hudaýa nädip gowşup bileris?

– Nebsiňizden ýüz öwrüň. Hudaýa barýan ýol şondadyr. Öz barlygyny Hudaýda gaýyp eden kişi Onuň hemme zatdygyny aňlaýar.

***

Baýezit hezretleriniň dogasy:

– Allahym! Zatyňdan aýrylmagym mümkin bolmaz ýaly, Seniň bilen aramdaky perdäni syr. Allahym! Garyplyk we agzymy beklemegim meni Saňa ýakynlaşdyrdy. Seni diňe Seniň keremiňiň arkasyndan tanaýaryn.

***

Baýezit hezretleri özünden tasawwufyň nämedigini soranlarynda:

– Ähli nygmatdan ýüz öwrüp, mydama gözlegde boluň. Ine, tasawwuf diýip şuňa aýdarlar – diýip jogap beripdir.

## *ABDYLLAH IBN MÜBÄREK*

Zamanyň zynaty, asmanyň direg sütüni, şerigat we tarykat ymamy, sözüň hakyky manysynda uly hem kiçi jihatda bolan galamyň we gylyjyň hökümdary Abdullah ibn Mübärege alymlaryň şahynşasy diýýärdiler. Ylymda we batyrgaýlykda onuň deňi-taýy bolman, ajaýyp tarykatçylaryň, hormatly şerigat alymlarynyň biridi. Ylmyň dürli pudaklaryndan baş alyp çykýardy. Uly şyhlar bilen duşuşyp, olaryň ählisiniň hormatyna mynasyp bolupdy. Onuň ýazan eserleri meşhur bolup, görkezen keramatlary dilden-dile geçip gelipdir.

Bir gün ol bir märekä baran mahaly, şol ýerde oturan Süfýan Sewri:

– Gel, bakalym, eý, Gündogaryň är kişisi – diýip seslenipdir. Bir ýanda oturan Fudaýyl hem:

– Gündogaryň, Günbataryň we ikisiniň aralygyndaky ýerleriň är kişisi – diýip, onuň aýdanynyň üstüni ýetiripdir.

Fudaýl ýaly biri onuň artykmaç taraplaryny şunuň ýaly edip nygtanyndan soň, onuň öwgüsini ýetirmezlik mümkin bolup bilermi?!

Onuň toba gelmegine bir çora tüýs ýüreginden aşyk bolmagy sebäp bolupdyr. Ol çora şeýle bir aşyk bolupdyr welin, ýöne zowzullar ýörer eken. Abdullah bir gyş gijesinde yşkyna düşen aýal maşgalasynyň ýaşaýan öýüniň öňünde durup, garaşmaga başlapdyr. Magşugy hem onuň ýanyna çykyp, bular daňdana çenli bir-biriniň ýüzünden gözlerini aýyrman, dünýäni unudypdyrlar. Şol gije dynman gar ýagyp, töwerek agaryp duransoň, ertir namazynyň azany aýdylanda, Abdullah ol ýassy namazynyň azanymyka öýdüpdir. Birden

daş-töweregiň ýagtylyp gitmegi bilen bolsa, bütin gijäni söýgülisiniň husny-jemalyna gark bolup geçirendigini aňlapdyr. Abdullah öz-özüne:

– Tüf seniň ýüzüňe, eý, Ibn Mübärek! Utan! Nebsiň haý-höwesi üçin şeýle mübärek gijede daňdana çenli dyzyňy epmediň. Ymam namazda uzyn bir süre okasa-ha, derrew jynyň atlanyberýär – diýip igenmäge başlapdyr. Şobada-da köňlüni bir dert gaplap alyp, toba edip, şondan soňra lükgeligi bilen ybadata berlipdir.

Ahyrynda Abdullah ibn Mübärek örän belent derejä ulaşypdyr. Bir gülzarlyga baran ejesi onuň bir gül agajynyň astynda uklap ýatandygyny görüpdir. Bir ýylan hem agzyna nergiz ýapragyny alyp, ony siňeklerden goraýar eken.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abdullah ibn Mübärek bir ýyl haja gitjek eken, indiki ýylyny gazyda geçirip, ondan soňky ýylda-da söwda bilen meşgullanypdyr. Söwda edip gazanan puluny bolsa özünden ylym öwrenýänlere paýlap beripdir. Ýanyna gelen derwüşleriň öňünde hurma goýup, soňra olaryň her biriniň öňüne üýşüren şänigini sanap, hurmany iň köp iýen derwüşe öňündäki şänikleriň her birine derek bir dirhem pul berer eken.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abdullah ibn Mübärek bir gezek ýaramaz häsiýetli bir adam bilen ýola çykypdyr we soňra onuň bilen hoşlaşyp aýrylyşanyndan soň, aglamaga başlapdyr. Aglamagynyň sebäbini soranlara bolsa:

– O biçäre gitdi, ýaramaz gylygyny-da ýany bilen alyp gitdi (oňa hiç hili peýdam degmedi) – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abdullah ibn Mübärek günleriň birinde çöl bilen düýeli barýarka, bir derwüş bilen gabatlaşypdyr we oňa:

– Eý, derwüş! Biziň baýlygymyz bar, şol sebäpli hem bizi haj etmäge çagyrdylar. Sen bolsa çagyrylmadyk myhmansyň. Şu wagt nirä barýaň? – diýip ýüzlenipdir. Derwüş:

– Öý eýesi keremli biri bolansoň, çagyrylmadyk myhmany has gowy garşy alýar. Eger ol sizi öz öýi bolan Käbä çagyran bolsa, bizi hut öz ýanyna çagyrandyr – diýip jogap beripdir. Abdullah:

– Emma ol bizden, ýagny baýlardan zekat sorapdyr – diýip seslenipdir.

– Ol zekat soran bolsa, biziň aladamyzy edip şeýdendir – diýip, derwüş hem dek oturmandyr.

Derwüşden bu jogaby alan Abdullah utanypdyr we:

– Dogry aýdýarsyň – diýip, onuň bilen ylalaşypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abdullah ibn Mübärek örän takwa adam bolupdyr. Günleriň birinde ol ýoluň ugrundaky düşelgede atyndan düşüp, namaz okamaga başlapdyr. At gymmatbahaly atlaryň biri eken. Ol töwerekdäki ekinlerden otlamaga başlapdyr. Şol sebäpli Abdullah hezretleri atyny şol ýerde goýup, ýoluny pyýada dowam edipdir. Munuň sebäbini soranlarynda bolsa:

– Atym döwlete degişli ekin meýdanynda otlady – diýip jogap beripdir.

***

Abdullah ibn Mübärek bir gezek Şamda wagtlaýynça diläp alan galamyny eýesine gaýtaryp bermegi unudyp, Merwe baranyndan soň, muny aňşyrypdyr we derrew ýola düşüp, ony eýesine gowşurýança ynjalmandyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, günleriň birinde ýoldan geçip barýan köre ýüzlenip:

– Hanha, Abdullah ibn Mübärek ýetip gelýär, gerek zadyňy ondan dile – diýipdirler. Körüň:

– Dur, ýa, Abdullah! – diýmegi bilen, ol aýak çekipdir.

– Allatagalanyň gözümi gaýtaryp bermegi üçin doga et – diýip, kör ondan haýyş edipdir.

Abdullah başyny aşak egip, doga edipdir welin, körüň gözi açylaýypdyr.

***

Abdullah ibn Mübärek bilen bir adamyň arasynda aşakdaky sorag-jogap ýüze çykypdyr. Ol adam:

– Ynsandaky iň peýdaly häsiýet haýsydyr? – diýip sorapdyr.

– Akylynyň doly bolmagy?

– Eger şonuň ýaly bir akyl onda bolmasa näme?

– Şeýle bolsa, onda gowy edep häsiýetleriniň başy bolar?

– Ol hem bolmasa?

– Onda onuň dadyna maslahat sorap biläýjek ýukaýürek dogany ýeter.

– Şonuň ýaly dogany bolmadyk halatynda, ol näme etmeli?

– Yzygiderli dymyp gezmeli.

– Ony-da başarmasa?

– Onda tarpa-taýyn öläýmek galýar.

***

Abdullah ibn Mübäregiň bir guly bolup, ýüz dinar tölese, ony azat etmäge söz beripdir. Gul oňa her gün birnäçe teňňe bermäge başlapdyr. Günleriň birinde Abdullahyň dosty oňa ýüzlenip:

– Seniň guluň her gün mazarystanlyga gidip, ölüleriň kepenini soýýar we ony bazara äkidip satyp, gazanan puluny-da saňa getirip berýär – diýipdir. Abdullahyň örän gahary gelip, mazarystana gidende ony yzarlamagy we aýbyny açmagy ýüregine düwüpdir. Ol gulunyň mazarystana gelip, sal-sal eşige bürenendigini we kellesine demir halka geýip, bir mazaryň içine girip gidendigini görüpdir. Gul iňňildäp we doga edip, uzak gijesini mazarda geçiripdir, daň bilen hem metjide tarap ugrapdyr. Abdullah hem onuň yzyndan galmandyr. Gul metjide gelip, Allatagala mynajat edipdir:

– Allahym! Hojaýynyma bergimi bermeli wagtym golaýlady!

Derrew onuň öňünde bir şöhle peýda bolupdyr. Şöhle guluň doga etmek üçin ýokary galdyran aýalaryna dolup, birnäçe dinara öwrülipdir. Gul ýaşaýan ýerine gidip, hojaýynyna dinarlary gowşurmak üçin

aýak üstüne galypdyr. Şol pursatda Abdullah gizlenip duran ýerinden çykyp, oňa ýüzlenipdir:

– Gel, ornumyzy çalşaly: sen hojaýyn bol, men hem seniň guluň bolaýyn.

Bu sözleri eşidip, gul Allatagala mynajat edipdir:

– Syrymyň üsti açyldy. Indi ýaşamak islemeýärin!

Ol sözüni tamamlan badyna jan beripdir. Abdullah ol ýykylmanka, göwresini tutmaga ýetişipdir we sal-sal eşigi bilen birlikde depin edipdir. Şol gije düýşünde Abdullah ibn Mübäregiň ýanyna Muhammet alaýhyssalam we birtopar weli gelip:

– Abdullah, näme üçin biziň halan kişimizi sal-sal eşikli jaýladyň? – diýipdirler.

***

Abdullah ibn Mübärek şeýle diýipdir:

– Hudaýa gulluk edýän kişi hiç wagt ejir çekmeýär.

Adamlardan gaça duruň.

Akmaklaryň üç gün soňra etjek işini şu gün ýerine ýetirýän kişi danadyr.

***

Abdylla ibn Mübärek ölmezinden öň ähli baýlygyny garyplara paýlapdyr. Gyzlaryna näme galdyranyny soranlara, ol:

– Hudaýy galdyrdym – diýip jogap beripdir.

## *SUFÝAN SEWRI*

Din we dindarlyk täji, terkidünýälik we hak ýol çyragy, alymlaryň şyhy we patyşasy, ymam hem alym Sufýan Sewri mertebesi belent adamlaryň hilinden bolup, oňa «Imanly kişileriň emiri» diýlip ýüzlenilmegine garşy çykan bolmandyr. Ol Haka tabyn bolupdy we abraýy şeýdip gazanypdy. Şerigat we tarykat ylymlarynda onuň deňi-taýy ýokdy. Ol bäş sany uly müjtehit alymyň biri bolup, takwalygyň aňry derejesine ulaşypdy. Örän edepli we kiçigöwünlidi. Şyhlaryň köpüsi bilen görşüpdir. Onuň mydama şol bir bolşy bolup, şonlugyna-da galypdyr. Mysal üçin, günleriň birinde Ybraýym Edhem: «Gel, hadys diňläli!» diýip çakylyk ýollanda, ol derrew çagyrylan ýere gelipdir. Şonda Ybraýym Edhem: «Onuň häsiýetini barlap görmek isledik» diýpdir.

***

Ol dogabitdi dindar diýilýän kişileriň hilindendi. Bir gün ejesi tamyň üstüne çykyp, goňşusynyň serip goýan gurdundan dynnym ýalyjagyny agzyna atypdyr. Şol wagt Sufýan ejesiniň garnynda eken. Ol kellesi bilen onuň garnyna şeýlebir süsüpdir welin, ejesi akylyna aýlanyp, goňşusy bilen razylaşmaga gidipdir.

***

Bir gezek Sufýan Sewri:

– Eý, hadysçylar! Hadysyň zekatyny beriň! – diýipdir.

– Hadysyň zekaty nämedir? – diýip soranlarynda bolsa:

– Ýigrimi hadysdan bäşisi bilen amal etmekdir – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Sufýan Sewriniň zamanynda halyflyk eden hökümdara uýup namaz okan gezegi onuň namaz wagtynda sakgalyny sypalaýanyny göräýipdir. Sufýan:

– Mundan namaz bolmaz! Bu namazy erte kyýamat gününde Arasat meýdanynda köne esgi kimin ýüzüňe urarlar – diýip seslenipdir. Halyf:

– Sesiňi gataltma! – diýip, onuň badyny almak isläpdir.

– Men bu ýalňyşyňy ýüzüňe basmakdan çekinsem, gan gusaryn – diýip, Sufýan Sewri gara çynydygyny mälim edipdir.

Bu sözler halyfyň degnasyna degipdir. Başga biriniň şular ýaly edip ýüzüne gelmegine batyrgaýlyk etmeginiň öňüni almak üçin ol birnäçe günden soňra:

– Ony minaradan aşak taşlap öldüriň – diýip emir edipdir.

Şol gün Sufýan Sewri başyny bir belent mertebeli kişiniň gujagynda, aýaklaryny-da Sufýan ibn Uýeýnäniň gujagynda goýup uka gidipdir. Halyfyň çykaran emri belent mertebeli bu iki kişä mälim bolup, ony bu ýagdaýdan habardar etmekçi bolupdyrlar. Aslynda ol oýa ýatan eken we olaryň niýetlerini aňyp:

– Näme boldy? – diýip sorapdyr. Oňa ýüze çykan ýagdaýy habar berip, duýgudaşlyk bildiripdirler. Sufýan Sewri:

– Men janymdan el üzmejek bolup, alada galyp ýören biri däl. Şeýle-de bolsa, dünýä işleriniň hem hakyny bermek gerek – diýipdir. Ol gözlerini ýaşa dolduryp:

– Ýa, Rep! Bularyň başyndan aýylganç bir betbagtlyk inder! – diýip doga edipdir.

Şol wagt halyf tagtynda otyr eken. Döwlet emeldarlary-da ýanyndamyş. Birdenkä bir tupan turup, onuň badyna ikä bölünen ullakan agaç köşgüň depesinden inipdir. Köşgüň üçegi çöküp, halif emeldarlary bilen birlikde onuň aşagynda galypdyr.

Bu wakadan soňra Sufýan Sewriniň ýanynda oturan kişiler:

– Munuň ýaly çalt kabul edilen dogany görmändik – diýip seslenipdirler. Sufýan hezretleri hem:

– Bu aýdýanyňyzyň hem ugry bar, emma biziň hem Hakyň dergähinde ýüzümiziň gara bolan ýeri ýokdur – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, tagta täze bir halyf çykypdyr. Ol Sufýan hezretlerine uly hormat goýupdyr. Günleriň birinde Sufýan birdenkä näsaglapdyr. Halyfyň ökde bir hristian tebibi bar eken. Sufýana em etmegi üçin ol şol tebibi ugradypdyr. Sufýan hezretleriniň peşewi guýlan çüýşäni daşyndan synlan tebip:

– Bu adamyň bagry Allatagaladan gorkusyna parçalanyp, şol parçalar hem siýdik haltanyň üsti bilen daşary çykmaga başlapdyr. Bir dine şu derejede uýýan biri bar bolsa, ol diniň boş bolmaga haky ýok diýipdir we derrew kelemesini öwrüp, musulman bolupdyr. Bu işden habardar bolan halyf:

– Biz hassanyň üstüne tebip gönderdikmikäk diýsek, asyl hassany tebibiň ýanyna ugradan bolsak näme! – diýip seslenipdir.

***

Sufýan Sewri bir adam bilen birlikde gurply adamyň öýüniň deňinden geçip barýar eken. Ýanyndaky adam kaşaň öýi synlamaga başlapdyr. Sufýan hezretleri onuň ünsüni başga ýana sowup:

– Siz bu owadan jaýlara şunuň ýaly göz bilen bakmasaňyzdy, onda olaryň eýeleri hem munça puly isrip etmezdiler. Şonuň üçin hem, bu jaýlara guwanyp bakmak bilen bu nähak isripe siz hem ortak bolýarsyňyz – diýip seslenipdir.

***

Sufýan Sewri hezretleriniň bir goňşusy bar eken. Bu goňşusynyň aradan çykanyny eşidip, ol pata ýerine barypdyr. Adamlar aradan çykan adamy ýagşylykda ýatlap:

– Bu gowy bir adamdy – diýip şaýatlyk edipdirler. Şonda Sufýan Sewri:

– Halkyň ondan razydygyny bilen bolsam, jynaza namazyna gelmezdim, çünki adamlar mynapyk bolmadyk kişiden razy bolmaýarlar – diýipdir.

***

Juma namazy okalýan uly metjidiň döwlet ýolbaşçylaryna niýetlenip, daşyna çäk çekilen ýerine baryp oturmak Sufýan Sewriniň adaty bolupdyr. Ol ýerde soltanyň hasabyna gowy ysly zatlary tütetmäge başlanlarynda bolsa, onuň ysyny almazlyk üçin derrew aýak üstüne galyp, soňra ol ýere golaýlaşmaz eken.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Sufýan hezretleri bir gün donuny çöwre geýip, daşary çykypdyr. Oňa bu ýagdaýy duýdurypdyrlar. Ol donuny gaýtadan çöwrüp geýmäge hem hyýallanypdyr, emma bu niýetinden el çekip:

– Şu dony gudraty güýçli Allatagalanyň razylygy üçin geýipdim. Indi ony adamlaryň sözi üçin çöwrüp, gaýtadan geýmek islemeýärin – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, günleriň birinde Sufýan hezretleri ýuwunmak üçin hammama gidipdir. Ol görmegeý bir oglanyň içeri girenini görüp:

– Muny daşary çykaryň! Her zenan maşgalanyň ýanynda bir, her görmegeý oglanyň ýanynda-da on sekiz şeýtan bardyr. Şolar ony adamlaryň gözüne görmegeý edip görkezýärler – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek birtopar ýoldaşy bilen düýeli Mekgäni nazarlap barýan Sufýan Sewri ýol boýy dynman aglap barýarmyş. Ýoldaşlarynyň biri ondan:

– Eden günäleriňden gorkyňa aglaýaňmy? – diýip sorapdyr. Sufýan hezretleri otuň guran baldajygyna tarap ümläp:

– Hakykatdan hem, günäm köpdür, emma olary toplasaň, şu baldagyň agramyça agramy bolmasa gerek. Men öz ýanym bilen alyp barýan imanym hakyky dälmikä diýip gorkýaryn – diýipdir.

***

Sufýan Sewri hezretleri bir gezek özünden sopuçylykdaky «ýakyn» diýen aňlatmanyň manysy barada soranlarynda:

– Bu kalpdaky bir hereketdir (pygyldyr). Ýakyn dogry bolsa, magryfet şübhesiz zada öwrüler. Ýakyn – bu başyňa gelen her bir zadyň Hakdan gelendigini bilmegiňdir ýa-da wada edilen zady gözüň bilen görüp durmagyňdyr, hatda saňa has hem äşgär bolmagydyr. Başgaça edip aýtsam, bu wada edilen zadyň gözüň öňünde janlanmagy, belki-de, ondan hem has aýdyň bolmagydyr – diýip jogap beripdir.

***

Bir gezek Sufýan Sewri hezretlerinden:

– Allahyň Resuly (s.a.w.): «Köp et iýilýän öýüň ýaşaýjylary Allaha ýigrenji bolup görünýär» diýmek bilen nämäni göz öňünde tutduka? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

– Pygamberimiz (s.a.w.) şeýle diýmek bilen gybatkeşleri göz öňünde tutupdyr, çünki olaryň yzyny üzmän musulmanlaryň gybatyny etmekleri olaryň etini iýmekleri bilen des-deňdir – diýip jogap beripdir.

***

Sufýan Sewri hezretleri bir gezek Hatam Asama ýüzlenip:

– Saňa dört sany zat aýtjak. Şol dört zada imansyzlyk we ylymsyzlyk sebäp bolýar. *Birinjiden*, adamlara azar bermek ýazgydyň Allatagaladandygyny bilmezlikden gelip çykýar. Ýazgyda ynanmazlyk bolsa imansyzlygyň alamatydyr. *Ikinjiden*, musulmanlara göriplik etmek kysmata ynanmazlykdan gelip çykýar. Bu hem imansyzlygyň alamatydyr. *Üçünjiden*, haramdygy ýa-da halaldygy şübheli bolan baýlygy toplamak kyýamatdaky hasap-hesibe ynanmazlyk bilen baglanyşyklydyr. Kyýamatdaky hasap-hesibe ynanmazlyk bolsa imansyzlygyň alamatydyr. *Dördünjiden*, Allatagalanyň azabyndan arkaýyn bolmak we beren wadasyna bil baglamak Onuň gorkuzmalaryna we beren wadalaryna göz ýummakdan başga zat däldir. Bu bolsa imansyzlygyň hakyt özüdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, müritleriniň biri sapara gitmekçi bolsa, Sufýan Sewri:

– Satlyk ölüme duşsaň, meniň üçin satyn al – diýip haýyş eder eken. Bir gün ol ömrüniň ahyrlandygyna göz ýetirip, aglamaga başlapdyr we:

– Ölmegi arzuw edipdim. Şindi bolsa ölmek maňa örän agyr gelýär. Käşgä saparlaryň ählisi bir hasany eliňe alyp, bir mytarany suwdan dolduryp çykylýan saparlaryň hilinden bolsa bolmaýarmy! Emma Allahyň huzuryna barmak üçin çykylan saparyň kynçylyklary bilen oýun eder ýaly däl. Gudraty güýçli Allatagalanyň huzuryna barmak kyn zat – diýipdir.

Sufýan hezretleri heran-haçan ölüm we onuň ynsanyň üstüni basyşy bilen bagly bir söz eşitse, birnäçe günläp özüne gelip bilmändir. Ol gabatlaşan kişisine:

– Ölüm gapyňy kakmazdan ozal oňa taýýarlan – diýip sargar eken. Ol hem ölümden şunuň ýaly erbet gorkupdyr hem onuň gelmegini arzuw edipdir. Dostlary:

– Jenneti göwnüň küýseýärmi? – diýip soranlarynda bolsa, Sufýan hezretleri başyny aşak salyp:

– Aýdýanyňyz näme? Jennet meniň ýaly birine nesip eder öýdýäňizmi? – diýip, olaryň alpetinden alypdyr.

***

Sufýan Sewri hezretleri Basrada aradan çykypdyr. Şol döwürde Basranyň emiri ony häkim edip bellemek maksady bilen tapyp getirmeklerini buýrupdyr. Gözläp, ahyry ony tapypdyrlar. Oňa içagyry degen eken, emma şonda-da durman ybadat bilen meşgullanmagyny dowam edipdir. Ony idäp baranlaryň hasaplamalaryna görä, ol şol gije altmyş gezek täret alypdyr. Ol her gezek namaz okamakçy bolanda, täretini bozmaly bolupdyr.

– Munuň ýaly wagtda täretli bolmasaň-da zyýany ýok ahyryn – diýenlere Sufýan hezretleri:

– Ezraýyl gelende, hapa däl-de, tämiz bolasym gelýär, çünki hapa kişiniň Jenaby-Hakyň huzuryna barmaga ýüzi bolmaz – diýip jogap beripdir.

***

Abdullah Mehdi şeýle diýipdir: «Sufýan maňa

– Meni ýüzin ýatyr, ajalym ýakynlaşdy – diýdi. Men ony ýüzin ýatyrdym we ýagdaýy jemagata habar bermek üçin daşary çykdym. Dönüp, içeri giremde, dostlarynyň ählisiniň onuň ýanyny alyp oturandygyny gördüm we olardan:

– Size kim habar berdi? – diýip soradym. Olar:

– Düýşümizde «Hany, Sufýanyň jynaza namazyny okamaga taýýarlanyň!» diýen ses eşitdik – diýip jogap berdiler.

Jaýyň içi adamlardan ýaňa hyryn-dykyndy. Sufýan hezretleri jan derini döküp ýatyrdy. Ol elini ýassygyň aşagyna sokup, ol ýerden içi müň altyn teňňeli gapjyk çykaryp:

– Şuny sadaka hökmünde dagydyň – diýdi. Şol wagt:

– Muňa bir baksana, Sufýan dünýälik edinmeli däldigimizi aýdyp, gulak etimizi guradýardy. Özüniň bolsa şunça altyny bar eken – diýenler tapylmaga başlady. Sufýan hezretleri olara şeýle jogap berdi:

– Bu pul dinimiň sakçysydyr. Bedenimi-de şunuň kömegi bilen günäden goradym. Şonuň arkasyndan Iblis maňa el uzadyp bilmedi. Eger ol «Bu gün näme iýip, näme içip oňjak?» diýip was-wasa bermekçi bolsa, «Ine, altyn» diýerdim. «Kepeniňem-ä ýok» diýse-de «Ine, altyn» diýerdim. Onuň was-wasasyndan şeýdip goranardym. Ýogsam, maňa bu altynlaryň geregi ýokdy.

Soňra ol kelemesini öwrüp, jan berdi».

***

Sufýan Sewri hezretleri şeýle diýipdir: «Pygamberimiziň (s.a.w.) maňa belli bolan hadyslarynda aýdylýanlaryň ählisini ýerine ýetirdim.

Aglamagyň on hili görnüşi bardyr. Olaryň dokuzysy il gözüne aglanýan agy bolup, diňe biri Allatagalany ýatlan mahalyň bogazyňa dolýandyr. Eger Allahy ýatlan mahalyň gözüňden çynyň bilen bir damja ýaş dökmegi başarsaň, şol hem az zat däldir.

Jarçy bir ýere ýygnanan köpçülige ýüzlenip: «Şu gün agşama çenli ýaşasam bolýar» diýen aýaga galksyn» diýip yglan etse, ýerinden gozganan tapylmaz. Öňde bize nämäniň garaşýanynyň mälim-

digine garamazdan, adamlaryň arasyna baryp «Ölümine taýýarlyk gören kişi aýak üstüne galsyn!» diýip jar çekdirilse-de, ýerinden turjak adam tapylmaz. Muňa haýran galmazlyk mümkin däl!

Bir işe Allatagalanyň razylygy üçin amal etmek şol işi ýerine ýetirmekden kyndyr. Bir adam gowy iş ede-ede, ahyry onuň adyny «Äşgär amal edenleriň depderine» girizerler. Soňra ol eden işi bilen öwünmäge başlasa, ony dilinden düşürmese, onda ahyry onuň adyna «Göz üçin amal edenleriň depderinden» ýer bererler.

Biriniň saňa «Sen nähili gowy adamsyň!» diýmegi «Sen nähili ýaramaz adamsyň!» diýmeginden gulagyňa hoş ýakýan bolsa, heniz hem erbetligiňden saplanmandygyňy bilip goý!

***

Bir ýaş ýigit haja gidip bilmeýänligi üçin ejir baryny çekýär eken. Sufýan hezretleri onuň ýanyna baryp:

– Men dört gezek haja gitdim. Emma men şol hajlaryň sogabyny seniň ejir çekip uludan alan ýekeje demiňe çalyşmaga taýyn – diýipdir. Ýaş ýigit onuň teklibini kabul edip, bu alyş-çalyş amala aşypdyr. Taraplaryň ikisi hem hoşnut bolupdyr.

Gije Sufýan hezretleriniň gulagyna gaýypdan bir owaz gelipdir:

– Sen girdejili alyş-beriş edip, asmanyň ýaşaýjylarynyň ählisiniň baýamagyna sebäp bolup biljek zady şeýle arzan baha satyn aldyň.

***

Sufýan Sewri hezretleri şeýle diýipdir:

– Bütin dünýä saňa gülüp bakjak we onuň ähli baýlygy seniňki boljak diýseler hem, Allatagalanyň dostlugyny şol zatlara çalyşmakdan ýüz öwür.

Men kimdir birinden sowgat almaga gorkýaryn, çünki şeýtsem, kalbymda sowgat beren adama söýgi döremegi mümkin. Men diňe Hudaýa bolan söýgim bilen galmak isleýärin.

Adama garşy edilen günä Hudaýa garşy edilen günäden erbetdir.

Adamlar üçin oýa bolanlaryndan ukuda bolanlary bähbitlidir, çünki olar ukudakalar dünýä işleri barada alada etmeýärler.

***

Bir adam Sufýan hezretlerinden:

– Adamlardan çete çekilen kişi näme bilen iýmitlenmeli? – diýip sorapdyr. Ol hem:

– Hudaýdan gorkýan kişi azyksyz galmaz – diýip jogap beripdir.

## *MUHAMMET ŞAPYGY*

Ymam Şapygynyň üstün taraplary sanardan kändir. Ol hakda örän köp rowaýat gelip ýetipdir.

Jahan ymamy Ahmet ibn Hanbal üç ýüz müň hadysy ýatdan bilýändigine garamazdan, oňa şägirtlik edip, başyny ýalaňaçlap hyzmatynda gezipdir. Birnäçeleri onuň bu bolşuny oňlaman:

– Bu derejedäki adam uly ussatlaryň we şyhlaryň söhbetlerini terk edip, ýigrimi bäş ýaşyndaky ýetginjegiň öňünde dyzyna çöküp oturarmy?! – diýipdirler. Ahmet:

– Meniň ýatdan bilýän zatlarymyň manysy oňa aýan. Şol zatlaryň manysyny ondan öwrenmedik bolsadyk, wagtymyzy olaryň manysyny tirip ýörmäge sarp etmeli bolardyk. Ol habarlaryň, rowaýatlaryň we okan zatlarynyň hakykatyna akyl ýetirmegi başarýar. Biziň bilýän hadyslarymyz beýlebir köp däl. Ol bolsa jahanyň Güni, halkyň saglygydyr – diýip, olar bilen ylalaşmandyr.

***

Muhammet ilki-ilkiler çakylyklara we nika toýlaryna barmandyr, durman aglapdyr, ýanyp tutaşypdyr. Heniz bäbek wagty oňa müň ýyllyk halat geýdiripdirler. Şol sebäpli Selim Raýy bilen duşuşyp, uzak wagtyň dowamynda onuň söhbetlerini diňläp, alan bilimine görä amal etmekde dersdeşleriniň ählisinden öňe saýlanypdyr. Mysal üçin, Abdullah Ansary:

– Onuň mezhebinde däldigime garamazdan, ymam Şapygyny gowy görýärin, çünki haýsy mertebä nazar aýlasam, onuň özümden öňdedigini görýärin – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Muhammet Şapygy bir gezek dersiň dowamynda on gezek turup oturypdyr.

– Bu näme etdigiň? – diýip soranlara bolsa:

– Hezreti Alynyň neslinden bolan bir adam medresäniň gapysynyň agzynda alyş-beriş bilen meşgullanýar. Ol gapynyň garşysynda peýda bolup, oňa gözüm düşen badyna, hormat goýup, ýerimden turýaryn, çünki Allahyň Resulynyň (s.a.w.) öwlatlaryndan birine gözüň düşen wagty aýaga galkmasaň, hiç gelşikli bolmaz – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, günleriň birinde bir kişi Mekgede müjewürlik edýänlere bermekleri üçin belli bir mukdarda pul gönderipdir. Bu puluň bir bölegini şol döwürde Mekgede ýaşaýan ymam Şapyga gowşurmak üçin, onuň huzuryna barypdyrlar. Ymam Şapygy:

– Puluň eýesi ony kime bermegi tabşyrypdyr? – diýip sorapdyr.

– Ol bu puly takwa garyplara bermelidigini aýdypdyr – diýen jogaby eşiden ymam Şapygy:

– Takwa kişi däldigim sebäpli, bu puly almak maňa dogry bolmaz – diýip, puly almakdan ýüz öwrüpdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek ymam Şapygy Mekgä gelende, ýanynda on müň altyn puly bar eken. «Ol bu pula bir ekin meýdany bilen bir süri goýun edinse gerek» diýen gürrüňi eşidip, ymam Şapygy derrew Mekgäniň daşynda bir çadyr gurupdyr we ýanyndaky altynlary öňünde üýşürip goýup, her geçene bir owuç altyn bermäge başlapdyr. Şeýlelik bilen, öýläne çenli altynlaryndan nam-nyşan galmandyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, ymam Şapygy ýetginjek mahaly Mekgede müjewürlik edýär eken. Gijelerine Käbede şem ýakýandyklaryna garamazdan, ol kitabyny Aýyň yşygynda okaýarmyş.

– Şemiň yşygy barka, kitaby Aýyň yşygynda okamaň näme? – diýenlere-de:

– Bu şem kitap okamak üçin däl-de, Käbäni ýagtyltmak üçin ýakylýar – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, her ýyl Rum diýaryndan Harun Reşide paç hökmünde pul gönderipdirler. Bir gezek rumlular dört ýüz keşişi onuň huzuryna gönderip:

– Biz yslam alymlary bilen jedel etmäge geldik, eger olar bizden üstün çyksa, paç tölemegimizi dowam ederis. Biz üstün çykaýsak welin, paç hantama bolmaň – diýmegi tabşyrypdyr. Halyf Bagdatdaky alymlaryň Dijle derýasynyň kenaryna toplanmalydyklary barada jar çekdiripdir. Soňra bolsa ymam Şapygyny gözledip tapdyrypdyr-da, oňa:

– Olaryň garşysyna özüň çykmaly bolarsyň – diýipdir. Çagyrylan kişiler Dijläniň kenaryna ýygnanansoňlar, ymam Şapygy bir namazlygy egnine atyp, suwuň ýüzünden ýöräp ugrapdyr we aňyrrakda namazlygyny ýazyp:

– Kim meniň bilen jedel etmekçi bolsa, şu ýere gelsin – diýip seslenipdir. Bu manzary gören keşişleriň ählisi toba edip, musulman bolupdyr. «Keşişler ymam Şapygynyň täsiri bilen musulman boldular» diýen habary alan Rum kaýsary:

– Onuň bu ýere gelmändigine şükür edýärin! Eger ol bu ýerlerde peýda bolsa, onda tutuş Rum ilinde zünnardyr haçdan nam-nyşan galmazdy – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, käbir adamlar Harun Reşide:

–Ymam Şapygy Gurhany Kerimi ýatdan bilmeýär – diýip habar beripdirler. Şol döwürde ol hakykatdan hem Gurhany heniz ýat tutman eken. Emma ýady welin örän güýçli bolupdyr. Harun Reşit ony synap görmek isläpdir we remezan aýynda ymamlyk etmegi emir edipdir. Ymam Şapygy her gün Gurhany Kerimiň bir jüzüni ýat tutup, ony terawyh namazynda okamaga başlapdyr. Ol şu şekilde remezan aýynda Gurhany Kerimi boýdan-başa ýat tutaýypdyr.

***

Ymam Şapygy şeýle diýipdir:

– Rugsatlar we ýorumlar bilen meşgullanýan alymdan asla haýyr çykmajagyny bilip goý.

Men tälim bermek edebinden bir edep we bir harp öwredeniň guludyryn.

Hetdini tanamaýanlara ylym öwreden – ylmyň hakyny iýýän adam, mynasyp kişilerden ylmy gysganan bolsa, oňa zulum edýän adamdyr».

## *AHMET IBN HANBAL*

Din we Sünnet ymamy, mezhebiň we milletiň nusgalyk şahsy, amal we düşbülik baýdagy Ahmet ibn Hanbal (Allatagala oňa rehim eýlesin!) ehli-sünnet wel-jemagatyň şyhydy, din we döwlet ymamydy. Hadys ylmynyň hatyrasyna onuň ýaly kän zähmet çeken kişi ýokdur.

Bir gün Ahmet ibn Hanbalyň ogly «Allah (jelli-jelälühü) Adamyň palçygyny eli bilen ýugurdy» hadysy-şeribinden söz açyp, onuň manysyny düşündirmäge geçjek bolanda, elini ýeňinden daşary çykarypdyr welin, kakasy derrew:

– Allahyň elinden söz açan mahalyň, ele yşarat ediji bolaýma – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir ýetginjegiň ejesi ysmaz keseline uçrapdyr. Günleriň birinde ol ogluna ýüzlenip:

– Senden razy bolmagymy isleýän bolsaň, ymam Ahmediň ýanyna gidip, meniň üçin doga etmegini haýyş et. Belki, şeýtse, Allatagala saglygymy gaýdyp berer. Bu hassalyk halys etimden ötüp, süňňüme ornady – diýipdir.

Ýetginjek ymam Ahmediň öýüniň gapysynyň öňüne baryp ardynjyrapdyr. Şol wagt içerden:

– Kimsiň? – diýen ses gelipdir.

– Men size mätäç bolup geldim – diýip, ýetginjek jogap beripdir. Soňra bolsa:

– Bir hassamyz bar. Ol özi üçin doga etmegiňizi isleýär – diýip, bu ýere gelmeginiň sebäbini äşgär edipdir.

Ymam Ahmediň bu işden göwni suw içmän, örän ynjalyksyzlanypdyr. Adamlaryň özüni tanaýandyklaryndan zeýrenip, jibrinmäge çenli baryp ýetipdir. Soňra bolsa boý täretini alyp, namaz okamaga başlapdyr. Hyzmatkär daşary çykyp:

– Gidip bilersiň! Çünki ymam seniň haýyşyňy ýerine ýetirmäge girişdi – diýip, ýetginjege ýüzlenipdir.

Ýetginjek öýüne dolanyp barypdyr. Ejesi ýerinden turup, gapyny açypdyr we Allatagalanyň şypa bermegi bilen, asla kesellemedik ýaly bolupdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek ymam Ahmet ibn Hanbal derýanyň kenarynda oturyp, akyp ýatan suwdan owujyny dolduryp, täret almaga başlapdyr. Şol wagt onuň ýokary ýanynda başga biri-de täret alyp otyr eken. Ol ymama hormat goýup, oturan ýerinden turupdyr we aşak tarapa inip, täretini şol ýerde alypdyr. Şol adam aradan çykanyndan soň, bir kişi ony düýşünde görüp:

– Gudraty güýçli Allatagala saňa nämäni laýyk gördi? – diýip sorapdyr. Ol:

– Täret alyp otyrka, ymama goýan hormatym sebäpli, Allatagala meni öz rehmetine gowşurdy – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ahmet ibn Hanbal şeýle diýipdir: «Günleriň birinde ýeke özüm çöllük ýer bilen ýol aşyp barýarkam, azaşdym oturyberdim. Bir tarapda çugutdyryp oturan çarwa kişini görüp, ondan ýol soramagy ýüregime düwdüm. Barmaly ýerimiň haýsy tarapdalygyny soradym welin, ol:

– Kalbyňda şübhe barka we çak etmekden başga alajyň ýok mahaly ýola çykmagyn – diýip seslendi.

«Açlygyndan samraýan bolaýmasyn» diýip, içimi gepletdim-de, ýanymdaky bir döwüm çöregi oňa berdim. Ol aljyran ýaly etdi we:

– Eý, Ahmet! Sen özüňe kimdirin öýdýäň? Hem Allahyň öýüne gidýärsiň, hem ryskyň Allatagaladan gelmegine razy bolmaýarsyň. Eger şeýle etseň, ana, ýoluňdan şonda azaşarsyň – diýdi.

Bu sözleri eşidenimden soň, köňlümde göriplik ody tutaşyp:

– Allahym! Gyrak-bujakda hiç kim tarapyndan tanalmaýan şeýle bir gullaryň bar: olar Allatagaladan ant içseler, ýüzlerindäki nuruň haky üçin topraklardyr daglar durşuna altyna öwrüler – diýip seslendim. Soňra bolsa dykgatly synlap, topraklaryň we daglaryň ählisiniň altyna öwrülip lowurdap durandyklaryny gördüm we özümden gitdim. Şonda gaýypdan şeýle bir ses geldi:

– Näme üçin köňlüňi goramaýarsyň? Eý, Ahmet! Eger ol islese, ýeri göge göterip, gögi ýeriň astyna geçireris. Ine, ol biziň şunuň ýaly gulumyzdyr. Ony saňa bir gezeklikçe görkezdik. Indi gaýdyp öňa gözüň düşmez!

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ahmet ibn Hanbal Bagdatda ýaşaýan döwründe bu ýerde bişirilen çöregi iýmändir. Ol: «Imanly kişilereiň emiri Omar (Allah ondan razy bolsun!) bu topraklary gazylara bagyşlapdyr» diýer eken. Ol altyn berip, Mosuldan getirdýän unundan bişirilen çöregi iýipdir. Ahmet ibn Hanbalyň Yspyhan şäherinde kazylyk edýän ogly Salyh ibn Ahmet arasyny üzmän gündizlerine agzyny bekläp, gijelerini namaz okap geçirer eken. Ol gijäniň dowamynda iki sagatdan artyk uklamandyr. Ol öz ýaşaýan öýüniň öň tarapynda gapy ýeri hoňkaryp duran, ýagny gapy oturdylmadyk ýene bir öý saldyryp, gijesini-gündizini şol öýde geçiripdir. Salyh gijäniň bir mahaly möhüm iş bilen gelen adamyň öňünde gapynyň ýapyk bolmazlygy üçin şeýle edipdir. Ine, onuň kazylyk edişi şunuň ýalydy.

Günleriň birinde Ahmet ibn Hanbal hezretleri üçin çörek bişiripdirler. Bişirilen çöregiň hamyrmaýasy Salyhyň öýünden alnan eken. Çöregi bişirip, Ahmediň öňünde goýupdyrlar. Ol derrew:

– Bu çörek öňkülere meňzänok-la, oňa näme boldy? – diýip sorapdyr. Oňa:

– Üýtgeşik bolan zat ýok, diňe çöregiň hamyrmaýasy Salyhlaryňky bolmaly – diýip jogap beripdirler. Onda Ahmet:

– Şeýle diýsen-e, ol bir ýyllap Yspyhanda kazylyk edipdi. Bu çörek bogazymyza ýaraşmaz – diýip seslenipdir.

– Ýagşy, emma bu çörekleri nädeli?

– Häzirlikçe durubersin. Bir dilegçi gelende: «Bu çöregiň hamyry Salyhyň hamyrmaýasyna ýugrulandyr. Isleseň, alyp gidip bilersiň» diýiň.

Bu çörek kyrk günläp dursa-da, bir dilegçi hem zat sorap gelmändir. Çörek heňläp gidensoň, ony Dijle derýasyna atypdyrlar. Bir gün Ahmet:

– Şol öňki çöregi nätdiler? – diýip sorapdyr.

Ony Dijle derýasyna taşlandyklaryny bileninden soň, ýokary derejede takwa kişi bolany sebäpli, ol hiç haçan şol derýadan tutulan balygy iýmändir.

***

Ahmet ibn Hanbal hezretleriniň şägirtleriniň biri bir gije onuň öýüne myhman bolupdyr. Halypa şägirdiniň düşeginiň ýanynda içi suwly küýzäni goýupdyr-da, özi uzak gije namaz okamak üçin başga otaga geçipdir. Ol irden şägirdiniň gijesini geçiren otagyna gelip, küýzedäki suwuň birjik hem egsilmändigini görüpdir. Ahmet ibn Hanbal hezretleri:

– Näme üçin suwdan peýdalanmadyň? – diýip sorapdyr. Şägirdi:

– Gijäniň içinde maňa suwuň näme geregi bar? – diýip, geň galypdyr.

– Bu suw täret alyp, soňra uzak gijäni namaz okap geçirmegiň üçin gerekdi. Seniň bu bolşuň, menden öwrenýän zatlaryň bilen amal etmeýäniňi görkezýär – diýip, halypa şägirdine ýene bir sapak beripdir.

## *DAWUT TAÝY*

Dawut hezretleri taý tiresiniň ýolbaşçylarynyň biri bolup, sopular toparynyň hem sylaýan adamlarynyň biridi. Dürli ylymlardan nesibini doly alypdy. Köplenç, adamlardan gaçyp, gyrak-bujaga çekilenini kem görenokdy. Toba gelmegine bir agyçy aýaldan eşiden iki setir şygry sebäp bolupdyr. Şol setirleriň manysy şeýledi: «Şindi ýaňaklaryňdan haýsysy çüýremäge başlady? Gözleriňiň haýsysy ilki akdy? Haýsy ýüz we saç topraga düşüp çüýremedi, haýsy göz ýere akmady?» Bu setirleriň täsirinden kalbyna uly bir dert düşüp, erk-ygtyýaryny ýitiripdir, karary galman, aljyraňňy hala düşüpdir. Dawut şol halda ymam Abu Hanifäniň sapak berip oturan ýerine gelipdir. Ymam Agzam onuň öňküliginiň ýoklugyny göreninden aňlap:

– Saňa näme boldy? – diýip sorapdyr. Ol hem başyndan geçenleri habar berip:

– Köňlüm dünýäden sowap, kalbymda bir zat peýda boldy. Emma şol zada gowuşdyrjak ýoldan habarym ýok. Kitaplaryň hiç birinde onuň manysyna duş gelmedim, oňa degişli fetwa-da ýok – diýipdir.

Şondan soň, Dawut adamlardan ýüz öwrüp, öýünden daşary çykmandyr we diňe ybadat bilen meşgullanypdyr.

Aradan birnäçe wagt geçeninden soň, Abu Hanife onuň ýanyna gelip:

– Beýle çete çekilip, il-günden gizlenmäň dogry däl. Seniň ymamlaryň arasynda oturyp, bilmeýän zatlaryňy olardan öwrenmegiň, bu babatda sabyrly bolmagyň, agzyňdan bir söz hem gaçyrmazlygyň we gürrüňi edilýän meselelerden olardan has gowy baş çykarmagyň gerek – diýipdir.

Dawut hezretleri ymam Agzam hezretleriniň bu maslahatyny ýerlikli hasaplap, bir ýyllap yzygiderli ylym öwrenipdir, ymamlaryň arasynda oturyşyna, agzyndan ýeke söz hem gaçyrmandyr. Ol sabyr

edipdir, hiç bir soraga jogap bermändir, ders diňlemek bilen çäklenipdir. Şeýdip, bir ýyly arka atanyndan soň, ol: «Bir ýyllap eden sabrym şondan öň ýerine ýetiren otuz ýyllyk amalyma deň geldi» diýip seslenipdir.

Soňra ol Habyp Raýy bilen duşuşypdyr. Gitmeli ýolunyň gapysy şol piriň kömegi bilen açylypdyr. Ol derrew bu ýola mertlerçe giripdir. Dawut kitaplaryny äkidip, suwa atanyndan soň, terkidünýälige baş urup, adamlardan umydyny üzüp, olar bilen baglanyşygyny doly kesipdir.

***

Günleriň birinde Dawut Taýy hezretleri şeýle diýipdir:

– Çöregi dişläp alyp, çeýnäp iýemokda, ilkibada suwda eredýärin we soňra owurtlap goýberýärin.

Beýle etmeginiň sebäbini soranlarynda bolsa, ol:

– Çörek çeýnemäge sarp etjek wagtyma derek Gurhany-Kerimiň ençeme aýatlaryny okap biljegime aklym çatany üçin şeýdýärin – diýip jogap beripdir.

***

Dawut Taýy hezretleri içi suwly küýzäniň duran ýerine Günüň şöhlesi düşse, ony kölegä geçirmez eken. Ol dyngysyz namaz okapdyr we sowuk suwly bolmaga derek ýekeje pursadyny hem ýitirmezlige çalşypdyr.

***

Dawut Taýy hezretleriniň köne külbesi bar eken. Adamlar oňa:

– Külbäň üçeginde san galmandyr. Ol haçan çökse çökäýmeli – diýip duýdurypdyrlar. Ol şeýle jogap beripdir:

– Meniň üçegi synlara wagtym bolmady. Üstesine-de, mundan beýläk hiç haçan jaý salmazlygy ýürezime düwdüm.

Onuň ýaşan külbesiniň üçegi ölmeziniň yzysüre aşak çöküpdir.

***

Dawut Taýy hezretlerinden:

– Sakgalyňy näme üçin daramaýarsyň? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Men hemişe Allatagalany zikir etmek bilen meşgul bolamsoň, sakgalymy daramaga wagtymy sarp etmek islemeýärin – diýip jogap beripdir.

***

Dawut Taýy hezretlerinden maslahat bermegini soranlarynda, ol:

– Adamlar bilen barşyp-gelişmekden ýüz öwrüň we boş gürrüňlere wagtyňy sarp etmegiň ýaramaz täsiriniň bardygyny, zerur bolmadyk zatlara, wakalara tomaşa etmegiň peýdasyzdygyny unutmaň.

***

Dawut Taýy hezretleri öz eşigini ýuwup otyrka:

– Kalbymy hem şunuň ýaly aňsatja tämizläp bilsem bolmaýarmy? – diýip seslenipdir.

## *ABU SÜLEÝMAN DARANY*

Alymlyk derýasy Abu Süleýman Darany (Allah oňa rehim eýlesin!) döwrüniň ýeke-tägi we asyryň hoşgylawydy. Örän hoşgylaw bolany üçin oňa: «Reýhanül-kulub» (köňülleriň gowy ysly güli) diýipdirler.

Dara (ýa-da Dareýýa) Şamyň etegindäki bir oba bolup, Abu Süleýmanyň asly şol ýerdendi.

Onuň şägirdi Ahmet Hawaýy şeýle diýipdir: «Bir gije täk başyma namaz okaýan wagtym kalbyma ullakan bir rahatlygyň aralaşandygyny duýdum. Ertesi gün bu barada Abu Süleýmana gürrüň berdim. Ol:

– Sen gowşak bir adam bolmaly, çünki heniz hem seniň üçin ýalňyzlygyň we adamlar bilen bolmagyň arasynda tapawut bar. Şol sebäpli hem ýeke wagtyň özüňi bir hili, adamlaryň arasynda-da başga hili duýýan bolmaly. Aslynda iki jahanda adamy Hakdan daşlaşdyrmaga mynasyp ýeke zat hem ýokdur! – diýdi.

***

Abu Süleýman şeýle diýipdir: «Bir gijämi metjitde geçirdim. Sowuk halys süňňüme ornap, mende rahatlykdan nam-nyşan galmandy. Doga etmekçi bolamda, elimiň birini goltugyma sokup, beýlekisini ýokary galdyrdym. Bir elimiň ýylamagy bilen, endamyma uly bir rahatlyk aralaşdy. Soňra uka batdym welin, gulagyma gaýypdan:

– Eý, Abu Süleýman! Asmana tarap açylan eliňe nesibini berdim, beýlekisini hem ýokary galdyran bolsaň, onuň paýyny-da bererdik – diýen ses eşidildi.

Ine, şol günden soň, daşary sowuk bolsa-da, yssy bolsa-da ellerimi ýokary galdyrman asla doga etmejegimi aýdyp, ant içdim. Allatagalanyň islendik kemçilikden päkdigini, gadyr-gymmatynyň bar zatdan ýokarydygyny dilime sena edýärin, çünki Ol nesibimizi we arzuw edýän zadymyzy dilemedik ýagdaýymyzda-da bize ýagşylygyny yhsan edipdir!

## AHMET IBN HARB

Gündogaryň we Günbataryň nusga alarlyk adamy, horasan piri Ahmet ibn Harbyň (Allah oňa rehim eýlesin!) üstün taraplary örän köp bolup, takwalykda deňi, ybadatda taýy tapylmandyr. Ol ynamdar adam bolupdyr. Onuň ýokary derejede takwalygyna ynanýany üçin, hatda Ýahýa ibn Muaz Razy hem:

– Men ölenimden soň, başym onuň aýaklaryna deň bolar ýaly edip topraga beriň – diýip wesýet edipdir.

Ahmet heniz ýetginjek mahallary ejesi bir towugy otda gyzardyp, öňünde goýup:

– Men muny öz elim bilen iýmitlendirdim. Şol sebäpli munuň haladygy şübhesizdir. Mundan arkaýyn iýip bilersiň – diýipdir. Ol bolsa:

– Bu towuk bir gün goňşymyzyň howlusyna geçip, ol ýerden bir zatlar çokupdy. Goňşymyz gazanan baýlygy şübheli bolan goşun serkerdesidi. Şonuň üçin hem muny iýmek maňa ýaraşmaz – diýip, nahardan ýüz öwrüpdir.

***

Uly alymlaryň biri: «Günleriň birinde Ahmediň wagyz edýän mejlisine bardym. Onuň gürrüňini edýän meselesi barada aýdanlaryny eşidenimden soň, köňlüm ýagtylyp gitdi. Kyrk ýyllap şol wagzyň lezzeti meni terk etmedi. Kalbymdaky şol lezzeti heniz hem duýýaryn» diýipdir.

***

Ahmet bir döwürde Ýahýa ibn Ýahýanyň müridi bolupdyr. Ýahýanyň bir bagy bar eken. Bir gün Ahmet öz halypasynyň ba-

gyndaky üzüm agajyndan biraz üzüm ýolup iýenini görüp, teýeneli bir äheň bilen:

– Muny näme üçin iýýärsiň? – diýip, oňa ýüzlenipdir.

Ýahýa:

– Bu bag maňa degişli. Näme men öz bagymdan üzüm hem iýip bilmenmi? – diýip geňirgenipdir.

Ahmet:

– Bag siziňki hem bolsa, habar bermezden we rugsat almazdan, bu bagy bir gün haýyr-yhsan üçin bagyşlanylan ýabyň suwundan suwarypdylar – diýip seslenipdir. Onuň aýdanyny eşiden Ýahýa toba edip, gaýdyp bu bagyň üzümini agzyna almandyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ahmediň Bähram atly bir otparaz goňşusy bar eken. Onuň satmak üçin ugradan birtopar zady talaňçylaryň eline düşüpdir. Bu bolan iş barada eşiden Ahmet müritlerine:

– Goňşymyzyň başyna şunuň ýaly bir iş düşüpdir. Ýör, onuň ýanyna gidip, derdini paýlaşalyň, teselli bereliň. Otparaz bolsa-da, garaz goňşymyz-da – diýipdir. Olar şeýdip Bähramyň öýüni nazarlap ugrapdyrlar.

Bähram olary güler ýüz bilen garşylap, Ahmediň ýeňini öpüpdir, hezzet-hormat edipdir. Ol gytçylyk ýyl bolany üçin bular bir zatlar iýmek maksady bilen gapysyny kakandyrlar öýdüpdir we derrew saçak ýazmagyň aladasyny etmäge başlapdyr. Ahmet onuň nämäniň hyýalyna münenini görüp:

– Hiç zadyň aladasyny etme. Satlyk zatlaryňyzy talandyklaryny eşidip, saňa teselli bermäge, bähbit bolsun diýmäge geläýdik – diýipdir. Bähram:

– Hawa, şunuň ýaly bir iş-ä boldy. Emma bu waka üç zat üçin şükür etmegime sebäp boldy. *Birinjiden*, başgalaryň meniň zadymy talanyna, özümiň şunuň ýaly bir iş etmänime şükür edýärin. *Ikinjiden*, baýlygymyň ýarysyny talasalar-da, galan ýarynyň özümde galanyna şükür edýärin. *Üçünjiden* bolsa, dinimiziň öz ýanymdadygyna, ony talamandyklaryna şükür edýärin. Dünýä maly bolsa, gelip-gidip duran bir zat – diýip, öz garaýşyny mälim edipdir.

Onuň bu sözleri Ahmet hezretleriniň göwnüne hoş ýakyp, müritlerine ýüzlenipdir:

– Onuň aýdanlaryny ýazyp alyň, çünki bu sözlerden magryfetiň ysy gelýär. Bu Allahy tanaýan adamyň diýäýjek zady.

Soňra bolsa Bährama ýüzlenip:

– Eý, Bähram! Näme üçin oda çokunýarsyň? – diýip sorapdyr.

– Erteki gün meni ýakmasyn, maňa biwepalyk etmesin diýip şeýdýärin. Meni Allatagala gowuşdyrmagy üçin oňa şunça odun iýdirýärin, şunça hormat goýýaryn – diýip, Bähram jogap beripdir.

– Sen uly bir ýalňyşlyga ýol berýärsiň! Ot hem güýçsüz, hem nadan, hem wepasyzdyr. Oňa ynanyp ýöreden hasabyň hökman biderek bolaýmaly. Bir çaga üstüne suw sepse, ol söner galyberer. Gowşaklygy şondan hem görünýändir. Şunuň ýaly ejiz zat saňa nädip güýç berer? Üstüne dökülen sähelçe suwuň hötdesinden gelmegi başarmaýan halyna, ol seni Allaha nähililik bilen gowuşdyryp biler? Şonuň ýaly-da, ol nadandyr, çünki müşk bilen nejesadyň aratapawudyny bilmänsoň, derrew ikisini-de küle öwrüp taşlar, biriniň has gowudygyny aňlamaz. Onuň wepasyzdygy hem şübhesizdir. Ynha, meni diňle: sen ýetmiş ýyllap oňa çokunyp gelýärsiň, men bolsa ýekeje gezek hem çokunamok. Gel, indi elimizi oda sokaly. Ol ikimiziň hem elimizi ýakarmyka: şuny synap göreli. Ol saňa wepaly bolup, eliňi ýakman duruberermikä?! – diýip, Ahmet ondan çyny bilen sorapdyr. Ahmediň aýdanlarynyň täsiri bilen, ol:

– Senden dört mesele barada sorajak. Dogry jogap berseň, iman getirmäge razy – diýipdir.

– Hany, sora bakaly – diýen jogaby alanyndan soň, Bähram soraglaryna başlapdyr:

– Allatagala şu mahlukaty näme üçin ýaratdy? Rysklaryny bermesine berýär-de, soňra olaryň janyny almasy näme? Bar, öldürdem diýeli, emma soňra olary näme üçin direldip, bir ýere toplaýar?

Şyh Ahmet oňa şeýle jogap beripdir:

– Ol Ýaradyjydygyny bilmekleri üçin mahlukaty ýaradýar. Rysk berýäniň Özüdigini bilmekleri üçin olary ekläp-saklaýar. Güýçlüdigine akyl ýetirmekleri üçin olary öldürýär. Ýene güýçlüdigini bilmekleri üçin hem olary gaýtadan direldýär.

Bu jogaby alan Bähram:

– Eşhedü en lä ilähe illallah we eşhedü enne Muhammedin Resulullah – diýip musulman bolupdyr.

Ol kelimeýi-şehadaty aýdýan mahaly, Ahmet gygyryp goýberipdir-de, bir gapdala agyp, özünden gidipdir. Birnäçe wagtdan soňra özüne gelip, gözlerini açanda, müritleri ondan:

– Başyňa düşen bu hal nähili bir haldyr? – diýip sorapdyrlar. Ahmet hezretleri bolsa:

– Bähram kelimeýi-şehadaty aýdyp bolan badyna, kalbyma: «Eý, Ahmet! Bähram ýetmiş ýyldan soňra iman getirdi. Sen bolsa ýetmiş ýyllap musulman bolup ýaşadyň. Indi iň soňunda näme boljagyna bakaly: kapyr bolup ölermikäň ýa-da imanly kişi bolup dünýäni terk edermikäň?» diýen owaz eşidildi – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ahmet hezretleri ömründe asla uklap görmändir. Bir gije özüne:

– Biraz dynjyňy alaýsaň nädýär? – diýenlere bolsa, ol:

– Özi üçin jennetiň bezelgi durandygyny, onuň aşagynda bolsa dowzah odunyň tutaşdyrylyp goýlandygyny, emma olaryň haýsy biriniň özüne nesip etjegini bilmeýän kişiniň gözüne, heý, uky gelermi? – diýipdir.

***

Ahmet ibn Harb hezretleri şeýle diýipdir: «Käşgä, maňa kimiň duşmançylyk edýänini, kimiň gybatymy edýänini bilip, oňa altyn-kümüş göndersedim. Meniň üçin işleýändigi, gazanýan sogaplaryny meniň depderime geçirýändigi üçin meniň pulumdan sowsa, neneň gowy bolardy.

Dünýäniň sizi aldatmazlygy, öňküleriň sezewar bolan belasyna sizi-de giriftar etmezligi üçin Allatagaladan güýjüňiz ýetdiginden gorkuň. Bilýän zatlaryňyza görä amal ediň we dykgatly boluň».

## *MARUF KERHI*

Marufyň ejesidir kakasy hristian eken. Ony okuwa berenlerinde, mugallymy:

– Hany, üçüň üçünjisi diý, göreli bakaly – diýip, oňa ýüzlenipdir.

– Ýok, bu diýeniňiz dogry däl, düýbünden tersine – Ol bir bolan Allahdyr – diýip, Maruf garşy çykypdyr. Ussady ony näçe ursa-da, peýda bermändir. Bir gezek hem mugallymy ony eline taýak alyp ýenjipdir. Şondan soňra Maruf gaçypdyr we gaýdyp ol jelegaýlara gara bermändir. Ejesidir kakasy:

– Käşgä, yzyna dolanyp, islän okuwyna gitse bolmaýarmy? Biz muňa-da razy bolardyk – diýip, ahmyr edip ýörüpdirler.

Maruf şol gaçyp gidişine Aly ibn Musa Ryzanyň huzuryna baryp, musulman bolupdyr. Aradan birnäçe wagt geçeninden soň, ol gelip, öz öýleriniň gapysyny kakypdyr. Içerden:

– Kim borsuň? – diýip sorapdyrlar.

– Maruf men.

Içeri gireninden soň, oňa:

– Haýsy dine uýýaň? – diýip ýüzlenipdirler.

– Allahyň Resuly Muhammediň (s.a.w.) dinine uýýaryn.

Muny eşidip, ejesidir kakasy-da musulman bolupdyrlar.

Maruf has soňra Dawut Taýy bilen duşuşypdyr we açlykdyr horluga sabyr edip ýaşamaga başlapdyr.

Ol ybadatlaryny doly we kämil bir şekilde ýerine ýetiripdir. Hakykat ýolunda yhlas bilen öňe ilerleýşine, ahyrsoňunda dilleriň senasyna öwrülipdir. Muhammet ibn Mansur Taýy (Allah oňa rehim eýlesin!) ondan söz açyp şeýle diýipdir: «Bagdatda Mansuryň ýanynda ýaşaýardym. Bir gezek onuň ýüzündäki sypjyryga gözüm düşüp:

– Düýn uzakly gün seniň ýanyňda boldum. Şol wagt-a ýüzüňde beýle bir sypjyryk ýokdy. Soňra saňa näme boldy? – diýip soradym. Ol:

– Özüňe peýdasy degjek zat barada sorasan-a – diýip, jogap bermekden ýüz öwürjek boldy.

– Hudaýyň haky üçin özüňe näme bolanyny aýt! – diýip, men hem ondan el çekmedim. Diňe şondan soňra ol:

– Agşam namazyny okap bolanymdan soň, Mekgä gidip, Käbäni togap etmek isledim. Suw içmek üçin Zemzemiň ýerleşýän tarapyna ugradym. Soňra hem aýagym typyp, çeşmäniň golaýyndaky gapyny süsdüm. Bu sypjyryk şondan galandyr – diýip jogap berdi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek Maruf Kerhi hezretleri Dijle derýasynyň boýuna gidip, täret alyp otyrka, bir garry aýal onuň ýekelikde ybadat edýän külbesine girip, ol ýerdäki Gurhany-Kerim bilen namazlygy alyp gidiberipdir. Maruf ony yzarlap gidip, yzyndan kowup ýetipdir we ýüzüne seretmezlik üçin başyny aşak salyp, ondan:

– Gurhany-Kerimi okap bilýän çagaň barmy? – diýip sorapdyr. Kempir:

– Ýok – diýipdir.

– Onuň ýaly bolsa, Gurhany-Kerimi maňa ber. Namazlyk seniňki bolsun!

Maruf hezretleriniň özi bilen mylaýym gürleşişine haýran galan kempir ogurlan zatlarynyň ikisini-de piriň külbesine getirip goýupdyr. Maruf hezretleri:

– Namazlyk seniňki, halal bolsun. Ony al-da, gidiber – diýip seslenipdir. Eden işinden utanyp, girere deşik tapmadyk kempir, ol ýerden arany açmak bilen bolupdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Maruf hezretleri bir gün müritleri bilen birlikde bir ýere ugrapdyr. Birden olaryň gözi Dijle derýasy bilen gaýykly ýüzüp baryşlaryna, şerap içip, mes bolýan birnäçe ýetginjege düşüpdir. Ýolagçylar derýanyň kenaryna baryp ýetenlerinden soň, ýanyndaky müritleri Maruf hezretlerine ýüzlenip:

– Şyhymyz! Allatagalanyň olaryň baryny suwa gark etmegi üçin doga etsen-e – diýipdirler. Maruf hezretleri:

– Elleriňiziň aýasyny açyň – diýipdir we:

– Allahym! Şu ýaş ýigitlere bu jahanda nähili gowy bir durmuş bagyşlan bolsaň, o dünýäde-de olara şonuň ýaly gowy durmuş bagyş eýle! – diýip doga edipdir.

Onuň bu bolşuna geň galan müritleri:

– Şyhymyz! Biz bu doganyň syryna düşünmedik-le – diýip seslenipdirler. Ol hem:

– Onuň syry mälim bolýança garaşyň – diýipdir.

Gaýykdakylaryň Maruf hezretlerine gözleri düşen badyna, çalyp oturan ribaplaryny döwüp taşlap, içip oturan şeraplaryny döküpdirler we aglamaga başlapdyrlar hem-de piriň aýaklaryna ýykylyp, toba edipdirler. Şonda Maruf hezretleri şeýle diýipdir:

– Hiç kim gark bolmazdan we hiç kimiň jany ýanmazdan, hemmeleriň arzuwynyň nähililik bilen hasyl bolanyny gördüňiz dälmi?

***

Günleriň birinde Maruf hezretleri täretsizkä namaz wagty giripdir. Golunyň astynda suw bolmansoň, ol çäge bilen teýýemmüm edipdir. Adamlar oňa ýüzlenip:

– Dijle derýasy bu ýerden uzakda däl. Näme üçin derýanyň kenaryna baryp, suw bilen täret almaýarsyň? – diýipdirler. Ol hem:

– Derýa näçe golaýda bolsa-da, onuň kenaryna barýançam ölmejegime hiç ynamym ýok – diýip jogap beripdir.

***

Maruf hezretleri şeýle diýipdir:

– Adamlaryň söýgüsinden ýüz öwürýän adam, Allatagalanyň söýgüsine mynasyp bolýar we ondan lezzet alýar.

## *SERI SAKATY*

Seri Sakaty sopularyň ymamy bolup, dürli ylymlarda kämillik derejesine ýetipdir. Ol gussa we dert derýasydy, ýumşaklyk we durnuklylyk dagydy, şatlyk we mähir hazynasydy.

Seri Bagdatda ýaşapdyr. Onuň bu şäherde bir dükany bolup, onda köne-küşül zatlary satmak bilen meşgullanypdyr. Oňa Sakaty lakamynyň berilmegine-de şol sebäp bolupdyr.

Seri dükanynyň gapysyna tuty tutup, her gün ençe rekat namaz okar eken. Günleriň birinde Lükäm dagynda ýaşaýan biri ony zyýarat etmäge gelipdir we dükanyň tutusyny galdyryp:

– Lükäm dagynda ýaşaýan pylany pir saňa salam iberdi – diýipdir. Seri hezretleri onuň getiren salamyny alanyndan soň:

– O pir dagda ýaşaýarmy? Näme ol edere iş tapanokmyka? Hakyky erkek kişi adamlaryň arasynda ýaşap, bir iş bilen meşgullanmalydyr, şol bir wagtyň özünde-de Allatagaladan sähelçejik hem daşlaşmaly däldir! – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Seri hezretleri alyş-beriş eden mahaly ýüzde bäşden artyk peýda görmez eken. Ol bir gezek altmyş dinarlyk badam satyn alypdyr. Şonuň yzysüre-de badamyň bahasy ep-esli ýokarlanypdyr. Dellal gelip, şol badamy satyn almakçy bolupdyr. Seri hezretleri badamy satmaga razy bolupdyr. Dellal:

– Muny näçe bahalaýaň? – diýip sorapdyr.

– Altmyş üç dinar berseň bolar.

– Emma bu gün sendäki ýaly mukdardaky badam togsan dinara satylýar ahyryn.

– Men her on dinardan ýarym dinardan artyk peýda görmezligi ýüregime düwdüm. Bu niýetimden dänmekçi däl.

– Men hem seniň zadyňy öz durýan bahasyndan arzan satyp bilmen.

Şeýlelik bilen, şol badamy satmak dellala hem, Seri hezretlerine hem nesip etmändir.

***

Seri hezretleri ilki-ilkiler köne-küşül zatlary satmak bilen meşgullanar eken. Bir gün Bagdadyň bazarynda ýangyn döräpdir. «Bazar ýanyp, kül boldy» diýip, oňa habar beripdirler. Ol: «Men şeýle-de bu işimden el çekipdim» diýip, göwnibir halda jogap beripdir. Soňra görüp otursalar, onuň dükany ýanman galan eken. Ol bu haly göreninden soň, özüne degişli zatlaryň ählisini derwüşlere bagyşlap, sopuçylyga ýüz urupdyr.

***

Seri hezretlerinden başdaky haly barada soranlarynda, ol şeýle diýipdir: «Bir gün Habyp Raýy dükanymyň öňünden geçip barýarka, derwüşlere gowşurmagyny haýyş edip, oňa bir zatlar beripdim. Şonda ol maňa ýüzlenip:

– Allah saňa haýyrlar yhsan eýlesin – diýdi. Onuň eden bu dogasyndan soňra dünýäden sowadym. Günler şeýdip geçip durdy. Günleriň birinde Maruf Kerhi ýany bilen bir çagany alyp geldi-de:

– Şu körpäni geýindir – diýdi. Men hem çaga egin-eşik alyp berdim. Şondan soňra Maruf hezretleri:

– Haktagala saňa dünýäni ýigrendirsin we seni bu işiňden halas edip, rahatlyga gowuşdyrsyn – diýdi. Onuň eden bu dogasynyň hormatyna we bereketine birdenkä dünýäden el çekdim oturyberdim».

***

Jüneýit hezretleri şeýle diýipdir: «Bir gün Seriniň ýanyna baranymda, onuň aglap oturanyny görüp:

– Hernä haýyrlysy bolawersin, saňa näme boldy? – diýip soradym. Ol şonda şeýle diýdi:

– Bu gije, içindäki suw sowar ýaly, küýzäni asyp goýmak pikiri kelläme geldi. Soňra uka gitdim welin, düýşüme bir hüýr girdi. Men ondan:

– Sen kime degişli? – diýip soradym. Ol:

– Içindäki suwy sowatmak üçin küýzäni asyp goýmaýana – diýip jogap berdi-de, küýzäni ýere pylçap urdy. Ine, seret, bölek-bölek bolup ýatandyr.

Onuň ümlän tarapynda küýze döwüklerine gözüm düşdi. Olar uzak wagtlap şol duruşlaryna pytrap ýatdylar».

***

Jüneýit hezretleri şeýle diýipdir: «Bir gije uka gidip, soňra ukudan oýananymdan soň, kalbym: «Şuniziýe metjidine git!» diýdi durdy. Şeýlelik bilen, men şol metjide gitdim. Metjitde gorkunç bir adama gözüm düşüp, ondan erbet gorkdum. Ol menden:

– Eý, Jüneýit! Menden gorkaýan-a dälsiň? – diýip sorady.

– Hawa, gorkdum – diýip boýnuma aldym.

– Allahy tanaýanyň çyn bolsa, näme üçin Ondan başgasyndan gorkýarsyň? – diýip, ol has mojugyny tapdy.

– Kim bolarsyň? – diýdim.

– Maňa Iblis diýýärler.

– Men Allahdan gorkmaýandan gorkýaryn. Men hem seni görmek isleýärdim.

– Menden gorkan pursadyň, özüň hem bilmezden, Allatagalany unutdyň. Meni näme üçin görmek isleýärdiň?

– Fakir sopulary ýoldan azaşdyrmak üçin jan edýärmiň? Şuny soramakçy boldum.

– Ýok, olary iş edinmeýärin, çünki täsir edip bilemok.

– Onuň sebäbi näme?

– Dünýäni olaryň gözüne gowy edip görkezip, girime saljak bolsam, ahyrete gaçýarlar, ahyreti öňe sürüp, ýakalajak bolsam, Allaha tarap gaçýarlar. Şeýdip öňüm baglanýar duruberýär.

– Olara täsiriňi ýetirip bilmeýäniňi-hä eşitdim. Olaryň erbet hala düşen pursatlaryna-da gabat geleňokmy?

– Oňa gabat gelýärin. Sema edip, özlerinden geçenlerinde, näme üçin aglaýandyklaryna göz ýetirýärin. Hakyň razylygyny gazanmak üçin sema edýäne golaýlaşmaýaryn. Adamlara görünmek üçin sema edýäni göremde-de, ony ele salyp biljegimi aňlaýaryn.

Iblis şeýle diýdi-de, ýitirim boldy. Men metjidiň içine gözümi aýlap, Seri hezretleriniň başyny dyzynyň üstüne egip oturanyny gördüm. Ol başyny galdyryp:

– Allahyň duşmany ýalan sözleýär, çünki sopularyň fakiri Allatagalanyň ýanynda şeýle bir eziz welin, hatda olara Jebraýyl hem görkezilýär. Ýagdaý şeýle bolansoň, heý, olaryň Allahyň duşmany bilen ýüzbe-ýüz boljak gümanlary barmy! – diýdi.

***

Jüneýit hezretleri şeýle diýipdir: «Serini zyýarat etdim. Onuň birhili tüýsüniň üýtgänini görüp:

– Saňa näme boldy? – diýip soradym. Ol:

– Bir jyn ýanyma gelip haýanyň nämedigini sorady. Soragyna jogap berdimem welin, ine, görüp durşuň ýaly, eräp, suwa öwrüldi duruberdi! – diýip seslendi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Seriniň bir gyz jigisi bar eken. Ol:

– Öýüňi men syryp-süpüräýeýin – diýip, ondan rugsat sorapdyr. Emma Seri muňa rugsat bermändir we:

– Meniň durmuşym bu etjek kömegiňe degmez – diýipdir.

Aradan birnäçe wagt geçeninden soň, Seriniň gyz jigisi bir kempiriň doganynyň öýüni syryp-süpürip ýörenini görüp:

– Doganjan! Saňa hyzmat etmegimi islemediň, emma meniň teklip eden hyzmatymy ýerine ýetirmegi üçin bir nämähremi öýüňe alaýypsyň-la – diýip, öz närazylygyny bildiripdir. Şonda Seri hezretleri şeýle diýipdir:

– Uýam! Muny göwnüňe alyp oturma. Seniň görýän kempiriň yşkymyza ýanmak bilen birlikde bizden mahrum galan dünýädir. Ol durmuşymyzdan, azajyk hem bolsa, nesip almak üçin Allatagaladan rugsat sorapdyr. Şeýlelik bilen, öýümi syryp-süpürmek oňa tabşyrylypdyr.

***

Seri hezretleri her gün bal iýmegi arzuw etse-de, tutuş kyrk ýyllap bu arzuwy hasyl bolmandyr.

Eden günäleri sebäpli ýüzüniň garalmagyndan gorkusyna, ol günüň dowamynda birnäçe gezek aýna seretmegi endik edinipdir.

Seri hezretleri şeýle nesihat edipdir:

– Ybadat etmek üçin iň gowy döwür ýaşlykdyr. Baý goňşularyňyzdan we din ylymlaryny pula satýan wagyzçy alymlardan mydama gaça duruň.

***

Günleriň bir güni Seri hezretleriniň şägirdi hezreti Jüneýitden:

– Yşk näme? – diýip sorapdyr. Ol:

– Käbirleri yşkyň Allatagalanyň erkine boýun egmekdigini, käbirleri bolsa Onuň emirlerine boýun bolmakdygyny aýdýarlar – diýip jogap beripdir. Olaryň ýanynda oturan Seri hezretleri şol wagt eliniň derisini süýmäge çalşypdyr, emma eli şeýle bir hor bolup, derisi süňke ýelemeşip giden eken. Ol:

– Yşkyň ganymy sorup, göwrämi gatadyp, şunuň ýaly hor hala salandygyny aýtsam, bu hakykatyň hut özi bolar – diýip seslenipdirde, özünden gidip, bir gapdala agypdyr. Şol wagt onuň ýüzi nur saçyp dur eken. Seri hezretleri özüne geleninden soň, sözüni dowam edip şeýle diýipdir:

– Yşk aşygy şeýle bir hala salýar welin, ondan gylyç salsalar, agyrysyny duýmaýar. Başda men yşkyň nämedigini bilmeýärdim, emma Allatagala maňa keremini bagyşlady. Şindi yşka düşmegiň nämedigine düşünip ugradym.

***

Allatagaladan özlerine ylym bagyşlamagyny haýyş edip bermegini sorap özüne ýüz tutan şägirtleri barada Seri hezretleri şeýle doga edipdir:

– Allahym! Sen hakda oýlanýan mahalym ünsümi bölmezleri ýaly, bulara çuňlaşdyrmak gerek bolmadyk ylym bagyşla!

***

Günleriň birinde Seri hezretleri wagyz edip duran wagty halyf ony diňlemäge gelipdir. Onuň bu ýere gelmegini uly bir dabara öwrüpdirler. Şol wagt Seri hezretleri wagzynyň arasyny bölmän:

– Ýaradylanlaryň arasynda iň asylzadasy adamdyr, emma Allatagalanyň ony şeýle gowy görýändigine garamazdan, ol günä işleri köp edýär – diýip seslenipdir.

Köşgüne dolanyp gelen halif Allatagalanyň özüni jezalandyrmagyndan gorkusyna gijäni çirim etmän geçiripdir. Ertesi gün ol gymmat bahaly donuny çykaryp, derwüşleriň edişi ýaly, ýapynja dolanypdyr-da, Seri hezretleriniň ýanyna gelip, oňa ýüzlenipdir:

– Düýn eşiden wagzymyň täsiri bilen dünýäniň haý-höwesinden ýüz öwürdim. Meni ýalňyzlyga bolan söýgi gurşap aldy. Meniň kämillige alyp barýan iň ygtybarly ýoly bilesim gelýär.

Seri hezretleri şeýle diýipdir:

– Munuň diňe iki ýoly bar. Olaryň biri hakda Gurhany Kerimde habar berlipdir. Bu ýoly saýlap alan kişi bu mukaddes Kitaby yzygiderli okap, manysyny tirmeli, bäş wagt namazyny sypdyrman okamaly, garyplara sadaka bermeli, şonuň ýaly-da, dini däp-dessurlary ýerine ýetirmeli.

Ikinji ýol gysgarak. Bu ýoly saýlap alan adam boýnuna dakýan borçlary bilen birlikde dünýä işlerinden ýüz öwürmeli we durman namaz okap, doga etmeli, başgalardan hiç zat hantama bolmaly däl, başga kişilerden hiç zat kabul etmeli däl, Allatagalanyň bagyşlan zady bilen oňňut edip, haýyş bilen diňe Oňa ýüz tutmaly.

Halyf bu sözleri diňläninden soň, çöle tarap ugrap, şol ýerde ýaşamaga başlapdyr. Birnäçe gün geçeninden soň, halifiň ejesi Seri hezretleriniň huzuryna gelip şikaýat edipdir:

– Seniň aýdan sözleriň oglumyň derwüşlige ýüz urmagyna sebäp boldy. Onuň niredeligi hem belli däl.

Seri hezretleri:

– Howsala düşüp ýörmäň, ogluňyz basym dolanyp geler – diýip, ony köşeşdiripdir.

Derwüşlige ýüz uran halif birnäçe wagtdan soň Seri hezretlerini zyýarat edipdir. Weli derrew onuň ejesini, aýalyny we ogluny alyp gelmek üçin adam ugradypdyr. Olar halifi gören batlaryna aglamaga

başlapdyrlar we maşgalasynyň arasyna dolanmagy towakga edipdirler. Ol bulara hä diýmän, bu ýerden gitmekçi bolupdyr. Aýaly ogluny hem ýany bilen alyp gitmegini haýyş edipdir. Halif oglunyň egnindäki gymmat bahaly eşikleri çykaryp, ony bir bölek ýüň mata dolapdyr. Ogluny şunuň ýaly gözgyny halda gören ejesi ony garbap alypdyr. Halyfyň ejesi, aýaly we ogly köşge, ol bolsa daga tarap ugrapdyr.

Şondan birnäçe gün soňra bir adam Seri hezretleriniň ýanyna gelip, derwüşlige ýüz uran halifiň basym öljegini aýdyp, ony ýanyna çagyrýandygyny habar beripdir. Seri hezretleri ýaňky adamyň salgy beren mazarystanlygyna gelende, derwüş eýýäm bagryny ýere beren eken. Seri hezretleri dyzyna çöküp, onuň başyny ýerden galdyrypdyr. Derwüş:

– Sen biraz gijä galdyň – diýip pyşyrdapdyr we kelemeýi-şehadat getirip jan beripdir.

Ony jaýlamak üçin gerek zatlary taýýarlamak maksady bilen, Seri hezretleri oba tarap ugrapdyr. Onuň öňünden birtopar adam çykypdyr. Olar mazarystanlygy nazarlap haýdaşlap barýardylar. Adam jaýlamak üçin zerur bolan zatlar hem ýanlaryndady. Olar nirä barýandyklaryny Seri hezretlerine şeýle düşündiripdirler:

– Gulagymyza gaýypdan bir owaz eşidilip, Allatagalanyň ýap-ýaňy aradan çykan söýgüli gulunyň jynaza namazyny okap, ony däp boýunça jaýlamak bize emir edildi.

***

Seri hezretleri bir weliden:

– Adyň näme? – diýip sorapdyr. Weli:

– Ol – diýip jogap beripdir.

– Näme iýip oňňut edýärsiň?

– Ony.

Seri hezretleriniň beýleki soraglaryna-da ol şo zeýilli jogap beripdir.

– «Ol» diýip, kimi göz öňünde tutýarsyň? – diýip, Seri hezretleri oňa ýene bir sorag beripdir.

– Gudraty güýçli Allatagalany göz öňünde tutýaryn.

Allatagalanyň adyny eşiden badyna, Seri hezretleri gygyryp goýberipdir we jan beripdir.

## *JÜNEÝIT BAGDADY*

Sopuçylyk ýolunyň şyhy Jüneýit Bagdady (Allah oňa rehim eýlesin!) älemdäki şyhlaryň şyhy we jahandaky ymamlaryň ymamy bolup, dürli ylymlarda kämillik derejesine ýetipdir. Usul ylmynda we ikinji derejeli meselelerde fetwa bermek derejesine eýe bolupdyr. Sopular ondan nusga alar eken. Ony «Seýýidüt-Taife we Lisänül-Kawm» («Sopularyň begi we olaryň dili») diýip hem tanapdyrlar.

Ol Seri Sakatynyň müridi we onuň aýal doganynyň ogly eken. Bir gün Seri hezretlerinden:

– Öz şyhynyň derejesinden has uly derejä eýe bolan mürit barmyka? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Şeýle bir mürit bar. Onuň düşündiriş talap etmeýän delili-de gözüňiziň öňünde. Jüneýidiň derejesi meniň derejämden ýokardadyr – diýip jogap beripdir.

***

Ol heniz kiçi ýaşyndaka-da bir uly zadyň küýündedigi, höwesindedigi daşyndan bildirip duran, edepli, syzgyr, pikirlenmegi halaýan, ýiti düşünjeli çaga hökmünde tanalypdyr.

Ol bir gün mekdepden dolanyp geleninde, kakasynyň aglap oturanyny görüp, ondan:

– Näme boldy? – diýip sorapdyr. Kakasy:

– Şu gün bermeli zekatymyň bir bölegini äkidip, Seri daýyňa bermekçi boldum. Emma ol beren pulumy almady. Men ömrümi pida berip gazanan şu üç-dört teňňämiň Hakyň dostlarynyň hiç birine laýyk däldigi üçin aglaýaryn – diýip jogap beripdir. Jüneýit:

– Sen bu puly maňa ber. Men ony daýyma eltip bereýin. Onuň bu puly menden aljagyny bilýärin – diýipdir.

Ol puly alyp, ýola rowana bolupdyr we baryp, daýysynyň gapysyny kakypdyr. Daýysy içeriden:

– Gapyny kakýan kim? – diýip sorapdyr.

– Bu men – Jüneýit!

Gapy açylmandyr.

– Şu teňňeleri al! – diýip, Jüneýit gaýtadan seslenipdir. Seri hezretleri:

– Ony almagym hiç mümkin däl – diýipdir.

– Saňa bu artykmaçlygy, kakama-da ol adalaty beren Allahyň haky üçin bu puly kabul et!

– Eý, Jüneýit! Maňa berlen artykmaçlyk, kakaňa berlen adalat nämedir?

– Allahyň saňa beren artykmaçlygy we ýagşylygy fakirlik, kakama beren adalaty-da ony dünýä bilen meşgul etmegidir. Sen muny kabul etseň-de, etmeseň-de, kakam islese-de, islemese-de, bu zekat baýlygy hökman hakyky eýesine gowşar.

Jüneýidiň bu sözleri Seri hezretleriniň göwnüne diýseň hoş ýakyp, ol:

– Eý, balaja çaga! Bu zekaty kabul etmezden öňürti seniň özüňe kalbymda ýer berdim – diýip gapyny açypdyr hem-de altynlary alypdyr. Şondan soňra hormatly piriň kalbynda Jüneýidiň aýratyn bir orny bolupdyr.

***

Jüneýit hezretleri kyrk ýyllap gijelerini Allatagala dynman ybadat edip geçirip, asla kirpiklerini çatmandyr. Şonuň üçin hem ol ruhy ösüşiň aňyrsyna çykandyryn öýdüp, kalbynda buýsanç duýgusy peýda bolupdyr. Bir gün onuň gulagyna gaýypdan şeýle bir owaz gelipdir:

– Seni dinden çykan diýip yglan etmegiň wagty gelip ýetdi.

Jüneýit hezretleri jibrinipdir:

– Allahym! Meniň günäm näme?

– Seniň üçin heniz hem nebsiňe gulak asyp ýörmegiňden uly başga bir günä barmyka?

Jüneýit hezretleri uludan dem alypdyr-da, başyny aşak salyp şeýle diýipdir:

– Allatagaladan başga zadyň hem pikirini edýän adam öz haýyrly işlerini günä öwürýär.

Şol wakadan soňra Jüneýit hezretleri terkidünýälige baş urupdyr. Onuň garşydaşlary şeýle bir gopgun turzup, oňa myjabat atypdyrlar welin, hatda halyf hem olaryň atýan töhmetlerine ynanypdyr. Ol Jüneýit hezretlerini synamak maksady bilen, onuň ýanyna iň owadan çoryny ugratmagy ýüregine düwüpdir. Ýaş gyz Jüneýit hezretleriniň ýanyna gelip, gözüni-gaşyny oýnadyp, näz etmäge başlapdyr. Weli oňa bir nazar aýlapdyr-da, ýene aşak bakypdyr. Gyz bolsa dürli mekirliklere ýüz urup, ony azdyrjak bolmagyny dowam edipdir. Jüneýit hezretleri gaýtadan başyny galdyryp, oňa tarap üfläpdir welin, gyzyň takga jany çykaýypdyr.

Bu bolan işe halyf örän gynanypdyr. Ol Jüneýit hezretleriniň ýanyna gelip:

– Şunuň ýaly gözel gyzy öldürmäge neneň het edip bildiň? – diýip sorapdyr. Jüneýit hezretleri oňa şeýle jogap beripdir:

– Sen Allatagalanyň Ýerdäki wekili bolup durkaň we biziň aladamyzy etmegiň boýnuňa wezipe edilip ýüklenendigine garamazdan, meniň kyrk ýyllyk ruhy gözleglerimiň hem ybadatlarymyň ýoguna ýanmaga nädip ýürek edip bildiň?

***

Kimdir biri Jüneýit hezretlerinden öz ýüzüne nazar aýlamagyny haýyş edipdir. Weli oňa şeýle jogap beripdir:

– Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda tüýs ýüregimden Hudaýy görmek isläp geldim. Emma bu maňa başartmady. Ýagdaý şeýle bolansoň, seniň ýüzüňe nädip bakaryn?

***

Bir gezek Jüneýit hezretleri näsaglap, şeýle doga edipdir:

– Allahym! Meni bu dertden gutar!

Şol wagt gaýypdan:

– Eger-de saňa teklip eden bejergimiz göwnüňden turmaýan bolsa, onda Biz seni weli gullarymyzyň hataryndan çykarýarys.

***

Jüneýit hezretleri şeýle diýipdir:

– Ruhy ösüş ýolunda näme gazanan bolsam, şolaryň ählisi üçin üç zada: terkidünýälige, agyz beklemeklige we gijeleri çirim etmän geçirmeklige borçludyryn.

Men on ýylyň dowamynda kalbymy ýalňyşlyklardan goramaga we oňa göz-gulak bolmaga mejbur boldum. Şondan soňky on ýylyň dowamynda kalbymyň özi aladamy etdi. Häzir bolsa meniň şeýle bir halym bar: kalbym-a menden bihabar, men hem onuň üçin howsala düşmeýärin. Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda Hudaý meniň agzym bilen sözleýär. Adamlaryň mundan bihabardyklaryna garamazdan, men diňe araçynyň hyzmatyny ýerine ýetirýärin. Şu ýyllaryň dowamynda men sopuçylygyň diňe daş ýüzüni beýan edip gelýärin. Adamlaryň ýanynda tasawwuf barada hiç zat aýtmazlygym maňa emir edildi. Allatagalanyň öňündäki gorky kalbymy gaplap alan mahaly duýgularyma erk edip bilmeýärin. Onuň rehimdardygyny ýatlan mahalym bolsa akylyma aýlanýaryn.

Men – gul. Meniň erkim ýok. Allatagala jennete gir diýse-de, dowzaha gir diýse-de, Onuň diýen ýerine giderin.

Halypam Seri hezretleri maňa wagyz etmegi emir etdi. Onuň ýanynda bu işe het edip bilmejekdigimi aýtdym. Şol gije Muhammet alaýhyssalam düýşüme girip, wagyz etmek bilen meşgul bolmalydygymy aýtdy. Ertesi irden gören düýşümi halypama habar bermek üçin hyýallananym hem şoldy welin, onuň ýaşaýan otagymyň gapysynyň öňünde duranyny göräýdim. Maňa gözi düşüp, ol şeýle diýdi:

– Sen hemişe wagyz edip başlamagyňdan öňürti kimdir biriniň muny saňa emir etmegini isleýärdiň. Şol emiri hem aldyň.

Men geň galyp:

– Düýşümde gören zatlarym saňa nädip aýan boldy? – diýip soradym. Ol:

– Allatagala Jüneýidiň ýanyna gidip, onuň wagyz etmäge başlamagyny haýyş etmegi üçin Muhammet alaýhyssalama tabşyryk berendigini maňa mälim etdi – diýip jogap berdi.

Şeýlelik bilen, men wagyz etmäge razylyk berdim. Emma meni diňleýänleriň sanynyň kyrkdan geçmeli däldigini hem şert edip goýdum. Wagyzlarym şeýle bir güýje eýedi welin, bir gezek kyrk diňleýjimden on sekizi meni diňläp otyrkalar jan beräýdi. Soňra men wagyz etmegimi goýdum, çünki bu iş meni göre sokup barýardy.

Günleriň birinde men näsag derwüşiň halyny soramaga gitdim. Ol aglaýardy. Men:

– Bu derdi saňa kim gönderdi, kimden şikaýat edýärsiň? – diýip soradym. Derwüş sesini çykarmady. Men ýene:

– Bu derde sabyr etmekden ýüz öwürmegiň bir hikmeti barmy? – diýip soradym. Ol uludan bir dem aldy-da:

– Gözýaş dökmezligim, derdime sabyr etmegim erkimde däl – diýip jogap berdi.

Bir gezek wagyz edýärdim. Diňläp oturanlaryň biri aýdýanlarymy aňlamaga ýetişmeýändigini mälim etdi. Men oňa ýetmiş ýyllyk ybadatyny (onuň ýaşy ýetmişden aňyrdady) aňyndan çykaryp, kaýyllyk bilen başyny aşak salyp oturmagy maslahat berdim. Diňe şondan soňra ol wagzymyň manysyna düşünmäge başlady.

Allatagala özünden razy bolýan kalp rahat bolýar.

Günleriň bir güni bir gedaý gapymy kakdy. Meni onuň gedaýlara mahsus bolmadyk jozzuk ýaly ýüzi geň galdyrdy. Ol gazanç edip hem gününi aýlap biljekdi. Oňa dilegçilik etmek hiç gelişmeýärdi. Şol gije düýşümde üsti örtülgi jamy öňümde goýup, onuň içindäkini iýmek emir edildi. Jamyň örtügini aýryp, onuň içinde adam jesediniň ýatandygyny gördüm. Men:

– Allahym! Men näme üçin bu jesedi iýmeli?! – diýip gygyryp goýberdim. Şol wagt gaýypdan owaz geldi:

– Saňa hoş ýakmaýan bolsa, gündiz näme üçin ony iýdiň?

Nämä kakdyrylýanyny aňlap, saçagyň başyndan turdum-da, gedaý hakda erbet pikir edenim üçin günämi geçmegini sorap, Allatagala ýalbaryp ugradym. Ertir namazyny okap, şol gedaýyň gözlegine çykdym. Ony tokaýdan tapdym. Maňa nazary düşüp, ol şeýle diýdi:

– Eden günäsi üçin bada-bat puşman edýän kişiniň tobasyny Allatagala kabul edýär. Emma mundan beýläk häzir bol we başga biri hakda erbet pikir edip, ýeňsesinden gybatyny etme!

Mekge şäherinde bir dellegiň baý kişiniň saçyny syryp duranyny gördüm. Onuň ýanyna baryp, meniň hem saçymy syryp bermegini haýyş etdim. Ol baýyň ýanyndan aýryldy-da, meniň daşyma geçdi. Saçymy syryp bolup, ol içinde birnäçe teňňe bolan gapjygy maňa uzatdy-da, ony sowgat hökmünde kabul etmegi haýyş etdi. Men günüň dowamynda elime näme düşse, ony dellege getirip bermegi ýüregime düwdüm. Tiz wagtdan ýanyma bir adam gelip, altyndan doly gapjygy elime tutdurdy. Men ony sowgat hökmünde kabul etmegi dellekden haýyş etdim. Ol sowgadymdan ýüz öwürdi we:

– Maňa beýle bir zady teklip etmäge utanaňokmy? Eýsem, sen Allatagalanyň razylygy üçin bir işi eden adamyň, şol eden işi üçin hak almaly däldigini bilmeýärmiň? – diýip gyjytly seslendi.

Günleriň birinde namaz okap durkam kalbymda güýçli howsala duýdum. Namazymy okap bolup, aýak üstüne galdym-da, daşary çykdym. Ýol bilen gidip barýarkam, bir derwüş gözüme kaklyşdy. Ol ýüň ýorganjanyň üstünde oturan ýerinden maňa köpden bäri garaşýandygyny we menden akylyňy täze islegler bilen meşgullanmakdan ýüz öwürtmäge nadip mejbur edip boljagyny öwrenesiniň gelýändigini mälim etdi. Men:

– Öz akylyň bilen göreş we oňa boýun egme, onuň sesine gulak asma – diýdim. Şol wagt ol:

– Eý, akylym, men hem saňa şu sözleri aýtdym ahyry. Emma sen hökman Jüneýidiň jogabyny eşitmek islediň. Indi onuň hem pikirini bilýäň – diýip seslendi.

Ol ýanymdan daşlaşanyndan soň, akylymyň köşeşenini duýdum we özüme geldim. Okan namazlarymdan ýene lezzet almaga başladym we akylymyň bulaşmagyna garry derwüşiň sebäp bolandygyna düşündim.

Allatagala bilen aramda suwa derek otdan doly derýa ýatan hem bolsa, Ony görmek arzuwym oňa özümi taşlap, ýüzüp geçmegime päsgel bermezdi.

Sahl hezretleriniň maňa ýazan hatynda şeýle sözler bardy: «Uklaýan adam Allatagala gowuşmaz. Çünki Allatagala Dawut alaýhyssalama ýüzlenip: «Wagtyny uka sarp edýän kişi Meni söýýändigini aýdýan bolsa, ýalan sözleýändir» diýmändirmi näme?»

Bir gezek düýşümde bir ogryny dardan asyşlarynyň şaýady boldum. Men onuň öňünde başymy egdim. Adamlar beýle etmegimiň sebäbini soradylar. Men olara:

– Öz saýlap alan kärine soňuna çenli wepaly bolup galýan kişi hormata mynasypdyr. Bu kişi öz käriniň hatyrasyna ömrüni pida edýär ahyryn – diýip jogap berdim.

Öz garyplygyndan we uzak gününi aç geçirenliginden zeýrenýän derwüşi görüp, oňa aýtdym: «Sen Allatagalanyň uly nygmaty bolan garyplykdan zeýrenýärsiň. Garyplyk weliler üçin Onuň beren patasynyň alamaty bolup durýar. Olar paýlaryna garyplyk düşse, ondan birjik-de zeýrenmeýärler. Bu ýerden uzaklaş, Allatagala seni iýmitsiz we eşiksiz goýmaz».

Günleriň birinde bir baý ýetginjek wagzymy diňläp, şeýlebir täsirlenipdir welin, özüne müň dinar galdyryp, baýlygynyň galan bölegini garyplaryň arasynda paýlapdyr. Şol müň dinary ol maňa sowgat bermek isledi. Näme maksat bilen ýanyma ugranyny bilen adamlar oňa ýüzlenip:

– Şunuň ýaly uly welini dünýäniň toruna düşürmek isleýäňmi? – diýipdirler. Ýetginjek derýanyň kenaryna baryp, teňňeleriniň baryny ýeke-ýekeden suwa taşlamaga başlapdyr. Ýanyma gelende, oňa:

– Sen ýanymda bolmaga mynasyp däl. Dinarlaryňdan bir gezekde dynyp biljek halyňa, näme üçin olary ýeke-ýekeden suwa taşlap, şunça wagtyňy sarp etdiň? – diýdim.

Seniň kalbyň – bu Allatagalanyň öýüdir. Onda ýaşamaga Allatagaladan başga kişä rugsat berme.

Allatagala gowuşmaga ymtylyp, uludan alnan dem günäleri ýakyp taşlaýar.

Doly ýok bolma jülgesini (fana) kesip geçmezden, bakylyga gowuşmarsyň.

Hudaýdan gorkýan kişi hiç haçan gülmeýär.

Allatagalany ýadyňdan çykaranyňdan dowzah azabyny çekeniň gowudyr.

Ömri janyna bagly kişi jany tenini terk eden wagty ölýär, ömri Allatagala bagly kişi bolsa hiç haçan ölmeýär.

Ýaradanyň gözelligini görmeýän göz kör bolsa bolmaýarmy, Onuň adyny zikir etmeýän dil lal bolsa bolmaýarmy, Onuň işleri barada eşitmeýän gulak ker bolsa bolmaýarmy, Oňa hyzmat etmeýän el şel bolsa bolmaýarmy!

Allatagalany zikir etmek üçin tagalla etmeli bolýan adam öz ybadatlarynyň sogabyny doly derejede almaz.

Allatagala gullarynyň birini halasa, Ol bu guluny welileriň hataryna goşýar.

Gurhany Kerimi öwrenmeýän kişi kämillige ýetmez.

Köp iýýän kişiniň ybadat edesi gelmez.

Mürit üçin dünýä turşy, ruhuň amallary bolsa süýji bolup görünmeli.

Dört ýüz din alymy biragyzdan adamyň hökman ybadat etmelidigi we bir pursat hem Allatagala barada pikir etmegini goýmaly däldigi baradaky pikiriň tarapyny çalýar.

Sopy ders bilen dökünlenýändigine garamazdan, bugdaýyň bol hasylyny eçilýän meýdana meňzeşdir.

Allatagaladan başga zatlaryň ählisinden ýüz öwürmek we özüňi öli saýmak – ine, sopuçylyk diýilýän zat şudur.

Tewhid Allatagalany tanamakdyr.

Nebsiňi ýok etmezden, Allatagalany söýüp bilmersiň.

Allatagala aşyk bolan uly welileriň aýdýan sözlerini ýönekeý adamlar küpürmikä öýdýärler.

Ruhy serhoşlyk gaýtadan jan berýär, Allatagalanyň sypaty bolsa öldürýär. Ruhy serhoşlyk nebsi ýok edýär.

Allatagalany ýekeje pursatlyk unutmaklyk Onuň razylygy üçin edilen müň ýyllyk ybadaty ýok edip biler.

Allatagalany tüýs ýüreginden gözleýän adam Ony hökman tapýar.

Iman – seniň ýüregiňdäki ýazgy bolup, şol ýazgyda: «Iýmit gözleginde gezme-de, Allatagalanyň hemmeleri iýmit bilen üpjün etjegine berk ynan» diýilýär.

Açyk göwünli zynakär kişi ýaramaz häsiýetli sopudan gowudyr.

Allatagala öz rehmetini dünýäden ozal ýaradypdyr.

Allatagalany zikir edýän kişi bu Adyň jümmüşinde gark bolýar, Adyň özi bolsa Allatagala bilen birleşýär.

Dünýäni terk edip Allatagala ýönelmek we Oňa yzygiderli ybadat etmek – ine, sopuçylyk şudur. Sopuçylygy özüňde gözle.

Hudaýdan başgasyny tanamaýan adam sopudyr.

Açgözlülik şer işleriň iň ýaramazydyr.

Gurhany Kerimiň aýatlarynyň manysyny tirmek magryfete alyp barýar. Edil şol maksada Allatagalanyň nygmatlary we Onuň beýikligi barada oýlanyp hem ýetip bolýar. Gurhany Kerim ony okaýanyň kalbyna Hudaýa bolan söýgini guýýar, bu söýgi bolsa Hudaýdan ýerlikli gorkmak duýgusyny kemala getirýär.

Allatagalanyň keremi barada oýlanýan adam günä etmekden gaça durýar, çünki günä işlemek bilen Onuň kereminden özüni mahrum etmekden gorkýar.

Öz erkini Allatagalanyň erkine tabyn edýän we Onuň gönderýän zatlarynyň ählisini şatlyk bilen kabul edýän adam adamlaryň arasynda iň mertebeli kişidir.

Allatagalanyň guly Ondan başgasyna hyzmat etmeýär.

Dünýäden ýüz öwürseň, öňüňde Allatagala gowşurjak ýol peýda bolar.

Bu Ýoluň üç perdesi bar. Şol perdeleri nebis, dünýä we ýaradylanlar emele getirýär. Bu perdeler hemmeler üçin umumydyr. Adaty bolmadyk beýleki perdeleriň hataryna göz üçin edilýän ybadat, keramat görkezmeklik, ýalan sahylyk degişlidir, çünki olaryň esasynda tekepbirlik ýatýar.

Meniň Gurhany-Kerimden uly tarapdarym ýok.

***

Jüneýit hezretleriniň müritleriniň biriniň kalby şeýtanyň pirimine ýesir düşüpdir. Ol kämillige ýetenini we mundan beýläk pirler bilen söhbet etmegiň oňa zerur däldigini aýdyp, öwünmäge başlapdyr. Şeýlelik bilen, ol ýeke ýaşamaga başlapdyr. Günleriň birinde-de şähere çykypdyr-da, töweregindäkiler eşider ýaly edip, gymmat bahaly esbaplar bilen gowy bezelen we şonuň ýaly gymmat bahaly sowut salnan düýä münüp gelip, perişdeleriň her gün özüni zyýarat edýändiklerini we soňra asmana göterýändiklerini habar beripdir. Onuň küpürden doly sözleri ile ýaýýandygyny bilen Jüneýit hezretle-

ri şol gije müridi bilen duşuşypdyr. Ol perişdeler gelen mahaly: «Eý, siz – şeýtanyň ilçileri, size nälet bolsun!» diýmegi müridinden haýyş edipdir. Müridi onuň aýdyşy ýaly edipdir. Ol halypasynyň öwreden sözlerini gaýtalan badyna gözüne perişde bolup görnenler hem, düýe hem zym-zyýat bolup, üýşmek adam süňküniň üstünde oturanyny, öňünde-de ölen haýwanlaryň kelleçanaklarynyň çaşyp ýatanyny görüpdir. Mürit puşmana gelip, halypasy Jüneýit hezretlerinden özüni howandarlygyna almagy haýyş edipdir. Şonda halypasy oňa şeýle diýipdir:

– Bu Ýola ýaňy düşen adam üçin ýalňyzlyk örän howpludyr. Ol hökmany suratda ylymly halypanyň ýanynda bolup, şonuň kömegine daýanmalydyr.

***

Günleriň birinde Jüneýidiň müritleriniň biri özüni gödek alyp barmaga başlapdyr. Özüne temmi berilmeginden gorkusyna, ol metjide tarap gaçypdyr. Jüneýit hezretleri hem yzyna düşüpdir. Halypasynyň ýetip gelýänini gören mürit gaty gorkupdyr we ýykylyp, kellesini deşdiripdir. Ýarasyndan akan gan bolsa topraga garyşyp, Allah sözüni emele getiripdir. Jüneýit hezretleri:

– Öz ruhy artykmaçlygyňy şunuň ýaly edip ile göz etmek gowy zat däl. Şunuň ýaly wepalylygy hatda çagalar hem görkezip biler. Allatagalany diňe bir zikir etmek bilen çäklenmän, eýsem, pikirinde gezilýän we hemişe ýatlanylyp gezilýän Allatagala ymtylmak hem gerek. Diňe şeýle eden halatyňda özüňi ruhy taýdan üstün hasaplap bilersiň. Munuň tersine bolaýsa, adam çaga bolmagynda galýar – diýip, müridine gyjalat beripdir. Bu sözler ýetginjege şeýle bir täsir edipdir welin, olary eşiden badyna jan beräýipdir.

***

Jüneýit hezretleriniň müritleriniň biri Basra şäherinde ýaşaýar eken. Günleriň birinde onuň kellesine bir ýaramaz pikir gelipdir we Allatagalanyň emri bilen onuň ýüzi gap-gara bolaýypdyr. Ol her zat edip görse-de bolmandyr. Diňe Jüneýit hezretlerinden: «Külterleýän Ýoluňa hormat goý. Seniň ýüzüňi ýuwmak üçin maňa üç gün gerek boldy» diýen haty alanyndan soň, ýüzüniň reňki öňki halyna dönüpdir.

***

Günleriň birinde Jüneýit hezretleri we müridi tokaýyň içi bilen barýar eken. Güýçli yssynyň derdinden müridiň burny ganapdyr. Ol:

– Bu ne aýylganç yssy! – diýip seslenipdir. Jüneýit hezretleri närazy şekilde oňa bakypdyrda:

– Sen hudaýtarapyn zatdan nägile bolýarsyň. Meni terk et – diýipdir.

***

Jüneýit hezretleri müritleriniň birini beýlekilerden gowy görüpdir. Beýleki müritleriň oňa gözleri gidipdir. Hiç hili gep-gürrüň bolmaz ýaly, Jüneýit hezretleri müritleriniň ählisini ýanyna çagyrypdyr-da, olaryň hersiniň eline bir horaz we pyçak tutduryp, hiç kimiň görmeýän ýerinde olaryň damagyny çalyp getirmegi tabşyrypdyr. Onuň gowy görýän müridinden beýlekiler ellerindäki horazyň damagyny çalyp, alyp gelipdirler. Elindäki horazy diri getiren müritden beýle etmeginiň sebäbini soranlarynda, ol:

– Allatagalanyň görmeýän ýerini tapmadym – diýip jogap beripdir. Beýleki müritler onuň özlerinden üstündigine akyl ýetiripdirler we öňünde baş egipdirler.

***

Ölmeziniň öň ýanynda Jüneýit hezretleri daş-töweregini alyp oturan adamlardan özüniň ellerini we aýaklaryny ýuwmaklaryny haýyş edipdir. Olar aýdyşy ýaly edipdirler, emma dyrnaklaryny almagy ýatlaryndan çykarypdyrlar. Jüneýit hezretleriniň muňa ünslerini çekmegi bilen, onuň dyrnagyny hem alypdyrlar.

Soňra Jüneýit hezretleri hormat bilen Allatagala sejde edipdir-de, aglamaga başlapdyr. Töwereginde oturanlar ondan:

– Tutuş ömri Allatagala ybadatda geçen adamyň ahmyry bolup bilermi? – diýip sorapdyrlar. Ol hem:

– Hiç haçan özümi şu pursatdaky ýaly sansyz duýmandym – diýip jogap beripdir.

Soňra ol Gurhany Kerim okamaga başlapdyr we müritlerine ýüzlenip:

– Şu Kitapdan gowy dost we halypa tapmarsyňyz – diýip, sözüni şeýle dowam edipdir:

– Häzirki pursatda ömürboýy eden ybadatlarym öňümde howada asylgy dur. Güýçli ýel öwüsýär. Ybadatlarym eýläk-beýläk hallanlaýar. Men bu agşamyň duşuşygamy ýa-da aýralygamy – bularyň haýsysyna sebäp boljagyny bilmeýärin. Şonuň ýaly-da, dowzahyň üstünde gurlan we jennete alyp barýan Syrat köprüsini-de görýärin. Beýik Kazy hem-de Ajal hem gözümiň öňünde. Özüm babatda nähili karara gelinjegi we nirä ugratjaklary maňa mälim däl.

Jüneýit hezretleri Gurhany-Kerimiň aýatlaryny okamagyny dowam edipdir. Müritleri ondan Allatagalanyň atlaryny aýdyp bermegi haýyş edipdir. Ol mukaddes atlaryň ýadyndadygyny aýdyp, barmaklaryny büküp, olary sanamaga başlapdyr. Sag eliniň başam barmagyna ýetende, ol:

– Rahmanyrrahym – diýipdir-de, gözlerini ýumup, jan beripdir.

Müritleri onuň jansyz bedenini ýuwmaga başlap, gözlerini sypamakçy bolanlarynda, gaýypdan gulaklaryna bir owaz gelipdir:

– Dostumyzyň gözlerine suw degirmäň. Olar ruhy serhoşlyk sebäpli ýumuldy we Bizi görmäge rugsat berlende açylar. Onuň düwlen ýumruklaryny ýazjak bolmaň. Ol ýumrugyny Biziň atlarymyzy sanamak üçin düwdi. Onuň ýumrugy emrimiz bilen ýazylar.

Köp wagt geçmänkä bir kepderi uçup gelip, tabydyň üstüne gonupdyr-da, adam sesi bilen gürläpdir:

– Meniň ýeleklerimi bu tabyda yşk çüýleri baglady. Eger-de häziriň özünde mazarystanlyga alyp gitmeseňiz, ony alyp asmana göterilerin.

Welileriň biri aradan çykan Jüneýit hezretlerini düýşünde görüp, Allatagalanyň ony nähili garşy alandygyny sorapdyr. Ol:

– Allatagala tarykat ýoluny külterlänim üçin däl-de, rehimdar bolany üçin meni bagyşlady. Gije turup, Allatagalanyň razylygy üçin okan iki rekagat namazymdan başga bu ýerde maňa hemaýat eden zat bolmady – diýip jogap beripdir.

## *IBN ATA*

Ruhy älemiň kutby, şyhlaryň ymamy Ibn Ata (Allah oňa rehim eýlesin!) ýekehudaýlylaryň delili bolup, dürli ylym şahalaryndan ajaýyp bir şekilde baş çykarýardy. Ol müftülik etmek bilen, usul ylmy we ikinji derejeli meseleler boýunça fetwa bermek derejesine eýe bolupdyr.

Rowaýat etmeklerine görä, Ibn Atanyň ýeke galyp, ybadat edýän ýeri bolan külbesine birnäçe adam gelip giripdir. Görseler, onuň üst-başy öl-myžžyk bolup durmuş. Ondan munuň sebäbini sorapdyrlar. Ol:

– Mende bir hal peýda boldy we gözýaşlaryma erk edip bilmedim – diýip jogap beripdir.

– Bu hala düşmegiňe sebäp bolan zat näme? – diýip soranlarynda bolsa, ol şeýle jogap beripdir:

– Kiçijik wagtym bir kişiniň gök kepderisine ondan soraşmazdan eýe çykypdym. Şol günämi ýuwjak bolup, müň dinar sadaka berdim we sogabyny şol kepderiniň eýesine bagyşladym. Emma kalbym heniz hem ynjalanok. Munuň soňunyň nirä barjagyny endişe edip aglaýaryn.

***

Ibn Atadan her günde Gurhany Kerimden näçe sahypa okaýanyny soranlarynda, ol:

– Öňler günde iki hatym edýärdim. Soňky hatymyma dört ýyl mundan ozal başlapdym, emma bu güne çenli diňe «Enfal» süresine ýetmegi başardym. Öňler Gurhany Kerimi manysyndan bihabar halda okaýardym, şindi bolsa manysyna gowuja göz ýetirip okaýaryn – diýip jogap beripdir.

***

Ibn Ata hezretleri şeýle diýipdir:

– Diňe kalby bilen meşgullanmak welileri, diňe yşaratlary ýatlap gezmek aryflary, hakykatlardaky yşarat Allatagalanyň ýeke-täkdigine ynanýanlary heläk eder.

Ýeke hudaýlylar dört topardan ybarat bolup, birinji topar häzir dowam edip duran wagta we hala; ikinjisi netijä; üçünjisi hakykatlara; dördünjisi bolsa ezelde maňlaýa ýazylana bakar.

Pygamberlere mahsus iň pes dereje şehitleriň iň belent derejesidir. Şehitlere mahsus iň pes dereje salyh kişileriň iň belent derejesidir. Salyh kişilere mahsus iň pes dereje ýöne bir imanly kişileriň iň belent derejesidir.

Allatagalanyň gullarynyň arasynda dogry bir şekilde Oňa gowuşanlary bardyr. Olaryň gözlerini Allatagalanyň nury mydamalyk aýdyňladandyr. Ýaşaýyşlary diňe Oňa baglydyr. Kalplary Oňa gowuşandygy üçin ýakyn ylmynyň (Allatagalany şübhesiz, dogry we kesgin şekilde tanamak) berýän sapasy bilen mydama oňa nazar eýlärler. Olaryň ýaşaýşynyň Allatagalanyň ýaşaýşy bilen birleşendigine hiç hili şübhe ýokdur. Şol sebäpli hem olar hiç haçan ölümiň ajysyny datmazlar.

Gowy zada gözügidijilik weli üçin parzdyr.

Dostluga we muhabbete gözügidijilik, gör, nähili gowudyr.

Hümmet wagtlaýyn zatlaryň hiç biriniň aradan aýryp bilmejek zadydyr.

Hümmet dünýäde ýok zatdyr.

## *ABU BEKIR KETTANY*

Dürslük makamynyň eýesi, hümmeti belent ymam, ýardam äleminiň çyrasy, Mekgäniň şyhy, öz zamanasynyň piri, takwalykda we magrifetde deňi-taýy bolmadyk Abu Bekir Kettany Hijazyň şyhlarynyň ulularyndan biri bolup, sopuçylyk ýoluny şerigat bilen ylalaşdyryjy pikirleri öňe süren parasatly adamdy. Ol weli hökmünde belli bir derejä eýedi. Abu Bekir Kettany hezretleri şeýle diýipdir: «Bir gezek men haja gitmek üçin ejemden rugsat aldym. Çöl bilen gidip barýarkam, gusul (boý) täretini almagymy zerurlyga öwürýän bir hala düşdüm. Içimden: «Bu ýola çykmagyň bir şertini-hä berjaý etmedik bolsam gerek» diýip pikirlendim-de, yza döndüm. Öýüme ýakynlap, ejemiň gapa arkasyny berip oturanyny gördüm. Men ondan:

– Eje jan, gitmäge maňa özüň rugsat bermänmidiň näme? – diýip soradym. Ol:

– Hawa, rugsat beripdim, emma içinde sen bolmaňsoň, öýüme tarap bakmaga ýürek edip bilmeýärin! Ýola çykalyň bäri şu oturyşymdyr. Gaýdyp gelýänçäň şeýdip oturmagy niýet edipdim – diýip seslendi.

Ejem aradan çykanyndan soň, haja gitmek üçin gaýtadan ýola düşdüm. Gidip barýarkam, çölde, aradan çykandygyna garamazdan, gülüp ýatan derwüşiň üstünden bardym. Ondan: «Hem ölüp, hem gülüp ýatyrmyň?» diýip soradym we:

– Allah söýgüsi, ine, şunuň ýaly bolýar! – diýen jogaby aldym».

***

Abu Hasan Müzeýýin şeýle diýipdir:

– Haja gitmek üçin ulagsyz we ýanym azyksyz ýola düşüpdim. Zemzem guýusynyň başyndaky howzuň kenaryna baryp oturdym we

içimden: «Azyksyz we ulagsyz çöli kesip geçmegi başaraýdym-ow» diýen badyma, biri maňa:

– Öz-özüňe boş sözleri sözläp oturma! – diýip gygyrdy. Sesiň çykan tarapyna bakamda, Kettana gözüm düşdi. Derrew toba edip, gudraty güýçli Allaha sygyndym.

***

Kettany hezretleri şeýle diýipdir:

– Kalbymda imanly kişileriň emiri hezreti Ala bir sowuklygyň bardygyny duýýardym. Munuň ýekeje sebäbi bardy. Allahyň Resuly (s.a.w.): «Lä fetä illä Ali» («Alydan başga ýigit ýokdur») diýipdi. Hakykatdan hem Mugawyýaňky ýalňyş, onuňky bolsa dogrudy. Men öz ýanymdan: «Haliflik hakyndan ýüz öwrüp, bu wezipäni Mugawyýa beren bolsa, munça gan dökülmezdi. Eýsem, ýigitlik şony talap etmeýärmi näme?!» diýip içimi gepledýärdim. Öýüm Safa bilen Merwäniň aralygynda ýerleşýärdi. Bir gije Pygamberimiz (s.a.w.) düýşüme girdi. Ýanynda-da sahabalary bardy. Ol meni ýanyna çagyryp, Abu Bekire (Allah ondan razy bolsun!) tarap yşarat etdi-de:

– Bu kim? – diýip sorady. Men:

– Bu – Abu Bekir – diýip jogap berdim. Soňra Omara tarap yşarat edip, öňki soragyny gaýtalady.

– Bu – Omar – diýdim. Soňra Osmana tarap yşarat edip, şol bir soragyny gaýtalady.

– Bu – Osman – diýdim. Soňra Ala tarap yşarat etdi:

– Bu kim?

Kalbymda oňa bolan sowuklygyň we öýkäniň bardygy üçin bir zat diýmäge utandym. Hezreti Pygamber (s.a.w.) meni Aly (Allah ondan razy bolsun!) bilen dogan okaşdyrdy. Şondan soňra biz gujaklaşdyk. Olar ýanymyzdan gidensoň, men imanly kişileriň emiri hezreti Aly bilen ikiçäk galdym. Onuň: «Ýör, Abu Kubeýs dagyna çykaly!» diýip teklip etmegi bilen dagyň depesine çykdyk we ol ýerden Käbäni synlamaga başladyk.

Oýanan mahalym Abu Kubeýs dagynyň depesinde ýatanymy gördüm. Kalbymda bolsa hezreti Ala bolan sowuklykdan we öýkeden nam-nyşan galmandy.

***

Abu Bekir Kettany hezretleri şeýle diýipdir:

– Biri meniň edýän söhbetimi diňlemäge gelýärdi, emma onuň öňümde oturanyny görmek maňa örän agyr degýärdi. «Biri-biriňize sowgat berseňiz, gowy görşersiňiz» hadysy-şeribine uýup, oňa bir zady sowgat berdim. Şonda-da halym öňküliginden gowulaşmady. Halys bolmansoň, ony öýüme alyp baryp, ýanyn ýatdym-da:

– Aýagyň bilen ýaňagyma bas – diýdim. Emma ol diýenimi etmedi. Ýakasyndan el çekmämsoň, ol aýagyny ýaňagyma goýmaga mejbur boldy. Tä köňlümdäki agyrlyk ýok bolup, onuň ýerini söýgi tutýança, onuň aýagyny ýaňagymdan aýyrmagyna ýol bermedim.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir adam şeýle diýipdir:

– Bir gezek halalyndan ýigrimi dirhem pul gazanypdym. Men Abu Bekir Kettany hezretleriniň huzuryna baryp, şol puly onuň namazlygynyň bir gyrasynda goýup:

– Zerur zatlaryňyza sarp edersiňiz – diýdim. Ol maňa tarap alarylyp garady-da:

– Men şu pursady we meni gaplap alan şu ruhy haly ýetmiş müň altyna satyn alypdym. Sen munuň bilen meni azdyrmag-a isleýän dälsiň-dä – diýip, aýak üstüne galdy we namazlygyny silkip goýberip, çykyp gitdi. Men kümüş pullary ýerden toplaýardym we öň şunuň ýaly kuwwatly adamy görmändigim, özümiň hem beýle ejiz hala düşmändigim barada oýlanýardym. Ol şeýle bir kuwwatly, men bolsa şeýle bir ejizdim!

***

Abu Bekir Kettany hezretleri ýatan ýerinde jan berjek bolup, ejir baryny çekip, dünýä gözüne görünmeýän müridiniň ýanyny alyp otyr eken. Müridi birdenkä gözlerini açyp, Käbä tarap seredipdir. Şol pursatda bir düýe oňa golaýlap, gözlerine depipdir welin, olar hanasyndan çykaýypdyr. Munuň yzysüre gaýypdan bir owaz gelipdir:

– Biz oňa merhemet edip, Özümizi görmek üçin mümkinçilik döretdik. Ol bolsa şol pursatda gözlerini açyp, Käbä tarap seretmek

arkaly (ýagny Käbäniň Eýesini däl-de, Käbäniň özüni ileri tutmak arkaly) öňümizde günä işledi. Şonuň üçin hem biz ony jezalandyrdyk.

***

Abu Bekir Kettany hezretlerinden:

– Kalbyňdaky islegden we açgözlülikden nädip dynmaly? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Her gün: «Allahym! Senden başga ebedi zat ýok. Seniň nuruňyň kalbymy oýarmagy üçin doga edýärin» diýip, kyrk gezek gaýtalaň – diýip jogap beripdir.

***

Abu Bekir Kettany hezretleri şeýle diýipdir:

– Imanly kişi namaz okaýan wagty Allatagala onuň öňünde günä geçme derwezesini açýar.

Bedeniň bu dünýäde, kalbyň ahyretde ýaşasyn.

Saba bilen Allatagalanyň emrine görä hereket edýän we Oňa ilçi bolup hyzmat edýän ýel öwüsýär. Ol Allatagalanyň ýanyna özi bilen imanly kişileriň kalbyndaky ejirleri, olaryň Allatagalany ýatlap dökýän gözýaşlaryny we edýän puşmanlaryny alyp gidýär.

## *ABU MUHAMMET JERIRI*

Welilik gupbasynyň bir nagşy, hakykat Käbesiniň sada zyýaratçysy, seresaplydan oýlanyşykly hereket etmegi başarýan, aşyk, sadyk, dindar, daşky dünýä bilen işi bolman, kalp gözi bilen Haky görmegi başaran, öz döwrüniň şyhy Abu Muhammet Ahmet ibn Muhammet Jeriri (Allah oňa rehim eýlesin!) uly mertebäniň eýesi bolupdyr. Jüneýit hezretleri öz müritlerine: «Menden soňra ornumy Abu Muhammet Jeriri eýelär» diýer eken. Abu Muhammet Jeriri Abdullah Tüsteriniň söhbetlerine gatnapdyr.

Onuň: «Ýigrimi ýyllap ýeke wagtym hem aýagymy uzadyp oturmadym, çünki Allahyň huzurynda edepli bolmak gelişýär!» diýen sözlerinden nähili kämil edebe eýe bolandygyny aňşyrmak bolýar.

Rowaýat etmeklerine görä, ol bir ýyllap Mekgede ýaşapdyr we şol wagtyň dowamynda hiç uklamandyr, gepleşmändir, arkasyny ýere degirmändir, aýagyny-da uzadyp oturmandyr. Abu Bekir Kettany ondan:

– Şeýle bir biçimde ýaşamaga we hemişe ybadat edip ýören ýaly bolup ýaşamaga nämäniň arkasyndan güýç-kuwwat tapdyň? – diýip soranda, ol:

– Allatagala kalbymdaky wepadarlygymy we tüýs ýüregimden özüne baglydygymy bilip, bedenime kuwwat berdi» diýip jogap beripdir.

***

Hezreti Jüneýit aradan çykanyndan soň, Abu Muhammet Jeririni onuň ýerine geçiripdirler. Şonda ol şeýle bir wakany gürrüň beripdir:

– Bir gün ak reňkli algyr guş gözüme ildi. Soňra kyrk ýyllap awçylyk etsem-de, ony ele salyp bilmedim.

Bir gezek hem ikindi namazy wagtynda aýak ýalaňaç, uzyn saçly derwüş derwüşhana gelip, täret aldy. Iki rekagat namaz okap hem, kellesini ýakasyndan köýneginiň içine sokdy. Halyf şol gije meni dostlarym bilen birlikde öz köşgüne çagyrypdy. Men myhman derwüşiň ýanyna baryp:

– Derwüşler bilen birlikde çakylyga gidesiň gelýärmi? – diýdim. Derwüş kellesini ýakasyndan daşary çykaryp:

– Halyfyň ýanyna gitmek meýlim ýok, emma bulamak hödür etseňiz, ýüz öwürmezdim. Bu haýyşymy ýerine ýetirseň, oňa ýetesi zat ýok, bolmasa-da näme etjegiňi özüň bilýäň – diýip seslendi we gaýtadan kellesini ýakasyndan köýneginiň içine sokdy. Men içimden: «Derwüşlere goşulmakdan ýüz öwrüp, öz şahsy islegini öňe sürşüne baksaň, bu kişi ýaňy-ýakynda musulman bolan bolmaly» diýip pikir etdim we ondan ünsümi sowup, öz işim bilen boldum. Sema edip, yzyma dolanyp gelenimde, ol heniz hem kellesini ýakasyndan köýneginiň içine sokup duran eken.

Men ony öz gününe goýup, hüjräme girdim-de, uka gitdim. Düýşümde Allahyň Resulynyň (s.a.w.) iki sany goja kişini ýanyna alyp, yzyna-da müňlerçe kişini tirkäp ýetip gelýänini gördüm.

– Bu iki goja kim? – diýip, oňa ýüzlendim. Ol:

– Bularyň biri Ybraýym Halylulla, beýlekisi Musa Kelimulla, yzymdakylar hem pygamberler – diýip jogap berdi.

Men derrew okdurylyp baryp, onuň elini gysjak boldum. Emma ol maňa ýüz bermedi.

– Ýa, Allahyň Resuly! Menden mübärek ýüzüňi öwrer ýaly, näme telek iş etdim?! – diýip, Pygamberimize ýüzlendim. Ol bolsa:

– Dostlarymdan biri bulamak iýesiniň gelýänini saňa mälim etdi. Sen bolsa gysgançlyk edip, onuň bu islegini kanagatlandyrmadyň – diýip seslendi. Men şobada aglap ukudan oýandym. Şol wagt derwüşhanadan biriniň hyk-çoky gulagyma geldi. Men içimden: «Derwüş gitmekçi bolýar öýdýän» diýip pikirlendim-de, onuň ýanyna baryp:

– Eý, hormatly derwüş! Islegiňi kanagatlandyryp bilmegim üçin biraz aýak çekip bilmezmisiň? – diýip, ondan haýyş etdim. Ol başyny aşak salyp ýylgyrdy-da:

– Bir kişi senden bir arzuwynyň ýerine ýetirilmegini haýyş edýär, sen bolsa ýüz ýigrimi müň pygamber şepagat edýänçä, onuň islegini kanagatlandyrmaýarsyň – diýip çykyp gidiberdi. Kän wagtlap ony gözlesem-de, ol gaýdyp maňa duşmady. Şeýdip, ondan gelen bu awy ele salyp bilmedim.

***

Abu Muhammet Jeriri şeýle diýipdir: «Bagdadyň iň uly metjidinde bir derwüş bar eken. Tomus bolsun, gyş bolsun, ol ýeke köýnekden başga zat geýmändir. Munuň sebäbini soranlara-da: «Gowy-gowy eşikleri geýmegi halaýan biridim. Bir gije düýşümde jennete tarap gidip barýanymy gördüm. Jennete golaýlamda, saçagyň daşyna egrilip oturan birtopar pukara kişä gözüm düşdi. Men hem olaryň ýanynda oturmak isledim. Emma bir perişde golumdan tutup:

– Sen bulardan dälsiň. Bular diňe bir köýnekden başga eşik satyn almaga güýji ýetmeýän pukara kişilerdir – diýdi-de, meni ol ýerden uzaklaşdyrdy. Oýananymdan soň: «Gaýdyp bir gezek hem ýeke köýnekden başga zat geýmerin» diýip, Allatagala bilen wadalaşdym» diýip jogap beripdir».

***

Rowaýat etmeklerine görä, Jeririniň bir mejlisi bar eken. Bu mejlise gatnaşýan ýetginjekleriň biri aýak üstüne galkyp:

– Kalbymy ýitirdim, ony yzyna dolamaklary üçin doga edip ber! – diýip, oňa ýüzlenipdir. Jeriri bolsa:

– Ählimiziň başymyzda-da şonuň ýaly bir dert bar – diýip seslenipdir.

***

Abu Muhammet Jeriri şeýle diýipdir: «Yslam dininiň ýüze çykan ilkinji asyrynda dine daýanyp hereket ederdiler. Ol adamlar ötüp gidensoňlar, din hem sylynyp gitdi. Ikinji asyrda wepa daýanyp

amal etdiler. Ol adamlar dünýäden göçüp gidensoň, wepa-da ortadan galkdy. Üçünji asyrda adamçylyga daýanyp amal etdiler. Olar baka göç edensoň, adamçylykdan hem nyşan galmady. Ondan soňky asyrda haýa daýanyp amal etdiler. Olar aradan çykansoň, haýa-da galmady. Şindi adamlar höweslendirilmäge, gorkuzylmaga daýanyp amal edýärler.

Nebsiň waswasasyna gulak gabardan, nebsiň golastyna düşen, arzuwlara ýesir bolan, haý-höwes zyndanynda tussaglykda ýatan kişiniň kalbyna Allatagala ruhy joşguny we peýdany haram kylar».

***

Jeriri hezretleri şeýle diýipdir:

– Az iýýän kişi tarykat ýolunda has gowy ilerleýär.

## *HÜSEÝIN IBN MANSUR HALLAÇ*

Allah ýolunda Hak tarapyndan şehit edilen, ylym tokaýynyň arslany, jeňde saplary ýaryp geçen, batyr ýürekli, sytdyh, tolkunlap ýatan magrifet deňzinde gark bolan Hüseýin ibn Mansur Hallajyň (Allah oňa rehim eýlesin!) üýtgeşik bir ykbaly bolup, ol birtopar geň wakalary başdan geçiripdir. Ol örän joşgunly we syzgyr adam bolupdyr, güýçli bölünişik alawlarynyň içinde mes, kararsyz we haly perişan ýagdaýda ömür sürüpdir. Hüseýin hakyky we bagry gara köýük bir aşyk bolup, hümmeti uly, derejesi hem belentdi. Mysal üçin, ussat Abu Kasym Kuşeýri ol hakda: «Eger Hallaç ylalaşanyňa degýän adam bolsa, onda adamlaryň özüni ret etmekleri bilen ret edilen hasaplanmaz. Ol ret edilmäge mynasyp biri bolsa-da, halkyň onuň bilen ylalalaşany üçin makul birine öwrülmez» diýipdir.

Käbir kişiler onuň jadygöýlik bilen arasynyň bolandygyny aýdypdyrlar, käbir şerigatçy alymlar bolsa ony imandan daş adam hasaplapdyrlar. Käbirleri onuň adamy hudaýlaşdyrýanlaryň toparyndandygyny aýtsa, başga birleri ony dogry ýoldan azaşanlaryň hataryna goşupdyr. Emma ýeke hudaýlylygyň ysyny alan kişiniň akylyndan onuň şolar ýaly adamlaryň hilindendigi baradaky pikiriň geçmegi mümkin däl. Onuň şeýledigini aýdýan adamyň ýeke hudaýlylygyň düýp manysyndan habary ýok bolmaly.

Öz döwürdeşleriniň şunuň ýaly uly pire gowy düşünmändikleri örän gynandyrýar. Eger-de ösüp oturan bir agaç: «Anal – Hakk (Men – Hak)» diýip seslense, siz onuň öňünde baş egmäge taýýar. Emma şol sözleri diline alan adamy jellat çapgy ýassygyna baş goýmaga mejbur edýärsiňiz. Siziň bir zady bilmegiňiz gerek: ruhy serhoşlyk halyna

düşüp, şol sözleri diline alýan uly weliler şol pursatda Allatagalanyň adyndan gürleýärler. Allatagala olaryň dili bilen gürleýär, olaryň özüniň bolsa şol wagt ölüden tapawudy bolmaýar.

Oňa düşünenler hem bolupdyr. Şyh Abu Abdullah ibn Halyf: «Hüseýin ibn Mansur hudaýtarapyn bir alymdyr» diýipdir. Şibli bolsa şeýle diýipdir: «Meniň Hallaçdan tapawutlanýan ýerim ýok. Diňe meni däli hasaplanlary üçin halas boldum, Hüseýini bolsa akyly heläk etdi».

***

Hüseýin on alty ýaşynda Tustar şäherine gelip, bu ýerde iki ýyllap ýaşapdyr. Soňra ol Doharka göçüp baryp, Omar ibn Osman Mekge hezretlerine şägirt durupdyr. Ol bu şäherde Ýakup Akta hezretleriniň gyzyna öýlenipdir. Şondan soňra birnäçe wagtlap Bagdatda Jüneýit hezretleriniň ýanynda ýaşapdyr. Mansur bu ýerden Hijaza gidip, ol ýerde sopulardan ybarat topar bilen tanyş bolupdyr hem-de olar bilen birlikde Bagdada – Jüneýit hezretleriniň ýanyna dolanyp gelipdir. Ol Jüneýit hezretlerine bir sorag bilen ýüzlenipdir. Uly weliniň jogaby onuň geljekki ykbalyny aýdyňladypdyr:

– Günleriň birinde sen agaç bölegini gyzyl reňke boýarsyň.

Halypasynyň jogabyny eşidip, Hüseýin:

– Bu waka ýüze çykanda sopularyň geýýän hyrkasyny çykaryp, ýönekeý adamlara mahsus eşik geýmäge mejbur bolarsyň – diýip seslenipdir.

Bu hut şeýle-de bolupdyr. Mälim bolşy ýaly, Hüseýin hezretlerine ölüm jezasyny bermek baradaky hökümiň astyna gol goýmagy abraýly din wekillerinden haýyş edenlerinde, tä Jüneýit hezretleri goluny goýýança, muňa ýürek edip bilmändirler. Jüneýit hezretleri nätjegini bilmän ýaýdanypdyr. Halyf bolsa, ol goluny goýýança Hüseýini jezalandyrmajagyny aýdyp, aýak diräp durupdyr. Ahyry Jüneýit hezretleri egnindäki hyrkasyny çykaryp, dünýewi mugallymyň geýýän eşigi ýaly eşik geýip, hökümiň aşagyna goluny goýupdyr-da:

– Men bu hököme gol goýmak bilen Hüseýiniň özüni alyp barşyndan ugur alýaryn we ony şu jeza mynasyp hasaplaýaryn.

***

Jüneýit hezretlerinden öz beren soragynyň jogabyna derek soňra bolşy-bolşy ýaly amala aşan ýowuz welilik habaryny eşiden Hüseýiniň lapy keç bolup, halypasy bilen hoşlaşypdyr-da, aýaly bilen birlikde Tustara göçüp gidipdir. Ol bu ýerde bir ýyllap ýaşapdyr. Ýerli ýaşaýjylar oňa uly hormat goýupdyrlar. Hüseýin hezretleri ikiýüzli dindarlary tankyt astyna almagy endik edinipdir. Bu olaryň gaharyny getiripdir. Olar Hüseýiniň garşysyna dildüwşük gurapdyrlar. Dildüwşüge Omar ibn Osman hezretleri işjeň gatnaşypdyr. Ol Hüseýini heläk etmek maksady bilen, dildüwşüge gatnaşýanlaryň ulanmagy üçin töhmetden doly hatlary ýazyp beripdir. Hüseýin öz garaýyşlaryna şunuň ýaly edilip garşy çykylmagyna çydam edip bilmändir. Ol egnindäki hyrkasyny çykaryp, ýönekeý adamlaryň geýýän eşigini geýipdir. Emma ol şol wagta çenli tarykat ýolunda ýokary makamlaryň birine ýetip, bu makama mahsus halyň kalbyna dolanyna eýýäm tutuş bäş ýyl bolan eken. Bu döwürde ol Seistan, Kerman we Nimroz şäherlerinde saparda bolupdyr. Hüseýin ajaýyp eserleriň birnäçesini ýazypdyr, edýän wagyzlary bolsa şeýle bir joşgunly bolupdyr welin, oňa «Gizlin ylmyň mugallymy» diýmäge başlapdyrlar.

Soňra Hüseýin hezretleri Basra göçüp barypdyr we ýene sopy hyrkasyny geýmäge başlapdyr. Biraz soňra ol Mekge şäherine barypdyr. Şäheriň ýaşaýjylary ony jadygöýdür öýdüpdirler. Hüseýin hezretleri Basra dolanypdyr we bu ýerden ilki Hindistana, ol ýerden hem Hytaýa syýahat etmegi ýüregine düwüpdir. Bu syýahatdan dolanyp geleninden soň, ol ikinji gezek haja gidipdir. Hüseýinde uly ruhy özgerişlikler bolup geçipdir. Onuň wagyzlary syrly jümlelerden doly bolupdyr, şonuň üçin hem şägirtleriniň sany beýlebir köp bolmandyr. Hüseýin hezretlerini yzarlapdyrlar we ony baran ýerlerinden kowmak bilen bolupdyrlar.

***

Bir gezek Hüseýin hezretleri Käbäni zyýarat etmek üçin dört müň hajy bilen birlikde ýola çykypdyr. Bu ýere gelip, ol bir ýyllap aýakýalaňaç we başy açyk ýagdaýda bir duran ýerinden butnamandyr. Käte bir adam gelip, oňa çörek we bir küýze suw getirip berer eken.

Emma ol setanda-seýranda bolaýmasa, bir döwüm çörek hem iýmändir. Şonuň üçin hem ysgyn-mydarsyz hala gelipdir. Ol süňk bolup galypdyr, endamynyň hamy bürşüp, hamynyň o ýeri, bu ýeri jaýryk atypdyr. Onuň eşiginde içýan mesgen tutupdyr. Adamlaryň ýanynda ol:

– Allahym! Geň Galmak Jülgesinden geçýänleriň ýolbeledi Özüňsiň. Eger-de men dinsiz bolsam, onda dinsizligimi artdyr – diýip doga eder eken. Adamlar ýanyny terk edip, ýeke galanda bolsa:

– Diňe Seni tanaýaryn we Senden başgasynyň öňünde baş egmeýärin. Maňa gönderen nygmatlaryň üçin minnetdardyryn. Maňa rowa gören nygmatlaryň şeýlebir köp welin, dilimiň ýekedigi üçin minnetdarlygymy doly aňladyp bilmeýärin. Şonuň üçin hem meniň adymdan Öz-özüňe minnetdarlyk bildir – diýip seslener eken.

***

Günleriň birinde Hüseýin hezretleri çöl ýerde Hawas hezretlerine duşup, bu ýere näme üçin gelenini sorapdyr. Ol:

– Men Allatagala töwekgel etmegi öwrenmäge çalyşýaryn we Allatagala iýer ýaly bir zat gönderse-de, göndermese-de, ikisine hem razy bolmaga jan edýärin – diýip jogap beripdir. Hüseýin hezretleri oňa şeýle diýipdir:

– Sen garnyň bilen şeýle kän meşgullanmakçy bolýaňmy? Sen haçan özüňi Allatagalanyň birliginde gaýyp etmekçi?

***

Hüseýiniň oturan zyndanynda başga-da üç ýüz bendi bar eken. Olardan:

– Erkinlige çykasyňyz gelýärmi? – diýip sorapdyr. Zyndandan çykmaga meýillidiklerini bileninden soň, ol bir yşarat edipdir welin, bendileriň baglangy zynjyrlary ýazyp, zyndanyň gapysy giňden açylypdyr. Bendiler onuň hem özlerine goşularyna garaşypdyrlar. Ol zyndandaşlaryna ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Meniň Hudaý bilen bir gizlin işim bar. Onuň nämedigi meni jellat çapgy ýassygynyň ýanyna çykaranlarynda belli bolar. Men – Hudaýyň, öz Eýämiň bendesi. Şonuň üçin hem Onuň ýazgydyna boýun bolmagym gerek.

Bu rowaýatyň başga bir nusgasynda aýdylyşyna görä, zyndanda Hüseýin ibn Mansurdan başga-da üç ýüz kişi bar eken. Bir gije ol ýanyndakylara ýüzlenip:

– Eý, tussaglar! Geliň, men sizi bu ýerden halas edeýin – diýipdir. Ondan:

– Munuň ýaly bir başarnygyň bar bolsa, onda özüňi näme üçin halas edeňok? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Biz Allahyň gözegçiligi astynda gezýäris. Onuň hemaýat bermegi bilen sag-salamatlykda ömür sürýäris. Eger islesek, gollaryňyzdaky zynjyry ýekän-ýekän çözüp bileris – diýip jogap beripdir. Soňra bolsa barmagy bilen yşarat edipdir welin, tussaglaryň ellerini baglap duran zynjyrlar çözülip, ýere syrygyp düşüpdir. Tussaglar:

– Ellerimizi boşadanyň-a gowy welin, zyndanyň gapysy gulply. Indi biz bu ýerden nädip çykaly? – diýipdirler. Hüseýin ibn Mansur Hallaç barmagy bilen ýene bir gezek yşarat edipdir. Şobada zyndanyň diwarlarynda birtopar gädik peýda bolupdyr.

Ir bilen zyndanyň gulplarynyň ählisiniň ýazdyrylandygyny, bendileriň hem gaçyp gidendigini bilipdirler. Hüseýinden gije näme bolup geçenini sorapdyrlar. Ol bar zady bolşy-bolşy ýaly gürrüň beripdir. Beýleki bendiler bilen gaçyp gitmändiginiň sebäbi barada soranlarynda bolsa:

– Men Hojaýynymyň gaharyny getirdim we Ol maňa şu jezany berdi. Şonuň üçin hem gaçmadym – diýip jogap beripdir.

Bu wakanyň habaryny alan halif has uly ýaramazlyklara sebäp bolmaz ýaly, derrew Hüseýiniň kellesini kesmegi emir edipdir. Ilki bilen oňa üç ýüz gamçy urupdyrlar. Gamçy her gezek oňa degende:

– Eý, Hüseýin! Men senden ýaňa arkaýyn. Sen baryna döz gelersiň – diýen ses eşidilipdir. Ony jezalandyrmak üçin taýýarlanan ýeriň töwereginde ýüz müň adam ýygnanypdyr. Ol daş-töweregine göz aýlapdyr-da:

– Hak, Hak, Enel-Hak – diýip seslenipdir.

Şol aldym-berdimli pursatda bir derwüş ondan yşka kesgitleme bermegini haýyş edipdir. Hüseýin onuň bu soragyň jogabyny şu gün, ertir we birigün aljagyny mälim edipdir. Ol şol gün jezalandyrylypdyr, ertesi başy kesilen göwresini oda ýakypdyrlar, birigüni bolsa külüni ýele sowrupdyrlar. Bu Hüseýiniň derwüşiň soragyna beren jogabydy.

Hüseýini jezalandyrjak bolup durkalar, onuň hyzmatkäri ondan iň soňky gezek nesihat bermegini haýyş edipdir. Şonda ol şeýle diýipdir:

– Hiç haçan nebsiň isleg-arzuwlaryny ýerine ýetirme. Eger-de onuň isleglerini kanagatlandyrsaň, ol seni pes işleri etmäge mejbur eder.

Ogly hem Hüseýin hezretlerinden nesihat sorapdyr. Ol:

– Adamlar ahlakly durmuşda ýaşamaga ymtylýar. Sen bolsa ylahy durmuşyň gözleginde bol. Ol has gowudyr. Ylahy durmuşda sähelçe wagt ýaşasaň hem, şojagaz wagtyň içinde gazanan sogabyň adamlaryň we perişdeleriň eden ýagşy işleriniň ählisine beriljek sogapdan artyk bolar – diýip seslenipdir.

***

Özüne jeza berilmeli ýere barýan mahaly Hüseýiniň ýüzi gülüp dur eken. Ondan şunuň ýaly wagt şatlanmaga nädip gaýratynyň çatýandygyny sorapdyrlar. Ol:

– Şu wagt tüýs şatlanaýmaly pursat-da, çünki men öýüme dolanyp barýaryn. Meniň Dostum asla zalym däl. Ol maňa Öýüň Eýesiniň myhmanlara hödür edýän şerabyny içirdi. Men şeraby soňky damjasyna çenli sokga sordum. Şondan soňra Ol mukaddes aýda ýyl aşan çakyry şeýle köp içen adamy jezalandyrmagy gylyja emir etdi – diýip jogap beripdir. Soňra Hüseýin jellat çapgy ýassygynyň duran ýerine alyp barýan basgançagy öpüpdir we Käbä tarap öwrülip:

– Sen maňa gözlän zadymy bagyşladyň – diýipdir. Soňra hem:

– Ýaş wagtym men bir ýaş zenana gyýa göz bilen garadym. Şonuň üçin hem jezalandyryldym. Şunuň ýaly günä etmekden we onuň aýylganç netijeleleri sebäpli ejir çekmekden ägä bol – diýip seslenipdir.

Şibli Hüseýinden sopuçylygyň nämedigini düşündirmegi haýyş edipdir we:

– Seniň şu wagt synlaýan tomaşaň – bu sopuçylykdyr. Özi-de bu onuň iň aşaky derejesidir – diýen jogaby alypdyr. Şibli ýene:

– Bu şeýle bolýan bolsa, onuň iň ýokary basgançagy nähili bolýar? – diýip sorapdyr. Hüseýin oňa:

– Seniň muňa düşüner ýaly ýagdaýyň ýok – diýip jogap beripdir.

***

Halyf jeza ýerine jemlenen märekä Hüseýini daşlamagy emir edipdir. Ol özüne degen daşlaryň yzasyna çydapdyr. Emma Şibli ony gül bilen uranda, ol bagyryp goýberipdir. Munuň sebäbini soranlarynda, ol:

– Meni daşlan adamlar nadan bolup, meniň halymdan habarlary ýok. Emma Şiblini bagyşlamaga hiç hili delil ýok, çünki ol ähli zatdan habarly – diýip jogap beripdir.

Hüseýiniň ellerini kesipdirler, onuň bolsa şolbir ýylgyryp durşumyş. Näme üçin ýylgyrýanyny soranlarynda, ol şeýle jogap beripdir:

– Olar etdir süňkden ybarat ellerimi kesip taşladylar, emma men ruhumyň elleri bilen Allatagalanyň synyndan ýapyşdym. Jellatlar bu ellerime galtaşmaga milt edip bilenoklar. Ine, şuňa ýylgyrýaryn.

Soňra jellat onuň aýaklaryny çapyp taşlapdyr. Ol ýene:

– Olar meniň ruhumyň aýaklaryna zyýan berip bilenoklar, men bolsa olaryň kömegi bilen hatda iki dünýäni hem keşt edip bilýärin – diýip seslenipdir.

Soňra Hüseýin ýüzüni çapylgy ýatan elleridir aýaklaryna oýkap:

– Men şu gün özümi bagtly duýýaryn, çünki jebir çekeniň gany ýüzümde yzyny goýdy – diýip seslenipdir. Soňra ol doga etmek üçin ellerini ýokary göterýän ýaly edip gobsunypdyr we Yşk dogasyny okapdyr.

Soňra onuň gözlerini oýup, dilini sogrupdyrlar. Iň soňunda-da kellesini kesipdirler. Heniz dilini sogurmankalar, ol şeýle doga edipdir:

– Allahym! Soňuna çenli arkaýynlyk we durnuklylyk bagyşlanyň üçin Saňa minnetdardyryn. Şu baýlygy meni yzarlanlara hem rowa görmegiňi isleýärin.

Bu sözleri eşidip, adamlar ony daşlamaga başlapdyr. Ol şonda:

– Biribaryň dostlugy seni tapawutlandyrýar we seýrek adamlaryň hataryna goşýar – diýip, iň soňky sözlerini aýdypdyr.

Kellesini kesenlerinde ol gülüpdir we ruhy Ýaradana gowşupdyr. Onuň çapylyp taşlanan beden agzalarynyň ähli̇si birlikde: «Minel--Hak» diýip gygyrmaga başlapdyr. Halyf olary bir ýere toplap, ýakma-

gy emir edipdir. Onuň küli-de şol sözleri aýtmaga başlapdyr: «Minel-Hak». Onuň külüni Dijle derýasyna taşlanlarynda, kül bölekleri suwuň ýüzünde: «Minel-Hak» diýen sözleri emele getiripdir. Derýanyň suwy möwç alyp, hanasyndan çykmaga başlapdyr. Hüseýin şeýle boljagyny öňünden bilip, hyzmatkärine şeýle ýagdaý ýüze çykanda, derýany köşeşdirmek we Bagdadyň suwuň astynda galmagynyň öňüni almak üçin öz eşigini suwa taşlamagy tabşyran eken.

Suw ýuwaşapdyr we onuň kenarlaryndan toplanan küli depin edipdirler.

***

Hüseýin ibn Mansur Hallajyň ölümi mynasybetli Apbas Tusy hezretleri şeýle diýipdir:

– Ruhy serhoşlygy zerarly dünýäni düňderäýmeginden howatyrlanyp, kyýamat gününde Hüseýin ibn Mansury gandally alyp gelerler.

***

Hüseýin hezretleri jezalandyryljak gününiň öň ýanyndaky gijesini jellat çapgy ýassygynyň ýanynda oturyp, doga edip geçiripdir. Şonda onuň gulagyna gaýypdan bir owaz gelipdir:

– Biz Hüseýine Öz syrlarymyzdan birini ynandyk. Ol syrymyzy özgelere paş etdi. Şonuň üçin hem Biz ony Soltanyň syryny paş edenlere berilýän jeza bilen jezalandyrdyk.

***

Hüseýin ibn Mansur Hallaç mydama agzy bekli gezip, ybadat bilen meşgul bolup, magryfetiň (Allatagalany tanamagyň) we ýeke hudaýlylygyň tymsalyna öwrülipdir. «Enel-Hak» aňlatmasy agzyndan çykan wagty dogry ýolda bolanlardan, şerigat we sünnet boýunça ýaşaýanlardan özüni aýry saýmaýardy. Şeýle-de bolsa, şyhlaryň käbiri ondan daşlaşanlaryny kem görmändirler. Muňa dinden çykmagy, mezhepden ýüz öwürmegi däl-de, şyhlaryň onuň sermestligini halamazlyklary sebäp bolupdyr. Başgaça edip aýtsak, Hallaç ynanjy däl-de, özüni alyp barşy sebäpli terk edilipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Hüseýin ibn Mansur Hallaç bir gije--gündiziň dowamynda dört ýüz rekagat namaz okar eken. Ol muny özi üçin parz hasap edipdir. Ol: «Şunuň ýaly belent derejä eýe bolup durkaň, näme üçin beýle muşakgat çekýärsiň?» diýip, özünden soranlara: «Dostlaryň işine ne rahatlyk, ne-de agyr zähmet täsir eder. Dostlaryň sypatlary pany bolansoň, rahatlyk we zähmet olara täsir etmez» diýip jogap berer eken.

Ol elli ýaşyndaka şeýle diýipdir: «Häzire çenli mezhepleriň hiç birine-de eýermedim. Özüm üçin her mezhebiň iň kyn hökümlerini saýlap aldym. Özümi bilelim bäri namaz okap gelýärin we her namaz üçin gusul (boý) täretini almadyk gezegim ýok».

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek onuň boýnundan içýanyň ýöräp barýanyny görüp, bu zäherli jandary öldürmek isläpdirler. Emma ol:

– Oňa zat diýmäň! Çünki ol on iki ýyl bäri boýnumy mesgen edinen dostumdyr – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Samarkandyň ýaşaýjysy Reşit Hurt günleriň birinde Käbä gitmek üçin ýola çykypdyr. Bir ýerde düşlänlerinde, ol töwereginde ýygnanan adamlara ýüzlenip wagyz edipdir. Ol şeýle diýipdir: «Bir gezek Hallaç dört ýüz sopy bilen bilikde çöl ýoluny tutupdyr. Birnäçe günleri ýolda geçse-de, bularyň eline iýer ýaly zat düşmändir. Ahyry olar Hüseýine ýüzlenip:

– Otda gyzardylyp bişirilen kelle iýesimiz gelýär – diýipdirler. Ol:

– Hany, aşak çöküň – diýipdir we sag elini arkasyna tarap uzadyp, ol ýerden oturanlaryň her birine otda gyzardylan bir kelle we iki çörek alyp beripdir. Şeýlelik bilen, olara jemi dört ýüz sany otda gyzardylan kelle we sekiz ýüz çörek alyp beripdir. Soňra sopular:

– Täze hurma iýesimiz gelýär – diýipdirler. Onda Hüseýin:

– Meni agaç silterlän ýaly edip silterläň – diýip seslenipdir. Ony silterläp ugransoňlar, ýere täze hurma dökülmäge başlapdyr. Derwüşler hurmadan doýýançalar iýipdirler. Hallaç tä barjak ýerlerine ýetýänçäler, haýsy tikene arkasyny direse, tikende täze hurma peýda bolmaga başlapdyr».

***

Rowaýat etmeklerine görä, birtopar adam orruk çölüň ortasynda Hallaja ýüzlenip:

– Injir iýesimiz gelýär – diýipdirler. Ol elini bir tarapa uzadypdyr we öňlerinde bir tabak injir goýupdyr. Başga bir gezek sapara çykanda, oňa halwa iýesleriniň gelýändigini aýdypdyrlar. Ol hem bada-bat bir tabak ýaňy taýýar bolan bal ýaly gyzgynjak halwany öňlerinde goýupdyr. Halwany gören derwüşler:

– Bu Bagdatdaky meşhur Babu Takyň bişirýän halwasy ahyryn – diýip seslenenlerinde, Hallaç:

– Biziň üçin çöl boldy, Bagdat boldy – hiç hili parhy ýok – diýipdir.

***

Adamlar onuň özüni alyp barşyny görüp, haýran galmaga başlansoňlar, oňa tarapdar we garşydaş bolan adamlaryň sany gün-günden artmaga başlapdyr. Onuň edýän geň-taň işlerini görüp, geň-taň sözlerini eşidip, oňa dil uzadypdyrlar we aýdýan sözlerini halife habar beripdirler. Halif bu işi kazylaryň garamagyna beripdir. Kazylar onuň «Enel-Hak» diýýändigini bahanalap, biragyzdan ölüme höküm edipdirler we oňa ýüzlenip:

– Enel-Hak (Men – Hak) diýmegiň ýerine Hüwel-Hak (Hak Oldur) diý – diýip, ondan talap edipdirler. Ol hem:

– Hawa, her bir zat Oldur. Siz: «Ol ýitirim boldy, onuň ýerine men galdym» diýýändirin öýdýäňizmi? Ýok, men asla beýle diýmek islemeýärin. Ýitirim bolan meniň özümdirin – Hüseýindir. Heý, umman hem ýitirim bolarmy, azalarmy?! – diýip, öz halyny mälim edipdir.

***

Günleriň birinde Ibn Ata bir adamy Hüseýin ibn Mansur Hallajyň ýanyna ugradyp:

– Oňa aýt: goý, ol halas bolmak islese, aýdan sözleri üçin ötünç sorasyn – diýip tabşyrypdyr. Hallaç hem:

– Kimiň sözüni alyp gelen bolsaň, bar-da şoňa aýt: goý, maňa aýtmagy tabşyran sözleri üçin onuň özi menden ötünç sorasyn – diýip, çapary yzyna ugradypdyr. Hallajyň sözlerinden habardar bolan Ibn Ata:

– Biz Hüseýin Ibn Mansuryň ondan biriçe-de ýok ahyryn – diýip aglaberipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Hüseýin ibn Mansur Hallajy zyndana taşlan ilkinji gijeleri barlamak üçin gelip, ony ol ýerden tapmandyrlar. Olar zyndanyň bar ýerini gözden geçirseler-de, gözlerine ilen adam bolmandyr. Ikinji gije gelip, ony-da, zyndany-da tapmandyrlar. Üçünji gije bolsa zyndanyň-da, onuň-da öz ýerindedigini görüp:

– Ilkinji gije niredediň? – diýip, Hüseýinden sorapdyrlar.

– Ilkinji gije ylahy huzuryndadym. Şonuň üçin meni bu ýerden tapmadyňyz.

– Ikinji gije bu ýerde sen-de ýokduň, zyndan-da. Muňa näme diýersiň?

– Ikinji gije Hezreti Hak bu ýerdedi. Şonuň üçin zyndan ikimiz birden gaýyp bolupdyk. Üçünji gije bolsa şerigaty goramak üçin meni yzyma ugratdylar. Şerigat maňa nähili jeza bermegi talap edýän bolsa, eglenmän, işiňizi bitiriň – diýip, Hüseýin parahat seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Hüseýin ibn Mansur Hallaç zyndandaka gije-gündiziň dowamynda müň rekagat namaz okar eken. Ondan:

– «Men – Hak» diýýärsiň. Şeýle bolýan bolsa, namazy kimiň razylygyny almak üçin okaýarsyň? – diýip sorapdyrlar. Ol hem:

– Biz öz derejämizi bilýäris – diýip jogap beripdir.

***

Hüseýin ibn Mansur Hallaç şeýle diýipdir: «Allatagala töwekgellik etmek diýmek bir şäherde nahar iýmäge senden has hakly biriniň bardygyny bilen mahalyň nahar iýmän saklanmagyňdyr.

Yhlas amaly bulanyk, kirli halyndan tämizläp, dury hala getirmekdir.

Gürleýän diller dymýan kalplaryň heläkçiligidir.

Sözler we söhbetler sebäplere, amallar bolsa şirke baglydyr. Haktagala bolsa olaryň ählisinden uzak we olara mätäç däldir. Allatagala: «Olaryň köpüsi şirk goşmazdan Allaha iman etmezler (imanlaryna azda-kände şirk goşarlar)» («Ýusup» süresiniň 106-njy aýaty) diýipdir.

***

Hakykaty kalby bilen syzyp aňlaýanlaryň bu başarnyklary, aryflaryň Allatagala barada bilýän zatlary, hudaýtarapyn alymlaryň nury, ezeli we ebedi gutulyşa gowşan öňdebaryjy adamlaryň tutan ýoly we ortadaky her bir zat hudusyň hilindendir, ýagny soňra peýda bolandyr we şonuň üçin hem wagtlaýyndyr. Emma muny nämeden aňlajaklar? Bular kimler üçin niýetlenilen? Bular kalby bolan ýa-da Allatagalanyň sypatlaryny kalp gözi bilen synlaýan mahallary gulaga öwrülen kişi üçindir. «Munda kalby bolan we bulary synlaýan kişi üçin, elbetde, bir öwüdiň bardygy şübhesizdir» («Kaf» süresiniň 37--nji aýaty).

Razylyk äleminde ýakin diýlip atlandyrylýan bir aždarha bolup, on sekiz müň älemdäki halkyň amallary onuň agzynda, bir çöl bilen deňeşdireniňde zerre nähili kiçijik bolup görünýän bolsa, edil şonuň ýaly bolup görner.

Hemişe haýsydyr bir welaýaty golastyna geçirmegiň aladasynda gezýän patyşa ýaly, biz ömür boýy Onuň belasyny diläp gezýäris.

Kalbyň Haky ýatlan mahaly hiç bir duýgy we pikir oňa garşylyk görkezmez.

Mürit tobasyny, eren bolsa günäsizligi saýalaýandyr.

Müridiň sarp edýän güýç-kuwwady özüne aýan edilen ruhy syrlardan, erene aýan edilen ruhy syrlar bolsa sarp edýän güýç-kuwwatyndan artykdyr.

Dünýäden ýüz öwürmek nebse mahsus terkidünýälikdir, ahyretden ýüz öwürmek kalba mahsus terkidünýälikdir, özüňden ýüz öwürmek ruha mahsus terkidünýälikdir».

***

Hüseýin ibn Mansur Hallaçdan:

– Sabyr näme? – diýip soranlarynda, ol:

– Bir kişiniň özüniň elini we aýagyny kesip, dar agajyndan asmaklaryna razy bolmagydyr – diýip jogap beripdir. Bu aýdanlarynyň barynyň onuň öz başyna gelmegine geň galmazlyk mümkin däl.

***

Hüseýin ibn Mansur bir gün Şiblä ýüzlenip:

– Eý, Şibli! Päliňden gaýt, çünki biz uly bir işe baş goşupdyrys. Bu iş biziň aňkamyzy aşyrdy. Ol bizi dar agajynyň ýanyna süýrekläp elter – diýipdir.

## YBRAÝYM HAWWAS

Dünýäni kalbyňdan çykaryp, Allatagala ýönelme sährasynyň ýolagçysy, ýeke hudaýlylyk tegeleginiň merkezi, ylym we amal meýdanynyň görnüklisi, ezeli hökmüň sylany, yhlasyň we Allaha töwekgellik etmegiň sytdyhy, zamananyň kutby bolan Ybraýym Hawwas (Allah oňa rehim eýlesin!) öz döwrüniň ýeke-tägi we iň uly welisidi. Bir gezek ondan:

– Sapara çykan gezekleriňde ýüzbe-ýüz bolan täsinlikleriň barada bize habar bersen-e – diýip haýyş edenlerinde, şeýle diýipdir:

– Ýüzbe-ýüz bolan zatlarymyň iň täsini şudy: bir gezek Hydyr ata meniň bilen söhbet etmek isledi, emma şol wagt köňlümde Hakdan başgasynyň bagyşlap biljek şatlygynyň we hormatynyň ýer almagyny islemändigim üçin onuň teklibinden ýüz öwrüpdim.

***

Allatagala töwekgellik etmekde Ybraýym Hawwas hezretleri bilen deňleşip biljek adam bolmandyr. Şonuň üçin hem ol her bir edýän hereketini ýedi ölçäp, bir kesipdir. Muňa garamazdan, ol nirä gitse, iňňe, ýüplük, mytara we gaýçy ýaly zatlary ýanyndan aýyrmandyr. «Bulary näme üçin ýanyňdan aýyrmaýarsyň?» diýip soranlara-da: «Çünki bujagaz zatlar töwekgellik etmäge zyýan bermez» diýip jogap berer eken.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ybraýym Hawwas hezretleri şeýle diýipdir: «Sährada aýlanyp ýörkäm, bir çora gözüm düşdi. Ol Allata-

gala bolan yşkyndan ýaňa serden geçip, perişan bir haldady. Başy-da açykdy. Onuň bilen aramyzda şeýle bir gürrüň bolup geçdi:

– Eý, çory, başyňy örtmäniňi bir bilýärmiň?

– Eý, Hawwas, gözleriňe eýe çyk!

– Men – aşyk, aşyk bolsa gözlerini ýummaz. Emma sen birdenkä gözüme iläýdiň.

– Meniň hem sermest bolan wagtym bu. Sermest bolanyň başyny örtmek ýadyna düşmez.

– Haýsy meýhanada serhoş bolduň?

– Eý, Hawwas, meni şeýle uzakdan synlaýaňmy? Jahanda Allahdan we onuň meýhanasyndan başgasy barmy?

– Eý, çory, maňa ýanýoldaş bolmazmyň?

– Eý, Hawwas, ham hyýala göwnüňi aldatma, çünki men özüne är gözleýän zenanlaryň hilinden däl! Men köňlümi Biribara berdim.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir adam şeýle diýipdir: «Ybraýym Hawwas hezretlerinden:

– Imanyň hakykaty nämedir? – diýip soradym. Ol:

– Men saňa şu wagt jogap berjek däl, çünki näme diýsem, ýöne gürrüň bolup galjak. Bu soraga edýän hereketimiň üsti bilen jogap bermegim gerek. Men şindi Mekgä gitmegi ýüregime düwdüm. Sen hem meniň bilen birlikde ýola çyk. Ýolda bu soragyň jogabyny özümi alyp barşymdan aňlarsyň – diýdi.

Onuň aýdyşy ýaly etdim. Şeýdip, iki bolup ýola düşdük. Çöllük ýer bilen barýardyk. Her gün birhililik bilen gaşymyzda iki tabak nahar, iki käse-de suw peýda bolýardy. Ybraýym Hawwas hezretleri olaryň birini maňa berip, beýlekisini-de özi alýardy.

Günleriň birinde çölüň ortarasynda bir atly goja peýda boldy. Ol Hawwasy gören badyna, atyndan aşak indi. Olar birnäçe wagtlap gürrüňleşip durdular. Soňra goja atyna atlandy-da, ýanymyzdan uzaklaşdy. Men Ybraýymdan:

– Şyhym! Bu goja kim ? – diýip soradym.

– Ol – seniň soragyňa berjek jogabym – diýip, ol ýüzüme dikanlady.

– Bu näme diýdigiň boldy? – diýip, men geň galdym. Ol:

– Ýaňky goja Hydyr alaýhyssalamdy. Ol maňa dostlaşmagy teklip etdi, emma men bu teklibini kabul etmedim. Çünki onuň bilen dostlaşaýsam, Allatagala töwekgellik etmegimi goýmagymdan we özümde Hakdan gaýrysyna bil baglama halynyň peýda bolmagyndan gorkdum – diýip seslendi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Ybraýym Hawwas hezretleri şeýle diýipdir:

– Bir gezek Hydyr alaýhyssalamyň sährada guş ýaly uçup ýöreni-ni görüpdim. Onu bu şekilde göremsoň, Allaha bolan töwekgelligimiň meni terk etmeginden gorkyma, derrew başymy aşak saldym. Şondan soňra ol derrew ýanymda peýda bolup:

– Meni synlamagyňy dowam eden bolsaň, ýanyňa gelmezdim – diýip, maňa söz gatdy. Emma men Allatagala bolan töwekgelligime zyýan gelmezligi üçin ünsümi başga ýana gönükdirdim.

***

Ybraýym Hawwas hezretleri şeýle diýipdir:

– Bir zamanlar sapara çykan wagtym suwsap, teşneligimden ýaňa özümi ýere goýberdim we gözlerimi ýumdum ýatyberdim. Biriniň ýüzüme suw sepenini duýup, gözlerimi açdym. Görsem, gyr ata atlanan bir owadan ýüzli kişi ýanymda dur. Ol maňa suw berdi we:

– Atymyň syrtyna mün – diýdi. Şol wagt duran ýerimiz Hijazyň çägine girýärdi. Gün birneme ilerlänsoň, ol menden:

– Gözüňe näme görünýär? – diýip sorady.

– Medinäni görýärin – diýdim.

– Atdan düş we Pygambere (s.a.w.) menden salam aýt – diýip, meni atdan düşürdi-de, ol ýoluny dowam etdi.

***

Günleriň birinde Hawwas hezretleri öz müridi bilen birlikde çölüň içi bilen barýar eken. Bir ýere baranlarynda, ol doga etmek üçin dyzyny epipdir. Müridi onuň dünýäni duýman doga edip oturan ýe-

rine bir ýolbarsyň ýetip gelýänini görüpdir. Mürit halas bolmak üçin agaja dyrmaşypdyr. Ýolbars Hawwas hezretleriniň ýanyna baryp, daşyndan aýlanypdyr, ysyrganypdyr we öz ýoluna gidipdir. Hawwas hezretleri oňa barmysyň hem diýmändir. Olar ýene ýöräp ugrapdyrlar. Gidip barýarkalar Hawwas hezretlerini bir çybyn çakypdyr. Ol gygyryp goýberipdir. Müridi ondan:

– Siz ýolbars ýanyňyza gelende, göwnüňiz bir ýaly bolup, gorkmalydyr hem öýtmediňiz. Çybyn çakanda bolsa gygyryp goýberdiňiz. Munuň sebäbi näme? – diýip sorapdyr. Hawwas hezretleri:

– Birinji gezekde Allatagala merhemet edip, meni bedenimi duýmakdan mahrum etdi. Şindi bolsa bedenimi duýýaryn – diýip jogap beripdir.

***

Gije özüne tarap gelýän ýolbarsy görüp, Hawwas hezretleri howsala düşjek bolupdyr. Şobada-da gulagyna gaýypdan bir owaz eşidilipdir:

– Sen nämä birahat bolýarsyň? Ýigrimi dört sagadyň dowamynda seniň aladaňy eder ýaly, Biz ýedi ýüz perişde gönderdik.

***

Hawwas hezretleri şeýle diýipdir:

– Günleriň birinde idegsiz galan bagyň içi bilen barýarkam, nar agajyna gözüm düşdi. Narlaryň biriniň dänesinden dadyp gördüm. Turşy bolany üçin ony zyňyp goýberdim. Biraz ýöränimden soň, agsak, elleri hem maýyp bolan sandan galan gojany gördüm. Onuň endamyny gurtlar iýýärdi, ýaralary bolsa durşuna siňek bolup durdy. Men onuň ýanyna baryp:

– Seniň şeýle güýçli ejir çekişiň köňlümi üzýär. Seniň sagalmagyň üçin doga edip bilerinmi? – diýip soradym. Ol:

– Ýok – diýip jogap berdi. Men:

– Doga etmegime rugsat bermezligiň sebäbi näme? – diýdim.

– Ol meniň ejir çekmegimi isleýärkä, men nädip rahatlygyň arzuwyny edip bilerin? Bu maňa gelişjek zat däl, çünki Onuň erkine boýun boldum.

– Siňekleri bir kowup bilerinmi?

– Sen ilki kalbyňy süýji nar iýmek isleginden tämizle, diňe şondan soňra meniň saglygymy dile. Ilki öz kalbyňy bejer, diňe şondan soňra maňa duýgudaşlyk et.

– Meniň nar iýmek isleýänimi nädip bildiň?

– Allatagala akyl ýetirýän kişä hiç zat gizlin däldir.

– Gurtlar teniňi iýende, siňekler ýaraňy dörjelände, agyry duýaňokmy?

– Bularyň ählisi Allatagala bagly. Şonuň üçin hem agyry duýmaýaryn.

***

Hawwas hezretleri şeýle diýipdir:

– Günleriň birinde Rum ilinde ýetmiş ýaşly hristianyň ýekelikde ýaşaýanyny we yzygiderli doga edýänini bildim. Men ony görmek üçin ýola düşdüm. Ol meniň ýetip gelýänimi görüp, kellesini penjireden daşary çykardy-da:

– Men hristian däl-de, nebis atly itimiň sakçysy. Ybraýym Hawwas, bu ýere näme üçin geldiň? Saňa bir maslahat bermekçi. Adamlar bilen ham-çam boljak bolmaňy bes et. Özüňi gözle we ony tapanyňdan soň, öz nebsiňiň aladasyny et. Çünki ol seni öz islegleriniň duzagyna düşürmek üçin keşbini günüň dowamynda ýç ýüz altmyş gezek üýtgedýär – diýip seslendi.

***

Hawwas hezretleri şeýle diýipdir:

– Dört sany amal ruhy ösüşe alyp barýar. Ol amallar Gurhany Kerimi okap, onuň aýatlarynyň manysyny tirmekden, az iýip, gijäňi uklaman geçirmekden, ir bilen doga edýärkäň gözüňden ýaş gelmekden, weli kişileriň söhbetinde bolmakdan ybaratdyr. Bulardan iň täsirlisi ir bilen doga edýärkäň gözüňden ýaş gelmegidir.

Sopy kişi sopuçylygyň haýsydyr bir makamynda galman, onuň makamlarynyň ählisini geçmelidir.

***

Käte Hawwas hezretleriniň batyrgaýlanyp we döşüne urup:

– Men Allatagalanyň hemişe ýanymda bolan sypatyny gözleýärin – diýmesi bar eken.

## *ABU HASAN HARKANY*

Gam-gussa deňzi, dagdan has sagdyn, ylahy güneş, soňsuz sema, hudaýtarapyn täsinlik we zamanynyň kutby Abu Hasan Harkany (Allah oňa rehim eýlesin!) soltanlyklara eýe şyhlaryň soltany, dünýädäki abdallaryň we öwlatlaryň kutby, tarykat we hakykat ýoluna düşenleriň patyşasy, magrifet meýdanynyň ýeke-tägi bolup, hemişe köňli rahatdy. Ol hakykatyň syrlaryndan habarly bolup, hümmeti uly, mertebesi belentdi. Rahatlygyň nämedigini örän gowy bilýärdi, başa-baş söweşlerde aýdyp-diýip bolmajak derejede batyrgaýlyk görkezýärdi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, şyh Baýezit hezretleri ýylda bir gezek şehitleriň Dehistandaky mazarlaryny zyýarat etmäge geler eken. Şonda ol Harakan şäherçesiniň içinden geçip barýarka aýak çekip, bir zadyň ysyny alýan ýaly edip, burnuny dolduryp, uludan bir dem alarmyş. Ýanyndaky müritleri bir gezek oňa:

– Şyhymyz! Biz hiç bir zadyň ysyny almaýarys. Seniň burnuňa nämäniň ysynyň urýanyny bilesimiz gelýär – diýipdirler. Şonda ol:

– Hawa, üýtgeşik bir gelýän ys ýok, emma men şu peýdakeşler şäherçesinde ýaşaýan bir kişiniň ysyny alýaryn. Onuň ady Aly, künýesi Abu Hasan bolup, menden üç basgançak dagy öňden barýar. Ol maşgalasynyň ýüküni çekýär, ekerançylyk bilen meşgullanýar we agaç ekýär – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Hasan Harkany hezretleri ilki-ilkiler ýassy namazyny Harakanda jemagat bilen okap, soňra Baýe-

zit hezretleriniň mazaryny zyýarat etmek üçin Bistam şäherine geler eken. Bu zyýaraty mahalynda ol her gezek dik duran ýerinden:

– Ýa, Rep! Baýezide yhsan eden donuň ysy burnumyza geler ýaly et! – diýip doga edeninden soň, Bistamy terk edip, yzyna dolanypdyr we ýassy namazy üçin alan täreti bilen ertir namazyny Harakanda jemagat bilen birlikde okamaga ýetişipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Hasan Harkany hezretleriniň zamanynda bir garakçy, bu kär bilen meşgullanmagyň hatyrasyna, şäherden başyny alyp gidipdir. Şondan soňra ony gören-eşiden bolmandyr. Abu Hasan:

– Men bu işiň yşgyna düşmek babatda bir garakçyça bolman bilmen – diýip, mazarystanlyga baryp, Baýezit hezretleriniň mazaryna başyny goýupdyr. Ol şol oturyşyny üýtgetmän, birnäçe günläp oturypdyr. Ahyry mazardan:

– Eý, Abu Hasan! Kelläňi mazardan galdyryp, dikelmeli wagtyň gelip ýetdi – dýen ses gelipdir. Ol:

– Eý, Baýezit! Ähli hümmetiňi jemläp, maňa ýardam edewer, çünki meniň hiç hili sowadym ýok, şerigatdan hem habarym ýok. Heniz Gurhany-Kerimi okamagy hem öwrenmedim – diýip, halypasyna ýüzlenipdir. Mazardan ýene ses eşidilipdir:

– Eý, Abu Hasan! Maňa berlen üstünlikler seniň at-abraýyňyň haky üçin berlipdir.

– Bu bolup biljek zatmy? Sen menden ýüz otuz ýyl öň ýaşap geçipsiň ahyryn!

– Hawa, bu aýdýanyň dogry, emma men Harkanyň içinden geçen gezeklerim şol ýerden asmana göterilýän nura gözüm düşerdi. Otuz ýyllap Allahdan hajatymy diläp gezdim. Ahyrynda: «Eý, Baýezit! Ol nury hormat bilen özüňe şepagatçy edin, şeýtseň, dilegiňi kabul edeýin» diýen bir owaz kalbyma aýan boldy. «Ýa, Rep! Ol nur kime degişli, ol kişi nirede?» diýip seslendim. Gaýypdan ýene: «Ol biziň ýakyn gulumyzyň nurudyr. Oňa Abu Hasan diýýärler. Dilegiň kabul bolmagyny isleseň, şol nury şepagatçy edin!» diýen bir owaz geldi.

***

Bir rowaýatda habar berilmegine görä, Abu Hasan Harkany hezretleri: «Harkana diýip ýola çykyp, ol ýere barýançam, ýigrimi dört günde Gurhany Kerimi ýat tutupdym» diýipdir. Başga bir rowaýatda bu waka: «Baýezit maňa: «Fatihadan» başla!» diýdi we men Harkana barýançam Gurhany Kerimi hatym etdim» şekilinde aňladylypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Hasan Harkany hezretleriniň bir kiçijek bagy bar eken. Ol bagynyň düýbüni bir gezek agdaranda, ol ýerden kümüş çykypdyr, ikinji gezek agdaranda altyn tapypdyr, üçünji gezek agdaranda-da dür-göwherleriň üstünden barypdyr. Şondan soňra ol:

– Ýa, Rep! Meni munuň bilen aldama! Men dünýä üçin Seniň ýaly Ýaradandan ýüz öwürmen – diýip seslenipdir.

***

Abu Hasan Harkany hezretleri käte öküzlerini azala goşup, ýer sürer eken. Namaz wagty girende, ol öküzlerini öz ugurlaryna goýberip, namaza duruberýärmiş. Namaz okap gelýänçä-de, öküzleriň bir özleri ýer sürer ýörer ekenler.

***

Omar Abu Apbas diýen biri Harkany hezretlerine ýüzlenip:

– Gel, ikimiz güýjümizi birikdirip, şu agajy kökünden sogrup taşlaly – diýipdir. Bu agaç müň goýna saýa bolup hyzmat edýär eken. Harkany hezretleri ony akylyna aýlamak üçin başga bir zady teklip edipdir. Ol:

– Gel, ikimiz güýjümizi jemläp, kerem eýesi Jenaby-Hakyň merhemet elinden ýapyşyp, iki dünýäniň hem üstüne çykaly. Soňra-da jennet bilen hem, jähennem bilen hem gyzyklanmaly – diýipdir.

***

Şyhlaryň şyhy Hapyz Şirazy bir gün Abu Hasan Harkany hezretleriniňkä myhmançylyga gelipdir. Abu Hasanyň öňünde suw-

dan doly bir uly jam duran eken. Hapyz Şirazy elini suwly jama sokup, onuň içinden bir janly balyk çykarypdyr. Bu keramaty synlap oturan şyh Abu Hasan:

– Suwdan balyk çykarmak aňsatdyr. Keramatyň ulusy suwdan ot çykarmakdyr – diýip seslenipdir. Hapyz Şirazy hem ondan kem galmajak bolup:

– Onuň ýaly bolsa, gel, şu gyzyp duran pejiň içine girip oturaly-da, kimiň ondan sag-salamat çykjagynyň şaýady bolaly – diýipdir. Abu Hasan oňa şeýle jogap beripdir:

– Eý, Abu Abdullah! Gel, o peje öz ýoksullygymyz bilen gireli-de, şol ýoksullygy ýitirmezden haýsymyzyň otdan çykjagymyza bakaly.

Hapyz Şirazy oňa näme jogap berjegini bilmändir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, şyhlaryň şyhy Hapyz Şirazy şeýle diýipdir:

– Otuz ýyldan bäri şyh Abu Hasandan gorkyma gözüme uky gelenok. Nirä ädim ätsem, öňümde onuň aýak yzlaryny görýärin. Hatda Baýezidiň Bistamdaky mazarynyň başyna-da ondan öňürti baryp bilemok. Iki ýyldan bäri näçe jan etsem-de, şony-da başaramok. Onuň üç parsahlyk ýoldan – Harkandan gelmeli bolýandygyna garamazdan, haçan barsam, şyhyň mazarynyň başynda oturanyna gözüm düşäýýär.

***

Abu Hasan Harkany hezretleri bir gürrüňiniň arasynda özüni görkezip:

– Bu ýola düşen her bir kişiniň kyblasy budur – diýipdir we külembike barmagyndan başlap, dört barmagyny ýumup, diňe başam barmagyny öňküligine galdyrypdyr.

Onuň bu sözleri, nähililik bilen hem bolsa, garaz, şyhlaryň şyhy Hapyz Şirazynyň gulagyna baryp ýetipdir. Ol Abu Hasana jan-dilden wepaly bolansoň:

– Başga bir kyblanyň peýda bolandygyna görä, öňden belli bolan kyblanyň ýoluny baglamagymyz gerek – diýip seslenipdir.

Şeýlelik bilen, haja gidilýän ýoluň öňi baglanypdyr we şol ýyl haja gidenleriň kimi heläk bolupdyr, kimi talanypdyr, kimi-de azaşyp, barjak ýerine ulaşmandyr. Şondan soňky ýyl derwüşleriň biri:

– Adamlary Allahyň öýüne barmakdan mahrum etmegiň näme manysy bar? – diýip, Hapyz Şirazydan sorapdyr. Ahyrsoňy şyhlaryň şyhynyň yşarat etmegi bilen ýol gaýtadan açylypdyr. Derwüş bolsa:

– Munça adam heläk bolansoň, ýol açyldy nä, açylmady nä – diýip seslenipdir. Şonda Hapyz Şirazy:

– Hawa, pilleriň çaknyşan ýerinde arada galan birnäçe siňegiň mynjyramagy ahmal, emma munuň näme ähmiýeti bolup biler – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, sapara gitmegi ýüregine düwen birtopar adam Abu Hasan Harkany hezretlerine ýüzlenip:

– Şyhymyz! Gitjek ýolumyz – gorkuly. Bela-betere duşsak, ondan sag-aman başymyzy gutaryp bilmegimiz üçin bize bir doga öwret – diýipdir. Şyh hem:

– Bir bela başyňyzdan injek bolanda, menden – Abu Hasandan medet isläň – diýip maslahat beripdir. Emma onuň bu sözleri olaryň gulagyna hoş ýakmandyr.

Olar ýola düşüp ugrapdyrlar. Ine, birdenkä garakçylar ýollaryny kesip, bulary talamaga başlapdyrlar. Ýolagçylaryň diňe biri şyhy ýatlap, ondan ýardam isläpdir we derrew garakçylaryň gözünden gaýyp bolupdyr. Arakhor garakçylar:

– Ýaňy şu ýerde bir kişi durdy. Ol nirä ýitirim boldy? Onuň özüni-de, ýükli atyny-da görmeýäris – diýip gygyryşmaga başlapdyrlar.

Şeýlelik bilen, Abu Hasan hezretlerinden medet islän kişiniň satmak üçin alyp barýan harytlaryna hiç hili zyýan ýetmändir. Beýleki ýolagçylar bolsa, egin-eşiklerinden hem, baýlyklaryndan hem dynyp, şol ýerde galyberipdirler. Olar ýoldaşlarynyň biriniň sag-salamat galanyny görüp, örän geň galypdyrlar. Ol hem munuň sebäbini düşündiripdir.

Olar şyhyň ýanyna dolanyp baryp:

– Allahyň haky üçin sen bize bir zady düşündir. Biz mydama Allatagalany ýatladyk we Ony kömege çagyrdyk, emma işimiz rowaç

almady. Bir ýoldaşymyz bolsa diňe senden ýardam isledi we garakçylardan aman sypdy. Muňa nähili düşünmeli? – diýipdirler. Abu Hasan Harkany hezretleri olara:

– Siz Allatagalany endigiňize görä ýardama çagyrdyňyz. Abu Hasan bolsa, süňňünden syzdyryp Ondan medet isledi. Siz Abu Hasandan ýardam diläň, ol hem siziň üçin Allatagaladan ýardam dilär, şeýdip hem müşgiliňiz asan bolar. Eger endige görä we: «Il hem şeýle edýämiş» diýip, Allatagaladan ýardam isleseňiz, munuň hiç hili peýdasy bolmaz! – diýip jogap beripdir.

***

Abu Hasan hezreleri öz söýgüli müritleriniň birine ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Adamlar Baýezidiň ölendigine ynanýarlar, emma meniň üçin ol diri bolup, edýän işlerimiň ählisinden onuň habary bar.

***

Abu Hasan hezretleriniň müridi Yraga gidip, ol ýerde Pygamberimiziň (oňa kän-kän salam bolsun!) hadysy-şeriplerini öwrenmek üçin ondan rugsat sorapdyr. Ol öz ülkesinde hadysy-şeriplerden ýeterlik derejede baş çykarýan halypa duş gelmändigini aýdypdyr. Abu Hasan hezretleri oňa ýüzlenip:

– Saňa hadysy-şeripleri özüm öwrederin, çünki olary Pygamberimiziň hut özünden eşitdim – diýipdir. Müridi onuň aýdanynyň dogrudygyna şübhelenipdir. Şol gije müridiň düýşüne Pygamberimiz girip, Hasanyň dogry sözleýändigini habar beripdir.

Şeýlelik bilen, mürit hadysy-şeripleri öwrenmäge başlapdyr. Oňa sapak berýän Abu Hasan hezretleri Pygamberimiziň ömür ýoluna degişli haýsy hem bolsa bir wakadan söz açanda, köplenç, şol wakanyň ýalňyş beýan edilendigini belläp geçer eken. Bir gezek müridi ondan hadyslarda aýdylýanlary şübhe astyna almaga näme hakynyň bardygyny sorapdyr. Abu Hasan hezretleri oňa şeýle jogap beripdir:

– Saňa sapak berýän mahalym öňümde Pygamberimiz peýda bolýar. Onuň hadyslarynda bir nädogry maglumata orun berlen bolsa,

onuň ýüzünde närazylyk alamaty peýda bolýar. Şol alamat boýunça hadysy-şeribiň ýazgysynda gürrüňi edilýän wakanyň nädogry beýan edilendigini bilýärin.

***

Günleriň birinde Abu Hasan hezretleri bir hudaýhon adamyň öýünde zikir edilen wagty pyrlanmaga başlapdyr. Şol pyrlanyp ýörşüne ol ruhy serhoşlyk halyna düşüpdir we aýagyny bat bilen üç gezek ýere urupdyr. Öýüň diwarlary sarsmaga başlapdyr. Ol ýerdäkileriň göwnüne öý we onuň duran ýeri Abu Hasan bilen birlikde pyrlanmaga başlan ýaly bolupdyr. Abu Hasan özüne geleninden soň, oňa näme bolanyny sorapdyrlar. Ol:

– Sema (zikiriň täsiri bilen ruhy serhoşlyk halyna uçrap pyrlanmak) ýokary ruhy dünýäleri keşt etmäge ukyply adamlara niýetlenendir. Olaryň öňünde perdeler syrylyp, perişdeleriň dünýäsi olara aýan bolýar – diýip jogap beripdir.

***

Meşhur pirleriň biri Abu Seýit hezretleri günleriň birinde Abu Hasan hezretlerini zyýarat edipdir. Söhbet edip otyrkalar Abu Hasan hezretlerinde ruhy serhoşlyk haly peýda bolup, myhmanyny bagryna basypdyr. Öýüne dolanyp gelen Abu Seýit hezretleri dyzyna çöküp, uzak gijesini doga edip geçiripdir. Ol häli-şindi ruhy serhoşlyk halyna düşüp, gygyryp goýberýär eken. Ertesi ir bilen ol Abu Hasanyň ýanyna baryp, düýn özüni gujaklan wagty kalbynda ýakan oduny yzyna almagyny haýyş edipdir. Ol bu hala döz geler ýaly derejede taýýarlygynyň ýokdugyny aýdypdyr. Abu Hasanyň ýene bir gezek gujaklamagy bilen ol adaty halyna dönüpdir.

***

Günleriň birinde Abu Hasan hezretleri Abu Seýide ýüzlenip:

– Men seni ruhy şägirdim hasaplaýaryn, çünki sen ruhy gözleglerimi ara alyp maslahatlaşar ýaly dost göndermegini sorap haýyş edemde, Allatagalanyň maňa bagyşlan adamysyň. Islegimi kanagatlandyrandygy üçin Allatagala minnetdardyryn – diýipdir.

***

Şyh Abu Sina hezretleri Abu Hasan hezretlerini zyýarat etmek üçin öýünden çykyşyna, uzak ýol geçipdir. Ol ahyry Abu Hasanyň öýüniň gapysyny kakypdyr. Gapyny Abu Hasanyň aýaly açypdyr. Aýal maşgala onuň dinsiziň biridigini aýdyp, ýüzüni alypdyr we tokaýa odun getirmek üçin giden ärini bimaza etmezligini haýyş edipdir.

Abu Sina hezretleri öý eýesini gözlemäge çykypdyr we ýolbarsyň yzyna düşüp gelýän Abu Hasan hezretlerini görüpdir. Onuň toplan odunlary ýolbarsyň arkasyna çykalan eken.

Abu Sina şyhyň öňünde baş egipdir we gürrüňiň arasynda onuň aýalynyň gödeklige ýüz urup, özüni dinsizlikde aýyplamagynyň sebäbini sorapdyr. Abu Hasan:

– Eger-de men şonuň ýaly ýaramaz aýaly owsarlap bilmeýän bolsam, bu ýolbars maňa boýun egip durmazdy – diýip jogap beripdir.

Olar uzak gijäni söhbet edip geçiripdirler. Ertesi irden Abu Hasan öýüniň diwaryny bejermäge başlapdyr. Birden onuň elindäki kerpiç aşak gaçypdyr. Ol kerpiji almak üçin aşak düşmäge, Abu Sina-da kerpiji oňa alyp bermäge ýetişmänkä, ýaňky kerpiç öz-özünden ýerden göterilip, Abu Hasanyň elinde peýda bolupdyr.

Abu Sina hezretleriniň Abu Hasana bolan ynamy güýçlenip, onuň belent mertebä eýedigi bilen bagly şübheleri zym-zyýat bolupdyr.

***

Günleriň birinde Abu Hasan hezretleriniň ýanyna bir adam gelip, onuň ýaly dindar bolary ýaly özüne ýapynjasyny peşgeş bermegi haýyş edipdir. Abu Hasan ondan:

– Aýal maşgala erkegiň eşigini geýeni bilen erkege ýa-da erkek adam aýal eşigini geýeni bilen aýala öwrülermi? – diýip sorapdyr. Dilegçi beýle bir zadyň bolup bilmejekdigini aýdypdyr. Onuň jogabyny eşiden Abu Hasan:

– Eger-de bu mümkin bolmasa, ýapynjamy egniňe atanyň bilen sen nädip maňa meňzäp bilersiň? – diýip seslenipdir.

***

Mollalaryň biri Abu Hasandan özüne nesihat bermegini haýyş edipdir. Abu Hasan:

– Adamlary Allatagalanyň huzuryna çagyr we hiç wagt öz ýanyňa çagyryjy bolaýma – diýipdir. Onuň bu aýdanyna geň galandygyny görüp, öz sözüniň manysyny şeýle düşündiripdir:

– Eger-de wagyzçy özi ýaly adamlary Allatagala ýakynlaşdyrmaga ymtylýan başga bir wagyzça görüplik edýän bolsa, diýmek, onuň maksady adamlarda iman oýarmak we öz tarapdaryna öwürmek däldir. Ýogsam göriplik etmegine näme sebäp bolup biler?

***

Mahmyt Gaznaly öz hyzmatkäri Aýaza beren sözünde tapylmak üçin oňa öz egin-eşiklerini geýdirip, tagtynda oturdypdyr. Soňra Aýaz soltanlaryň geýýän eşiginde, Mahmyt Gaznaly hem köşk emeldarlarynyň lybasynda Abu Hasany zyýarat etmäge gidipdirler. Mahmyt çapar gönderip, myhmanlary garşy almagyny we soltana hormat goýmagyny Abu Hasandan haýyş etmegi tabşyrypdyr. Abu Hasan muňa razy bolmadyk halatynda bolsa, oňa Gurhany Kerimiň: «Allatagalanyň, Pygamberiň we patyşanyň emirlerine boýun bol» diýen manyly aýatyny ýatlatmagy buýurýar.

Çapardan Mahmydyň haýyşy barada eşiden Abu Hasan soltanyň öňünden çykmajagyny aýdypdyr. Çapar hälki aýaty-kerimäni okapdyr. Abu Hasan oňa şeýle jogap beripdir:

– Barda, Mahmyda aýt, men Allatagala bolan imanym bilen şeýlebir ýokary derejede meşgul welin, soltan beýle-de dursun, hatda Pygambere hormat goýmakdan hem utanýaryn.

Mahmyt Gaznaly bu jaýdar jogaby alyp, Abu Hasanyň uly welidigini ykrar edipdir. Ol heniz hem soltanlaryň geýýän eşigini çykarmadyk Aýaz bilen birlikde Abu Hasanyň külbesiniň gapysyndan içeri ätläp, oňa salam beripdir. Abu Hasan onuň salamyny almasyna alypdyr, emma soltanyň hormatyna aýak üstüne welin galmandyr. Ol soltan ýaly geýnen Aýaza barmysyň hem diýmän, Mahmyt bilen gürrüňleşmäge başlapdyr. Mahmyt:

– Eý, Abu Hasan, soltana näme salam bermeýärsiň? – diýip sorapdyr. Abu Hasan hem oňa:

– Munuň diňe soltan ady bar – diýip jogap beripdir. Mahmyt onuň öňünde baş egipdir-de:

– Seniň derejäňdäki welini şunuň ýaly hiläniň çoçgaryna çolaşdyryp bolmajagyny bilýärin – diýip seslenipdir.

Soňra Abu Hasan ony bir gyra çekipdir. Mahmyt:

– Baýezit barada bir zatlar gürrüň bersene – diýip haýyş edipdir. Abu Hasan:

– Baýezidi bir gezek gören kişi Kyýamat gününde ýazgaryşa sezewar bolmaz – diýipdir. Mahmyt ýene bir sorag beripdir:

– Pygamberimizi gören Abu Jehl we Abu Leheb dagy hem ýazgaryşa duçar boldular ahyryn. Hany, aýt, Muhammet pygamberiň derejesi ýokarymy ýa-da Baýezidiňki?

Abu Hasan hezretleri oňa:

– Mahmyt, näme diýýäniňi gulagyň bir eşidýärmi? Bu mesele barada gürläňde juda seresap bolmak gerek. Bilip goý, Pygamberimiziň käbir sahabalaryndan we onuň zamanynda ýaşan birnäçe weliden başga hatda ony gören halifler hem oňa mynasyp baha bermekden ejiz geldiler – diýip jogap beripdir.

Mahmyt oňa birnäçe altyn teňňe uzadypdyr. Birbada teňňeleri kabul eden Abu Hasan hezretleri öz gezeginde Mahmyda bir döwüm gaty çörek hödür edipdir. Mahmyt näçe jan etse-de çöregi çeýnäp bilmändir. Soňra Abu Hasan oňa ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Seniň şu çöregi çeýnäp, damagyňdan aňry ötürip bilmeýşiň ýaly, men hem altyn teňňelerden peýdalanyp bilemok, çünki dünýä baýlygyndan ýüz öwürdim.

Şeýle diýip, ol teňňeleri yzyna gaýtarypdyr. Mahmyt ondan haýsy hem bolsa bir eşigini teperrik hökmünde sowgat bermegini haýyş edipdir. Abu Hasan bu gezek onuň haýyşyny bitiripdir. Mahmyt öýden daşary çykmakçy bolanda:

– Pirim! Öýüň-ä göze gelüwli eken – diýip seslenipdir. Abu Hasan:

– Allatagala Abu Hasana uly bir patyşalygy sowgat berdi, ol bolsa açgözlüligi sebäpli üstesine bir külbejigi-de diläp aldy – diýipdir. Utanjyndan onuň ýüzi gyzarypdyr. Ol Mahmyt bilen hoşlaşmak üçin aýak üstüne galypdyr. Mahmyt:

– Gapyňdan içeri ätlämde maňa hiç hili hormat goýmadyň. Gitjek bolamda welin, sypaýyçylyk edip, hatda aýak üstüne-de galdyň. Muňa nähili düşünmeli? – diýip sorapdyr. Abu Hasan oňa şeýle jogap beripdir:

– Sen meniň öýüme soltan hökmünde girdiň. Soltandygyňa buýsanýanlygyň daşyňdan bildirip durdy. Şindi bolsa ýanymdan bar zada kaýyl derwüşe öwrülip aýrylýarsyň. Bu ýüzüňe çaýylan nurdan hem bildirýär. Şonuň üçin hem seni uly hormat bilen ýola salýaryn.

Kän ýyllardan soňra Mahmyt Hindistandaky Somnat şäheriniň daşyny gabapdyr we ýeňiş gazanma mümkinçiliginiň ýokdugyna akyl ýetiripdir. Ýeke özi çadyrynda galyp, ol Abu Hasanyň sowgat beren eşigini tördäki oňa mynasyp ýerde goýupdyr-da, pälini pes tutup, doga etmäge başlapdyr:

– Allahym! Bu uly weliniň sowgadynyň haky üçin bu söweşde maňa ýeňiş gazanmagy nesip et. Olja hökmünde elime geçen zatlaryň ählisini pukaralara paýlajagyma söz berýärin.

Onuň dogasy kabul bolup, duşman goşunynyň arasynda agzalalyk döräpdir we ýeňiş Mahmyda ýar bolupdyr. Şol gije Mahmyt Gaznalynyň düýşüne Abu Hasan hezretleri girip, oňa:

– Meniň beren sowgadymy şeýle az bahalap, gödek ýalňyşlyk goýberdiň. Eger-de sen bu ujypsyz ýeňşe derek Allatagaladan dünýädäki adamlaryň ählisini musulmanlaryň hataryna goşmagyny dilän bolsaň, dünýäniň ähli ýeri musulmanlaryň ýaşaýan mekanyna öwrülerdi we sen örän uly sogap gazanardyň – diýipdir.

***

Abu Hasan hezretleriniň käbir häsiýetleri bilen tanyş bolalyň.

Ol özüňi sopy atlandyrmagyň uly bir zada dalaş etmekdigini aýdar eken. Abu Hasan hezretleri hiç mahal özüne sopudyryn diýmändir.

Ol otuz ýyllap gijelerini çirim etmän geçiripdir.

Allatagala hakdaky pikirler ony şeýlebir meşgul edipdir welin, ol özi bolmagyny bes edipdir, bedeni bolsa ýöne bir alamata, arassa pikire öwrülipdir.

Allatagala oňa ylahy ejiri bagyşlapdyr. Eger-de şol ejiriň birje ülşi Zeminiň paýyna düşsedi, onda Nuh alaýhyssamyň zamanyndaky tupandan hem uly tupan turardy.

Abu Hasan hezretleriniň müritleri kyýamat gününde Allatagalanyň rehmetiniň we öz halypalarynyň şepagatynyň arkasyndan halas bolarlar.

Ol guran agajyň astynda aşagyna düşek ýazman oturyşyna, uzak gijesini Allatagala barada oýlanyp geçirer eken. Ol Allatagalany serine alman jennet agajynyň astynda hezil edip oturanyndan, şu bolup oturyşyny gowy görüpdir.

Ol ýa özüniň ýok bolup gitmegini, ýa-da bar ýeri özüniň doldurmagyny arzuwlapdyr.

Ol her sagadyň dowamynda müň gezek özüni unudypdyr.

Allatagalanyň kereminiň arkasyndan ol ähli zamanlarda ýaşap geçen her bir mahlugyň geçmişinden, häzirki ýagdaýyndan we geljeginden habarly bolupdyr. Şol derejede ylmy bolmadyk adym mürşitlik dawasyny edip bilmez. Bir adamyň aýagyna tiken batsa-da, ol muny biler eken, edil onuň çekýän yzasy ýaly yza çeker eken we tikeniň kimiň aýagyna batanyny aýtmagy başarar eken. Çünki ol özüni ýaradylanlar bilen bir zat hasap edipdir.

Ol Allatagalany görmegiň çäresini agtarypdyr, dowzahdan heder etmändir we jenneti arzuwlamandyr.

Ol kyýamat gününde ýaşap geçen adamlaryň ählisiniň eden günä işleriniň hasabynyň bir özünden soralmagyny isläpdir we şol günäler üçin gerekli jezany çekip, ýaradylanlaryň ählisini ejir çekmekden halas etmegi arzuw edipdir.

***

Abu Hasan hezretleri müritlerine nesihat edip, şeýle diýipdir:

Allatagalanyň rehmetine gowuşjak boluň, çünki onuň rehmeti dowzahyň eýmençliklerinden we jennetiň eçilýän lezzetlerinden ýokarydyr.

Perdeler geçmişiňi, şu günüňi we geljegiňi senden gizleýär. Perdeler syrylan mahaly ähli zady görmek mümkin.

Bilgeşleýin keramat görkezýän kişi Allatagala bilen aragatnaşyk saklaýanlaryň halkasyndan çykarylýar.

Adamlar näme edýänlerine düşünip Allatagalany gözleseler, özlerini unudyp, Ony tapýarlar.

Diňe bäş wagt namazyny okamak we oraza tutmak bilen çäklenýän musulman däl-de, amal depderine ömürboýy bir günä-de ýazylmadyk, hatda şonuň ýaly derejä eýe mahaly hem Allatagaladan gorkýan we kaýyllyga ýugrulan musulman öwgä mynasypdyr.

Allatagalanyň kereminiň arkasyndan Ony görýän kişi başga hiç kime üns bermez. Allatagalany synlamaga berlen kişi özi hakda pikir etmeýär.

Tarykat boýunça öňe ilerleýänler diri ölülerdir.

Eý, gözlegdäki kişi, ýetmiş ýyllap Horasanda namaz okap, her gezekde hem Mekgede namaz okaýandyryn öýtmeýänçäň, kalp gözüň açylandyr öýdüp pikir etme. Ýerdäki hem asmandaky baýlyklaryň ählisi öňüňde serlip ýatsa-da, biperwaýlygyňy bozmaly dälsiň we Allatagalanyň ybadatyňy kabul etmezliginden hemişe gorkup gezmelisiň.

Köp adamlar Käbäni, beýlekiler bolsa jenneti togap edýärler. Emma öwgä mynasyp kişi Töwhide akyl ýetirmegiň daşynda aýlanýan (Allatagala gowşup, Onuň bilen birleşen) kişidir.

Bu dünýäde özüne nesip eden zat Abu Hasan üçin ýeterlikdir.

Adatça, ilki bir zady gözläp, soňra tapýarlar, Allatagalany bolsa ilki tapyp, soňra gözlemäge başlaýarlar.

Allatagalanyň we Pygamberiň özara söhbetlerinde ulanýan sözlerinde şeýlebir güýçli ot lowlaýar welin, şol söhbetiň özenini düzýän wahynyň ujypsyzja bölegi dünýä habar berilsedi, onda ýaradylan zatlaryň ählisi ýanyp, kül bolardy. Emma pygamberler Allatagala ýakyndyklary sebäpli bu wahyny kabul etmäge ukyply bolýarlar. Eger-de Allatagala olara howandarlyk etmesedi, bu söhbetdeşlik mahalynda olaryň göwresi bölek-bölek bolardy.

Hakyky imana eýe käbir kişiler Allatagalanyň halan kişileri bolup durýarlar. Olar Allatagalany zikir edenlerinde asmandaky guşlaryň, tokaýdaky haýwanlaryň ählisi seslerini çykarman doňup galýarlar, Zemindir asmana bolsa nur çaýylýar. Onuň adyny zikir etmegiň haýbatyndan Zemin titremäge başlaýar.

Allatagalanyň ýardamy bolmazdan, hiç kim tarykatda bir ädim hem öňe ilerläp bilmez. Diňe öz güýjüňe we yhlasyňa baýrynyp, bu ýolda üstünlik gazanmak mümkin däl.

Bu dünýäde hiç bir günä adyňa tegmil bolup ýapyşmaz ýaly şekilde ýaşamak gerek.

Adamlar bilen aragatnaşykda bolmakdan ýüz öwrüp, Allatagala bilen birlikde bol, çünki gatnaşsaň dost bilen gatnaşmaly, Allatagala bolsa iň gowy dostdur.

Allatagalanyň bu dünýäde ýaşaýan dostlarynyň käbiri adamlaryň amal depderlerinde ýazylanlary okamaga ukyply bolýar.

Allatagala kalp gözi açylan adama dert gönderýär.

Weli bu dünýäniň eseri-de, adamy-da däldir.

Allatagala bu dünýäde Özüne tarap ymtylýany we Özi bilen boljak duşuşygy ölümden soňky durmuşa çenli yza tesdirmeýäni halaýar.

Allatagala bir kişini öz ýoluna salsa, onuň bilen birlikde Tewhid jülgesinde ýaşaýar we bu kişiniň başdan geçirýän halyny Allatagaladan başgasy bilmeýär.

Allatagalany göresi gelip agyrýan we gussa çekýän ýürek iň sagdyn ýürekdir.

Allatagalanyň näsag hala salan kişisiniň tebibi Onuň özüdir.

Gözleri bilen jenneti gözleýän kişi Allatagalanyň kereminiň arkasyndan ähli zatdan mahrum galýar. Ol ýalňyz ýaşaýar, adamlar bilen aragatnaşyk saklamakdan ýüz öwürýär, dünýä nygmatlarynyň ählisini ret edýär. Hatda ol öz nebsinden hem ýüz öwrüp, şonuň netijesinde Allatagala bilen arasyndaky iň soňky perde hem galkýar.

Bu dünýäni söýýän kişi onuň guluna öwrülýär, dünýäden ýüz öwürýän kişiniň bolsa dünýäniň özi guluna öwrülýär.

Eger-de haýsydyr bir jemagata degişli adamyň kalp gözi açylyp, Allatagala ýakynlaşsa, Allatagala öz keremi bilen şol adamyň hatyrasyna tutuş jemagatyň günälerini bagyşlaýar.

Derwüş hiç haçan bu dünýä-de, o dünýä-de gözüni dikmeýär.

Diňe öz öňünde uly maksat goýýanlar Allatagala gowuşýar.

Allatagalany zikir etmeli we öz nebsiňden ýüz öwürmeli.

Günä işleme, Allatagala boýun eg. Aýdyşym ýaly etseň, Allatagala gowşarsyň.

Her kim bu dünýäden baka ýany bilen bir zat alyp gitmek isleýär. Emma ol ýere nebissizlikden başga hiç bir zady äkidip bolmaýar.

Allatagaladan gork, Ondan medet isle, şeýle etseň, ýokluk halynda ýaşarsyň.

Gurhany Kerimiň çelgilän ýolundan barýan müňlerçe adamyň arasynda bir adam bolup, Gurhany Kerimiň özi onuň yzyna eýerýär, ýagny onuň her bir amaly Gurhany Kerimiň nesihatyna öwrülýär.

Sopy kişä Gündür Aýyň ýagtysynyň geregi bolmaýar, çünki onuň dünýäsini Allatagalanyň nury ýagtyldýar. Bu nur asman ýagtyltgyçlarynyň ählisiniň berýän ýagtysyndan ýitidir.

Özüne Allatagala ýolbeletlik edýän adam tarykaty has çalt geçýär.

Allatagalany zikir etmek we ol hakda oýlanmak weli üçin suwdur çözgiň ýerini tutýar.

Allatagala hakykatdan hem Özüne iman getirenleriň gözüni nurlandyrýar.

Ylahy Yşkyň Zemine inen bölegi dünýäde ähli ýürege barýan ýoly gözläpdir, emma özüne kalbynda saklap biljek bir adamy hem tapman, ýene Allatagalanyň ýanyna dolanypdyr.

Her ýüz ýyldan bir kämil kalply ynsan dünýä inýär.

Allatagala gowşan kişi özünden jyda düşýär.

Kalbynda Allatagaladan başga ýene-de näme hem bolsa bir zada söýgüsi bolan adamy Biribar halamaz. Ömürboýy namaz okap, nebsini jylawlap gezmegine garamazdan, onuň kalby ölüligine galar.

Allatagala bilen adamyň arasyndaky iň küti perde onuň nebsidir.

Allatagalany zikir etmek we ol hakda oýlanmak iň uly amaldyr. Munuň üçin adama päk ömür, rehimlilik we terkidünýälik bagyş edilýär.

Welileriň söhbetinde bolmak ruha edýän oňaýly täsiri babatda öwgä mynasyp amaldyr.

Eger-de sen dünýäden bir ýüz elli kilometr uzaga gaçyp gitmegi başarsaň, bu Allatagala boýun egmegiň iň ýokary derejesine ulaşdygyň bolar.

Weliniň söhbeti Allatagalanyň iň uly peşgeşidir.

Allatagalanyň Sypaty iň uly Käbedir.

Allatagalanyň gözlegindäki kişi dokuz gezek zäheri höwes bilen içse, onunjy gezekde şekerli suw içendirin öýder. Allatagala gowuşmak üçin tarykata giren kişi bu ýoluň başlangyjynda kän kynçylyga sezewar bolup, başyndan kän bela-beter inýän bolsa, soňra onuň ýoly açylýar we ol Allatagala gowuşýar.

Allatagala Öz keremliligi sebäpli size Özüni gözlär ýaly güýç-kuwwat beräýmese, tagallalaryňyz ýerine düşmez.

Öz hormatyna mertebesini pida edýän kişä Allatagala öz mertebesiniň eşigini geýdirýär.

Allatagala gowuşjak bolsaň, nebsiňi öldürmek gerek.

Kalp gözüniň açylandygyny aýdýan we muny bütin ile jar edýän adamyň aslyýetinde kalp gözi açylan däldir. Çünki şony aýtmagyň özi perde emele getirýär.

Saňa Allatagalanyň kereminiň ýekeje zerresi nesip etse-de, biri bilen gürrüňleşmäge-de, birine gulak asmaga-da mätäçlik duýmarsyň.

Allatagalany zikir etmek müň sany gylyjyň birwagtdaky zarbasyndan hem güýçli täsir edýär.

Diňe Allatagalanyň razylygy üçin kyrk ýyl ybadat edeniňden soňra haýyrly netijelere garaşyp bilersiň. On ýyl ybadat ýalňyş geplemekden gaça durmagy öwrenmek üçin, on ýyl ybadat bedeniňdäki artyk ýagdan dynmak üçin, on ýyl ybadat kalbyň isleglerini owsarlamak üçin, iň soňky on ýyl bolsa beýleki ähli isleglerinden dynmak üçin gerek.

Az gülüň, köp aglaň, az iýip, az uklaň.

Allatagala bilen gürleşmezden bu dünýäni terk edýän kişi hakykatdan hem betbagtdyr.

Allatagalany tanamaga alyp barýan ýol päk hem yşkdan doly ýüreklere nesip edýän zatdyr, çünki ruhy serhoşlyk halyna düşen wagtyň Onuň bilen söhbet etmek hakyky şatlyga sebäp bolýar.

Hemişe Allatagalany zikir edip geziň.

Allatagaladan aýralygyň berýän yzasy şeýlebir güýçli bolup, eger-de ol bu yza ony duýýan az sanly adamlaryň kalbyndan daşary çyksady, onda bu yzanyň odunda bütin dünýä ýanyp kül bolardy. Bu adamlaryň kalbynda ýeke-täk isleg, ýagny Onuň hakyny bolmalysy ýaly edip ödemek üçin Ony hemişe zikir edip gezmek islegi bolýar. Emma olar bu isleglerine amal edip bilmejekdiklerine akyl ýetirýärler.

Eger-de kalbyň Allatagala ýönelen bolsa, bütin dünýä duşmanyňa öwrülse-de, ondan saňa zyýan gelmez.

Bir wagtyň özünde hem Allatagalany, hem öz nebsiňi keşp etmek pany (fana) halyny başdan geçirýänligiň alamatydyr, diňe Allatagalany keşp etmegiň we başga hiç bir zadyň parhyny bilmezligiň bolsa baky halynda ýaşaýanlygyňy görkezýär.

Ylahy Yşk ody bilen tutaşan we Ondan aýralygyň ejirine ýugrulan adam bilen söhbetdeş boljak bol.

Allatagalany zikir etmekden beýleki işleriň ählisinden ýüz öwür hem-de dünýä bilen bagly zatlar hakda däl-de, diňe Ol hakda oýlan.

Allatagala bilen birlikde geçirilen ýekeje pursat bu dünýä üçin edilen ömürboýy hyzmatdan arzylydyr.

Ýaradylan zatlaryň her biri Allatagalany çyndan gözleýän adam üçin gurlan bir tordur. Ol şol tora islendik pursat düşüp biler.

Ömrüňiziň dowamynda hatda ýekeje gezek hem Allatagalanyň gaharyny getiren bolsaňyz we Ony ýekeje gezek ynjydan bolsaňyz, günäňizi geçmegi üçin doga edip, oňa ömürboýy ýalbarmaly bolarsyňyz. Ol rehimlidigi sebäpli sizi bagyşlaýsa-da, barybir, Ony ynjydanyňyz we emirlerini ýerine ýetirmändigiňiz üçin hemişe kalbyňyz syzlar durar.

Allatagala ybadat edýänleriň arasynda iň gowusy kör, ker we lal bolanydyr, ýagny Allatagaladan başgasyny görmeýän, diňe Onuň sesini eşidýän we diňe Onuň bilen gürleşýän kişidir.

Allatagala her kime bir ukyp berip, bizi oňa şeýlebir gümra edipdir welin, Ony görmez ýaly hala düşüpdiris. Allatagala bizi Özünden aýyrmaz ýaly, dünýä bilen bagly zatlaryň ählisinden ýüz öwürmegimiz we diňe Ol hakda oýlanmagymyz gerek.

Köp adamlaryň ölüden tapawudy bolmasa-da, olary adamlaryň arasynda görmek bolýar. Köp adamlar mazarda ýatan hem bolsalar, olaryň dirilerden tapawudy ýokdur.

Allatagalanyň Yşky Onuň haky üçin kalbyny ýakyp, kül eden adama miýesser edýär.

Meniň bedenim, dilim, kalbym ýok. Meniň diňe Hudaýym bar. Ol – meniň içimde.

Bu dünýäde namaz okap, doga edýänleriň sany az däl, emma edýän şol ybadatlarynyň miwesini olaryň sähelçesi ýany bilen o dünýä äkidip bilýär.

Ýönekeý adamlar maňlaýlaryna ýazylan zada, weliler bolsa maňlaý ýazgylarynda ýok zada eýe bolýarlar.

Allatagala gowşurýan ýolda diňe Ol bar – başga hiç zat ýok.

O dünýäde gülmek üçin bu dünýäde çekýän azaplaryňa, dökýän gözýaşlaryňa sabyr et.

Allatagalanyň guly ýokluk (fana) halynda ýaşamaga başlanda, oňa ylahy ýaşaýşyň eşigini geýdirýärler.

Allatagalanyň jemalyna jan-dilden teşne kişi tarykatyň ýokary basgançagyna ulaşanda, ybadata şeýlebir berilýär welin, şol halda ol bu dünýäniň derýalarynyň ählisiniň suwuny başyna çekse-de, ganmak beýlede dursun, gaýtam, teşneligi öňküsinden hem artýar. Şu derejä ýeten adam dünýäden arasyny doly üzýär we özi islemezden görkezýän keramatlaryna asla guwanmaýar.

Wepaly kişi üçin «Allatagalanyň guly» diýen derejeden uly dereje ýokdur.

Imanly adam üçin islendik ýer – metjit, her gün hem jumadyr.

Dilegçini hiç haçan yzyna eli boş gaýtarmaň. Karz alyň welin, oňa nämedir bir zat beriň.

Myhmanlara güler ýüzli boluň.

Tarykatyň üç sany esasy menzili bar. Allatagalanyň nazaryna nähili bolup görünýän bolsaň, *birinji menzilde* özüňi şonuň ýaly duýýarsyň. *Ikinji menzilde* sen Oňa, Ol bolsa saňa öwrülýär. *Üçünji menzilde* ýaşamagyňy bes edýärsiň, Allatagala bolsa seni doly gurşap alýar.

Ajal ýakaňyzdan tutýança, *üç zada* amal etmäge çalşyň. *Birinjiden*, Allatagala bolan yşkyňyzdan ýaňa şeýlebir güýçli aglaň: gözüňizden ganly ýaş aksyn. *Ikinjiden*, Allatagaladan gorkyňyza peşewiňiz gana dönsün. *Üçünjiden*, bedeniňizi duýmaz ýaly derejä barýançaňyz, gijeleriňizi ukusyz geçiriň.

Diňe Allatagala bilen bile bolmaga çalyş we hatda Hydyr ata bolsa-da, janly-jandar bilen aragatnaşyk saklamakdan ýüz öwür. Adamlar bilen aragatnaşykda bolmagyň ýoluny gözlär ýaly sen näme Allatagala bilen bile bolmakdan şeýle derejede irdiňmi? Seniň başgalardan ýüz öwürmegiň hem-de diňe Oňa ymtylmagyň gerek.

Ýokluk (fana) halyna ulaşan mahalym özümi Ylahy Barlyga çolanan ýaly duýdum, emma öz barlygyma (nebsime) guwanan mahalym doly ýitirim boldum.

Öz nebsimi ýeňmegi başaranymdan soň, suwuň meni gark edip, oduň hem ýakyp bilmeýändigini aňladym. Soňra üç aý dört günläp agzymy bekledim we ähli synaga döz gelmegi başardym.

Rehimdarlyk – Allatagalanyň sypaty. Biz rehimdar bolmaga dalaş edip bilmeris.

Eý, gözlegdäki kişi, keramat eýesi bolmak isleýän bolsaň, üç günden bir gün agzyňy beklemäge başla, soňra on dört gün yzygiderli agzyňy bekle. Soňra kyrk gün, yzyndan dört aý, iň soňunda-da tutuş bir ýyllap agzyň bekli gez. Şondan soňra bir hala düşersiň we gözüňe bir zat görner. Onuň agzynda ýylana meňzeş zadyň bardygyny saýgararsyň. Ýylana meňzeş şol zatdan datsaň, soňra hiç haçan ajykmarsyň.

Men ajygyp başlamda, öňümde ýylana meňzeş zat peýda boldy, emma ony datmakdan ýüz öwürdim. Çünki ol Allatagalanyň maňa tarap inýän kereminiň öňüne perde boldy. Maňa Öz keremini gös-göni, araçysyz rowa görmegini diläp, Allatagala doga etdim. Şol wagt gaýypdan gelýän: «Şu pursatdan başlap, hiç zat iýmeseň hem ajykmarsyň, iýmezden, içmezden açlygyňy-da, teşneligiňi-de gandyryp bilersiň» diýen owazy eşitdim. Hakykatdan hem şeýle boldy, şeýle bolmagyny-da dowam edýär. Men aşgazanymdaky nämedigi belli bolmadyk zadyň arkasyndan özümi mydama dok duýýaryn. Ol bal ýaly süýji we müşk ýaly bark urýar. Meniň nämäniň hasabyna iýmitlenýänimi bolsa hiç kim bilmeýär.

Allatagaladan başgasyndan ýardama garaşýan döwrümde ybadat edişimiň ugry bolmady. Ýaradylan zatlaryň ähli̇sinden ýüz öwrüp, bar ünsümi Allatagalada jemläp, özümi diňe Oňa bagyşlanymdan soň, Onuň rehmetiniň arkasyndan ruhy ýolumdaky päsgelçilikleriň ählisiniň zym-zyýat bolanyny aňladym. Men hiç hili tagalla etmezden, örän gowy hasyl topladym.

Allatagalanyň rehmetine akyl ýetirjek boluň. Onuň rehmetiniň ýanynda bu dünýä mahsus günäler tozan zerresiçe ýokdur.

Men jennetiň hem, dowzahyň hem bolmazlygyny, adamlaryň hem Allatagalany diňe Onuň öz hatyrasyna söýmeklerini isleýärin.

Allatagala tarap alyp barýan ýollar tükeniksiz we sanardan kändir. Dünýäde näçe adam bar bolsa, şonça-da ýoluň bardygyny aýtsam, maňa ynanaýyň. Her kim özi üçin niýetlenen ýol bilen başarnyklaryna görä öňe ilerleýär. Men ýollaryň haýsy birine aýak bassam, kimdir biriniň eýýäm şol ýoly külterläp barýanynyň şaýady boldum. Adamsyz ýekeje-de ýol ýokdy. Onsoň men: «Allahym, maňa hiç kimiň ýöremäge ýürek etmeýän ýoluny görkez. Şol ýolda Senden we menden başga kişi duş gelmesin» diýip, doga etmäge başladym. Allatagala maňa gam-gussa ýoluny salgy berdi. Bu Allatagalanyň huzuryna alyp barýan Yşk ýoly bilen öňe ilerlemek isleýän kişiniň ejir çekmekden, öňünden çykyp biljek howplardan gorkmaly däldigini aňladýardy. Allatagalanyň emirlerine höwes bilen boýun bolmak we bize bagyşlaýan sansyz nygmatlary üçin Oňa şükür etmek gerek. Adam hemişe Oňa şükürde bolmalydyr.

Tarykat ýolunda gazanan üstünliklerimiň ählisi ilden çete çekilmegim hem-de dymyp gezmegim bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr.

Gaýypdan gulagyma şeýlebir owaz eşidildi: «Abu Hasan, emirlerime gulak sal, çünki Men ölüm kär etmeýän ýaşaýyşdyryn. Egerde sen Maňa boýun bolsaň, saňa bakylygy bagyşlaryn. Meniň eliňi degirmegi gadagan eden zatlaryma ýakynlaşjak bolmagyňy bes et».

Allatagala keremli bolany üçin maňa Baýezit hezretleriniňkiden ýokary bolan ruhy haly bagyşlady. Baýezit hezretleri: «Men oturymly ýaşaýjy hem, sapardaky kişi hem däl» diýipdir. Bu meniň başdan geçirýän halymdan has pesdäki bir haldyr. Men barlykda birlik halyny başdan geçirýärin we Allatagalany zyýarat edýärin. Allatagala nebsimi öldüreli bäri, dowzahdan gorkmaýaryn we jennet meni özüne maýyl edenok. Allatagala maňa şeýlebir hal bagyşlady welin, jennetiň we dowzahyň ýaşaýjylary şol haly başdan geçirselerdi, onda olar ýaşamaklaryny bes ederdiler.

Allahym! Seniň maňa beren sowgadyň baky zat däl, meniň saňa beren sowadym bolsa ölmek diýen zady bilmeýär. Çünki maňa beren sowgadyň – bu meniň özüm, Saňa beren sowgadym bolsa Sensiň. Men öljegimi bilýärin, Saňa bolsa ebedilik ýar.

Allahym! Senden ýaşamagymy bes edip, mende diňe Özüň galar ýaly bir hal dileýärin.

Dünýä özüni söýýän kişiden gaçýar. Sen rehimdarlygyň sebäpli hatda büdräp barýan kişä-de Saňa gowuşdyrýan ýoly çalt geçmäge ýardam berýärsiň.

Allahym! Men Saňa hemişe yza berýärin, Sen bolsa maňa hemişe täze nygmatlary bagyşlaýarsyň.

Käbir adamlar terkidünýälikden, başga birleri haja gitmekden, ýene birleri bolsa ybadat etmekden lezzet alýarlar. Meni Özüňden başga hiç bir zatdan lezzet gözlemez ýaly hala sal.

Allahym! Meni dogry zikir etmegiň ýoluny bilýän dostuň bilen tanyşdyrmagyň üçin Saňa doga edýärin. Men oňa hyzmat edip, patasyny almaga mynasyp bolmak isleýärin.

Allahym! Men Seniň bar zada kaýyl bendäňden başga zat däl. Saňa baş egmegimiň we Seni zikir etmegimiň Seniň üçin hiç hili gymmaty ýok. Meni – başy ölümli, bil baglara hiç kimi bolmadyk ejiz kişini dergähiňe kabul etmegiň we gorag astyna almagyň üçin doga edýärin.

***

Günleriň birinde haýsydyr bir sopy howada uçup gelşine, Abu Hasanyň öň ýanynda aşak inipdir we özüniň şol döwrüň Jüneýidi we Şiblisidigini aýdypdyr. Onuň aýdanyny eşidip, Abu Hasan ruhy serhoşlyk halyna düşüpdir, bir aýagyny ýere urup:

– Men – häzirki döwrüň Hudaýy we häzirki döwrüň Pygamberi – diýip seslenipdir.

(Feridetdin Attar beýanynyň şu ýerinde Hüseýin ibn Mansur Hallajyň hem şu haldaka wepat bolanyny habar beripdir).

***

Günleriň birinde Abu Hasanyň gulagyna gaýypdan şeýle bir owaz gelipdir:

– Abu Hasan, eger-de Biz adamlara seniň Bize aýan, olardan bolsa gizlin ruhy derejäň hakda habar bersek, onda dinsiz hasaplap, seni daşlap öldürerler.

Bu sözleri eşiden Abu Hasan:

– Allahym! Keýpsiz mahalyň Seniň bize nähili daraýanyňy adamlara habar bermegimi isleýäňmi? Bilip goý, şeýdäýsem, hiç kim saňa ybadat etmez we adamlaryň ählisi dinden çykar – diýipdir.

Şol wagt gaýypdan ýene bir owaz gelipdir:

– Biz hakda bilýänleriňi hiç kime aýtma, Biz hem adamlary senden habardar etmeris.

***

Günleriň birinde Abu Hasanyň gulagyna gaýypdan şeýlebir owaz gelipdir:

– Abu Hasan, sen Bize degişli, Biz – saňa.

Abu Hasan bolsa:

– Allahym! Sen gudraty güýçli hökümdar, men bolsa Seniň tabyn guluň – diýip seslenipdir.

***

Abu Hasan Allatagala doga edip, bu dünýäni terk etmäge rugsat sorapdyr. Şol wagt gaýypdan şeýle owaz gelipdir:

– Dostlarymyz ýanyňa gelip, seniň bilen söhbet eder ýaly, Biz seni Zeminde ýörite egledik. Seniň bilen söhbetdeş bolmaga mümkinçiligi bolmadyk kişi adyňy gaýtalap we senden söz açyp, ruhy taýdan kämilleşip biler.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Diridigimi unudan mahalym, özümi hakykatyň, diňe şonuň gurşap duranyny gördüm.

Şol wagt gaýypdan şeýlebir owaz gelipdir:

– Iki dünýäde-de saňa degişli bolup biljek hiç zat ýok. Saňa diňe Men degişli.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Dünýäden ýüz öwrelim bäri oňa bir gezek hem gaňrylyp bakamok, Allatagala bilen gürleşelim bäri bolsa, bir adam bilen hem gepleşemok.

***

Günleriň birinde gaýypdan şeýlebir owaz gelipdir:

– Abu Hasan, saňa ylahylykdan beýleki zatlaryň ählisini bagyşlaýarys.

Abu Hasan hezretleri şeýle jogap beripdir:

– Allahym! Meni senden aýyrýan bu iň soňky bagyş etme we haýyşy ret etme perdesini syryp taşlasan-a. Çünki bu perde Sende özüni gaýyp etmek isleýänler üçin päsgelçilik bolup hyzmat edýär. Men hiç bir zadyň özümi Senden aýra salmazlygyny isleýärin.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Bu dünýäde Allatagalany söýýän kişiler Onuň nurana ýüzüni hemişe synlap gezmek isleýärler. Gamly günlerinde-de, şatlykly günlerinde-de olar tesellini Allatagalanyň huzuryndan gözleýärler. Aşyklar jennetde Ýaradany görjekdikleri we ol ýerde Onuň bilen

baky bile boljakdyklary berk wada berlende – diňe şu şert bilen jennetde ýaşamak üçin hak gazanmaga ymtylýarlar.

***

Abu Hasan hezretleri eden günäleriniň örän kändigine, okan namazlarynyň bolsa örän azdygyna gynanar eken.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Meniň ryskyma Allatagalanyň jogap berýänligine gözüm ýetýänçä, ryskymy gazanmak üçin tagalla etmegimi goýmadym.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Dünýädäki adamlaryň islendik mesele babatda näme etjeklerini bilmän kösenýändiklerine göz ýetirenimden soň, olara ynanmagy, olardan ýardama garaşmagy, şonuň ýaly-da, olar bilen aragatnaşykda bolmagy bes etdim.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Hiç kimiň halypasy bolasym gelenok. Hemişe: «Meniň üçin diňe Allatagala ýeterlik» diýip ýaşasym gelýär.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Men size tagalla etmeli däl we ruhy maşklary ýerine ýetirmeli däl diýmeýärin. Emma siziň bir hakykaty unutmazlygyňyz gerek: maşklary özüňiz ýerine ýetirmeýärsiňizde, diňe Onuň elinde gural bolup hyzmat edýärsiňiz.

Allatagala siziň üstüňiz bilen hereket edende, diňe şol ýagdaýda hakyky ruhy durmuş başlanýar. Siziň edýän ybadatyňyz harytlaryny bir söwdagäre ynanyp, olary islendik wagt yzyna alyp, söwdagäri kör köpüksiz goýmaga hakynyň bardygy barada şertnama baglaşan adamyň harydy ýalydyr.

Nebsiňiz ara düşmedik halatynda, Allatagalanyň hemişe ýanyňyzdadygyny unutmaň. Nebsiňizi ýok etýänçäňiz, Onuň barlygynyň tagamyny datmarsyňyz.

***

Abu Hasan hezrertlerinden:

– Ölümden gorkýaňmy? – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Öli kişi ölmekden gorkmaýar – diýip jogap beripdir.

***

Abu Hasan hezretleri şeýle diýipdir:

– Kyrk ýyldan bäri nebsim bir sowuk zat içmegimi isleýär, emma men oňa hä diýemok.

***

Günleriň birinde Abu Hasan hezretleri Allatagala mynajat edip:

– Altmyş ýyl bäri Seni söýýärin we Saňa garaşýaryn – diýipdir. Şol wagt gaýypdan şeýlebir owaz gelipdir:

– Men welin ýaradylyşyň ilkinji gününden bäri seni söýýärin we geleriňe şol garaşyp ýörşüm.

***

Abu Hasan hezretleri ölmeziniň öň ýanynda şeýle wesýet edipdir:

– Mazarymy Baýezidiňkiden birneme çuň edip gazyň, çünki ýatan ýerim onuňkydan ýokarda bolup çykaýsa, bu onuň hatyrasyna hormat goýmadygym bolar.

***

Abu Hasan hezretleri jan berjek bolanda ýanynda bolmaga Muhammet ibn Hasana söz beripdir. Abu Hasan hezretleri Muhammet ibn Hasandan öňürti ýogalypdyr. Emma Muhammet ibn Hasanyň ölmeli pursady gelende, Abu Hasan hezretleriniň öz ýanynda durup, oňa göwünlik berýänini görüpdir. Ol dünýäni hiç hili ejir çekmezden terk edipdir.

## ABU BEKIR ŞIBLI

Döwlet deňzine gark bolan, yzzat daragtynyň gül ýapragy; galpkärleriň bilini omran, takwalaryň täji, aýanlyk we akyl äleminiň çyragy, asyrynyň şyhy Abu Bekr Şibli (Allatagala oňa rehim eýlesin!) şyhlaryň ýolbaşçysydy we meşhurydy, tarykatçylaryň hormatlysydy we şanlysydy; sopuçylyk ýolunyň ymamydy hem piridi, asyrynyň ýeke-tägidi; halatda, ylymda, alamatda, ylahy syry açmakda we kelamda, riýazatda we keramatda taýsyzdy, misli bir belent sarsmaz gala diwaryň bardy. Şibli hezretleri köp hadys eşidipdir we kagyza geçiripdir. Ol mäliki mezhebiniň şerigatçy alymlarynyň biridi, mäliki mezhebindendi. Hakyň halka ugradan delilidi. Eden haýyrly amallarynyň hemmesiniň waspyny aýdyp gutarmak mümkin däl, ylahy ýolda çeken derdini beýan etmäge söz tapylmaz! Ozaldan ahyra çenli är kişidi; argynlyk we ejizlik onuň ýoluna böwet bolup bilmändir.

***

Şibli hezretleri 30 ýylyň dowamynda dini kitaplary öwrenmek bilen meşgul bolupdyr we ahyrynda Allatagalany tapmaga bolan güýçli islege maýyl bolupdyr. Bu ýola baş goşan ilkinji ýyllarynda köre-kör kişiler oňa azar ýamanyny beripdirler. Onuň aýdýan sözleriniň köpüsi Hüseýin ibn Mansur Hallajyň aýdan sözlerini ýatladyp dur eken.

Günleriň birinde halyf başga-da birnäçe atly-abraýly adam bilen birlikde ony köşgüne çagyrypdyr. Ol myhmanlary bilen hoşlaşanda, olaryň her birine gymmat bahaly don sowgat beripdir. Ýolda gelýärkäler Şibli hezretleriniň ýanyndaky emirleriň biri asgyryp, soňra halifiň sowgat beren donuna agzyny, burnuny süpüripdir.

Kimdir biri ýaňky emiriň özüne berlen sowgady nämä ulananyny halife şugullapdyr. Halyf emiri gaýtadan huzuryna çagyryp, sowgat be-

ren donuny yzyna alypdyr we ony köşgünden kowup goýberipdir. Bu wakanyň habaryny alan Şibli hezretleri: «Zemindäki hökümdarlaryň biriniň beren sowgadyny ýerlikli ulanmandygy üçin bir adama şunuň ýaly jeza berilýän bolsa, oňa Gudraty güýçli Allatagala tarapyndan sowgat berlen lybasy (ýagny göwräni) ýerliksiz ulanany üçin beriljek jezanyň ýowuzlygyny göz öňüne getirmek hem çetin» diýip, içini gepledipdir. Şondan soňra ol halyfyň köşgüne barmagyny bes edipdir hem-de maslahat sorap, Haýr Hassaja ýüz tutupdyr. Ol Şiblini Jüneýit hezretleriniň huzuryna ugradypdyr.

Jüneýit hezretleriniň huzurynda peýda bolan Şibli oňa ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Sende bir göwher bardygyny eşitdim. Mendäki puly ony satyn almagym üçin ýeterlik hasap etseň, onda puly al-da, göwheri bäri ber. Bu gymmatbaha daşyň bahasyny mendäki puldan ýokary hasap edýän bolsaň hem, ony mugtuna ber.

Jüneýit hezretleri göwheri satyn almaga onuň güýjüniň ýetmejegini, mugt berse-de gadryny bilmejegini, şonuň üçin hem, ony edinmek üçin ilki tagalla baryny edip, tutanýerlilik görkezmelidigini aýdypdyr. Ol:

– Bu göwhere eýe bolmak isleýän bolsaň, onda nebsiňi doly ýok edip, Tewhid ummanynda gark bolmagyň gerek. Şondan soňra Allatagala öňüňde sabyr we kanagat gapysyny açar. Synaglaryň ählisine döz gelmegi başarsaň, Allatagala saňa arzuw edýän göwheriňi bagyşlar – diýip, sözüniň üstüni ýetiripdir.

Şibli islendik synaga döz gelmäge taýýardygyny aýdanyndan soň, Jüneýit hezretleri oňa bir ýyllap kükürt satyp gezmegi, ýene bir ýyllap hem dilegçiligiň hasabyna ýaşamagyny emir edipdir. Ol bir ýyllap kükürt söwdasyny edeninden soň, dilegçilik etmäge başlapdyr. Emma adamlar oňa sadaka bermek islemändirler. Bu ýagdaýdan habarly bolan Jüneýit hezretleri Şibliden adamlaryň özüne nähili garaýandyklaryny anyklamagy haýyş edipdir. Görüp otursa, Şibliniň ruhy kämillik ýolunda ýeten derejesi adamlaryň piňine-de dälmiş. Şol pursatdan başlap, ýaradylan zatlara üns bermek ýa-da dünýä bilen bagly islendik zat bilen gyzyklanmak oňa halypasy tarapyndan gadagan edilipdir. Soňra Jüneýit hezretleri oňa Nihawende gitmegi emir edipdir. Öň Şibli bu şäherde uly wezipäniň eýesi bolan eken. Jüneýit hezretleri oňa

bu şäherde gapy-gapy aýlanyp, öň göwnüne degen kişilerinden ötünç soramalydygyny aýdypdyr. Şibli hezretleri onuň aýdyşy ýaly edipdir. Öýüne dolanyp geleninden soň, halypasy oňa gaýtadan dilegçilik edip başlamagy we bir ýylyň dowamynda adamlaryň hormatyna mynasyp bolmak islegini kalbyndan düýp-teýkary bilen sogrup taşlamagy emir edipdir. Ol munuň hem hötdesinden gelipdir. Şibliniň dilegçilik edip alyp gelen zatlarynyň ählisini Jüneýit hezretleri derwüşlere paýlap beripdir we ol, köplenç, aç galmaly bolupdyr. Bu ýagdaý tutuş bir ýyllap dowam edipdir. Jüneýit hezretleri diňe şondan soňra ony öz ýanynda galmaga mynasyp görüpdir hem-de huzuryna gelýän pirlere hyzmat etmegi tabşyrypdyr. Şibli hezretleri tutuş bir ýylyny pirleriň hyzmatynda geçiripdir. Ahyry Jüneýit hezretleri ondan:

– Häzir nähili duýgulary başdan geçirýärsiň? – diýip sorapdyr.

– Men özümi adamlaryň ählisinden pes hasaplaýaryn – diýip, Şibli hezretleri oňa jogap beripdir. Jüneýit hezretleri:

– Sen kämil imana eýe bolupsyň – diýip, onuň öwgüsini ýetiripdir.

***

Şibli hezretleri ilkibaşlarda Allatagalany zikir eden islendik adamy başyna täç etmäge taýýar eken. Ruhy serhoşlygy güýçlendigiçe, ol öz ýanynda Allatagalanyň adyny gaýtalan kişä altyn teňňe sowgat bermäni çykarypdyr. Tarykatda has hem ilerlänsoň, ol gynsyz gylyç götermäge başlapdyr. Ol öz ýanynda Allatagalanyň adyny gaýtalan her bir kişini gylyç bilen çapyp taşlamakdan hem gaýtmajak hala gelipdir. Ondan Allatagalany zikir edýänlere bolan garaýşyny düýp-göter üýtgetmeginiň sebäbi barada soranlarynda, şeýle jogap beripdir:

– Ilkibaşda men adamlar çyndan hem kalp gözleriniň açylmagy üçin Allatagalany zikir edýändirler öýderdim. Emma soňra olaryň endige görä dil ujundan we ugur-utgasyny bilmän zikir edýändiklerine göz ýetirdim.

***

Günleriň birinde Şibli hezretleriniň gulagyna gaýypdan:

– Şibli, sen haçana çenli ýönekeý at bilen kanagatlanyp gezjek? Şindi sen Allatagalanyň adyny gözle! – diýen owaz eşidilipdir. Bu

oňa şeýlebir güýçli täsir edipdir welin, akylyndan azaşan ýaly bolup, Dijle derýasyna özüni oklapdyr. Emma Allatagalanyň rehmeti bilen tolkun ony kenara çykarypdyr. Şeýdip, ol ölmän galypdyr.

Şibli hezretleriniň ruhy serhoşlygy has hem güýçlenip, ol günleriň birinde ýanyp duran ullakan pejiň içine giripdir. Emma munuň üçin onuň tüýi hem çirkizilmändir. Şol wagt onuň gulagyna gaýypdan:

– Özüni Allatagala üçin pida eden we ýüreginiň töründe Oňa ýer beren kişini Allatagaladan başgasy öldürip bilmez – diýen owaz eşidilipdir.

Şibli hezretleriniň ruhy serhoşlygy hetden aşyp, halys baş bermän ugranda, ony zynjyrlap, dälihana salypdyrlar. Özüne däli diýip ýüzlenen kişilere ol:

– Däli siziň özüňiz. Bu hakykat size kyýamatda aýan bolar – diýip jogap berer eken.

***

Ruhy serhoşlygy sebäpli dälihana salnan gezekleriniň birinde birnäçe dosty Şibli hezretleriniň halyny soramaga gelipdir. Ol bularyň kimdigini sorapdyr. Gelenler:

– Biz seniň dostlaryň – diýip jogap beripdirler. Bu jogaby alan Şibli hezretleri ýerde ýatan birnäçe daşy alyp, olardan çenäp zyňmaga başlapdyr. Olar özlerini beýle garşy almagynyň sebäbi barada soranlarynda, Şibri hezretleri:

– Siz hakyky dost däl, çünki dostuňyzyň elinden çekýän ejiriňize çydamaýarsyňyz – diýip, sesini gataldypdyr.

***

Günleriň birinde adamlaryň gözi köçe bilen eli çöpçyraly haýdaşlap barýan Şibli hezretlerine düşüpdir. Olar ugrunyň nirädigini sorapdyrlar. Ol:

– Käbäni oda bermäge barýaryn – diýip jogap beripdir. Ertesi ýene ony eli çöpçyraly görüpdirler. Bu gün ugrunyň niräligini soranlara ol:

– Men jennetiň ýanyp kül bolmagyny, adamlaryň hem Allatagalany jennetiň wada berýän lezzetleri üçin söýmezliklerini isleýärin – diýip jogap beripdir.

***

Garagol çagalar Şibli hezretleriniň köçeden geçip barýanyny gördükleri, ony daşlamak bilen bolar ekenler. Günleriň birinde olaryň zyňan daşy ony erbet ýaralap, bedeninden gan akmaga başlapdyr. Şonda onuň ýere daman gan damjalaryndan «Allah» sözi emele gelipdir.

***

Şibli hezretleri gijelerine uklamazlyk üçin gözlerine duz guýar eken. Munuň sebäbini soranlarynda, ol şeýle jogap beripdir:

– Allatagala menden: «Magşugyň oýa wagty nädip uklap bilýäň?» diýip sorady.

***

Günleriň birinde Şibli hezretleri ýüz-gözüni şeýlebir gaty dyrnaçaklapdyr welin, dyrnaklarynyň yzy aýyl-saýyl bolup durmuş. Jüneýit hezretleri onuň ýüzündäki dyrnak yzlaryny görüp, näme üçin beýle edenini sorapdyr. Ol hem:

– Men şu gün bir hakykata göz ýetirdim. Men agyra çydap bilmejek ekenim. Onsoň, garaz nähili hem bolsa, teselli tapmak üçin şu ýola baş goşdum – diýip jogap beripdir.

***

Şibli hezretleriniň sesli aglamak endigi bar eken. Özi-de bir aglap başlansoň, hiç köşeşmeýärmiş. Adamlar onuň aglaýan sesini eşidip, kömek etmek üçin ýügrüşip gelip, aglamagynyň sebäbini sorar ekenler. Ol hem her gezek:

– Allatagalanyň maňa ynanan wezipesini berjaý etmändigim üçin aglaýaryn – diýip jogap beripdir.

***

Günleriň birinde Şibli özi ýaly müritler bilen birlikde Jüneýit hezretleriniň huzurynda otyr eken. Şol wagt müritleriň biri ony öwmäge başlapdyr. Jüneýit hezretleri onuň sözüni bölüpdir-de, Şiblä erbet sözler bilen käýýäp, ýanyndan kowup goýberipdir. Ol çykyp gideninden soň, Jüneýit hezretleri beýleki müritlerine garap şeýle diýipdir:

– Çakdanaşa öwüp, Şiblini ruhy taýdan tasdan heläk edipdiňiz. Men ony halas etdim. Bu öwgi onuň nebsiniň tabynlykdan çykmagyna sebäp bolup bilerdi. Şol ýagdaýda ol hemişelik lagnata duçar bolardy. Kemsitmek arkaly men onuň ruhy taýdan kämilleşmegine we has hem kaýyl hala gelmegine ýardam berdim. Siziň öwgiňiz bolsa onuň üçin örän howpludy. Meniň kemsidiji sözlerim oňa öwgi gylyjyňyzdan goranmak üçin galkan bolup hyzmat etdi.

***

Şibli hezretleri her gezek ybadat ýeri hökmünde ulanýan hüjresine gelende, ýany bilen bir daňy çybyk hem alyp geler eken. Kellesinde ten duýgusy hakdaky pikir peýda bolan badyna, ol çybyklaryň birini alyp, özüni saýgylamaga başlapdyr. Ol hüjräni terk eden mahaly yzynda ýekeje-de abat çybyk galmandyr. Ybadat edip bolmazyndan öň çybyklaryň ählisini harlan halatynda bolsa, ol öz akylyny tabynlykda saklamak üçin, özüni diwara urar eken.

Ol öz hüjresinde ýeke galan mahaly, bir adam bilen hem görüşmändir.

***

Günleriň birinde Şibli gymmat bahaly don geýip, birdenkä-de ony egninden sypyryp, ýanyp duran pejiň içine atyp goýberipdir. Munuň sebäbini soranlarynda, ol:

– Allatagala maňa kalbym ýekeje pursat Ony zikir etmegini goýaýsa, meni-de, donumy-da ýakyp taşlajagyny aýtdy. Kalbym tasdan şonuň ýaly bir iş edipdi. Şonuň üçin hem başymdan injek betbagtçylygyň öňüni almak maksady bilen, donumy öz elim bilen oda berdim – diýip jogap beripdir.

***

Şibli hezretleri ruhy kämillige ýeteninden soň, wagyz edýän wagty musulmanlara möhüm syrlary açmaga başlapdyr. Jüneýit hezretleri özüne ynanylan syrlary beýdip uly ile paş edäýmeli däldigini oňa duýdurypdyr. Şibli hezretleri oňa:

– Meniň paş edýän syrlarym şeýlebir çylşyrymly bolup, olara

özümden başga eýerip biljek ýok. Meniň jar edýän hakykatymy bolsa Maňa Allatagala bagyşlady we meniň aýdan sözlerim ýene Oňa dolanyp barýar. Meniň nebsim Onuň bilen arama perde bolmaýar – diýip jogap beripdir. Onuň aýdýanlaryny diňläp oturan Jüneýit hezretleri:

– Aýdýanlaryň çyn bolaýanda-da günäkär bolmakdan gutulmarsyň – diýip seslenipdir. Şibli hezretleri oňa jogap berip şeýle diýipdir:

– Kalby bu dünýä we o dünýä bilen meşgul kişi şäher jemagatynyň ymamy bolaýsa-da wagyzlarymy diňlemäge gelmez. Diňe ruhy serhoşlygy başdan geçirýän kişi – hawa, diňe şol meniň bilen gürrüňdeş bolmaga ymtylýar.

***

Günleriň birinde Şibli hezretleri musulmanlaryň öňünde Allatagalany zikir edende, diňe: «Allah» diýip gaýtalap oturypdyr. Birden derwüş sypat biri aýak üstüne galypdyr-da:

– «Lä ilähe illallah» diýseň bolmaýarmy? – diýip, oňa ýüzlenipdir. Şibli hezretleri ondan:

– Eger-de men kelemeýi-şerifiň soňky bölegini aýdyp ýetişmän öläýsem we iň soňky aýtjak sözlerüm: «Lä ilähe» (Allah ýok) sözleri bolaýsa näderin? – diýip sorapdyr. Şibliniň sözleri ýaňky derwüşe şeýlebir güýçli täsir edipdir welin, Allatagaladan gorkusyna bütin süňňi bilen galpyldamaga başlap, duran ýerinde jan beräýipdir.

Derwüşiň garyndaşlary Şibli hezretlerini ony öldürmede aýyplap, halife şikaýat edipdirler. Şibli hezretlerine köşge gelmek emir edilipdir. Halif ondan özüne ýöňkelýän günä jogap bermegini haýyş edipdir. Şol wagt Şibli hezretleri ruhy serhoşlyk halyny başdan geçirýän eken. Ol halife ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Derwüşiň ömri otda ýanyp kül boldy. Ol Allatagala bilen ýüzbe-ýüz bolmak islegi sebäpli şu güne duçar boldy. Ol dünýe nygmatlaryndan we isleg-arzuwlaryndan ýüz öwürdi. Onuň bu dünýede daýanara zady ýa-da özüni atar ýaly gaçybatalgasy galmandy. Ol diňe Allatagala bil baglaýardy. Derwüş Allatagalany görmek isläp, ölüp-öçüp barýardy we bar zada kaýyl kişä öwrülipdi. Şonuň üçin hem

ol meniň aýdan sözlerimden täsirlenip, bir pursatjyk Allatagala bilen ýüzbe-ýüz boldy. Ol Allatagalanyň nurunyň güýjüne döz gelip bilmän, jan berip, Allatagalanyň huzurynda, lotos ösümligi ýaly bolup, ýazylyp ýatyberdi.

Halyf Şibli hezretlerine çaltrak köşgi terk etmegi emir edipdir. Çünki Şibli hezretleriniň sözleri oňa şeýlebir güýçli täsir edipdir welin, onuň agzyndan ýene ýekeje söz çykaýsa, özünden gitmekden gorkupdyr.

***

Şibli hezretleri öz müritleriniň ruhy taýdan kämilleşmekleri üçin olary ýowuz synaglara sezewar eder eken. Ol müritleriniň birini birnäçe günläp çölde azyksyz we suwsuz oňmaga mejbur etse, başga bir müridine ýanyna hiç zat almazdan haj zyýaratyny ýerine ýetirmegi buýrupdyr. Kimdir biri:

– Şibli, sen müritleriňe beýle ýowuz darasaň, olar bir ýerde ölüp galar ahyryn – diýip, ony akylyna aýlajak bolupdyr. Şibli hezretleri oňa şeýle jogap beripdir:

– Tarykatda eňaşak ýol gözläp, biderek wagt ýitireniňden, kynlyk bilen ýokary galyp we muşakgata döz gelip bilmän, jan bereniň has gowudyr.

***

Bir ujy pejiň içinde ýanyp duran, beýleki ujundan hem suw damyp duran öl oduny synlap oturan Şibli hezretleri müritlerine ýüzlenip:

– Men siziň gözleriňizde ýaş görmeýärin. Ýagdaý şeýle bolansoň, ýüregiňiziň Allatagala bolan yşkdan ýaňa ýanýanyna nädip ynanaýyn? – diýipdir.

***

Ruhy serhoşlyk halyny başdan geçirýän Şibli hezretleri günleriň birinde Jüneýit hezretleriniň öýüne gelipdir. Şol wagt Jüneýit hezretleriniň aýaly saçyny darap otyr eken. Ol pürenjesini atynmaga howlugypdyr. Jüneýit hezretleri:

– Hakyky imana eýe kişi ruhy serhoşlyk halyny başdan geçirýän mahaly, zenan maşgala beýlede dursun, hatda asman hem onuň gözüne ilmeýär – diýip, aýalyny köşeşdiripdir. Emma soňra söhbet edip oturan wagtlary Şibliniň ruhy serhoşlykdan aýňalanyny görüp, Jüneýit hezretleri aýalyndan daş çykmagy haýyş edipdir.

***

Günleriň birinde Şibli hezretleri täret alyp, metjidiň gapysyndan içeri ätlän badyna gulagyna gaýypdan: «Alýan şunuň ýaly täretleriň bilen metjitde Biziň huzurymyza çykmaga neneň het edip bilýärsiň?» diýen ses eşidilipdir. Ol daş çykmak üçin yzlygyna ýöremäge başlapdyr. Edil şol wagt gulagyna gaýypdan ýene bir owaz eşidilipdir: «Biziň Öýümizi terk edip, nirä gitmekçi bolýarsyň?!» Şibli hezretleri nätjegini bilmän, bagyrmaga başlapdyr. Şol wagt gaýypdan gulagyna: «Öz bagyrmaň bilen Bize gyjyt bermäge we dil ýetirmäge neneň ýürek edip bilýärsiň?» diýen owaz eşidilipdir. Şibli hezretleri metjidiň bir künjüne çekilip, ýeke özi sesini çykarman oturyberipdir. Şol wagt gaýypdan ýene bir owaz eşidilipdir: «Seniň sabyrly we kanagatly şekilde dymyp oturmaň näme?!» Şibli hezretleri iki ýana urnar hala gelip:

– Saňa doga edip ýüzlenýärin we Seniň howandarlygyňa sygynýaryn – diýip seslenipdir.

***

Günleriň birinde Şibli hezretleri ýol bilen gidip barýarka, adamyň ýerde ýatan kelleçanagyna gözi düşüpdir. Kelleçanagyň maňlaýynda: «Bü dünýäniň we o dünýäniň arzuw-isleglerinden ýüz öwür» diýen ýazgy bar eken. Şibli hezretleri birdenkä gaty gygyryp goýberipdir-de:

– Bu pygamberiň ýa-da weliniň kelleçanagy bolmaly – diýipdir. Müritleri muny nireden bilýänini sorapdyrlar. Şibli hezretleri:

– Bu iň uly syrdyr. Adam bu dünýäden köňlüni doly sowatmasa we o dünýä hakdaky pikirleriň ählisini kellesinden çykarmasa, Allatagala bilen birleşip bilmez – diýip jogap beripdir.

***

Käse söwdasyny edýän kişi günleriň birinde Şibli hezretleriň ýaşaýan öýüniň bosagasyndan içeri ätläp:

– Bary-ýogy ýekeje käse galdy – diýipdir. Şibli hezretleri onuň aýdanyny eşidip, birdenkä:

– Bilip goý, ýeke-täk diňe Ol bardyr – diýip gygyryp goýberipdir.

***

Şibli hezrertlerinden:

– Bir görseň-ä sen bir zat diýip dursuň, bir görseň hem oňa düýpgöter garşy çykyp otyrsyň. Muňa nähili düşünmeli? – diýip sorapdyrlar. Şonda ol:

– Käte men özlügime galýaryn, käte-de başga birine öwrülýärin – diýip jogap beripdir.

***

Günleriň birinde Jüneýit hezretleri Şiblini zyýarat edipdir. Şol wagt Şibli hezretleri ruhy serhoşlyk halyny başdan geçirýär eken. Halypasy oňa ýüzlenip:

– Sen bu işi Allatagalanyň Özüne goýsaň, bagta eýe bolarsyň – diýipdir.

Şibli hezretleri oňa şeýle jogap beripdir:

– Jenap, bu asla beýle däl. Allatagala meni şu halymdan aýyrmasa, ine, şonda özümi bagtly saýaryn.

Onuň aýdanyny eşidip duran Jüneýit hezretleri:

– Şibliniň gylyjy gana boýalypdyr – diýip seslenipdir.

***

Bir adam Allatagalany zikir etmek bilen meşgul eken. Şibli hezretleri ondan:

– Sen haçana çenli Onuň adyny tutup, çagyryp durjak? Eýsem sen Onuň: «Wepaly gulum, lebbeý (seniň hyzmatyňy etmäge taýyn)» diýýänini eşitmeýärmiň? – diýip sorapdyr. Ol adam şeýle jogap beripdir:

– Men Allatagalanyň beren jogabyny eşidemsoň: «Allah, Allah» diýip seslendim.

Şibli hezretleri:

– Şeýle bolsa, saňa Bu ady gaýtalamaga hukuk berlipdir – diýipdir.

***

Amanadyny tabşyrmaga gezek gelende, Şibliniň göz öňünde tüm-garaňky diwar peýda bolupdyr. Ol adamlardan kellesine kül sepmeklerini haýyş edipdir we ony aýylganç howsala gaplap alyp, bu howsala ony bir pursat hem terk etmändir. Howsala düşmeginiň sebäbi barada soranlarynda, ol:

– Häzir meniň şeýtana gözüm gidýär. Oňa göriplik edip, halys ot-elek bolup barýaryn. Çünki Allatagala oňa kyýamat-magşara çenli geýmek üçin, iň bolmanda, melgunlyk donuny bagyşlapdyr. Men görgüliniň bolsa Onuň elinden nähili hem bolsa bir lybas almak umydym ýok. Şeýtana lagnata duçar bolany üçin däl-de, adamlary azdyrmak ukybyny Allatgalanyň hut Özünden alanlygy sebäpli gözüm gidýär. Bu şeýtan üçin uly teselli boldy – diýip jogap beripdir.

Şibli hezretleri şeýle diýip, biraz wagtlap dymypdyr we soňra gaýtadan howsala düşmäge başlap:

– Şu wagt iki hili şemal: Allatagalanyň rehmet şemaly we gazap şemaly öwüsýär. Rehmet şemalynyň öwüsýän ugry bilen gidip barýanlar, maksatlaryna gowuşýarlar, gazap şemalyna ýüzlerini daladýanlar bolsa Allatagala barýan ýolda yzlygyna okdurylyp gidýärler. Bu ýolda olara kän perde hem päsgelçilik garaşýar. Men şemallaryň haýsysynyň özüme nesip etjegini bilmeýänligim sebäpli howsala düşýärin – diýip seslenipdir.

***

Amanadyny tabşyrmaly pursady golaý gelende, Şibli hezretleri: «Seniň ýaşaýan öýüňde çyra gerek däl, çünki Seniň ýüzüňdäki nur biz üçin ýeterlik. Bu nur özi sebäpli gözleri gapylanlara we biziň aýgytlylygymyzy şübhe astyna alýanlara gowy delil bolup hyzmat edýär» diýen manydaky şygry okapdyr.

Şibli üçin iň soňky gezek doga etmäge adamlar onuň ýanyna gelende, uly weli:

– Ölüleriň doga etmek üçin diri kişiniň tabydynyň ýanyna gelmekleri meni örän geň galdyrýar – diýip seslenipdir.

Şibli hezretlerine kelemesini öwürmelidigini, ýagny: «Lä ilähe illallah («Allahdan başga iläh ýokdur»)» diýmelidigini ýatladanlarynda, ol:

– Men Ondan başga hiç zady görmeýärin. Eýsem men nämäni inkär etmeli? – diýip sorapdyr.

Adamlar:

– Gurhany-Kerime laýyklykda, öljek bolaňda, kelemäňi öwürmek gerek – diýip, oňa garşy çykypdyrlar. Şibli hezretleri olara jogap berip şeýle diýipdir:

– Yşk Soltanynyň para almaýanyny bilip goýuň. Emma öliniň dirä maslahat berjek bolşy has hem geňdir.

***

Şibli hezretleri şeýle diýipdir:

– Allatagaladan başgasy bilen gatnaşykda bolan adam Oňa akyl ýetirip bilmez.

Aryp Allatagaladan başga zady görmeýär, Ondan başgasy bilen gatnaşykda bolmaýar we Ondan başgasyny söýmeýär.

Her hili päsgelçiliklere garamazdan, kysmatyňda bar zada eýe bolarsyň, kysmatyňda bolmadyk zat bolsa, näçe jan etseň hem saňa nesip etmez. Şindi dünýäni kalbyňdan çykaryp, näme hakda doga emelidigiňi aňladyňmy?

Allatagalany zikir edýän wagtyň dünýäni unutmak hakyky terkidünýälikdir.

Ähli zatdan ýüz öwür, çünki seniň Allatagala ýakynlaşýanlygyň barada şaýatnama bar. Allatagaladan başgasy hakda pikir etme, çünki şunuň ýaly pikirler akmaklykdan başga zat däl.

Allatagalany ýatlap uludan alnan ýekeje dem dünýädäki gowy işleriň ählisine degýändir.

Edil häzirki pursat geçen müň ýyldan hem, indi geljek müň ýyldan hem has gymmatlydyr. Maddy barlyga özüňi aldatma. Kalbyňda



18.*

geçmişiň hem, geljegiň hem şu güni aňladýandygyny bilip goý.

Gije bir sagat uklap, şol sagadyň dowamynda Allatagalany unudan kişi öz ruhy ösüşinde müň ýylyny ýitirendigini aňlar.

Aryp üçin bir pursat Allatagalany unutmakdan erbet günä ýokdur.

Endige görä wagyz edýän kişi hem, özi üçin bir haýyrly zat gazanmazdan, ony ýöne endige görä diňleýän kişi hem bir zat tapandan beter, gaýtam, öňküjesini ýitirýär.

Diňe Allatagaladan söz açan mahalyň rahatlyga gowşarsyň.

Dünýäde hiç zat göwnümi awlap bilmez, hiç zat gowulygy ýa-da gözelligi bilen meni öz guluna öwürmegi başarmaz.

Allatgalany görmek mümkinçiliginden mahrum bolmak adam üçin iň uly ýitgidir.

Men ömürboýy öz «menim» hem aradan aýrylyp, Allatagala gowuşmak pursadyny başdan geçirmegi arzuwlap gezdim.

Men şu kyrk ýylyň içinde, iň bolmanda bir pursatjyk hem bolsa, Allatagala düşünmäge we akyl ýetirmäge çalyşdym.

Men rahatlygy kaýyllykdan we tabynlykdan gözleýärin.

Adamlaryň meni gözläp, hiç haçan tapmazlary ýaly, dagda gizlenmek isleýärin.

Allatagalanyň dünýäleriň ikisini-de meniň garamagyma bermegi üçin doga edýärin. Iki perdäni aradan aýyrmagyň hatyrasyna dünýäleriň birini ýuwdardym, beýlekisini bolsa, wepaly kişi Allatagalany başga nygmatlaryň hatyrasyna däl-de, diňe Onuň Öz hatyrasyna söýüp bileri ýaly, imansyz kişiniň agzyna dykyp, ýuwutmaga mejbur ederdim.

Bu dünýä göwün bermekligiň gaçybatalgasydyr, o dünýä bolsa Allatagalanyň peşgeşidir, kalp bolsa Allatagalanyň öýi, tewhidiň (ýekehudaýlylygyň) mekanydyr.

Allatagala akyl ýetirmegiň başlangyç nokady bar hem bolsa, onuň ahyry ýokdur (ýagny onuň ahyryna ýetmek mümkin däldir).

Allahym! Asmanlardan boýunbag işip, boýnumdan ildirseň; bu dünýäden gandal ýasap, aýaklaryma baglasaň; bütin dünýäni maňa duşman etseň, şonda-da Seni söýýänimi gorkusyz-ürküsiz jar etmegimi dowam ederin we hiç haçan saňa biwepalyk etmerin.

Men huzurymda mahaly, bir pursat hem bolsa, Allatagaladan başgasy barada pikir edýän kişi ýanymda bolmaga mynasyp däldir.

Köçeden ýöräp barýarkam, öňümden çykýanlaryň maňlaýynda ýa «imanly» ýa-da «imansyz» diýlip ýazylandygyny görýärin.

Allatagalany tapan kişi Ony gözlemek üçin ýola rowana bolýar.

Iň uly paýhaslylyk ömrüň gymmatyna düşünip, ony Allatagalany gözlemäge bagyşlamakdan ybaratdyr.

*Terjime eden Orazgylyç ÇARYÝEW.*

## *ABU ALY ŞAKYK BALHY*

Abu Aly Şakyk Balhy uly artykmaçlyklara eýe bolup, öz döwründe deňi-taýy bolmadyk kişidi we ýaşan asyrynyň şyhydy. Terkidünýäligi hem ybadaty sagdyn bir esasa daýanýardy. Ömrüni Allatagala töwekgellik edip geçiripdi. Ol dürli ylymlary kämil derejede bilip, ylmyň dürli pudaklary boýunça köpsanly eserleri ýazypdyr. Şakyk Balhy uly sopulardan Hatam Asamynyň halypasy bolup, Ybraýym ibn Edhemiň ýoluna eýerýärdi. Ol köpsanly şyhlaryň söhbetlerini diňläpdir. Ol: «Men bir müň ýedi ýüz halypanyň şägirdi boldum, birnäçe ýüz kitap edindim we Allatagalanyň ýolunyň dört zatda: ryskyňdan arkaýyn bolmakdadygyna, yhlas bilen amal etmekdedigine, şeýtana duşman bolmakdadygyna, ölüme taýýarlyk görmekdedigine düşündim» diýer eken.

***

Şakyk Balhynyň toba etmegine bir waka sebäp bolupdyr. Bir gezek ol söwda etmek maksady bilen Türküstany nazarlap ýola düşüpdir. Türküstana baryp hem bir buthanany synlamaga gidipdir. Görse, ol ýerde bir butparaz jany-teni bilen buta çokunýarmyş. Şakyk oňa ýüzlenip:

– Seniň başy ölümsiz, ylymly we güýçli bir Ýaradyjyň bar. Şoňa çokun, buta çokunmakdan haýa et! Çünki butuň elinden gelýän zat ýok – diýipdir. Butparaz hem:

– Eger ýagdaý seniň aýdyşyň ýaly bolsa, bu ýerlere gelmäge mejbur bolupsyň welin, ryskyňy öz ýaşaýan şäheriňde bermäge Onuň güýji ýetmeýärmidi? – diýip seslenipdir. Bu jogaby alan Şakyk gaflatdan oýanyp, özüne gelipdir. Ol Balhyň ýoluny külterläp ugrapdyr. Tötänleýin bir otparaz Şakyka ýoldaş bolupdyr. Otparaz ondan:

– Näme kär edýäň? – diýip sorapdyr. Ol:

– Söwda bilen meşgullanýaryn – diýip jogap beripdir. Onuň aýdanyny eşiden ýoldaşy:

– Kysmatyňda bolmadyk bir ryskyň yzyndan ylgaýan bolsaň, kyýamata çenli badyňy gowşatmasaň hem, ony ele salyp bilmersiň. Eger nesibiň bolan ryskyňy kowalaýan bolsaň, beýle etmegiň hiç geregi ýok: ryskyň hökman seni tapar – diýipdir. Bu sözleri eşiden Şakyk ýene bir gezek gaflatdan oýanan ýaly bolupdyr we kalbynda baýlyga bolan bir sowuklyk peýda bolupdyr.

Ol şeýdip, Balha özüni atypdyr. Örän gaýratly adam bolansoň, dostlary derrew onuň daşyna egele bolupdyrlar. Şol döwürde Balh şäheriniň emiri Aly ibn Isa Ibn Mahanyň tazylaryndan biri ýiten eken. Bu iti ogurlamakda aýyplap, Şakyk Balhynyň goňşusyny tutaklap, oňa sütem etmäge başlapdyrlar. Ol Şakykdan haraý isläpdir. Şakyk emiriň ýanyna baryp:

– Şu adamy tussaglykdan boşat. Üç günden soňra itiňi saňa gowşuraryn – diýipdir. Onuň sözüne ynanyp, goňşusyny azat edipdirler.

Üç gün soňra bir kişi emiriň tazysyny tapyp: «Bu iti Şakykyň ýanyna alyp baraýyn, ol mert kişi bolansoň, munuň üçin maňa hökman bir zat berer» diýip pikir edipdir. Ol iti Şakykyň ýanyna alyp barypdyr. Şakyk hem ony emire gowşurypdyr we şondan soňra dünýäni bütinleý kalbyndan çykarypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek Balh şäherinde aýylganç bir gytçylyk ýüze çykyp, ýaşaýjylar biri-birini iýmek derejesine baryp ýetipdirler. Şol döwürde Şakyk bazarda şatlykdan ýaňa ýüzi gülüp duran bir gula duşupdyr we oňa:

– Eý, oglan! Bu şatlygyň sebäbi näme? Halkyň açlykdan nä güne düşenini görmeýärmiň? – diýipdir. Gul:

– Açlyk meniň piňime-de däl! Men – golastynda bir obasy we ol ýerden birtopar girdejisi bolan adamyň guly. Onuň meni aç goýjak gümany barmy! – diýip jogap beripdir.

Onuň aýdanlaryny eşiden Şakygyň endamy dyglap gidipdir. Ol:

– Allahym! Bir ambary bolan hojaýynyna ynamy bolan bu guluň dünýä topugyndan. Sen hökümdarlaryň hökümdarysyň we

janly-jandaryň ryskyna kepilsiň! Şeýle bolsa, biz nämäniň gamyny iýýäris-ä? – diýipdir.

Şakyk Balhy derrew dünýä işlerinden ýüz öwrüp, tüýs ýüreginden toba edipdir we Hakyň ýoluna baş goýupdyr. Ol Allatagala töwekgellik etmekde kämillik derejesine ýetipdir. Şakyk gul bilen eden gürrüňini hiç haçan ýadyndan çykarmandyr we häli-şindi:

– Men bir guluň şägirdi – diýip gaýtalapdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Hatam Asamy şeýle diýipdir:

«Şakyk bilen birlikde bir söweşe gatnaşypdym. Aýylganç bir gündi. Jeňe girmek üçin saplar düzüldi. Jeň başlanyp, howada şuwlaýan peýkamlardan, naýzalaryň gözüňi gamaşdyrýan demir uçluklaryndan başga zada gözüň düşjek gümany ýokdy. Şol wagt Şakyk maňa ýüzlenip:

– Halyň neneň? Özüňi düýn gije aýalyň bilen birlikde düşege geçip, arkaýyn uklap galan wagtyňdaky ýaly duýýarmyň? – diýip sorady. Men:

– Ýok, özümi onuň ýaly-ha duýmaýaryn – diýdim. Ol:

– Düýn gije düşekde özümi nähili duýan bolsam, häzir hem şonuň ýaly duýgyny başdan geçirýänime Allatagaladan ant içýärin – diýip seslendi.

Soňra garaňky düşensoň, Şakyk iki goşunyň aralygyndaky bir ýere baryp, hyrkasyny ýassyk edindi-de, uka gitdi. Allatagala doly töwekgellik etmegi endik edeni üçin ol duşmanlardan heder etmelidir hem öýdenokdy».

***

Şakyk hezretleriniň ýanyna bir goja gelip:

– Men geçmişde eden günälerime toba etmäge geldim. Allatagala tobamy kabul eder ýaly doga edip ber – diýipdir. Şakyk hezretleri:

– Toba etmek üçin saňa eýýäm giç dälmi? – diýip seslenipdir. Goja oňa şeýle jogap beripdir:

– Gijä galandyryn öýdemok. Eýsem, Allatagala ölüminiň öň ýanynda toba etmäge ýetişen adamyň hem tobasyny kabul etjegini

aýtmaýarmy näme? Men bolsa bu ýere ölüm ýassygyna-da baş goýmankam geldim.

Şakyk hezretleri onuň aýdany bilen ylalaşypdyr we onuň üçin doga etmäge razylyk beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, günleriň birinde Şakyk hezretleri mejlisde otyrka, daşardan: «Duşman çozdy!» diýen howsalaly sesler eşidilip ugraýar. Şakyk syçrap ýerinden galkyp, daşary çykýar hem-de hüjüme geçip, duşmanlary gaçyp gitmäge mejbur edensoň, ýene-de mejlise dolanýar. Şol wagt müritleriniň biri onuň namaz okanda sejde edýän ýeriniň öňüne birnäçe gül getirip goýýar. Şakyk ol gülleri eline alyp, ysgamaga başlaýar. Edepsiziň biri muny görüp:

– Duşman leşgeri-hä – şäherde, musulmanlaryň ymamy bolsa, gül ysgap, lezzet alýar! – diýipdir. Şakyk hezretleri oňa:

– Hawa, ol şeýle! Emma meniň mynapyklardan tapawudym – gülüň ysyndan lezzet almak bilen birlikde, duşman leşgerini gyryp, gan ysyny almagy hem başarýaryn! – diýip jogap berýär.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Şakyk Balhy hezretleri ýarany bilen birlikde ýol bilen gidip barýarka, bir otparaz ony görüp:

– Eý, Şakyk! Men saňa bir zat aýdaýyn: Haktagalanyň beren rysky üçin Oňa iman getirip, ybadat edýän kişi hakykat ýüzünde Hakparaz däl-de, nygmatparazdyr! – diýip seslenipdir.

Şakyk öz ýaranyna bakyp, şeýle diýipdir:

– Onuň aýdanlaryny ýazyp al!

– Seniň ýaly gerçek kişi men ýalynyň sözüni ýazyp alýarmy?! – diýip, otparaz geň galypdyr. Şakyk Balhy hezretleri oňa:

– Elbetde, biz göwher gözlemek bilen meşgul. Ol nejasatyň içinde bolsa-da, biz ony alyp, soňra tämizleýäris! – diýip jogap beripdir.

***

Gelip ýeten kyssalara görä, Şakyk Balhy Samarkant şäherinde bir jemagatyň mejlisinde söhbet edýärkä, ýüzüni jemagata öwrüp:

– Eý, jemagat! Ölen bolsaňyz – gonamçylyga, çaga bolsaňyz – mekdebe, diwana bolsaňyz – telbehana, kapyr bolsaňyz, Kapyrystana ugraň! Özüňizi Haktagalanyň sadyk bendesi hasaplaýan bolsaňyz, onda musulmançylygyň şertini hakyky bolmalysy ýaly berjaý ediň – diýip seslenipdir.

***

Bir adam Şakyk hezretlerine ýüzlenip:

– Adamlaryň hasabyna ýaşaýanyňy aýdyp, adamlar seni ýazgarýarlar. Gel, men saňa öz malymdan nepaga bereýin! – diýipdir. Şakyk hezretleri oňa şeýle jogap beripdir:

– Eger saňa bäş zat mahsus bolsa, ýagny maňa nepagalyk berjek zadyň baýlygyňy egismejek bolsa; baýlygyňy ogurlamak mümkin bolmasa; maňa etjek bolýan ýagşylygyň ýaly iş edip, soňundan puşman etmeýän bolsaň; mende bir aýyp görüp, nepagadan kesmejek bolsaň; bir gün ajalyň ýetip, meniň nepagasyz galmajagyma ynanmaýan bolsaň, seniň teklibiňi kabul edeýin. Bu häsiýetler saňa mahsus bolmasa, onda menden el çek, çünki meniň ryskymy kemçilikleriň ählisinden päk we sap beýik Taňrym berýär! – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir adam Şakyk Balhy hezretleriniň ýanyna gelip:

– Haja gitmek isleýärin! – diýipdir. Şyh hezretleri ondan:

– Niýetiň-ä gowy eken, ýöne ýolharjyň barmy?! – diýip sorapdyr. Ol adam:

– Ol dört zatdan ybarat: birinjisi – hiç kimi öz ryskyma özümden ýakyndyr öýtmeýärin. Ikinjisi – daş-töweregimdäkileri ryskyma özümden has daş hasaplaýaryn. Üçünjisi – nirede bolsam-da, beýik Taňrynyň özüme eçilen takdyrynyň ýanymdadygyny görýärin. Dördünjisi – haýsy ýagdaýda bolsam-da, beýik we gudratly Allatagalanyň meniň hal-ýagdaýymy menden has gowy bilýändigine ynanýaryn – diýip jogap beripdir. Şakyk Balhy:

– Ne gözel ýol harjyň bar ekeni! Haj zyýaratyň mübärek bolsun! – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Şakyk hezretleri mukaddes Käbä haj maksady bilen ýola düşüp, Bagdat şäherine baranda, halif Harun Reşit ony öz huzuryna çagyrypdyr. Ony köşgünde garşy alan Harun:

– Terkidünýä şyh Şakyk senmisiň?! – diýip sorapdyr. Şyh:

– Şakykdygym çyn, ýöne terkidünýä-hä däl! – diýip jogap beripdir. Harun Reşit:

– Maňa nesihat bersen-e! – diýen wagty, şyh şeýle diýipdir:

– Akylyň başyňda bolsun! Çünki Haktagala seni Syddyhyň makamynda oturdansoň, ondan isleýşi ýaly, senden hem syddyh bolmagy talap edýär. Farugyň makamynda oturdansoň, ondan isleýşi ýaly, senden hem haky batyldan tapawutlandyrmagyňy isleýär. Seni Zunnureýiniň makamynda oturdansoň, ondan hem isleýşi ýaly, senden-de haýa we kerem isleýär! Murtazanyň makamynda oturdansoň, ondan isledigi ýaly, senden-de ylym we adalat isleýär!

Harun:

– Dowam etdiriber! – diýipdir. Şyh sözüni dowam edipdir:

– Allatagalanyň bir saraýy bar, oňa dowzah diýýärler. Seni oňa gapy sakçy belläp, eliňe üç zat: baýlyk, gylyç we gamçy beripdir we bularyň kömegi bilen halky dowzahdan uzaklaşdyrmagyňy isläpdir. Mätäç biri ýanyňa gelse, ondan baýlygyňy gysganma! Hakyň permanyna garşy çykany bu gamçynyň kömegi bilen edebe çagyr. Bigünä adamyny öldürenden, ölen bendäniň hossarlarynyň islegi boýunça, bu gylyç bilen ar al! Bu zatlara amal etmeseň, dowzaha girenleriň ilkinjisi sen bolarsyň!

– Dowam et, dowam et! – diýip, Harun seslenipdir.

Şakyk hezretleri sözüni dowam edip şeýle diýipdir:

– Sen çeşmäniň gözbaşy, emeldarlaryň bolsa ol çeşme suwunyň akýan ýaplary. Eger suw çeşmäniň gözünden arassa we päk akýan bolsa, ýaplarda suwuň biraz bulanyk bolmagyndan zyýan gelmez! Emma gözbaşyndan bulanan çeşme suwy soňra ýapda durlanar diýip umyt edip bolmaz!

– Dowam et, dowam et!

– Çola sährada teşnelikden heläk bolmagyň bosagasynda duran mahalyň, bir adam peýda bolup, mülküň ylla ýarysyny berseň, suw tapyp berjegini aýtsa, onuň diýenini edermiň?.

– Ederin!

– Onsoň, ol suwy içdiň diýeli! Emma mülküň ýarysyny berip içen suwuň buşugmak ýoly bilen daş çykman, seni gabyz etse hem-de şol sebäpli ajalyň golaý gelse, şol wagt hem biri gelip: «Men seniň bu derdiňe derman edeýin. Emma oňa derek özüňde galan ýarym mülküňi bermeli borsuň!» diýse, näme jogap berersiň?!

– Bererin!

– Eger şeýle bolýan bolsa, bahasy ilki içip, soňra peşew ýoly bilen daşaryk döken bir içim suwuň deregine durýan mülk, baýlyk üçin şeýle hars urmagyňyzyň sebäbi näme?

Şakyk Balhy hezretleri şeýle diýen badyna, halif Harun Reşit aglamaga başlaýar hem-de soňra oňa gowy hormat-hezzet edip, Mekgä tarap ýola salýar.

Şeýdip, Bagdatdan Mekgä ugran Şakyk Balhy ahyry mukaddes şäheriň bir çetinden girýär. Ol ýerde jemagat onuň daşyna üýşýär. Ol şonda şeýle diýipdir: «Bu ýerden rysk gözlemek köre-körlük, ryskyňy gazanmaga çalyşmak hem haram!»

Günleriň birinde ol bir ýerde Ybraýym Edhem hezretlerine duşýar. Şakyk Balhy hezretleri oňa:

– Eý, Ybraýym, güzeranyňy aýlamak üçin näme pişe bilen meşgul bolýaň?! – diýip ýüzlenýär. Ol:

– Elime düşen zada şükür edýärin, hiç zat düşmese-de sabyr edýärin! – diýende, Şakyk Balhy:

– Balhyň köpekleri hem hut şeýle edýärler. Has takygy, bir zat tapsalar, keýpleri kök bolup, guýruklaryny bulap gezýärler. Eger hiç zat tapmasalar, sabyr edýärler – diýipdir. Muny eşiden Ybraýym Edhem:

– Onsoň, siz bu ýagdaýda näme edýärsiňiz? – diýen. Şakyk Balhy:

– Bir zat elimize düşse, ony sadaka paýlaýarys, elimize zat düşmese-de sabyr edýäris! – diýip jogap berýär.

Ybraýym hezretleri aýak üstüne galyp, Şakyk Balhynyň başyndan öpüpdir hem-de:

– Seniň ussatdygyňa Allatagaladan ant içýärin – diýip seslenipdir.

Mekgeden çykyp, ýene-de Bagdada gelensoň, Şakyk Balhy hezretleri bir mejlis gurap, ol ýerde wagyz etmäge başlaýar. Bir gün ol töwekgellikden söz açyp, şeýle diýipdir:

– Çöl bilen barýarkam, jübimde dört dirhemim bardy. Şol dirhemlerim heniz hem ýanymda.

Ony diňläp oturan bir ýaş ýigit ýerinden galkyp:

– Dört dirhemi jübiňe salan wagtyň Allatagala ýadyňa düşmedimi? Ol wagt Yzzat we Jelal eýesi beýik Allatagala ynamyň ýokmudy? – diýip seslenipdir.

Şakyk hezretleriniň ýüzüniň reňki üýtgäp, bu igenjiň ýerliklidigini ykrar edýär we:

– Dogry aýdýarsyň! – diýýär-de, münberden aşak inmek bilen bolýar.

***

Şakyk hezretleri şeýle diýipdir:

– Allatagalanyň razylygy üçin edilýän ybadatyň ondan dokuz bölegi gorkudan we ilden çete çekilmekden, ondan bir bölegi bolsa dymmakdan ybaratdyr.

Ajal bir gelensoň, yzyna boş dolanmaýar, şonuň üçin hem mydama ony garşylamaga taýyn bol.

Allatagalanyň keremine bil baglap ýa-da uzak ýaşaryn öýdüp, eden günäleriň üçin toba etmegi yza tesdirme.

Adamlaryň ynandyrmalaryna däl-de, Allatagalanyň wadalaryna bil bagla.

Düýşümde şeýle diýenlerini eşitdim: «Allatagalanyň ryskyny doly berjekdigi barada şübhelenmeýän adamyň hüýi-häsiýeti gözel bolar, eli açyk bolup, tagatynda was-wasa mübtela bolmaz».

Tagatyň asly Allatagaladan gorkmak, Oňa umyt baglamak we Ony söýmekdir.

Allatagaladan gorkmagyň alamaty haramlary terk etmekdir we Allatagaladan umytly bolmagyň alamaty – hemişe tagat etmekdir we Allatagala bolan söýginiň alamaty keýpiçaglyk hem ökünçdir.

Her kimde üç zat, ýagny halas boljagyna umyt, heläk bolma-

gyndan gorky we Allatagala bolan mätäçlik duýgusy bolmasa, ol dowzah azabyndan halas bolup bilmez.

Adamlary üç zat, ýagny soňra toba etmek umydy bilen günä iş etmek; uzak ýaşaryn öýdüp, toba etmän, gapyl galmak; Allatagalanyň rehim etjegine bil baglap, toba etmän, gapyl galmak heläkçilige uçradar. Şeýle ham-hyýalda ýaşaýan adam asla toba etmez.

## *ABU SAGYT ABUL HAÝYR (MÄNE BABA)*

Ýalançy dünýäniň şeksiz hökümdary, Haktagalanyň huzurynda hemişe baky, Hakyň aşygy, Soňsuzyň söýgülisi, ýurduň gözelligi, magrifetiň bagy-bossany, pelek çarhynyň arşy, älemiň kutby Abu Sagyt Abul Haýyr (goý, Allatagala onuň ýatan ýerini ýagty etsin!) öz zamanasynyň patyşasydy, şyhlaryň beýigidi. Ondaky ýaly keramat we halat, şeýle hem, oňňut hiç kimde ýokdy, derejesi şyhlaryň ählisininňkiden ýokarydy. Ylmyň her bir pudagynda kämillige ýetipdi. Aýdyşlaryna görä, çagalykda arapça 30 müň beýti ýatdan okamagy başarypdyr. Tefsir, hadys, fykyh we tarykat ylymlaryndan kämil derejede baş alyp çykypdyr. Nebsiň erbetliklerine göz ýetirip, haý-höweslere garşy durmakda hem belent mertebä ýetip, fena we zillet, sabyr eýesi hökmünde şan-şöhrat gazanypdyr.

Rehimdarlykda, hoşgylawlykda, pukaralykda deňi-taýy ýokdy.

Şonuň üçin hem: «Hezreti Abu Sagydyň (Mäne babanyň) sözüni eşidenleriň kalplary heýjana gelip, hoş bolýar!» diýipdirler. Sebäbi hezreti Abu Sagytda dünýewi Abu Sagytdan hiç zat galmandyr. Ol hiç wagt «men» ýa-da «biz» sözlerini diline alman, hemişe «işan» (olar) diýipdir.

***

Onuň kakasy Abul Haýyr ot-çöplerden, güllerden hoştap ysly atyr taýýarlamak bilen meşgullanýan attar ekeni.

Gelip ýeten gürrüňlere görä, Abul Haýyr soltan Mahmyt Gaznaly bilen dost bolupdyr. Şonuň üçin hem ol öz bina etdiren jaýynyň diwarlarynyň ähli ýerine soltan Mahmyt Gaznalynyň, onuň

esgerleriniň, olaryň söweş pilleriniň şekillerini çekdirýär. Ol wagtlar entäk oglanjyk bolan Abu Sagyt ol şekilleri görüp:

– Kaka! Meniň üçin hem bir öý satyn alsana! – diýipdir. Soňra Abu Sagyt bu öýüň diwarlarynyň hemme ýerine «Allah» diýip ýazyp çykýar. Bu ýagdaýy gören kakasy:

– Bu näme etdigiň boldy?! – diýip sorapdyr.

– Sebäbi sen öz Soltanyň adyny nagyş edýärsiň. Men hem öz Soltanymyň adyny – diýeninde, kakasy oglunyň jogabyna we eden işine şatlanyp, öz eden işine bolsa puşeýman edipdir. Onsoň öz öýüniň diwaryndaky şekilleri aýryp, oglunyň göreldesine eýeripdir.

***

Abu Sagyt hezretleri şeýle diýipdir:

– Gurhany Kerimi okamagy öwrenip ýörkäm, bir gezek kakam meni juma namazyna alyp gitdi. Ýolda öz döwrüniň şyhlarynyň şyhy hezreti Abu Kasym Gurjany (Beşir Ýasyn Gürgenli – terjimesi) gabat geldi. Ol kakama ýüzlenip:

– Weliler bolmasa, dünýä boşap galar, derwüşler pese düşer diýen gorky bilen, ýalançyny armanlyja terk etmeli borun öýdüp ýördüm. Indi, şükür, bu oglany gördüm hem-de bir zada göz ýetirdim. Enşallah, külli älem onuň ajap ykbalyň eýesi bolşunyň şaýady bolar – diýdi. Soňra hem:

– Namazdan soň bu dogmaňy ýanyma alyp gel! – diýip seslendi.

Namazdan soň kakam meni şyhyň huzuryna alyp bardy. Biz ol ýerde jaýlaşdyk. Onuň hüjresiniň diwarynyň ýokary başynda diýseň göze gelimli taky (diwaryň ýüzüni oýup ýasalan oduk-buduk goýar ýaly ýer – terjimesi) bardy. Keramatly şyh kakama:

– Şol ýokardaky takyda duran çöregi alar ýaly, Abu Sagydy egniňe mündür! – diýdi. Kakam meni egnine mündürip, galdyrdy welin, men takydaky çöregi alyp, onuň egninden syrylyp düşdüm. Arpa unundan bişirilen çörek, ýaňyja tamdyrdan çykan ýaly, gyzgyndy. Bu elime-de bildirip durdy. Keramatly şyh çoregi ikä böldi-de, ýarysyny maňa uzadyp:

– Iý! – diýdi. Galan ýarysyny bolsa özi iýdi. Şyh Abul Kasymyň eli çörege degeninden, gözleriniň owasy ýaşdan doldy. Ol kakama çörekden bir döwümjik hem hödür etmedi. Şonuň üçin hem kakam:

– Näme üçin çörekden maňa hödür etmediň?! Maňa hem beren bolsaň, ol meniň üçin hem teperrik bolardy – diýip, keramatly şyha ýüzlendi. Abul Kasym hezretleri:

– Bu çöregiň şol takyda duranyna tegelek 30 ýyl bolupdy. «Bu çörege kimiň eli degende, ol täze bişirilen ýaly gyzgyn hala gelse, onuň syry şol kişä äşgär bolar» diýip pent edipdiler. Gözüň aýdyň, ol kişi seniň perzendiň bolup çykdy! – diýip jogap berdi. Soňra bolsa keramatly şyh maňa ýüzlendi:

– Aýtmak isleýän iküç sözden ybarat pendimi hiç zaman ýadyňdan çykarma! Eger-de hümmeti tenha Haktagaladan alyp bilseň, ol seniň ýalançydaky her bir zada hojaýyn bolmagyňdan has gowy bolar!

Soňra bolsa bir gezek Abul Kasym hezretleri maňa:

– Balam! Gudratly Allatagala bilen söhbet etmek isleýärmiň? – diýdi. Men hem:

– Elbetde, isleýärin! – diýip jogap berdim.

– Onuň ýaly bolsa, hylwatda (çola ýerde) şu setirleri gaýtala:

Män, bi to dämi gärar nätäwanäm kärd,
Ehsan-e to ra, şomar nätäwanäm kärd.
Gär bär ten-e män, zebän şäwäd her muýi,
Ýek şokr-e to, ez hezar nätäwanäm kärd.

(Sen bolmasaň, birjik hem kararym ýok,
Yhsanyňy sanara mydarym ýok.
Her gylym dil bolsa, şükür borjumy
Aňladara olaň hiç ýarary ýok).

Onsoň men her gün bu setirleri gaýtalap gezdim. Olaryň bereketi bilen heniz oglankam öňümde Haktagalanyň hak ýoly açyldy.

***

Keramatly pirimiz Abu Sagyt hezretleri şeýle diýipdir:

– Bir gün medreseden gelýärkäm, iki gözi hem kör bende meni ýanyna çagyryp:

– Haýsy kitaby öwrenýärsiň?! – diýip sorady.

– Pylan kitaby! – diýip jogap berdim. Ol:

– Şyhlar: «Hakyky ylym syrlaryň üsti bilen açylýar» diýer ekenler – diýip seslendi. Emma men ol wagtlar hakykat sözüniň manysyna-da, syryň, ony açmagyň manysyna-da düşünmeýärdim.

Bu wakadan bir zaman geçeninden soň, alty ýyllap Merwde hezreti Abdylla Husaýrydan sapak aldym. Ol dünýäden gaýdansoň, bäş ýyllap hezreti ymam Kaffalyň ylmyndan peýdalandym. Ol döwürler gijelerimi kitap okap geçirip, ertesi okanlarymy gaýtalap gezýärdim. Ynha, onsoň, bir gije ýatman çykamsoň, ertesi sapaga gelemde, gözlerim gyzaryp durdy. Hezreti ymam Kaffal:

– Şu ýigidi bir synlaň! Ol gijelerine näme bilen meşgul bolýandyr öýdýäňiz?! – diýip, syrly gürledi. Çünki gulaklaryma pamyk dykýanym, bir guýa başaşak sallanyp, Haktagalany zikir edýänim, uzak wagtlap şeýle ýagdaýda galamsoň, gözlerimden gan akyp başlaýandygy oňa aýan bolupdy.

Hezreti ymam Kaffal şonda maňa Mänedäki körüň aýdan sözleri bilen manydaş bir söz aýtdy.

***

Abu Sagyt hezretleri şeýle diýipdir:

– Merwden Sarahsa gitdim. Ol ýerde şyh Abu Aly Zahidiň aýagyna ýykyldym, otuz gün agyz bekläp, ybadat bilen meşgul boldum.

***

Abu Sagyt hezretleri şeýle diýipdir:

– Bir gün gidip barýarkam, şyh Lukman Sarahsy bilen gabatlaşdym. Ol üýşmek külüň üstünde oturyp, köne possunyna ýama salýardy. Gujagynda-da ýüzüne ýüpek sapaklar dartylan agaç bardy. Dogrusy, ol agaç däl-de, ribapdy.

Onuň oturan ýeriniň daş-töweregi aýdyp-diýip bolmajak derejede hapaçylykdy. Ol görgüli ylym uran diwanalardandy. Onuň gözi maňa düşüp, bir bölek hapa alyp, maňa tarap zyňdy. Men onuň zyňan hapasyndan sowuljak bolmadym hem-de ýüze çykan bu ýagdaýy ýagşylyga ýordum.

– Biraz rubab çalyp bersene! – diýip, oňa ýüzlendim. Ol:

–Balam! Men seni şu possunyň ýüzüne ýama etjek! – diýdi.

– Her ne kylsaňyz, haklysyňyz! – diýip jogap berdim. Ol possunyň ýamasyndan birki gezek sapakly temen geçirdi-de:

– Ynha, seni şu ýere ýamadym! – diýdi. Soňra ýerinden turup, elimden tutdy-da, ýola düşdi. Ýolda bize asyryň iň beýik we ýeke-täk piri, hezreti Abul Fazyl Hasan Sarahsy (hezreti Sarahs baba) gabat geldi. Keramatly pir meni görüp:

– Eý, Abu Sagyt! Bu barýan ýoluň seniň gitmeli ýoluň däl! Sen öz ýoluň bilen git! – diýdi.

Soňra şyh Lukman Sarahsy elimi keramatly pir Sarahs babanyň eline tutduryp:

– Al muny! Bu siziňkidir! – diýip seslendi.

Ynha, şeýdip, hezreti Sarahs baba baglandym. Hezreti Sarahs baba maňa:

– Eý, balam! Öten-geçen bir ýüz ýigrimi dört müň pygamberiň hemmesiniň bu dünýädäki maksady kelemäniň manysyny halka düşündirmekdi. Olaryň ählisi Allatagalanyň ýeke-täkdigini, Ony tanamalydygyny, Onuň bilen bile bolmalydygyny adamlara habar bermek üçin gönderilipdir. Bu kelemäniň manysyny tirenler-ä durman (gije-gündiz) bu kelemäni gaýtaladylar. Iň soňunda olar durklary bilen bu kelemäniň halyna geçdiler. Bu keleme olara Ony (Allatagalany) aýdyň görkezdi, şonuň üçin hem olar bu kelemäni hüküm hökmünde däl-de, kalplarynyň islegi hökmünde gaýtaladylar, oňa özlerini berdiler – diýdi.

Bu keleme meni hem bendi etdi. Ynha, onsoň, bu wakanyň bolan ilkinji gijesi gözüme uky gelmedi. Ertesi gün okuwa gitdim. Ymam Abu Aly hezretleri: «Kulillehü sümme zerhüm...» (golaý manysy: «Allah» diý, soňra olary terk et». Gurhany Şerifiň 6-njy süresiniň 91--nji aýatyndan) diýen mukaddes sözleriň manysyny düşündirýärdi. Şol pursat synamda bir ruhy gapy açylyp, «menligimi» tenimdem aldylar.

Hezreti ymam Abu Aly hezretlerine meniň düşen ýagdaýym aýan bolan bolarly. Ol:

– Öten agşam nirede bolduň?! – diýip sorady.

– Hezreti pirimiz Sarahs babanyň ýanynda! – diýip jogap berdim.

– Eýle bolsa, indi şol gaýtalan kelemäňi aýtmagyňy goýup, bu

derse gelmek saňa haram edildi – diýdi.

Ynha, aljyraňňy ýagdaýa düşüp, bolup geçýän wakalara akylym haýran bolup, hezreti pir Abul Fazyl Sarahsynyň huzuryna bardym. Tutuşlygyma şol kelemä öwrülipdim. Keramatly pir meni görüp:

– Sermest bolupsyň, ýagny ruhy serhoşlyk halyna düşüpsiň. Öňüňde näme, ardyňda näme – muny seljermäge hem gurbuň çatmaýar – diýdi. Men:

–Ýa, pirim! Munuň çäresi barmy?! – diýdim. Ol:

– Gowusy, gel, bu kelemäniň dosty bol! Çünki bu kelemäniň seniň bilen köp işi bolar – diýip seslendi.

Şeýdip, men ep-esli zaman bu keleme bilen boldum. Onsoň hezreti pir Abul Fazyl Sarahsy maňa:

– Bu kelemedäki harplaryň gapylary seniň üçin açyldy. Indi leşgerler (ylahy syrlar) seniň synaňa hüjüm edip, seni (belent derejelere) göterjekler. Ýeriňden galk-da, hylwat ýer gözle! Ýalňyzlykdan aýrylma! – diýip maslahat berdi.

Men bu wakadan soňra Mänä geldim. Otuz ýyllap bir künjekde oturyp, gulaklaryma pamyk dykyp, hemişe «Allah! Allah!» diýip gaýtaladym. Her wagt meni uky ýa-da gaflat basmarlajak bolsa, ujy köz ýaly gyzaran syhy elinde tutup duran biri mährabyň öňünde peýda bolup, haýbat bilen haýkyrýardy: «Allah!» diý!. Netijede, meniň tenimiň her bir zerresi: «Allah! Allah!» diýip gaýtalap başlaýardy.

***

Rowaýat etmeklerine görä, şol zamanlar hezreti Abu Sagydyň bir ýönekeýje ezýaka köýnegi bar ekeni. Her wagt köýneginiň bir ýeri ýyrtylsa, şol ýeri ýamap geziberer eken. Ýama-ýama bolup duran, käbir ýerlerinde bir ýamanyň üstüne soň hem nijema gezek ýama düşen bu köýnegiň agramy şolaryň hasabyna barha agralypdyr. Ol yzygiderli agyz bekläp gezipdir. Her agşam bir tegelek çörek bilen agzyny açypdyr. Şol döwürlerde gije-gündiz uklamaýan ekeni. Her namazdan öň boý täretini alar ekeni. Sähralyga rowan bolup, ol ýerde biten dürli-dürli otlary iýip, oňňut edipdir. Kakasy ony gözläp, idäp tapyp, öýüne getirse, ol ýene-de sähra gaçyp gider ekeni.

***

Gelip ýeten gürrüňlere görä, hezreti Abu Sagydyň kakasy şeýle diýipdir:

– Men öýüň gapysyny zynjyr bilen mäkäm baglap, Abu Sagydyň uklandygyny, uklamandygyny biljek bolup, gulagymy oňa tarap tutup, onuň süýji ukuda ýatandygyna göz ýetirip, soňra özüm hem arkaýyn uklaýardym. Bir gezek gijäniň ýarymynda oýanyp, oglumyň düşeginiň boşdugyny gördüm. Ony gözläp, otaglara aýlanyp çykdym. Ol öýde däldi. Gapy bolsa, öňküsi ýaly, zynjyr bilen baglangy durdy. Şondan soňra birnäçe gije oňa gözegçilik edip, asla uklamadym. Ol daň atan badyna otagynda peýda bolup, ýuwaşjadan düşegine geçip ýatýardy. Men oňa gözegçilik edýänimi bildirmeýärdim. Iň soňunda onuň nirä gidýänini bilmegi ýüregime düwdüm. Ol öýden hanjak tarapa gitse, men hem bildirmän, onuň yzyndan galamokdym. Şeýdip, biz bir köne gala ýetdik. Oglum metjide girdi-de, gapyny kiltledi.

Men gapynyň yşyndan jyklap, onuň metjidiň bir burçunda namaza duranyny gördüm. Namazyny tamamlap, ol metjidiň bir künjegindäki guýynyň başyna bardy hem-de guýynyň agzyna keseligine bir agaç goýup, ol agaja aýaklaryny daňyp, özüni başaşak edip, guýa sallady hem-de şol durşuna Kur’an-Mejidi okamaga başlady we daňdana çenli ony hatym etdi.

Ondan soňra metjitden daşary çykyp, täret kylmak bilen meşgul boldy. Men öýümize dolanyp, adatça edişim ýaly, ýerime geçip ýatdym, soňra ol hem gelip, ýerine geçdi. Men ondan hiç zat soramadym. Daň atanyndan soň bolsa, ony oýardym. Soňra jemagat bilen namaz okamaga gitdik.

Bu wakadan soň birnäçe gijeläp oňa gözegçilik etdim. Ol her gije hem şol bir hereketini gaýtalaýardy.

Ol derwüşlere hem hyzmat edýärdi, barjamlylardan zat diläp alyp, derwüşlere bererdi, olar bilen söhbetdeş bolardy.

***

Rowaýat etmeklerine görä, onda bir müşgillik ýüze çyksa, şol dem uçup, Sarahsa barar eken hem-de keramatly pir hezreti Abul Fazyl Sarahsydan (Sarahs babadan) maslahat sorar eken. Bir gün kera-

matly pir hezreti Sarahs babanyň müritlerinden (sopularyndan) biri halypasyna:

– Abu Sagyt zemin bilen asmanyň arasyndan uçup gelýär – diýip habar berýär. Keramatly pir:

– Sen ony gördüňmi?! – diýip sorapdyr. Mürit:

– Gördüm! – diýip jogap beren. Şonda keramatly pir:

– Sen kör bolman ölmersiň! – diýipdir. Şol sopy, hakykatdan hem, ömrüniň ahyrynda batyllyga uçrapdyr.

***

Aýtmaklaryna görä, keramatly pir hezreti Abul Fazyl Sarahsy (Sarahs baba) günleriň birinde Abu Sagydy hezreti Abdyrahman Seleminiň ýanyna onuň elinden hyrka geýmek üçin ugradýar. Soňra Abu Sagyt ýene mürşidiniň huzuryna dolanýar. Şonda keramatly pir Abu Sagyda şeýle diýipdir:

– Indi, sen keramatda, halatda ýetjek derejäňe ýetdiň! Mäne obasyna dolan-da, halky Haktagala sadyk hyzmat etmäge çagyryp, wagyz etmek bilen meşgul bol!

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Sagyt ýedi ýyllap çöl-beýewanda bolýar hem-de sährada bitýän gülleri, otlary iýip oňňut edýär, wagşy haýwanlar bilen bile ýaşaýar. Ynha, şol zamanlarda ol şeýlebir güýçli ruhy serhoşlyk halyna düşýär welin, oňa yssy-da, sowuk-da täsir edip bilmeýär. Günleriň birinde güýçli tupan turýar. Ýöne ol tupan hem oňa zyýan ýetirmekden gorkýar. Bu ýagdaýa keramat üsti bilen akyl ýetiren hezreti Mäne baba: «Munda hökman bir syr bolaýmaly!» diýip ýola düşýär hem-de bir obanyň çetinden girýär. Görse, bir öýüň içinde goja bilen kempiri ot ýakyp, nahar bişirip otyrlar. Mäne baba olara salam berýär hem-de:

– Taňry myhmany alarmysyňyz?! – diýip soraýar. Olar:

– Garaşýanymyz Taňry myhmany-da! – diýip, ony kabul edýärler.

Mäne Baba içeri girip, ýylynýar, oduk-buduk garbanyp, kem-käs dynç alýar. Arkasyny diwara ýaplan badyna-da irkilýär. Bir zaman soňra bir adamyň:

– Pylany näçe ýyldyr sährada bolup, otlary, gülleri iýip ýaşaýar. Ýöne şu mahala çenli onuň ýaly rahat ýaşan adamy gören kişi ýok. Häzir hem şondan rahat adam ýok – diýenini eşidýär. Soňra keramatly şyhyň gulagyna gaýypdan:

– Tur-da, ugra, biz saňa mätäç däl! Halka goşul, goý, halkyň köňli senden rahatlyk tapsyn! – diýen ses gelýär.

Mäne baba obasyna dolanýar. Onuň hümmeti bilen kän adam Haktagala sowuk-sala ybadat edýändikleri üçin toba edýärler. Onuň bilen goňşulykda ýaşaýan şeraphorlar hem toba edip, şeraplaryny ýere dökýärler. Şeýlelik bilen, Mäne babanyň abraýy artyp, ýokary derejä ýetýär. Bu barada Mäne babanyň özi şeýle diýipdir: «Iýen garpyzymyň paçagyny 20 dinara (altyn pula) satyn alýardylar. Bir gezek adamlar ýabymyň peşewini hem alyp, maňlaýlaryna çaldylar».

***

Mäne baba hezretleri şeýle diýipdir:

– Biz birtopar kitaby ýere gömdük. Onuň üstünden bolsa dükan açdyk. Eger olary satan bolsam, ondan geljek puldan ýaňa, maňa ýene-de ýalançy dünýäniň toruna düşmek howpy abanardy. Ondan soň biziň «bizligimizi» goýdular. Ol «biz» biz däldi.

***

Mäne baba şeýle diýipdir:

– Günleriň birinde metjidiň burçundan: «Welem ýekfi bi Rebbike» (golaý manysy: «Seniň Rebbiňiň her bir zada şaýat bolmagy ýeterlik dälmidir?» Gurhany Şerifiň 41-nji süresiniň 53-nji aýatyndan) diýen ses geldi. Şol pursat Gudraty güýçli Allatagala bilen aramda bir nur peýda bolup, perdeler öňümi baglady. Ozal halk biziň aýdan her bir sözümiz bilen ylalaşýan bolsa, ondan soň inkär edip başlady. Hatda bize bolan ýigrençleri şeýle bir artyp, kazynyň huzuryna gidip, biziň kapyr bolandygymyza güwä geçdiler hem-de: «Bu adamyň gadamynyň şumlugy zerarly, onuň aýak basan ýerinde, topragymyzda ýekeje-de ot-çöp bitmeýär!» diýip şikaýat etdiler.

Soň bir gün metjitde otyrdym. Zenanlar tamyň üstüne çykyp, üstüme kül dökdüler. Şol wagt ýene-de: «Welem ýekfi bi Rebbike?!»

diýen owaz geldi. Ýagdaý şeýle derejä baryp ýetdi – jemagat bilen namaz okanlar aralarynda meniň hem bardygymy bilip, täzeden namaza durýardylar hem-de:

– Bu adam diwana bolupdyr! – diýip gygyryşýardylar. Bu iş ula ýazyp, şäher adamlary meni görenlerinden, bir gysym toprak alyp, ýanlaryndan geçemde üstüme serpmek üçin garaşmaga başlaýardylar.

***

Keramatly pir Mäne baba şeýle diýipdir:

– Bize şyhlaryň şyhy, kämil pir, hezreti Abul Apbas Gassabyň huzuryna alyp barýan ýol görkezildi.

Pirim hezreti Abul Fazyl Sarahsy (Sarahs baba) dünýäden gaýdypdy. Gaýgy-hasratdan gursagym doly halda ýola düşdüm. Ýolda bir pire gabat geldim. Ol ekin ekmek bilen meşguldy, ady Abul Hasan Harkanydy. Ol meni görüp, şeýle diýdi:

– Eger-de Haktagala bütin älemi künji dänesi bilen doldursa, soňra hem bir guş ýaradyp, tasawwuf ýolunyň derdini onuň synasynda goýsa, soňra hem: «Şu guş älemi bu künji dänelerinden tämizleýänçä, sen öz maksadyňa ýetmersiň! Bu dert içinde galarsyň, eý, Abu Sagyt!» diýse, nädersiň?!...

Ol bu sözlerini tamamlap-tamamlamanka, gaýgy-hasratym zym-zyýat boldy. Kalbyma giňlik aralaşdy.

***

Aýtmaklaryna görä, hezreti Abu Sagyt Amulda ýaşaýan, keramatly pir Abu Apbas Gassabyň ýanyna baryp, ençeme wagtlap ol ýerde galýar. Hezreti Abu Apbas Gassap oňa öz otagynyň garşysyndaky hüjräni berýär. Şyh Abu Sagyt Abul Haýyr hemişe ol hüjrede müşahede we zikr bilen meşgul bolýar. Gözleri bolsa hemişe gapynyň deşiginde bolupdyr. Şol ýerden keramatly pir Abu Apbasyň hal-ýagdaýyny synlaýardy. Bir gije keramatly pir Abu Apbas tebibe gan aldyrýar. Soňra bolsa gan aldyran damarynyň sargysy açylyp, piriň hyrkasy hem gana bulaşýar. Abu Sagyt hüjresinden ylgap çykyp, piriniň gan akýan ýerine sargy saraýar. Onuň gan degen hyrkasyny hem çykardyp, özüniň päkize donuny oňa geýdirýär. Gan degen hyr-

ka Abu Apbas hezretleriniň geýip, namaza durýan hyrkasy bolansoň, Abu Sagyt şol gije ony ýuwup, soňra guradýar hem-de onuň huzuryna alyp barýar. Hezreti Abu Apbas şonda:

– Bu hyrka seniňki bolsun! Sen geý, nesip etsin! – diýipdir. Soňra ol hyrkasyny öz eli bilen Abu Sagyda geýdirýär. Ertesi säher wagty sopular şyhyň hyrkasyny Abu Sagydyň egninde, Abu Sagydyň donuny hem pirleri Abu Apbasyň egninde görüp, aňk bolupdyrlar. Hezreti Abu Apbas Gassap:

– Öten agşam ajap bir habar geldi! Ol ajap habar bu mäneli juwanmerdiň nesibesine düşdi! Mübärek bolsun! – diýip, soňra Abu Sagyda ýüzlenipdir:

– Sen indi Mänä dolan! Birnäçe gün geçip-geçmän, bu sanjagy (ýagny tasawwuf – sopuçylyk ýolunyň şanly baýdagyny) seniň saraýyň üstünde dikip gaýdarlar.

Abu Sagyt hezretleri özüne aýan edilen bu yşarat üçin ýüz-müň şükürler kylyp, yzyna dolanýar.

***

Aýtmaklaryna görä, Mäne babanyň çile çekişi hem örän agyr bolupdyr. Ol hatda öýlenip, perzentleri dünýä inen zamanlary hem çile çekmegini goýmandyr. Mäne baba bir gezek şeýle diýipdir:

– Bir zada göz ýetirdim: hatda şirkden doly saplanaýamda-da, perdeleriň ählisi galkyp gidibermejekdi. Bir gije keýwanymdan – Abu Tahyryň ejesinden aýaklarymy ýüp bilen mäkäm baglamagy hem-de başaşak asmagy haýyş etdim. Ol aýdyşym ýaly edip, gapyny ýapyp çykyp gitdi. Men öz-özüme: «Başaşak halyňda Gurhany-Şerifi hatym edip bilermiň?!» diýdim we Ony bir başyndan okamaga başladym. Basym beýnime gan inmäge başlap, gözlerim hanasyndan çykara geldi. Içimden: «Muny bir bähbit gözläp etmändim. Bize diňe bu söz («Allah!» sözi) gerek. Gözüm bolsun, bolmasyn, parhy ýok!» diýen karara geldim. Gözlerimiň hanasyndan akýan gan ýere damýardy. Şobarmana Gurhany Şerifdäki «Feseýekfiýkehüm Allahü» (golaý manysy: «Olardan Allah seni gutarar». «Bakara» süresiniň 137-nji aýatyndan) diýen mukaddes sözlere ýetdim. Şol pursat syr açyldy, maksadym hasyl boldy».

***

Mäne baba hezretleri şeýle diýipdir:

– Bir dag bardy, onuň aňry tarapynyň eteginde bir gowak bolup, her kim ony görjek bolup, dagyň depesinden aşak seretse, öt haltasy gopýardy. Ol ýere gitdim, onsoň: «Eger-de bu ýerden gowaga insem, hökman ölerin! Gowusy, Gurhany Şerifi hatym edeýin. Munuň üçin bolsa biraz uklap, kelläme dynç bermegim gerek» diýip içimi gepletdim-de, kellämi ýere goýdum. Agyr uka giden wagtym, togalanyp aşak gaçypdyryn. Edil şol pursat oýandym. Oýanan wagtym, dagyň etegine gütüläp düşmän, ýokarda – howada asyl-asyl bolup durandygyma gözüm ýetdi. «Ýa, Allah! Özüň ýetişeweri!» diýip, Ony kömege çagyrdym. Haktagala öz gudratynyň we rehimdarlygynyň arkasynda meni ýene-de dagyň depesine çykardy.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Mäne baba bir gün kölegesi beýlebir goýy bolmadyk söwüt agajynyň saýasynda goş ýazdyryp, çadyr gurunýar. Bir türki kowumdan bolan çory – kenizek hem onuň aýaklaryny ýuwmaga başlaýar. Mäne babanyň ýassygynyň ýanynda-da bir gadak şerbet durmyş. Egnine possun geýen müridi bolsa, ýakyp-ýandyryp barýan nurly Günüň aşagynda dur diýýär. Günüň gyzgynyna müridiň possunyndaky süňk ilikler döwülmäge başlaýar. Özi hem gara dere batanmyş. Ýöne ol diýseň sabyr-takatly eken. Şonda-da içinden: «Allahym! Ol guluň (ýagny Mäne baba) yzzat we näz içinde, bu guluň, ýagny men bolsam, ýakyp--ýandyryp barýan Günüň aşagynda biçäre we ejiz halda durun!» diýenini duýman galýar.

Onuň içgepletmesi derhal Mäne baba aýan bolýar. Ol:

– Eý, juwanmert! Seniň şu görýän daragtyňdan başaşak sallangy ýagdaýda Gurhany Şerifi segsen gezek hatym etdim we şu derejä ýetip, onuň sähelçe kölegesinde dynç almaga hukuk gazandym. Sen hem biraz çile çek! – diýip seslenýär. Keramatly şyh öz müritlerini şeýdip terbiýelär eken.

***

Aýtmaklaryna görä, özi ýaş bolsa-da uly wezipäni eýeleýän biriniň ýoly Mäne baba hezretleriniň mejlisiniň üstünden düşýär. Ýaş ýigit halypanyň aýdýan sözlerini diňläp, tasawwufyň yşkyna düşüp, piriň eteginden ýapyşýar. Ol toba edip, ähli baýlygyny keramatly pire getirip berýär. Mäne baba şol günüň özünde onuň getiren pullaryny we gymmat bahaly zatlaryny derwüşleriň zerurlyklaryna sarp edýär we ýaş ýigide ýüzlenip şeýle diýýär:

– Gündizlerine agzyň bekli bolsun, diliň zikir kylsyn! Bütin gijeleriňi bolsa namaz okamak bilen, ybadat bilen meşgul bolmaly bolarsyň.

Bu diňe başlangyjydy. Mäne baba oňa tasawwufyň çilesini çekdirmek üçin bir ýyllap hajathanany arassalap gezmegi, jaý salmak üçin ulanylýan daşlary taraşlamagy; ikinji ýyl bolsa hemişe hammamyň içiniň ýyly bolup durmagyny üpjün etmegi hem-de derwüşleriň hyzmatynda gezmegi; üçünji ýyl gapy gezip, dilegçilik etmegi buýurýar.

Adamlar dilegçilik edip ýören ýigidiň elindäki sebedi dürli-dümen azyklardan doldurýar ekenler. Şeýdip, ol boş wagty diňe ybadat bilen meşgul bolýan takwa adama öwrülipdir.

Ýöne dilegçilik etmegiň hem çeni bar, çaky bar. Hemişe dilegçilik edip ýörensoň, ýigit soňabaka halkyň gözünden düşýär, horlanýar. Oňa hiç kim zat bermän başlaýar. Hezreti Abu Sagyt Abul Haýyr hem öz müritlerine:

– Halk oňa zat berenok, sizem ýüz bermäň! Ýanyňyza gelse, kowuň, adam hasabynda görmäň! – diýip tabşyrypdyr.

Onsoň, müritler hem oňa jebir-jepa çekdirmäge başlaýarlar. Hiç kim onuň bilen gürleşmeýär, her kim ondan ýüz öwürýär. Onuň güni agyr, haly teň bolýar.

Emma hezreti Mäne baba bu ýigit barada diýseň gowy pikirdedi. Şeýle-de bolsa, birnäçe wagt geçeninden soň, ol hem ýigide ezýet edip başlaýar. Adamlaryň arasynda onuň bilen sowuk-sala gürleşýär, ýanyna gelende hem ýüz bermän kowýar. Bu ýagdaý esli wagtlap dowam edýär.

Soňra ýigit has hem kyn güne uçraýar. Ol üç günläp dilegçilik etse-de, oňa gara kişmiş beren hem bolmaýar. Şol üç günüň dowamynda-

-da agzy bekli gezip, agşam agzaçarda iýer ýaly ýeke lukma hem tapyp bilmeýär. Keramatly pir hem oňa iýmäge hiç zat bermezligi tabşyrýar. Dördülenji günüň agşamy derwüşhanada üýşüp zikir etmek kararyna gelýärler. Şu mynasybetli dürli-dümen lezzetli tagamlar taýýarlaýarlar. Mäne baba biş-düş bilen meşgul sopulara:

– Bu tagamlardan oňa dadyraýmaň! – diýip, ýörite tabşyrýar. Derwüşlere hem: – Ol gelse, içeri girmegine ýol bermäň! – diýýär.

Oglan uzakly gün gedaýçylyk etse-de, eline hiç zat düşmän, boş sebedini süýräp, keýpsiz, lapykeç halda dolanyp gelýär. Açlykdan ýaňa ol halys tapdan düşüpdir. Şol gelşine özüni zordan aşhana atýar, emma gapydan girmekçi bolanda, ony içerik goýbermeýärler. Orta saçak ýazylanda hem saçak başyndan oňa orun bermeýärler. Ol aýak üstünde, edil asmandan asylan ýaly ýagdaýda galýar. Keramatly pir hem, sopulary hem oňa üns bermeýär.

Nahar iýlip bolanyndan soň, keramatly piriň nazary oňa düşüp:

– Eý, kowlan betbagt melgun! Näme üçin tabşyrylan işi etmeýärsiň?! – diýip, üstüne gygyrýar. Üstesine-de, sopular tapsyz, haly teň, aç oglany tutup, ýençýärler hem-de südenekledip gapydan daşary çykarýarlar. Ol betbagt derwüşhananyň gapysynyň daşynda galýar. Oglanyň indi halkdan umydy doly üzülipdi. Üstesine, maly-da, maýasy-da, wezipesi-de, abraýy-da elden gidipdi. Has takygy, dünýä onuň elinden gidipdi, emma din hem eline geçmändi. Onsoň, ýigit haly harap halda metjide barýar hem-de maňlaýyny sejdä goýup: «Ýa, Rebbim! Sen meniň kowulandygymy, hiç kişiniň meni kabul etmeýändigini bilýänsiň. Senden başga derdimi diňlejegiň ýokdugyny, Senden başga meni öz penasyna aljagyň ýokdugyny hem bilýänsiň, görýänsiň, jan Allam!...» diýip Haktagala ýalbaryp, içini dökýär, zarynlaýar. Gözlerinden ganly ýaş akyp, maňlaýyny sejdä goýan ýerini ezýär. Şol pursat ýigit birdenkä bir hala ulaşyp, maksat-myradyna ýetýär oturyberýär. Ol bu halyna gümra bolup, dünýäni unudýar.

Oglanyň şu haly başyndan geçiren pursady Mäne baba müritlerine:

– Hany, eliňize ýanyp duran şem alyň! Gideliň! – diýipdir. Keramatly pir hem-de sopulary ýigidiň oturan metjidine gelip, başyny sejdä goýup, gözlerinden dynuwsyz ýaş dökýän ýigidi görýärler. Birdenkä ýigidiň gözi keramatly pire we sopulara düşüp:

–Ýa, pirim! Duçar eden bu derdiň näme?! Meni näme üçin bu güne saldyň? Pirim! Maňa çekdiren bu jepalaryňyzy tüýs ýüregiňizden maňa rowa gördüňizmi? – diýip, keramatly pire sowal berýär. Hezreti Abu Seýit Abul Haýyr:

– Balam! Sen ozal adamlardan umydygärdiň. Çünki Haktagala bilen araňda perde – Abu Sagyt bardy! Sende indi ol umytdan hiç zat galmady! Ol perdäni diňe şeýdip syryp bilerdiň. Nebsiňi diňe şeýdip ýok edip bilerdiň. Hany, aýaga gal, balam! Düşen ýoluň ak, mübärek bolsun! Ýoldaşyň hem umydyň hem Haktagalalyk bolsun! – diýip, ýigidi Haktagalaň hak ýoluna salypdyr.

***

Mäne babanyň aýratyn gowy görýän hyzmatkärlerinden Hasan Mueddep şeýle diýipdir:

– Söwda-satyk işi bilen Nyşapurda bolýardym. Bir gün keramatly pir hezreti Abu Sagyt Abul Haýryň sesini eşidip, onuň mejlisine bardym. Keramatly piriň nazary maňa düşüp:

– Gel, seniň sakgaldaşyň barada käbir zatlary aýtjakdym! – diýdi. Men aslynda sopularyň edýän hereketlerine müňkür, olaryň boluşlaryny hem inkär edýän adamdym. Biraz wagt geçeninden soň, şyh bir derwüşe eşik bagyşlamaklaryny isledi. Men hem öz içimden: «Men oňa sellämi bereýin-le!» diýip oýlandym. Soňra bolsa: «Bu selläni maňa Amuldan sowgat getiripdiler. Onsoňam onuň bahasy 10 dinar ahyryn!» diýip, bu pikirimden ýüz öwürdim. Keramatly pir haýyşyny gaýtalady. Men ýene sellämi bermäge hyýallanyp, ýene goýbolsun etdim. Keramatly pir haýyşyny üçünji gezek gaýtalady. Meniň gapdalymda bir adam otyrdy. Ol:

– Pirim! Allatagala öz bendesi bilen gürleşermi?! – diýip, keramatly pirden sorady. Pir onuň soragyna şeýle jogap berdi:

– Tabarystandan (Amul şäherinden) iberilen bir selle üçin Haktagala ýanyňda oturana üç mertebe ýüzlendi, ol bolsa: «Bermerin! Çünki bu selläň bahasy 10 dinar! Özem ony Amuldan sowgatlyk getirdiler» diýýär.

Bu sözi eşiden badyma, bütin tenim galpyldap, üşedip, titräp başladym. Şyhyň ýanyna baryp, donumy, sellämi çykaryp, toba etdim.

Ýüregimde sopular babatda müňkürlikden, betgümanlykdan hiç zat galmady. Elimde-aýagymda her ne pulum, malym bolsa, hemmesini keramatly piriň ýoluna çykaryp, bilime hyzmat kemerini guşanyp, ol hezretleriň hyzmatynda galdym.

***

Pirleriň biri şeýle diýipdir:

– Ýaş ýigitkäm söwda-satyk niýeti bilen ýola düşdüm. Kerwen adatyna görä, öňden barýardym. Birden meni uky basmarlap başlady. Men ýoldan çykyp, kellämi ýere goýup, uka gitdim. Kerwen bolsa geçip gidipdir. Men ertesi Gün dogýança, şol ýerde ýatypdyryn. Oýandym-da, derrew ýola düşdüm. Emma ýol köwsarlap çäge sowurýan gum alaňlarynyň içinden geçensoň, kerweniň yzyny çalyp bilmedim. Eýläk-beýläk çarp ursam-da, baş alyp çykyp bilmän, tersine, has hem azaşyp, ugrumam, huşumam ýitirdim. Huşuma gelenimden soň, bir tarapy saýlap, şol tarapa ýola düşdüm. Onýança-da Gün gyzyp, yssy düşdi. Suwsuzlykdyr açlyk meni burup başlady. Ondan aňryk ýöremäge kuwwat-mejalym galmady. Men tä agşam düşýänçä sabyr etdim. Onsoň bütin gije ýol ýöredim. Ertesi daňdanlar gurap ýatan bir sähralyga baryp ýetdim. Açlyk we suwsuzlyk derdi soňky derejesine çenli baryp ýetdi. Howa hem gaty yssydy. Bu ýagdaýdan aman sypmak umydym gyryldy. Indi başymda ölümden başga çäräniň ýokdugyna göz ýetirdim. Şondan soň özümi ol sähralykda bolan has beýik ýere atmak üçin gyrmyldap başladym. Ol ýerden sähra göz gezdirdim. Uzakdan bir bag-bakja göründi. Ýüregime kuwwat gelen ýaly boldy. Şol ýere tarap ýöneldim. Ol ýerdäki çeşmeden suw içdim, täret kylyp, namaz okadym. Öýlän bir adam peýda boldy, ol göni suwa tarap gelýärdi. Ol uzyn boýly, ak ýüzli, uzyn sakgally kişi bolup, egninde-de dony bardy. Ýaňky adam çeşmäniň ýanyna gelip, täret kyldy, namaz okap bolup hem öz ýoluna gitdi. Men öz-özüme:

– Näme üçin onuň bilen habarlaşmadyň?! – diýip igendim. Sabyr edip, ýene-de garaşdym. Ol adam ikindi namazy üçin gelende, ýanyna baryp:

– Eý, halypa! Gudratly Allatagalanyň haky üçin, kömege ýetişeweri! Nyşapurdan hem, gidip barýan kerwenimden hem aýra

düşdüm. Başyma şeýle-şeýle ýagdaýlar geldi! – diýdim. Ol meniň elimden tutdy. Şol wagt sähra tarapdan bir ýolbars geldi-de, şyhyň ýanynda hyzmata gaýym bolup durdy. Şyh ýolbarsyň gulagyna agzyny goýup, oňa bir zatlar diýdi. Soňra meni ol ýolbarsa mündürip:

– Gözleriňi ýum! Ýolbars nirä baryp dursa, şol ýerde ondan düş--de, gözüňi aç – diýdi.

Gözlerimi ýumdum. Ýolbars ýola düşdi. Birsellem gideninden soň, ol bir ýerde saklandy. Men ondan düşdüm. Gözlerimi açýançam, ýolbars gözden ýitip, gaýyp boldy. Birnäçe ädim ätlämsoň, Buhara baryp ýetendigimi bildim. Bir gijämi derwüşhanada geçirdim. Ol ýerde uly bir jemagat bardy. Men:

– Derwüşhanada adam örän köp-le. Munuň sebäbi näme?! – diýip, ol ýerdäki adamlardan soradym.

– Şyh, keramatly pir Abu Sagyt Abul Haýyr (hezreti Mäne baba) bu şähere geldi! – diýip habar berdiler. Men hem ol ýerdäkiler bilen birlikde şyhyň mejlisine gitdim. Görsem, keramatly pir Abu Sagyt meni ýolbarsa mündüren şo-l adam-da! Ol ýüzüni maňa tarap öwrüp:

– Entäk dirikäm, bu syrym barada hiç kime dil ýarma! Çünki weýrançylykda görlen zat hakynda abadançylykda aýdylýan däldir! – diýdi. Ol şeýle diýip, sözüni tamamlan badyna, aýylganç gygyryp, özümden gidipdirin.

***

Rowaýat etmeklerine görä, günleriň birinde keramatly pir Abu Sagyt Abul Haýyr Nyşapurda ilki gezek peýda bolýar. Bu şäherde keramatly pir Abu Kasym Kuşeýriniň ýanynda bolýan hem-de onuň söhbedini diňleýän otuz adamyň ählisi şol günüň gijesi düýşlerinde nurly Günüň asmandan Zemin sary inendigini görýärler. Ol düýşi keramatly pir Kuşeýriniň özi hem görýär. Ertesi azan wagty şähere: «Şyh Abu Sagyt Nyşapura gelipdir!!!» diýen habar ýaýraýar. Kuşeýri hezretleri:

– Onuň mejlisine gitmäň! – diýip, öz müritlerine berk tabşyrýar.

Abu Sagyt hezretleriniň şähere gelmegi bilen, nurly Günüň Zemin sary inişiniň müritleriniň düýşüne girmegi, soňra şol müritleriň onuň mejlisine gidendiklerini bilmegi sebäpli Kuşeýri hezretleriniň

kalbyna birhili rahatsyzlyk aralaşýar hem-de Abu Sagyt (hezreti Mäne baba) bilen görme-görşe gitmeýär.

Günleriň birinde keramatly pir Kuşeýri kürsüde oturan ýerinden:

– Men bilen Abu Sagydyň arasyndaky parh şudur: Abu Sagyt Allatagalany söýýär. Allatagala bolsa Abu Kasym Kuşeýrini söýýär! Onsoňam, Abu Sagyt bir zerre bolsa, biz dagdyrys! – diýipdir.

Onuň bu sözlerini keramatly pir Abu Sagyt Abul Haýra ýetirýärler. Ol:

– Aslynda, biz hiç zatdyrys! Zerre-de ol, dag hem ol! – diýip seslenipdir. Onuň sözlerini hem Kuşeýri hezretleriniň gulagyna ýetirýärler. Ol ýene-de kürsüsine çykyp:

– Abu Sagydyň mejlisine giden kişiden ýüz öwrüljekdir ýa-da ol müritlikden kowuljakdyr! – diýip yglan edýär. Şol gije bu keramatly pir düýşünde hezreti Muhammet (s.a.w.) pygamberi görýär. Ol bir ýoly külterläp barýar eken. Keramatly pir ondan:

– Ýa, Resulallah! Nirä barýarsyň?! – diýip sorapdyr. Hezreti pygamber:

– Abu Sagydyň mejlisine barýaryn! Onuň mejlisine gitmedik kişiden ýa ýüz öwrüler, ýa-da ol kowlar! – diýip jogap beripdir.

Keramatly pir Kuşeýri şol wagt ukudan oýanyp, gören düýşüne haýran galýar we derrew Abu Sagyt hezretleriniň mejlisine gidermen bolýar. Ol täret almak üçin ýerinden turýar. Emma täret alan mahaly sünnete laýyk bolmadyk bir hereket edäýýär. Ol muny aňýar, emma bu säwligini düzederden indi giçdi. Kuşeýri hezretleri daňyň ataryna-da garaşman, Abu Sagydy zyýarat etmek üçin ýola düşýär. Ýolda onuň öňünden birtopar it çykýar. Olar öz aralarynda hyşyda-wyşymyşyn. Kuşeýri hezretleri:

– Bu ýerde näme bolýar? – diýip, olara ýüzlenýär. Oňa:

– Bu ýere bir ýat it geldi. Ýerli köpekler onuň üstüne hüjüm edip, oňa azar berip başladylar – diýip jogap berýärler.

Bu jogaby alan keramatly pir: «Ite mahsus häsiýetden el çekmeli. Gelen myhmana topulmaly däl! Myhmany päkýüreklilik, şatlyk bilen kabul etmeli! Ynha, men hem şyh Abu Sagydyň hyzmatyna gidýärin!» diýip, içini gepledipdir.

Ol birnäçe wagtdan soňra keramatly piriň oturan metjidiniň gapysyndan garaýar. Onuň metjide gelenini gören halk haýran galýar.

Ussat Kuşeýri gözüni aýlan badyna Abu Sagydyň ruhy kämillige barýan ýolda soltanlyk şanyna we mertebesine ýetendigine akyl ýetirýär. Ussat Kuşeýri: «Bu adam danalykda we ylymda menden üstün ýaly! Ýagdaýa göräräk bolaýyn. Ýogsa-da ol şeýle sylag-hormata nädip mynasyp bolduka?! Men näme üçin onça ýokkam?» diýip, içinden pikir öwürýär.

Onuň bu pikirleri Abu Sagyt hezretlerine keramat üsti bilen aýan bolýar. Ol Kuşeýri halypa tarap öwrülip:

– Eý, ussat! Bu ýagdaýyň sebäbini täret alanda sünneti terk eden meşhur ulamanyň halyndan gözle – diýipdir.

Bu sözleri eşiden ussat Kuşeýriniň erki elinden gidipdir. Birden bolsa şeýle bir keýpi kökelip, şadyýan hala giripdir, kalbyny heýjan gaplap alypdyr.

Abu Sagyt hezretleri hem kürsüsinden düşüp, dogry ussat Kuşeýriniň ýanyna baryp, iki pir gujaklaşypdyr. Keramatly piri inkär etmegine sebäp bolan pikirler şobada Kuşeýri hezretlerini terk edipdir.

Şeýdip, olaryň arasynda dostlukly gatnaşyk başlanypdyr. Hatda bir gezek Kuşeýri hezretleri münberde duran ýerinden:

– Abu Sagydyň mejlisine gatnamaýan adamdan ýüz öwrüljekdir ýa-da aramyzdan kowuljakdyr! Öňki aýdanlaryma ters gelýändigine garamazdan, bu gün şeýle diýýärin! – diýip, yglan etmäge-de özünde güýç tapypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, keramatly pir Kuşeýri sema’ ynanmaýan ekeni. Ol bir gün keramatly pir Abu Sagydyň gurduran derwüşhanasynyň öňünden geçip barýarka, ol ýerde sema' edilýändigini görýär. Ol: «Şeýdip, baş açyk, aýak ýalaňaç aýlanyp, döwre gurap, pyr-pyr pyrlanýanlara dürs, takwa kişiler diýilmegi şerigata dogry gelmez! Olaryň iman getirendiklerine asla ynanylmaz!» diýip içini gepledýär. Onuň içgepletmesi Abu Sagyt hezretlerine keramat üsti bilen aýan bolýar. Onsoň ol bir adamy Kuşeýri hezretleriniň yzyndan gönderip: «Sen ondan meniň adymdan: «Imandan söz açar ýaly, iman barada asla näme bilýäň?! Biziň imanly kişileriň hatarynda

durandygymyzy ýa-da durmaýandygymyzy haçan gördüň?!» diýip sora!» diýip tabşyrypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Aly Dekkakyň gyzy Abu Kasym halypanyň ýanýoldaşy eken. Ol Abu Kasymdan şyh Abu Sagyt Abul Haýryň mejlisine gitmäge ygtyýar soraýar. Halypa:

– Bolýar, ýöne başyňa köneje çadra atyp, ýüzüňe perde çek! Seniň kimdigiňi, goý, hiç kim bilmesin! – diýip maslahat berýär.

Bir gün Abu Kasymyň aýaly Abu Sagyt hezretleriniň mejlisine gelip, beýleki zenanlaryň arasyna, jaýyň üçegine baryp oturýar. Abu Sagyt Abul Haýyr hezretleri söhbet edip oturyşyna:

– Bu sözi Abu Aly Dekkakdan eşitdim, onuň parçalaryndan bir parça häzir şu ýerde – diýýär. Keramatly piriň özi hakda aýdanlaryny eşiden zenan bihuş bolup, özünden gidip, üçekden aşak gaçýar. Bu haly gören Abu Sagyt Abul Haýyr derrew:

– Ýa, Hudaýym! Bu hanymy öňki oturan ýerine çykaraweri! – diýip doga edýär.

Şol pursat bihuş ýatan zenan Allatagalanyň gudraty bilen ýokary göterilýär we üçekde oturan zenanlar ony çekip alýarlar.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Nyşapur şäherinde Abu Hasan Tuny diýen ymam bar eken. Ol keramatly pir Abu Sagyt Abul Haýra diýseň müňkürlik bilen garapdyr. Hatda oňa gargyş hem edýän ekeni. Keramatly pir Nyşapur şäherinde bolýan mahaly onuň gurduran derwüşhanasyna barmak beýlede dursun, hatda bir sapar ýanyndan hem geçmändir. Bir gün keramatly pir Abu Sagyt Abul Haýyr:

– Aty eýerläň! Abu Hasan Tunynyň ýanyna gitjek! – diýipdir. Ýanyndaky adamlar: «Şyhymyzyň özüne lagnat okap, gargyş edýän bilen görme-görşe gitjek bolmagy näme, janlarym?!» diýip, içlerinden närazy bolupdyrlar.

Keramatly pir ol jemagaty hem ýany bilen alyp, ýola düşýär. Ýolda şyhyň keramatyna müňkürlik edýän başga bir kişi öňlerinden çykyp, pire lagnat aýdýar. Jemagatdakylar ol müňküri suwa-salma edip ýençmek isleýärler. Şol wagt pir:

– Hany, köşeşiň! Allatagala bu lagnaty sebäpli, oňa rehmet eçiljekdir! – diýip seslenipdir. Adamlar:

– Bu näme boldugy?! – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Bu kişi keramatymyzy gözbagçylyk hasap edýär hem-de Allatagalanyň razyçylygy üçin gözboýagçylyga lagnat okaýar – diýipdir. Ýaňky kişi piriň aýdanyny eşidip, onuň münüp oturan atynyň öňünde çöküne düşüp, eden işine toba edip, ötünç soraýar. Şyh şonda şeýle diýipdir:

– Gördüňizmi?! Allatagalanyň razylygyny gazanmak üçin edilen lagnat, gör, nähili täsir edip, gör, nähili netije berýär!

Soňra keramatly pir ýene-de ýola rowana bolup, zyýarata gelýändigini Abu Hasan Tuna öňünden habar berer ýaly, onuň huzuryna çapar gönderýär. Çapar baryp, bu habary Abu Hasan Tuna ýetirende, ol gargynjyrap:

– Onuň meniň ýanymda nä köri bar!!! Onuň gitmeli ýeri isaýylaryň ybadathanasydyr – kilisedir. Onuň orny şol ýerde! – diýipdir.

Derwüş yzyna dolanyp baryp, ýüze çykan ýagdaýy keramatly pir Abu Sagyt Abul Haýra habar berýär. Keramatly pir bu habary eşidip, atynyň ýüzüni başga tarapa öwürýär-de:

– Bismillah! Goý, şeýle bolsun! Piriň emrini ýerine ýetireýin! – diýip, kilisä tarap ugraýar. Öz dini däpleri bilen meşgul isaýylar, şyhyň kilisä gelenini görüp, onuň niýetini aňlamak üçin daşyna üýşüpdirler. Kilisede çokunylýan ýeriň öň tarapynda Isa alaýhyssalam bilen Bibi Merýemiň toslanyp tapylan şekilleri bardy. Şyh şol şekillere seredip:

– «E ente kulte linnäs ittehezuwniý we ümmiýe iläheýni min duwnillähi» diýen senmi?! – diýipdir (Gurhany Şerifiň «Maide» süresiniň 116-njy aýatyndan. Bu aýatyň öňi: «We iz kale Allahü ýa Isa ebn Merýeme» diýip başlanyp, soňra hezreti Mäne babanyň ýokardaky ýatlan ýerleri gelýär. Bu aýatyň golaý manysy: «Allatagala (şonda): «Eý, Merýemiň ogly Isa! Ynsanlara: «Meni we enemi Taňrydan başga iki Hudaý diýip kabul ediň!» diýen senmi?!» diýer»). Soňra keramatly pir sözüni dowam edipdir:

– Eger Muhammediň dini Hak dini bolýan bolsa, onda ikiňiz hem şu dem Allatagala(nyň ýeke-täkdigine kepil geçip), Oňa sejde ediň!»

diýip, şekillere ýüzlenipdir. Şol dem şekilleriň ikisi hem Käbä tarap öwrülip, ýere gaçýar. Isaýylar bu ahwalaty görüp, aglap başlaýarlar. Olaryň içinden kyrk kişi billerindäki zünnary (hristian dinindäkileriň bil guşagy) çözüp, iman öwrüp, musulman dinini kabul edýär.

Şyh bu ahwalatdan soňra öz ýanyndaky jemagata tarap öwrülip:

– Her kim pirleriň görkezen ýoly bilen gitse, ol piriň bereketi bilen işi, ynha, şeýle netije berer! – diýipdir.

Bu habar ymam Abu Hasan Tuna baryp ýetýär. Şol pursat Alla tarapyn onuň kalbyny ylahy nur gaplap alýar. Ol ýanyndakylara:

– Hol, iki bölek tagtany ýanyma alyp geliň we olardan kejebe ýasap, meni oňa mündürip, şyhyň ýanyna alyp baryň – diýipdir. Ony kejebä mündürip, Abu Sagyt Abul Haýryň ýanyna äkidýärler. Onuň huzuryna baran Abu Hasan Tuny nagra tartyp, şyhyň aýagyna ýykylýar. Ol toba edip, ötünç sorap, onuň müridi bolupdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, nyşapurly Kazy Soed hem hezreti Abu Sagyt Abul Haýryň keramatlaryna müňkürlik edýänlerden ekeni. Ol keramatly şyhyň: «Eger-de bütin älem gan bilen dolsa (ýagny her kim diňe haram iýse) hem, biz halaldan özge zat iýmeris!» diýenini eşidipdir. Onsoň keramatly piri barlap, synap görmek niýeti bilen, bir gün iki sany: biri halal pula, beýlekisi haram pula satyn alnan toklynyň etini kebap edip, ikisini-de keramatly Abu Sagyt Abul Haýyr hezretleriniň huzuryna ugradýar. Özi bolsa öňürdip, iberen tokly kebaplary baryp ýetişmänkä, keramatly piriň huzurynda peýda bolýar.

Kebaplary alyp gelýän hyzmatkärleriň öňünden birnäçe serhoş çykyp, haram pula satyn alnan toklynyň etinden bişirilen kebaply mejimäni zor bilen alyp iýýärler. Kazynyň hyzmatkärleri keramatly piriň gurduran derwüşhanasynyň gapysyndan girip, kebaby onuň öňünde goýýarlar. Keramatly pir Abu Sagyt Abul Haýyr şonda kaza şeýle diýýär:

– Eý, kazy! Sen arkaýyn bol! Haram läş bireýýäm itlere şam boldy. Halal tokly bolsa, ynha, bize miýesser etdi!

Kazynyň bu sözlere ýüzi gyzaryp, örän utanypdyr hem-de öz müňkürliginden el çekipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün keramatly pir ýerde ýatan bir serhoşy görüp:

– Hany, eliňi ber maňa! – diýip, ony ýerinden turuzmak isläpdir. Serhoşyň:

– Eý, şyh! Öz ýoluň bilen gidiber! Elden tutmak seniň işiň däl, çünki biçäreleriň elinden tutup, ezeneginden galdyrýan tenha gudratly Allatagaladyr! – diýip jogap bermegi onuň diýseň göwnüne ýarapdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, keramatly pir öz müridi bilen sähralyk ýerden ýöräp barýar eken. Bu jelegaýlarda adam iýýän möjekler hem duş geläýýärmiş. Ynha, şol möjeklerden biri keramatly şyhyň üstüne hüjüm etmekçi bolanda, müridi ýerden daş alyp, möjegi daşlap başlapdyr. Şonda şyh:

– Edýäniň näme?! Bir jan üçin, bu janawara jepa berme! – diýipdir.

***

Mäne baba şeýle diýipdir:

– Eger-de sekiz jennet Abu Sagydyň ýokluk zerrelerinden diňe bir zerresiniň garşysynda durmaga synanyşyk etse, onda olaryň hemmesi bütinleý gaýyp bolardy!

***

Mäne baba şeýle diýipdir:

– Zerreler üçin Allatagala barýan ýol bardyr. Emma şol ýollaryň arasynda Allatagala iň ýakyny musulmanyň kalbyny rahatlatmakdyr!

***

Rowaýat etmeklerine görä, derwüşlerden biri:

– Ony (ýagny Allatagalany) nirelerden gözläýin?! – diýen sowal bilen Mäne baba ýüzlenýär. Ol:

– Ony nireden gözläňde bolman dur?! Eger-de Ony tapmak niýeti bilen ýola düşüp, tüýs ýürekden bir gadam öňe ätmegi başarsaň, nirä baksaň-da Ony görersiň! – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, keramatly piriň ýalançy dünýäni terk etmeli pursady ýakyn gelende, ol şeýle diýipdir:

– Bize bir habar gelip gowuşdy. Ol habarda: «Bu ýere gelen şu adamlar häzirlikçe seni görýärler! Ýöne häzir seni olaryň arasyndan çykararys. Soňra olar, goý, bizi görsünler!» diýilýärdi.

***

Keramatly pir ýene şeýle diýipdir:

– Biz gidýäris, ýöne size şu üç zady miras goýýarys: Hak ýoly bilen öňe ilerle. Ýolçulykda ýüzüň hem, eginbaşyň hem tämiz bolsun. Agzyňa hapa söz alma!

***

Günleriň birinde Mäne baba ýanyndakylara ýüzlenip:

– Erte ýüz-müňlerçe kişi tagatyň nämediginden bihabar gezer. Emma gudratly Allatagala olara tagat etmegi öwreder – diýipdir. Bu habary eşidenler:

– Olar kimler?! – diýip sorapdyrlar. Ol:

– Biz söhbede başlanymyzda başlaryny aşak salanlar! – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Mäne baba ömrüniň ahyrky günleriniň birinde birnäçe jümle aýdyp, soňra başyny aşak egipdir. Şol pursat hatda onuň gaşlary hem aşak sallanypdyr. Jemagat bu haly görüp aglapdyr. Soňra keramatly pir ata atlanyp, özüniň gijelerine, gündizlerine ýekelikde, terkidünýä ýagdaýda Haktagala mynajat eden bütin sähralaryna aýlanyp, ol ýerler bilen hoşlaşypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Mäne babanyň ogly Abu Tahyr mekdebe gitmegi diýseň ýokuş görýär ekeni. Ol, başarsa, mekdepden gaçmak bilen bolupdyr. Bir gün keramatly pir şeýle diýipdir:

– Kimde kim maňa derwüşleriň myhman bolmak niýeti bilen ýetip gelýändiklerini ilki bolup söýünjilese, onuň islendik arzuw-islegini bitirerin!

Keramatly piriň bu wadasyny eşiden ogly Abu Tahyr derwüşhananyň üçegine çykyp, myhman gelýänini ilkinji bolup buşlamagy niýet edinýär. Daş-töweregi synlap oturan Abu Tahyr derwüşhana birtopar derwüşiň ýetip gelýändigini görýär. Ol derrew olar barada keramatly pire habar berýär. Mäne baba:

– Näme islegiň baryny aýt! – diýýär.

– Meniň islegim – mekdebe gitmezlik!

– Bolýar, gitme!

– Meniň mekdebe asla gidesim gelenok!

Mäne baba onuň näme isleýänini bilip, birsalym başyny aşak salyp oturansoň:

– Bolýar, gitme! Emma «Innä Fetehnä» süresini ezber öwren! – diýipdir. Abu Tahyr bu teklibe monça bolup, «Innä Fetehnä» süresini gowy edip ýat tutýar. Keramatly piriň dünýäden gaýdanyndan nijeme ýyl geçensoň, bir ýagdaý ýüze çykyp, Abu Tahyr agyr bergä-borja batýar. Ol hoja Nyzamylmülküň häkimlik edýän Yspyhan şäherine gidýär. Nyzamylmülk söz bilen taryp edip bolmajak derejede oňa hormat, sylag edýär. Şol wagt hoja Nyzamylmülküň huzurynda sopuçylygy, sopulary ýigrenýän bir adam hem bar ekeni. Ol Nyzamylmülke:

– Sen oňa şeýle köp halat-serpaý, pul berip, hormat edýärsiň! Seniň hormat bildirýän bu kişiň täreti nädip kylmalydygyndan habarsyz ahyryn! Şerigat ylmyndan şermende-hä ol! Bu sopular şeýtanyň ýumrugynyň içinde oýnap, mum-helim edýän adamlarydyr – diýip, Nyzamylmülküň Abu Tahyra hormat goýup, serpaý ýapmagyndan nägile bolýar. Nyzamylmülk:

– Seniň diýýäniň näme!!! Bularyň her bir zatdan habary bar, onsoňam olar hemişe din işleri bilen meşgul bolýarlar! – diýip, onuň

bilen ylalaşmaýar. Ýaňky adam Abu Tahyryň Gurhany Şerifi okap bilmeýänliginden habarly ekeni. Şonuň üçin hem ol Nyzamylmülke:

– Bu günki gün sopularyň iň gowusy Abu Tahyr hasaplanýar, ýöne ol hem Gurhany Şerifi okap bilmeýär! – diýýär.

– Onuň ýaly bolsa, Abu Tahyryň özüni bu ýere çagyraly! Onsoň, ondan seniň teklip eden süräňi okamagy talap ederis! – diýip, Nyzamylmülk ahyrky netijä gelýär. Soňra ol ýere uly din hadymlaryny we sopulary jemläp, Abu Tahyry hem çagyrýarlar. Nyzamylmülk Abu Tahyry ýamanlan adamdan:

– Hoja Abu Tahyryň haýsy süräni okamagyny isleýärsiň?! – diýip sorapdyr. Onuň:

– «Fetih» süresini – diýmegi bilen, Abu Tahyr ol süräni okamaga başlaýar hem-de nagra çekip, aglap, süräni okap tamamlaýar. Şeýdip, şikaýatçynyň ýüzi lap-lap gyzarýar, Nyzamylmülk bolsa hoşnut bolýar. Soňra Nyzamylmülk Abu Tahyrdan:

– Bu süräni okap durkaň, nagra çekip aglamagyň sebäbi näme?! – diýip sorapdyr. Abu Tahyr «Fetih» süresi bilen bagly kakasy bilen arasynda bolup geçen wakany başyndan aýagyna çenli oňa gürrüň berýär. Nyzamylmülk:

– Mundan ýetmiş ýyl ozal keramatly pire, dünýäden gaýdanyndan soň, öz perzendiniň başyna geljek ýagdaý keramat üsti bilen aýan bolupdyr. Şonuň üçin hem ol bu ýagdaýdan baş alyp çykmagyň ýoluny bişirip gidipdir. Ol hezretleriň ýeten derejesine, keramatyna serediň-ä! – diýipdir. Şol günden soňra Nyzamylmülküň Abu Tahyra bolan hormaty we ynamy has hem artypdyr.

## *ABU NASER SERRAJ*

Aryf, alym, Haktagaladan heder edýän hekim, beýikler zümresiniň (toparynyň) emini, pakyrlar zynjyrynyň altyn halkasynyň gymmatbaha daşy, şyhlaryň gaýmagy, zamanasynyň piri Abu Naser Serraj (Allatagala oňa rehim eýlesin!) adalatly, Haksöýer, kämildigi aýdyň görnüp duran gaýratly ymamdy. Oňa «Tawus-ul fukara» («Pukaralyk tawusy») diýipdirler. Onuň waspyny we tarypyny beýan ederden galam ejiz gelýär, dil hem söz tapman, müýnürgäp sallanýar. Ylma ussatlykda kämildi, riýazatda we başarjaňlykda ol hezretleriň şany azymdy.

Pirleriň aýdan sözlerini düşündirmekde, şirin sözlülikde, halatda we keramatda barypýatan täsinlikdi. «Lum'a» atly kitaby ýazan hem şoldy. Göwni isläp, şol eseri okan adama kämil piriň kimdigi mälim bolar. Men hem ol hezretler babatda başardygymça birnäçe keleme aýdaýyn.

Ozalbaşda Seri Sekaty we Sehl bin Abdylla Tusteri bilen, soňra hem köp şyhlar-pirler bilen didarlaşypdyr. Asly Tus şäherindendir.

***

Abu Naser hezretleri remezan aýynda Bagdada barýar. Şunuziýe metjidinde oňa bir hylwathana – hüjre berip, derwüşlere ymamlyk etmegi tabşyrýarlar. Ol terawih namazy wagtynda Gurhany Şerifi bäş mertebe hatym etmegi başarýan heýjanly adam eken. Hyzmatkär her gije onuň hüjresine gelip, oňa bir tegelek çörek goýup gider ekeni. Bu ýagdaý remezan baýramyna çenli dowam edýär. Baýramdan soň Abu Naser hezretleri hüjresini terk edip, öz ugruna gidýär. Oňa çörek getirip berýän hyzmatkär hüjrä girip seretse, oňa remezan aýynyň bü-

tin dowamynda getiren çörekleriniň hemmesi el degrilmedik halda saçaga dolangy dur eken!

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gyş gijesi jemagatyň jemlenen ýerinde ma'rifet barada gürrüň etmäge başlapdyrlar. Ojakdaky ot hem aýagaldygyna ýanyp duranmyşyn. Abu Naser hezretleri şol pursat bir hala ulaşýar hem-de ýüzüni şatyrdap ýanýan oduň közüniň üstüne goýup, Haktagala sejde edýär. Bu gorkunç ýagdaýy gören, oňa şaýat bolan müritleriň hemmesi gorkup, gaçyp gidýärler. Olar diňe ertesi yzlaryna dolanyp, gelýärkäler hem: «Pirimiz-ä ýanan bolsa gerek!» diýip içlerini gepledýärler. Ýöne olar pirleriniň mährapda oturandygyny görýärler. Onuň ýüzi, edil Aýyň parasy ýaly, nurlanyp durmuş. Müritler:

– Ýa, pirimiz! Bu ne ahwalat, bu ne keramatdyr?! Biz siziň ýüzüňiziň bütinleýin ýananyna şaýat bolduk, ýagny şeýle diýip hasap etdik – diýipdirler. Abu Naser hezretleri şonda şeýle diýipdir:

– Siziň gözüňize şeýle bolup görnen bolmagy ahmal! Emma bu dergähde (Haktagalanyň dergähinde) gözüniň ýaşyny dynman dökýän kişiniň ýüzüni dünýewi ot ýakmaz! Yşk aşyklaryň teninde we kalbynda tutaşan bir ataş bolup, ol gudratly Allatagaladan başga hemme zady ýakyp-ýandyryp, kül eder!

***

Abu Naser Serraj hezretleri şeýle diýipdir:

– Ynsanlar edepleri babatda üç tüýslüdir: birinji topary ehli-dünýä (ýalançy dünýäni söýýänler) emele getirýär. Olar üçin edep dilewarlykdan, şelaýynlykdan, ýaranjaňlyk edip özüňi goramakdan, hökümdarlaryň şanly atlaryny dürs aýtmakdan hem-de arap şygyrlaryny ezberlemekden ybaratdyr. Ikinji topardakylara ehli-din (dindarlar) diýýärler. Olar üçin edep beden tämizliginden, dini goramakdan, haý-höwes arzuwyny terk edip, gara nebse çile çekdirmekden ybarat. Üçünji topara ehli-husus diýýärler. Bu topara girýänler üçin edep – bu kalby tämizlemekdir, syr saklamagy başarmakdyr, ähde wepalylykdyr, wagtyň gadryny bilmekdir, dagynyk pikire äh-

miýet bermezlikdir, zerurlyk ýüze çykanda, Hakyň huzurynda hem-de Haka ýakynlaşan mahalynda ýagşy işlere amal etmekdir!

***

Abu Naser Serraj hezretleri bir gezek şeýle diýipdir:

– Meniň ýatan guburymyň ýanyndan geçirilen tabytdaky merhum o dünýäde bagyşlanmaga mynasyp bolar!».

Şonuň üçin hem Tus şäherinde tabyda goýlup, depin etmek üçin alnyp barylýan merhum onuň mazarynyň ýanyndan geçirilýär. Soňra ony özi üçin taýýarlanan ýerde jaýlaýarlar.

## *ABU FAZYL HASAN SARAHSY (SARAHS BABA)*

Takwalygyň kämil hasyly, diýanatyň emiri, günäsiz eziz, hatasyz Hatyra, hubbul-watan (aslyňa dolanmak) duýgusy bilen zarlap ýanan hezreti Abul Fazyl Hasan Sarahsy (Allatagala oňa rehim eýlesin!) öz zamanasynyň pirleriniň iň kämilidi, älem-jahanyň taýsyz gözelligidi. Aňrybaş takwa bolmak bilen birlikde bütin durky bilen gudratly Allatagala bolan mähir-muhabbete ýugrulandy. Hoşgylawlykda, rehim-şepagatda örän belent derejä eýedi. Keramatda we öňdengörüjilikde kimdir biri bilen deňeşdirerden, baha bererden has ýokarda bolan hakyky welidi. Magrifet we hakykat babatdaky meseleleri eli bilen, dili bilen däl-de, diňe barmagynyň yşaraty bilen çözmegi başaran hakyky pirdi.

Ylahy nur bilen şereplenen, keramatly we halatly bu pir Sarahsda ýaşap geçipdir. Ol zamanasynyň uly şyhy hezreti Abu Sagyt Abul Haýryň – Mäne babanyň hem mürşididi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, her wagt hezreti Abu Sagyt Abul Haýyr (Mäne baba) hezretleri ruhdan düşüberse: «Aty eýerläň! Haja gitjek!» diýip, piri hezreti Sarahs babanyň aramgähine zyýarata baryp, özüne gelýänçä şol ýerde bolar eken. Ol umra hajyna gitmäge meýilli müritlerini (sopularyny) hezreti Sarahs babanyň guburyny zyýarat etmäge ýollap:

– Onuň ýatan ýerine zyýarat ediň! Şondan soňra, enşallah, maksadyňyza ýetersiňiz! – diýer eken.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir adam Mäne babadan:

– Beýle beýik şan-şöhraty, döwletliligi nireden tapdyň?! – diýip sorapdyr.

– Bir akar ýabyň boýuny syryp barýardym. Keramatly pir hezreti Abul Fazyl Sarahsy ýabyň bir tarapyndan beýleki tarapyna geçjek bolanda, maňa nazar saldy. Bu şan-şöhrat, döwletlilik – ählisi şondandyr! – diýip, Mäne baba oňa jogap beripdir.

***

Hezreti ymam Haramy şeýle gürrüň beripdir:

– Kiçijik oglanjyk wagtym: «Ýapragy-ha mallarymyza ot bolsun, çybyklaram öýe odun» diýip, bir tut agajynyň üstüne çykdym. Keramatly pir Sarahs baba şol tuduň ýanyndan geçip gitse-de, meni görmedi. Muny onuň ýalançy dünýäni serinden çykaryp, köňlüni Haktagalanyň huzuryna baglanlygyna ýordum. Ol keýpihon halda ellerini ýokary göterip:

– Ýa, Rebbim! Başymy syrdyralym bäri bir ýyldan hem köpräk wagtyň geçendigine garamazdan, öz sahawatyňy maňa eçilmeýärsiň! Dost hem dosta şeýle edermi?! – diýeninden, gapdaldaky daragtyň ýapraklarynyň ählisi altyna öwrüläýdi. Şondan soňra Sarahs baba hezretleri:

– Bu neneňsi täsinlik! Diýýän sözlerimiziň ählisi göçme manyda bolup çykaýýar! Köňül rahatlygy bilen Saňa bir zat aýtmakdan ejiz gelýäris – diýip seslendi-de, aşakdaky beýti aýtdy:

Gär män sohäni begoftäm, ez sär mästi,
Oştor-e be gätar-e ma, çe ra bär bästi?!»

(Men-ä sermestlikden bir sözler aýtdym,
Sen bolsa düýäni kerwenmize gatdyň?!

***

Rowaýat etmeklerine görä, Sarahsda namaz okamaýan bir ýigit bar eken. «Näme üçin, namaz okaňok!» diýip soranlara, ol:

– Suw nirede?! –diýýär. Onuň elinden tutup, bir guýynyň başyna äkidýärler. Eline hem suw gowasyny berýärler. Keramatly pir Sarahs baba şonda:

– Bu ýigidiň öýüne gitmegi gerek! Çünki (akylynyň kemligi sebäpli) ol şerigatdan, ýagny Allatagalanyň hökümlerini ýerine ýetirmekden Alla tarapyn uzaklaşdyrylandyr! – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün Lukman Sarahsy hezretleri Sarahs babanyň ýanyna gelýär hem-de onuň elinde bir kitap görýär-de:

– Bu kitapdan näme gözleýäň?! – diýip soraýar. Sarahs baba:

– Sen kitap okamagy terk edip, kimi gözleýän bolsaň, men hem kitap okamak bilen Ony gözleýärin! – diýip jogap beripdir. Lukman Sarahsy hezretleri:

– Onda bu edepsizlik näme?! – diýen. Sarahs baba:

– «Näme gözleýäň?!» diýip, edepsizlik eden sensiň! Ylahy meslikden huşuňa aýlan! Huşly halyňy hem terk et. Goý, edepsizlik ortadan aýrylsyn! Şeýle etseň, meniň hem, özüňiň hem bileleşip, näme gözleýändigimize akyl ýetirersiň! – diýip jogap beripdir.

***

Abu Sagyt Abulhaýyr – Mäne baba hezretleri şeýle diýipdir:

– Sarahsda bolýan wagtym, keramatly pirim Sarahs baba hezretlerine:

– Gurhany Şerifdäki: «Ýühibbühüm we ýühibbuwnehü» (Gurhany Şerifiň «Maide» süresiniň 54-nji aýatyndan. Golaý manysy: «Ol (Taňry) olary söýer, olar hem ony (Taňryny) söýerler») diýen mukaddes sözleriň tefsirini, pirim, siziň agzyňyzdan eşitmegi arzuw edýärin! – diýdim.

Sarahs baba hezretleri:

– Agşam garaňky düşensoň düşündireýin. Çünki gijäniň tümlügi syr perdesidir! – diýdi. Asman älemini tümlük gaplansoň, Sarahs baba hezretleri:

– Sen oka! Men bolsa düşündireýin! – diýdi. Men içinde: «...Ýühibbühüm we ýühibbuwnehü» diýen mukaddes sözler hem bolan aýaty okadym. Sarahs baba ertesi daň atýança bu aýaty 700 hili edip düşündirdi. Ol düşündirişlerde hiç bir mesele gaýtalanmaýardy we olar bir-birine düýbünden meňzemeýärdi. Tümlük syrylyp, daň atdy. Sarahs baba:

– Jahan ýagtyldy, emma biz gaýgylandyk, şatlandyk-da (ýagny süýji we ajy günleri ýatlap), bu aýatyň tefsirini entek doly aýdyp hem ýetişmedik... – diýdi.

Saragt babadan soradym:

– Syr näme?!

– Sensiň– diýip, Sarahs baba jogap berdi.

– Syrlaryň syry näme?! – diýip, ýene bir sowal berdim. Ol aýtdy:

– Ýene-de sensiň!

***

Rowaýat etmeklerine görä, adamlar Sarahs baba hezretlerinden:

– Ygal ýagmaýar, gurakçylyk başlady. Ýagmyr dogasyny edeweri! – diýip haýyş edipdirler. Ynha, onsoň, şol gije Sarahsda galyň gar ýagypdyr. Ertesi gün jemagat:

– Muny nädäýdiň, pirimiz! – diýen. Sarahs baba olara:

– Sowuk tärinewa (süzme goşulan unaş ýaly nahar) iýdim. Men kutb (Ýeriň oky) ahyry! Meniň endam-janym, içim sowuk nahar sebäpli buz ýaly bolansoň, daşymdan aýlanýan jahan hem sowady – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä: «Şu sultana (Mahmyt Gaznala) betdoga et! Goý, ol ölsün ýa-da başga bir bela uçrasyn! Çünki ýurtda adalatsyzlyklar ör-boýuna galýar!» diýip, Sarahs baba hezretlerinden haýyş edipdirler. Keramatly pir başyny biraz wagtlap aşak egip oturypdyr-da:

– Betdoga etmek örän agyr düşýär maňa! Siziň bar pikiriňiz, hyýalyňyz diňe şol soltan baradamy?! Geçmişi ýatlap güberilip, geljege umyt edýärmisiňiz?! Siz wagta, zamana we ýagdaýa bakyň! – diýipdir.

***

Sarahs baba hezretleri şeýle diýipdir:

– Hakykat iki zatdan ybaratdyr. Olaryň birinjisi gudratly Allatagala mätäçdigiňi çynyň bilen duýmakdyr. Muňa yslam dininde ubudiýýet diýýärler, ýagny Haktagala doly boýun bolup, özüňi Onuň sadyk bendesi hasaplamagy aňladýar.

Olaryň ikinjisi gudratly Allatagalanyň resuly hezreti Muhammet (s.a.w.) pygamberiň yzyna eýermekdir. Sebäbi gara nebsiniň ýesiri bolup diňe özüni bilýän kesiň iki dünýäde-de hiç bir ajap zatdan nesibi bolmaz we ol özüni rahat duýmaz!

***

Rowaýat etmeklerine görä, hezreti Sarahs babanyň bu ýalançy dünýäni terk etmeli pursady ýakyn gelende, oňa ýüzlenip:

– Seni pylan ýerde jaýlarys. Çünki ol ýerde meşhur şyhlaryň, keramatlylaryň, mertebesi belent kişileriň hem guburlary bar – diýenlerinde, ol:

– Zynhar, beýle edäýmäň! Olaryň ýanynda jaýlar ýaly men kim?! Meni haram işler bilen meşgul bolanlaryň hem-de hilegärleriň, hokgabazlaryň ýatan ýerindäki ho-l depede jaýlaň. Çünki olar Onuň (Taňrynyň) rehmetinden daşda we oňa teşne! Goý, olar hem Allatagalanyň rehmetine birneme ýakynlaşsynlar! Sebäbi suwy halys teşne bolanlara berýärler ahyryn! – diýip seslenipdir (Allatagala oňa rehim eýlesin!).

## ABU APBAS SEÝÝARY

Ymamyýetiň kyblasy, keramatyň Käbesi, tarykatyň muçtehidi (aslyýetinde Gurhany Kerime we Sünnete daýanyp, özbaşdak şerigat hökümini çykarmaga hak gazanan uly alyma müçtehit diýilýär – terjimeçi), hakykatyň müjerredi (ýeke-tägi), açyk asmanyň gizlin Güni, ulama hem şyh Abu Apbas Seýýary (Allatagala oňa rehim eýlesin!) öz zamanasynyň ymamlarynyň, şerigatçy alymlarynyň we aryplarynyň biridi. Ol nijema şyhlar bilen didarlaşyp, olardan edep-terbiýe alypdyr. Hoşgylawlylykda sopular toparynyň içinde onuň bilen bäsleşip biljek kişi ýokdy. Merwde hakaýykdan (hakykatlardan) söz açan ilkinji pirdi, fykh (şerigat kanuny) boýunça kämil alym we hadys ylmynda taýsyz ussatdy. Abu Apbas Seýýary hezretleri Abu Bekir Wasytynyň mürididi.

Abu Apbasyň asly alym, emeldar çykýan abraýly, meşhur maşgaladandy. Merwde hiç bir maşgalanyň mertebesi bu maşgalanyň derejesiçe ýokdy. Oňa kakasyndan ägirt köp baýlyk miras galypdy. Abu Apbas Seýýary hezretleri ol emlägiň, baýlygyň hemmesini Haktagalanyň ýoluna harç eýlän taýsyz gerçekdi. Ol pygamberimiz Muhammediň (s.a.w.) sakgalynyň gylynyň iki taryny satyn almak üçin özüne düşen mirasyň ählisinden geçipdi. Gudratly Haktagala onuň bu mübärek işiniň bereketi hökmünde onuň kalbyny tobadan dolduryar. Ol sopuçylykda seýýaryçylyk diýip atlandyrylýan bir akymyň piridi.

***

Abu Apbas Seýýary hezretleri ruhy kämilligiň hatyrasyna janyna dözmekde ýokary derejelere çykypdyr. Ol bir adama ýüzlenip, şeýle diýipdir:

– Aýagyňy şeýle bir ýepbekle: ol günäli işe tarap bir ädim hem ätmesin!

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Apbas hezretleri günleriň birinde hoz satyn almak üçin bir dükana girýär hem-de dükança kümüş pul uzadýar. Dükançy kömekçisine:

– Hozlaryň iň gowularyny saýlap ber! – diýipdir. Şyh:

– Hoz satyn alýan her bir müşderiň üçin kömekçiňe şeýle maslahat berýäňmi?! – diýip soraýar. Dükan eýesi:

– Ýok! Muny seniň ylmyň hatyrasy üçin edýärin! – diýip jogap beripdir.

Şyh:

–Ylmymyň fazyletini iki däne hozuň bähbidine çalyşman! – diýip, ol dükandan hoz almakdan ýüz dönderipdir.

***

Şyh Abu Apbas Seýýari hezretleriň gubury Merwdedir. Adamlar ony araçy edip, Hakdan hajatlaryny dilemek üçin mazaryna zyýarata barýar. Olaryň ýagşy dilegleri, Hakyň dergähinde kabul hem bolýar. Munuň köp subutnamasy bar.

## *ABU ALY DEKKAK*

Yşkda hem-de dostlukda gaýyp bolup giden, şowkda we muhabbetde köýen, derde ýürek beren Abu Aly Dekkak (Allatagala oňa rehim eýlesin!) ylmyň we rowaýatyň ussady, syr açmagyň we aýanlygyň binýady, asyryň ymamy, zamanasynyň şyhy, tarykatyň soltany, hakykatyň patyşasy, Hakyň zybanydy.

Hadys, tefsir, rowaýat, takdyr, wagyz we nesihat meselelerini çözmekde uly derejelere ýetipdi. Çile çekişi, keramat görkezişi täsinlikdi. Ýiti sözlülikde we hakykatlary düşündirmekde, tarykatda onuň deňinde azsanly adam bardy.

Ol Naserabady hezretleriniň müridi bolupdyr, uly şyhlaryň köpüsi bilen didarlaşypdyr hem-de olaryň hyzmatynda bolupdyr. Keramatda we halatda, Haktagalanyň ýolunda şan-şöhratly şahsyýetler hem: «Her bir zamanada Haktagalanyň ýolunda baş goýanlaryň arasynda bagry girýan bolup, gözlerinden ganly ýaş dökmegi başarýanlar bolýar. Abu Aly Dekkak hem öz asyrynyň şeýle şyhlaryndandy» diýipdirler.

Ol özünde bolan şowk derdini hem-de zowk ataşyny özgä aýan etmändir. Bütin ömründe Haktagalanyň ýolunda ylgap, aýagyny epmäge wagty bolmandyr.

Abu Aly Dekkak Merwde dünýä inipdir. Onuň Haktagalanyň ýoluna düşmegine heniz Merwde ýaşaýarka bir waka sebäp bolupdyr. Abraýly şyhlaryň biri şeýle diýipdir: «Iblisi Merwde öz başyna toprak seçýärkä gördüm hem-de ondan:

– Eý, lagnaty! Näme boldy?! – diýip soradym. Ol:

– Ýedi ýüz müň ýyldyr ugrunda ylgap, arzuwynda ýanan bir halatymy un satýan oglanyň egnine atdylar – diýdi».

Abu Aly Dekkagyň şanynyň belentliginden söz açyp, Abu Aly Fermedi şeýle diýen: «Ertir kyýamat güni: «Men Abu Aly Dekgagyň atdaşydyryn!» diýmekden başga hajatym bolmaz!».

Ussat Abu Aly Dekkak şeýle diýipdir: «Öz-özünden ýetişen, bagban tarapyndan esewan edilmedik daragt ýapraklar, emma miwe bermez! Miwe beräýse hem, beren miwesinde datly tagam bolmaz! Ynsan-da hut şol miweli daragt ýalydyr. Ussady bolmadyk adamdan idili zat çykmaz!». Ol sözüni dowam edip: «Meni Haktagalanyň ýoluna salan ussadym şyh Naserabadydyr. Ol Şibliniň, Şibli hem Jüneýit Bagdadynyň, ol hem Seriniň, Seri hem Dawudyň, Dawut hem Marufyň, ol hem Tabiniň sopusydyr» diýipdir.

Abu Aly Dekkak hezretleri ýene-de şeýle diýipdir: «Şyhym Abulkasym Naserabadynyň huzuryna gitjek bolamda, hökman gusul (boý) täretini alýardym».

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Aly Dekkak hezretleri bir mejlisden soň ençeme ýyllap jemagatyň gözünden gaýyp bolupdyr. Ol Hijaz ülkesini zyýarat edipdir, başga ýerlere sapar edipdir, çile baryny çekipdir. Hormatly pir bir gün baş açyk, aýakýalaň, hor-homsy halda Reý şäherine baryp, Abdylla Omaryň derwüşhanasynda düşleýär. Bir adam ony tanap:

– Bu ussat Abu Aly Dekkak ahyryn! – diýip seslenen badyna, jemagat onuň daşyna üýşýär. Abraýly şyhlar, ulamalar hem onuň ýanyna gelip, hormat bildirip, ondan sopulara ders öwretmegi, diniň jedelli meseleleri boýunça söhbet etmegi haýyş edipdirler. Abu Aly Dekkak şeýle diýipdir:

– Bu aýdýanlaryňyzy başarmaryn. Ýöne, enşallah, birki agyz söz aýdaryn!

Şol pursadyň özünde münber gurup, hadysy-şeripleri düşündirmegini haýyş edýärler.

Onuň daş-töweregine sansyz, agyr märeke jemlenýär. Ony diňleýänler aglaşýarlar, jemagatda uly tolgunyşyklar emele gelip, şol başagaýlykda birnäçe adam aradan hem çykýar. Abu Aly Dekkak bu başagaýlykdan peýdalanyp, münberden düşýär. Jemagat köşeşensoň, adamlar ony idäp

başlaýarlar. Emma ony gördüm-bildim diýen tapylmaýar. Ol Reýden çykyp, Merwe barýar, soňra bolsa özüni Nişapura atýar.

***

Bir derwüş şeýle diýipdir: «Bir gün Abu Aly Dekkak hezretleriniň mejlisine bardym. Oňa Allatagala töwekgellik edýänler (bil baglaýanlar) barada sowal bermek niýetim bardy.

Onuň başyndaky ajaýyp tabary matasyndan dolanan sellesine gözüm düşüp: «Şol selle meniňki bolaýsady» diýip, içimden höwes etdim. Soňra men:

– Halypa! Töwekgeliň nähili aýratynlygy bar?! – diýen sowal bilen oňa ýüzlendim. Ol:

– Töwekgel kesekiniň başyndaky selleden tamakin bolmaz – diýdi-de, sellesini meniň öňüme oklady».

***

Abu Aly Dekkak hezretleri şeýle diýipdir: «Günleriň birinde näsagladym. Halymyň teň bolmagyna garamazdan, Nişapura gidesim geldi. Düýşümde biri maňa: «Sen bu şäherden gidip bilmersiň! Çünki perilerden ybarat bir jemagaty seniň aýdýan sözleriň heýjana getiripdir. Olar şonuň üçin her gün mejlisiňe gelýärler. Sen bu şäherde olar üçin galmaly bolarsyň» diýdi.

***

Gelip ýeten kyssalara görä, Abu Aly Dekkak hezretleri bir gün münbere çykyp:

– Allah! Allah! – diýip seslenipdir. Bir adam ondan:

– Şyhym, Allah nämedir? – diýip soraýar. Ol:

– Bilmeýärin! – diýip jogap berýär.

– Onda näme, bilmeýäniň barada söz nutuklaýarsyň?! – diýip, ol adam ýeň bermeýär. Pir:

– Eýsem Ondan başga kimiň adyny tutaýyn?! – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Aly Dakkak hezretleriniň mejlisinde oturan derwüş ýerinden galkyp:

– Men bir derwüşdirin. Indi üç günüň içidir, agzyma ýekeje lukma hem düşmedi – diýipdir. Mejlisde başga-da şyh kän ekeni. Abu Aly Dekkak hezretleri:

– Ýalan sözleýärsiň! Sebäbi derwüşlik hem pakyrlyk Patyşanyň her öňýetene açmaýan syrydyr. Ol öz syryny seniň ýaly içindäkini daşyna çykaryp ýörene açmaz! – diýip gygyrypdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün biri Abu Aly Dekkak hezretleriniň huzuryna gelip:

– Ussat! Men siziň huzuryňyza uzakdan geldim! – diýipdir. Ussat:

– Uzak ýoldan gelmegiň seniň öňüňdäki meseläni çözmegi ýeňilleşdirmez! Ilki bilen içiňi nebsiňden arassala, ana, şeýtseň, hemme maksadyňa ýetersiň! – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, biri Abu Aly Dekkak hezretleriniň ýanyna gelip, şeýtanyň berýän was-wasyndan şikaýat edipdir. Şyh oňa:

– Mala, pula hem-de ýalançy dünýäniň nygmatyny saňa güjeňleýän «daragty» köküňden goparyp taşla! Onuň üstüne serçe gonmaga hem şahasy galmasyn! Ol «daragtda» şeýtanyň höwürtgesi bar. Ol daragta gelip gonýan guşlar diňe Iblisiň guşlarydyr! – diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Hoşgu atly täjir keselläp, ussat ony soramaga barypdyr. Ol:

– Saňa näme boldy?! – diýip sorapdyr. Täjir:

– Gije namazyny okaýyn diýen niýet bilen täret kylmak üçin ýatan ýerimden galkamda, bilimde aýylganç bir agyry peýda boldy-da, tenim gyzyp, ýanar oda düşen ýaly boldum! – diýip, halyny habar beripdir. Şyh oňa şeýle diýipdir.

– Seniň özüňe degişli bolmadyk işler bilen, nefile namaz bilen ne işiň bar?! Gije namazyny kylmak saňa nämä derkar?! Eýle etseň,

elbetde, derde uçrarsyň! Saňa gerek zat nefile namaz däl-de, murdar, ýalançy dünýäni özüňden uzaklaşdyrmakdyr. Başy agyrýan kişiniň, aýagyna derman çalynsa, onuň derdi dep bolmaz! Elini poha bulanyň, donunyň etegi ýuwulany bilen, onuň teni hergiz päk bolmaz!

***

Gelip ýeten gürrüňlere görä, Abu Aly Dakkak hezretleri günleriň birinde bir sopusynyň öýüne barýar. Sopusy mürşidiniň öz öýüne myhman bolmagyny köp zaman bäri arzuw edip ýör eken. Halypasy gapydan giren badyna, ol:

– Şyhym! Rugsat berseňiz, bir zat sorajakdym! – diýipdir.

– Hany sora, eşideli! – diýip, Abu Aly Dakkak hezretleri oňa ygtyýar beren.

Mürit:

– Yzyňyza haçan gaýtmakçy?! – diýipdir. Abu Aly Dakkak hezretleri onuň aýdanyny eşidip:

– Eý, biçäre! Duşuşmaga ýetişmänkäň, hijrandan söz açýarsyň-la – diýip seslenipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, sopularynyň biri Abu Aly Dakkak hezretleriniň ýanynda otyrka, birden asgyraýypdyr. Şyh hem:

– Ýerhamükellah (Allatagala seni rehmetine ulaşdyrsyn)! – diýipdir. Bu sözi eşiden sopy derhal gitmek hyýalyna münýär. «Saňa näme boldy?!» diýenlere ol:

– Başga näme bolsun?! Şyhymyz meniň üçin rehmet dilänsoň, ruhy kynçylygym aradan aýryldy – diýip, ol ýerden daşlaşmak bilen bolupdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Aly Dakkak hezretleri bir gün egni owadan hyrkaly otyrka, şol döwrüň Allatagala bolan yşkyndan ýaňa diwana bolup ýören şyhlarynyň biri Abulhasan Bürnewdi derwüşhananyň gapysyndan gelýär. Onuň egninde köneden kirli possun bar ekeni. Abu Aly Dekkak hezretleri onuň bilen degişmek isläp:

– Abulhasan! Egniňdäki possuny näçä satyn aldyň! – diýip sorapdyr.

Abulhasan bir nagra çekipdir-de:

– Abu Aly, şelaýynsyrama! Bu possunyň öwezine tutuş dünýäni berdim. Indi muny sekiz jenneti berseler-de satman! – diýip jogap beripdir. Bu jogaby eşiden ussat başyny öňüne egip, horkuldap aglamaga başlapdyr. Aýtmaklaryna görä, şondan soňra ol hiç kim bilen degişmek islemändir.

***

Abu Aly Dekkak hezretleri şeýle diýipdir: «Günleriň birinde bir derwüş hangähe gelip:

– Ölmegim üçin maňa bir künç bersen-e, häzir men ölýän! – diýdi. Men oňa bir otagy berdim. Ol otaga girdi hem-de gözüni bir künje dikip: «Allah! Allah!» diýip gaýtalap başlady. Men assyrynlyk bilen ony diňlemäge durdum. Ol:

– Eý, Abu Aly! Meni öz başyma goý! – diýdi. Men gidip, soňra ýene-de dolanyp geldim. Ol bolsa, öňküsi ýaly, şol bir diýenini gaýtalaýardy. Iň soňunda ol jan berdi. Jesedi ýuwýan adamyň yzyndan adam iberip, kepen taýýarlamagy tabşyrdym. Soňra onuň jan beren otagyna girdim. Jeset ýerinde ýokdy. Akylym haýran bolup: «Ony ýanyma beýik Perwerdigär ugradandyr. Diri halda gördüm, ölensoň gözümden gaýyp boldy! Ol nirä gaýyp bolduka?!» diýip içimi gepletdim. Şol pursat gaýypdan gulagyma şeýle ses eşidildi:

– Ezraýylyň gözläp tapyp bilmedik adamyny sen taparyn öýdýärmiň? Ony hüýrler we jennetdäki köşki-saraýlar gözleýärler, emma tapmaýarlar!

Men:

– Rebbim! Ol nirä gaýyp boldy?! – diýip soranymda, gulagyma: «Takwa kişiler jennetlerde we nur içindedirler» (Gurhany-Şerifiň «Kamar» süresiniň 54-nji aýaty) diýen owaz geldi».

***

Abu Aly Dekkak hezretleri şeýle diýipdir: «Bir gezek weýran bolan bir metjitde gan aglap oturan bir piri gördüm. Onuň ýere daman gözýaşy sebäpli metjidiň zemini dym-gyzyl bolup durdy. Men:

– Eý, pir! Özüňe beýle azap berme! Başyňa ne agyr gün geldi?! – diýip, ony köşeşdirmek isledim. Ol maňa şeýle jogap berdi:

– Eý, juwanmert ýigit! Onuň bilen didarlaşmak arzuwyna ýetmäge takadym ýetmeýär! Bir hojaýyn öz guluna gahar edipdir. Töwellaçy ara girip, guluň bagyşlanmagyny gazanypdyr. Gul bolsa, öňküsi ýaly, aglamagyny bes etmeýärmiş. Töwella eden:

– Indiki agyň näme?! Hojaýyn seni bagyşlady ahyryn! – diýip, gula ýüzlenipdir. Şol wagt guluň hojaýyny:

– Ol özünden razydygymy meniň agzymdan eşitmek isleýär. Emma onuň üçin bu ýol ýapyk! Ol şonuň üçin hem aglaýar – diýip seslenipdir».

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün bir ýaş ýigit derwüşhananyň gapysyndan içeri girýär-de, dyzyny epip:

– Bir musulman günä iş etmegi hyýalyna getirse, onuň täreti bozularmy? – diýip sorapdyr. Ussat bu sowaly eşidip, aglapdyr hem-de:

–Zeýnul-yslam hezretleriniň: «Ol adaty täreti bozmaz, emma bu sebäpli kalbyň täreti welin bozular» diýendigini bu juwanmert ýigide habar beriň! – diýip, ýanyndakylara ýüzlenipdir.

***

Abu Aly Dekkak hezretleri şeýle diýipdir: «Gözümde agyry peýda boldy. Ol meni birahat edip, gözüme uky gelmeýärdi. Şol günleriň birinde birden irkilipdirin. Şonda gulagyma: «El-leýsellahü bikäfin a’bdehuw» (golaý manysy: «Allatagala guluna ýeterlik dälmidir?» (Gurhany-Şerifiň «Zümer» süresiniň 36-njy aýatyndan) diýen owaz geldi. Men derhal oýandym. Şondan soňra gözagyrym ýom-ýok bolup, gaýdyp bu kesele uçramadym».

***

Abu Aly Dekkak hezretleri şeýle diýipdir: «Adam-garasyz sährada on bäş gije-gündizläp azaşyp, pelesaň urdum. Soňra dogry ýoly tapan wagtym, bir esgere gözüm düşdi. Ol maňa içmäge suwly şerbet berdi. Ol suwly şerbetiň maňa eden zyýany indi otuz ýyldyr kalbymdan çykman gelýär».

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Aly Dekkak hezretlerini Merwde nahara çagyrýarlar. Ýol bilen barýarka, bir öýden garry kempiriň:

– Ýa, Allajanym! Meni bu şekilde aç we gallaç edip taşladyň! Munça derde ulaşdyrdyň, bu näme boldugy, Allajan?! – diýen nalyşyny eşidýär. Çagyrylan ýere baranda, şyh bir saçaga iýer-içer ýaly zat dolap goýmagy öý eýesinden haýyş edýär. Öý eýesi: «Şyhymyz bu günki iýjek naharyndan öz öýüne hem äkitmek isleýär» diýip begenipdir. Ýöne onuň ne öýi bardy, ne-de ojagy. Abu Aly Dekkak hezretleri gaýtjak bolanda, eline tutdurylan dürli nygmatdan doly saçagy göterip, garry kempiriň öýüne gidýär we ony aç görgülä gowşurýar. Açlygyň we mätäçligiň ynsany nähili ejizledýändigini bir görüň!

***

Abu Aly Dekkak hezretleri şeýle diýipdir: «Allatagala meni jähenneme gönderse we kapyrlar hem: «Eý, şyh! Indi aýt, seniň bizden parhyň näme?!» diýip, maňa gyjalat berseler: «Juwanmertlik parhym bar! Iň soňunda meniň hem hasabyma serediler. Her näme bolanda-da, Allatagalanyň ýazgydyndan çykjak gümanyň ýok!» diýerin».

Säher nuruny saçsa, parhymyz bolar aýan,  
Ähli zady garym-gatym edýär garaňky zaman.

***

Rowaýat etmeklerine görä, iň soňunda Abu Aly Dekkak hezretleri bir hala ulaşypdyr: ol her gije öz ýaşaýan tamynyň üçegine çykyp (ony şol tamyň içinde jaýlapdyrlar we häzir onuň türbesi bolup hyzmat edýär), ýüzüni Aýa tarap öwrer eken we:

– Eý, älemiň sergezdany! Bu günüň nähili geçýär? Bu pajygaly hadysanyň dertlilerinden, zir-zewran edilen bendelerden habar aldyňmy?! – diýip seslener eken. Ol Aý ýaşýança, şol bir aýdanyny gaýtalap, diňe şondan soňra aşak düşýärmiş. Hiç kim onuň aýdýanlaryna düşünmändir, ony diňlemäge adamlarda takat hem galmandyr. Şonuň üçin hem şyhyň mejlisine sanlyja adam gatnaşýan ekeni, has takygy, olaryň sany on ýedi-on sekiz adamdan geçmändir. Hyradyň

piri diýlip tanalýan hezreti Hoja Abdylla Ensary (Allatagala oňa rehim eýlesin!): «Abu Aly Dekkagyň derejesi halk düşünerden ýokary boldy, şonuň üçin onuň mejlisine halk az geldi» diýipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Aly Dekkak hezretleri Hakyň ýoluna düşen irki zamanasyny hyjuw halynda geçiripdir. Ol şol döwürde köplenç: «Ýa, Taňrym! Maňa ýekeje saman çöpüni bagyş eýläweri hem-de amalymy garynja amalyna ulaşdyraweri!» diýip, doga eder ekeni.

Ol Haktagalanyň dergähine ýüzlenip aýdýan mynajatynda şeýle diýer ekeni: «Ýa, Rebbim! Münberdekäm sen hakynda lap edip aýdan sözlerim üçin meni ryswa etmäweri! Eger ryswa etmekçi hem bolsaň, mejlisdäki jemagatyň üçin-de ryswa etmäweri! Meni şu sypatda sopularyň hyrkasynyň içinde edip, gerdenime agyr ýük, elime bir hümmet hasa bereweri! Çünki men sopuçylyga köňül beren bendäňdirin! Ondan soň hasa, hyrka eýe bolup, egnim agyr ýükli haldakam meni dowzahyň dertli dereleriniň birine taşla. Seniň hijranyň sebäpli gözlerim kyýamata çenli gandan doly çanaga dönsün! Ol dowzah deresinde seniň üçin zarlar çekeýin, öz betbagtlygym üçin aglaýyn, näjüre ýerlere düşendigim üçin ýas, matam tutaýyn!

Eý, Perwedigär! Men amal depderimiň ak sahypalaryny günä bilen garaldandyryn. Sen hem zamana müddetinde saçymy agartdyň! Eý, garanyň we agyň Ýaradyjysy! Rehim eýläp, biziň hem garalanlarymyzy, öz agardyş usulyň bilen päkizeläp, agardaweri!

Ýa, Allahym! Saňa duşmagyň yşkyna düşen kişi, her näme etse-de, saňa duşup bilmejegine gözi ýetip dursa-da, ýene-de seni gözlär!

Meni Firdöws jennetine goýduň! Beýik makamlara-derejelere ýetirdiň. Men ony näme edeýin?! Mundan has gowusyny ele almak mümkinçiligi berlip, oňa ulaşmagym has ýagşy dälmidir?!»

***

Rowaýat etmeklerine görä, aradan çykanyndan soň, Abu Aly Dekkagy düýşünde gören biri:

– Beýik Allatagala seni nähili garşy aldy?! – diýip sorapdyr. Ol bu sowala şeýle jogap beripdir:

– Meni huzurynda durzup, panyda eden günälerimi bagyşlady. Günälerimiň birini ötmegini soramakdan gaty utandym. Ol günä babatda gürrüň etmek islän wagtym gara dere batdym. Şol wagt ajy der ýüzümden aşak şabyrdap döküläýärdi.

– Ol nähili günädi?!

– Oglanjyk wagtym, hoşuma gelendigi üçin bir oglana heser bilen seredipdim – diýip, ol jogap beripdir.

Başga bir gezek ony düýşde örän bikarar, birahat şekilde, aglaýan ýagdaýda görüp, ondan:

– Eý, ussat, näme boldy?! Näme, taşlap gaýdan ýalançy dünýäňe gaýdyp gelmek isleýärmiň? – diýip sorapdyrlar.

– Hawa! Emma ýalançy dünýäniň küýseginde ýa-da ol ýerde mejlis gurap, söz sözlemek üçin däl-de, egnime hyrkany geýip, bilimi guşap, elime hasa alyp, gapyma-gapy aýlanyp, hasam bilen gapylary kakyp: «Kimden mahrum galandygyňyzy bilýäňizmi?!» diýip, halka wagyz etmek üçin yzyma dolanmak isleýärin – diýipdir.

Ony düýşünde gören ýene-de biri:

– Allatagala seni nähili kabul etdi?! – diýip sorap, şu jogaby alypdyr:

– Panyda ýagşy-ýaman her zat eden bolsam, hemmesini zerre-zerre jemläp, öňümde goýdy. Olaryň beýikligi dagdan aşdy!

Başga biri ony düýşünde bäş ýüz ýyllyk ýoluň uzynlygy ýaly giňişligi bolan Syrat köprüsiniň üstünde görüp:

– Bu näme boldugy?! Bize habar bermeklerine görä, Syrat köprüsi gyldan inçe, gylyçdan ýiti bolmaly?! – diýip sorapdyr. Şyh oňa şeýle jogap beripdir:

– Hawa, ol aýdylan çyn! Ýöne bu ondan geçýäne hem baglydyr. Kim üçin ol, görüp durşuň ýaly, örän giňdir. Başga biri üçin bolsa gyldan hem inçedir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Aly Dekkak hezretleriniň Abu Bekir Saýrefi atly bir sopusy bar ekeni. Ol ussadyň guburynyň baş ujunda otyrka irkilip, bir düýş görüpdir. Düýşünde mazar açylyp, ussat daşary çykypdyr. Ol pel-pelläp howada uçmak isläpdir. Sopusy ondan:

– Ýol hanjak?! – diýip sorapdyr. Ol hem:

– Melekut (ruhlar) äleminde meniň üçin münber taýýarladylar. Dünýäde bolşy ýaly, ol ýere hem söhbetdeşlik üçin gidýärin! – diýip jogap beripdir.

***

Abu Kasym Kuşeýri hezretleri şeýle diýipdir: «Ýanyma bir ýigit geldi. Ol durman aglaýardy. «Näme boldy?!» diýip soranymda, ol: «Agşam düýşümde kyýamatyň gopanyny hem-de özümiň dowzaha ugradylanymy gördüm. Men: «Meni dowzaha ugratmaweriň! Çünki men Abu Aly Dekkak hezretleriniň mejlisine gelipdim!» diýdim. Maňa: «Onuň mejlisine gelipsiň-dä?!» diýdiler. Men hem «Hawa!» diýip jogap berdim. Şondan soň: «Muny jennete äkidiň! diýdiler» diýip jogap berdi».

***

Abu Aly Dekkak hezretleri şeýle diýipdir:

– Ölüp, üstüňden üç gün geçen ýaly bolup ýaşa!

Her kim öz eziz janyny magşugynyň işiginde duran sübsä öwürmegi başarmaýan bolsa, ol aşyk däldir.

Haktagaladan özgäni özüne ýakyn hasap edeniň haly harap bolar. Haktagaladan özgäni taryplan kezzapdyr.

Pirine garşy çykmagy niýet eden kişi onuň müridi bolup galyp bilmez. Olar bir ýerde ýaşasalar-da, aralarynda ýürekdeşlik galmaz. Söhbetdeşlik mahaly piriniň aýdanlaryny ykrar etmeýän mürit, ähdini bozan kişi hasap ediler. Oňa toba etmek wajypdyr. Emma: «Piriň hukugyna hyýanat edenler üçin toba gapysy ýapylar!» diýen hem bir söz bar.

Biedeplik jemagatdan kowlup çykarylma miwesini berýän daragt mysalyndadyr.

Patyşanyň huzurynda biedeplik edýän kişini dergähiň gapysynyň öňüne kowýandyrlar, gapyda edepsizlik eden adam bolsa, eşek bakmaga ugradylýandyr.

Haka barýan ýoluň başlangyjynda gaýrat görkezmeýän kişi bu ýoluň ahyrynda Allatagalanyň huzuryna ulaşmaz. Gaýrat görkezme

ýolunyň ahyryna ulaşmak Haka gowuşmak ýoluna geçmäge mümkinçilik berer.

Biziň bu günki betbagtlygymyz dowzahylaryň ertirki betbagtlygyndan has uludyr. Çünki dowzahylar erteki günüň sogabyndan mahrum bolarlar. Biz bolsa olardan tapawutly halymyza, Hakyň huzuryna çykmak pursadyny elden giderdik.

Haramy terk eden adam dowzah azabyndan aman galar, ýaramaz haý-höwesi we şübheli bolan zatlary terk eden behişte barar. Halal zatlaryň köpüsini terk eden adam Haktagalanyň huzuryna ulaşar.

Üç mertebe bardyr: sowal, doga we sena. Sowal dünýäni söýýäniň, doga ahyreti söýýäniň, sena Allatagalany söýýäniň mertebesidir.

Başarsaňyz, soltanlar bilen söhbetdeş bolmakdan saklanyň. Çünki olaryň göwni çaganyňky ýaly näzikdir, gazaplary bolsa edil ýolbarsyňky ýalydyr.

Eger-de dini ylma teşne bendeleriň üstüne perişdeler öz ganatlaryny gerýän bolsalar, onda Haka aşyk, teşne bolanlaryň haly neneňkä!

Ylma teşnelik parz bolýan bolsa, Haktagala teşnelik parzyň hem parzydyr.

Ybraýym alaýhyssalam ogly Ysmaýyla:

– Eý, balam! Düýşümde seni gurban etmegim emir edildi – diýende, ogly Ysmaýyl:

– Atam! Uklamadyk bolsaň, şeýle perişan düýşi görmezdiň – diýipdir.

Haktagala bilen dünýäde syr bilen, ahyretde bolsa göz bilen didarlaşylýar.

Mala-baýlyga kowalaşýan üçin kezzaplyk, mekirlik nähili zerur bolsa, dindar takwa bende üçin hem hümmet zerurdyr. Hümmetiň yşgyna düşen kişi ne ýalançy dünýäde, ne-de ahyretde bir ýerde durup, ynjalyk tapmaz.

Baýlaryň bar gaýgysy toplamakdyr hanyman, garyplaryň gaýgysy kükrekdäki şirin jan!

Aždarha bilen söhbetdeşlik garyp betbagtyň husyt baý bilen söhbetdeş bolmagyndan has ýeňildir.

Hemme zatdan ýokary mertebe – bu garybyň köne külbesindäki sary giden kilimiň üstünde oturmakdyr hem-de ýalançy dünýäniň aldawaçlarynyň hemmesini düýbünden terk etmegi başarmakdyr!

Futuwwet özgeleriň işini, müşgülliklerini bitirmek üçin ylgamak, hereket etmek, jan çekmekdir. Bu hezreti Muhammet pygamberimize (s.a.w.) mahsus hereket bolup, bize hem şeýle etmek sünnetdir. Erte kyýamat gününde her kes diňe öz bähbidini arap: «Janym aman galawersin!» diýip dileg etse, hezreti Pygamberimiz (s.a.w.) özgeleriň aladasyny edip: «Ymmatym, ymmatym!» diýjekdir.

Dört zady bilmeýän, ýagny Allatagalany tanamaýan, nebsini tanamaýan, ölümi tanamaýan, ölümden soňra özüne nämäniň garaşýanyny bilmeýän adam ybadatdaky sapa halyna ulaşyp bilmez. Taňryny tanaýan, Oňa tüýs ýürekden ynanýan, sadyklyk edýän, yhlas edip, takwa bolmak üçin erjellik görkezýän kişini Ol arzuwyna ýetirer. Şerigatyň we hakykatyň üsti bilen öz nebsini tanaýan adam nebsine garşy göreşer we bu göreş dowamly ybadatyň ýerine geçer. Ölümiň nämedigini bilýän adam ony mynasyp garşylamaga taýýarlyk görer. Ölümden soňra boljak zatlardan habarly adam umytda bolar we gorkuda gezer, şonuň netijesinde-de hiç haçan umydyny ýitirmez.

Rahatlyk – bu bende üçin çeni-çägi bolmadyk bir ajap mülkdür.

Hiç zady bolmadyk hossaryz kişi garyp däl-de, ahyretini satan betbagt kişi garypdyr.

Suw we toprakdan ýaradylan adamzat neslinden hatadan, Allatagaladan hem atadan (bagyşlamakdan) başga nämä garaşyp bolar?!

## WEÝSEL KARANY

Sadyklyga tabynlaryň kyblasy, kyrk çiltenleriň serdary, pynhan Gün, Rahmanyň nepesi, Ýemeniň parlak ýyldyzy Weýsel Karany (Allatagala oňa rehim eýlesin!) täsin ykbally adamlaryň biridir.

Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam: «Weýsel Karany sahaba hem-de bize tabyn bolanlaryň iň haýyrlysydyr» diýipdir. Ony laýyk, dogry şekilde nähili edip wasp etjegimi bilmeýärin. Kätä-käte hezreti Pygamberimiz ýüzüni Ýemene tarap tutup: «Rahmanyň nepesini Ýemen sebitinde duýýaryn!» diýer eken. Pygamberleriň pygamberi şeýle diýipdir: «Erteki gün, kyýamat gopmazyndan ozal Haktagala Weýsel Karanynyň şekilinde ýetmiş müň perişde ýaradar. Onsoň, Weýsel olar bilen birlikde Arasat meýdanyna geler hem-de jennete gider. Bu ýagdaýda Allatagalanyň ol halanlarynyň haýsysynyň hakyky Weýseldigini, ýagny dünýä saraýyndan baran Weýseldigini Allatagaladan özge hiç kim bilmez. Çünki o dünýä saraýynda bilinmez we tanalmaz bir gümmeziň aşagynda Haka ybadat edip, özüni halkdan çetde saklap, ahyret gününde kesekileriň gazaply gözünden özüni gorapdy».

Allatagalanyň Resuly (s.a.w.) ýene şeýle diýipdir: «Ymmatymyň içinde şeýle bir är kişi bardyr: kyýamat gününde rabia we mudar taýpalarynyň goýunlaryndaky tüýleriň sany ýaly derejede bendelere şepagat eder!». Habar bermeklerine görä, hiç bir arap taýpasynda ýatlanan iki arap taýpasynyň eýeçiligindäki ýaly köp goýun sürüsi ýok eken.

Sahabalar:

– Ol kimdir?! – diýip sorapdyrlar.

Hezreti pygamberimiz olara şeýle jogap beripdir:
– Allatagalanyň sadyk bendelerinden bir bende!
– Biz hem Allatagalanyň sadyk bendeleri. Onuň ady kim?!
– Weýsel!
– Nirede ýaşaýar?!
– Karanda!
– Seni görüpmidi?!
– Ýok, görmändi!
– Bu ne boldugy?! Saňa söýgi bildirip, seniň hyzmatyňa gelmezliginiň sebäbi näme?!
– Munuň iki sebäbi bar. Biri – onuň hal derejesi ýokary, ikinjisi – meniň şerigatyma bolan çäksiz tagzymy. Onuň bir enesi bar: eli-aýagy ysmaýar. Weýsel gündizlerine çopançylyk edip, günlük gazanjyny özi hem-de enesi üçin harçlan ynsan.
– Biz ony görüp bilermikäk?! – diýen sowal berene, hezreti Pygamberimiz:
– Sen ony görmersiň! – diýipdir we sözüni şeýle dowam edipdir:
– Emma Faruk bilen Murtaza ikisi görer. Ol tüýlek adamdyr, sol eliniň aýasynda birnäçe ak tegmil bardyr. Ýöne ol deri keseline ulaşan bendelerden däldir! Onuň bilen didarlaşan wagtyňyz, meniň dogaýy salamymy hem oňa ýetiriň. Ol ymmatym üçin Haktagalanyň dergähinde ýagşy doga-dileg edewersin!

***

Hezreti Pygamberimiz (s.a.w) şeýle diýipdir: «Allatagalanyň iň söýgüli welileri gizlin bolan hem-de Allatagalanyň Resulyna sadyk bolanlardyr».
Sahabalaryň birnäçesi:
– Ýa, Allatagalanyň Resuly! Aramyzda beýle biriniň bardygyny bilmeýäris! – diýipdirler. Hezreti pygamberimiz (s.a.w):
– Ol Ýemen ýurdunda bir düýe çopanydyr. Oňa Weýsel diýýändirler. Gadamyňyzy onuň gadamynyň üstünden goýuň! – diýipdir.
Gelip ýeten kyssalara görä, hezreti Muhammet (s.a.w) pygamberiň dünýäden gaýtjak wagty golaý gelende, ondan:
– Ýa, Allatagalanyň Resuly! Seniň hyrkaňy kime bereli?! – diýip soraýarlar. Ol hem:

– Weýsel Karana beriň! – diýip jogap berýär.

Hezreti pygamberimiz (s.a.w) dünýäden gaýdansoň, dört çaryýarlardan hezreti Omar we hezreti Aly (Allatagala olardan razy bolsun!) Kufe şäherine gelýärler. Omar Faruk hutbany ortalan wagty ýüzüni nejd halkyna tarap öwrüp:

– Eý, nejdliler! Aýaga galkyň! – diýipdir. Olar aýak üstüne galýarlar. Faruk olara ýüzlenip:

– Araňyzda Karandan bir kimse barmydyr?! – diýýär.

– Elbetde bar! – diýip, olar öz aralarynda bolan birnäçe adamy Farugyň ýanyna ugradýarlar. Hezreti Faruk olardan Weýsel barada soraýar. Olar: «Tanamaýarys!» diýip jogap berýärler. Hezreti Omar Faruk: «Şerigatyň eýesi hezreti Pygamberimiz (s.a.w) ol barada bize habar berdi. Onuň aýdan zady bihal däldir! Hakykatdan hem ony bilmeýärsiňizmi?!» diýen.

Olardan biri: «Imanly kişileriň emiriniň soraýan ol adamy adyny tutanyňa degmeýän tüwmaýak garyp, akmak bir diwanadyr. Ol halkdan çete çekilip, ýalňyz, ýabany ýagdaýda ýaşaýan bir adam!» diýip seslenýär. Omar Faruk hezretleri:

– Ol häzir niredekä? Biziň gözleýänimiz hut onuň özi bolmaly! – diýipdir.

– Ol Urene jülgesindedir. Agşam düşýänçä düýe bakýar, soňra eline düşen gazanja çörek satyn alýar. Abadan ýerlere (oba, şäherlere) barmaýar, hiç kim bilen söhbete girmeýär. Adamlaryň iýýän hemme zatlaryny iýmeýär, şatlanmagy we gamlanmagy bilmeýär, adamlar gülse, ol aglaýar, adamlar aglasa, ol gülýär! – diýip, nejdliler onuň bolşuny habar berýärler.

Bu gürrüňden soňra hezreti Omar Faruk hem-de hezreti Aly Murtaza (Allatagala olardan razy bolsun!) Urene jülgesine tarap ugraýarlar. Weýseliň namaz okap duran wagty hem şol ýere barýarlar.

Ol namazyny ine-gana okasyn diýip, Haktagala Weýseliň bakýan düýelerine esewan bolmagy üçin bir perişdäni hem bu ýere iberen ekeni. Weýsel öz ýanyna adam gelendigini aňyp, namazy gysga okap tamamlaýar. Namazy bitirip, salam berýär. Hezreti Omar Faruk hem aýaga galkyp, salam berýär. Hezreti Weýsel onuň salamyny alýar. Hezreti Faruk ondan soraýar:

– Adyň kim?!

– Abdullah.

– Biziň hemmämiz hem Allatagalanyň sadyk bendeleridiris! Men seniň öz adyňy soraýaryn!

– Weýsel!

– Çep eliň aýasyny görkez!

Weýsel çep eliniň aýasyny görkezýär. Onda hezreti Pygamberimiziň habar beren alamatlaryny gören hezreti Omar dessine onuň elinden öpýär-de, şeýle diýýär:

– Allatagalanyň Resuly saňa salam gönderdi. Ymmaty üçin Haktagalanyň dergähinde ýagşy doga-dileg etmegiňi sorady!

– Doga-dileg etmäge sen has mertebeli we laýyksyň! Çünki Ýer ýüzünde häzir senden mährem we eziz ynsan ýok! – diýip, Weýsel jogap berýär.

– Men bu işi edýärin! Emma şu pursat seniň hezreti Pygamberimiziň wesýetini ýerine ýetirmegiň has zerur! – diýip, hezreti Omar aýdýar. Weýsel bu habary diňläp, şeýle diýen:

– Ýa, Omar! Sen örän dykgatly bak, gözleýän adamyň başga biri bolaýmasyn?!

– Hezreti Pygamberimiz seniň alamatlaryňy aýdypdy.

– Beýle bolsa, hezreti Pygamberimiziň maňa eçilen hyrkasyny beriň, haýyr dogasyny edeýin! – diýip, Weýsel sözüni tamamlaýar. Soňra olardan çete çekilip, çolaja ýere gidýär hem-de hyrkany gapdala atyp, ýüzüni ýere goýýar-da:

– Ýa, Ylahy! Bütin Muhammet ymmatyny maňa bagyşlaýançaň, şu hyrkany egnime atjak däl! Hezreti Pygamberimiz bu işi etmegi maňa tabşyrypdyr! Hezreti Pygamberimiz, Faruk we Murtaza özlerine buýrulan işleri amal edipdirler. Indi meniň doga-dilegimi bitirmek saňa galandyr, beýik Taňrym! – diýip, gudratly Perwerdigäre ýalbarýar. Şol wagt: «Nijemasyny saňa bagyşlaýaryn! Hyrkany egniňe geý!» diýip owaz eşidilýär. Hezreti Weýsel: «Musulmanlaryň hemmesini maňa bagyşlaweri!» diýip ýalbarýar. Ol şeýle diýip ýene-de ýalbarypdyr, ozalkysy ýaly hem jogap alypdyr. Bu wagt hezreti Omar Faruk bilen hezreti Aly Murtaza: «Hany, Weýseliň golaýyna baraly, ol näme işleýärkä?!» diýip, oňa tarap ýönelýärler. Weýsel Karany olaryň

gelenini görüp, ah çekip: «Wah, neçün geldiňiz?! Eger siz gelmedik bolsadyňyz, Muhammet ymmatynyň ählisi maňa bagyş edilýänçä, hyrkany egnime atjak däldim!» diýipdir.

Hezreti Omar Faruk Weýseliň düýe ýüňünden irimçik edilip dokalan lybasly, başy açyk, aýakýalaňdygyny, ýöne on sekiz müň älemiň baýlygynyň şol düýe ýüňden dokalan lybasyň astyndadygyny görüp, köňli özünden-de, haliflikden hem geçýär hem-de:

– Haliflik kürsimi bir tegelek çörege satyn aljak barmy? – diýip, Weýselden soraýar. Ol:

– Eý, akylsyz kişi! Näme satýanyňy özüň beri bilýärmiň?! Halifligiň donuny çykar-da, öňüňe at, goý islän alsyn! Bu ýerde alyş-berşiň näme işi bar? Sen bu wezipäni hezreti Syddyhdan kabul eden adam! Munça musulmanyň ykbaly baglanan ol wezipäni satyp, musulmanlygy pese düşürmek bolmaz! Seniň bir günki adyl halifligiň Haktagala we halk üçin müň ýyl ediljek ybadatdan hem haýyrlydyr! – diýipdir.

Şondan soňra Weýsel hyrkany geýip, sözüni şeýle dowam edýär:

– Şu hyrkanyň hormatyna Muhammet ymmatyndan radia we mudar taýpalarynyň goýun sürülerinde bar bolan goýunlaryň tüýi mukdaryndaky musulman bagyşlandy.

Şu sözleri okan adamlaryň Weýsel Omardan has ýokary derejä çykdy diýip güman etmekleri hem ahmal, ýöne ol beýle däl! Weýsel tebigaty boýunça terkidünýä ynsandy. Faruk bolsa her bir zada we hemme fazilete eýe adamdy. Ol terkidünýä bolmak isleýärdi. Edil şonuň ýaly, hezreti Pygamberimiz (s.a.w) bir garry kempiriň öýüniň gapysynyň öňünden geçip barýarka, oňa: «Muhammedi haýyr dogada ýat edeweriň!» diýipdir.

Hezreti Aly sesini çykarman otyrmyş. Faruk hezretleri bolsa:

– Hezreti Pygamberimizi (s.a.w) görmek üçin, näme sebäpli onuň huzuryna barmadyň?! – diýip, Weýsele sorag bilen ýüzlenipdir. Weýsel soraga sorag bilen jogap beripdir:

– Siz ony gördüňizmi?!

– Hawa!

– Ony gören bolsaňyz, onuň alnynda hem oturansyňyz! Şonuň üçin bir zat sorasym gelýär: ol hezretleriň gaşlarynyň arasy açykmydy ýa-da bitişik?!

Geň galaýmaly: Faruk we Murtaza hezretleri bu sowala Weýseliň haýbatly keşbe girmegi sebäpli hiç hili jogap bermändirler.

Weýsel Karany ýene-de şeýle sowal bilen olara ýüzlenýär:

– Siz Muhammediň jan ýaly dostlarymysyňyz?!

– Hawa!

– Siz onuň hakyky dosty bolýan bolsaňyz, ol hezretleriň mübärek dişleriniň döwlen güni oňa duýgudaşlyk hem dertdeşlik etmegiň hatyrasyna näme üçin öz dişleriňizi döwmediňiz?! Çünki dostlugyň şerti – duýgudaşlykdyr! – diýip, Weýsel Karany öz agzyny açýar. Onuň agzynda bir däne diş hem ýok ekeni! Soňra ol sözüni dowam edýär:

– Men Allatagalanyň Resulynyň şekilini, sypatyny görmedim. Ýöne oňa duýgudaşlyk alamaty hökmünde dişlerimi gopardym. Çünki dinde esasy zat duýgudaşlykdyr.

Bu teýeneli sözleri eşidip, hezreti Omar Faruk bilen Aly Murtaza ikisi öz boluşlaryna ýürekden ahmyr edýär. Şol pursat olar duýgudaşlyk we edep makamynyň (derejesiniň) aýry bir derejede bolup, Allatagalanyň Resulyny asla görmedik birinden şeýdip edep öwrenmeli bolandyklaryna akyl ýetirýärler. Hezreti Omar Faruk:

– Eý, Weýsel! Maňa haýyr dogasyny etsen-e! – diýipdir.

– Seniň üçin hemişe-de doga edýärin! Her namazda teşehhüt dogasyny okamaga oturanymda: «Allahym, hemme musulmanlary bagyşla!» diýip dileg edýärin. Siz imany sag-salamatlylykda, buýsanç bilen tä mazara çenli äkitseňiz, dogamyz hem sizi tapar, onuň nepi-de deger!

Bu jogaby eşiden hezreti Omar Faruk:

– Nesihat ber! – diýip seslenýär. Weýsel Karany şeýle diýýär:

– Eý, Omar! Allatagalany tanaýarmysyň?!

– Hawa!

– Ondan özgäni beýik Taňry diýip tanamasaň, seniň üçin has gowy bolar!

– Ýene-de biraz öwüt berseňiz-le!

– Yzzat we jelal eýesi Allatagala seni tanaýarmy?!

– Hawa tanaýar!

– Ondan özge seni tanamasa, has ajap bolar.

– Birsellem şu ýerde dursan-a, dessine saňa sowgatlyk bir zat alyp geleýin! – diýip, hezreti Omar Faruk sözüni tamamlan badyna, Weýsel Karany elini jübüsine sokup, iki dirhem çykarýar hem-de:

– Bulary düýe bakyp gazanypdym. Eger şu dirhemleri harçlamaga ömür pursadymyň boljakdygyna kepil bolup bilseň, onda seniň berjekleriňi hem alyp bilerin – diýýär. Ol sözüni şeýle dowam edýär. – Zähmet çekip gelipsiňiz, indi yzyňyza dolanyň, çünki kyýamat ýakyndyr. Ol ýerde ozal günde görüp duranlaryňyzdan käbirini dolanyp baranyňyzdan soň görmersiňiz! Men häzir kyýamat ýolunyň azygyny taýýarlamak bilen meşgul.

Karanylar Küfeden Ýemene dolanyp baransoňlar, Weýsel Karany öz kowumdaşlarynyň, taýpadaşlarynyň arasynda uly abraýly şahsyýete öwrülýär. Ýöne ol muny islemändir. Şonuň üçin hem ol ýerden gaçyp, Kufe şäherine gelýär. Ondan soň ony Herem ibn Heýýandan başga gören kişi bolmandyr.

***

Herem ibn Heýýan şeýle diýipdir: «Weýseliň şepagat etmekdäki derejesiniň nähilidigi barada eşidenimden soň, ony görmek arzuwy meni gaplap aldy. Küfe şäherine gidip, ony gözledim hem-de Fyrat derýasynyň kenarynda gabatlaşdym. Ol donuny ýuwup, täret aldy. Weýsel hezretleriniň sypaty edil salgy berlişindäki ýaly ekeni. Salam berdim. Salamymy alyp, maňa tarap seretdi. Men onuň elinden tutmak isledim, emma ol elini bermedi. Men: «Ýa, Weýsel! Allatagalanyň rehmeti üstüňe çaýylsyn! Allatagala seni bagyşlasyn! Ýagdaýlaryň niçik?!» diýen wagtym, onuň halynyň ejizligini görüp, oňa bolan hormatym hem-de rehimim sebäpli bokurdagym dolup, aglamaga başladym. Weýsel Karany hem aglamaga başlady-da, şeýle diýdi:

– Eý, Heýýanyň ogly Herem! Allatagala ömrüňi uzyn etsin! Ýagdaýlaryň neneňsi, kim saňa meni salgy berdi?!

– Meniň we kakamyň adyny nireden bilýäň? Meni hiç wagt görmän, nähili tanadyň? – diýip soradym.

Weýsel Karany:

– Her bir ylmyň daşynda galmaýanyň we her zatdan habarly bolanyň kömegi bilen tanadym. Üstesine-de, ruhum ruhuňy tanady, çünki imanly kişileriň ruhy birek-biregiň ruhy bilen aşnadyr.

– Maňa hezreti Pygamberimizden (s.a.w.) bir hadysy-şerip aýdyp bersen-e!

– Men ol hezretler bilen didarlaşyp bilmedim, ýöne onuň hadysy-şeriplerini özgelerden diňläpdim. Ýöne meniň hadysçy, müfti ýa-da wagyzçy bolmak niýetim ýok. Çünki meniň bar işim içimdäki gara nebsimi ýok edip, päk nebsi terbiýelemekdir. Mundan başga iş bilen meşgul däldirin!

– Okajak bir aýatyňy diňlesem diýip arzuw edýärdim.

– «Aguzubillähi mineşşeýtanyrrajiým» – diýip, Weýsel Karany aglady. Ol sözüni dowam edip şeýle diýdi:

– Haktagala şeýle diýipdir: «Jynlary we ynsanlary diňe maňa ybadat etsinler diýip ýaratdym» («Zariýat» süresiniň 56-njy aýaty). «Biz Ýeri we Gögi, ikisiniň arasyndaky zatlary oýun üçin ýaratmadyk» («Enbiýa» süresiniň 16-njy aýaty).

Bu aýatlary okap bolansoň, ol gaty sesi bilen gygyrdy-da, huşundan gitdi. Soňra özüne gelip, ýene bir sowal berdi:

– Eý, Heýýanyň ogly! Bu jelegaýlara seni näme getirdi?!

– Seniň huzuryňa gelmek, görüşmek niýeti!

– Beýik we gudratly Allatagalany tananyndan soňra hem Ondan özgäniň huzuryna ymtylýan ynsany henize çenli görmändim, tanamandym!

– Maňa nesihat bersen-e!

– Hemişe ölümi kelläň aşagyndaky ýassygyň astynda bil! Ukydan oýanaňsoň, ony öňüňde duran bil! Günäniň kiçiligine bakma, günä etmäge iteren zadyň, günä etmäge sebäp bolan zadyň beýikligine bak! Eger günäňi kiçi görseň, Allatagalany kiçi gören ýaly bolarsyň!

– Nirede ýaşamagy buýurýarsyňyz?!

– Şamda!

– Ol ýerde nädip günümi görüp bilerin?!

– Içinde müňkürlik bolan, günäden doly hem-de pent kabul etmeýän köňlüňden ýüz öwürmek bilen!

– Başga öwüt berip bilermisiňiz?!

– Eý, Heýýanyň ogly! Kakaň öldi. Adam ata, How ene, Nuh, Ybraýym, Musa, Dawut we Muhammet (s.a.w) dagy hem ýalançy dünýäni terk etdiler. Hezreti Resulallanyň halifi Abu Bekir hem-de doganym Omar hem ýalançy bilen hoşlaşdylar. Wah, Omarym!

– Allatagala oňa rehim eýlesin! Ýöne Omar heniz diri ahyryn!

– Haktagala maňa häzir Omaryň aradan çykandygy baradaky ajy habary aýan etdi. Soňra men hem, sen hem ölmelidiris – diýip, Weýsel Karany salawat aýtdy, doga etdi hem-de:

– Bu meniň saňa wesýetim bolsun! – diýip, gürrüňe başlady:

– Gudratly we beýik Allatagalanyň Kitabynda görkezilen ýola salyhlarça baglan hem-de ölümi ýadyňdan çykarma! Öz kowumyňyň arasyna baranyňda, olara hem şony nesihat et! Allatagalanyň ýaradan mahluklaryna berýän öwütlerini berjaý et! Muhammet ymmatyna duýgudaşlyk edip gez! Dinden çykmakdan ägä bol! Çünki nadanlygyň soňy ynsany dowzaha eltýändir!

Şondan soňra Weýsel Karany haýyr dogasyny okap, ýene-de sözüni dowam edipdir:

– Eý, Heýýanyň ogly! Gider wagtyň boldy! Şundan soň ne sen meni görersiň, ne-de men seni! Men seni haýyr dogamda ýat ederin! Sen bu tarapdan ýola düş, men hem o tarapdan ýola düşýän!

Men onuň bilen ep-esli ýoly bile geçmek isledim. Emma ol maňa ygtyýar bermedi hem-de gözlerine ýaş aýlady. Onsoň, men hem agladym. Ol gidensoň, yzynda köp aglap oturdym. Birden hem ol gözden gaýyp boldy. Şondan soň, ondan habar, derek tapyp bilmedim».

***

Rebig ibn Heýsem bolsa şeýle diýipdir: «Weýsel Karany bilen didarlaşmak üçin gitdim. Ertir namazyna duran wagty onuň ýanyna bardym. Ol namazyny okap bolansoň, tesbih sanamaga girişdi. Tesbih sanamasyny tamamlaýança, sabyr edip garaşdym. Onuň tesbih sanamagyny bes eden wagty öýle namazynyň wagty giripdi. Soňra ýerinden galkyp, öýle namazyna durdy. Üç gün we üç gije, ara salym bermezden, şeýle hereket etdi. Şol zamanlar ne-hä iýip içdi, ne-de ukusyny aldy. Dördünji günüň agşamy onuň gözlerini uky basmarlap başlandygyny gördüm. Şol dem ol Haktagala mynajat bilen ýüzlendi: «Ýa, beýik Perwerdigär! Uky basmarlaýan gözlerden, aç garyndan Saňa sygynýaryn!».

Men öz-özüme: «Muňa meniň pisindim oturdy» diýdim-de, ony bimaza etmän, yzyma dolandym».

***

Rowaýat etmeklerine görä, Weýsel Karany bütin ömründe gijelerine ýatmandyr. Ol bir gije: «Bu gije kyýam gijesidir» diýip, daň atýança, aýak üstünde durupdyr. Ertesi gije bolsa: «Bu gije rukuw gijesidir» diýip, ertire çenli rukuwda durupdyr. Soňky gije bolsa: «Bu gije sejde gijesidir» diýip, başyny sejdeden galdyrmandyr.

Ondan: «Eý, Weýsel! Uzak-uzak gijeleri beýdip ukusyz geçirmäge nähili takat edip bilýärsiň?!» diýip sorapdyrlar. Ol:

– Biz heniz: «Subhane Rebbiýe'l a'la!» diýip ýetişmänkäk, daň atýar. Sejdede wagtyň üç gezek tesbih aýtmak bolsa sünnetdir. Şonuň üçin hem, şeýle hereket edýärin hem-de edil asmandakylar ýaly ybadat etmegi arzuwlaýaryn! – diýip jogap beripdir.

***

Weýsel Karany hezretlerinden: «Namazda huşu' nämedir?!» diýip sorapdyrlar. Ol: «Namaz okaýan wagtyňda gapdalyňa ok gelip düşse-de, oňa üns bermezlikdir!» diýip jogap beripdir. Ondan: «Halyň nedir?!» diýip soranlara, ol: «Ertir namazy üçin aýak üstüne galyp, agşama çenli ýaşajagyny ýa-da ýaşamajagyny bilmeýän adamyň haly nähili bolsa, meniňki hem şeýle!» diýip jogap beripdir.

– Amalyň nähili?! – diýip soranlara, ol:

– Wah! Ýol-a uzyn, azygym hem ýok! – diýip jogap beripdir.

***

Weýsel Karany hezretleri şeýle diýipdir: «Tewhide ulaşyp, Allatagalanyň razylygy üçin ýerdäkileriň we gökdäkileriň hemmesiniň ybadat edişi ýaly ybadat etseň, ýöne Oňa ynanmaýan bolsaň, Ol ybadatyňy kabul etmez!» Muny eşidenler:

– Nähili ýagdaýda özümizi imanly hasaplap bileris?! – diýip sorapdyrlar.

– Allatagalanyň emirlerine köňülden razy bolsaňyz, tüýs ýüregiňizden Oňa ybadat etmäge berilseňiz we şondan başga hiç bir zat bilen meşgul bolmasaňyz, özüňizi imanly hasaplap bilersiňiz! – diýip, Weýsel Karany jogap beripdir.

Ol ýene-de aýdypdyr: «Her kim bu üç zady gowy görýän bolsa, dowzah onuň boýnundan aşaklygyna gaýdan şadamardan hem has golaýdyr. Olar: 1) koşuňa gelýän tagamlary iýmek; 2) gowy lybaslary geýmek; 3) baý husytlar bilen oturyp-turuşmak».

***

Günleriň birinde Weýsel Karany hezretlerine ýüzlenip: «Şu golaýda bir erkek kişi ýaşaýar. Ol indi otuz ýyldyr bir mazar gazyp, mazar çukurynyň gyrasynda kepene dolangy oturyp, gije-gündiz ýüregine aram tapman aglaýar!» diýipdirler.

Weýsel Karany derhal galkyp, ol adamyň ýanyna barýar. Ol waspy ýetirilen bendäni örän hor, meňzi saralyp-solan, gözleriniň hanasy içine çöken halda görýär we oňa ýüzlenip şeýle diýýär: «Eý, pylany! Indi otuz ýyldyr bu mazar we kepen seni Allatagaladan daşlaşdyrypdyr. Olaryň ikisi-de seni Haktagalanyň ýolundan aýra salypdyr. Bu iki zat seniň çokunýan butuňa öwrülipdir».

Ol adam Weýsel Karanynyň nury bilen öz içindäki nebis apatyny görýär, gözüniň öňünden salgym perdesi syrylyp, özüne gelýär hem-de aýylganç nagra dartyp, jan berýär. Ol egnindäki kepeni bilen birlikde öz gazan mazarynyň içine ýykylýar.

Eger-de mazar bilen kepen Allatagala bilen bendesiniň arasyna perde bolup bilýän bolsa, beýleki zatlaryň nähili perde bolup biljegine üns ber!

***

Rowaýat etmeklerine görä, Weýsel Karany bir gezek üç gije-gündizläp hiç bir zat iýmändir. Dördünji gün ol ýolda bir dinaryň ýatanyny görýär hem-de: «Bir bendeden gaçandyr?!» diýip, ony almaýar. Ol iýmäge ýaraýan ot toplap, ondan iýip, ýoluny dowam edýär. Gidip barýarka, öňünden agzy gyzgyn çörekli goýun çykýar. Goýun Weýsel Karanynyň ýanyna gelip, çöregi onuň öňünde goýýar. Weýsel Karany: «Biriniň çöreginden alandyr?!» diýip, ol çörege hem el uzatmaýar. Şol wagt birdenkä goýun adam dilinde gürlemäge başlapdyr: «Men Allatagalanyň guly bolanyň guludyryn! Şu çöregi al! Bu çörek Haktagalanyň öz gulunyň üsti bilen saňa ýollan ryskydyr!

Weýsel Karany: «Çöregi almak üçin elimi uzadyp-uzatmankam, çöregiň eýýäm elimdedigini gördüm. Goýun hem gözden gaýyp bolupdyr» diýip gürrüň beripdir.

***

Weýsel Karany hezretleriniň öwgä mynasyp, artykmaç taraplary sanardan kändi. Abu Kasym Jürjany (Girkani) (Allatagala oňa rehim eýlesin!) hezretleri zikir edende, hemişe: «Weýs, Weýs!» diýip gaýtalar ekeni. Onuň gadryny şol bilipdir.

***

Weýsel Karanyny ýatlap, goňşulary şeýle diýipdirler: «Biz ony däli hasaplaýardyk. Ahyrynda oňa bir külbe gurup berdik. Şondan soňra bir ýyl geçse-de, onuň elinde agyz açarda iýer ýaly zady hem ýokdy. Mahal-mahal agşamlaryna hurma satýardy, gazanan puluny hem gedaýlara, garyplara paýlap, özünde zat goýmazdy. Köneje bir dony bardy. Zibillerden toplan mata parçalaryny biri-birine çatyp, ýamap özüne don edinipdi».

Hakyň halan bendesiniň nepesi şeýle hallardan emele gelýär.

***

Weýsel Karany hezretleri ertir namazy wagtynda külbesinden çykyp gidip, tä ýassy namazy geçýänçä yzyna dolanmazdy. Nirä ugrasa, şol ýerdäki çagajyklar ony daşlardylar. Ol bolsa: «Balajyklar, süňklerim inçedir, aýaklarym ganamaz ýaly, kiçiräk daş zyňaweriň. Ýogsa ganly aýak bilen namaz okamaga ýetişmerin! Meniň gamym aýagym däl-de, namazy geçirmezlik!» diýer ekeni.

***

Ömrüniň ahyrky günlerinde Weýsel Karanynyň imanly kişileriň emiri hezreti Alynyň ýanyna gelendigini, oňa tabyn bolup, Syffyn söweşine gatnaşyp, şol söweşde hem şehit bolandygyny, şan bilen ýaşap, şehit bolmak bagtyna gowşandygyny habar berýärler.

***

Weýsel Karany hezretleri şeýle diýipdir:

– Allatagalanyň aryfy üçin hiç bir zat gizlin galýan däldir.

Allatagalanyň ýeke-täk ilähdigini bilýän adamyň hemme zady bildigidir.

Salamatlyk ýalňyzlykdadyr. Ýalňyzlyk tenhalykdadyr. Tenhalyk Allatagaladan başgasynyň hatda hyýalyňda-da ýer almazlygydyr. Şeýle edilse, salamatlyk bolar.

Tenhalyk adaty ýalňyzlykdan ybarat bolsa, dürs bolmaz! Çünki hadysy-şeripde: «Şeýtan ýalňyz bolýan adam bilendir, iki adamyň bar ýerinden has uzakdadyr» diýlipdir.

Belentlige ymtyldym – pespäl boldum. Beýikligi isledim – haýyr işi söýýänlerden boldum. Mürewweti gözledim – dogrulykda ýaşadym. Şana ymtyldym – pukarylyga ulaşdym. Şöhrat umyt etdim – takwa boldum. Abraý isledim – kanagat tapdym. Rahatlygy aradym – terkidünýä boldum.

## *ABU HANIFE*

Diniň we milletiň çyragy, iliň we döwletiň çyrasy, hakykatyň gülälegi, many we hikmet jöwherleriniň ummany, alym, aryf, jahan ymamy Abu Hanife Kufi (Allatagala oňa bol-bol rehmet eçilsin!) ýaly her dilde öwülen hem-de her bir millet tarapyndan hoş görlen başga biri barmyka?

Enes (r.a.) şeýle diýipdir: «Allahyň Resuly (s.a.w.): «Ymmatymyň içinde Numan ibn Sabyt diýlen bir är dünýä geler. Abu Hanife diýen künýesi bolan bu adam ymmatymyň çyrasydyr. Töwratda-da Abu Hanifeden söz açylandyr» diýdi».

Abu Ýusup şeýle diýipdir: «On dokuz ýyl Abu Hanifäniň hyzmatyny etdim. Şol döwrüň içinde ol hemişe ertir namazyny ýassy namazy üçin alan täreti bilen okady».

Mälik ibn Enes şeýle diýipdir: «Abu Hanifäniň şeýle bir adamdygyna göz ýetirdim: eger ol daşdan örülen sütüni görkezip: «Şu sütün durşuna altyndandyr» diýse, öz aýdanyny delillere daýanyp subut edip bilerdi».

Ymam Şapygy: «Dünýädäki alymlaryň ählisi fykyh ylmynda Abu Hanifäniň çagalarydyr» diýipdir.

Abu Hanife sahabalardan birnäçesini görmäge ýetişipdir. Olar Abdylla ibn Zubeýdi, Enes ibn Mälik, Jabir ibn Abdylla, Abdullah ibn Ewfa, Waslet ibn Eska we Aýşe binti Ajri (Allatagala olaryň hemmesinden razy bolsun!) dagydy. Şonuň ýaly-da, ol köp şyh bilen duşuşypdyr hem-de ymam Japar Sadyk hezretleriniň söhbetine gatnaşypdyr. Fuzaýylyň, Ybraýym Edhemiň, Beşer Hafynyň, Dawut Taýynyň... ussady bolupdyr.

Ol pygamberleriň serweri Muhammet alaýhyssalamyň rawzasyna – mazaryna zyýarata gidende: «Es-salamü aleýke, ýa, resullaryň seýýidi!» diýip, salam beren wagty: «Aleýk es-salam, ýa, musulmanlaryň ymamy!» diýen jogap eşidilipdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir döwürde ol kybla ýönelipdir, halkdan ýüz öwrüpdir, hyrka geýipdir. Şol döwürde bir gije düýşünde beýleki süňkleriň arasyndan Allahyň Resulynyň (s.a.w.) süňklerini saýlap alyp, bir ýere toplaýşyny görüpdir. Ol gören düýşüniň eýmençliginden gorkusyna ukudan oýanypdyr we Ibn Siriniň şägirtleriniň biriniň ýanyna gidip, düýşüni ýordurypdyr. Ol hem:

– Sen Pygamberimiziň (s.a.w.) öwredip giden ylmynda we sünnetini goramakda uly derejä ulaşarsyň, bu iş bilen meşgullanyp, dogrusy haýsy, ýalňyşy haýsy – muny aýyl-saýyl edersiň – diýipdir.

***

Allahyň Resuly (s.a.w.) başga bir gezek hem Abu Hanifäniň düýşüne girip, oňa şeýle diýipdir:

– Eý, Abu Hanife! Sünnetimi janlandyryp, orta çykarmaga seni sebäp edendirler, şol maksat bilen bu dünýä getirendirler. Şonuň üçin hem adamlardan çete çekilip, diňe ybadata berilmekden ägä bol!

***

Abu Hanife hezretleri örän ätiýaçly adam bolup, onuň bu häsiýetiniň artykmaçlygy we bereketi bolup geçen bir wakada has hem äşgär ýüze çykypdyr.

Abu Hanifäniň halypasy Şagbynyň garran çaglary eken. Şol döwrüň halifi bir mejlis gurduryp, oňa Şagby hezretlerini-de çagyrdypdyr. Beýleki alymlary hem şol ýerde jemledipdir. Ol mejlis gurmazdan öňürti hat-petek işlerini ýerine ýetirýän emeldaryny ýanyna çagyryp, her bir hyzmatkäriniň we gulunyň adyna bir mülki resminamalaşdyrmagy emir edipdir. Mülkleriň käbiriniň ýagdaýyny anyklamak gerek bolsa, käbirleri başga birleriniň hususy eýeçiliginde, käbirleri-de wakyflaryň (gaznalaryň) garamagynda bolupdyr.

Mejlise gelmelileriň bary toplanansoň, hyzmatkär taýýarlanan resminamany getirip, şol döwürde kazylyk wezipesini ýerine ýetiren Şagby hezretlerine gowşuryp:

– Imanly kişileriň emiri şuňa şaýat hökmünde goluňyzy goýmagyňyzy emir edýär – diýipdir. Ilki Şagby, soňra bolsa fykyhçy alymlaryň ählisi kagyzlara gol çekipdirler. Soňra hyzmatkär resminamany Abu Hanifäniň ýanyna alyp baryp:

– Şaýat hökmünde şuňa goluňyzy goýmagy imanly kişileriň emiri size emir edýär – diýipdir. Abu Hanife:

– Eýsem, halifiň özi nirede? – diýip sorapdyr. Hyzmatkär:

– Köşgünde – diýip jogap beripdir. Onda Abu Hanife:

– Şu resminamada ýazylanlaryň dogrudygyny tassyklaýan golumyň ygtybar gazanmagy üçin ýa imanly kişileriň emiriniň bu ýere gelmegi, ýa-da meniň onuň ýanyna gitmegim gerek – diýip seslenipdir. Hyzmatkär hem:

– Bu nähili söz boldy? Kazy başlyklaýyn fykyhçy alymlaryň ählisi munuň astyna gollaryny goýdular. Sen gereksiz ýere işi kynlaşdyrýarsyň – diýip, ondan el çekmändir. Abu Hanife jogap hökmünde: «Her kişiniň gazanan haýry özüniňki, eden erbetlikleriniň zyýany hem özüniňkidir» («Bakara» süresiniň 286-njy aýaty) diýipdir.

Onuň bu sözi halifiň gulagyna baryp ýetip, ol Şagbyny ýanyna çagyrypdyr-da:

– Bir resminamanyň dogrudyny tassyklap çekilen goluň ygtybar gazanmagy üçin ony taýýarladan kişiniň özüni görmek şertmidir ýa dälmidir? – diýip sorapdyr. Şagby:

– Hawa, bu şertdir – diýipdir. Halif:

– Şeýle bolýan bolsa, gullarym bilen baglaşan ylalaşygymyň şaýady hökmünde resminama gol çekeňde, meni görüpmidiň? – diýip, ýene bir sorag beripdir. Şagby:

– Men onuň seniň permanyňdygyny bilýärdim. Şonuň üçin hem seni görjek bolup aýak diräp durmadym – diýipdir. Ondan bu jogaby alan halif:

– Bu aýdanyň hakykatdan daşdyr. Meni görmegiň hökmandygyny aýdan ýetginjek bolsa kazy bolmaga senden has laýykdyr – diýip seslenipdir.

Has soňra haliflik eden Mansur: «Kazy edip kimi bellesemkäm?» diýip pikir edipdir. Ol dört sany uly alym barada ynamdar kişileriniň pikirini diňläp, olary köşgüne çagyrmaklaryny emir edipdir. Alymlaryň biri Abu Hanife, ikinjisi Misgar ibn Kudam, üçünjisi Sufýan, dördünjisi bolsa Şüreýk eken. Bular halyfyň huzuryna barmak üçin ýola düşüpdirler. Ýolda Abu Hanife:

– Dil ujundan her biriňiz hakda bir zat aýdaýynmy? – diýip, ýoldaşlaryna ýüzlenipdir. Olar hem:

– Şeýtseň, örän gowy bolar – diýipdirler. Onda Abu Hanife aýdypdyr:

– Men bir hilä ýüz urup, kazylygy başymdan sowaryn. Sufýan gaçar, Misgar özüne däli diýdirer, Şüreýk kazy bolar.

Soňra Sufýan ýolda bularyň ýanyndan gaçypdyr we bir gämä özüni atyp:

– Meni gizläweriň, bolmasa, başymy keserler – diýipdir. Onuň bu bolşy Allahyň Resulynyň (s.a.w.) adyndan rowaýat edilen: «Bir kişiniň kazylyga bellenmegi damagynyň pyçaksyz çalynmagydyr» diýen manydaky hadysyň ýorumyna esaslanypdyr. Gämibaşynyň Sufýany gämisinde gizlemegi bilen, halyfyň huzuryna galan üçüsi barypdyr. Halyf ilki bilen Abu Hanifä ýüzlenip:

– Sen hökman kazy bolaýmaly – diýipdir. Abu Hanife:

– Eý, emir! Men arap däl. Olaryň azat eden gullarynyň biri men. Arap begleri meniň çykaran hökümim bilen ylalaşmazlar – diýip, bir bahana tapypdyr. Bu duşuşyga gatnaşýan Abu Japar:

– Bu işiň adamyň gelip çykyşy bilen bagly ýeri ýok. Munuň üçin ylym gerek – diýipdir. Abu Hanife:

– Eger soňra ýagdaý meniň aýdyşym ýaly boljak bolsa, ýagny aýdýanym dogry bolsa, onda men bu wezipä hakykatdan hem laýyk däl. Eger şeýle diýmek bilen ýalan sözleýän bolsam, onda ýalan sözleýäni musulmanlaryň kazysy edip bellemek dogry bolmaz. Seniň özüň hem Allatagalanyň wekili hökmünde bir ýalança kazylygy ynanyp, musulmanlaryň janyny we malyny oňa tabşyrmagy dogry hasaplamarsyň – diýip, bu teklibi başyndan sowupdyr.

Soňra Misgar öňe okdurylyp, halyfyň elinden tutupdyr-da:

– Ýagdaýyň neneň, çaga-çugalaryň gurgunmy? – diýipdir. Mansur:

– Muny daşary çykaryň. Onuň dälidigi bes-belli ahyryn – diýip seslenipdir.

Soňra gezek Şüreýke ýetipdir. Halyf:

– Sen kazy bolmaly – diýipdir. Onda Şüreýk:

– Men söýgä akylyny aldyran, was-wasy bir adamdyryn. Bokurdagyma-da ejiz – diýip, dogrusyny aýdypdyr. Mansur:

– Akylyňa aýlanaryň ýaly, özüňi bejerdersiň. Şonuň bilen bar zat düzeler gidäýer – diýipdir we Şüreýki kazylyga belläpdir.

Abu Hanife şondan soňra Şüreýk bilen arabaglanyşygyny kesipdir we gaýdyp hiç haçan onuň bilen gürleşmändir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, halyflaryň biri düýşüne giren ajal perişdesinden:

– Näçeräk ömrüm galdy? – diýip sorapdyr. Perişde oňa bäş barmagyny görkezipdir.

Halyf bu gören düýşüniň ýorgudyny biljek bolup, birnäçe kişä ýüz tutan hem bolsa, olaryň suwytly aýdan zady bolmandyr. Ahyry ol Abu Hanifäni ýanyna çagyryp, ondan düýşüni ýorup bermegi haýyş edipdir. Onda Abu Hanife aýdypdyr:

– Perişde bäş ylma yşarat edipdir. Bu bäş ylymdan hiç bir kişiniň başy çykmaz. Bäş gaýyp diýlip atlandyrylýan şol bäş ylym Gurhany Kerimde şeýle aňladylypdyr: «Kyýamatyň haçan gopjagyny diňe Allah biler, ýagmyry o ýagdyrar, enäniň garnynda galan çaganyň oglandygyny ýa-da gyzdygyny, reňkiniň nähili boljakdygyny we beýleki aýratynlyklaryny Ol biler. Hiç kim ertir näme gazanjagyny bilmez. Hiç kim nirede öljegini bilmez. Allahyň her zady bilýändigi, her bir zatdan habardardygy şübhesizdir» («Lukman» süresiniň 34-nji aýaty).

***

Şyh Aly ibn Osman Güllaby şeýle diýipdir:

– Şamda ýaşaýardym. Bir gün azançy Bilalyň (r.a.) mazarynyň başynda uklap galypdyryn. Düýşümde Mekgedemikäm diýýän. Men Benu Şeýbe gapysyndan içeri giren Allahyň Resulynyň (s.a.w.) bir

goja kişini, kiçijek çagany gujaklan ýaly edip, mähir bilen bagryna basandygyny gördüm. Men hem derrew okdurylyp baryp, onuň aýaklaryny öpdüm we içimden: «Bu goja kimkä?» diýip, geň galman durup bilmedim. Hezreti Pygamber (s.a.w.) mugjyza görkezip, eden pikirimi bildi we: «Bu seniň we ýurduňdaky halkyň ymamy Abu Hanifedir (r.a.)» diýip seslendi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Newbe ibn Haýýah şeýle diýipdir: «Abu Hanifäniň aradan çykan döwründe kyýamat düýşüme girdi. Janly-jandarlaryň ählisi hasap berilýän ýerde söm-söýekdi. Howzuň kenarynda duran Pygamberimiziň (s.a.w.) sag we sol taraplarynda şyhlaryň durandygyna gözüm düşdi. Olaryň arasynda ak saçly, ak sakgally, nurana ýüzli bir pir bardy. Ol Pygamberimize (s.a.w.) tarap bakyp durdy.

Men hezreti Pygamberiň (s.a.w.) garşysynda duran Abu Hanifä salam berdim-de:

– Maňa howuzdaky köwser şerbetinden alyp bersene – diýdim. Ol:

– Hezreti Pygamber (s.a.w.) rugsat bermese, bu haýyşyňy kanagatlandyryp bilmerin – diýdi. Onýança Pygamberimiziň (s.a.w.):

– Oňa şerbet ber! – diýmegi bilen, Abu Hanife hezretleri maňa bir bada şerap uzatdy. Men ýanymdaky dostlarym bilen birlikde şerbetden gana-gana içsek hem, ol hiç azalmady. Soňra:

– Hezreti Pygamberiň (s.a.w.) sag tarapynda duran goja kim? – diýip, Abu Hanifeden soradym. Ol:

– Ol Ybraýym Halyldyr, sol tarapynda duran hem Abu Bekr Sytdyhdyr – diýip jogap berdi. Men edil şonuň ýaly edip, Pygamberimiziň (s.a.w.) ýanynda duranlar barada ýekän-ýekän soramaga başladym. Her gezek sorag beremde-de, elimdäki sapagy barmagymyň daşyna bir gezek oraýardym. Oramlaryň sany on ýedä ýetdi. Oýanan çagym, barmagyma ýüpüň oralandygyny gördüm. Oramlaryň sany on ýedidi».

***

Utafa ibn Muaz Razi şeýle diýipdir:
– Düýşümde hezreti Pygamberi (s.a.w.) görüp, ondan:
– Seni nireden gözläýin? – diýip soradym. Ol:
– Abu Hanifäniň ylmynyň yanyndan gözle! – diýip jogap berdi.

***

Rowaýat etmeklerine görä, bir topar çagajyk top oýnaýarka, olaryň biriniň depen topy Abu Hanife hezretleriniň jemagaty daşyna üýşürip, wagyz edip oturan ýeriniň ortasyna düşýär. Jemagatyň arasyna düşen topy getirmäge çagalaryň hiç biriniň gaýraty çatmandyr. Bir oglanjyk: «Topy men getirerin!» diýip, halka gurap oturan jemagatyň içine girip, topy alyp çykýar. Bu wakany synlan Abu Hanife hezretleri:

– Şu oglan, her näme bolsa-da, halal önen perzend-ä bolmaly däl!– diýipdir. Sopulary bu meseläni öwrenipdirler. Hakykatdan hem şeýle ekeni.

– Eý, musulmanlaryň ymamy! Muny nädip bildiň? – diýenlerinde, ol:

– Eger halal çaga bolan bolsa, haýasy oňa beýle iş etmäge ýol bermezdi – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Hanife hezretleriniň birinden algysy bar ekeni. Oňa bergili bolan adama goňşulykda ýaşaýan sopusy günleriň birinde dünýäden gaýdypdyr. Abu Hanife hezretleri onuň jynaza namazyna barýar. Şol wagt süýr günortan bolup, Günüň gyzgyny ýakyp-ýandyryp barýan ekeni. Ol ýerde Abu Hanife adamyň jaýynyň diwarynyň kölgesinden başga ýerde saýalar ýaly kölge hem ýokmuşyn. Jemagat ymama:

– Şu diwaryň kölegesinde biraz oturaýmaly ekeniňiz – diýipdir.

– Bu jaýyň eýesinde algym bar. Şonuň üçin hem eger onuň diwarynyň kölegesinden peýdalansam, bu süýthorluk bolar – diýip, Abu Hanife hezretleri olara jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, günleriň birinde Abu Hanife hezretlerini zyndana atypdyrlar. Ol ýerdäki zulumkärleriň biri onuň ýanyna baryp:

– Meniň üçin şu galamyň ujuny art! – diýipdir. Ymam:

– Artman! – diýip jogap beripdir.

– Näme üçin artjak däl?! – diýen sowala bolsa ol:

– Zulumkärleriň toparyndan bolaryn öýdüp gorkýaryn!– diýip jogap beripdir.

***

Ymam Agzam – Abu Hanife hezretleri her gije üç ýüz rekat namaz okar ekeni. Bu gün ýoldan geçip barýarka, bir zenan maşgala beýleki bir zenana:

– Her gije bäş ýüz rekat namaz kylýan, ynha, şu adam-da! – diýip, oňa tarap yşarat edipdir. Onuň aýdany Abu Hanife hezretleriniň gulagyna ilipdir hem-de niýet edip, şondan soňra her gije bäş ýüz rekat namaz okamaga başlapdyr. Şeýdip, ol zenanyň aýdanynyň dogry bolmagyny isläpdir. Başga bir gün bolsa geçip barýarka, oglanjyklar:

– Bu adam her gije müň rekat namaz okaýar! – diýip, biri-birine habar beripdirler. Ymam Abu Hanife şondan soňra niýet edip, her gije müň rekat namaz okap ugrapdyr.

Bir gün sopusy oňa:

– Adamlar: «Ymam gijelerine asla uklamaýar» diýýärler – diýip habar beripdir. Abu Hanife hezretleri şol günden başlap gijelerine asla uklamazlygy niýet edipdir. Beýle etmeginiň sebäbini soranlara bolsa:

– Çünki gudratly Haktagala Gurhany Keriminde bitirmedik işleri üçin özleriniň öwülmeklerini isleýänleri ýazgarýar. Şol tetelli adamlardan bolmajak bolup, ýagyrnymy ýere goýmaýaryn – diýip jogap beripdir. Soňra ol otuz ýyllap ýassy namazy üçin alan täreti bilen ertir namazyny hem okapdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, örän köp sejde edendigi üçin ymam Abu Hanifäniň dyzy, edil düýäniň dyzy ýaly, galňapdyr.

***

Rowaýat etmeklerine görä, käte özüne çözmesi kyn düşen meseläniň anygyna ýetmek üçin Abu Hanife hezretleriniň Gurhany Şerifi kyrk mertebe hatym eden gezekleri hem bolupdyr.

***

Dawut Taýy şeýle diýipdir: «Ýigrimi ýyllap Abu Hanifäniň ýanynda boldum. Bu geçen müddet içinde onuň ýalňyz wagty hem, köpçülikde hem hiç wagt başy açyk oturanyny, otyrka dynç almak üçin aýaklaryny öňe uzadanyny görmedim. Günleriň birinde: «Eý, diniň ymamy! Adam-gara ýok mahaly bir dynç almak üçin aýagyňy uzadaýmaly ekeniň-dä!» diýenimde, ol:

– Haktagalanyň öňünde ýalňyzkaň edepli bolmak – bu edebiň has ulusydyr! – diýip jogap berdi.

***

Abu Hanife hezretleri bir gün ýol bilen barýarka, bir kiçijik oglanyň suw gaçyp, palçyga öwrülen ýeriň gyrasynda duranyny görüp, oňa:

– Seresap bol, ýykylaýma! – diýipdir. Oglanjyk bolsa:

– Men ýykylyp, palçyga bulaşaýsam hem, munuň özümden başga kişä zyýany ýetmez. Aslynda dykgatly bolmaly sensiň! Eger-de «aýagyň taýyp» «palçyga» bulaşaýsaň, saňa uýýan bütin musulmanlar hem seniň günüňe düşer. Olaryň hemmesini hapadan çykarmak hem kyn düşer – diýip jogap beripdir. Oglanjygyň bu jogaby, onuň zehini, ymamyň kalbyny joşdurýar. Bu täsin waka sebäpli heýjanlanan ymam aglaýar hem-de öz sopularyna hem-de egindeşlerine ýüzlenip:

– Eger-de siz bir mesele boýunça ygtybarlydygy anyk bolan täze bir delile ulaşsaňyz, şol delil hem bu meseläni has dogry çözmäge mümkinçilik berýän bolsa, onda bu mesele barada çykaran hökümimi ýatyryp, ony täzeläň – diýipdir. Ymam Abu Hanifäniň bu sözleri onuň kämil ynsaba eýe bolanlygyndan habar berýär.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Hanife hezretleriniň ýaşan zamanynda imanly kişileriň emiri hezreti Osmana (Allatagala ondan razy bolsun!) duşmançylykly garaýan bir baý adam bar eken. Ol hatda

hezreti Osmany jöhit diýip hem atlandyrýar eken. Onuň bu bolşy Abu Hanife hezretleriniň hem gulagyna ýetýär. Ol baýy ýanyna çagyryp:

– Seniň gyzyňy pylan jöhide bermek isleýäris! – diýipdir. Baý:

– Sen musulmanlaryň ymamy ahyryn! Bir musulmanyň gyzyny jöhüde bermegi nädip rowa görüp bilýärsiň?! Beýle zat bolmaz, men muňa asla razy däl! – diýip gatyrganypdyr. Onda Abu Hanife hezretleri:

– Sübhanallah! Sen öz gyzyňy bir jöhide bermek islemeýärsiň! Emma Muhammet (s.a.w) pygamberiň iki gyzynyň jöhide durmuşa çykandygyny ykrar etmäge welin gaýratyň çatýar, şeýlemi?! – diýip, baýa ýüzlenipdir. Ol baý adam ymamyň näme kakdyrýandygyna düşünip, hezreti Osmana duşmançylykdan el çekip, toba edipdir.

***

Gelip ýeten kyssalara görä, Abu Hanife hezretleri bir gün hammamdaka göbeginden aşagy dyzy bilen birlikde örtülmedik çuw ýalaňaç adama gözi düşäýýär. Hammamdakylaryň käbiri onuň pelsepeçidigini aýtsa, beýlekileri onuň dini inkär edýänlerdendigini habar berýärler. Ony synlamajak bolup, Abu Hanife hezretrleri gözlerini ýumýar. Ol adam:

– Eý, ymam! Görmek duýgusyny saňa berenler, ony haçan yzyna aldylar?! –diýende, Abu Hanife oňa:

– Seniň ýüzüňden haýa perdesiniň syrylan wagty! – diýip jogap beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, metjitde timarlaýyş işlerini geçirýänler ymam Abu Hanifeden teperriklik bir zat isläpdirler. Bu ymam hezretlerine ýaramandyr. Adamlar:

– Bizň maksadymyz teperriklik almak. Näme berseň, beräý! – diýipdirler. Ymam närazy halda olara bir altyn teňňe beripdir. Sopulary oňa:

– Eý, ymam! Sen jomartlykda, sahylykda taýsyz ynsansyň. Emma bu gezek näme üçin saňa bir altyn teňňäni bermek hem agyr düşýär?! – diýipdirler. Ymam:

– Munuň agyr düşmegi onuň gymmatly zat bolmagy bilen bag-

ly däl! Men öň hem olara az altyn sowgat bermändim. Olaryň şol altynlary özleri üçin harçlaman, diňe metjidiň bejergisi üçin ulanandyklaryndan hem habarym bar. Meniň şol berýän altynlarymyň halaldygyna gözüm ýetip durdy. Emma ýaňy sowgat beren altynymyň halaldygyna kalbymda birhili şübhe döredi. Şübheli zady teperriklik bermek hem maňa örän agyr degdi – diýip jogap beripdir. Bu wakadan birnäçe gün geçensoň, ussalar ymamyň beren altynyny yzyna getirip, onuň hakyky däldigini aýdypdyrlar. Abu Hanife hezretleri bu jogaba örän şat bolupdyr. Çünki ol şeýle boljagyny öňünden aňyp, olara galp altyny teperrik berenine gynanyp, utanyp ýören ekeni.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Abu Hanife hezretleri günleriň birinde bazaryň içinden geçip barýarka, dyrnak ýaly palçyk onuň donuna ýapyşaýypdyr. Ol Dijle (Tigr) derýasynyň kenaryna baryp, donuny ýuwmaga başlaýar. Oňa:

– Eý, ymam! Seniň özüň dona dyrnak ýaly hapa degse, onuň bilen namaz okamakda aýyp ýokdugyny aýdyp, beýle etmäge rugsat berýärsiň. Emma öz donuňa dyrnak ýaly palçyk degendigi üçin ýuwýarsyň. Muňa nähili düşünmeli?! – diýipdirler. Ol şeýle jogap beripdir:

– Hawa, ol pitiwady, bu bolsa takwalykdyr. Çünki hezreti Muhammet (s.a.w) Bilala tegelek çöregiň ýarysyny ýalançy dünýä üçin ätiýaçlyk saklamagy gadagan eden hem bolsa, aýallaryna bir ýyllyk azyklaryny beýlelerine basyp goýmaga rugsat beripdir.

***

Rowaýat etmeklerine görä, Dawut Taýy (Allatagala oňa rehim eýlesin!) beýleki ulamalara ymam bolýar. Ol şonda Abu Hanifeden:

– Indi meniň ýagdaýym nähili bolar?! – diýip soraýar. Ol:

– Ylym bilen amal etmeli bolarsyň! Çünki özi bilen amal edilmeýän her bir ylym jeset mysalydyr! – diýip jogap beripdir.

*Terjime eden Juma ATAÝEW.*

## MAZMUNY


Syrlar dünýäsiniň beýançysy .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .3

Japar Sadyk Muhammet . .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..31

Hasan Basry.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..36

Mälik Ibn Dinar .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..48

Habyp Ajamy .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..55

Rabyýa Adawyýýa. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..66

Fudaýyl Ibn Aýaz .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..91

Ybraýym Edhem. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..98

Bişr Hafy. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 118

Zünnun Müsri .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 125

Baýezit Bistamy.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 134

Abdyllah Ibn Mübärek. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 156

Sufýan Sewri. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 161

Muhammet Şapygy .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 170

Ahmet Ibn Hanbal.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 174

Dawut Taýy .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 178

Abu Süleýman Darany. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 181

Ahmet Ibn Harb .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 183

Maruf Kerhi .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 187

Seri Sakaty . .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 190
Jüneýit Bagdady.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 197
Ibn Ata . .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 209
Abu Bekir Kettany . .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 211
Abu Muhammet Jeriri .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 215
Hüseýin Ibn Mansur Hallaç .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 219
Ybraýym Hawwas . .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 232
Abu Hasan Harkany.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 238
Abu Bekir Şibli .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 262
Abu Aly Şakyk Balhy .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 276
Abu Sagyt Abul Haýyr (Mäne Baba) .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 285
Abu Naser Serraj .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 311
Abu Fazyl Hasan Sarahsy (Sarahs Baba) .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 314
Abu Apbas Seýýary .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 319
Abu Aly Dekkak . .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 321
Weýsel Karany . .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 334
Abu Hanife. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 347

FERIDETDIN ATTAR

# WELILER HAKDA ROWAÝATLAR


| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktor | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Suratçy | *A. Atdaýew* |
| Kompýuter işleri | *I. Zasarinnaýa* |

A – 80167
Çap etmäge rugsat edildi 30.12.2014.
Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$. Edebi garniturasy.
Şertli çap listi 22.5. Şertli reňkli ottiski 90.25. Hasap-neşir listi 20.99.
Çap listi 22,5. Sargyt № 1959. Sany 6 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.